Soltanşa ATANYÝAZOW

# ÝOLA ELTEN ÝODALAR

(Awtobiografik powest)

Aşgabat
"RUH"
1999

**BBK 87.7**
**A91**

**Atanyýazow Soltanşa.**
A91 Ýola elten ýodalar. (Awtobiografik powest)
A.: “Ruh” 1999.—432 sah.

Görnükli alym Soltanşa Atanyýazowy Garaşsyz Watanymyzda tanamaýan adam az-az bolsa gerek. Belli toponimistiň Türkmenistanda düşlemedik obasy ýok. Ol ozalky Soýuzyň köp ýerlerini, dünýä ýurtlarynyň hem ýigrimi-otuzyny aýlanan alym. Şol syýahatlarynda ol müňlerçe ýaşuly adamlar, öz döwrüniň läheňleri bilen söhbetdeş boldy. Olaryň içinde juda täsirlileri hem-de gyzyklylary bolsa sanardan kän.

Durmuş tejribesi ýetik awtor özüniň şu awtobiografik eserinde ýaşlykda başyndan geçiren wakalaryny, gören-eşiden zatlaryny täsirli beýan edýär. Munuň özi häzirki döwrüň ýaşlaryna okuw, edep, terbiýe bolar diýen niýet bilen şu kitaby size ýetirýäris, hormatly okyjy! Okaň, Garaşsyzlygyň beren datly miwesine we sanlyja ýylda ýurdumyzyň ýeten belent derejesine göz ýetirmek, oňa guwanmak hem-de buýsanmak üçin, ata-babalarymyzyň uzak we ýakyn geçmişde başdan geçirenlerini bilmegimiz zerur. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň jaýdar belleýşi ýaly, “Halkyň geçmişi, taryhy öwrenilende, biziň şu günki Garaşsyz Watanymyza guwanç duýgusy kalbymyzy joşdurmalydyr”.

**Atanyýazow Soltanşa, 1999 ý.**
**“RUH” neşirýaty, 1999 ý.**

# OKYJYLARYŇ DYKGATYNA KELAM AGYZ

Aramyzdan juda ir giden zehinli edebiýatçy Ahmet Bekmyradowyň jaýdar belleýşi ýaly, her kitabyň öz döreýiş taryhy bolýar.[1] Eliňizdäki şu kitap hem awtoryň ýene bir kitap çykartmagyň hatyrasy üçin ýazaýan zady däl. Bu işe baş goşmak meniň ýadyma düşmese-de düşmezdi, ýöne weli şeýle ädimi ätmäge itergi beren we göwnümi göterip, bu işe girişmäge höwes döreden degerli sebäpler boldy. Şol sebäpleriň iň esasysy hökmünde, öňi bilen kärdeş ýoldaşlarymyň—Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň dilçi we edebiýatçy alymlarynyň eden tekliplerini, beren maslahatlaryny ýatlamak isleýärin. Öňki Soýuzyň çäklerine ylmy iş saparlary we daşary ýurtlara gezelençler barada metbugatda çap etdiren ýazgylarymy okap, dürli gürrüňçiliklerde we söhbetdeşliklerde il içinde görüp-eşiden, başdan geçiren gyzykly wakalarym baradaky gürrüňlerimi diňläp, olar şol närseler barada kitap ýazmagy öwran-öwran maslahat berýärdiler. Kärdeşlerimiň pikiriçe, asly kärim boýunça mugallymdygym, oba mekdebinde ençeme ýyllap çagalara bilim we edep öwredenligim, häzirem orta mekdepleriň okuw kitaplaryny ýazmaga gatnaşýanlygym üçin, indiki ýazjak awtobiografik eserim meniň özümiň däl, eýsem döwrümiň we döwürdeşlerimiň keşbini hem-de başdan geçirinlerini suratlandyrmaly, ýaşlara edep-tertip öwretmeli, olaryň bilesigelijiligini kanagatlandyrmaly, bilime, zähmete höwes, Garaşsyz we Bitarap Watanyň şu günki ýeten derejesine buýsanç duýgusyny döretmeli, ýaşlary ilkinji we baky Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşynyň ideallaryna wepalylyk ruhunda terbiýelemeli.

Sarahs şäheriniň 2500 ýaş toýuna taýýarlyk görülýän döwürde Sarahsda 1993-nji ýylda geçirilen uly ylmy maslahatda ýerli mugallymlar maňa başdan geçirenlerimi pedagogyň nukdaýnazary bilen teswirlemegi we ony terbiýeçilere gollanma hökmünde neşir

[1] Ahmet Bekmyradow. Edebi miras—ebedi miras. Makalalar ýygyndysy.—A.: Türkmenistan, 1992.—3 sahypa

etdirmegi haýyş edipdiler.

Çet ülkelerde gören-eşidenlerimi köpe ýetirmek höwesim ýogam däldi. Hindistanda we Pakistanda türkmenler bilen baglanyşykly gören zatlarym, Moldowada gagauzlaryň, Astrahan we Stawropoldaky türkmenleriň, Owganystanyň demirgazyk welaýatlaryndaky ildeşlerimiziň arasynda bolanymda synlan närselerim barada gazet-žurnallarda ýol ýazgylarym çap edilipdi. Türkiýe, Müsür, Liwan, Siriýa, Kipr, Malta, Italýa, Fransiýa, Awstriýa, Germaniýa, Polşa ýaly ýurtlarda gören-eşidenlerim barada bolsa radio we telewideniýede çykyş edipdim. Olary diňlän we okanlaryň arasynda-da meniň şol ýazgylarymy aýratyn kitapça hökmünde neşir etdirmegimi maslahat berenler köp boldy. Türkmenistanyň halk ýazyjysy Kaýum Taňrygulyýew-ä şeýle teklibini gazetde-de ýazdy: “Soltanşa uzak ýyllaryň dowamynda eden gezelençlerinde gören-eşidenlerini ýazga geçirse, şoňa bolsa edep-ekramam, geň rowaýatlaram, täsin adamlaryň, gözel ýerleriň keşbi-de girerdi. Beýle kitap Garaşsyz ýurdumyzyň şu güni üçinem, ertesi üçinem terbiýe, ruhy sapak bolup hyzmat ederdi. Soltanşada şeýle galyň hem gerekli tomy döretmäge gaýratam, tejribe-de, endigem, ukybam bar” (“Türkmenistan”.—1994.—15 awgust). Edebiýatçy professor, TYA-nyň agzasy Durdymuhammet Nuralyýew hem K. Taňrygulyýewiň teklibini goldap, şeýle ýazdy: “Özüm dilçi bolanym üçin, S. Atanyýazowa men edebiýatyň nukdaýnazaryndan baha berýärin. Ol diplomly dilçi bolsa-da, sözüň doly manysynda edebiýatçy hem. Onda ýazyjylyk ukyby bar. Beýle köp söz baýlygyny, halkyň däp-dessurlaryny, geçmiş taryhyny bilýän adamyň özi we ýazgylary, onuň geçen we geçip ýören durmuş hem ylmy ýoly islendik ýazyjynyň hyzmatyça bardyr” (“Mugallymlar gazeti”, 1994.—12 sentýabr).

Il içinde meşhurlyk gazanan şanslaryň aýdýan şeýle mahabatly sözleri kimleriň başyny aýlamaýar, ol jadylaýjy sözleriň täsiri haýsy göwni ganatlandyrmaýar? Heý, şeýle adamlaryň raýyny ýykyp bolarmy diýsene! Menem yryldym, olaryň talabyny berjaý etmegi we bu babatda öz güýjümi synap görmegi ýüregime düwdüm.

Meni galama ýapyşmaga iteren zat diňe bu-da däl. “Her döwür—bir döwür” diýlişi ýaly, durmuşyň çarhy duran ýerinden aýlanman, soňra öňki aýlawyndan biraz üýtgeşigräk öwrüm edýär, öňki nesil üçin adaty närseleriň we hadysalaryň käbiri soňra kämilleşip, tanalmaz derejede üýtgäp gidýär, käbiri ornuny başga närse bilen çalyşýar, birnäçesi bolsa durmuş sahnasyndan zyňlyp taşlanýar. Şeýle

zatlary görmedik ýaşlara ony düşündirmek, iň esasy-da bu hakykata olary ynandyrmak gaty kyn. Dogrudan-da, jykyr, nowadepme ýaly hupbatly gurallar arkaly belent ýere suw çykarylyşyny, gülläp oturan gowaçanyň hatar aralaryny agzyna sebet geýdirilen goşöküzler bilen bejerip ýören daýhany, bir öýe üýşülip, çüýşesiz pelteli şemiň ýagtysynda gijäniň bir wagtyna çenli erteki, dessan diňläp körek çakýan kolhozçylary görmedik nesil durmuşyň ol sahnalaryny nähili göz öňüne getirsin?! Emma öňki nesilleriň geçen şol ýoluny soňkulara bildirmek weli juda derwaýys: ol geçen nesilleriň gowy durmuş tejribelerini özleşdirmek, ony barha kämilleşdirmek üçin zerur; ol öňki nesliň säwliklerini gaýtalamazlyk, olaryň ýalňyşlyklaryny sapak edinmek üçin möhüm; ol häzirki döwrümiziň gadyryny bilmek, ata-babalarymyzyň hyzmatlaryna sarpa goýmak üçin ähmiýetli. Baky Prezidentimiz Saparmyrat Türkmenbaşynyň juda jaýdar belleýşi ýaly, “Ýetmiş ýylyň dowamynda taryhymyzy ýuýup gelendigimiz hemmä mälim, bu barada Garaşsyzlykdan soň dil ýaryp ugrandygymyzam hakykatyň hatyrasyna aýdan ýagşy”.

Ynha, şu aýdylan zatlary nazara alybam men galama ýapyşdym. Işe girişenimden soň weli indi düzedip bolmajak bir ýalňyş goýberendigime düşündim: käbir adamlaryň edişi ýaly, men gündelik ýöretmändirin, başymdan geçen wakalaryň hiç bolmanda esasylaryny bellemändirin. Wagt geçmegi bilen ol wakalaryň ençemesi, ylaýta-da seneler we adam atlary ýatdan çykyp gidipdir. Meniň il içinde ýygy-ýygydan we uzak wagtlap bolan döwrümde (60-70-nji ýyllarda) görlüp-eşidilen täsinlikleriň suratyny almak üçin häzirki wideokameralar, hatda ýanyňda götermek üçin oňaýly ýeňiljek, ykjamja kompakt kassetaly magnitofonlar ýokdy, barlary hem bize elýeterli däldi.

Hormatly okyjym! Ynha, ýazmalymy ýa ýazmaly dälmi, bardy-geldi, ýazaýsam bu ýazgylary okan tanyşlarym, ýakynlarym maňa “Bü-ýä bir öz terjimehalyny mahabatlandyryp, ile ýaýyp ýören şöhratparaz eken-ow” diýäýmezler-dä ýaly ýaýdanmalardan, çekinmelerden soňra ahyry ýüregime daş baglap döreden eserim häzir seniň eliňde. Oňa baha bermegi özüňe goýup, şu işiň tutuş dowamynda “wakalary boldugyça dogruçyl beýan etmeli, diňe hakykaty ýazmaly” diýen şygardan ugur alanlygymy ýatlamak isleýärin.

**Men şu kitaby kyblam atam ATANYÝAZ HEMRA oglunyň, käbäm enem AGABEG RAHMANGULY gyzynyň we hormatly eneligim ÖWEZBIKE ROZY gyzynyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.**

**Awtor**

# BIRINJI BÖLÜM

## LEBAP ÝODALARY

### DOGDUK MEKANA

Farapdan otludan düşüp, demir ýol stansiýasynyň öňündäki awtowokzaldan Kerkiçä gidýän awtobusa münersiň. Bardygeldi, bu awtobus ir bilen 9-da ugraýan bolaýsa-ha bagtyň getirdigi. Pagta meýdanlarynyň arasyndan, ululy-kiçili ýaplaryň boýlaryny jähekläp oturan miweli baglaryň ýele ýanyndan şaglap geçýän garaýol seni sanlyja minutdan Amyderýa — Buhara kanalyň köprüsine elter. Ýewropanyň uly derýalaryndan asla pes bolmadyk bu emeli suw ýolunyň çep kenaryny syryp gidýän şosse ýoly göni Buhara, kanalyň äpet köprüsinden geçip, gündogara sowulýan garaýol bolsa Amyderýanyň sag kenary bilen Burdalyga we Kerkiçä sary uzalyp gider. Ilki aňňat-aňňat ak gumlaryň, soňra belentli-pesli ulgam-ulgam gumaksy gyrlaryň göwsüni dilip geçýän bu ýoluň belent ýerlerinde sagyňa seretseň, ho-ol pesde Amyderýanyň egrem-bugram bolup gidýän suwly hanasy dumanlap, ýaldyrap görünýär. Ýoluň çepini gözýetime çenli Gyzylgumuň ymgyr çöllügi tutup ýatyr. Farapdan Nerezim oazisine çenli bolan 30-40 kilometr aralykda Samandepäniň gaz känlerine tarap sowulýan iki sany garaýoly we Özbegistanyň Kaşgaderýa welaýatyndan gelip, Amyderýa guýup ýatan uly zeýkeşi hasaba almasaň, bu aralykda ýoluň çepinde ýaşaýşyň bardygyna güwä geçjek zada gözüň düşmez. Çöllük gutaryp, Nerezim we Ýapaç oazislerinde Farap etrabynyň täze özleşdiren ekin meýdanlary başlanar. Bu meýdanlar Lebap boýlarynyň meşhur jeňňelleri hem-de toraňňy

tokaýlary bilen utgaşyp gidýändir. Bardy-geldi, maşynyň öňüni kesip geçýän towşanlara ýa-da guýrugyny sübse ýaly edip, çöp-çöre siňip gidýän tilkilere duş geläýseňiz, asla geň galyp oturmaň. Olar bu jeňňelleriň ekdi haýwanlarydyr. Ders dökülen pagta meýdanlarynda peýwagtyna iým gözläp ýören sülgünleri adaty zatlar hökmünde kabul ediň. Tebigatynyň gözelligi boýunça dünýäniň hiç bir kölünden kem oturmaýan Ýanaköle näme diýjek? Gyralary petde[1], jünewüt[2] ýaly gyrymsy agaçlar bilen jäheklenen, içinde bolsa suw guşlarynyň dürli görnüşleri, hatda gotazlar ýüzüşip ýören beýle kölleriň birnäçesini synlarsyňyz. Soňra ýol ýene gumuň jümmüşine sowlar. Indi çöl öňki ýaly gyrlaç ýapylar däl-de, akyp ýatan ürgün çägeli çöldür, onda şeýle gumlara mahsus bolan çöl çöpleriniň ençemesi: sazakdyr çaly-da, gandymdyr ojar-da ösüşip oturandyr. Ýelli günler şemalyň ugruna akyp ýatan gum garaýola böwedem basaýýar. Kä şol böwedi arassalap, käte maşyny itekläp, käte-de onuň tigirleriniň astyna çöp ýazyp bu böwetlerden sag-aman geçseňiz we ýene biraz ýöreseňiz, gumlugyň göwsüni böwsüp geçýän zeýkeşiň köprüsine ýetersiňiz. Tomsuň yssy günlerinde bu ýerde düşläp, dynç alýan ýolagçylara-da gözüňiz düşer. Köprüden geçip, ýoly dowam edeniňizde, sag tarapyňyza üns bermegi unutmaň: sähel salymdan çöl çöpleriniň üstünden howalap, iki sany belent çiş depe görner. Ol “Zöhre-Tahyryň köşgi” diýilýän gadymy galanyň harabalarydyr. Biz gelmeli ýerimize ýetiberdik. Şonuň üçin awtobusdan düşeliň, goý, ol öz ugruna gitsin. Biz bolsa pyýadalap, şol çiş depelere tarap gidýän gumaksy maşyn ýoly bilen “Zöhre-Tahyryň köşgüne” tarap ugralyň. Il-gün bu gala “Zöhre-Tahyryň köşgi” diýip, her bir ötegçini imrindirýän romantik at dakanam bolsa, onuň köne taryhy çeşmelerde tutulýan hakyky ady Nawidahdyr. Uly gatnawly kerwen ýolunyň ugrundaky wajyp şäher we möhüm gämigüzer hökmünde Nawidahyň ady şol çeşmelerde öwran-öwran ýatlanylýar. Ol biziň eramyzyň başlarynda we milady eýýamyndan öňki eranyň aýaklarynda (takmynan 2

[1] Lebapda toraňňa **petde** diýilýär.

[2] Jünewüt—söwüde çalymdaş ösümlik.

— 2,5 müň ýyl mundan öň) Orta Asiýanyň, Owganystanyň, Pakystanyň, Demirgazyk Hindistanyň, Gündogar Türküstanyň giň terrritoriýasyny öz içine alan Kuşan patyşalygy atly uly imperiýanyň ähmiýetli şäherleriniň biri bolupdyr.

Burdalykly ýaşulularyň gürrüňine görä, mundan 150-200 ýyl öň, ýagny Nerezim oazisinde we Burdalykda ýaşaýyş joş uran döwürlerde hem bu ýerde gaty uly güzer bar eken. Güzere gözegçilik eden Seýit Omar işan hezretleriniň uly-uly gaýyklary bolup, olaryň hersi bir gezekde ýanynyň onlarça at-eşegi we düýeleri bilen birlikde bir süri goýny derýanyň o ýüzüne geçirip bilipdir (ýeri gelende aýtsak, şu işanyň üsti gümmezli mazary galadan bir-iki kilometr çemesi uzaklykda, gumuň içinde ýerleşýär. Mazaryň ýüzünde ýazgy hem bar. Şu ýerdäki daşguýy bolsa ýerli ilatyň dine ynanýan böleginiň, ylaýta-da önelgesiz gelinleriň zyýaratgähi hasaplanylýar. Hamala, şu guýynyň agzynda oturyp, üstüni hem yşyk geçirmeýän zat bilen berk örtüp, guýynyň suwuna seredende yşyk görse, onda gelniň çagasy bolýarmyş).

Gala baradaky gürrüňimizi dowam etdireliň. Garaýoldan bir kilometr çemesi saga ýöräp, galanyň ýerleşen belent gyryna çykyp äňetseň, bir wagtlar galanyň esli meýdany tutandygyna göz ýetirýärsiň. Geçmişde onuň töweregi galyň diwar bilen gurşalyp, diwaryň daş ýüzünde çukur garym (händek) gazylypdyr. Galanyň pesinde, gyryň eňňitlerinde-de ýaşaýyş jaýlarynyň köp sanly yzlary duş gelýär.

Irki eýýamlarda haraba öwrülip galan bu uly şäheriň aşagynda düýbüne degip akýan derýanyň köwenligi üçin, onuň iň belent ýeri darka iki aýrylyp, derýa tarapdaky uly bölegi suwuň içine opurylyp gaýdypdyr.

Bu şäheriň erkgalasynyň hem esli bölegini derýa opurypdyr. Häzir onuň diňe bir çüňki iki sany çişleň depe görnüşinde bu belent gyryň depesinde howalap dur. Olaryň biriniň üstüne çykyp, galanyň opurylman galan bölegine syn edeniňde, kert gaýa görnüşindäki bu dik “diwaryň” ýüzünde otaglaryň sudurlary we bişen kerpiçden bejerilen diwarlar mesaňa-mälim görnüp dur. Käbir otaglarda ýangyn bolandygy bildirýär, ähtimal, çozup

gelen duşman galany alyp, ony oda beren bolsa gerek.

Baryp iki müň ýyl mundan öň bu ýerde ençeme gatdan ybarat jaýlaryň salnandygyna, geçmişde bu şäheriň uly medeni ojaklaryň biri bolandygyna haýranlar galyp, içiňi hümledýärsiň. Haýp ýeri, henize çenli bu galada ýeke gezegem ymykly gazuw-agtaryş işleri geçirilmändir.

Erkgaladan galan belent depäniň üstünden düşmänkäň, onuň aşak düýbüne seretmegi hem unutmaň, ýöne gaty seresap bolaweriň—başyňyz aýlanyp gider. Ho-ol aşak düýpde galanyň daşyna öwrüm berip, egrem-bugram bolup aýlanyp akyp ýatan we şu wagta çenli galanyň uly bölegini ýalmap-ýuwdan mähnet arna gözüňe kiçijik ýap ýaly salgym atyp görner. Aşakdaky äpet petdelerem göwnüňe bolmasa gyrymsy agaçlaryň kiçijik nahallaryndan enaýy däldir.

Şol depeden derýanyň aňyrsyna-da göz äýlaň: çep kenardan gündogar tarapda Garabekewül şäherçesiniň belent ymaratlary we gür baglary seleňläp otyr. Üstünde duran galamyzyň deňesinde bolsa çür depesine diň dikilen äpet desga garalyp ýatyr. Oňa Hojeýdatgala diýýärler. Bu—galanyň hakyky ady. Ýöne burdalyklylar Garabekewüldäki bu galany Zöhräniň galasy, üstünde duran galamyzy bolsa Tahyryň galasy diýip atlandyrýarlar. Tahyryň galasyna "Zöhre-Tahyryň köşgi" ýa-da ýöneje "Köşk" hem diýilýär. Halk arasyndaky ýörgünli rowaýatda aýdylyşyna görä, hamala Tahyr şu galadan Hojaýdetgaladaky Zöhresi bilen alma atyşyp oturanmyş. Galanyň "Zöhre-Tahyryň köşgi" diýen ady hem şu rowaýat esasynda döräpdir.

Hojaýdetgalanyň bäri ýanynda Amyderýanyň uly hanasyndan bu derýanyň esasy bölegi akyp ýatyr. Şol uly suwdan tä biziň duran ýerimizdäki arna çenli aralykdaky giň jeňňelliklere we petde tokaýlyklaryna Ortaşogap diýýärler[1]. Häzir bu ýer oba sygyrlarynyň tebigy örüsi bolup hyzmat edýär. Galanyň bir kilometr aşak ýanyndaky bagyň deňinde arnanyň üstünden paromköpri edilipdir. Sygyrlar şondan geçirilip, jeňňele kowulýar. Batga bataýmasa, olaryň şogapdan çykyp

[1]Amyderýanyň esasy suw ýoly bilen arnalarynyň aralygyndaky ululy-kiçili adalara ýerli gepleşikde şogap diýilýär.

biljek ýeri ýok.

Galanyň gündogar tarapy ýap-çiliň gür tory bilen örtülip, ululy-kiçili atyzlara öwrülipdir. Bir wagtlar bu ýerler mal bakýan we gyşyna aw edýän meýdanlarymyzdy.

Galadan garaýola düşüp, 4-5 kilometr gündogarlygyna ýöreseňiz, bir wagtky Burdalyk begliginiň, 1928-nji ýyldan 1955-nji ýyla çenli bolsa Burdalyk raýonynyň ilkinji obasyna gadam basarsyňyz. Oňa häzir Hojambaz etrabynyň Gultak obasyna garaşly Bekewül obasy diýilýär. Bu obada ärsary taýpasynyň bekewül urugy we 10-12 öýli çowdur ýaşaýar. Bekewül obasynyň 4 kilometr gündogaryndaky uly oba Gultak obasynyň merkezi bölegidir. Ol arasy biri-biri bilen goşulyşyp oturan iki obadan ybarat. Häzir olaryň hersinde bir orta mekdep bar. Meniň okuwçy döwrümde bu iki obanyň ähli çagalary, Bekewül obasynyň bolsa 5 — 7-nji klas okuwçylary merkezdäki ýediýyllyk mekdebe gatnardylar.

Ynha, şu oba — meniň dogduk mekanym. Bu obada ärsary taýpasynyň bekewül bölüminiň Gultak urugy ýaşaýanlygy üçin, oňa Gultak diýlip at berlipdir. Bu oba Burdalygyň iň günbataryndaky uly obalaryň biridir. Şu işde Burdalygyň adyna köp duş geljekdigimiz üçin, bu ýer barada gysgaça taryhy maglumaty bilmek zerur.

Burdalyk — taryhy ýer. Amyderýanyň orta akymynda Amuldan (Çärjewden) we Kerkiden[1] soňky ähmiýetli ýer hökmünde onuň ady orta asyrlarda (meselem, Temirleňiň taryhynda) hem duş gelýär. Hut şonuň üçin, geçen asyryň ortalarynda ýerini suw basan Nerezimiň ilatynyň bir bölegi we Nerezim begliginiň diwanhanasy Burdalyga göçüp gelýär. Burdalyk begligi 1920-nji ýyla çenli—tä Buhara emirligi ýykylýança höküm sürýär. 20-nji ýyllaryň ahyrynda Burdalyk özbaşyna raýon edilýär, emma 1955-nji ýylda ol ýatyrylyp, Hojambaz raýonyna goşulýar.

Burdalygyň ekerançylyk ýeri giň däl. Ol Amyderýa bilen Gyzylgumuň "Zöhre-Tahyryň köşgi" diýen ýerindäki sepleşiginden tä Mekan obasy bilen Burdalygyň serhedindäki

[1] Kerkiniň häzirki ady Atamyrat.

sepleşige çenli uzynlygy 35, ini hem käýerde 5, käýerde 10 kilometr bolan dilkaw meýdany öz içine alýar. Onuň Mekan obasynyň aşak ýanyndaky Akdaş diýen ýerden baş alýan uly nowhanasy bolup, ol töweregine aýrylýan kiçi ýaplar arkaly bu meýdana suw berýär.

Geçmişde şu meýdana Bekewül, Çowdur, Gultak, Isamly, Guraýş, Ýabany (Gulanjy Ýabany we Dawutly Ýabany diýen iki oba), Baýat, Baý, Çekiç, Yslam, Çüňker, Çalyş, Pelwertli ýaly onlarça oba bar eken, ýöne sowet häkimiýeti ýyllarynda (ylaýta-da baý-kulaklara garşy göreş we kolhoz gurluşygy döwründe) ýöredilen nädogry syýasat netijesinde, Lebabyň ähli ýerinde bolşy ýaly, Burdalykda gür ilatly obalar boşap galýar. Ilatyň köpüsi Owganystana göçýär, galan bir bölegi hem Özbegistanyň Kaşgaderýa, Buhara, Surhanderýa welaýatlaryna we Täjigistanyň Jylyköl diýen ýerine çekilýär. Häzirki döwürde bu ýerde Bekewül, Gultak (2 oba), Isamly, Ýabany (2 oba), Baýat (2 oba), Çekiç we Yslam diýen obalar bolup, olar üç daýhan birleşigi emele getirýärler.

Ýokarda ýatlanan Burdalyk nowhanasy ugrundaky obalara suw paýlap, barha kiçelýär we Gultak obasynyň aşak çetlerinde kiçi ýaplara dargap gidýär. Gultak obasynyň ýokary ýanynda bu howhanadan Gultagaryk diýen bir aryk aýrylýar. Ol Birga diýen ýerde ikä bölünip, biri Ilerkiaryk ýa-da Padagüzer ady bilen biziň obamyzyň ilersinden aşaklygyna gidýär. Beýlekisi Gaýrakyaryk ýa-da Gumeteraryk ady bilen obanyň gaýrasyndan geçip, guma degýär we bir ýarym kilometr çemesi gumuň etegini syryp, Gaýragyşlag diýen ýerde çepe—ekerançylyk ýerleriň ortasyna sowlup, kiçi ýaplara bölünýär, esasy ene ýap bolsa uly howza gelip gutarýar. Şol howzuň töwereklerinde ýabyň iki tarapy hem meniň ata-babalarymyň we onuň garyndaşlarynyň satyn alan hususy ýerleri eken.

Meniň abamyň[1] ýeri hem arygyň sag boýunda, onuň howza ýetip gutarýan ýerinde, iki sany hususy ýabyň aralygynda ýerleşip, onuň ini takmynan 250, boýy hem 500 metr çemesidi.

[1] Biziň obamyzda kakasyna **ata** ýa-da **aba**, ejesine **ene**, ejesiniň we kakasynyň ejeleriniň ikisine-de **mama**, kakalaryna-da **baba** diýýärler.

Şu ýeriň günbatar çetinde ýeke tamdan ybarat gyşlagymyz bardy, gyşyna gara öýi we mal agyllaryny şol ýere göçürýärdiler. Ýazyna bolsa arygyň raýşy tekizlenip, supa edilen giň ýazlaga göçürilerdi. Tomusda supanyň üstüne Gün düşmezdi, çünki arygyň kenarynda hatara ekilen 7-8 düýp ak tudanaly uly balhy (peýwendi) tut bardy. Ynha, men 1933-nji ýylyň güýzünde (igdebişik döwründe) şu arygyň boýunda dünýä inipdirin [1].

Meniň nesil daragtym (şejeräm, garry atalarym) şular ýaly bolmaly: Rahmanguly — Taňryguly — Gojanazar — Orazgeldi — Hemra — Atanyýaz — Soltanşa.

Garyndaşlarymyň aýdyşlaryna görä, meniň doglanyma has begenipdirler, çünki menden 3 ýyl öň bolan Akgül atly gyz iki ýyl çemesi ýaşap dünýäden ötüpdir. Onuň öwezine gelen çaga, ylaýta-da ogla ähli garyndaşlar begenip, çar tarapa buşlukçy ýollapdyrlar. Goňşy bolup ýaşaýan Öwezbike mamam (atamyň agalarynyň biriniň aýaly) maňa göbegene bolupdyr. At dakmaly gün gelende, ähli garyndaşlar ýygnanyşypdyrlar. Her kim bir at hödürläpdir. Atamyň atasynyň dogany Jora atly ekabyr ýaşulymyz hemmäni diňläp, ahyrda özi höküm çykarypdyr:

— Gowy atlar hödürlediňiz, ýöne olaryň hiç biri meniň göwnümden turanok. Inimiň ogluna men at dakjak. Onuň ady Soltanşa bolmaly. Goý, ol soltanlar, patyşalar ýaly abraýly we hökmürowan bolsun. Agabeg[2] bilen Atanyýazdan doguljak indiki ogullaryň atlaryny hem dakaryn. Ol atlar Soltanşa diýen bilen uwdaşykly bolmaly: Permanşa, Mämmetşa, Melikşa.

Jora babamyň garşysyna çykan tapylmandyr. Meniň adym Soltanşa bolup galypdyr. Ýöne ol ölýänçä, ölenden soňam,

---

[1] Meniň häzirki dokumentlerimde doglan ýylym 1934-nji ýylyň 25-nji awgusty diýip görkezilýär. Bu sene hakykatdan biraz üzňe, sebäbi Biurdalykda meniň deň-duşlarymyň hiç birinde-de dogluş hakynda dokument ýokdy. Ol diňe şäherlere okuwa girýänlere berilýärdi. Menem 1949-njy ýylyň awgustynda Kerkä okuwa gidýänligim üçin dokument almaly boldum. Ýaşytdaşlarymyňkydan boýumyň has kiçi bolanlygy üçin, medkomissiýa maňa Gultak oba sowetinden berlen şaýatnamadaky 1933 diýen diýen senä ynanmady we ony 1934-e düzetdi. Dokumentiň berlen senesi 25-nji awgust bolany üçin, meniň doglan senäm 1934-nji ýylyň 25-nji awgusty bolup galdy. Hakykatynda men towuk ýyly doglupdyryn.

ençeme wagtlap biziň öýümizde ogul dogulmady. Meniň yzymdan bäş gyz, 1957-nji ýylda-da enemiň soňky çagasy — inim Myrat doguldy (enem şonda ýaş üstünden aýryldy). Jora babamyň soňky arzuwlary hem hasyl bolman galdy.

Men 3 — 4 şaýa ýetenimde obalylary kimdir biriniň öýüne ýygnap, agşamlaryna okadardylar. Oňa likbez (ликвидация безграмотности—“sowtatsyzlygy ýok ediş”) okuwy diýilýän eken. Biziň hatarymyzyň adamlary Reýimberdi diýen bir garyndaşymyzyň uly tamyna ýygnanyp, düşekde oturyp okap-ýazardylar. Men hem enem bilen okuwa giderdim. Mugallym ýuwaş otursam, meni okuwdan kowmajagyny aýdyp, maňa-da bir depder bilen galam berdi. Menem enemiň ýazyp-çyzýanlaryna meňzedip ýazmaga çalşardym, ýöne ne enem, ne men oňly ýazmany-da başarmadyk, okamany-da.

Şol döwrüň aýallary sary leçekli uzyn bogmaç (börük) geýerdiler. Ynha, günleriň birinde iki sany adam gelip, atamy çagyryp, hol çetdäki tuduň aşagyna äkitdiler we nämedir bir zat barada köp jedelleşdiler. Enem öýdedi, men bolsa çagalygym üçin, olaryň gürrüňlerini diňlesemem hiç zat düşünmeýärdim. Köp jedelden soň atam olar bilen razylaşdy. Ol öýe geldi-de, enemden bogmajyny aýryp, kellesine ýaglyk daňmagy talap etdi. Enem aglaý-aglaý bogmajyny çykaryp, taýýar eden ýaglygy bilen başyny sarady, soňra bogmajynyň daşyna saralan ýaglykdyr matalary çözleşdirip, emaý bilen epläp, bir ýaglyga dolady. Şol wagt daşarda duran iki pyýadanyň birisi gelip, gara öýüň gapysy açyp çyklady. Enem sallançaga bukulyp, toňkaryň galan kellesini gizledi, menem eneme gysyldym. Bogmajyň aýrylanlygyna gözi ýeten pyýada ýoldaşy bilen beýleki öýlere ugrady. Olaryň atamy-da ýanyna aldylar (atam şol wagt pagtaçylyk brigadiridi).

Agşam garaňky düşenden soň garyndaşlaryň aýallary Öwezbike mamamyňkyda üýşdüler. Diňe bir garry aýaldan

[2] Meniň atamyň atasy Hemra Orazgeldi dagy 3 dogan ekenler: Hemra, Jora, Rahmanguly, Hemradan atam Atanyýaz, Joradan Keýik, Rahmanguludan hem enem Agabeg we daýzam Ogulsenem dagy bolupdyr. Diýmek, Agabeg — Jora babamyň Rahmanguly diýen inisinden bolan uýasydyr.

beýlekileri bogmaçlaryny aýrypdyrlar. Garry aýal welin keskelläm bogmajyny aýyrmaga razy bolmandyr. Ýaşynyň 70-den aganlygy üçin oňa azar bermändirler.

Biziň öýümiz ýakyn bolany üçin, biz bu ýere ilki geldik. Soňra ýeke-ýekeden gapydan giren gelinler ýaglyk dakynan joralaryna seredip, ilki gülüşdiler, garrylardan almytyny alanlaryndan soň bolsa aglaşdylar.

Gülüşmezçe-de däldi. Bogmaçly aýallaryň kelle tarapy biziň gözümize haýbatly görünýän ýalydy. Kelleden ýokarda bir garyş çemesi belentlikde togalanyp, daşyna dürli matalar we ýaglyklar oralan, özüne kybapdaş şaý-sepler dakylan, aşagyna hem sary esgi çatylyp, alkymdan aşagy, şeýle-de eginleriniň üsti we arkasy bürelip durar ýaly edilen bogmaçlar gelinleri has gelşikli görkezýän çalydy. "Baýdak ýaly gelinler" diýilmesi, belki, olaryň başyndaky ýokajyk ýüpek esgileriniň ýeliň ugruna galgap duranlygy, gyzyl ýa ýaşyl köýnegiň ýokarsynda ullakan sary esginiň altyn öwüşginli gelşik berýänligi üçin aýdylandyr. Indi welin ol zatlar ýok, onuň deregine her kim bir zat atynypdyr. Ol ýaglyklaryň atylyşy hem her gelinde bir hili: biri ony kellesiniň üstüne atyp, ýüzüniň köp ýerini ýapar ýaly edip, burçlaryny aşak goýberen bolsa, beýlekisi ýaglygyny kellesiniň üstüne düýrläp, bogmaja meňzetjek bolupdyr. Her näme-de bolsa, bogmajyny aýryp, ýaglyk daňynan gelin ilki göreniňde, göwnüňe onuň baş tarapynda näme-de bolsa bir zat ýetmeýän ýaly, hamala, göwreden onuň kellesi aýrylan ýaly duýulýardy. Elbetde, soňra biz bu görnüş bien öwrenişip gitdik.

Şeýlelik-de, meniň gözümiň öňünde türkmen aýallarynyň milli lybasy bolan börük nädogry syýasatyň gurbany edildi.

Men şu syýasatyň ýene-de bir pidasyna şaýat boldum. Biziň öýümiziň ýanyndaky ýapdan geçip, Rahman harrat we Reýimberdi aga diýen garyndaşymyzyň ýeriniň arasyndaky ýodajykdan biraz ýöreseň, uly ýola (bökä) düşýärsiň. Bu ýoluň aňyrsyndaky uly şorlukda hepdäniň penşenbe günleri bazar bolardy. Uly howzuň gabat garşysynda, ýoluň sag gyrasyndaky belentlikde obamyzyň metjidi bardy. Onda günde baş wagtyna gaýtalanýan "Allahy ekber" diýen azan sesi meniň gulagyma

ýaşlykdan guýlupdy. Ynha, günleriň bir güni başy çömmek telpekli, gara geýimli adamlaryň bir topary gelip, ilki metjidiň üstüni açdylar, soňra bolsa tozadyp, diwarynyň käýerini ýykdylar. Men muny enem bilen arygyň raýşynda oturyp synladym. Göwnüme bolmasa, metjit ýykylansoň, bu ýerdäki şagalaňly bazar hem ýatyp galdy.

Atamyň brigadir döwründäki wakalaryň ýene biri ýadyma düşýär. Ýöne ony gürrüň bermezden öňürti, atam dagynyň ilkinjiler hatarynda kolhoza girişleri barada onuň özünden we oba ýaşulularyndan eşidenlerimi gysgaça beýan edeýin.

Kolhoz gurulmaga başlan döwründe raýon ýolbaşçylary kolhoza adam çekmek üçin köp alada edipdirler, ilkinji agzalara un, gant we beýleki harytlar mugt berlipdir. Olara ilki-ilkiler hiç iş buýrulmandyr. Obada kolhoza girenleriň bu ýagdaýyny görüp, biziň hatarymyzdaky adamlaryň 13-si, şol sanda meniň atam hem arza berip, özbaşyna Batyr Ataýew adyndaky kolhozy düzüpdirler. Mugt berilýän zatlar olaryň maşgalalaryny azyk bilen üpjün edip, günde biriniňkide toplaşynyp şagalaň etmäge ýetidpir. Täze kolhozçylar özlerine görkezilen ýeriň ortasyndaky bagly-bakjaly serhowzuň boýuna günde az salymlyk üýşüp, hiç iş etmän, diňe göreş tutar ekenler. Göreşde beýlekileri ýeňen adam tä soňky günlerde ýeňilýänçä başlyk seçilipdir (öz döwründe Atanyýaz pälwan diýip at alan we göwre topy gaty daýaw bolan atam hem günde-günaşa başlyk bolupdyr). Bir gezek kolhozçylary gazy-haşar işlerine çagyrypdyrlar. Emma olar: “Kolhozçy bolanymyz nire, batga bulaşyp, gazy gazmak nire? Goý, haşary kolhoza girmedik ýekebaralar gazsyn” diýip haşara gitmändirler. Olara bu gezek hiç zat diýmändirler, Gün dogup ýaşsa, her kolhozçy “bir taýak” (birlik) goýlup, oňa düşýän hak weli gün sypdyrman berlipdir. Ýöne bu ýagdaý uzaga çekmändir. Ähli il kolhozlaşyberensoň, işe çykmaga razy bolmadyk kolhozçylary zor bilen işlemäge mejbur edipdirler.

Ynha, şol wakalaryň yz ýanlarynda atamy brigadir belleýärler. Çalasowadam bolsa, ol özüni gaty sowatly saýýardy. Soňra eşidişime görä, ol sowadyny ýeterlik çaklap, özüne tabelçi hem almandyr.

Atamyň kükregini ýassyga berip, uzak günläp tabel işleýşi ýadymda galypdyr. Şeýle günler enem meni işe özi bilen äkitmezdi-de, atamyň ýanynda öýde goýup giderdi. Ýöne welin atam tabel bilen gümra bolup, maňa asla üns bermezdi. Oýnap ýadanymsoň, men onuň hat ýazyşyna syn ederdim. Bir zat soraýsam, atam "Hmh" ederdi, emma başyny hem galdyrmazdy. Şol barmaşa ol bir kagyzy doldurdy-da, maňa tarapdaky gapdalynda goýdy. Men kagyzy elime aldym. Atam ünsem bermedi. Men ondan: "Şu kagyzy ýyrtaýynmy?" diýip soradym. Atam kellesini galdyrman, "Hmh" etdi. Men "Hawa" diýýändir öýdüp, ýene soradym. Ýene şol jogap. Men kagyzy jowwa ikä böldüm. O-ho-ho! Atam böküp turdy, her elimde bir bölegini tutup duran kagyzlarymy silkip aldy. Men gorkujygyma aglap başladym. Atam kagyzlara bir sellem seredip durdy-da, çignimden silkip, meni goltugyna aldy, gapyny daşyndan ildirdi we lapaň-lapaň ädimläp, göni enem dagynyň pagta ýygýan atyzyna äkitdi. Enem bizi görüp, hataryň aňry çetinden bärik ugrady, ýöne atam meni düşürdi-de, sesini çykarman, gahar bilen yzyna öwrüldi. Men möňňürip, enemiň gujagyna doldum. Şoldur-şoldur, men atamyň hat bilen gümra wagty onuň ýanyna barmadym.

Üç-dört ýaşly döwrümde başdan geçiren wakalarymyň ýene biri ýadymda galypdyr. Suwly uly ýabyň boýunda ýaşaýanlygymyz üçin, ýaş çagalary öýde ýeke goýmaýar ekenler (garyndaşlarymyzyň ýaş çagalaryndan suwa akanlary hem bolupdyr). Şonuň üçin enem meni ýanyndan aýyrmazdy. Bardygeldi, zerur işi çyksa, meni Öwezbike mamama tabşyrardy, olam ýok bolsa, onda meni Öwezbike mamamyň kiçi ogly, menden ýedi ýaş uly Pirguly agamyň ýanynda goýardy. Ýöne men Pirguly agam bilen galmagy asla islemezdim sebäbi enem-atam we mamam ýok wagty ol maňa gaty darardy, şapbadam çalaýardy.

Ynha, bir günem şeýle boldy. Enem meni Pirgula goýup gitdi. Galmajak bolup, baý, nadaralyk etdim. Enemiň yzyndan ylgadym. Pirguly agam tutup aldy, ýoldaşlary bilen aşyk oýnaýan ýerine getirdi. Men ýene gaçdym. Bu gezek tuda germelen

sallançagyň inçejik we uzyn üýrewaç ýüpüni çözüp aldy-da, bir ujy bilen aýagymy daňdy, beýleki ujuny hem tutuň şahasyna berkitdi. Özleri bolsa arkaýyn aşyk oýnamaga durdular. Men ýüpden boşap bilmän, köp urundym, tä enem gelýänçä agladym.

Her niçigem bolsa, her haýsy öz hususy ýerinde pytraňňy oturan we biri beýlekisinden esli aralykda ýerleşen öýlerde ýaşan adamlaryň gün-güzerany kolhoz şäherçeleriniň darajyk melleklerinde ýaşaýan adamlaryň durmuşyndan düýpgöter üýtgeşikdi. Meniň özüm üçin-ä şäherleşmeden öňki ýaşaýyş gaty gowudy. Hut şonuň üçin bolsa gerek, oba şäherçeleşdirilip, il oňa göçmeli edilende, käbir adamlar (meselem Guby mama diýen tebip aýal, Gurbandurdy bagban we beýlekiler) göçmäge razy bolman, öňki oturan ýerlerinde galdylar.

## ŞÄHERÇEDE

1938-nji ýylda Gultak obasynyň merkezi böleginde iki kolhoz bardy: “Komintern” we Kaganowiç. Ähli kolhozlarda bolşy ýaly, bu iki kolhozyň öz hususy ýerlerinde pytraňňy ýaşaýan kolhozçylaryny ýörite bölünip berlen şäherçelere göçürmeklik planlaşdyrylypdyr. Şäherçe diýlip at berilýänem bolsa, onda içinde ýaşar ýaly ýekeje jaý hem ýokdy, diňe obanyň gündogarynda bir köne howlynyň galyndylary, günortasynda bolsa kolhozyň jemgyýetçilik bähbitleri üçin ýaramly iki sany bitin howly bardy. Ortalaryndan ýollar geçirilip, deň ölçegde ölçenip goýlan melleklere göçüp gelen ilat öňi bilen gara öý üçin ýer tekizläp, ony dikip ýaşamaga başlardy. Köplerden giç göçüp gelenimiz we şol sebäpli amatly ýerleriň eýelenenligi üçin, bize kolhoz edarasynyň jaýy bolup hyzmat edýän howlynyň derwezesiniň öňündäki ýabyň gaýrasynda ýerleşen belentli-pesli mellek ýetdi. Depelerini gyzgan basyp ýatan bu ýer ekmäge düýbünden ýaramsyzdy, ony tekizläp ýer etmäge bolsa kolhozda hiç hili tehnika ýokdy. Atam berlen ýeri tekizlejegem bolmady, diňe ýabyň ýakasyndaky bir depejigi düzläp, gara öý oturtmak üçin ýer edip berdi, akyp ýatan kiçi ýaba-da köprüjik gurdy. Ýadyma düşüşine görä, biz şu ýerde 4-5 aý ýaşadyk. Güýz

düşdi. Atam jeňňelde kolhozyň gawunyny ekip, gijesine-de ony goraýardy. Menem köplenç onuň ýanynda bolýardym. Ynha, bir gün jeňňelden öýe gaýdyp gelýärdik. Men eşegiň syrtyndadym (gepiň gerdişine görä aýtsam, atam eşigiň gowusyny tanamaga gaty ökdedi. Biri eşek satyn aljak bolsa, goňşy obalara-da atamy äkiderdiler. Atam özi üçin-de at ýaly daýaw eşekleri saýlardy).

Biz Jeňňelarykdan geçip, Eseniň ýeriniň gyrasyndaky tutlara ýetenimizde, ol ýerde kolhozyň başlygy Jumal Alta sataşdyk. Men ony gowy tanaýardym. Şäherçede goňşudyk. Ogly Hudaýberdi dagy bilen bile oýnaýardyk. Jumal gaty wäşidi, degişgendi, agzy hapady. Göwresi kiçi bolsa-da, özi daýawdy. Atam onuň bilen eşegiň üstünde biraz gürleşip durdy. Oba ugramazymyzyň öň ýanynda ol Jumala ýüzlendi:

— Jumal, ol beren mellegiňde iki-üç ýyllap idili ekin biter ýaly däl. Maňa eker ýaly başga ýer bersene.

Jumal ýeser gözlerini oýnaklatdy-da, atamyň ýüzüne gülümjiräp, şeýle jogap berdi:

— Atanyýaz, dogrudanam, seniň mellegiň erbet. Men saňa jöweni baş-da-bogak (bişmäge ýakyn) bolup duran gowy mellek bereýin. Ýöne şeýle şert bilen. Saňa Atanyýaz pälwan diýýärler. Gel, şu ýerde göreş tutaly. Ýyksaň, mellek seniňki. Ýykylsaň, öňki mellegiň bilen oňarsyň.

Atam “Men razy” diýip, böküp eşekden düşdi. Meni eşegiň syrtyndan onuň yňňyrjagynyň (gaňňasynyň) üstüne geçirip, elime-de hylany (ujy çiş taýajygy) tutdurdy. Olar baldyrlaryny çyzgaşyp, ýoluň ortasyndaky gumaksy ýerde göreşe girişdiler. Jumal “hopba çekmek” diýen emel bilen tas atamy ýykypdy, ýöne ol atamyň daýaw göwresini üstünden agdaryp, taşlap bilmedi-de, özi ýüzin ýykyldy. Dikleşdiler, täzeden tutluşdylar. Jumal ýene hopba çekjek boldy, ýöne atam bu gezek ägädi. Ol bu emeliň garşysyna emel ulanyp, Jumaly ýykdy. Ýöne Jumal ýykylanyny boýun almady. Ikinji gezek tutluşyga girişdiler. Atamyň köýnegi ýyrtyldy, ýöne oňa üns bermän, ýakalaşma göreşi dowam etdirdiler. Jumal ýykyldy, onda-da öňküden gaty ýykyldy. Jumal ýene ýykylanyny boýun almady, gaýtam “Sen nädogry emel etdiň” diýip, atama götindawa etdi. Atam: “Seni

gowuja ýykyp, boýun alar ýaly etmesem boljak däl” diýip, üçünji gezek göreşe girişdi. Jumal tosun bolany üçin ýadady, atam welin çuslanan ýalydy. Şol barmaşa ol Jumalyň bilini gysyp, özüne ýakyn getirdi. Dikleşdiler. Ynha, şol wagtam uzyn satan atam Jumalyň aýagynyň yzyndan emel edip, öňe omzady welin, ikisi-de diwar gaýdan ýaly, uzaboýuna ýykyldylar. Jumalyň ýagyrnysy gumaksy ýere endigan degdi, hatda gürpüldäp ýykylan iki göwräniň badyna kirşenli gum pöwhüldäp, tozap gitdi. Bu gezek Jumal ýykylanyny boýun aldy. Ikisi-de üst-başyny kakyşdyrdylar. Jumal mellegi edil şu gün berjekligini aýtdy. Atam meni eşegiň syrtynda oturtdy, özem ýerine mündi. Biz oba ugradyk. Eseniň ýeriniň burçundaky harabalyklara ýetiberenimizde, Jumal atly yzymyzdan ýetdi we atama:

— Atanyýaz, sen bu uzyn kürteli (pagtaly uzyn köýnekli) gyzyňy eşekden düşür. Seniň eşegiň gaty daýaw diýýärler. Gel o Padagüzere çenli çapyşaly—diýdi. Men Jumalyň maňa “gyz” diýenini gaty gördüm (şondan soň uzyn kürte-de geýmedim). Atam biraz götermeräkdi. Ol dessine: “Gel, çapyşsaň çapyşaly” diýdi-de, meniň elimden tutup, eşekden düşürdi we “Ho-ol tuda tarap ýol bilen baryber” diýip, çapyşyga taýýarlygyny bildirdi. Jumal öň gezegi atama berdi. Atam 30-40 metr ara açansoň, Jumal atynyň jylawyny goýberdi. Giň giden şorlugyň ortasyndan aryga çenli uzalyp gidýän göni ýolda atamyň ak eşeginiň 200-300 metre çenli Jumala ýetdirmän gidişi henizlerem göz öňümden gidenok. Ýöne at at bolýar. Jumal atamy ýetdi, deňinden geçip, göni Padagüzeriň köprüsine çenli atyny ýüzin salyp gitdi.

Biz şol gün mellek aldyk. Ol oturan ýerimizden uzak däldi, kolhozyň edarasynyň ýerleşýän howlusynyň gündogar ganatyna degip durdy. Arada diňe bir ýoljagaz bardy. Men indi gawuna gitmän, bişip gelýän jöwenleri guşlardan goraýardym. Enem maňa sapan örüp berdi. Rahmanguly babam bolsa ony atmany öwretdi. Serçeleriň köpçülikleýin gonan ýerlerine sapan atýardyk.

Rahmanguly babam dagy obanyň gaýrasyndan mellek aldylar. Ol agyr syrkawlady. Şonuň üçin enem bilen günde olaryňka bir-iki gezek baryp gelýärdik, kä günler men oňa nahar

eltip bererdim.

1941-nji ýylyň güýzi bolsa gerek. Rahmanguly babam maňa ertir ir bilen ýanyna gelmegi tabşyrdy. Bardym. Ol çäkmenini egnine atdy, telpegini geýdi. Biz gyşlaga tarap ýola düşdük. Ýolda maňa ýüzlendi:

— Oglum, ne döwür, ne zamana. Ynha, pasylka diýdi, kolhoz diýdi, öňki günümizden aýyrdylar. Gyşlagdaky hususy ýerlerimizi hem elimizden alyp, pasylka göçürdiler. Bardy-geldi, öňki-öňkülik bolup, ýene köne ýurdumyza göçmeli bolunsa, men saňa degişli mülk ýerimiziň serhedini görkezeýin. Orus gitdigi ol ýerleri sen algyn. Biz ony köp pul beriň satyn alandyrys. Meniň köpüm ötüp, azym galdy. O günleri men görmerin, sen görersiň—diýdi. Biz gyşlag ýerimize geldik. Babam arygyň gyrasy bilen ýöräp, öz ýeriniň serhetlerini görkezdi. Ýabyň gyrasyndaky uly tutlaryň we miweli agaçlaryň ýeke-ýeke ýanynda durup, olaryň haýsylarynyň bize degişlidigini gaýtalap-gaýtalap görkezdi. Ýeriň bir tarapy aryk, iki gapdaly hem ýapdy. Onuň günbatar serhedi ekerançylyk ýeriň içinden geçýäni üçin, babam bir uly tuduň aşagyna bardy-da, aňry gyradaky uzyn tuda tarap elini uzatdy:

— Oglum, ýerimiziň bu ýan çeti, ynha şu iki tuduň arasyna göni çekilen çildir. Bardy-geldi, çil ýykylaýsa-da, şu iki tudy ýadyňdan çykarmagyn—diýip sargady.—Ine, şu görkezen çäklerimdäki 9-10 tanap ýere gowy eýelik edip bilseň, ol seni hiç wagt hor etmez—diýibem sözüniň üstüni ýetirdi.

Biz yza dolandyk. Şol wakalardan biraz wagtdan soň Rahmanguly babam aradan çykdy.

Bir-iki ýyllykda men ussa Pirguly bilen gyşlag ýerimize aýlanyp gördüm. Öňki howlulardan, atyz-çillerden, hatda uly arykdanam derek ýok. Babamyň görkezen daragtlarynyň birisi-de saklanmandyr. Ullakan pagta meýdanyna öwrülen bu ýeriň haýsy böleginiň biziň mülk ýerimizdigini diňe çak etmek mümkindi.

Atamyň 1941-nji ýylda jeňňelde gawun ekenligini öňde ýatlapdym. Men köplenç atam bilen jeňňele giderdim. Şeýle günleriň birinde atam maňa:

— Meniň obada zerur işim bar. Häzir ýanyňa Mähemmetgulyny getirjek. Sen şonuň bilen oýnaber. Gawuna mal-gara gelse kow. Gawun iýmäge gelene, ynha, şol gawunlardan beriber. Men agşama çenli dolanaryn—diýdi-de, asylgy çöregi görkezdi. Özi-de goňşy gawunçylykda garawulçylyk edýän Hudaýguly aga diýen garyndaşymyzyň ýanyna gidip, ol ýerden onuň inisi Mähemmetgulyny meniň ýanyma getirdi. Mähemmetguly meniň bilen ýaşytdaşdy. Biz bile oýnadyk. Garaňky düşüberdi. Atamdan derek bolmady. Biz Hudaýguly aganyň gawunyna gitdik. Ol ýerde-de hiç kim ýokdy. Biz ýene dolanyp geldik. Ilkinji şagallar uwlaşyp başlady. Biz gorkujygymyza çärdägiň üstüne çykdyk. Şagallaryň sesi barha ýakynlaşýan we köpelýän ýalydy. Göwnüme bolmasa, olaryň uwlaşýan sesleri gawunyň joýalyklaryndanam eşidilýärdi. Biz biri-birimize gysylyşyp, käwagt ýekelikde, käwagt hem hor bolup uwlaşýan şagallaryň uwwuldylaryny diňläp, esli oturdyk. Sesler biraz ýatyşdy. Indi diňe gaýraky ýabyň boýunda boguk we üýtgeşik sesli bir şagalyň uwwuldysyndan başga ses eşidilmeýärdi. Onuň gyryk we ýakymsyz sesini öňem köp eşidipdim. Atam oňa äňňüş (şagalyň bir görnüşi) diýerdi.

Oýna gyzyganymyz üçin, agşamlyk edinmäni unudypdyrys. Ajygyp başladyk. Ýöne çärdäkden aşak düşüp, onuň bir agajyndan asylgy duran torbadaky çöregi getirmäge gorkýardyk. Gawun peýkalynyň gündogar we günorta tarapy gür gamyş jeňňelligidi. Jeňňel bilen gawunçylygyň arasynda diňe bir ýap bardy. Jeňňel tarapda birden şagyrdy eşidäýsek, gorkymyza bir-birimize gysylyşyp, “Haýt, gy-ýýw!” diýip, gaty ses bilen gygyryşardyk.

Üşäp başladyk. Çärdegiň üstünde ýatmak üçin, gamyş-hyşanyň üstüne ýazylan keçäniň aşagyna girip, aşagymyza hyşa ýazyp ýatdyk. Atamyň gelenini bilmändiris. Ol bizi düşegiň üstünde ýatyryp, üstümize ýorgan atypdyr. Mähemmetguly ikimiz ir ertir gaty ajygyp oýandyk (atamyň gijä galmagynyň we Hudaýguly aganyň ýoklugynyň sebäbini biz soň bildik: şonda bir garyndaşymyz aradan çykan ekeni).

Gawunyň gyralaryndaky jeňňellikden sülgüniň we

kiçi towşanyň gelýän ýodalaryna atam gapan gurardy. Kiçi gapany maňa gurdurardy. Gapanda ilkinji sülgün tutanymda gaty begendim. Ýokary uçubilmän, ala-hasyrdy bilen tozan turuzýan uly horazyň ýanyna iki bökenimde bardym. Ýöne oňa el degirmäge gorkdum. Gapanyň ýüpünden tutup, towugy pasyrdadyp, çärdege tarap ylgadym. Atam görüp, eli pyçakly öňümden çykdy we "Awy diri öýe getirmezler" diýdi-de, sülgüniň damagyny çaldy. Soň men towşanam tutdum. Gapana düşende wägildäp gygyrýan towşany-da tutup gördüm. Gapan bilen aw etmek hünärim uruş ýyllarynda, ylaýta-da atam uzak wagtlap göz keselhanasynda ýatan döwürlerinde maşgalamyzyň maňlaýyndan diredi: her niçigem bolsa, iýjek etimiz köplenç mugt bolardy. Atam günde gapan gurmaga maňa rugsat bermezdi. "Gereginden artyk aw haram" diýerdi.

## MEKDEBE

Wagt geçdi, warak aýlandy, 1941-nji ýylda meniň okuwa gitmeli gezegim geldi. Men weli gitmek islemedim. Aglap-eňräp, atamdan galman gawuna gitdim. Ýöne atam-enemi ogluny okuwdan saklaýan adamlar hökmünde oba sowetine yzly-yzyna çagyryberensoňlar, meni bir gün enem arkasyna hopba etdi-de, mekdebe äkitdi. 1-nji klaslylaryň okaýan ýeri mekdebiň uly ak jaýynda däl-de, onuň günorta tarapyndaky ekerançylygyň gyrasynda ýerleşen pagsa tamjagazdady. Mugallym aýal bizi gowy garşy aldy, enem bir zatlar, bir zatlar diýdi, emma men düşünmedim. Onuň dili çalgyrtdy (soň görüp otursam, ol tatar aýaly Fawziýa ekeni).

Enem meni yzdaky boş partada oturtdy-da, özi öýe gitdi. Men asuda oturşyma okuwçylary we mugallymy synladym. Käbir okuwçynyň öňünde suratly kitap bardy. Edil öňümde oturan oglan agdaryşdyryp, şeýle kitabyň suratlaryna seredýärdi. Mende weli hiç zat ýokdy. Birazdan soň içim gysyp başlady. Ýerimden turdum-da, öňdäki oglanyň ýeňsesinden onuň kitabynyň suratlaryna seretmäge başladym. Mugallym maňa "Otur!" diýip jabjyndy. Men gorkyma dessine aşak oturdym.

Oýan-buýan seretmäge gorkýardym. Wagt weli geçenokdy. Şol barmaşa meniň oturan hatarymyň ikinji partasyndaky oglan bilen ýanyndaky gyzjagaz ýerinden turup, çyny bilen ýakalaşmaga başladylar. Olar öňem biri-biri bilen ençeme gezek güýç synanyşan bolmaga çemeli. Syrylan kellesiniň depesinde iki sany, çekgelerinde, maňlaýynda we ýeňsesinde goýlan gulpajyklaryny tasadyp, gyzjagaz uzyn sesi bilen aglaýardy we elindäki ktaby bilen oglanjygyň çem gelen ýerine suňşurýärdy. Meniň deňimdäki okuwçynyň depderini görüp duran mugallym ilki olara bir zat diýip gygyrdy, emma uruşýanlaryň piňine-de däldigi üçin, olaryň ýanyna bardy, gyzjagazyň elindäki kitaby kakyp aldy-da, ilki oglany, soňra-da möňňürip duran gyzjagazy kitap bilen urdy.  Men gaty gorkdum. Ilki partada aýbogdaş gurup, ýygnap oturan aýaklarymy aşak salladym, soňra özümi partanyň aşagyna goýberip, bukup oturdym. Gyzjagaz henizem aglaýardy, mugallymam olara gygyrýardy.  Men yzymda açyk duran gapydan emedekläp çykdym-da, jaýyň syrtyndaky kiçijik ýaba girip, öýe tarap ökjämi göterdim. Enem ýaňy öňe gelen ekeni. Men oňa: “Mugallym meni urdy” diýdim. Enem ynanmady, meni mugallymyň ýanyna äkitjek boldy. Kes-kelläm garşy boldum, agladym, mekdebi weli gitmedim. Şol wagt atam jeňňele äkidýän zatlaryny horjuna salyp, eşege mündi. Menem onuň bilen jeňňele gitdim. Soňunyň näme bolanyny bilemok weli, meniň bu ýylky okuwym şonuň bilen gutardy.

Gawun sowulýança, atamyň ýanynda jeňňelde boldum. Obanyň töweregindäki meýdanlarda işlände-de ol meni ýanyna äkitdi. Günde eşege ot ýa odun ýükläp, üstüne meni mündürip, öýe ibererdi. Öýüň ýanyna gelip, eneme gygyrardym. Atamyň ýüklän otuny iki bolubam eşekden agdaryp bilmezdik, çünki atam eşegiň hirgizlemezligi (jyzzyn atmazlygy) üçin we meniň ýykylaýmagymdan ätiýaç edip, eşege oty köp ýüklärdi, özüniň zordan göterip, üstüne atan artmak ýüküniň her tarapyna eslije üstünligem atyp, ony gowuja daňardy. Şeýle ýüküň ortasynda men zordan görünýärdim.

Ýükden boşan eşegi yzyna, atamyň ýanyna äkitmäge enem maňa rugsat bermeýärdi.

Şeýdip, eşek bilen ot, odun çekmegi öwreniberenimde, täze okuw ýyly (1942-nji ýyl) ýetip geldi. Bu gezek mekdebe atam äkitdi. Ondan bir gün öň atam bilen enem meni okamaga razy etdiler. Eger bu ýyl okuwa gitmesem, onda meni oruslaryň şäher mekdebine zor bilen äkidip okatjakdyklaryny, sähel zat üçin ol ýerde uruljakdygymy aýdyp, meni mekdebe gitmäge yrdylar.

Enem 2-3 aý öň maňa mekdebe gitmäge bukja tikipdi. Dürli matalardan guralyp, gyralaryna alaja ýüp edilen bukjanyň kübtden asar ýaly örme bagy bardy. Enem oňa tapan kitabynyň 2-3 sanysyny salyp, bukjanyň bagyny baglap, maňa berdi. Men ony sag tarapymda durar ýaly edip, kibtimden asdym. Oýan-bu ýana ýöräp gördüm.

Ertesi ir bilen bezemen bukjamy asdym-da, atamyň yzyna düşüp, mekdebe gitdim. Ýöne atam mekdebiň ýakynyna gelip aýak çekdi. Yzdan gelýän uly oglanlara garaşdy, olar bilen gelýän Pirguly agama meni tabşyrdy-da, özi yzyna gaýtdy. Pirguly meni mekdebe ilkinji gelen çagajyklaryň içine eltdi, özi klasdaşlary bilen oýnamaga gitdi.

Biraz wagtdan soň jaň kakyldy. Bizi bir klasa üýşürdiler. Her kimiň oturmaly ýerini görkezdiler. Bize Ýagmyr Gapur diýen obadaşymyz mugallym bellenipdir. Ol nähili oturmalydygyny, bir zat aýtmakçy ýa bir iş etmekçi bolsaň, hökmän sag eliňi galdyryp, mugallymdan rugsat almalydygyny, umuman, tertip-düzgüni düşündirdi-de, bizi oýnamaga meýdana alyp çykdy. 7-nji klas bilimli Ýagmyr bize köp mugallymçylyk etmedi—ol tiz wagtdan urşa gitdi (Gapur baba diýen abraýly ýaşulularyň biriniň ogly bolan Ýagmyr neresse uruşdan gaýdyp gelmedi). Soňra bize goňşy obadan Hydyrberdi Aganyýaz diýip birini mugallym bellediler. Ol 3-4 aý okatdy, ýazmagy-çyzmagy öwretdi. Gowy ýazýanlary öwdi, haty erbet ýazýanlary bolsa “Bu eşegiň toýnagy bilen gazap ýazan hatyna seret” diýip käýedi. Menem ondan bir gezek käýinç eşitdim.Ýöne bu mugallymy-da urşa aldylar. Soňra tä ýarym ýyllyk geçýänçä, günde bizi bir mugallym okatdy. Mugallym tapylmadyk günleri bizi güýmemegi mekdepde garawul bolup işleýän Guby (Gurbangeldi) Allaberdä tabşyrdylar. Ol mekdebiň ýakynynda

ýaşaýardy, bizden 6-7 ýaş uludy. Gaty wäşidi, ýerli-ýersiz köp geplärdi. Biz oňa Guby jynly hem diýerdik.

Mugallymlaryň çalşyrylyp durşy ýaly, klas jaýymyzy hem ençe gezek üýtgetdiler. Öň mekdebiň esasy jaýynyň bir ýagty klasynda okaýan bolsak, soňra mekdebiň gapdalynda ýerleşen oba sowet jaýynyň uly klubunyň bir burçunda okatdylar. Birazdan soň bolsa bizi ussahana üçin niýetlenip, mekdepden 100 metr çemesi uzakda, ekin meýdanynyň bir çetinde gurlan polsuz-potoloksyz sowuk jaýa geçirdiler. Bu ýere jaňyň sesi hem ýetmeýärdi.

Ynha, günleriň birinde mugallym tapylman, ýene Guby klasa girdi. Biz ýerimizden turmadyk, pyňkyryşdyk. Guby heňkirdi, üstümize gygyrdy. Bu zatlar bilen öň ymykly öwrenişenimiz üçin, biziň piňimize-de däldi. Gaýtam, gülüşdik, Gubynyň agzyna öýkündik. Guby ony gaty görüp durmady. Ol bizden:

— Ýoldaş okuwçylar! Bu gün näme sapak geçeris?—diýip sorady. Biri "Çürrümkesdi oýnalyň!"diýdi, beýlekisi "Atyzyň içinde kesekleşme oýnalyň" diýdi, garaz, klasyň içini ala-goh etdik. Guby ajygan bolmaga çemeli. Ol:

— Hüş-ş-ş! Ýuwaş! Bilmediňiz, bu günki sapak nan iýmeklik sapagy. Arkaýyn nan iýiberiň—diýdi.

Biz öýden getiren nanymyzy bukjalardan çykardyk-da, iýmäge başladyk. Guba-da berdik. Nan iýişlik gutardy. Guby nämedir bir zat üçin aňyrsyna dönende, Babaguly jübüsinde saklaýan togalajyk palçyk kesegi bilen Gubynyň ýeňsesine urdy (Babaguly barada yzda ymykly gürrüň bererin). Guby uly galmagal bilen kesegi kimiň atanlygyny sorady. Aýtmadyk, emma ol şonda-da ol munuň Babaguludan ýetendigini bildi we azmly:

— Babaguly, tur ýeriňden! Hany kiseleriňi çöwür!—diýdi. Babaguly onuň diýenini etmedi. Guby Babagula tarap ugranda, Babaguly partalaryň üstünden böküp, gapydan çykyp gaçdy. Guby yzyndan kowdy. Atyzyň içinde yzyndan ýetdi, basdy. Emma birdenkä çirkin sesi bilen "wä-äk!' diýip gygyrdy-da Babagulyny goýberdi (ol Gubyny dişläpdir). Babaguly eline bir ýatan taýagy

aldy-da söýelgi merdiwandan tamyň üstüne çykdy. Gubyny weli taýak bulaýlap, ýokary çykarmady, Guby merdiwany aýyrdy, ony egnine aldy-da, mekdebiň esasy jaýyndaky mugallymlar otagyna gitdi. Dessine 2-3 sany mugallym geldi. Şol günden soň Gubyny biziň klasymyza goýbermediler.

Ýylyň ikinji ýarymy bolsa gerek, bizi okatmaga täze mugallym—Selbi Pirguly işe geldi. Şu wagta çenli biziň aramyzda gowy okap bilýän okuwçy ýok diýen ýalydy. Diňe geçen ýyl 1-nji klasda ýarym ýyl okan, emma uzak wagtlap kesel bolany üçin klasyndan geçmedik Ýazbike Anna diýen gyz okamany başarýardy.

Uruş döwründe erkekleriň köpüsi fronta gidenligi üçin, uruşdan maýyp bolup gelen 7 klas bilimli Rozynyýaz Allaberdi, Hudaýguly Babanyýaz, Haýytguly Pir, Ysmaýyl Rahym ýaly erkekler, 3-4 sany hem gyz mekdebe mugallym edilip işe alyndy. Täze mugallymymyz Selbi hem şu mekdebiň 7-nji klasyny gutaran gyzdy. Ol gaty mylaýymdy, ýadaman-ýaltanman bize sowat öwretmäge jan ederdi. Irginsiz zähmet öz miwesini hem berdi: biz tiz wagtda okamany-ýazmany öwrendik. 1-nji klasyň ahyrynda men sakynman okamany başarýardym. Atamdan latyn harplaryny öwrenip, şu klasyň ahyrynda latyn ýazuwynda çap bolan “Göroglyny” hem suw ýaly okardym.

Şol döwürde kolhozyň klubuna ýa-da başga bir uly jaýa üýşürip, kolhozçylara körek çakdyrardylar (ol döwürde körek çakýan maşyn çykmandy). Men körek çakmakdan azatdym: şemiň ýakynynda kükregimiň aşagyna pagtany ýassyk edinip, “Göroglyny” ýa-da haýsydyr bir dessany gaty ses bilen köpçülige okap bererdim, muňa derek maňa il deňi bolarym ýaly pagta bererdiler. Şeýdip, 1-nji klasy gutardyk.

## AÇLYK

Urşuň agyr günleri gelip ýetdi. Garry-gurtudan başga obanyň ähli erkek göbeklisi urşa gitdi. Atamam ençeme gezek harby komissariata çagyryldy, emma gözi şikesliligi üçin, ol bir gezek Kerkide göz keselhanasynda 5-6 aý ýatdy, emma bejerip

bilmän yzyna gaýtardylar. Ýene çagyrdylar. Bu gezek ol uzak wagtlap Çärjewde[1] ýatdy, ýöne onuň gözüni bejerip bilmediler.

Atam köp wagtlap öýden giden döwürlerinde, biz gaty horlanýardyk. Iýmäge hiç zadyň ýoklugy üçin, açlykdan ýerimden turubilmän ýatan günlerimem bolupdy. Bir gezek meýdanda şeýdip ýatanymda, ýanymyza Zöhre ýeňňem (Hudaýguly Babanyýaz diýen garyndaşymyzyň aýaly) geldi we enemden meniň näme üçin ýatanlygymy sorady. Enem gözüniň ýaşyny sylyp, ýagdaýymy aýtdy. Zöhre ýeňňem elindäki düwünçegi çözdi-de, buhanka nanyň goşa ýumruk ýaly bölegini ikä böldi we:

— Ölsegem, bile öleli. Şuny bölüşdirip beriň—diýip, nanyň bir bölegini enemiň eline tutdurdy. Enem ol nanyň ýarysyny maňa berdi, beýleki ýarysyny hem hamala, açlyk oňa degişli däl ýaly, arkaýyn oýnap ýören Ýazbike diýen uýam bilen bölüşip iýdi. Men dessine aýak üstüne galdym (Zöhre ýeňňemiň gaýyn agasy Gurban Babanyýaz Gultak oba sowetiniň başlygydy, urşa gatnaşan we oba hökümeti hökmünde oňa nan kartoçkasy berilýän eken. Muňa düşýän paýy Gurban aga Burdalyk nanbaýynda (pekarnýasynda) bişirilýän orsy nandan alyp, ony Zöhre ýeňňem dagy bilen bölüşýän eken).

Şol wagt Zöhre ýeňňemiň bu eden ýagşylygyna dogry baha bererden ýaş bolsamam, onuň bu hereketi hiç wagt ýadymdan çykmady, ejize kömek beren, ýykylany goldan gowy adamlar barada gürrüň edilse, meniň ýadyma dessine Zöhre ýeňňem düşýär. Häzirem oba baraýsam, oňa minnetdarlyk bilen salam hakyny berýärin.

1943-nji ýylda atam uzak wagtlap obada bolmady. Harby komissariatyň çakylyk haty bilen giden soň, ony ençeme özi ýalylar bilen birlikde dört sany ýük maşynyna mündürip, Kerkä tarap äkidipdirler. Şondan soň ondan hiç hili gördüm-bildim bolmady. Biz urşa äkidendir öýdýärdik we ertir-agşam "Atam uruşdan sag-aman gelsin" diýip dileg edýärdik.

Atamyň ýoklugy, üstesine-de açlyk. Iýmäge halys zat tapylmadyk wagty, meniňem açlykdan ýerimden turup bilmän

[1] Çärjew şäheriniň häzirki ady Türkmenabat

ýatan günlerimde, enem meni eşegiň syrtyna mündürip, Ýazbikäni horjunyň bir gözüne, beýleki gözüne-de oňa taý bolar ýaly bir agyrrak zat salardy, özi eşege münüp, öňüne-de Gurbangül uýamy alardy we Hojaguly daýymlara äkiderdi (atamyň enesi Togta mamamyň dogany bolany üçin, Hojaguly, hakykatda, atamyň daýysydy, ýöne biziň ählimiz oňa "daýy" diýip ýüzlenerdik). Olar "Komintern" kolhozynda, biziň öýümizden 2-3 kilometr uzaklykda ýaşaýardylar. O ýerde baryndan garbanardyk. Gaýtjak wagtymyzda Hojaguly daýym 2-3 kilogram jöwen salnan ýaglygy enemiň eline tutdurardy-da:

—Agabeg, gaýrat ediň, özüňizi oňarjak bolaweriň. Häzir hiç kimde-de artyk-süýşük zat ýok—diýerdi.

Ynha, şeýle agyr döwürde ýekeje sygrymyzam elimizden aldylar (uruş ýyllarynda her hojalyk hökmany suratda ýylda döwlete 40 kilogram et tabşyrmalydy. Maly bolmadyklaryň öý goşlaryny zor bilen alardylar we ony satyp üzlüşerdiler). Günleriň bir güni öýümize iki sany salgytçy geldi. Biri agsakdy (uruş maýybydy). Olar gele-gelmäne eneme salgydy häzir tölemelidigini duýdurdylar. Enem sygry guzlandan soň satyp üzjekdigini aýtdy, emma olar diňlemän, göni sygyr ýataga baryp, onuň ýüpüni çözmäge durdular. Enemiň aglap ýalbaryşyna, soňra bolsa gargaýşyna seretmän, sygry äkitdiler. Şeýdibem şol ýylyň salgydy bilen üzlüşildi.

Başga bir ýyl mal-garamyz bolmany, öýde-de göze ýakar ýaly zadyň ýoklugy üçin, ýene şol hyýrsyz salgytçylar gelip, atamyň eşegini almakçy boldular. Eşek alnanyna degýän ullakan eşekdi.  Enem eşegiň ýüpüne ýapyşdy. Ýöne salgytçy daýaw pyýada ýüpi silkip alyp, aýagyny çözmek üçin eşege tarap ýöneldi. Ömür depmek-dişlemek endigi bolmadyk eşegem şol gezek salgytçynyň bet niýetine düşündi öýdýärin: hyrra yzyna öwrüldi, ony goşa toýnagy bilen depdi. Ikinji gezek depmäge ýetişmänkä, salgytçy gaçyp özüni gutardy we sag eliniň hamynyň sypyrylan ýerini bir zatlar bilen daňyşdyrdy. Soňra hüňürdäp, hapa sözler bilen sögünip, hol aňyrrakda duran agsak ýoldaşynyň ýanyna bardy. Olar bu gezek eşegimizi alyp bilmediler. Men weli gaty begendim, dessine eşegiň öňüne

bir goltuk palaç okladym. Suwa ýakýan wagtym bolmasa-da, öňünde bir bedre suw goýdum.

Şol agyr ýyllarda et salgydyny üzüp bilmedikleriň öýünden olaryň sana geçer ýaly haly-kilimleriniň alnanyny-da, ýeke-täk aýagulaglary bolan eşekleriniň toplanyp, kolhozyň edara howlusyna gabalanyny-da gördüm. Ol günleriň geçdigi bolsun!

Uruş ýyllarynda we onuň yzysüre 40 kilogram et tabşyranyň bilen ähli salgydyň üzüldigi hasaplanmaýardy. Mellek, hojalykdaky mal-gara üçinem salgyt tölemelidi. Kolhozçylaryň şahsy hojalygynda näçe goýun, näçe geçi, näçe sygyr, hatda näçe eşek bolmalydygyna çenli kesgitli bellenilendi. Her ýyl hojalyklaryň maly sanalyp, artykmajyna agyr salgyt salnardy ýa-da kolhozyň (döwletiň) hasabyna alnardy.

1945—1946-njy ýyllarda mellekdäki miweli we miwesiz her düýp agaja-da ýoňsuz salgyt salyndy. Köp adam, şol sanda atam hem miwe berip duran baglary çapdylar.

## URŞA TAÝÝARLYK

Uruş ýyllarynda kolhozda-da, mekdepde-de urşa taýýarlyk görmek babatda käbir işler edilýärdi. Gündiz meýdanda işläp gelen gelin-gyzlar kolhozyň howlusyna üýşürilip, olar bilen harby okuw geçilýärdi. Bu okuwy geçýän hem uruşdan dolanyp gelen Allanazarow diýen daýaw pyýadady. Ol öz adynyň diňe “ýoldaş Allanazarow” diýip tutulmagyny talap ederdi. Onuň ähli okuwy aýallary hatara durzup, öňe-yza ýöretmekden ybaratdy. Orus dilinde komanda bererdi. “Nalewo”, “naprawo’ ýaly buýruklary ol batly ses bilen “Nale-hu!”—“Napra-hu” ýaly aýdardy. Aýallar onuň buýruklaryna, gykylygyna halys öwrenişipdiler, hatarda gidip baryşlaryna gürleşýärdiler, gülüşýärdiler. Ynha, bir gezek Allanazarow hatara düzülen aýallara “Napra-hu!” diýip buýruk berdi. Dili duzly aýallaryň biri hem dessine gaty sesi bilen “Alla-huk!” diýdi. Gülüşdiler. Allanazarow olaryň sesini ýatyryp bilmedi. Şol gündenem bu komandiriň ady “Alla huk” bolup galdy.

Harby tälim diňe gije okuw bilen tamamlanmaýardy.

Meýdanda işleýän kolhozçylar günorta çaýa oturan wagtynda, olaryň ýanyna uruşdan öň goşunda gulluk eden Seýti Juma diýen obadaşymyz egnine uly gara sumka asyp gelerdi-de, çaý içip oturan aýallara we olaryň ýanyndaky çagalara dürli çüýşe gaplardaky jisimleri görkezip, nämedir bir zatlary düşündirýärdi. “Şu çüýşäniň içindäki gazy howa goýberseň, ol ähli jandary öldürýär” diýýäni ýadymda. Biz çüýşedäki gazlary (guşlary) görjek bolup, onuň ýanyna üýşerdik. Ol bizi kowardy. Seýti aganyň himiki hüjüm we ondan goranmagyň ýollary barada okuw geçýänligine soň-soňlar  düşünip galdyk.

Urşa taýýarlyk işleri mekdepde-de geçilýärdi. Ýokary klasda okaýan oglanlara mekdebiň direktory Hajyýew tüpeň atmagy öwredýärdi.

Ynha, bir gezek ähli okuwçylary iki günläp “hakyky urşa” taýýarladylar. Biz 7 kilometr çemesi günbatarda ýerleşýän “Medeniýet” kolhozynyň mekdebiniň okuwçylary bilen uruşmalydyk. Olar bellenilen wagtda öz mekdebinden çykyp, bize tarap ugramalydy, bizem olara tarap. Uruş meýdany “Komintern” kolhozynyň deňinde, gumuň eteginde ýerleşen petdeli, gamyşly jeňňeldi. Biz çybyk, gamyş, kiçiräk taýajyklar, ýüpüň bölekleri bilen ýaraglanyp, mugallymlaryň ýolbaşçylygynda bellenilen ýere tarap ugradyk. Jeňňele ýakynlaşyberenimizde, biz sesimizi çykarman, bükülip ýöredik. Soňra bolsa emedekläp, bagrymyz bilen süýşdük. Ynha, birdenem ol ýerde- bu ýerde “Ura” sesleri eşidildi. Her kim ýerinden turup, öňündäki “duşmana” tarap okduryldy. Garpyşdyk. Gaty urmaly däl diýlip tabşyrylanam bolsa, käbir oglanlar öňünden çykanlary hakyt çyndan urdular. “Medeniýetli” Akmyrat Tagan diýen oglan (ol menden 2-3 ýaş uludy) meni iki çybyk urdy, menem urdum, ýöne ol meni depip ýykdy. Şol wagt klasdaşym Babaguly geldi-de Akmyrady urdy. Urşuň yzy hakyky  urşa ýazmanka, mugallymlarymyz ählimizi aralap, hatara düzdüler. Ol ýeri-bu ýeri sypjyrylanlar-da, kiçi okuwçylaryň aglaýanlary-da ýok  däldi. Ýöne biziň üçin bu “Uruş” gaty hezil boldy. Iki mekdebiň direktorlary “urşa” gatnaşanlara sag bol aýdyp, iki topary hem batyrgaý urşandyklary üçin öwdüler. Şeýle türgenleşikler ýene geçiriler

diýdiler, soň biz bu urşuň özümiz bilen bagly epizodlary barada jedelleşip, mekdebe dolandyk.

Her döwür özüne kybapdaş oýny talap edýär. Uruş ýyllaryndada biz köplenç urşup oýnardyk. Kaganowiç we “Komintern” kolhozlaryndaky ilatyň biri-biri bilen ýakyn garyndaşlygyna, hatda ençemesiniň doganoglanlardygyna seretmezden, biz günde okuw gutarandan soň urşup aýrylyşardyk. Munuň üçin mekdepden ýüz elli metr çemesindäki tutlugyň aşagyna üýşerdik. O ýerde “kominternlileriň” ýoly saga aýrylýardy, biz bolsa göni gitmelidik. Urşy Babaguly başlardy. Ol haýsydyr bir klasdaşynyň aýagynyň arkasyna bildirmän aýagyny goýup, onuň döşünden itererdi. Ol ýykylardy, turubam Babagula ýapyşardy. Her kim biri bilen ýolmalaşardy. Ýeňen tarap ýeňlen tarapy kowalap, tä oba ýetiberýänçä keseklärdi. Köplenç, urşak oglanlarynyň biri okuwdan galan tarap ýeňlerdi.

Günde-günaşa gaýtalanyp duran bu uruşlary hiç birimizem çyn zat hökmünde kabul etmezdik. Şonuň üçinem “kominternli” klasdaşlarymyzdan biri obamyza gelse ýa biz olara barsak, biri-birimizden asla göwün-kine etmezdik, ýogsam kino ýa oýun barlygyny eşidäýsek, ol obadan beýlekä topar-topar bolup giderdik. Kino we beýleki tomaşalar barada gürrüň açanymzy üçin, men bu babatda-da käbir zatlary gürrüň bereýin.

Uruş ýyllarynyň kinolary sessizdi, diňe hereket görnerdi. Çarli Çapliniňkä kybapdaş kinolara hezil edip, gülşüp tomaşa ederdik. Şol döwürde kinoapparatyň nämedir bir zadyny el bilen towlardylar. Kinoçylar ýadap, tomaşaçylary kömege çagyrardylar. Jahyl oglanlar ilki ony örän çalt aýlardylar, şonda wakalar multfilmdäki ýaly tiz geçerdi. Emma çarhy aýlaýan ýigit ýadaberensoň, wakalar barha haýallardy, ahyrynda-da durup galardy. Soňra çarhy başga biri aýlardy.

Kinolar howluda, diwaryň ýüzüne gerlen ak matanyň ýüzünde görkezilerdi.

Şeýle bir waka ýadyma düşýär. Ol waka sesli kino çykandan soň boldy. Edara howlusynyň içinde “Güjüklije aýal” diýen ýaly itler bilen baglanyşykly bir kino görkezilýärdi. Kinonyň sesi tutuş oba ýetýäni üçin, onda üýrüşýän itleriň sesine obamyzyň

10-15 iti çozup geldi. Ilki gelen it adamlaryň arasyndan böküp geçip, diwarda görünýän itiň üstüne zyňdy. Onýança ýene birnäçe it ýetip gelip, biri-biri bilen garpyşmaga başlady. Kinony saklamaly boldy. Dalaşýan itleri zordan aýryp kowduk.

Teatrlar we konsert brigadalary kolhoza diňe tomusda gelerdi, çünki gyşky klub ýokdy. Oýunlar howluda, agaç tikilip, matadan germew edilen sahnada goýlardy. Elektrik yşygy bolmany üçin, sahnanyň öňüne egri demir tikilip, düýrlenen we daşy sim bilen berk saralan top ýaly togalak esgini ondan asardylar. Oýun başlamazynyň öňüsyrasy onuň üstüne kerosin döküp otlardylar. Soňra tä oýun gutarýança, ýörite bir adam uzyn saply gap bilen onuň üstüne wagtal-wagtal kerosin döküp durmalydy.

Ýaşlyk döwrümizde biz uzyn gijeläp uly höwes bilen bagşy hem diňlärdik. Gowy ýeri—biziň obamyzda Durdygylyç diýen biçak talantly bagşy bardy (ol 1947-nji ýylda aradan çykdy). Bu bagşynyň asly şu obadaky çowdurlardan bolany üçin, oňa Gultakda Çowdur bagşy, Gultak obasyndan daşarda bolsa Gultak bagşy diýerdiler. Durdygylyç bagşy “Görogly” eposynyň baş-alty şahasyny, “Saýatly-Hemra”, “Ýusup-Ahmet” ýaly dessanlary hem ýatdan bilýärdi. Geň ýeri, bagşynyň “Görogludan“ aýdýan şahalary eposyň 1940-njy ýylyň neşirindäkisinden düýpgöter üýtgeşikdi, hatda Öwez, Agaýunus, Köse ýaly esasy gahrymanlar bolaýmasa, bulardaky personažlaryň köpüsiniň atlary hem gabat gelmeýärdi.

Saýlaw ýa-da şoňa meňzeş syýasy wakalaryň geçirilýän günleri oba sowetiniň başlygy Gaýyr aga Durdygylyja aýdym aýtdyrardy. Biz ilki agşamdan bu ýere gelip, ykjam ornaşardyk. Bagşy bir-iki sagat tirme (çöpleme) aýdymlardan aýdyp, soňra ýaşulularyň haýyşy boýunça ýola düşerdi ( dessana başlardy). Bir dessan ýa-da “Göroglynyň” bir şahasy ertir daňa çenli dowam ederdi. Säher wagty bagşy “Hoş geldiňiz” diýen meşhur aýdymyny aýdardy. Munda ol ýaşulularyň adyny tutup, olaryň şanyna gülküli setirler aýdyp, oturanlar bilen hoşlaşardy, soňra il dagrardy. Saýlaw döwründe şeýle agşamlar üç-dört gijeläp hem dowam ederdi.

Eposdyr dessanlar ýaly halk döredijiliginiň dürli ýadygärlikleri bilen ymykly tanşanymdan soň, şol ýyllarda Durdygylyçdan eşiden nusgalarymyň häzirkilerden üýtgeşikdigine göz ýetirip, olaryň geljekki nesiller üçin ýazylyp alynmandygyna juda haýpym gelýär. Nätjek-dä, ol ýyllarda biz radiony-da bilmeýärdik, magnitofon barada eşitmändigem. Diňe Allamyrat diýen bir obadaşymyzyňkyda patefon görüpdik.

1946-njy ýyldan başlap, Gaýyr aganyňka Annadurdy diýen bir garabekewülli ýetginjek garyndaşy gelip başlady. Hakdan içen şahyrçylygynyň daşyndan bu ýigit gowy sazandady. Şol oturan ýerindäki gören we eşiden wakalaryny beýan edip, ony gülküli ýumor we degişme bilen bezäp, ýüzüniň ugruna goşga salardy, şol goşgyny hem haýsydyr bir aýdymyň äheňinde dutara goşup, aýdym edip aýdardy. Mysal hökmünde bir wakany gürrüň bereýin. Bir gezek Annadurdy sopy diýen bir ýaşulynyň çakylygynda Annadurdy şahyr öz goşgularyny aýdyp otyrka, oturanlaryň biri öý eýesiniň ogly Çöli bilen baglanyşykly bir wakany gürrüň berdi. Çöli öküzarabada Burdalyk MTS-inden (8 kilometr uzaklykda) nebit daşaýan eken. Bir günem ol arabanyň üstünde uklap, köwüşlerini gaçyrypdyr. Şoňa bir goşgy goşmagy haýyş etdiler. Annadurdy öý eýesiniň rugsadyny alyp, oňa 4-5 küpletden ybarat "şerebeli" goşgy-aýdym goşdy. Ynha, onuň bir küpleti:

***Irkiljiräp barýar, sallap gulagyn,***
***Tykyrdadyp geçip gitdi çelegin,***
***Ýene ýagşy, aldyrmandyr balagyn,***
***Köwşüni gaçyran ynsany gördüm.***

Gürrüňi edilýän bu şahyr bilen okyjylary ymyklyrak tanyşdyrmagy zerur hasaplaýaryn.

Seýrek talantly Annadurdy Eýeberenow Kerkiniň 4-nji orta mekdebini gutaryp, Aşgabatdaky mugallymçylyk mekdebiniň fizmat fakultetine okuwa girýär. Ol fizika we matematika boýunça berlen soraglara goşgy bilen jogap berýär. Mugallym onuň talantyna geň galyp:

— Sen edebiýatçy bolmaly ekeniň. Henizem bir pille. Dil-edebiýat fakultetine geç—diýip maslahat berýär. Annadurdy goşgy bilen şeýle jogap berýär:

***— Konus janymdyr, sinus—ýüregim,***
***Tangens, kotangens—bary geregim,***
***Sekans, kosekansdan iýjek çöregim,***
***Ondan başga maňa zadyň gerek däl,***
***Hasap barka, edebiýatyň gerek däl.***

Annadurdy maşgala ýagdaýy zerarly instituty gutarman, Hojambaz etrabynyň Surhy obasynda mugallym bolup işledi, soňra Mekan obasyna geçip, 27 ýyllap pagtabazyň başlygy boldy. Şol döwürde Türkmenistanyň görnükli ýazyjylary, alymlary, artistleri, döwlet işgärleri Annadurdyňka gelip giderdiler. Ynha, bir gezegem onuňky ýazyjylar W. Rybin, B. Hudaýnazarow dagy geldi. Uzak wagtlap Annadurdyny diňläp, Berdinazar ondan näme sebäpden goşgy ýazmaýanlygyny we neşir etdirmeýänligini soranda, Annadurdy oňa dessine goşgy bilen jogap berdi:

***Maňa goşgy ýaz diýýäň, çaý içmäge wagtym ýok,***
***Hahy öňki bagşylyk, ýitip gitdi aýdym-saz,***
***Talantla duş etmesin, ýeser eken pagtabaz.***

Lebapda, Maryda, hatda Aşgabatda hem tamada hökmünde meşhurlyk gazanan Annadurdy şahyr häzir Aşgabatda ýaşaýar we akademiýanyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynda uly ylmy işgär bolup işleýär. Ol häzir Magtymgulynyň syrly setirlerine goşgy bilen jogap berip, ony “Magtymguly, syrym çohdur” diýen at bilen neşir etdirdi (ýeri gelende aýtsak, Magtymgulynyň “Üçi öwlatdan” diýen syrly goşgusyna ýazan jogabyna Mäti Kösäýew hem ýokary baha beripdi. 1961-nji ýylda “Ýaş kommunist” gazetiniň redaktory bilen gürleşip, ony çap hem etdiripdi).

Ynha, meniň oba mekdebinde okan ýyllarymda obamyza

ýaňy şahyrçylyk ýoluna baş goşan şu şahyryň gelmegi meni we deň-duşlarymy çäksiz begendirerdi.

Ýokarda ýazanlarymdan başga, ýylda bir ýa iki gezek dagystanly darbazçylaram ile tomaşa bererdi. Uly baýramçylyk hökmünde kabul edilýän şu şagalaňlardan başga, obada iliň göwnüni galkyndyrjak tomaşalar ýokdy.

Şonuň üçinem, uruş ýyllarynda, hatda ondan esli wagt soňam (tä kolhozymyz Woroşilow adyndaky we "Pagtaçy" kolhozlary bilen goşulyp, onuň edarasy häzirki Isamly obasyna göçürilýänçä) günde edaranyň öňündäki meýdança üýşüp, "Çürrümkesdi" oýnardyk. Bu oýna sakgally-sarmykly Ally baba, Sary aga, Aky aga ýaly ýaşulular hem gatnaşardy. Oýnuň düzgüni şeýle: öňürti her komanda üçin bir han saýlanardy, soňra oýunçylar iki-ikiden "azaşyp" gelmelidi (ýagny hanlardan biraz daşlaşyp, her oglan özüne lakam ýaly bir zat saýlamalydy). Galakda (oýnuň merkezi hasaplanýan bellikde) oturan hanlaryň ýanyna iki ýigit biri-biriniň boýnuna gol salşyp gelerdi. Olaryň biri hanlara ýüzlenerdi:

— Salam, salam begler!

— Alyp urduk, gullar.

— Aý gerekmi, ýyldyz? (ot gerekmi, ýalyn? polat gerekmi, demir? we ş.m.). Oturan hanlaryň hersi bir ady saýlardy. Şeýle bijeler arkaly komandalar bölüşilerdi. Eger bir adam taýsyz bolsa, ol gök owlak bolardy, ýagny bir gezek bu, indiki gezegem ol komandada oýnardy. Bije atyşmak arkaly komandalar kowýanlar we gaçýanlar diýen iki topara bölünip, kowýanlar galagyň töwereginde, gaçýanlar hem olaryň daşynda ýerleşerdi. Kowýanlar gaçýanlaryň dyzdan aşagyna depse (ýa aýagyny degirse), depilen oýundan çykmalydy, gaçýanlar galak bilen kowýanyň arasyndan depdirmän kesip geçäýse-de, merkez bilen arasy kesilen oýunçy (ýa-da oýunçylar) kesilen ýa-da oýundan çykarylan hasaplanylýardy. Oýun iň soňky oýunçy ýatýança oýnalýardy.

Kä günler howlynyň öňündäki harmanyň bir çetine üýşürilen samanyň üstünde göreş tutardyk. Babagulynyň şäherde öwrenip gelen "Dükdük" (gizlempeçegiň bir görnüşi), "Kim urdy?" ýaly

oýunlaryny oýnaýan gezeklerimizem bolardy.

Öwran-öwran Babagulynyň adyny tutýanlygym üçin, şu ýerde ol barada käbir zatlary gürrüň bereýin.

## BABAGULY

Babagulynyň atasyna Gaýyr Haknazar diýýärdiler. Ol uzyn boýly, deşli, agras adamdy, köne sowatlydy, türkmenleriň gadymy taryhyny gowy bilýärdi. Köp wagtlap oba sowetiniň başlygy—iliň ýaşulusy boldy.

30-njy ýyllaryň başlarynda Gaýyr aga türkmen atly polkunda gulluk edip, Garagumda basmaçylara garşy göreşen we şol döwürde ofiserlik derejesine ýeten adamdy.

Obada Gaýyr aga dagynyň toparyna batyrlar diýýärdiler. Aýdyşlaryna görä, bu tireden gözsüz batyr adamlar çykypdyr. Ynha, Gaýyr aganyň atasy Haknazar aganyň jeňňelde eken gawunyny parçalaýan ýekegapanlary diri tutuşy barada il arasynda şeýle gürrüň saklanyp galypdyr. Haknazar 3-4 sany doňzuň gawuna geçenligini görüp, olaryň arykdan yzyna ýüzüp geçjek ýerinde, bir hyşanyň yk tarapynda gizlenip oturýar. Doňuzlar arygyň ortasyna ýüzüp ýetiberenlerinde, eli pyçakly öňdäki doňzuň üstüne bökýär. Aýagy ýere ýetmeýän doňuzda näme güýç bar, onuň üstüňe topulmak howpy ýok. Ol doňzy suwa gark edip, ysgynyny alýar, usurgadyp, çalajan doňzuň art aýaklarynyň siňirlerini kesýär, gyra çykaryp hem ony agaja daňyp goýýar. Diriligine agaja daňylgy şol doňzy gören adamlardan bu wakany ençeme gezek eşidipdim.

Gaýyr aga uruş döwründe dokuz ýyllap Türkmenistan Ýokary Sowetiniň deputaty hem boldy. 1940-njy ýylda ony Kerki okrug (oblast) ispolnitel komitetiniň başlygy wezipesine bellediler. Gaýyr aga 1941-nji ýylda urşa gidýänçä, Babaguly dagy iki ýyl çemesi Kerki şäherinde ýaşadylar, Babaguly şäherli deň-duşlaryndan orus dilini we bezzatlygy gowy öwrenip, atasy urşa gidenden soň oba dolanyp geldi.

Öýümiz ýakyn we deň-duş bolanym üçin, men köplenç Babaguly bilen tirkeşerdim, bile mal bakardym. Mallarymyzy

obanyň ilersindäki Padagüzer diýen köprüden geçirip, çepe tarap sowardyk-da, özümiz şu ýerdäki düz meýdanda aşyk oýnardyk, güzere suwa düşerdik. Ýoluň sag tarapy kolhozyň pagta meýdanlarydy. Oýna kellämizi gyzdyryp, sygyrlarymyzyň pagta girenini duýman galan wagtlarymyzam bolardy. Muny brigadir Döwran Hojam göräýse, dessine sygyrlarymyzy öňüne salyp, edaranyň howlusyna gabardy. Howly iki bölekdi, onuň birinji böleginiň sag ganatynda ikinji howla geçilýän derwezesiz, mal çykyp bilmez ýaly lakaşa (agaç germew) goýlan gädik bardy. Edil şol gädigiň sag tarapynda-da gaty hyýrsyz, agzy hapa Jepbar aga diýen ýaşuly garawulyň ýatyp-turýan we ussaçylyk edýän jaýy bardy. Döwran aga sygyrlary howlynyň törki bölegine geçirip, başlykdan rugsat bolmasa, olary eýelerine bermezligi Jepbar aga tabşyrardy. Garyndaşlygyna seretmezden, näçe ýalbarsagam, Jepbar aga sygyrlarymyzy bermezdi, gaýtam ýaglyja sögünçden ýükümizi ýetirerdi. Öýümiz edaranyň gapdalynda bolany üçin, bir gezek sygyrlarymyzyň gabalanyny atam görüp, ony Jepbar agadan alyp berdi, maňa weli käýedi. Başga bir gezek gabalan sygyrlar üçin başlyk olaryň eýeleriniň bäş zähmet gününi kesdi (zähmet güni kesmek diýmek şol günlere düşýän zähmet hakyny bermezlik diýmekdi). Munuň üçin Babagula-da, maňa-da käýediler. Sygyrlar üçünji gezek howla gabalanda, biz atamyzyň berjek temmisinden heder edip, ilki brigadir Döwran aga ýalbardyk, soňra Jepbar aga. Bolmady. Jepbar aga ussady, ussahanasyna zol-zol girip çykýardy, her çykanda-da gapynyň agzyndan aýrylman duran üç oglana (olaryň biri Pirguly Illidi) hapa-hap sögýärdi. Jepbar aga bu gezegem jaýyna girdi. Jaýyň gapysy ýapaşak gurlanlygy üçin, her gezek Jepbar aga giren badyna özi ýapylýardy. Bu gezegem ýapyldy. Babaguly çalasynlyk bilen baryp, gapynyň zülpesini halkasyndan ildirdi-de, oňa çöp ötürdi. Gulagy agyr Jepbar aga ony aňşyrmady. Pirguly bilen ikimiz lakaşany açyp, howlynyň törki böleginden sygyrlarymyzy kowup çykardyk. Biz entek gädikden çykmankak, Jepbar aga gapyny açjak bolupdyr. Onuň daşyndan ildirilendigini bilenden soň bolsa bolmajasyny bolup, ala-zenzele bilen ony depmäge başlady. Ilkinji depgilerde onuň

söýeleri sarsyp, diwar bilen aralygyna çalnan saman suwagyň bölekleri honda zyňlyp başlady. Soňky güýçli depgide gapy söýeleri bilen birlikde daşary tarap yňyp gaýtdy-da, tozan turzup, ala-şakyrdy bilen ýere ýazyldy.

Jepbar aganyň by gezekki sögüşi çeniň-çakyň bolmady. Ol gapdaldaky palçyk basgançaklar bilen tamyň üstüne çykyp, bezzatlygyň hem Babaguludan ýetenligini bilip, ýüzüni Babaguly dagynyň öýüne tarap öwürdi-de, uzyn hem boguk sesiniň ýetdiginden uly ile jar edip gygyrmaga başlady:

— Ho-o, Gaýyryň ýetimegi, how! Tama gabap gulplaryň ýaly, sen meni eneň bilen tutduňmy, how! Hä, seniň...

Hapa sözlere ýugrulan uzyn-uzyn sögünçler biz sygyrlarymyzy Padagüzerden aňry alyp geçenimizde-de eşidildi durdy.

Padagüzer köprüsi bu jelegaýlarda jeňňele tarap gidýän esasy ýoluň ugrundaky uly köprüdi. Köplenç şu ýerde oýnaýanlygymyz we suwa düşýänligimiz üçin, köp wagtymyz şu ýerde geçýärdi. Şonuň üçinem bu köprüden ötüp-geçýänlere beletdik. Hepdede bir ýa iki gezek bir ýarym tonnalyk ýük maşyny hem geçerdi (ol döwürde Burdalykda maşyn gaty azdy, ýeňil maşyn asla ýokdy. Ýolbaşçylar atly gezerdiler. Bir ýarym tonnalyk maşynda bolsa uly ýolbaşçylar jeňňele awa giderdiler).

Garaňky düşüberende, maşyn yzyna geçerdi, onuň ýük gapyrjagynda (kuzowynda) awlanan sülgünleriň ep-eslisi bolardy. Bu ýagdaý hepdede bir, käwagtlar günde-günaşa gaýtalanar durardy. Bir gezek Babaguly sülgünden mas ýüküni tutan maşyny raýyşyň üstünden synlap durşuna şeýle diýdi:

— Bular maşyn-maşyn çekiberseler-ä, jeňňeliň towugyny tiz gutararlar. Geliň maşyny kesekläp, aýnasyny döweliň— diýdi. Emma duranlaryp biri:

— Kabinada oturanlaryň ikisi-de tüpeňli. Aýnasyny döwseň ataýmazmy?—diýip, Babagulynyň sözüne garşy çykdy. Babaguly bolsa:

— O, tapdym—diýdi. Dogrudanam tapypdyr.

Babaguly, Pirguly we men—üçimiz maşynyň bu saparky awa giden güni öýlänlik Padagüzer köprüsiniň edil üstünde,

maşynyň tigri geçäýjek ýerinde iki sany deşik etdik. (köpri arygyň üstüne 3-4 sany tut agajy atylyp, onuň üstüne çöp-çalam basylyp, palçyk bilen suwalyp edilendi). Bu köprüden bäş ýüz metr çemesi uzaklykda, Babaguly dagynyň öýüniň deňinde bolsa oba ýabynyň kiçiräk köprüsi bardy (ony Gaýyr aga edipdi). Biz bu köprini hem açyşdyryp, maşyn säginip geçer ýaly etdik. Özümiz bolsa Padagüzeriň ýanyndaky könede (köne ýabyň içinde) maşyna garaşdyk. Uzakdan onuň garasy görenen dessine, Babaguly köprüden aňry geçip, hyşalykda bukuldy, maşyn köprä gelip, asudalyk bilen geçen wagty ol yzdan kuzowa mündi (o wagtyň maşynlarynda yzy görkezýän aýnalar ýokdy). Tä öýüniň deňine barýança, Babaguly ýoluň çepindäki ýaba kuzowdaky sülgünlerden taşlap başlady, maşyn öýüniň deňindäki köprüde säginende bolsa ondan düşüp galdy. Taşlanan towuklary özi-de ýygnaşdy. Haltamyz dolaňkyrlady. Biz ony howlukmaç ýoldan sowarak ýere—Nargeldiniň atyzynyň gündogar burçundaky howzuň gyrasyna getirdik. Çaýryň üstüne dökdük. Sap horaz, ýekeje-de mäkisi ýok. Babaguly olary saýlap taşlapdyr. Towuklaryň sany 27. Adama 9-dan. Ýöne biz 9 towugy öýe eltip biljek däldik. Dogrusyny aýtmaga gorkýardyk, 9 towugy gapan bilen tutduk diýsegem, oňa hiç kim ynanjak däldi.

Babaguly öýünden bir gapan getirdi. Biz adam başyna üç towuk alyp, olaryň hem aýaklaryny ýa bir aýagyny gapana gapjadyp, silkeläp döwdük. “Gapan bilen tutduk” diýibem öýe eltdik. Ynandylar.

Galan 18 towugyň ýene 5—6-syny duş gelen deňduşlarymyza paýladyk, ýöne hiç kime aýtmazlygy tabşyrdyk. Galanyny bolsa halta salyp, ýakyndaky üzümli tutuň üstüne çykaryp gizledik. Ýöne ol towuklar bize nesip etmedi. Şol gün gije obanyň pişikleri ýa-da başga bir haýwan tutuň üstüne çykyp, haltany tüýdüm-tüýdüm edipdir, horazlary bolsa perini çaşyryp iýip gidipdir.

Maşyndan towuk alşymyz ýene 2-3 gezek gaýtalandy. Ýöne çalt süregimize ýetdirdik. Eger Babaguly sülgünleriň diňe horazyny almadyk bolanda biziň ogurlygymyz bilinmese-de bilinmezdi, çünki maşynyň kuzowyndaky sülgünleriň sany esli

bardy.

Ogurlygymyzy bilýän adamlaram ýok däldi. Kuzowdakynyň kimdigini görmese-de, raýkomyň maşynyndan ýabyň içine helpildäp düşýän horazlary we olary Pirguly ikimiziň ýygnap ýörşümizi Berdi atbakar gördi. “Awumyzdan” dadyran deň-duşlarymyz hem muny bilýärdiler. Garaz, kimden ýetse-de, bu waka barada ilat eşitdi. Kolhoz başlygy bilen oba sowetiniň başlygy Gaýyr aga ikisine obasynda ogurlyk edilýändigi üçin raýonyň ýolbaşçylary käýäpdir diýibem eşitdik. Horazlar barada ýalan sözlänimi atamam bildi. Bir gün agşam naharda bişirilen towugy iýip otyrka, atamyň agzyndan seçme çykypdyr. Ol seçmäni eline aldy-da, çyranyň ýakynyna eltip, esli synlady we:

— Sen bu towuklary gapan bilen tutdum diýýärsiň welin, onuň içinden seçme çykýar-la. Onda-da simden gyrkylyp edilen seçme däl-de, hakyky gurşun seçme. Hany, göniňden gel, towuklary nireden aldyň?—diýdi. Men:

— Aý, şu wagt ok degmedik towuk barmy?—diýip, degişme bilen sypjak boldum. Bolmady. Atamyň sülgünleri nireden alnanlygyny biljegi çynydy. Men onuň gaty gaharyny getirmezlik üçin:

— Olary maňa Babaguly berdi—diýdim. Ähtimal atam towuk ogurlygy baradaky gürrüňi eşiden bolmaga çemeli. Ol indiden beýläk öýe ogurlyk towuk getirmezligi berk tabşyrdy. Getireýin diýäýende-de, biz indi onça sülgüni tapyp biljek däldik, obada uly gowur döreden şol wakalardan soň, biziň ol öwrenişenje maşynymyz Padagüzerden jeňňele awa gitmesini kesdi.

Babaguly bilen indi gapanda sülgün awlamaga başladyk. Diňe bir jeňňelde däl, eýsem, obanyň ýakynlaryndaky atyz-çilleriň gyralarynda-da sülgün köpdi. Olar şüdügärleriň içinde süri-süri bolup gezerdiler. Sülgünler oba içine—mellekdäki jöwenlere-de gelerdiler.

Şol döwürde aýallar eşeksebet bilen pagta meýdanlaryna ders dökerdiler. Eşeksebetler tutuň çybygyndan örülerdi. Ol edil horjun ýaly iki gözlüdi, gözleri uludy, oňa esli ders sygardy. Sebetleriň aşagy örme gapaklydy. Enelerimiz ders

ýükläp berip, bizi eşege mündürerdiler-de, ony atyza dökmäge ibererdiler. Biz barmaly ýerimize baryp, sebetiň aşagyndaky gapaklaryň halkalaryny şol bir wagtda ýazdyryp goýbererdik. Iki gözüň gapagy deň goýberilmese, dersi dökülen tarap ýeňläp, sebediň agaýmagy mümkindi. Käwagtlar gapagy ýazdyrylsa-da, haýsydyr bir göze atylan ders berçigip, aşak dökülmezdi. Beýle ýagdaýda sebet eşegiň üstünden agaýsa-ha, enelerimiz gelip, ony eşegiň üstüne atyp bererdiler, agmasa bolsa dökerdik we gapaklaryň halkalaryny ildirerdik. Biz enelerimiziň ders ýükleýän ýerine ýetmänkäk, düşürip gaýdan derslerimiziň töwereklerine hol ýakynlarda sürlenişip ýören sülgünler üýşerdi.

Babaguly ikimiz şol ders dökülen ýerlere gapan gurup, birnäçe sülgün awladyk. Gurlan gapanlaryň ýakynyna sülgünler barmasa, biz olary ýuwaşlyk bilen sürüp elterdik (ýakynyna gaty ýöräp barsaň, towuklar uçmak bilen bolýar, ýöne hol garagörnüm ýerden ýuwaşlyk bilen ýakynlaşyberseň towuklaryň sürüsi kem-kemden daşlaşmak bilen bolýar).

Sülgüni duzak bilen tutýanlaram bardy. Oňa atam ökdedi. Ýöne biz atamyň bu usul bilen sülgün tutuşyny görmesegem, suw tutanda çarlak (biziň obamyzda oňa çyllyk diýilýär) awlaýşyny weli köp synladyk. Atyzlara tagt suwy tutulanda, biz Babaguly bilen atamyň ýanynda mal bakardyk. Atam suwly atyzda palçyga gowy çümdürilen iki sany berk çöpe syrtmak edilen ýüp halkany berkiderdi, halkanyň ýarysy bolsa suwdan ýokarda çöplere germelgidi. Biziň tutup gelen diri byzawymyzyň bilinden daňyp, ony duzagyň aşagynda ýüzýp ýörer ýaly ederdi. Biz gyra çykyp, 20-30 metrlikde çarlagyň duzaga düşerine sabyrsyzlyk bilen garaşardyk. Çarlak suwuň ýüzündäki byzawy ýokardan görüp, üstünde biraz pel-pelläp, birdenkä ok ýaly bolup, oňa topulýar, byzawy alyp ýokary galjak wagty syrtmak onuň boýnundan ilýär. Biz ylgaşyp, baryp, suwuň ýüzinde şapyrdap, gygyldap ýatan çarlagy tutup, gyrada daňyp goýardyk. Atam herimize birini tutup bererdi. Agşama çenli oýnap, gaýtjak wagtymyz biz çarlaklary uçuryp goýberedik.

Wakalardan öňe geçibem bolsa, men Babagulynyň durmuşy bilen baglanyşykly ýene käbir zatlary gürrüň bereýin.

Ýediýyllyk mekdepde Babaguly gowy okamady. Nirede bezzatlyk bolsa, ol şol ýerde tapyldy. Klasda-da ol dek oturmagy başarmazdy. Käwagtlar jübüsine gurbaga ýa-da ýylan salyp geläýmesi-de bardy (ol çakmaýan ýylany tanaýardy). Şonuň üçin gaharjaň mugallymlar, ylaýta-da mekdebiň direktory we dil mugallymy Akmyrat Jomart Babagulyny urardylar. Babagulynyň edýän hereketlerine hezil edip gülýän mugallymlaram ýok däldi.

Klasymyzda Nar Hatam diýen bir gyz bardy. Ol gaty gaharjaňdy. Oýun etjek ýa degişjek bolan oglanlar ondan almytyny alardylar. Bir gün Nar Babaguly bilen tersleşdi-de, ony urdy. Olam Naryň syýa çüýşesini alyp gaçdy-da, aňyrrak baryp, gözümiziň öňünde Naryň syýasyny içdi. Ol döwürde her kim tapan çüýşesine syýa salyp, özi bilen mekdebe äkidip getirerdi (şonuň üçin eşigine we kitap bukjasyna syýa dökmedik okuwçy az bolardy). Syýa etmek üçin himiki reňkleriň we galamlaryň ýok bolany üçin, enemiz tutgöbegi (uly tutlaryň gapdallaryna çykýan goňur reňkli ýumşak massany, kömelegi) owradyşdyryp, ony gazanyň garasy bilen garjap gaýnadardy. Käbir aýallar oňa çöpboýa hem goşardylar (ýeri gelende aýtsam, şeýle usul bilen edilen syýa uzak ýyllaryň dowamynda solmaýan eken. Ýakynda uruş ýyllarynda  şol syýada ýazan bir hatym elime düşdi. Onuň syýasynyň garymtyl-goňur reňki täze ýazylan ýaly bolup dur. Emma ilkinji şarikli ruçkalarda bloknota eden belliklerim weli öz-özünden öçüp gidipdir. Bu ruçkada ýazylan hatyň ömri 20 ýyldan ötmeýän eken).

Enemiň tutgöbekden edip berýän syýasynyň tagamy hem süýjüdi. Şonuň üçin götermäge ýaltanan wagtymyz syýamyzy içerdik.

Babaguly hem Naryň syýasyny içdi. Öňdäki sapak direktoryň sapagydy. Jomardow sapaga girdi. Mugallym heniz klas žurnalyny okamaga girişmänkä, Nar ýerinden turup, Babagulyny oňa ýamanlady:

— Ýoldaş mugallym, Babaguly meniň syýamy içdi—diýdi.

Mugallym Nara tarap bir seretdi-de, ýene žurnala gümra bolup:

— Otyr ýeriňde. Syýany içse, ol öläýmezmi? Näme oňa jan gerek dälmi? –diýdi. Nar bolsa taňkyrap galan boş çüýşesini

eline aldy-da, öňe uzatdy:

— Ynha, mugallym, ol ölse-de içdi, çüýşämi boşadyp goýdy—diýdi. Mugallym bu ýerde bir zadyň bardygyny duýan ýaly, ýerinden turdy, üçünji partada oturan Babagulyny synlady. Soňra:

— Hany, Babaguly, tur ýeriňden. Sen Naryň syýasyny içäýdiňmi?—diýdi.

— Ýok.

— Onda näme etdiň?

— Hiç zat etmedim.

Babagulynyň ýüzüne seredip duran mugallym gülüp başlady:

— Hany, agzyňy aç!

Mugallymyň gülüp durşundan onuň özüne agyr zat diýmejegini duýan Babaguly agzyny, dişlerini görkezdi. Ony gören güldi. Dişleriniň düýbi, diliniň üsti gap-garady. Mugallymam esli salym gülüp durdy-da, daşary çykdy. Bizem gülüşdik.

7-nji klasy gutaransoň  Babaguly atbakar hem boldy. Soň ol Çärjewdäki meduçilişäni gutaryp, bir ýyl Burdalyk keselhanasynda işledi we Aşgabadyň medinstitutyna okuwa girip, ony gyzyl diplom bilen gutardy. Umuman, Babaguly talantyny tapdy, eýýäm Burdalykda keselhanada işlän döwründe batyr hem ökde doktor hökmünde özüni tanatdy.

Bir zat ýadyma düşýär. Men obada mugallym bolup işleýän döwrümde, Babaguly medinstitutyň soňky kurslarynda okaýardy. Ol oba kanikula gelende, uzakdan-ýakyndan gelen dertli adamlaryň uzyn hatary ertir daň bilen Babagula özüni görkezmek üçin nobata durardy. Nepi degmese, adamlar oňa beýle ynam bildirmezdiler.

Babaguly 1961-nji ýylda medinstituty gutardy. Ony medisina ugrundan ofiser edip, harby gulluga aldylar, 2-3 ýyl Bekrewede, ençe ýyl Tejende gulluk etdi. Soňra 7-8 ýyllap Germaniýada sowet goşunlarynyň hatarynda hyzmatda boldy, 1968-nji ýyldaky Çehoslowakiýa wakalaryna-da boýdan-başa gatnaşdy.

GDR-den gelenden soň harby-medisina gullugynyň podpolkownigi, ençeme orden-medallaryň eýesi Babaguly Gaýyrow medinstitutyň harby kafedrasynyň mugallymy bolup işledi, daşyndan ol wraçlyk işini hem dowam etdirdi.

Häzirki wagtda Babaguly hormatly dynç alyşda, ýöne şahsy klinikasynda öz ugruna degişli syrkawlary bejerýär.

Ýene meniň başlangyç klaslarda okaýan döwrüme dolanyp geleliň.

Uruş wagty bolany üçin, bu klaslarda bizi okadýan mugallymlar tiz-tizden çalyşdy durdy. Ol ýyllarda biziň klasymyza girip-çykýan mugallymlaryň sany örän kän, olaryň köpüsi ýadymda-da ýok. Ýöne bu mugallymlaryň işine jany-teni bilen ýapyşanlygy üçinmi ýa-da biziň okuwa höwesekligimizdenmi—onçasyny bilmedim, biziň başlangyç klaslarda gowy bilim alanlygymyzy çekinmän aýdyp bilerin. Ýogsam, uruş ýyllarynda klasda hat ýazmaga-da ak kagyz tapylmazdy. Tagtada ýazmaga hek ýok bolsa, haşar wagtynda arygyň raýşyna çykarylan toýun palçykdan gatap galan bölekleri ulanardyk. Oňa sakgyz kesek diýlerdi. Mekdepde ýazuw depderi hökmünde hem köne kitaplary peýdalanardyk. Klas we öý işleri hem diktantlary tutgöbekden edilen goňur syýa bilen kitaba gapdallaýyn, ýagny onuň setirleriniň tersine ýazardyk.

Kagyz ýetmezçiligi bilen dahylly bir zady gürrüň bereýin. Men 4-nji klasy gutaranymda, şol wagtky okuw müdiri Raziýa Hüseýinowa diýen tatar aýaly mekdebiň 7-8 sany gowy okaýan okuwçysyny paý-pyýada Burdalygyň merkezine (10 kilometr) raýon slýotyna äkitdi. Slýotda dabaraly ýygnakdan soň gowy okaýan okuwçylara sylaglar gowşuryldy. Öňdäkiler hatarynda maňa taryp haty berildi. Taryp hat alanlary zalyň öňünde hatara düzdüler. Jemi 7-8 okuwçy. Şol wagtky raýon halk magaryf bölüminiň müdiri Weli Nyýazdanow keýtikläp gelip (ol uruş maýybydy), bize taryp haty gowşurdy we käbirimiziň başymyzy sypap: “Serediň. Ynha, Burdalygyň iň ökde pionerleri” diýip öwdi. Bizden soňkulara iki depderden sowgat etdiler. Ýalpyldap duran ak kagyzly depder berilmän, diňe ýekeje tagta kagyz (taryp haty) berlenine kemsinip agladym. Aglanlar başga-da tapyldy.

Bu ýagdaý bilnenden soň, bize goşmaça üç depderden berdiler.

Kagyz gytçylygyny hut gerdenim bilen çekenim üçin, häzirki döwürde bile işleýän ýoldaşlarym, aspirantlarym arassa kagyzy harlasalar, çagalar depderiň ýarysyny ýazyp, beýleki ýarysyny peýdalanman taşlasalar, men bu ýagdaýa biperwaý seredip bilmeýärin, hiç bolmasa, olara ýokarky zatlary gürrüň berýärin.

Şol agyr ýyllarda geýen egin-eşiklerimiz barada-da käbir zatlary gürrüň bereýin.

Ak kagyzyň ýoklugy ýaly, mata-da ýokdy. Her öýde dokma ýüwürdilip, biýz dokalardy. Munuň üçin köne (linter) pagtadan ikde ýüplük egrip, ony boýap, ýumak ederdiler. Köne pagtadan ýüplügi inçe egrip bolmaýar, munuň üçin meýdandan ýygyp getiren pagtamyzy çigitläp, eneler ony köne pagta bilen goşup saýardylar. Ýöne täze pagtany (kolhozyň pagtasyny) peýdalanmak howpludy, ol jenaýat hasaplanýardy, kolhozda şeýle pagtadan ýorgan edinen bendelerden iki sanysynyň türmä basylandygyny hem bilýärin.

Ynha, dokmanyň erşi-argajy taýýar. Sähetli gün ony enemiň ýolbaşçylygynda ýüwürderdik. Men 10-11 ýaşly döwrümde öz geýjek biýzimiziň ýüplügini-de özüm egrerdim, biýzini-de özüm dokardym. Enem diňe boýap, biçip hem tikip bererdi. Içki eşigimiz ýokdy. Horda biýziň endamyň näzik ýerlerine nähili täsir edýänligini özüňiz göz öňüne getiriň. Köp ylgaşan we işlän günlerimiz goltugymyzyň aşagyny, umuman bedeniň näzik ýerlerini biýz kertip, gan-gabarçak ederdi. Täze biýz köýnek-balak bilen bedenimiz öwrenişýänçä, uzaga gidip bilmezdik.

Gyşy-ýazy aýakgap geýmezdik. Aýakgabymyz asla ýokdy. Şatlama aýazly günlerde, doňakçylykda ýakyn aralyga aýagymyza galyň şal dolap giderdik. Şeýle günlerde mekdebe gitmek üçin eýlenmedik derini çalaja ölläp, ýüňli ýa çöpürli ýüzüni içine edip, çaryk şekilli aýakgap tikip bererdiler. Çep paýy sagyna meňzemäýänem bolsa, ol polsuz klasda aýagymyzy partanyň aýak goýulýan tagtasynyň üstünde goýup oturan wagtymyz hezil bererdi, ýöne Gün çykyp, sähel gurakçylygyň boldugy ol gatap, aýaklarymyzyň ýokarsyny we injiklerimizi

kertip, gara gana ýuwardy. Beýle bolanda ony çykaryp çatardykda, egnimize atardyk.

Garsyz, doňaksyz howalarda mekdebe aýakgapsyz gelerdik. Partada oturyp, üşän aýaklarymyzy gezekli-gezegine donumyzyň goltugyna salyp ýyladardyk (şol wagtlar aýagymyz goltugymyza ýetýärdi).

Ýylyň az bolanda 11 aýy aýakýalaň gezýänligimiz üçin, aýagymyzyň aşagynyň tebigy podoşy gaty galňardy, hatda ýylgynyň syhy, buýanyň çöňürdi, gyzganyň temeni ýaly zatlar bolaýmasa, oňa ýandagyň tikeni ýaly ownuk-uşak zatlar asla kärem etmezdi.

Şunuň bilen baglanyşykly  şeýle bir zady gürrüň bersem, birnäçe okyjynyň ynanmazlygy-da mümkin. Ýöne ynanaýyň: bu wakanyň onlarça şaýatlary biziň obamyzda häzirem ýaşap ýörler.

Men 3-nji ýa-da 4-nji klasda okaýan döwrümde mekdebimiziň ýokary klas okuwçylarynyň arasynda aýagynyň aşagyna hat ýazmak ýoň (moda) boldy. Ilki podoşy birnäçe millimetre ýetýän dabanyň, penjäniň ýa ökjäniň aşagyna ýüplük geçirmek bilen öz adynyň we atasynyň adynyň baş harplaryny ýazdylar. Gumaksy ýerlerde şol harp ýazylan dabanlardan galýan yzlar öz eýeleriniň kimlerdigini köplenç habar berip bilýärdi. Soňra dabanynyň aşagy has galyň oglanlar ýiti tyg bilen kesmek arkaly oňa harp ýazdylar. Meselem, men ökjäme şu usul bilen S. A. harplaryny ters ýazdym. Ol basan yzymda Soltanşa Atanyýaz diýen möhürimi aňlatmalydy. Hudaýberdi diýen ýoldaşymyzyň aýagyna H.A., Babagulynyňkyda B.G. diýen möhürler bardy.

Ýokary klasdan bolan Mähemmet Artyk diýen oglan hem aýagynyň aşagyna öz inisiallaryny ýazyp, möhür edinipdir (umuman, 4-nji klasdan ýokarda okaýan oglanlaryň möhürsizi ýok diýen ýalydy). Basan yzynda onuň möhüri hapa sözi aňladýanlygy üçin, ol yz baradaky habar mugallymlara ýetdi. Bir gün olar ähli oglanlary mekdebiň öňüne çykardylar, aýaklarymyzy öňe uzatdyryp oturtdylar. Erkek mugallymlaryň hersi bir hatardaky oglanlaryň aýagynyň aşagyndaky hatlary barlap çykdy, ýöne gözlenýan hatly aýak tapylmady. Biz ol

aýagyň kimdigini bilýärdik, ýöne mugallymlara aýtmadyk. Mugallymlaram ony bildiler. Ertesi Mähemmedi mekdebe getirip, mugallymlaryň otagynda onuň aýagynyň harply podoşyny esli galyňlykda kädiniň paçagy ýaly edip, kesip aýrypdyrlar. Bu operasiýa oba sowetiniň başlygy Gaýyr aga we kolhozyň başlygy Musa Janguly hem çagyrylydpdyr.

Şol günüň ertesi mekdepde oglanlat bilen ýygnak geçirildi. Onda möhürli dabanlaryň haty bir hepdede ýok edilmese, Mähemmet Artygyňky ýaly kesilip aýryljakdygyny aýtdylar. Şeýdip, dabana hat ýazmaklyk däbinden el çekmeli bolduk.

Geýýän eşiklerimiz barada munça gürrüň berenime görä, gara öýüň içindäki goşlar we ýorgan-düşekler barada-da käbir zatlary ýatlaýyn.

Uruş başlanmazynyň öň ýanynda şäherçä göçülip gelnenligi üçin, onda ýaşaýanlaryň köpüsi tam salynmaga ýetişmedi. Ilatyň aglabasy gara öýlerde ýaşaýardy. Gara öýi bolmadyklar edil gara öý ýaly formasy bolan gümmezkepbe edinýärdiler, ýöne açylyp ýapylýan serpigi, äpişgesi ýoklugy üçin, gümmezkepbeler garaňky we tüsseli bolardy, emma daşynyň samanly suwag bilen suwalýanlygy üçin, gyşda içi ýylydy. Bu öýleriň ikisinde-de öý goşlarynyň ýerleşdirilişi meňzeşräkdi: gapydan giren ýeriňde gazanojak bardy, onuň öňünde ini-boýy bir metr çemesi bolan, gyrasyna pessejek erňek edilen ojagöňi aýmançajyk bolardy. Onda gyşyna ot ýakylardy. Unundan gögi 4-5 esse köp gögümtil massadan ýugrulyp ýasalan gömmeleri hem enemiz şu ojakda oda gömüp bişirerdi, ony tamdyra ýapmak mümkin däldi, çünki ol tamdyryň ýüzünden sypyrylyp gaçardy.

Tutuş obada hiç kimde kükürt ýokdy, her kim öz öýündäki ojakda tä ertire çenli ody öçürmän saklamaga çalşardy. Munuň üçin her öýde guradylan esli eşektezek ýa-da sygyrlopby (sygyr tezegi) saklanardy. Ýatmazdan öňinçä enemiz tezekleriň birini oda tutaşdyryp, tutaşdyrylmadyklaryny hem oňa degşireje goýup, üstüni gyzgyn kül bilen gömerdi. Tezegiň örän haýal ýanýanlygy üçin, ot bir tezekden beýlekisine geçip, ertire çenli öçmän saklanardy. Bardy-geldi, ähli tezek ýanyp gutaran bolsa, onda bir tarapyna çöp dürtülen eşektezegi, ýagyşdan-ýagmyrdan

gorap, goňşularyňka eňerdik. Aýazda ýa-da ýagynly günlerde ýyly ýorgandan çykyp gitmek näçe agyr bolsa-da, ody saklap bilmedigi ýa-da küle iki-üç tezegi az gömenligi üçin enemize igenip, hüňürdäp, oda men gitmeli bolardym. Tä otly öýe duş gelýänçäm, hatary syryp giderdim. Ýolboýy hem döwüň öýünden ody etegine salyp alyp gaýdan Akpamyga haýpym gelerdi: bir çeti tutaşdyrylan tezegiň çöpünden tutup, ot getirmek ody etekde külüň üstüne döküp getirmekden ýeňil ahyry!

Oduň ýolunda kelläme gelýän ýene bir pikir ýadymda: iliň şäherçede ýygjam ýaşaýanlygam gowy zat. Mundan on ýyl çemesi owal bolşy ýaly, bir öý beýlekisinden allowarra uzakda ýerleşen bolsa nädersiň?! Itleri örüzip baý, gidersiň-ä. Sebäbi otsuz-a oňup bolanok. “Ojagyň ody öçmesin!”, “Oda geleniň, on agyz gepi bar”, “Näme, oda gelen ýaly, gyssanyp dursuň?”— bu aýtgylar we nakyllar, belki, şol döwürde dörändir. Şeýle pikirlere gümra bolup, ot getirerdim.

Sowuk günlerde şu ojakda ýanýan oduň daşyna tegelenişip, üşän ellerimizi we aýaklarymyzy oda galaşyp oturardyk. Geň ýeri, ýylatmak üçin oda tutulýan aýaklarymyz dyzymyza çenli ýalaňaç (çyzgalgy) bolany üçin, oglanlaryň aýaklarynyň topugyndan tä dyzyna çenli aralykdaky iç ýüzi (oda tutulýan ýeri) küňtüň tagtasy ýaly alabeder ýa-da zolak-zolak bolardy.

Uruş döwründe bitsiz-sirkesiz adam ýokdy. Günde-günaşa enemiz köýnek-balaklarymyzy çykaryp, şol ojakda oda kakyp bererdi. Uruş döwrüniň obada ösen çagalary eneleriň howurly tamdyra ýa-da ojakdaky közüň üstüne egin-eşik kakyşyny göz öňüne getirýändir. Munuň üçin enemiz oduň daşyndan öňe uzan aýaklarynyň başam barmaklary bilen eşigiň iki tarapyndan tutardy, çep eli bilen üçünji burçuny çekerdi, oduň üstüne gerňelen eşik gyzyp başlan wagty hem sag eliniň tersi bilen onuň üstünden urardy. Eziz döwürdeşlerim! Oda gaçyp ýarylýan bitleriň çytdyldaşýan seslerini şu ajaýyp zamanda ýene ýatladýanlygym üçin meniň günämi ötüň! Men bu setirleri siziň üçin däl, eýsem, bolçulyk döwürde dolup, taýýar aşyň eýesi bolan häzirki nesillerimiz üçin ýazýaryn. Goý, olar ata-babalarynyň şu günki güne ýetmek üçin çeken azaplaryny göz

öňýne getirip, Garaşsyz döwletimizdäki bagtyýar durmuşyň gadyryny bilsinler.

Ýene-de gara öýe dolanalyň. Onuň gapydan girip, iki-üç ädimlikdäki sag dulunda degirmen gurlardy. Goldaşyp (iki bolup) üwär ýaly, degirmeniň iki tarapynda düşekçe ýazyp oturmak üçin ýörite suwalyp bejerilen sekiler bolardy. Gepiň gerdişine görä, şu ýerde bir zady gürrüň bereýin. Enem ertir Gün doga eşekli işe gidip, garaňky düşende-de surnugyp, ýadap öýe gelerdi. Ondan soň bizi baryndan naharlap, ýorgana girenimizden soňam degirmeniň daşyna geçerdi. Onuň käwagt degirmen üwäp oturyşyna irkilýändigine, hatda degirmeniň bogazyna guýan dänesiniň doly üwelip, boş degirmeniň takyrdap ses edýändigini hem aňşyrmaýandygyna gözüm ýetende, eneme rehimim gelip, ýorgandan çykardym, degirmeniň törki aýmançasyna geçip, oňa degirmen goldaşardym. Bir käse ýa bir jam dänäni ýeke özümiň üweýän wagtlarymam bolupdy. Bir gezek meniň üwän unumy enem täzeden üwedi, çünki men degirmen ýeňil bolar ýaly, onuň süýbek agajyny ýokary galdyryp-aşak düşürýän tagtasyny artygrak göteripdirin, degirmen un deregine ýarma çykarypdyr.

Ýene gara öýüň içindäki zatlara dolanyp geleliň. Degirmeniň ikinji sekisiniň tör tarapynda sandyk goýlardy. Her öýde köwme nagyş edilen ärsary sandyklary bardy. Olaryň üstüne ýorgan-ýassyk basylýardy. Öýüň töründe iki ýa-da bir sany ullakan gyzyl çuwllar gerlip, onuň birinde goş-golam, beýlekisinde bolsa däne saklanardy. Galla köp bolanda, olaryň gapdalyna içi doly ululy-kiçili çuwallar diklenip goýlardy. Ondan çep tarapda aýnatorba, çemçetorba, duzluk ýaly ululy-kiçili torbalar tärime gerlerdi.

Gara öýüň ortasyna düşek ýazylardy. Gyşyna erkek adamlar düşeginiň aşagyna ýazmak üçin, ýekendüşek örerdiler. Ol bir-ä yzgary ýokary geçirmeýär, ikinjidenem, ýyly bolýar. Ýekeniň üstüne her kim özünde bar bolan düşegi atardy. Biziň obamyzdaky gara öýleriň köpüsinde kilim bardy. Oňa kakmadüşek diýerdiler. Haly ýazylan öý seýrekdi. Käbir öýlerdäki gowy halylar bolsa et salgydyny üzmek üçin diýlip alnypdy. Uruş ýyllaryndaky gara öýleriň aglabasynda şol öýde ýatyp-turýanlaryň ählisi üçin bir ýorgan bolardy. 7-nji klasy gutaryp, Kerkä okuwa gidýänçäm,

biziň öýümizde-de bir ýorgan bardy.

Agşamlaryna ojakda ýanýan otdan başga köp öýlerde içerini ýagtyldýan zat ýokdy. Bizde çoýunçyra diýip bir zat bardy, ol çoýundan guýlup ýasalan gap bolup, pelte goýlar ýaly ýeri bardy. Içine ýag guýup, peltäni ýaksaň, ol ýylpyldap, ölügsije yşyk bererdi, ýöne oňa guýara ýag bolmazdy. Şonuň üçinem gyşda okamaga-ýazmaga hiç hili mümkinçilik ýokdy, garaňky düşdügi garbanyp, ýorgana girerdik, enemizem degirmeniň başyna geçerdi. Biz doganlarymyz bilen ýorganyň aşagynda biraz depişip, degirmeniň güňleç kytyrryň-kytyrryň sesine uklap galardyk.

Her gün diýen ýaly şeýle hereket birsydyrgyn gaýtalanyp durany üçin, biziň beýnimiz, edil çaganyň hüwdä öwrenişi ýaly, degirmeniň sesine halys uýgunlaşyp gidipdi: degirmeniň sesi çykmasa, ukymyz tutmazdy. Şeýle gijelerde enemize degirmen üwemegi haýyş ederdik. Ol ýatanam bolsa turup, degirmeniň başyna geçirdi.

Ýöne üwär ýaly galla mydam tapdyryp durmazdy. Ras galla-däneli gürrüňe geçdikmi, onda uruş döwründe meniň we meniň ýalylaryň ölmez-ödi iýmitleri hem-de şol iýmiti tapmak üçin başdan geçiren aldym-berdimli göreşleri barada käbir zatlary ýatlamagymyz gerek. Öňi bilen, çöregiň ýerini tutýan zadyň ýoklugyny aýdaýyn. Obada et bardy. Sülgün, towşan diýen janawarlary islän adam tutup biljekdi, emma çöreksiz eti iýip bolmaýan eken. Şonuň üçin men bir goýnuň iki kilogram jöwene çalşylan ýagdaýyna-da gabat gelipdim.

Obamyzda aňyrdan gelýän baý hasaplanýan Mämi külal ýaly barly adamlar ýa kolhoz ýalbaşçylary bolaýmasa, galan bendeleriň öýlerindäki gallasy gyşyň ortasyna ýeter-ýetmez gutarardy. Şonuň üçin biz gyşyna mekdepden göni ýa-da öýe gelip, dessine elimiz haltaly ýorunja ekilen meýdanlara giderdik, çilleriň güneş tarapynda dürterişip çykýan ýorunjalary çürtüp alardyk. Enemiz ony ýuwup- ardyp, ýag bilen daglap, üstüne-de bir gysym un seperdi-de, iýer ýaly bir zat bişirip bererdi. Has horlanan maşgalalara kolhoz bir ýa iki gezek 1—2 kilodan jöwen bererdi. Bar bolany şol. Oňmalydy. Oňmasaň öläýmelidi.

Uruş ýyllarynda biziň kolhozymyzda açlygyndan gidip barýan ýerinde ýykylyp, çişip ölenler-de boldy. Ol bendeleri iki ýa üç adam bolup, at araba ýüklärdiler, göni öwlüýä äkidip hem jaýlardylar. Goňşy "Komintern" kolhozynda ýaşaýan garyndaşlarymyz beýle ejir çekmediler, olarda açlykdan ölenem bolmady. Soňra bilnişine görä, bu kolhozyň akylly-paýhasly we köne sowatly Rahmanguly Amangeldi diýen başlygy bolup, ol iň agyr döwür bolan 1943—1944-nji ýyllarda artykmaç dänäniň bir bölegini döwletden gizläp saklamagy we zerur wagty ony mätäçlere bölüp bermegi başarypdyr. Galyberse-de, ol tut kişmişini, igde, jigirdek, çakyldak (guradylan erik) ýaly zatlary hem gyş saklamagyň gamyny iýipdir.

Urşuň ahyrky ýyllary we ondan soňam bu kolhozda ilgünüň aladasyny edýän hakyky daýhanlardan başlyk saýlandy. Şolaryň biri hem Bazar Haýytdy. Uzyn boýly, syratly, peşeneli ýüzi bolan bu adam köplenç ýabyly gezenligi üçin, il içinde onuň ýörgünli ady Bazar ýabylydy. Esasy gürrüňimizden çete çekilip, men Bazar aga bilen baglanyşykly käbir wakalary gürrüň bereýin.

Köp etraplarda bolşy ýaly, Burdalyk etrabynda-da raýkomyň ikinji sekretary orus adamsydy. Oňa Gonçaruk diýýärdiler. Emma bu sözi ýatmaga Bazar aganyň dili öwrülmänsoň, oňa "ýoldaş Gaňşyrawuk!" diýip ýüzlenýän eken.

Bir gezek Gonçaruk etrapda geçirilen bir ýygnakda başlyklara ýüzlenip, obada olaryň medeniýet ýaýradyjylardygyny, şonuň üçin uly ile görelde bolmalydygyny, täze däp-dessurlaryň hem başlyklardan başlanmalydygyny aýdypdyr we hut häziriň özünde oba mazaginine ýörite getirdilen medeni harytlardaan almagy talap edipdir. Topar tutup baryp, Gonçarugyň gözüniň öňünde başlyklar iki jüpütden trusy-maýka alypdyrlar.

Ýene bir gün etrapda ýygnak bolanda, "Medeniýet" kolhozynyň başlygy Jepbar Mätek (ol 1993-nji ýylda 96 ýaşynda aradan çykdy) Bazar aganyň üstünden gelipdir we oňa:

— Bazar, atlan, gideli, ýöne Gaňşyrawugyň hol günki aldyran kirlik ýaly eşiklerini-de horjunyňa at, şu gün ony geýen-geýmänimizi barlajakmyş—diýipdir. Olar barmaly

ýerine ýetiberende atlaryndan düşüp, trusy-maýkalaryny ak köýnek-balaklarynyň üstünden geýipdirler. Atlaryny daňyp, şol eşikleri bilen hem ýygnagyň geçiriljek jaýyna girip, oturanlary gyzylgyran gülüşdiripdirler.

Ýaşy bir çene baran Bazar aga başlyk döwürleri hem daýhançylygy bir gapdalyndan goýmady, pil-kätmenini gurat saklady. Başlyklygy goýan dessine-de kolhoz üçin jeňňelde gawun ekdi, hasylynam artykmajy bilen aldy.

Obamyzyň adamlary Bazar aganyň gawuny bilen baglanyşykly şeýle bir wakany gürrüň berýärler.

Gawun bişen döwründe Bazar aganyň gawunçylygyna sowlan her bir adam gerk-gäbe gawundan doýup gidýän eken. Ynha, bir günem jeňňelde mal bakýan Öwez pamyk diýen çopan gelýär, eşeginem daňybam, göni Bazar aganyň çärdegine barýar (asly Kaşgaderýa welaýatyndaky pamyk türkmenlerinden bolan Öwez biziň kolhozymyzyň çopanydy. Ol kelteräk, emma deşli pyýadady). Bazar aga iki sany gawuny getirip, öňünde goýýar. Öwez ikisini-de iýýär. Bazar aga soraýar:

— Öwez han, ýene iýjekmi?

— Iýäýeris, Bazar aga.

Bazar aga ýene iki gawun getirýär. Öwez olary-da iýýär. Geň görmeden ýaňa agzy açylan Bazar aga Öwezden:

— Öwez han, nätdi, boldumy ýa ýene iýjekmi?—diýip soraýar. 30-35 ýaşly Öwez 75 ýaşly Bazar agadan biraz çekinip:

— Bazar aga, bolubiýr. Raýkomyň sekretary ýa kolhoz başlygy bolaýmasaň, gawundan doýup goýan barmy?—diýip jogap beripdir. Degişmä onçakly düşünmeýän we ençeme ýyl başlyk bolan Bazar aga Öweziň ýaňky gepindäki "başlyk bolaýmasaň" diýen sözlerini özüne çekip, gapdalda duran ganary eline alyp, peýkala ugrapdyr we ganara 7—8 gawun salyp, ony Öweziň eşeginiň daňylgy ýerine getiripdir:

— Hany, Öwez, mün eşegiňe! Syrtynda otur!—ganardaky gawunlary gaňňanyň üstüne atybam:

—Bar, ýarylyp ölseňem, öz öýüňde öl!—diýip, Öwez pamygy kowanmyş diýen gürrüň bar.

Ynha, "Komintern" kolhozyna iliň gamyny iýýän şeýle

adamlaryň ýolbaşçylyk edeni üçin, bu obada açlykdan helak bolan adam bolmady. Biziň kolhozymyzda weli adamlar açlygyndan nämeleri iýmediler?! Kolhozlaryň sygyrlaryna iým üçin gelýän künjara (sarun) tapylaýsa, ony owradyp, üwäp, ony çörek ýaly bir zatlar edip iýerdiler. Başga şeýle bitagam zady iýenim ýadyma düşmeýär. Nätjek, ölmezlik üçin iýmelidi.

Jöwen we bugdaý bişen döwürlerde biziň üstümizden açlygyň dumany sowlardy. Mellegimizdäki dänäni yrýa etmän döwüp alanymyzdan soň, kolhoz meýdanlarynda el bilen orlup ýygnalan bugdaýly atyzlardan hoşa çöplärdik. Bugdaý bogulary atyzdan harmana çekilmänkä, ol bogularyň käbirini gyrada çöp-çörüň içinde gizleýän halatlarymyz hem bolupdy. Ýöne bu iş gorkulydy, tutulsaň göni türmä gidibermelidi. Baba Hakberdi diýen bir garry iki-üç bogy bugdaýy gizlände tutulyp, däne ogrusy hökmünde basyldy.

Biziň syrgynymyzdan 5-6 oglan bolup, hoşa çöplemäge bile giderdik. Atyzyň hoşasy köp bolanda, alyp gaýdan iki fartugymyzy ýa torbamyzy derrew doldurardyk. Soňra olaryň üstüne çykyp, depgiläp ýa bir zat bilen urup, bugdaýyň başlaryny döwerdik, ýele sowrup, ony arassa däne edip, öýe getirerdik, ýöne gizlin ýollar bilen öýe gelmelidi,ç ünki hoşa çöplemegi kolhoz gadagan edipdi, Gurbanýaz agany bolsa bugdaý orlan we orulmadyk atyzlara garawul goýupdy. Ýöne Gurbanýaz aga il gözüne haý-küş edýänem bolsa, hoşa çöpleýän ýa-da ýegdenekleşip, agyr torbalaryny göterip barýan oglanlary görse-de görmezlige urardy.

Bardy-geldi, hoşadan göwün diýenimiz çykmasa ýa-da atyzda garawul bolup, hoşa çöpläp bilmesek, bizar oýnardyk, yzyndanam Hojamyrat bilen Jummyny uruşdyrardyk.

Hojamyrat menden 3 — 4 ýaş kiçidi, göwresi daýawdy, birneme götermedi. Ol yrsarap, günde deň-duşlary bilen urşardy, hemişe-de urlardy, ýöne uruşmasyny weli goýmazdy. Urluberende-de, “waý, mama, jan-eý” diýip gygyrardy (onuň mamasy Mähruw mama uly işanyň maşgalasy bolupdyr, özi-de obamyzyň tebibidi). Şol öwrendikli gykylygy üçin oglanlar Hojamyrada “Mama jan” diýen at hem goýdular.

Ynha, bir gezegem Hojamyrady Jummy bilen uruşdyrdyk. Jummy iki-üç ýaş kiçi bolsa-da, göwresi Hojamyradyňky bilen deňräkdi, daýawdy. Ikisi biraz ýakalaşdylar, ýöne ýabyň ýalpak ýerinde Hojamyrat Jummyny basyp, bagrynyň astyna aldy. Jummy näçe dyzasa-da, onuň aşagyndan çykyp bilmedi. Şol barmana ýabyň içinde jaýrylyşyp, gatlak-gatlak bolup ýatan sakgyz (toýun) keseklериň biri onuň eline ildi. Aşakda ýatan ýerinden bir eli bilen Hojamyradyň boýnundan dolap aldy, beýleki eli bilenem kesegiň bir tarapyndan mäkäm tutup, beýleki tarapy bilen onuň arkasyna saýgylamaga başlady. Kesegiň awusy çaga ýumrugyndan yzalyrak öýdýärin: Hojamyrat Jummynyň elinden sypyp bilmän ýatyşyna bagyrmaga başlady:

— Waý, mama jan-eý, sakgyz kesek bilen ursaň uruşjak däl-eý!

Biz oýun-oýun bilen başlanan urşuň yzynyň çyna ýazyp barýanlygy üçin, ikisini aýyrdyk. Az salymdan aralarynda hiç zat bolmadyk ýaly, Jummy bilen Hojamyrat gürleşip barýardy. Hojamyrad-a asyl şadyýandam, çünki ol bu günki almaly ýumruk paýyny artykmajy bilen alypdy.

Açlyk ýyllarynyň gyşynda biziň janymyza teselli bolan ýene bir zat barada gürrüň bereýin. Ol hem tudananyň kişmişidi. Tut bişen döwürlerde dürli mata-marlykdan mugjama (iki sany taýaga çatylyp, olaryň arasynda germelen uly mata) edip, onuň üstüne tut kakylardy. Çöp-çalamdan we ýaprakdan arassalanan tudanalardan şirni diýip at berilýän goýy we süýji mürepbe gaýnadylardy, galanynam serip, tutmeýiz (kişmiş) ederdiler. Ol gutaraýsa, elimize jam ýa başga bir gap alyp, aryklaryň raýyşyna—köne tutlaryň aşagyna giderdik. Gowy bişip, aşagyna dökülen tudananyň bal ýaly altyn sary kişmişi raýyşyň keseklериniň arasynda tä ýaýş-ýagmyr ýagyp çüýreýänçä tapdyrardy. Biziň beýle ýanymyzda obamyzyň itleri hem ysyrganyp, tutmeýiz çöpläp iýerdiler.

Işiň has gyzgalaňly günlerinde (meselem, ekişde) iş üstünde işleýänlere kolhoz ýarma bişirip bererdi. Ýarty susak ýarma üçin şol brigada degişli ähli adamlar we olaryň çagalary işe çykardylar. Buýrulan işi ýerine ýetirmedige ýarma berilmezdi.

Biz ýarma bişýän ýere “toýa gitjek” diýip ugrardyk.

Ynha, şeýle toýlaryň birinde, 1943-nji ýylyň 1-nji maýynda iş bilen gijä galyp gelen birnäçe kolhozça we dört-baş çaga ýarma ýetmedi. Ulular alagopgun etdiler, aş bişirene we brigadire agzyna gelenini diýdiler, çagalar bolsa aglaşdylar.

Obamyzda ussa Hally diýen garry, emma göwresi daýaw adam bardy. Göräýmäge agras adam bolsa-da, ýaşulular ony gaty wäşi we şahyr diýip öwerdiler. Ynha, bu galmagally “toýa” ussa Hallam gelen ekeni. Ol töwerekdäkilere:

— O-how! Toýumyz barada Öwezbike[1] elimdäki gazetde bir goşgy ýazan ýaly-la. Geliň, men ony size okap bereýin— diýip, gazeti başaşak tutup (ussa Hally sowatsyzdy), goşgyny “okamaga” başlady. Onuň ýadymda galan käbir bentlerini okyjylaryň dykgatyna hödürleýärin:

*Düýäni ugratdyk çöle oduna,*
*Palta goýduk Hakga keliň tuduna,*
*Pukaralar hiç düşmedi ýadyna,*
*Öwezbike taryp etse bu toýy.*

*Kolhozymyz baýram toýuna başlap,*
*Ertirden agşama dynmazdan işläp,*
*Beki jan aglady çanagyn dişläp,*
*Öwezbike taryp etse bu toýy.*

*“Toýy” gursun, köp adama ýetmedi,*
*Oguljan[2] pahyr-a duzam datmady,*
*Oglanlar aglaşyp hiç dyndyrtmady,*
*Öwezbike taryp etse bu toýy.*

---

[1] Ussa Hallynyň Öwezbike diýýäni Ýagmyr diýen ýetim agtygy bilen hüdüjek kepbede ýaşaýan Öwezbike Rejep diýen pukara aýaldy. Ol goşgy goşmag-a beýlede dursun, eýsem sözleýän sözüni kilçikläp zordan düşündirýärdi.

[2] Oguljan—ussa Hallynyň aýaly.

*Öwezbike tamam etsin bu sözi,*
*Gazandan garadyr Döwranyň[1] ýüzi,*
*Adam hatarynda görmedi bizi*
*Öwezbike taryp etse bu toýy.*

## ÝEŇIŞ

Meniň we deň-duşlarymyň nälet siňen uruş zerarly çeken güzaplary barada köp ýazyp, hormatly okyjylarymyň ýüregine düşendigimi bilýärin, ýöne men muny bilgişleýin şeýtdim. Birinjiden, “Adam başy daşdan gaty” diýen nakylyň hakykydygyny, ýagny zerur bolanda, adamyň janynyň daşyň çydam etmejek urgularyna döz gelmäge ukyplydygyny subut etmek üçin şol döwre köp üns berdim. Ikinjiden, häzirki we geljekki nesillerimiziň şu günki döwre guwanmagy hem-de onuň gadyryny bilmegi, bu babatda olaryň ata-babalarynyň alyp baran göreşlerine göz ýetirmegi üçin şol wakalary köpräk beýan etdim. Galyberse-de, uly iliň depesinden gazaply urgy bolup inen näletli urşuň salan synagyndan meniň obadaşlarymyň mertlik bilen geçendigini nygtamak bilen olara öz hormatymy beýan etmek isledim.

Indi obamyzda şol näletli urşuň ýeňişli tamamlanmagy bilen baglanyşykly dabaralar we bolup geçen hem-de özümiň gatnaşan wakalarym barada gürrüň bereýin.

1945-nji ýylyň maý aýy meniň ýadymdan çykar ýaly bolmady. Maý baýramynyň edil öň ýanynda keselledim. Mekdebe-de gitmedim. Mekdepde Maý baýramyna bagyşlanyp uly ýygnak geçirilipdir. Onda mugallymlar tiz wagtda Ýeňiş baýramynyň belleniljekdigini, urşa giden agalarymyzyň we atalarymyzyň oba dolanyp geljekdigini aýdypdyrlar. Bu barada okuwdan soň meniň halymy soramaga gelen Hudaýberdi gürrüň berdi. Onuňam atasy urşa gidipdi (ol bende uruşdan gaýdyp gelmedi).

---

[1] Döwran Hojam—brigadir.

Mellegimizdäki bugdaýyň bişer ýaly bolany, bişiberen ýerlerinden kellekläp we Güne guradyp eýýäm iýip başlanlygymyz üçin, bu ýylyň açlygyny üstümizden geçdi hasap edýärdik.

9-nji maý güni adamlar edaranyň agzyna üýşüp, biri-birini gutlaýardylar, şadyýan gülüşýärdiler. Kolhozyň mal doktory Mämmetşa Juma bolsa elindäki garmony wakyldadyp, ýaşaýan ýerinden (Işanlaryň howlusyndan), tä edara howlusynyň agzyndaky uly tutuň töweregine üýşen märekä çenli uly galmagal edip geldi. Adamlaryň ählisi şadyýandy.

Kolhozyň başlygy Halnyýaz aga uruş maýybydy. Ol keýtikläp gelşine, ilki urşa gatnaşan doganlar Hudaýguly we Gurban Babanyýaz, Rozynyýaz bagşy we beýlekiler bilen gujaklaşyp görüşdi. Ol hem gülýärdi hem elýaglygy bilen gözüni süpürýärdi.

Halnyýaz aga ertesi günortan Ýeňiş toýunyň tutuljakdygyny ýygnananlara habar berdi. Öýümiz bu ýerden elli metr çemesi bolany üçin, men toý baradaky şatlykly wakany eneme buşlamaga ylgadym. Enemem begendi.

Ertesi uly toý boldy. Ir bilen içki howludaky guýynyň ýanyna iki adam bolup hereketlendirilýän nasosy eltdiler-de, howlynyň içini suwladylar. Günortana ýakyn ýygnak boldy. Onda raýondan gelenler, soňra başlyk söz sözledi. Öýlerden ýygnalan düşekleri tertipli ýazyp, adamlary oturtdylar-da, palaw çekdiler. Köp adamyň uruşdan soň palawy ilkinji iýşidi.

Nahardan soň bassyrmanyň aşagynda patefon aýtdyryp, raýondan gelen oruslar we tatarlar tans etdiler. Erkek bilen aýalyň biri-biri bilen gujaklaşyp edýän tansyny birinji gezek görýärdik. Geň görüp seretdik. Soňra orus aýallar garmona goşup, aýdym aýtdylar.

Öýlän bassyrmanyň aşagynda düşek ýazylyp, ol ýere il ýygnandy. Söýün bagşy dutar çaldy. Ol kördi. Dutar sazyna düşünmesegem, bizem il ýaly sesimizi çykarman diňledik. “Söýün bagşy—güýçli sazanda” diýerdiler. Belki, şeýledir. Ýöne onuň adam tanamaga ökdedigini, onda-da aýagynyň sesinden gelen-gideni tanaýşyny özümizem bilýärdik. Söýün

bagşy biziň garyndaşymyzdy. Ol Baba agalarda bolýardy. Bir gün men Hudaýberdi bilen şu ýerdäki ýoldan geçip barýarkam, ol tuduň astynda kölegede oturan eken. Biz sesimizi çykarman geçmekçi bolduk. Duşuna gelenimizde, Söýün bagşy meniň adymy tutup gygyrdy:

— Soltanşa, oglum, bäri gel! Meni ussa Şaýynyň öýüne eltip gaýt!

Ussa Şaýy dagy obanyň ýokarsynda ýaşaýardy. Onuň erbet iti bardy. Bizden ulurak oglanlaram onuň öýüniň ýanyndan geçip bilmeýärdi. Il içinde: "Şaýy babanyň iti öz öýündäkilere-de degäýýärmiş" diýen gürrüň bardy. Hatda Şaýy babanyňkyda uzak wagtlap ýaşan Pir orus[1] bilen baglanyşykly şeýle wakany gürrüň berýärdiler. Pir aganyň ussa Şaýynyňkyda ýaşaýan döwri eken. Bir gün ol namaz wagty otagyndan çykyp, näçe gygyrsa-da, Şaýy baba ses bermändir. Pir aga namaza ýeke durupdyr. Maňlaýyny ýere goýan wagty Şaýy babanyň iti onuň arkasyna hopba bolup, ýeňsesine agyz urupdyr. Ýöne gaty dişlemändir. "Tur!" diýip gygyryberse ýa-da kellesini ýokary galdyrjak bolsa, it gyrlap, gatyrak dişläpdir. Şonuň üçin Pir aga gymyldaman, birnäçe minutlap maňlaýyny ýere berip oturypdyr. Namazyna howlugyp gelen Şaýy baba bu ýagdaýy görüp, itini sögüp kowupdyr. Pir aga-da böküp turup, hasyr-husur zatlaryny ýygnamaga başlapdyr. Şaýy baba:

— Pir, beýtme. Hiç ýok, namazyňy bir okap git—diýipdir. Onda Pir aga:

— Hä, seniňem bir.., itiňiňem bir... Namazy-da itiň okasyn—diýipdir-de gahar edip gidipdir.

Yhna, dabarasy dag aşan şeýle itiň saklanýan öýüne barmaga gorkup:

— O-how, bagşy aga, men-ä Şaýy babanyň öýüne eltip

---

[1] Pir orsuň asly biziň obamyzdandy. Ol ýetişen okumyş eken, ýöne özüniň molla hökmünde tutuljagyny bilip, obany taşlapdyr, oruslara goşulypdyr we Pir orus lakamyny alypdyr. Ölmeziniň öň ýanynda ol: "Men aýyň plançasyna öljek. Jynazama baryň" diýip, derýanyň iki ýakasyndaky ähli tanyşlaryna bir aý-kyrk gün öňünden özi habar berenmiş, şol aýdylan güni hem Amyderýa şäherçesinde ogly Işangulynyň öýünde ölenmiş diýen gürrüň hem bar.

biljek däl. Iti ýaman—diýdim. Söýün bagşy menden el çekmedi. Ol:

— Ýanyňda Hudaýberdi bar ahyry. Iki bolubam itden gorkjakmy? Hiç bolmanda, meni Ballynyňka elt—diýdi.

Biz bagşyny şol itli öýden biraz uzakda ýaşaýan Bally babanyňka eltip gaýtdyk.

Bu waka Söýün bagşynyň gözi körem bolsa, onuň käbir duýgularynyň çendenaşa ösenligine şaýatlyk edýär.

Söýün bagşynyň özi barada-da il içinde gürrüň köpdi. Şolaryň birinde aýdylyşyna görä, öňräk bir wagt obadaşlar jemlenişip, deňňene edipdirler. Söýün bagşy hem oňa çagyrylypdyr. Ol hemişekileri ýaly dutarly gelipdir. Nahar çekilmezden öň deňňenä çykan çykdajylar hasaplanyp, oňa gatnaşýanlaryň sanyna bölüpdirler-de, her kişä näçe pul düşýänligi yglan edilipdir. Söýün bagşy hem şol puly töläpdir. Nahardan soň oturanlaryň biri:

— Hany, bagşy aga, dutaryňyzy alyň-da, çalyp oturyň—diýipdir. Söýün bagşy hem:

— Il çalsa, bizem çalaýarys—diýipdir. Deňňene üçin pul ýygnanlar ýalňyşyna düşünip, dessine bagşydan ötünç sorapdyrlar we onuň beren puluny yzyna gaýtarypdyrlar. Şondan bäri Söýün bagşynyň ol sözleri biziň obamyzda iň ýörgünli aýtgylaryň birine öwrülip galypdyr.

Söýün bagşy gürrüňe-de, ýomak-henege-de gaty ökde eken. Ynha, şu bagşy Ýeňiş toýy güni bassyrmanyň aşagynda saz çalyp, käwagt bolsa gürrüň bilen gyzylgyran gülüşdirip, uzak wagtlap oturanlara hezil berdi.

Garaňky gowy düşenden soň, biz howlynyň ol jüňkünde görkezilen kino tomaşa etdik. Soňam biz tä gije ýarym bolýança ýatmadyk, oglanlar bilen oýnadyk. Ulular-a ertire çenli aýdym-saz diňläpdirler.

Meniň üçin Ýeňiş baýramy bu günki toý bilen sowulmady. Ertesi çöle gidýän topar bilen atam meni çöle äkitdi.

Atam kolhozyň derňew komissiýasynyň başlygydy. Ol her ýyl iki gezek çöle gidip, gumda bakylýan mallaryň sanawyna gatnaşýardy. Bu gezegem kolhozyň buhgalteri Jumaguly aga,

atam we Ýeňiş toýuny bellemek üçin tüwi hem-de çopanlar üçin azyk ýüklenen iki düýäni tirkege alan çopan bilen hatar kerwen bolup, çöle ugradyk. Men düýä mündüm, beýleki adamlaryň ählisi eşeklidi. Barmaly ýerimiz Nah diýen guýydy. Kentden (oazisden) 40—45 kilometr uzaklykda, Gyzylgum çölüniň jümmüşinde ýerleşen bu guýy biziň kolhozymyzyň çöldäki merkezidi. Biz ir bilen ugranymyzdan ýolda bir düşläp, öýlänlik Naha ýetdik. Ýeňiş baradaky şatlykly habar bu ýerdäkileriň ählisini aýak üstüne galdyrdy. Biri-birini gutlaýan haýsy, gujaklaşýan haýsy. Bu ýere obamyzdan goýun sagmaga gelen dört-bäş sany aýal hem bar eken. Olaram ýeňiş sesini eşidip, biziň ýanymyza geldiler. Aýallaryň iň ýaşulusy Bibi Gylyç atama ýüzlendi:

— Atanyýaz aga, şu ýeňiş diýen habaryňyz çynmy beri? Hernä çyn bolsun! Gutaraýmajak ýalydy bu peläket uruş. Gidenlerimizem sag-aman gelsin—diýdi-de, ýaglygynyň bir ujy bilen gözüni sylyp, çaý gaýnadyp ýören aýallaryň ýanyna bardy.

Giç öýlänler Jumaguly Bally bilen Durdy Gylyç ikisi kiçijik guzulary sürüp, goşa geldiler. Durdy elindäki guzyny ýere goýberip, guzulary agyla gabamaga durdy. Menem kömekleşdim.

Durdy meniň klasdaşymdy. Ol menden üç ýaş uludy. Kelligi üçin ony öz deňleri bilen okuwa almandylar.

Ýeri gelende aýtsam, hut uruş ýyllarynda-da biziň obamyzda 15 kel bardy. Olary topar-topar edip, Kerkä äkidip bejerdiler. Şondan soň bu kesel bilen kesellän bolmady.

13 —14 ýaşly jahyl bolany üçin, Durdyny okuwdan rugsat alyp, çöle iberipdiler. Ol enesi Bibi mama dagynyň sagýan goýunlaryny kökerişmelidi we Jumaguly Balla guzy bakmaga kömekleşmelidi. Jumaguly hem Durdy bilen basaldaşdy. Men ýaşuly çopanlaryň we garry aýallaryň arasynda öz deň-duşlarymy görenime gaty begendim. Dessine olara goşulyşyp, işlerine kömekleşdim.

Gelen günümiziň ertesi bu goşda toý tutuldy. Günorta nahar wagty 20—25 çemesi adam toý saçagynyň başyna üýşdi. Töwirden soň ýakyndaky sürüleriň ýanynda galan ýoldaşlaryny

toý ýerine ibermek üçin, ýygnananlaryň birnäçesi çalt ördüler. Gijäniň bir wagtyna çenli toý düşeginiň märekesiz wagty bolmady, meýdandaky çopan-çoluklar ikiden-ýekeden geldi durdy.

Çölde biz 10-15 gün bolduk. Kä günler men guýudan dol bilen Jumagula suw çekişdim. Munda meniň wezipäm düýäni bellenilen ýere çeinli iýdip äkidip, soňam yzyna dolap getirmekdi. Gowa bilen ýokary çykarylan suwy gyradaky tagta mündürip, ony howdana döküän Jumagulynyň özüdi. Howdany dolduryp, günortan bu ýerde sanamaga getiriljek süri suwa ýakylmalydy. Süri guýa ýakynlaşyberdigi, biz 9—10 adam bolup, mallary bölüp-bölüp, guýa tarapa goýberýärdik we iki hatar adamyň arasyndan ylgaşyp geçýän goýunlary sanaýardyk. San ýüze ýetende, elimizdäki bir gumalagy jübimize oklap, sany birden başlardyk. Ahyrky goýun geçensoň, her kim öz sanyny buhgaltere ýazdyrardy. Sanlar deň gelmeýärdi, şonuň üçin 3—4 adamyň sany dogry gelse, şony hem esas edip alýardylar.

Nah guýusynda Durdy dagy bilen oýnap, ýarym aý çemesi wagtyň nähili geçeninem duýmandyrys. Biziň oba gaýtmaly günümiz geldi. Kolhoza iberilmeli ýag çelekleri, ýüň we başga zatlary düýelere ýükläp ýola saldylar.

Gumdan gelenimizden soň biziň üçin ýene bir ýakymly waka boldy.

Uruş ýyllary biz süýji diýen zadyň nämedigini bilmedik. Ýeňiş baýramçylygyndan soň weli her okuwça 400 gram konfet beriljekdigini, ony hem Burdalygyň merkezi dükanyndan almalydygyny habar berdiler. Biz mekdepden hat alyp, dört bolup Burdalyga pyýada ugradyk. Men üç okuwçynyň paýyny –1 kilo iki ýüz gram konfet almalydym. Aldygam. Dört burçluja “ýassyjak” diýilýän içi bally konfet. Dessine iýip gördük. Nähili süýji zat. Ýene iýdik, ýene, ýene... Indi iýmäýin diýip, haltanyň agzyny näçe berk daňsamam, tä öýe gelýänçä oňa elim uzady durdy. Öýdäkileriň hersine iki sanjakdan ýeter ýaly konfet galdyryp, haltajygy eneme berdim.

1945-nji ýylyň kanikuly döwründe meni gowy okaýanym üçin, bir aýlyk pionerlagere iberdiler. Lager Burdalykda, çölüň

etegindäki suwly ýabyň boýunda, gür erik baglarynyň içinde ýerleşýärdi. Men şonda Burdalygyň ähli mekdeplerinden gelen oglan-gyzlaryň ençemesi bilen tanyşdym, dostlaşdym.

Ynha, şeýdip men 5-nji klasa ýetdim. Bu klasyň okuwçylary eýýäm işçi güýç hasaplanýardy. Ol döwürde mekdepde okuwlar ýapylyp, okuwçylar kolhoz işine sürülmeýärdi, ýöne okuwdan soň weli işlemelidi. Oglanlaryň köpüsi pagtada öküz bilen goş sürýärdiler (pagtany kultiwatorlamak, oňa joýa çekmek işleri goşöküzler bilen ýerine ýetirilýärdi). Menem goş sürdüm, ýöne diýenimi etmedik öküze tarap çybygymy bulaýlap topulanymda, ragtyň (azalyň) sapy elimden sypdy, ýeriň ýüzüne çykan pazanyň (ýerdemriň) ýiti ujy hem aýagymy dilip gitdi. 15—20 gün öýde ýatdym. Şondan soň atam maňa goş sürdürmedi. Sagalanymdan soň bolsa hinizator bolup işleýän obadaşym Rozy Atanyýaza meni kömekçi bellediler.

Öňi bilen hinizatoryň nämedigini düşündireýin. Uruş döwründe adamlaryň arasynda giň ýaran iki sany kesel bardy. Birinjisi, gözagyrydy, ol köplenç çagalaryň keselidi. Şu keseliň güýjän döwürlerinde, agyryly gözüne noýba ýaprak ýapany sebäpli, diňe bir gözüň agy däl, eýsem, gabaklary dym gyzyl okuwçylar köp bolardy.

Ikinji kesel ysytmady (asly “ysytmak”, “gyzdyrmak” sözünden). Bu kesel ula-kiçä deňdi. Ol degdigi ilki iniň (iýniň) üşüderdi, azrak hababaýladan soň endamyň gyzyp, kelläň agyryp başlardy. Şol döwürde jöweniň gyrasyna meň ekilerdi. Ondan ýüp, dänesinden hem ýag edilerdi, meň çekmegi o wagtda hiç kim bilmeýärdi. “ysytma tutanda meňiň aşagynda ýatsaň peýdaly” diýerdiler. Ýatardyk. Meňiň aşagyndan turup, öýe gaýtmaga mejalymyz bolmadyk wagtynda, ulular öýe göterip getirerdiler.

Ysytma keselini ýaýradýan ýörite çirkeýler bolup, ol suwda kelemenläp ýüzýän gurçuklardan emele gelýär eken. Bu gurçuklaryň ýata suwlarda döreýänligi üçin, uruş ýyllarynda şeýle suwlary dermanlap, gurçuklary ýok edýän ýörite işgärler saklandy. Olara hinizatorlar, il içinde bolsa çirkeýçi ýa-da howuz dermanlaýan diýýärdiler.

Biz iki Atanyýazow bolup, howuzlary dermanlaýardyk. Ilki ýata suwlary barlardyk. Kelemenläp ýüzýän ysytma gurçugyny göräýsek, ony ýörite torda tutup, içi suwly probirkalara ýerleşdirerdik, soňra bolsa porsy dermanly gutularymyzy arkamyza alyp, ol suwlary dermanlardyk. Suwuň ýüzünde gara tegmiltler emele getirýän bu derman sepilen suwda ertesi hiç hili gurçuk bolmazdy, hatda gurbagalar-da ol howuzdan çykyp, allowarralara giderdiler.

5-nji klasda okaýan döwrümizde jahyl çykan oglanlar hökmünde bize başga işlerem ynanylardy. Şolaryň biri barada gürrüň bereýin.

Uruş ýyllarynda, hatda tä Farap—Kerkiçe garaýoly ulanylmaga berilýänçä, Burdalyga getirilýän zatlar, şol sanda mineral dökünler hem uly ýük gaýyklarynda derýa bilen getirilerdi. Her kolhoz degişli dökünini özi daşamalydy. Munuň üçin eşekler ýygnalyp, 5—7-nji klasyň oglanlary hem üstüne ganar ýa horjun atylan eşeklere atlanyp, niredesiň derýa boýy diýip ýola düşerdiler. Obadan garamyzy saýlan dessimize eşek çapyşardyk. Biziň eşegimiz gaty daýaw bolany üçin, men hiç kimden yza galmazdym. Babagulynyň eşegi-de daýawdy, ýöne ol mydam haraza goşulýanlygy üçin, gowy çapyp bilmeýärdi, duşundan geçiberen eşegi depýärdi, öňündäkini gapýardy. Şonuň üçin eşekli Babagulyny hiç kim hataryna goşmazdy. Umuman, Babaguly azot daşamaga diňe bir gezek gitdi. Onda-da onuň eşegine ýüklenen azot bellenilen ýerine ýetmedi. Sebäbi üstüne agyr ýük atylanda, bu daýaw eşek tapyr-tupur ýatyberýärdi. Bu gezegem şeýle boldy. Iki-üç adam bolup, gaýykdan kenara çekilen haltaly azotlary horjunlara ýa ganarlara ýerleşdirip, eşeklere ýükläp berdiler. Bizem ýüküň üstüne münüp, yza döndük. Ýaňy gaçydan geçenimizde, Babagulynyň eşegi birki gezek hynçgyrdy-da, ýoluň ortarasynda ýatyberdi. Babaguly onuň gylygyna beletdi, ol eşegi taýak bilen urdy. Eşek bolsa bat bilen bir tarap agnady-da, üstündäki ýüki agdardy, özi-de böküp turup, oba tarap ýazzyny beräýdi. Babaguly ganaryndaky döküni gyra döküp, gabyny egnine atdy.

Eşeginiň azot getirip gönendirmejigini Gaýyr aga-da

bilýärdi, ýöne il deňinde eşegini bermedi diýdirmejek bolup, Babagulyny iberipdi.

Bu eşegi diňe haraza goşmak üçin saklaýardylar. Gözüni sarap goýberseň, ýanynda hiç kim bolmasa-da, ol sagatlap aýlanar durardy. Babaguly ýa onuň enesi Keýik bolaýmasa, ol ýanyna-da hiç kimi goýbermezdi. Beýlekiler ot-suw berselerem, eli taýakly goranyp, oty taşlap, bedräni hem eşegiň tumşugy ýeter ýaly ýerde goýup gaýdardylar. Bu eşek boşanaýsa, ony diňe at bilen ýerine gabaýardylar. Atda gözüniň ody alnanlygy üçin, ol atlyny gören dessine öz ýatygyna gelip girerdi.

Bir gezek şeýle bolupdyr. Babagulynyň we Keýigiň ýok wagtynda, Gaýyr aga bu eşege ot-suw bermekçi bolupdyr. Emma eşegem eşek-dä. Eýesini tanaman, salypdyr onuň eline agzy. Çep eliniň külembike barmagyny gowy çeýnäpdir. Gaýyr aga munuň üçin birnäçe gün keselhanada ýatdy, dutar çalanda iň zerur bolan barmagynyň gidenine-de gynandy. Keselhanadan çykyp gelenden soň, Rozynyýaz diýen awçyny öýüne çagyryp, eşegini atyp bermegini haýyş etdi. Ýöne aýaly we çagalary ýalbaryşyp, eşegiň haraz üçin gerekligini aýdyp, ony bu gezek ölümden halas etdiler. Ýöne eşek uzak ýaşamady. Ony Nargeldiniň ýeriniň gyrasyndaky harabaly raýşa arkanlarynda (örklänlerinde), eşek gyzylarylaryň (eşegarylaryň) ullakan ketegini ýumrupdyr. Arylar hem eşegi çakyp öldüripdirler.

Babagulynyň ýola döküp gaýdan azoty köp wagtlap ýatdy., ahyrda-da ol ýagyş-ýagmyrda ýere siňip gitdi. Biz weli bir hepde çemesi gatnadyk. Ýöne weli ýüksüz gidişde eşek çapyşjak bolsagam, depginimiz öňki ýaly däldi. Agyr ýük eşekleri ýadadypdy, olar indi jyzzynlaşjagam bolmaýardy.

Men çirkeýçi hökmünde oba sowetiniň işgäridim, ýöne haky kolhoz berýärdi (maňa ýarym zähmet güni ýazylýardy). Oba sowetiniň başlyklygyna Gurban Babanyýaz diýen garyndaşymyz saýlanypdy. Ol bir gün meni ýanyna çagyrdy-da:

— Men hol gün seniň eşekde azot getirişiňi gördüm. Indi sen ýigit çykypsyň. Şonuň üçin ataň eşegini mün-de, Ýabanylaryň mekdebinden hek getir. Ol ýerde eşegiňe ýükläp bererler—diýdi we elime bir kagyz tutdurdy. Men muny atama aýtdym. Atamyň

gaty gahary geldi we:

— Öňi bilen, sen şol aýdylan mekdebi taparmyň?—diýip sorady.

— Ýok—diýip jogap berdim.

— Gurbanyň akyly çaşypdyr. Ýumruk ýaly oglanyň ýat oba iberilip-iberilmejegini, oňa eşegiň berlip-berilmejegini o samsyk bilmeýärmika?—diýdi-de, Gurban aganyň beren hatyny ýyrtyp zyňdy we:

— Bar, işiň bilen bol. Heke gitmersiň—diýdi.

Menem geziberdim.

Üç-dört günden soň Gurban aga duşup, hek barada sorady. Menem ähli zady bolşy ýaly aýdyp berdim. Ol biraz dymdy-da:

— Häk, Atanyýaz aga kagyzy bir ýyrtmaly däl eken-dä. Indi men Nyýazdanowy nireden tapaýyn?—diýip, hüňürdäp yzyna dolandy. Ol agşamlyk atama duşdy, ýöne onuň ýüzüne bir zat diýmäge çekindi.

Men çirkeýçiligimi goýdum, 5-nji klasy hem gutardym.

Tomus kanikuly döwründe meni Seýti Rozy diýen sowatsyz brigadiriň tabelçisi edip bellediler.

Kolhozyň buhgalteri Jumaýewdi. Asly Saýadyň çowdurlaryndan bolan bu adamyň hakyky adyny hiç kim bilmeýärdi. Ulular oňa Jumaýüp, kiçilerem Jumaýüp aga diýip ýüzlenerdiler. Jumaýewiň kömekçisi Jora Begidi, ol bizden 4—5 ýaş uludy.

Jumaýew bilen Jora ikisi bize tabeli işlemegiň düzgünlerini öwretdi.

Kolhozda bary-ýogy iki brigada bardy. Beýleki brigadanyň tabelçisi meniň klasdaşym we bile önüp-ösen ýoldaşym Hudaýberdidi. Ol hasaba ökdedi, tabeli hem gowy işlärdi, ýöne Jora Kerkidäki oba hojalyk tehnikumynyň buhgalteriýa bölümine okuwa gidensoň, Hudaýberdi onuň ýerine geçirildi.

Şol döwürde her hepdede bir ýa iki gezek kolhozçylaryň umumy ýygnagy çagyrylardy. Ýygnak günleri kolhozçylaryň edaradan uzagrakda ýaşaýanlary gelşine edara gelip, eşeklerini howlynyň bir ýerine daňardylar we kluba girerdiler. Öýi ýakynlary bolsa öýüne baryp, zat-garalaryny goýup gelerdiler.

Öýünde çagalara seredere adam bolmadyk aýallar kluba ähli çagalaryny özleri bilen bile getirerdiler.

Klub diýip mahabatly at berlen jaýyň ini üç, boýy hem 12—15 metr çemesidi. Onuň bir tarapynda iki sany äpeşgesi bolup, gijeleri onuň her äpişgesinde bir çyra goýlardy. Pol-potolok ýokdy. Klubuň ýekeje gapysy bolup, olam ýygnagyň prezidiumynyň oturýan ýerindedi. Şonuň üçinem bu gapydan girip-çykýanlara başlyk gözegçilik edýärdi. Her kim kluba wagtynda baryp, oňaýlyjy ýer almagyň aladasyny ederdi. Oturjak ýerini saýlan adamlar horjunyny ýa başga bir getiren düşekçesini ýere ýazyp, ykjam ornaşardylar, çünki ýygnagyň gijäniň bir wagtyna çekjegini her kim bilýärdi. Aýallar çagalary üçin hem ýeriň aladasyny ederdiler, çünki enesiniň gujagynda häzirden uky ýatan bäbeklerden beýleki esliräk çagalaryň köpüsi hem ýygnak başlansoň uklardylar. Ýygnaga gijä galanlar ýer tapman, klubuň töründe garaňkyda dik durardylar.

Ýygnak başlansoň gapydan çykmaga rugsat berilmeýärdi. Ýöne bu däp bir gün bozuldy. Ol barada gürrüň bermezden öň, ýygnagyň mazmuny bilen gysgaça tanyşdyraýyn.

Ilki kolhozyň başlygy Halnyýaz aga işleriň gidişi, gowy we erbet işlänler, sebäpsiz işe barmadyklar barada giňişleýin gürrüň ederdi. Eden günäsini boýun almadyklaryň we başlygyň ýüzüne gelenleriň bäş zähmet gününi şol ýerde keserdi. Soňra brigadirlerem uzyn-uzyn söz sözlärdiler, edilen tankytlara delil gözlärdiler. Delil nädogry bolanda, kolhozçylaryň käbiri böküp ýerinden turup, brigadiriň ýüzüne gelerdi. Ylaýta-da Gurbanbike Hümmet diýen aýalyň dili duzludy. Ol hapa gürrüňler bilen brigadiri dalap, ony geplemez ýaly ederdi. Gurbanbike daýzanyň sözlerine wakyrdaşyp gülerdiler. Uklap oturan aýallar hem erkekler hem ýalpa gözüni açyp, onuň aýdan sözlerini gaýtalamagy ýanynda oturanlardan haýyş ederdiler. Bu günem ol brigadire diýjegini diýdi, başlygy-da aýap goýmady. Onuň sözüne “Dogry”, “Dogry aýdýar” diýip goldanlar-da boldy.

Gurbanbike mamanyň hapa sözler bilen eýini ýetirip suňşurýan gönümel gepleri ýolbaşçylara ýaramaýardy. Ýygnakda oňa söz bermezdiler. Gurbanbike mama bolsa söz sorabam

durmazdy—brigadiriň ýa başlygyň çykyşy göwnüne ýakmadyk wagty ýerinden turardy-da, hüňürdäp, olaryň sözüni kesip, öňe tarap ýönelibiýrdi. Ýetjek ýerine ýetensoň, ýüzüni köpçülige öwrüp, göwnünde beslänini aýdardy, başlygy, brigadiri ýüz görmän ýepbiklärdi.

Gurbanbike mamadan heder edip, ony ýygnaga çagyrmazdylar, onuň özi gelerdi. Ýygnagyň barlygyny gijrak eşiden günleri ol ýygnaga gijigip gelerdi. Gurbanbike mama gapydan giren dessine başlygyň ýüzi gamaşardy, oturanlaryň arasynda weli şatlykly hyşy-wyşy köpelerdi.

Başlyk-brigadir bilen dikleşip, gönüsini aýdýan adamlar başga-da ýek-tük bardy. Käwagtlar öňe çykyp gepläp duran brigadiriň we dik duran ýerinden oňa gaýtawul berýän kolhozçylaryň arasynda turan jedeli, sögüşip ýatyrmak başlyga iş bolardy.

Ynha, meniň gürrüň berjek bolan ýygnagymda weli ol zatlar aňsatja çözüldi duruberdi. Öň gapynyň agzynda iki adam durup, tä ýygnak gutarýança bir adam hem gapydan çykarylmaýan bolsa, bu gezek, tersine, başlygyň özi ähli kolhozçyny klubdan kowdy. Bu şeýle boldy.

Ýygnak uzaga çekdi. Sebäbini görkezip, ýygnakdan rugsat aljak adama başlyk rugsat bermedi. Onuň bir zada gahary gelipmi-nämemi, bu gün çagasyny daş çykaryp gelmekçi bolan aýala-da ol azmly “Otur ýeriňde” diýip jabjyndy. Soň gaýdyp gapydan çykmaga milt eden tapylmady. Törde oturanlar irkilişip otyrdy, eneleriniň dyzyny ýassanan çagalar-a arkaýyn uklap ýatyrdylar. Ynha, birdenem yzrakda bir üýtgeşik ses eşidildi. Bu sesi uklamadyklaryň ählisi eşitdi. Goýdular gülkä. Uklanlar hem oýandylar. Gülki barha batly ýaňlandy. Şol arada başlyk ýerinden turup, ýer depip gygyrdy:

— Kim şu işi etdi? Hany, boýnuňyz alyň! Ýoldaş kolhozçylar, şu işi eden adamy görkeziň!

Boýnuna alan bolmady, “günäkäri” görkezenem. Ýatar ýerde gülki sesleri ýatmandan soň, başlyk yzdaky dik duranlaryň arasyndan Annaseýit diýen bir pukara ýaşulyny öňe çagyrdy, soňra bolsa ony günäkär hökmünde ýygnakdan kowdy (şol işi

eden Annaseýit aga däl-de, uklap ýatan oglanlaryň biridigini biz weli bilýärdik). Onuň bilenem gülki sesleri ýatmady. Hatda prezidiumda oturanlaryňam ýerinden turup, gygyrynyp duran başlykdan beýlekileri ýüzüni ters sowup ýa aşak bakyp gülýärdiler. Bu olaryň silkinip duran eginlerindenem bidlirýärdi. Ahyry başlygam saklanybilmedi, olam gülüp goýberdi. Gülkiniň arasy bilenem:

— Baryň, ähliňiz boş—diýdi.

Bu hezil waka uzaga çekýän ýygnaklaryň soňuna çykdy.

Munça bolanyna görä, kolhozyň şu kluby bilen baglanyşykly ýene bir wakany gürrüň bereýin. Ol waka klubda gündiz bolupdy. Gaýra gyşlagdaky ýabyň boýundaky tutlary otlany üçin, Durdy Işçi diýen bir ýaşulyny sud etdiler. Etrabyň sudýasy Weli Söýegow, suduň kömekçisi we iki sany oturdaş prezidiumyň stoluna geçip oturdylar. Günä ýüklenýän ýaşula bolsa bir çetde stul goýdular. Suda gelen obalylar klubuň töründe ýerleşdiler. Sud başlandy. Sudýa Weli Söýegow turdy-da, mejlisi açdy. Öňde oturan günäkäriň bir gije onlarça tudy otlanlygy üçin jenaýata çekilýänligini oturanlara habar berdi (ol döwürler tut çapmaklyk jenaýatdy, hatda guran tutlary hem özi ýykylaýmasa, ony çapyp bilmezdiler). Soňra sudýa günäkäre ýüzlenip:

— Hany, Durdy Işçi, aýdyp ber. Näme maksat bilen şunça tudy otladyň?

Ýaşuly ýerinden turdy, oturan stulynyň yzyna geçdi-de, onuň ýaplanyp oturylýanyny iki eli bilen tutup, biraz bükülibräge-de söze başlady:

— Ýoldaş inim Söýäkow. Tutlary otlanym çyn. Men olary bilip otlamadym. Almaz Pirguly gaýra gyşlagda ýer sürdi, meni brigadir onuň traktoryna suwçy belledi[1] Suwy ýabyň gutaran ýerindäki howuzdan çekdim. Gijelikde howzuň içi garaňky bolany, şonuň üçinem suwa inilýän ýeriň görünmeýäni üçin kükürt çakdym. Täze çykan kükürtleriňem nähilidigini özüň

[1] Şol döwrüň STZ, ÇTZ tipli traktorlarynyň radiatorlaryna çalt-çalt suw guýlup durulmalydy. Bir guýlan suw traktorlaryň bir aýlanyp gelerine-de ýetmeýärdi. Şonuň üçin kä atyzlaryň iki tarapnda-da traktora suw guýmak üçin suwçular bolardy. Özemem suwçy bolup görüpdim.

bilýärsiň inim Söýäkow. Kükürt çöpüň başyny onuň çakmagyna sürten badyňa ol şatlap, bir tarapa atylyp gidýär. Şol gije-de şeýle boldy. Kükürt atylyp, gapdaldaky hyşanyň içine gitdi. Ynha, birdenem ol ýanyp başlady. Suw sepibem öçüribilmedim. Howzuň we ýabyň gyralaryndaky hatar tutlaryň arasy gür gamyşlykdy. Tutaşan ody şemal barha körükdirdi. Tutlar, ýoldaş inim Söýäkow, şeýdip ýandy. Men muňa günäkär däl. Ynha, hökümetiň çykaran şu kükürdi günäkär—diýip, geýip ýören köne şineliniň jübüsinden bir kükürt çykardy-da, ony öňe uzadyp şakyrdatdy. Zalda oturanlaryň biri ýerinden turdy-da, gürrüňe goşuldy:

—Ýoldaş sudýa, dogrudanam, täze kükürtler atylýar, jeňňelde oturan hol Gaýyr agany tanaýansyňyz. Şolam şeýle kükürt bilen kepbetamyny otlapdyr—diýdi.

Weli Söýegow ýerinden turdy-da, stuluň arkasyna söýenip duran günäkäre ýüzlendi:

—Seniň häzirki aýdýanlaryňa biz we oturanlar ynanar ýaly näme tutarygyň bar? Heý, şoňa şaýadyň barmy?

—Şaýadym ýok. Tutarygym diňe şu kükürt, ýoldaş inim Söýäkow.

—Hany onda çakyp görkez.

Günäkär dikeldi, stuluny bir gapdala süýşürdi-de, sudýalara tarap ýöneldi. Weli Söýegowyň edil öňünde durup, kükürt çakdy. Dogrudan-da, çakylan kükürt jazt etdi-de, ondan çykan bir bölek uçgun gapa tarap atyldy, beýleki bölegem çöpi ýakdy. Tutaşan çöpi aşak taşlap, aýagy bilen ony ykjam mynjyradyp durşuna, ýaşuly kükürdi ýene çakdy. Bu gezek weli ol tüýs nyşana degdi: öňküden beter jyztyldap, ok ýaly bolup uçan bölek göni sudýanyň çekgesine ýelmeşdi. Sudýa çalasynlyk bilen ýelmeşen uçguny kakdy, çekgesiniň awunan ýerini sypalaşdyrdy, jübüsinden elýaglygyny çykaryp süpürdi we günäkäre ýüzlenip:

—Ynandyrdyň. Sen günäkär däl. Gaýdyber—diýdi.

Il dargady. Menem tabeli Hudaýberdä tabşyryp, öýe gaýtdym.

Tabelçi döwrümde her bäş güne tabel dolduryp, ilki ony brigadire, soňam kolhozçylara okap bermelidim. Seýti aga

gowy diňläp, soňundanam käbir adamlaryň hakyndan pylança kemeltmegi, käbirine-de goşmagy buýrardy. Haky kemeldilýänler kileň pukara garrylardy. Men Seýti aganyň sözlerine "bolýar" diýsemem, tabelde weli olaryň hakyny kemeltmezdim. Brigadir buhgaltere tabşyran tabellerimi barladyp, meniň bu etmişlerimiň üstüni açdy. Kolhozçylaryň arasynda üstüme gygyrdy, ahyrda-da meni tabelçilikden kowdy.

Uruş maýyby Rozynyýaz Allaberdi kolhozymyzyň poçtalýonydy. Meni şoňa kömekçi bellediler. Men gelen hatlary we gazet-žurnallary oba içinde öýlere paýlardym, kä günler bolsa Burdalyga pyýada gidip, poçtany getirerdim. Men bu işi gowy gördüm, çünki okamak üçin gäzet-žurnal öz elimdedi.

Oba içindäki ýaplar gyşyna, suw gelmezden öň gazylardy. Aýal-gyzlar bilen birlikde bu işe ýokary klas okuwçylaryny hem çekerdiler. Poçtalýonlygyň daşyndan, menem ýap gazmakda öz paýymy alardym. Gazy-haşar işine ýarawy bolan erkek adamlar we ýaş çagasy bolmadyk aýallar uly haşara, ýagny Burdalyk nowhanasyny gazmaga ýatymlaýyn giderdiler. Gazy-haşar nowhananyň başyndan başlanýardy. Ol ýer bolsa biziň öýümizden 25—30 kilometr çemesi uzakdady. Şonuň üçinem obamyzdan giden haşarçylar, şol sanda meniň atam hem ilkinji aýda öýe hepdede ýa-da on günde bir gezek gelerdi, özüniň we goňşularymyzyň azyklaryny äkiderdi. Öýe giç gelenligine seretmezden, ol dessine ýol şaýyny tutup, ýary gije haşara ugrardy, çünki haşarda daň bilen adamlar bar-ýok edilip, sana ýetişmediklere berk çäre görülýän eken, hatda stalinçilik döwrüň kadalary boýunça, gijä galanlaryň jenaýata çekilenleri hem bolupdyr.

Atam şoh adamdy, haşarda ol naý (gargy) we dilli tüýdük çalyp, töweregindäkilere hezil berýän eken. Ýöne weli güýçli we daýaw pyýadalygyna seretmezden, ol ilden artyk paý almandyr. Mirap oňa: "Atanyýaz, seniň güýjüň-ä ýeterlik, iki paý ölçäýeli. Zähmet günüňem köp bolar" diýende, atam: "Ýok, mirap, il bilen deň ölçe. Güýjümi bisarpa tutsam, göwrämi gynasam, garranymda ol meni eklemez. Men 70—80 ýaşda-da şu göwreden çörek iýjek" diýer eken.

Nowhana gazylanda, atam ýaly güýçli adamlaryň ýanyna bir ýa iki sany ahyraçy hem berilýän eken. Olaryň wezipesi şeýle.

Aşakdan ýokary zyňylýan laýy bir batda raýyşyň üstüne zyňmak mümkin bolmasa (raýyş belent bolanda), raýyşyň orta gürpünde bir ýa iki ahyra (laý aşak togalanmaz ýaly tekiz sekiler) edilip, laý ondan oňa zyňylýar. Ahyrada aýallar we ýetginjekler işledilipdir. Gürrüň berişlerine görä, atamyň ýanyna düşen ahyraçylar hezil edýän ekenler, çünki atam il paýyny ýarpylaberende gazuwa başlap, laýy köplenç ahyra däl-de, raýyşa atar eken. Gazy-haşar işleri barada munça gürrüň edenime görä, bu gadymy hünär bilen baglanyşykly däpler barada käbir zatlary ýatlap geçeýin.

Suwarymly ekerançylyk bilen meşgul bolýan ülkeleriň ählisinde suw üpjünçiligi bilen dahylly zatlar mukaddes saýylýar. Hatda haýsydyr bir öwlüýä aýdylýan zady (meselem, janlyny) gazyçylara soýup berseň, şol kabul bolýarmyş diýen yrym bar. Gazy-haşar işlerini öýleriniň deňine gelende, adamlar mal soýup ýa-da bir tamdyr çörek bişirip, haşarçylary hezzetlärdiler. Ogul-gyz arzuw edýänleriň haşarçylardan ak pata almasy hem ýönelige däl. Ýap ýa-da guýy gazan adama goýulýan sarpanyň şaýady hökmünde “Müň meçitden (metjitden) bir geçit (köpri), müň geçitden bir içit (guýy)” diýen nakyly ýatlamakçy.

Biziň obamyzda-da haşar ýakynlaşyberende, gazyçylary garşylamaga taýýarlanardylar. Ylaýta-da obanyň oglanlary gazynyň uly köprülere ýeterine sabyrsyzlyk bilen garaşardylar, çünki onuň öz hezili bardy.

Miraplar öt-geçli köpriniň töweregindäki paýlary pälwan adamlara bererdi. Ötegçi köprä ýakynlaşyberende, haşarçylaryň biri ýa ikisi onuň öňünden çykyp, arassa piliň ýa kepjäniň üstünde bir döwüm nan goýup, oňa hödür ederdi. Däp boýunça ötegçi duz dadyp, töwir edensoň, üç şertiň birini ýerine ýetirmelidi: göreşde ýykmaly (diňe birini däl, eýsem, göreşmäge höwesek haşarçylaryň ählisini), bir paýy gazyşmaly ýa-da nämedir bir zat tölemeli. Göreşem köp tutulardy, ýöne weli ötegçileriň aglabasy haşarçylara pul ýa iýip-içer ýaly bir zat berip, ak pata alyp

geçerdiler.

Poçtalýon döwrümde men etrap merkezine—Burdalyga köp gatnaýardym. Şol ýyllar bu etrapda “Gyzyl Oktýabr” diýen gazet çykýardy. Ynha, bir günem redaktoryň orunbasary Mimin Rahman maňa kolhozdaky we mekdepdäki täzelikler we kemçilikler barada gazete makala ýazyp durmagy tabşyrdy. Ilkinji makalam çykanda, men gaty begendim, ony ähli ýoldaşlaryma görkezip çykdym. 1947-nji ýylyň dekabrynda gazetde “Göwnüm” diýen goşgym çap edilende weli has-da beter begendim, ýöne, soň görüp otursam, bu goşgy Durdy Gylyjyň “Göwnümi” bilen tas sözme-söz diýen ýaly gabat gelýärdi. Diňe “Etrabym Tagtadyr, Bedirkent—ilim” diýen setirleri “Etrabym Burdalyk, Gultakdyr ilim” diýip üýtgedipdirin. Muny obamyzyň kitaphanaçysy Ogulmyrat Illi bilip, meni köpçülikde utandyrdy. “Edebiýat ogrusy” diýen erbet ady almazlyk üçin, beýle işi gaýtalamazlygy hem tabşyrdy. Men gaýdyp goşgy ýazmadym.

Makala ýazmagy-da goýdum, has dogrusy, goýmaga mejbur edildim. Munuň sebäbi şeýle boldy. Bir gün günortana ýakyn sygyr gabalýan howlynyň ýanyndan geçenimde, göle çopanyň öz bakmaly gölelerini günorta çenli agyla gabap goýanlygyny, aç göleleriň hem moňňuryşyp durandyklaryny gördüm we bu barada gazete ýazdym. Göle çopany garyndaşymyz bolup çykdy, gara mallar fermasynyň müdiri hem duldegşir goňşymyz Berdimyrat agady. Redaksiýadan kolhoza jaň edip, olaryň atlaryny alypdyrlar we makalada meniň adym bilen olary gowy ýepbikläpdirler. Gazetiň obada ýaýran güni göle çopany we Berdimyrat aga ikisi gelip, meni atama ýamanladylar. Atam maňa gaty käýedi we gaýdyp gazete zat ýazmazlygy tabşyrdy.

Meniň poçtalýonlygym 7-nji klasda okap başlan wagtymyza çenli dowam etdi. Sentýabr aýynyň ortalarynda mekdebiň direktory Akmyrat Jomardow ýanyna çagyrdy-da:

—Sen kolhozdaky ähli işiňi goý. Oktýabryň 1-inden seni mekdebiň pionerwožatysy wezipesine bellemekçi. Ertirine uly arakesmede kiçi okywçylary oýnadarsyň hem-de tertibe seredersiň. Aýlygyňam 400 manat çemesi bolar—diýdi. Ol döwürde enem-atamyň ikisiniň bilelikde alýan haky hem 400

manada ýetmeýärdi. Şonuň üçinem tä 7-nji klasy gutaryp, Kerkä okuwa gidýänçäm, meniň alýan aýlygym maşgalamyzyň maňlaýyndan diredi. Enem şol döwürde eýýäm magazinlere köp gelip başlan gülli matalardan alyp, ýorganymyzy we özüniň hem-de gyzlaryň eşiklerini täzeledi, maňa özbaşyma ýorgan tikip berdi.

Indi 7-nji klasdaky okuwlarymyz barada-da käbir zatlary gürrüň bereýin.

Klasdaşlarymyň arasynda Hudaýberdi Allanazar we Aky Aganyýaz dagy gaty gowy okaýardylar. Ylaýta-da Aky çeper eserleri köp okardy. Ol şol ýyllarda çap edilen “Polkuň ogly”, “Mugallymyň gyzy” ýaly ençeme eseri hemmämizden öň okap, bizi-de olary okamaga gyzyklandyrypdy. N. Ostrowskiniň “Polat nähili taplandy?” diýen eserini, şoňa meňzeş birnäçe kitaby okamagyma-da Aky sebäp boldy. Biz bu okalan kitaplar barada çekişmeler hem gurardyk.

Ökde okaýan klasdalarymdan Hudaýberdi Kerkidäki oba hojalyk tehnikumynyň, soňra-da Aşgabatdaky oba hojalyk uniwersitetiniň agronomçylyk bölümlerini tamamlap, öz kolhozymyzda uzak wagtlap agronom bolup işledi.

Aky maşgala ýagdaýy zerarly bada-bat okuwa gidip bilmedi. Okuwy gutaran dessine Garabekewüle göçüp, gaýybana okady. 35 ýyllap hem şu etrabyň medeniýet edaralarynda abraýly işledi, hökümet sylaglaryny hem aldy. Häzir ol hormatly dynç alyşda.

Bizi 5—7-nji klaslarda-da uruşdan dolanyp gelenler ýa-da ýediýyllygy gutaranlar okatdylar. Olaryň hiç birinińem orta bilimi ýokdy. Mekdebiň direktory Akmyrat Jomardow, Allamyrat Çaryýew ýaly birlän-ikiläni bolaýmasa, peduçilişede gaýybana okaýanlaram ýokdy. Olara ene dilinden beýleki ähli sapaklar ynanylýardy. Meselem arifmetikadan we fizikadan Fawziýa okadýardy, ýöne onuň hasap ugrundan düşünjesi gaty gowşakdy. Mekdepde bu ugurdan idili bilim alyp bilmedigimiz üçin, klasymyzdan hasaba ökde okuwçylaram çykmady. Peduçilişede okanymda-da men arifmetika, fizika ýaly derslerde köp kynçylyk çekdim, iksli, igrikli meseleler-ä çözübem bilmeýärdim.

Mugallym tapylmadygy üçin, 7-nji klasda himiýa sapagy asla geçilmedi, has dogrusy, diňe bir sagatjyk himiýa okadyk. Asly ahally Ata Işangulyýew diýen ýaşuly mugallym bir gün klasa girdi-de, "Maňa siziň klasyňyzda himiýa sapagyny okatmagy tabşyrdylar" diýdi, soňra stoluň başyna geçip, "Himiýa" diýen okuw kitabyny agdaryşdyrmaga durdy. Haýsydyr bir sahypanyň ýüzüne esli salym seretdi, okady, soňam tagtanyň ýanyna baryp, onuň ýüzüne "Suw" diýip ýazdy:

— Himiýadan biziň ilkinji geçjek temamyz "Suw" bolmaly.

Şondan soň bize suwuň ähmiýeti, janly jandarlar we ösümlikler üçin onuň zerurlygy, suwuň dag çeşmelerinden derýalara, deňizlere guýşy barada giň gürrüň berdi. Mysal hökmünde-de biziň obalarymyzyň gaýrasyndan akýan Amyderýanyň gündogardaky daglardan baş alyp, aýagynyň Arala guýýanlygy hakda aýtdy. Temany düşündirdim hasap edenden soňam, ol okuwçylara "Kimiň nähili soragy bar?" diýip ýüzlendi. Hudaýberdi Söýeg bir gülegen we wäşi klasdaşymyz elini galdyrdy:

— Ýoldaş mugallym, meniň soragym bar.

— Hawa, soraber.

— Siz derýa Aral deňzine guýýar diýdiňiz. Derýanyň ýakynda bolup geçen daşgynynda suw joşdy, ol hut gaçydan aşdy, ähli jeňňeli basdy gitdi. Munça suw gije-gündiz akyp ýatsa, Aral suwdan dolaýmaýarmyka?

Mugallym birsalym dymdy-da, oňa şýele jogap berdi:

— Sen bir zada düşün. Deňzem suwdan dolarmy? Doýmaz-dolmazlygy üçin oňa deňiz diýilýär. Soňam üns ber: derýa deňze çenli ýüzlerçe kilometr ýol geçýär. Bu aralykda ekinler suwarylýar. Ynha, seniň obaňdaky ýaplara-da suw derýadan alynýar. Onuň ugrundaky ähli janly- jandarlaram suw içýär. Şonuň üçin derýanyň suwy deňze barýança gaty azalýar. Şol ujypsyzça suwuňam belli bir mukdary bugarýar. Deňziň içinde-de balyk diýdi, gurbaga diýdi — dürli haýwan köp. Olaram gije-gündiz suw içip ýatyr ahyry. Şeýdibem deňzi doýmaga goýmaýarlar—diýdi. Biz gülüşdik, mugallymyň gahary geldi. Sapak gutarmanka-da ol klasdan çykyp gitdi. Soňam sapaga

gelmedi

6 — 7-nji klaslarda okatmaga mugallym tapylmadyk diňe bir himiýa däldi. Fizika, geometriýa, algebra, matematika, orus dili sapaklary hem orta bilimi bolmadyk mugallymlar tarapyndan geldi-geçer okadyldy. Şeýdibem biz doly däl orta mekdebi (ýediýyllygy) gutardyk. Jemi 17 okuwçydan üç sanysyna (şol sanda maňa-da) taryp haty berildi. Şol döwürde tehnikumlar we uçilişeler taryp hatyny alanlara synagsyz okuwa kabul edýärdi. Ýöne weli ol ýyllarda biz nirede nähili okuw jaýynyň bardygyny hem bilmeýärdik. Tutuş Burdalyk etrabynda ýeke orta mekdep hem ýokdy (häzir bu ýerde olaryň 10-sy bar). Şonuň üçin hem klasdaşlarymdan Hudaýberdi Söýeg Hojambaz etrabynyň Beşir obasyndaky orta mekdepde, käbirleri derýadan geçip, Garabekewüliň merkezindäki mekdep-internatda okuwyny dowam etdirdiler. Akmyrat Jomardow, Raziýa Hüseýinowa, we Allamyrat Çaryýew ýaly mugallymlaryň maslahaty bilen men Kerkidäki pedagogik uçilişä okuwa girmegi ýüregime düwdüm. Hudaýberdi Allanazar, Soltanmyrat Hojaguly ýaly klasdaşlarymyň hem bu şäherdäki oba hojalyk tehnikumyny saýlamagy meni gaty begendirdi. Ýöne weli Kerki serhet şäheri bolany üçin, oňa dokumentsiz gitmek bolmaýardy. Şonuň üçinem dogluş şahadatnamasyny (metrika) almak üçin biz etrap merkezine çenli bolan 10 kilometr aralygy ençeme gezek sökmeli bolduk, çünki kolhoz başlygy özünden rugsat bolmasa, kolhozyndan okuwa gitjeklere dokument bermezligi ZAGS bölüminden haýyş edipdir. Şonuň üçinem bizi köp gatnatdylar, diňe 25-nji awgustda, onda-da etrap bilim bölüminiň müdiri Nyýazdanowyň kömegi bilen metrika aldyk.

Okuwa gitmäge bir-bir ýarym aý öňünden taýýarlanyp başladyk. Enem maňa iki sany bagjykly köýnek, ak we gara matalardan iki sany uçgurly balak, bognama nagyşly täzeje tahýa, pagtaly don tikip berdi. Aýakgabym weli ýokdy.

Enem 10 —15 tamdyr süýtli külçe ýapyp, ony jaýda ykjam guratdy we meniň üçin ýörite bizden tiken uly haltasyna ýerleşdirdi (uruş döwrüniň yz ýanlary bolany üçin, ol döwürde çörek gytdy, şonuň üçinem şäherlere okuwa gidýänleriň esasy

ýüki külçe bolardy).

Awgust aýy aýaklaberende, obamyzdan peduçilişede okap ýören Işanguly Hudaýguly Burdalyga gidip, etrabyň MTS-inden Kerkiçä haçan maşynyň gitjekdigini bilip geldi. Ol döwürde bu aralyga gatnaýan awtobus ýa başga ulag ýokdy, diňe köp kireý töläp, ýük maşynynda gitmelidi. Ýoluň Burdalyk—Mekan aralykda hem 10 kilometr çemesi ürgün çägäniň üstünden geçýänligi üçin, bu ýoldan çem gelen maşyn ötüp bilmeýärdi. MTS-de iki sany uly ýük maşyny bolup, olar demir ýol stansiýasyndan Burdalyk üçin niýetlenen ýükleri getirmäge Amyderýa şäherçesine ýa Kerkiçä hepdede- on günde bir-iki gezek gatnaýardy. Ynha, bizem şol maşynlaryň birine münmelidik.

Ugramaly gün ýetip geldi. 5 — 6 oglan bolup, Işanguly Hudaýgulynyňka üýşdük. Külçe we beýleki zerur zatlarymyz salnan haltalarymyzy bogup, olary artmak edip, üç eşege ýükledik. Eşekleri yzyna alyp gaýtjak oglanlar bilen bilelikde ýola düşdük. Köpimiz pyýadadyk. Men öz eşegimize mündüm. Bizi enelerimiz we syrgynymyzyň adamlary ak pata berip ugratdylar. Ugradýanlaryň arasynda Hojamyrat hem bardy. Biz arany açmankak, ol:

— O-how, men pul tapdym—diýip gygyrdy. Onýança ýanyndaky oglanlar hem ýeliň ygyna uçýan pullary çöpleýärdiler. Eşegiň üstünde şu gün geýen uzyn köýnegimiň etegini düýrläp öňüme çekenimde, onuň giň jübüsine salan otuz sany täzeje onluklarym typyp gaçyp, ýeliň ugruna uçup dagan bolsa nätjek?! Pullary çöpläp, eneme berdiler. Enem oglanlara sag bolsun aýdyp, pullary maňa bermän, göni Işangulynyň ýanyna ugrady. Eşekleriň öňünde pyýada barýan, emma häzir pul çöpleýänlere gülşüp seredip duranlaryň arasyndaky Işangulynyň ýanyna baryp:

— Işanguly, biziň bu oglumyz-a entek obadan çykmanka puluny gaçyryp ýör. Puly sen al-da, muňa geregini beriber — diýip, pullary oňa gowşurdy.

Biz ir öýlän Burdalyga geldik, ýöne MTS-iň deňinde däl-de, ondan ötüp, iki kilometr çemesi uzaklykda, iki gyrasy tutly

könäni ýoluň kesip geçýän ýerinde düşledik we haltalarymyzy ýoldan çetiräge çekip gizledik. Munuň öz sebäbi bardy. Maşynyň şafýory Nikolaý diýen orus adamsy milisionerleriň we etrap ýolbaşçylarynyň gözüniň öňünde ýük maşynyna onça adamy mündürmäge heder edip, bizden şol ýerde garaşmagy talap edipdir. Galyberse-de, şäherçäniň içinde başlykdan rugsatsyz okuwa gidýänleriň bilinmegi we alnyp galynmagy mümkindi. Şonuň üçin-de biz eşekleri dessine yzyna ugradyp, özümiz könäniň içinde bukup, tä garaňky düşýänçä garaşdyk. Bu ýerde bizden öň gelen 10—15 sany oglan hem bar eken. Agşama çenli bolsa bu ýere gelenleriň sany barha köpeldi. Garaňky gatlyşansoň, maşyn geldi. Kömekleşip, haltalarymyzy maşyna ýükledik. 40 çemesi adamyň içi çörekden doly haltalary maşynyň boş kuzowyny ýüzleme edip doldurdy. Uly we daýaw oglanlar kuzowyň öň tarapynda, biz bolsa tapan ýerimizde ýerleşdik. “Günämizi Alla geçirsin” diýi dileg etdik-de, çörekli haltalaryň üstünde oturdyk.

Maşyn ýola düşdi. 10 — 12 kilometr geçip, ol ýoluň çöle girýän ýerinde saklandy. Şafýor we onuň ýanyndaky Mahmut tatar diýen daýaw ýoldaşy ählimizi maşyndan düşürip, 100 manat pul tölemegi, pul tölänleriň hem maşynyň öňüne geçmegini talap etdi. Pul ýygnalansoň, Mahmut ürgün çägelikde hemmämiziň maşyndan düşüp, 2 — 3 kilometr pyýada ýöremegimizi, maşynyň batan ýerinde daýaw oglanlaryň yzky goşa tigriň öňüne boýy iki metr çemesi agaç (şalman) taşlamalydygyny duýdurdy. Aýdylan ýerde maşyndan düşdük. Kuzowyň aşagyndan sogrulyp alnan agaçlary egnine atyp, iki oglan yzky tigirleriň deňinden ýöredi. Maşyn batyberen ýerinde, olar agajy tigriň öňüne taşlaýardylar. Has ürgün çägeli ýerde maşyn agajyň üsti bilen bir metr çemesi öňe süýşýärdi, ýöne agajy weli ürgün çäganiň aşagyna çuň gömüp gidýärdi. Ony gazyp çykarýançak, esli wagt geçýärdi. Şeýde-şeýde, iki kilometr çemesi aralygy bir-bir ýarym sagatda geçdik. Beşiriň çägesinde hem şonçarak wagt eglenip, şafýordan suwly ýabyň boýunda saklap geçmegini haýyş etdik we maşyna mündük. Tigriň sepen çägeleri derlän endamymyza ýapyşyp, tenimizi awuşatsa, yzdan ösýän ýel şor ýoldan göterilýän tozany

üstümize ýagdyryp, ýüz-gözümizi küle agnana dönderipdi. Suwuň boýunda el-ýüzümizi ýuwup, suwdan gananymyzdan soň, ýene ýola düşdük. Maşynyň üstünde haltamyzdan külçe çykaryp, ony ýolboýy gemrip gitdik.

Gije ýarymdan agandan soň Kerkiçä gelip, motorkanyň (ýolagçy gämisiniň) duralgasynda tä ertire çenli garaşdyk.

## PEDUÇILIŞE

Irki motorkada Kerkiçeden Kerkä geçdik. Haltalarymyzy arkamyza alyp, şähere ugradyk. Derýanyň boýundaky parkdan geçip, oba hojalyk tehnikumyna gelen Hudaýberdi, Aky, Soltanmyrat dagy bu ýerde öňden okap ýören Pirli Şamyrat, Seýti Rahman dagy bilen saga sowuldylar. Men bolsa Işanguly, Begli Gurt we beýlekiler bilen uçilişä geldim. Howluda bir-iki sagat garaşanymyzda soň, bizi uçilişäniň ikinji gatyndaky giň otaglara ýerleşdirdiler (birinji gaty okuw klaslary eýeleýän eken). Men birinji kurslara niýetlenen 12-nji otagdan ýer aldym. Üstüne atylan ýorgan-düşekleri gowy rejelenip, ak prostyn bilen örtülen otuz sany krowatyň köpüsi eýelidi. Ony krowatlaryň aşagynda goýlan haltalardan we çemodanlardan bilmek bolýardy. Menem haltamy bir boş krowatyň aşagyna dykdym. Krowatyň bir burçunda oturyp, ýoldaşlaryma syn etdim. Nätanyş ýüzler. Käbiriniň-ä gepine-de düşünmeýärdim. Biraz oturanymdan soň, içim gysyp başlady. Işangulynyň gözlegine çykdym. Agşama çenli bile bolduk. Ol meniň ertir barmaly klasymy gözrkezdi. Bile naharlandyk.

Öň bu ýerde bir ýyl okanlygy üçin, Işanguly dagy gaty şadyýandy. Ol öz kursdaşlary bilen degişýärdi, gülüşýärdi. Men weli hiç kim bilen goşulyşyp bilmedim. Ýat sürä düşen mal ýaly, görenimden çekindim. Içim gysyp başlady. Men otagyma geldim. Oglanlaryň köpüsi eýýäm ýatyrdy. Menem ýatmaga taýýarlandym. Ilki matrasyň üstüne goýlan ak prostyny ýalaňaç aýagymyň hapalamazlygy üçin aýyrdym-da, epläp ýassygymyň aşagynda goýdum. Soňra beýleki prostyny ýorganyň üstüne ýazdym we ýorganyň aşagyna girdim. Düýn gijeki ukusyzlyk

we gündizki ýadawlyk zerarly, derrew uka gitdim.

Ertir ir bilen 5 — 6 adam gelip, ählimizi turuzdy. Hemmämizi ortada dik duruzdylar. Olaryň içinde bir ýaşulusy (ol mugallym Selim Seýidow eken) bize prostyny ýorganyň üstünde däl-de, aşagyndan ýapmalydygymyzy, ony hepdede ýuwup bolýanlygyny, ýorganyň bolsa ýuwulmaýandygyny, şonuň üçin ony kirletmeli däldigimizi ýeke-ýeke düşündirdi. Uçilişede aýakgapsyz gezmegiň bolmaýandygyny, şu gün aýakgap almalydygymyzy hem sargady.

1-nji sentýabr güni men ir bilen 1 “A” klasynyň okamaly otagyndan orun belledim. Emma jaň kakylmanka klas oglan-gyzdan hyryn-dykyn doldy. Olaryň arasynda 20—25 ýaşly daýaw pyýadalaram bardy (uçilişede biziň bilen bile uruşda bolup gelenleriň hem ençemesi okady). Olaryň biri gele-gelmäne meniň ýanyma geldi-de:

— Näme üçin .meniň ýerimi aldyň? Hany, tur!—diýip, meni turzup kowdy-da, ýerimde özi otuyrdy. Men polda oturanlara goşuldym. Okuw müdiri Seýidow bilen birlikde iki sany mugallym klasa girdi. Müdir bize giriş synaglarynyň boljak däldigini, şu gün we ertir ene dilinden we orus dilinden diktant, matematikadan hem barlag iş alynjaklygyny, şolaryň netijesinde şu toparda jemi 30 okuwçynyň okamaga galdyrylyp, pes baha alanlaryň hem öýlerine gaýtaryljakdygyny habar berdi. Biz hut şol günüň özünde iki diktant ýazdyk. Köp okuwçy, şol sanda menem polda oturyp, dyzymyzyň üstünde ýa ýatyp ýazdyk. Ertesi ir bilen matematikadan barlag iş aldylar. Uzak wagt geçmänkä hem netijeler yglan edildi. Klasymyzdan meniň we ýene bir oglanyň ählisi bäşlik eken. Dogrudan-da pes baha alanlaryň atlary okalyp, olar klasdan çykaryldy. Klasda 30 okuwçy galdyryldy. Býeleki B, W,G toparlarda-da şeýle edildi. Okuw başlananda uçilişäniň howlusy oglan-gyzdan ýaňa hyň berýän bolsa, sentýabryň 5-inden soň ol boşap galdy. Klas partalaryna-da doly ýerleşdik we okap başladyk.

Ýatak jaýymyzy barlan mugallymyň diýenini edip, men şol gün Işanguly bilen gidip, bazardan özüme köwüş (tapoçka) aldym. Ýöne uzak wagtdan bäri aýakgap görmedik aýak köwşüň

içinde özüni hut kapasda ýaly duýdy. Şonuň üçinem ýolda we howluda-da mugallymyň ýok ýerinde köwşümi çykaryp, elime alyp gezdim. Klasa ony geýip gelsemem, partanyň aşagynda aýagymdan çykaryp goýdum. Mugallym tagta çykaraýsa, köwşi dessine geýdim. Täze köwşi uzak geýmek miýesser etmedi. Bir gün sapak gutaransoň, köwüşsiz oturanymy ýadymdan çykaryp, ony goýup gaýdypdyryn. Bir-iki sagatdan soň baryp görsem, köwüş ýok ekeni. Şeýdip, ýene dört-bäş gün aýakýalaň gezdim.

Ynha, şol günleriň birinde birinji klasa kabul edilen ähli okuwçylary howlynyň içinde hatar duruzdylar. Ähli mugallymlar, okuw müdirleri we direktor Ruslan Ergeşow dagy öňde goýlan oturgyçlarda oturdylar.

Ergeşow öňe çykyp, bizi uçilişä kabul edilendigimiz bilen gutlady. Käbir mugallymlar hem gutlag sözi bilen çykyş etdiler. Soňra müdir Seýidow dört sany türkmen we bir sany orus toparly klaslarda geçirilen barlag işleriň ählisinden bäşlik alanlaryň atlaryny okap, olary öňe çykardy. Menem öňe çykdym. Jemi 15 — 20 okuwçy. Ergeşow bize berekella baryny aýtdy we ahyrda-da:

— Ynha, şu ýigitler ýaly okaň. Bular biziň uçilişämize abraý getirip, gowy mugallymlar bolup ýetişerler. Şeýle ogul-gyzlaryna bulary okadan mugallymlar, ylaýta-da olary Kerkä okuwa ýollan ene-atalar guwanmaga haklydyrlar—diýip, sözüni gutardy. Ergeşowyň birnäçe gezek "ene-ata" sözüni agzamagy maňa öz ene-atamy ýadyma düşürdi. Öňem içim gysyp, öýdäki doganlarymy, ylaýta-da enemi göresim gelýärdi, hatda gijelerine enem ýadyma düşende aglaýardymam. Içim gysmaz ýaly däldi, men entek oglanlar bilen goşulyşyp, ysnyşyp bilmeýärdim. Işanguly öýlänine, meniň hem ertirine okýanlygym üçin, men şähere hem çykyp bilmeýärdim. Bir gezegem oglanlar bilen bazara gidip, yza ýeke gaýdanymda azaşdym. Işangulynyň gündelik sowmak üçin beren üç manadyny hem bir şäherli oglana berip, onuň kömegi bilen uçilişäni tapdym. Oba hojalyk tehnikumyna giren obadaşlarym gaty şadyýandy, çünki olar köpçülikdi, okuwdan soň bile şäheri aýlanýardylar. Meniň ýanyma-da eýýäm iki-üç gezek gelip gidipdiler. Olar gidende

men hiç kime bildirmän aglaýardym.

Ynha, meniň üçin şol agyr döwürde Ergeşowyň ene-atamy ýada salany üçin, meniň bogazym doldy. Gözümiň ýaşyny gören we meniň ýagdaýymy duýan Ergeşow ýanyma geldi-de:

— Bu ýigide serediň-ä. Men-ä muny öwüp durun, bu-da aglap dur. Bizem ilki başga şähere okuwa gidenimizde şeýle bolupdy. Ynha, tiz öwrenişersiň—diýdi-de, elýaglygyny çykaryp, meniň gözümiň ýaşyny süpürdi. Ruslan Alymowiç Ergeşowyň bu hereketi meniň ömürlik ýadymda galdy.

Ergeşow öňde duran bäşlikçileriň üst-başyna-da seretdi. Meniň we üç-dört oglanyň aýagy ýalaňaçdy. Ergeşow oturan mugallymlaryň biriniň ýanyna baryp, onuň gulagyna bir zatlar diýdi. Ol eline kagyz-galam alyp, biziň atlarymyzy ýazdy we ýygnak gutaran badyna yzyna tirkäp, komendatyň jaýyndan aýagymyza laýyk gonçly botinkalar alyp berdi. Şeýdip hem aýakgapsyz gezmek endigimizden el çekmeli bolduk.

Ähli birinji kurslaryň arasynda direktoryň we müdirleriň bizi öwüp, ýakymly sözler aýdanlygyna seretmezden, men tutuş sentýabr aýynda studentlik durmuşy bilen öwrenişip bilmedim. Gije-gündiz oý-pikirim okuwy taşlap, oba gitmek boldy. Bir gün men okuwy taşladym-da, Işangulynyň şu günki sowmak üçin beren üç manady bilen motorkada geçmek üçin derýanyň boýuna çykdym. Motorka ýaňy ugrapdyr. Gijä galdym. Indiki reýse çenli iki sagat garaşmalydy. Garaşdym. Ýöne weli kimdendir birinden meniň derýanyň boýuna gaýdanymy eşiden Işanguly hasanaklap geldi. Ilki käýedi. Soňra-da:

— Ynha, derýänyň aňrysyna geçdiňem-dä. Ondan aňry Burdalyga pyýada gitjekmi? Pullaryň mende ahyry. Beýle işiňi gaýtalama—diýip tabşyrdy.

Ertesi okuwdan soň Hudaýberi bilen Pirli gelip, meni oba hojalyk tehnikumyna äkitdiler. Bu ýer hezillikdi, obadaşlarym köpdi. Men tehnikuma girmedigime ökündim. Hudaýberdi maňa:

— Henizem bir pille. Sen bize geç. Birki gün meniň klasyma girip oka. Soň dokumentleriňi geçirersiň—diýdi. Men şeýle-de etdim. Ertesi 4—5 sagat Hudaýberdi bilen oturyp,

sapak diňledim. Gijede onuň krowatynda bile ýatdym. Soňky güni ikinji sapaga girip okamaga başlanymyzda, okap oturan klasymyzyň gapysy kakyldy. Men gapynyň aňyrsynda türkmen dili mugallymymyz Çary Pirjanowy we Işangulyny gördüm. Dessine oturan partamyň aşagynda bukuldym. Olar klasa girdiler. Işanguly Hudaýberdiden meni sorady. Olam meni görkezdi. Men olaryň yzyna düşmeli boldum. Olar ýolda maňa käýemediler. Pirjanow-a meniň okaýşymy öwdi, menden gowy mugallym çykjakdygyny, şonuň üçin az wagtyň kynçylygyna döz gelmelidigimi öz başyndan geçirenlerini mysal getirip nesihat etdi. Uçilişä ýetiberenimizde, olar aýak çekdiler-de meniň gelen netijämi soradylar. Men indiden beýläk uçilişede ymykly okamaga we göwnümi bölmezlige söz berdim. Sözümde-de durdum.

Şu ýerde men üç ýyllap duzuny iýen we okan uçilişämiziň jaýy bilen tanyşdyraýyn. Häzir ol şäheriň günbatar çetinde, Çärjew—Kerki şosse ýolunyň sagynda ýerleşýän bolsa, ol döwürde bu okuw jaýy şäheriň merkezinde, seýil bagynyň ýakynynda, ýatlanan şossäniň Doňuzköprüden geçip, merkeze gelip direlýän we gutarýan jaýyndady. Iki uly köçäniň çatrygyndaky burçda "G" harpy görnüşde gurlan bu binanyň ýokary gaty ýatakhanady, aşagy bolsa okuw jaýydy. Howlynyň gündogarynda soňra gurlan ýeke gat jaýlar hem bardy. Ýeriniň şorlugy üçin, howludaky guýynyň suwy hem şordy. Şol sebäpli Juma aga diýen bir täsin ýaşuly içilýän suwy eşek goşulan çeleklije arabasy bilen seýil bagyndaky guýudan çekerdi.

Juma aga kiçijik garaja eşegini nogtalap, nogta ýüpüni arabanyň bir gapdal agajyna daňardy. Çelegiň öňüne-de özi oturmak we ýatmak üçin galyň düşekçe atardy. Ol Maşa diýip at dakan eşegini at saýardy, duruzmak üçin oňa "Dur-r-r!", ýöretmek üçinem "Çüw, Maşa gitdik" diýip ýüzlenerdi. Getiren suwuny suw gaýnadylýan jaýyň öňündäki çeleklere boşadyp, ýene suw getirmek üçin baga ugrardy. Eşege ikinji gezek "çüw" diýmek, ony taýaklamak, oňa ýol gözkezmek zerurlygy ýokdy. Ol öwrenenje ýoly bilen gidip, şol bir baryp durýan ýerine baryp durardy. Eşek ýola düşenden Juma aga başyndaky gyrgyz keçe

şlýapasyny çykaryp, düşekçäniň belent tarapyna atardy, kellesini onuň üstünde goýup, arkan ýatardy-da, arabanyň tykyrdysyna goşup aýdym aýdardy:

*Poçeme ýa wodowoz? Potomu çto net wody.*

Bu setirler şol döwürde görkezilip başlanan “Wolgo-Wolgo” diýen täze kinokomediýada aýdylýan aýdymdandy. Juma başga aýdym aýtmazdy, diňe ýokarky setiri gaýtalardy.

Kerki şäheri häzirki biziň görýän şäherlerimizden üýtgeşikdi: onuň köçeleri dar, asfaltsyz, emma üsti dürli ululykdaky togalak çagyl daşlary bilen tekiz örtülendi, kerpiç düşelen trotuarlary hem bassyrmalydy.

Ynha, biz okap oturan otagymyzyň aýnasyndan daş düşelen ýoldan takyrdap geçýän üsti çelekli eşek arabany we arkan ýatan ýerinden şol takyrda goşup, “poçemu ýa wodowoz” diýen aýdyma käte bir zowladýan Juma agany günde bäş-on gezek synlardyk. Günleriň birinde bu aýdymyň sözleri üýtgedi duruberdi:

*Poçemu ýa Öde kel? Potomu çto başym kel.*

Öde kel diýilýäni geljekki edebiýatçy alym, professor Öde Abdyllaýewdi. Ol bizden iki kurs öňde okaýardy. Onuň kursdaşy, şahyr Allaberdi Haýydow Juma aganyň eline bäş manat tutduryp, ondan aýdymy üýtgedip aýtmagy haýyş edipdir. Juma aga-da razy bolupdyr. Öde bir gün özi barada aýdylýan aýdymy eşidip, arabanyň yzyndan kowup ýetipdir, eşegi saklap, Juma aganyň üstüne gygyrmaga başlapdyr. Emma Juma aga: “Maňa Öde kel boldy, başga kel boldy—tapawudy ýok, bäş manat berildimi—şu aýdymy aýdaryn. Sowul ýoldan. Çüw, Maşa, gitdik” diýipdir-de, guýa tarap ugraberipdir. Ahyrda Öde hem bäş manat berip, bu aýdymy goýdurypdyr. Emma Juma aga ol aýdymy wagtal-wagtal gaýtalady durdy, çünki Allaberdi oňa soň on manat berip aýtdyrypdyr, Öde-de şonça töläp goýdurypdyr. Ahyrda bu gürrüň direktora ýetdi. Juma aga-da Öde barada aýdym aýtmasyny goýdy.

Uçilişäniň howlusy şorluk bolup, onda ýeke düýp agajam ýokdy. 1950-nji ýylyň baharynda direktoryň ýolbaşçylygynda talyplara howlynyň içinde, jaýlaryň öňünde çuň ýaplar

gazdyrylyp, oňa gowy gum döküldi, soňra-da suwarylyp, hatara derek, tal ýaly agaçlar ekildi. Her talyba öz eken nahalyny idetmeklik tabşyryldy. Meniň oturdan nahalym howlynyň töründäki girelgäniň çep tarapyndady. Nahallar gowy gögerdi, bir ýylda iki-üç metr boý aldy, biz uçilişäni gutarýançak bolsa ol iki gat bina bilen deňleşdi. Käte bir Kerkä düşenimde, häzir mekdep-internata öwrülen bu binanyň howlusyna girip, men şol öz eken agajymy synlaýaryn: üç şahaly äpet agaç binadan has ýokarda howalanyp dur.

Bir gezek şol agajy synlap durkam, mugallymlaryň biri ýanyma geldi-de:

— Ýaşuly, kimi gözleýärsiňiz?—diýdi.

— Hiç kimi gözlämok. Bir wagt eken agajymy görmäge geldim — diýdim-de, şol agajy görkezdim. Ol meniň kimligimi anyklansoň: “Azajyk garaşyň” diýip, içeri girip gitdi, üç-dört mugallymy yzyna düşüribem ýanyma geldi. Salam-helikden soň, men olara howlynyň içindäki hatara agaçlaryň taryhyny gürrüň berdim. Mugallymlaryň arasynda okuw müdiri hem bar ekeni, ol şu uly arakesmede okuwçylary howla çykarmagy buýurdy, gapdaldaky otagdan hem iki-üç stol we oturgyçlar getirtdi. Men şol gezek ýygnananlara uly howla kölege berip oturan şu agaçlary nähili ekenligimizi, her okuwçynyň bir hanal oturdyp, tä okuwy gutarýança oňa seredenligini gürrüň berdim, öz eken agajymy görkezdim, girelgäniň deňindäki ýaýbaň deregi hem hirurg-professor Gurt Hudaýberenowyň ekenligini aýtdym. Şu duşuşykda menden soň geplän mugallymlar ýetişdirilen daragt ýaly gowy ýadygärligiň ýoklugyny, her kimiň öz ömründe agaç ekip, nesillere ýadygärlik galdyrmalydygyny biziň mysalymyzda öwran-öwran nygtadylar.

Uçilişede okap başlan döwrüme dolanyp geleliň. Dura-bara şäher durmuşy bilen öwrenişip gitdim, käbir kursdaşlarym bilen ysnyşdym.

Okuw maňa onçakly kyn düşmeýärdi, diňe orus dili biziň üçin agyrdy, hiç zat düşünmeýärdik. Harby okuw, bedenterbiýe ýaly dersleri orus mugallymlary okadýardy. Olaryň aýdýan zatlaryny bize uruşda bolup gelen kursdaşlarymyz Taş Begenjow,

Jomart Babaýew dagy terjime edýärdi. Wagtyň geçmegi bilen bu ýagdaýa-da öwrenişdik.

Orus diline düşünmeýänem bolsam, men orus dili we edebiýaty derslerinden bäşlik alýardym. Munda meniň ýatkeşligim kömek edýärdi: ähli geçilenleri ýa-da ýazdyrylanlary ýat tutýardym.

Wakalardan öňe geçibem bolsam, men okuwyň birinji ýylynyň aýagynda orus edebiýatyndan synagdan geçişimi gürrüň bereýin. Mugallymymyz Anna Wasilýewna diýen owadan tatar aýalydy, ýöne ol diňe orus dilinde gepleýärdi. Men ilkinjileriň hatarynda bilet çekdim. Üç soragyň üçüsini-de gowy bilýärdim, çünki mugallymyň ýazdyran we 50—60 sahypadan ybarat galyň depderi dolduraňkyrlan konspekti tutuşlygyna sözme-söz ýat tutupdym. Biletleriň birinji soragyndaky “Byliny” diýen tema boýunça konspektden ýat tutanlarymy hiç sakynman, sähelçe-de säginmän aýdyp berdim. Boldum edemsoň, Anna Wasilýewna meniň ýüzüme dikanlap seretdi-de, bir zatlar-bir zatlar sorady. Düşünmedim. Terjime etdiler. Men türkmen dilinde:

— Ýoldaş mugallym, men şu soragy başdan aýdyp bereýin—diýdim. Mugallym:

— Hany, aýt—diýdi. Menem şol sorag boýunça manysyna düşünmän ýat tutanlarymy bir başdan eňteriberdim. Mugallym maňa ýazan konspektimi bermegimi talap etdi. Men ony getirip berdim. Bezelip, sünnälenip, yhlas bilen ýazylan depderden “Byliny” diýen temany tapdy-da, menden ony täzeden aýdyp bermegimi talap etdi. Men aýtdym, Anna Wasilýewna tekstden yzarlady. Sözme-söz dogry gelýändir-dä. 5—6 sahypa böküp, başga bir temany sorady. Men weli totuguş ýaly saýradym. Depderiň ortasyndan, yzlaryndan sorap gördi. Onuň ähli temalrynyň tutuş ýat tutulanlygyna doly gözi ýetenden soňra şapbady bilen maňlaýyna çalaja urup, orus dilinde şeýle diýdi:

— Kakoý trud, kakoý trud?! (Nähili ejirli zähmet?!) Bu zähmet üçin bäşlik baha az bolýar. Orus edebiýatyndan hiç hili düşünjäniň ýoklugy üçin, ikilik baha-da köp bolýar.

Mugallym nähli baha goýjagyny bilmän, esli salym oturdy. Soňam orus dilinde bir zatlar diýip, bäşlik baha goýdy. Elbetde,

yhlasymy nazara alandyr-da.

Men beýleki synaglardan hem bäşlik baha aldym.

Birinji kursdaky synaglar barada gürrüň edilende, şeýle bir waka ýadyma düşýär. Bedenterbiýe mugallymymyz Ýermolow haýsydyr bie baýramçylyk gününde şäher stadionynda sport ýaryşlarynyň geçiriljekdigini aýdyp, oňa maýka-türsük (trusy) geýip gelmelidigimizi, şondaky çykyşlar esasynda hem baha goýuljakdygyny duýdurdy. Köpüň içinde türsükli gezmegi çuw ýalaňaç bolmak bilen deň görýänligimiz üçin, biz 5—6 oglan bolup, magazinden uzynrak, aşaklary hem rezinli trikotaž türsükleri satyn aldyk. Ony balagyň içinden geýip hem stadiona geldik. Mugallymyň görkezen ýerinde üstki eşiklerimizi çykardygam weli, öňi bilen biziň türsüklerimize gözi düşen Ýermolow we beýleki mugallym gülüp başlady. Görüp otursak, biziň türsük diýip satyn alanymyz erkekleriň türsügi däl-de, gyzlaryň reýtuzy bolsa nätjek?!

Biz üstki balaklarymyzy geýip ýaryşa goşuldyk.

Wakalardan öňe geçip, şol ýyllarda eşik geçmek bilen baglanyşykly ýene bir säwligimi gürrüň bereýin. Ikinji kursda okap ýören döwrümde magazinden bir arzanja kostýum satyn aldym. Balakdan we kitelden ybarat bolan bu kostýumyň matasy ýüpek ýaly ýumşakdy, uzaboýa ýaşyl, sary we gara çyzmyklydy. Men ony geýip, okuwa baranymda, kursdaşlarymyň oňa gözi gitdi, olaram alarman boldular, ýöne öýlän magazinden bu eşigi tapmadylar: gutarypdyr.

Bir gün şäherde şol eşigi geýip gidip barýarkam, öňümden çykan bir garry orus adamsy meni saklady we arassa türkmen dilinde:

— Oglum, egniňdäki eşigiňi geýip, meýdana çykmak bolmaýar, oňa gije geýilýän požama diýilýär. Ol ofiserleriň gije geýýän eşigi. Men türkmen atly polkunda gulluk edenimde, bu ala-mula eşigi komandirlerimiz geýip ýatardy—diýdi. Eý görýän eşigimden aýrylyşmak ýakmady, men ony ýene birnäçe gün geýdim. Şol barmaşa, orus dili mugallymamyz Ýegeniýa Konstantinowna Hohlowa diýen ýaşuly aýal hem ýaňky ofiseriň aýdanlaryny gaýtalandan soň, men bu eşigi ýokladym—

hyrydary köp bolany üçin, ony Temirhana alan bahama satdym. Gündiz, onda-da meýdanda geýilýän eşik dälligini bilen dessine, Temirhanam ony ýoklady.

Ýanwaryň ortalarynda ýarymýyllygyň ähli synaglaryndan dynyp, gyş kanikulyna çykdyk. Bu güne men sabyrsyzlyk bilen, onda-da gün sanap ýetdim. Öýden gaýdalym bäri geçen dört ýarym aý meniň üçin uzak ýyllara dönüpdi. Enem ýadyma düşende, ony göresim gelip, ýüregim jigläp gidýärdi.

Kanikula çykyp, oba gitmek üçin entek sessiýa döwründe taýýarlanyp başladyk. Sowgatlyk süýji, çagalara oýnawaçlar aldyk, saçymyzy syrdyrdyk, çünki maňlaýda ösgün saç goýdurýan adam obada erbet görülýärdi.

Saç goýdurmak we saç syrdyrmak barada gürrüňe başlanymyz üçin, men bu barada käbir zatlary ýatlamakçy.

Obadan şähere okuwa gelen oglanlaryň ählisiniň saçy syrylgydy. Diňe bir oglanlar däl, eýsem, gyzlaryň hem aglabasynyň, ylaýta-da Halaç etrabyndan gelenleriň saçy syrylandy. Olaryň ýalaňaç kellesiniň alty ýerinde: iki çekgesinde, maňlaýynda, ýeňsesinde we depesiniň iki ýerinde ösgün gulpaklary bolup, ol keşdelenip tikilen araky tahýalarynyň eteginden çykyp durardy. Okuwa girenden soň gyzlar saçyny syrdyrmagy bes edýärler, oglanlar bolsa päki bilen kellesini syrdyryp, maňlaýynda aýa ýaly ýerde saç goýdurýardylar.

Şol döwürde Kerki şäherinde dellekhananyň bardygy ýadyma düşmeýär. Biz saçymyzy bile okaýan ýoldaşlarymyza syrdyrýardyk. Ol ýyllar entek almaz-päki (lezwiýe) diýen zat ýokdy. Şonuň üçinem goşun gullugynda ýa-da uruşda bolup gelen kursdaşlarymyzda saç-sakgal syrmak üçin ullakan türkmen päkiler bolardy. Biz saçymyzy şolara syrdyrýardyk.

Wakalardan öňe geçip, bu babatda ýene bir zady gürrüň bereýin. Uçilişäniň birinji kursyny gutaryp, tomus kanikulynda oba gelenimde, men maňlaýymda goýduran saçymy syrdyrman, üstündenem ak papak geýip, oba geldim. Garry aýallar enemiň ýanyna gelip, saçymy syrdyrmagymy, papagymy hem tahýa bilen çalyşmagymy talap edipdirler. Kimdir biriniň laýyna (jaý salmak üçin ýowara) baranymda bosa Reýimberdi aga

diýen ýaşuly garyndaşymyz bilen görşenimde, ol meniň elimi goýbermän, gaýtam beýleki eli bilenem ösgün saçymdam tutup, töweregindäkilere gygyrdy:

— Hany, maňa bir pil beriň. Atanyýazyň bu gäbi azan oglunyň saçly kellesini boýnundan çapyp zyňaýyn.

Ýowara gelenler meniň düşen ýagdaýyma gülşüp tomaşa edýärdiler. Şol arada Çärjewdäki medisina uçilişinde okaýan Ýagmyr Kuly diýen ýaşuly obadaşym ýanymyza geldide, Reýimberdi aga ýüzlendi:

— Reýimberdi aga, şäherde saç goýdurmasaň, ähli adam saňa "lysyý" diýip at dakýar, bu söz bolsa "tilki" diýmegi aňladýar. Özümize "tilki" diýdirmejek bolup, şäherde saç goýduryarys. Menem saçymy oba gaýtmazymyň öň ýanynda syrdyrdym- diýdi. (Ýagmyr bu ýerde lysyý-"takyr kelle" we lisa-"tilki" diýen ors sözlerini gatyşdyrýardy). Reýimberdi aga şondan soň saçymy goýberdi we obada saçly gezmezligi tabşyrdy.

Ýarym ýyllyk synaglar gutarandan soň, oba gitmeli gün gelip ýetdi. Men öýe äkitmejek zatlarymy çemodana salyp, agzyna-da asma gulp urdum we komendanta tabşyrdym. Egnime obadan geýip gelen pagtaly gyzyl donumy, başyma tahýamy, aýagyma-da täze satyn alan we ýörände jarkyldap ses edýän tapoçkamy geýdim-de, ýoldaşlarym bilen Kerkiçä geçdim we birnäçe maşyna münüp, iki günde Burdalyga aşdym.

Kanikul 12 günlük bolup fewralyň başyna Kerkä dolanmalydy. Ýöne biz fewralyň aýagyna-da Kerkä gelip bilmedik.

1950-nji ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda gyş gazap geldi. Üstli-üstüne ýagan galyň gar bir aýdanam köp ýatdy, pesi-beýigi deňleşdiren syrgyn hem boldy. Burdalykdan Kerkä gidýän ulag ýokdy. Ençeme günläp aeroporty garawulladyk, ýöne uçar gelmeýärdi. Ahyrynda, martyň başynda bir uçar geldi. Diňe iki ýolagçy göterýän bu kiçijik uçaryň uçarmany Kerkä gitmejekdigini, ýöne her kim 25 manatdan tölese, iki orna dört ýolagçy alyp, derýänyň o ýüzüne —Garabekewüle düşürjekdigini aýtdy. Köp gatnawly, emma asfaltlanmadyk

uly ýoluň Garabekewüliň üsti bilen geçýänligi üçin, biz razy bolduk. Menden iki kurs öňde okaýan Akmyrat Tagan we Öwez Hatam, oba hojalyk tehnikumynda okaýan Seýti Rahman diýen üç obadaşym bilen biz iki adamlyk ýere zordan ýerleşdik. Her kimiň külçe, garna dykylan gowurdak ýaly zatlar salnan uly halta goşy bar. Olary hem uçarman biziň üstümizde goýdy. Bu uçarda ýolagçylaryň we sürüjiniň üsti açykdy, ýöne biziň üstümizi weli haltalarymyz ýapýardy. Sanlyja minutdan derýanyň o kenaryna düşdük. Haltalarymyzy göterip, uly ýoluň ugrunda ýerleşýän çaýhana geldik. Uzak garaşdyk, emma Kerkä tarap maşyn geçmeýärdi. Garabekewüliň merkezinde hiç birimiziň tanşymyzyň ýoklugy üçin, bu ýerden ýigrimi kilometr uzaklykda ýerleşýän üzümçilik sowhozyna pyýada gitmeli we şol ýerdäki garyndaşlarymyzyňkyda ýatmaly diýen karara geldik.

Meniň ýüküm agyrdy, dörtleriň içinde iň kiçisi we ejizi hem mendim. Uly haltany ýigrimi kilometre göterip aşyryp bilmejegime gözüm ýetýänligi üçin, haltadaky külçäniň ýarysyny çaýhanaça berdim.

Pyýadalap, ýola düşdük. Aýagymda agyr ädigim bardy. Gyş erbet geleni üçin, ony atam ýakynda alyp beripdi. Ädik geýdigim dünýäm daralyberýärdi, şonuň üçin öýde köplenç tapoçkaly gezdim. Ädigi diňe ýola geýdim. Munuň ýolda maňa beren jebrini diýsene! Suw degende ýumşamagyň deregine, bu ädigiň gaýşy gataýardy (teletinden däl-de, çerimden tikilýän ädikleriň suw degende gataýanlygyna men soň-soňlar düşündim). Öýlän Gün çykyp, gar biraz eräp başlady. Meniň ädigim hem agaç ýaly gatap, aýaklarymy gan-gabarçyk etdi. Men ýoldaşlarymdan esli yzdan barýardym. Öňden çykan eşekli aýala haltamdaky çörekleriň ählisini, ol aýalyň dişli oragy bilen kesip, gowurdagyň hem ýarysyny berdim. Oturyp, ädigimi çykardym-da, ony halta saldym. Dolaklarymyň köp ýeri gara gan. Ak garyň üstünde gyzyl yz galdyryp, ýoldaşlarymy ýetdim.

Güni batyryp, sowhoza geldik. Eziz Ýagşyguly diýen garyndaşymyzyň öýüni sorap tapdyk. Onuň aýaly Abadan daýza maňa gözi düşenden “Hih!” diýip içini çekdi-de, “Saňa näme boldy?” diýip sorady. Ýagdaýyma gözüni ýetirip, dessine ýyly

suw bilen aýagymy ýuwdurdy. Eziz aga aýagymyň gan-gabarçyk bolan ýerlerine bir zatlar çaldy, soňra ýuka mata bilen sarap berdi. Ýaralarymyň azaryna men  ol gije uklap bilmedim. Ertir tursam, aýaklarym çişip gidipdir. Şonuň üçinem men ýoldaşlarymdam aýrylyp, Eziz aganyňkyda ýene iki-üç gün galmaly boldum. Ertir çaýdan soň ýoldaşlarymy ugradyp, Eziz aga bir tebip aýaly alyp geldi. Ol aýal günde iki wagtyna aýagyma em etdi. Eziz aga bolsa ädigime bir zatlar çalyp, ony ýumşatdy. Aýagymyň çişi gaýdansoň, meni uly ýola çykaryp, Kerkä ugratdy. Şeýdip, 35 gün gijä galyp, uçilişä geldim. Bu gyş kanikulynda kursdaşlaryň menden soň gelenleri-de boldy.

Uçilişede okan ýyllarymda oba aşmak ýa-da obadan Kerkä gelmek babatda çeken azaplarym başga-da köp boldy. Iki gezek 150-160 kilometrlik bu ýoly pyýada geçdik, bir gezegem tomus kanikulyndan Kerkä gitmek üçin ulag tapylman, 8 oglanyň haltalaryny 5 eşege ýükläp, burdalykly kursdaşym Açyl Eziziň atasy Eziz Nobat diýen gürrüňçi adam Kerkiçä getirip gitdi, gaýdyşda bir daýaw eşege münüp, beýleki dördüsini hem çatyp, öňüne salyp gitdi.

Biziň kerkili, halaçly kursdaşlarymyza gözümiz gidýärdi. Olar wagtal-wagtal öýlerine gidip, çörek getirýärdiler. Bu babatda bir zady gürrüň bereýin. Şäherden 12 kilometrlikde ýerleşýän Astanababa obasyndan Döwlet Zöhirew diýen kursdaşymyz bardy. Urşa gatnaşan bu ýaşuly student gaty wäşidi, haýwanlara öýkünmäge gaty ökdedi. Synagda mugallymlaryň käbirleri ondan hiç zat soraman baha goýýardylar. Döwlet her altynjy gün rugsat alyp, öýüne gidýärdi. Ynha, bu gezegem ol klas ýolbaşçymyz Muhammetnazarowyň ýanyna geldi-de:

— Ýoldaş mugallym, maňa şu altynjy günem rugsat beräýiň-dä. Oba baryp geleýin—diýdi.

— Ýok, bolmaz. Geçen hepde gitdiň-ä. Beýle näme zerur işiň bar?

— Ýoldaş mugallym, kiçijik çagamy göresim gelýär.

— Näçe çagaň bar?

— Jemi dokuz.

Döwletiň gülküni tutdurýan hereketlerini synlap we

jogaplaryny hezil edip diňläp duran geografiýa mugallymymyz Alyýew gürrüňe goşuldy:

— Näme üçin dokuz çaganyň beýlekilerini däl-de, iň kiçisini göresiň gelýär?

— Ýoldaş mugallym, kiçisinden enesiniň ysy gelýär.

Mugallymlar hezil edip gülüşdiler. Döwlete ýene rugsat berildi.

Döwlet Zöhir, Taş Begenç ýaly kursdaşlarymyz öýünden getiren zatlaryny ýatakdaşlary bilen bile iýýärdiler. Ýöne otuz adamlyk otagda bile ýaşaýanlaryň içinde her hilisi bardy. Getiren bir halta külçesinden hiç kime, hat-da gapdalyndaka hödür etmeýän ýekeöýlüler-de tapylýar. Ynha, bir günem Baýhan diýen bir ýoldaşymyz külçe getirdi. Getiren külçeleriniň esli bölegini çemodanyna ýerleşdirdi, sygmadygyny haltasyna salyp, agzyny düwdi, düwünini hem çemodanyna dykdy-da, ony gulplady. Baýhan okuwa gidende oglanlar haltanyň yzyndan tikinini sökdüler-de, çörekleri iýdiler. Baýhan agşam nahar wagty haltasyndan çörek almak üçin, onuň düwlen agzyny çemodandan çykaryp, özüne çekende, içi boşan halta ýeňillik bilen eline geldi. Baýjan böküp ýerinden turdy. Eli bilen haltanyň sökülen ýerini barlap durşuna ýoldaşlaryna gazabyny pürkdi, sögündi. Ýöne köp bilen oýnuň deň gelýärmi diýsene! Baýhanyň çemodanynda gulplap saklaýan külçeleri hem uzak wagtlap gutarmady. Ony gutarmaga-da oglanlar “kömekleşdiler”. Bu şeýle boldy.

Kanikuldan gelnenden soň, 5-10 günläp oglanlar öýden getiren külçelerini krowatyň burçuna urup döwüp, aşakda ýörite gaýnadylýan güpülerden bankada getiren gaýnag suwlaryna batyryp iýerdiler. Külçe gutaransoň, iki-üç oglan bolup bileleşip, buhanka nan, bazardan pomidor alyp, bile naharlanardyk. Baýhan weli adama goşulmazdy. Ol bankada gaýnag getirip, ýuwaşlyk bilen çemodanyň nomerli gulpuny açardy, bir külçe we agzy ykjam saralan bankadaky gowurmasyny çykaryp, tumboçkasynyň üstünde goýardy-da, iýmäge başlardy. Tutuş bir aýyň dowamynda-da bankadaky gowurma egsilmeýärdi.

Günlerde bir gün kursdaşymyz Temirhan diýen tatar ýigidi dört-bäşimizi üýşürip, Baýhanyň gowurmasyny alyp iýmegiň

ýoluny salgy berdi. Munuň üçin Baýhanyň bankasy ýaly bankany çaý gaýnadylýan güpülerden çykan kül bilen doldurmaly (bu iş Işdöwlet Osmanow diýen kursdaşymyza tabşyryldy). Günortan nahardan soň bir sagatlyk dynç alynýan wagty Baýhanyň çemodanyny açyp içindäki gowurmaly bankanyň gapagyny külli banka urmaly-da gowurmany almaly. Bu işi Temirhanyň özi etmelidi.

Baýhan nahardan soň we agşamyna dessine uklaýardy, ukusy-da gatydy. Ol uklan wagty Temirhan Baýhanyň ýassygyň aşagynda epläp goýan  balagyny usullyk bilen çekip aldy, jübüsinden açaryny çykaryp, çemodany açdy, çalasynlyk bilen bankalary çalşyrdy. Külçeleriň hem eslisini alyp, çemodany gulplady, açaryny hem öňki ýerine salyp, Baýhanyň balagyny ýassygyň aşagyna dykdy. Baýhan ukudan oýanansoňam bu ýagdaýy duýmady.

Biz goňşy otaga geçip, Baýhanyň gowurmasyny we külçelerini dessine gutardyk. Agşam nahar wagty bu wakanyň üstüniň açyljaklygyny ählimizem bilýärdik, ýöne kimiň edenligini Baýhan bilmeli däldi. Şonuň üçin meniň gülegenligimi we bolşumdan Baýhanyň bir zatlar  aňaýmagynyň mümkinligini nazara alyp, maňa ýatylýan otaga nahar wagtyndan 15-20 minut giç gelmegi tabşyrdylar. Men şeýle-de etdim.

Ýoldaşlarymyň gürrüine görä, Baýhan bu agşam hem, edil öňki günlerde bolşy ýaly, gaýnag suw getirip, çemodanyny açypdyr, bankasyny we bir külçe alyp, tumboçkanyň üstünde goýupdyr. Döwlen külçäni gaýnaga basyp hem gowurmaly bankanyň gapagyny aýrypdyr. Gapagynyň aşagyndan göterilen külüň tozanyna aňk-taňk bolan Baýhan böküp turup, barmagyny batyryp, bankany barlapdyr, külüň tagamyny diline degribem görüpdir. Soňra ol oglanlara seredip sögünmäge başlapdyr. Hamala, hiç zatdan habarsyz ýaly bolup oturan Temirhan Baýhana habar gatypdyr:

— Ýeri, Baýhan, näme sögünýärsiň?

— Meniň bankamdaky gowurmamy iýip, ýerine kül salyp goýupdyrlar.

— Aý, goýsana! Seniň nomerli gulpuňy açyp biljek adam

barmy?

— Açypdyrlar, gowurmamy-da iýipdirler.

— Çörekleriň beri barmy?

— Bar ýaly. Çemodanda çöreg-ä bar.

Baýhan çöregiň ýarysynyň alnanyny aňşyrmandyr. Temirhan onuň ýanyna gelýär-de, janygyp düşündirmäge durýar:

— Baýhan, gulak as! Seniň gulpuňy açyp bilen adam diňe bir gowurmaňy däl, çörekleriňi-de alardy. Çörekler barmy, diýmek, gowurmany hem adam alan däldir. Ýöne sen indi bir aý bäri şunça oglanyň gözüni gargadyp (gözüni giderip, emendirip), gowurmany özüňem iýmän ony diňe görkezip goýýarsyň. Ençeme gezek köpi emendirip, gizlenip goýulýan zady Allanyň küle öwürýänliginden habaryň ýokmy nä?

Bu söze ynanjagyny-da, ynanmajagyny-da bilmän, alasarmyk ýagdaýda galan Baýhanyň ýanyna üýşenleriň dilewarraklary hem Temirhanyň sözüni goldapdyrlar.

Ynanjaň Baýhan gowurmanyň hut Alla tarapyn küle öwrülenligine ynanyp, çemodanynda galan külçeleri ýoldaşlary bilen bölüşip iýipdir.

Uruş ýyllarynyň yz ýany bolany üçin, uçilişede iýmit ýagdaýymyz ýabygorlydy. Diňe gyş we tomus kanikullarynda obadan getirýän 3-4 ýüz manadymyz bolaýmasa, yzymyzdan asla kömek ýokdy. Alýan 120 manat stipendiýamyzy tutuş aýa ýetirmelidi. Köýnek ýa balak alaýsak, bu pul indiki aýlyga çenli ýetmezdi. Şeýle günlerde şäheriň etegindäki Çekir obasyna gidip, dynç alyş günleri günlükçilik eden wagtymyzam bolupdy. Açyl Eziz diýen kursdaşym bilen onuň çekirli bir tanşynyňka gidip, günuzyn onuň jöwenini orup, agşamara hem bir tamdyr zagara (jöwen) nan alyp gaýdardyk.

Ikinji kursuň güýzünde gawuna garawulçylyk hem etdik. Bu şeýle boldy.

Işanguly Haýdar diýen bir obadaşymyz Kerkide poliseý bolup işleýärdi. Ol şäheriň günbatar eteginde Doňuzköpriniň bir kilometr çemesi derýa tarapyndaky jeňňelde gawun ekipdi. Oba hojalyk tehnikumynda okaýan Soltanmyrat bilen güýz günleri her gün agşamlyk bu ýere gelip, men tä gawun eňňere bolýança

gijesine gawun üstünde boldum. Işanguly aga gündelik iýjek çöregimizi we gawunymyzy bererdi.

Günlükçilik etmäge iş ýok wagty aç galýan günlerimizem köp bolardy. Kerkä ýakyn etraplardan gelenler obalaryndan jöwen, mäş, noýba, igde ýaly zatlary getirip, bazarda satardylar we pul gazanardylar. Obamyz uzak we çet bolany üçin, biz ondan mahrumdyk.

1951-nji ýylyň maýynda Temirhan ýanyma geldi-de, näçe pulumyň bardygyny sorady. Kanikulda getiren pulumdanam esli bardy, üstesine stipendiýa-da alypdym. “350 manadym bar” diýdim.

— Eýle bolsa, söwda edeli. Mende-de 700 manat bar. Şu altynjy gün Garşa gideli. O ýerde orak we kerkili gyzlaryň gowy görüp geýýän mahmal tahýalary arzan. Getirip sataly, belki, bir manadymyz iki bolar—diýdi. Razy boldum. Aýdylan güni derýadan geçip, bilet alman, otla mündük. Üç sagatdan, gijäniň bir wagty Garşa bardyk. Wokzalda daňy atyrdyk. Temirhan Garşa belet eken. Ol öňem bu ýere köp gelipdir.

Ertir gyssagly garbanyp, bazara gitdik. Orak aljak magazinimizi belläp, jygyllykdan tahýalar aldyk. Men 20, Temirhan bolsa 50 sany tahýa aldy. 300 manadyň galanyna men 30 sany dişli, sorag belgisi ýaly egri orusorak aldym, Temirhan mundan hem eslisini aldy. Meniň ýüküm ýarym halta, Temirhanyňky bolsa tutuş bir halta. Ýükleri egnimize atyp, wokzala geldik.

Buhara tarapdan otlynyň gelmesine az wagt galanda, Temirhan aýry-aýry wagonlara münmegi, eger birimiz ýolda tutulaýsagam, beýlekimiz barada hiç zat aýtmazlygy, konduktora bermek üçin hem 10 manat taýýarlamagy tabşyrdy. Men gorkup başladym. Ýöne alaç ýokdy, Temirhan eýýäm otlynyň yzky wagonlarynyň durjak ýerine tarap gidipdi.

Deňimde gelip duran wagonyň konduktoryna 10 manat berip, otla mündüm. Kerkiçä gelip düşdüm. Temirhan ýok. Otly gitdi, wokzalda adam galmady. Temirhan weli ýok. Men motorka tarap ugradym. Ahyrky motorkada Kerkä geçdim.

Haltadaky ýükümi biri tutaýjak ýaly, gorka-gorka uçilişä

geldim-de, ýuwaşlyk bilen ýatakhanama girip, ýükümi krowatyň aşagynda gizledim.

Ertir ir bilen meni Temirhan turuzdy. Koridora çykdyk. Ol Garşyda tutulandygyny, ýüküni alyp, özüni goýberendiklerini, pulsuz zordan Kerkä aşandygyny gürrüň berdi. Meniň Temirhana rehimim geldi. Ähli getiren zatlarymy oňa berýändigimi, maňa diňe olary almak üçin çykaran 300 manadymy gaýtaryp berse oňjaklygymy duýdurdym. Ertesi biz okuwdan soň, bazara gitdik. Gök bazardaky demir gurallar satylýan dükanda biziň Garşydan alan oraklarymyz ýaly oraklaryň dolup ýatanlygyny, bahasynyň hem ondan bir manat çemesi arzanlygyny görüp, lapymyz keç boldy. Temirhan oraklary dogduk obasy Astanababa äkidip satdy. Tahýalary bolsa iki-üç esse gymmadyna bazarda satdy. Şeýdip ol Garşyda ýitiren 700 çemesi manadynyň diňe azrak bölegini alyp bildi. Ýüregimi bükgüldedenimi hasaba almasak, men bu söwdada utmadymam, utulmadymam. Ýöne şondan soň men peýda görmek niýeti bilen söwdanyň ýakynyna barmadym.

Kerkiden Burdalyga gitmegiň kynlygy barada men öňde gürrüň beripdim. Ýoly asfalt bolmadygy üçin, ýagyş-ýagmyrly döwürde bu aralyga gatnaýan ulag ýok diýen ýalydy. 1951-nji ýylyň fewral—mart aýlary-da ýagynly geldi. Men gyş kanikulynda obama gidip bilmän, Çarşaňňynyň Garahowuz obasyndan gelen Hally Jumaguly diýen kursdaşym bilen onuň obasyna bile gitdim. Olaryň obasyna gatnaw ýeňil: motorka münüp, Kerkiçä geçmeli. Otla münübem 100 kilomter çemesi ýol aşyp, Mukry stansiýasynda düşäýmeli.

Hallynyň obasy stansiýadan on kilometr çemesi gündogarda ýerleşýän eken. Bu oba barmak üçin stansiýadan gündogar tarap demir ýoly ýakalap gidýän ýoly külterläbermeli. Mukry obasyndan biraz uzaklaşyp, demir ýola çykyp, töweregiňe ser salsaň, bu ýeriň peýzažy göreni aňk edýär: çep tarapdaky gözýetimde dag gerişleri uzalyp ýatyr. Şol gerişleriň böwür berip, uly aýlawy emele getirýän ýerinde aňňat-aňňat gum depeleri görünýär, Dagyň öňünde bary-ýogy iki-üç kilometr aralygy tutup ýatan bu bölejik guma Akgum diýýärler. Geçmişde, tä obalar kolhozlaşdyrylýança, şu gumuň deňinde, deryýanyň ýakasynda

olam we dänajy uruglarynyň wekilleri ýaşapdyrlar. Olaryň obalaryna-da Akgumolam we Akgumdänajy diýip at beripdirler.

Demir ýoluň sag tarapynda, üç-dört kilometr uzaklykda aşakdan ýokarylygyna nähilidir bir seňňer uzalyp gidýär. Hally onyň Amyderýanyň gaçysydygyny, gaçy bilen deryanyň aralygynda giň jeňňelligiň barlygyny habar berdi.

Ynha, sagda gözýetime çenli uzalyp ýatan gaçy, çepde dag ulgamlary. Şu ikisiniň arasynda 5—7 kilometr aralykda bolsa ortasyny demir ýol kesip geçýän  şyr meýdan. Muňa Mukrynyň degeri (şyry, takyry) diýýärler. Tomsuna ýumurtga togalabermeli bu şyr meýdan häzir deňzi ýada salýar. Yzly-yzyna ýagan ýagyş we galyň gar eräp, bu meýdany ululy-kiçili köllüge öwrüpdir. bIz demir ýoluň ýakasy bilen 6—7 kimometr geçip, şol kölleriň arasyndan gidýän araba ýoly bilen saga sowuldyk. Biraz ýöräbem Hallynyň obasyna geldik[1]

Hallynyň öýüne—hütdüjek pagsa tamyň gapdalynda tutulan gara öýe ýakynlaşyberenimizde, ullakan goýun iti gözden gaýyp bolan eýesini tanap, onuň öňünden ylgap çykdy, çyňsady, Hallynyň ýolunda ýatyp-ýatyp togalandy. Biziň gelenimize Hallynyň doganlary, ylaýta-da garryjya enesi has begendi. Ilki ogluny bagryna basdy, soňam meniň iki egnime tapbaşlady. Süýji sözli, hoşgylaw we mährem ene maňa öz enemi ýatlatdy. Men bu maşgala bilen tiz öwrenişip gitdim.

Öýde odun gutaranlygy üçin, biz ertesi günortanlyk iki eşekli bolup, Akguma oduna gitdik. Akgum bilen obanyň arasy 5 — 6 kilometr. Yhna-da, Akgum. Gözüňe söweýin, arassa çäge. Gumuň ortalarynda bolsa gumluga mahsus bolan çöl çöpleriniň ählisi bar.

Çagalygym Gyzylgumuň eteginde geçenligi üçin, bu gum meniň gzöüme has yssy göründi. Biz eşeklerimizi daňyp, üç oglan bolup, esli wagtlap oýnadyk, göreş tutduk. Gün gijigiberende-de

[1] Aspirant döwürlerimde we ondan soňam men bu oba ençeme geldim. Häzir bu şyr meýdan atyz-çilli pagtaçylyk meýdanlaryna öwrülipdir. Bir wagtky gara öýleriň iki-üç syrgynyndan ybarat kiçijik oba bolsa gyralaryny kaşaň jaýlar jähekläp oturan ençeme asfalt köçeli şäherçäni ýada salýan uly oba bolupdyr.

odun ýygmaga başladyk.

Odunlarymyzy ýükläp ugraýançak, Gün batdy. Biz garaňkyda öýe geldik.

Agşam nahar wagtynda Hallynyň enesi mundan beýläk gijä galmazlygymyzy, ylaýta-da Akguma ýeke gitmezligimizi öwran-öwran sargady.

Garry enäniň gürrüňine görä, bir wagt Akgumuň ornunda şäher bar eken. Ýöne şäher adamlary bozgaklyk edip, dinden çykanlygy üçin, bu şäheri ýer ýuwdup, üstüni gum basypdyr. Il arasyndaky myş-myşlara görä, anna agşamlary bu gumda yşyk hem görünýärmiş.

Biz soňam Akguma bir-iki gezek oduna gitdik. Bir gezeg-ä Hally bilen bu gumuň bir ýerinde çaşyp ýatan köne kerpiç bölekleriniň we küýze döwükleriniň üstündenem bardyk. Bu ýagdaý garry enäniň üstüni gum basan şäher baradaky rowaýatyny tassyklan ýaly boldy. Şondan soň biz odun ýükümizi çalt tutup, ýagtygözin oba tarap ýola düşdük.

Garahowuz obasynyň derýa tarapynda gaçy, gaçydan aňyrda jeňňellik bolup, bu jeňňeliň içinden ýokardan aşaklygyna serhediň simi geçýär. Biz bu ýerden tamdyrodun hem daşadyk.

Ýarym aýlyk gyş kanikulynyň ählisini şu obada geçirdim. Takyryň suwy çekilenden soň, men bu şyr meýdanda ýykylyp-sürşüp, welosiped sürmäni öwrendim (Hallyda köneje tigir bar eken).

Gaýtmaly wagtymyz geldi. Garry ene her haýsymyzy bir halta külçe bilen ýola saldy. Gözüniň ýaşyny ýaglygynyň ujy bilen sylyp durşuna, ol bize ak ýol arzuw etdi. Meniň ýanyma gelibem:

— Oglum, şu günden beýläk meniň oglum ýeke däldir, ikidir. Biri sensiň. Gelip durgun—diýip sargady. Men garrynyň sargydyny berjaý etmäge çalyşdym. Çarşaňňa aýagym degse, bu garry ene bilen salamlaşyp geçdim. Ol aradan çykanda bolsa Aşgabatdan ýörite geldim.

Hallynyň garyndaşlary haltalarymyzy bir eşege ýükläp, bizi Mukry stansiýa getirdiler, günortanky otla mündüribem Kerkiçä ugratdylar.

1951-nji ýylda meniň durmuşymda ýene bir ýatdan çykmajak waka boldy. Aprel aýynda obadaşym Işanguly Hudaýgulyny goşun gullugyna aldylar. Ahyrky kursy gutarmaga az wagt galanda gulluga çagyrylanyna ol gaty gynandy, biz ondanam beter gynandyk, çünki ol bizden esli uly bolany üçin, diňe bir obamyzyň oglanlarynyň däl, eýsem, beýlekileriň arasynda-da Işangulynyň abraýy uludy. Şonuň üçinem ony gulluga ugratmaga harby komissariata Işangulynyň ahli kursdaşlary, ondan daşary hem 40—50 oglan-gyz bolup, toparlanyşyp bardyk. ("Gurt agzasaň, gurt geler" diýlişi ýaly, men Işanguly barada şu setirleri ýazyp otyrkam, 1995-nji ýylyň 12-nji awgustynda öý telefonym uzyn-uzyn jyňňyrdady. Hojambazdan jaň edýän erkek adamyň çalaja eşidilýän sesi Işangulynyň şu gün aradan çykanlygyny habar berdi, men hem ýazgynyň arasyny üzüp, oba gitmeli boldum. Uçilişäniň ilkinji ýylynda maňa agalyk elini uzadan, meni okuwa äkiden, köp ýyllap Gultagyň orta mekdebinde direktor, üç-dört ýyl oba sowetiň, iki ýyllap hem kolhozyň başlygy bolup işlän we uly iliň hormatyna mynasyp bolan uly halypam Işanguly Hudaýguly bilen baky hoşlaşdym. Ýatan ýeriň ýagty bolsun, agam!).

Uçilişäniň durmuşyndan ýadymda galan wakalaryň ýene biri barada gürrüň bereýin. Ol ýyllarda talyplary ýatymlaýyn pagta ýygymyna sürmeýärdiler. Ýygymyň gyzgalaňly günlerinde diňe 6-njy we bazar günleri maşynlarda kolhoza kömege giderdik. Şol bir ýa iki günlük pagta ýygymynda-da ýaryşlar guralardy. Men pagta ýygmaga ökdedim. Tutly Gyzylaýak obasyndaky ýaryşda 90 kilogram pagta ýygyp, men birinji orny eýeledim. Ikinji orny eýelän Burly Äzer diýen obadaşym 87 kilogram ýygypdyr. Uçilişä gelenimizden soň, ýygymda 1-nji, 2-nji orny eýelänlere sylaglar gowşuryldy. Maňa we Nurla FZO mekdebiniň okuwçylarynyň geýýän ýyly buşlatyny sylag berdiler, 3-nji orundaky Esene bolsa köýnek ýetdi.

Aýlar geçdi, ýyllar geçdi, uçilişäni gutarar wagtymyzam ýakyn geldi. 1952-nji ýylyň gyş kanikulyndan gelip, okuwa başlanymyzdan soň, ýolbaşçymyz Mämmetnazarow klas ýygnagyny geçdi. Ol biziň bahalarymyz ýazylan tabeli eline alyp,

kimiň nähili okaýanlygy barada giň gürrüň etdi. Şu wagta çenli ähli synaglardan diňe bäşlik baha alan Gurt Hudaýberenowy öwdi[1]. Maňa gezek gelende, klas ýobaşçymyz biraz tijenmelidigimi, algebra, psihologiýa we bedenterbie boýunça dörtlügimiň bardygyny, galan bahalarymyň bäşlikdigini, yhlas bilen okap, döwlet synaglaryndan ýokary baha alaýsam, gyzyl diploma ýetişjekdigimi aýtdy.

Dogrudan-da, algebra we bedenterbiýeden men gowşakdym. Näçe okasamam, iks-igrikli mysal-meseleleri dogry çözüp bilmezdim.

Diňe bedenterbiýeden alan dörtlügimi bäşlige düzetmek başartdy. Bu şeýle boldy.

Boýumyň kelteligi, özümiňem ejizligim üçin granat zyňmak, ýokarlygyna bökmek, turnik oýnamak ýaly zatlarda men ýokary baha alyp bilmeýärdim. Mugallymlar beýleki sapaklardan gowy okaýanlygymy nazara alyp, bedenterbiýe boýunça bahamy artdyryp, dörtlük goýardylar. Ýöne şu okuw ýylynyň aýagynda bedenterbie mugallymymyz Ýermolowyň hut özi dörtlügimi bäşlige düzetdi. Muňa şeýle zat sebäp boldy.

Üçünji kursda, gyş kanikulynyň öň ýanynda men güýçli sowuklap, keselhana düşdüm we 17 günläp keselhanada ýatdym. Palatada meniň goňşym Miran diýen bir ermeni ýaşulusy boldy. Türkmençäni gowy gürleýän Miran aga menden: “Küşt oýnap bilýärmiň?” diýip sorady. Men “Ýok” diýip jogap berdim. “O nähili beýle? Peduçilişäni gutaryp, mugallym boljak diýýärsiň, özüňem küşt bilmeseň, utanç bolmazmy?” diýdi-de, maňa küşt öwretmäge girişdi. Uçilişede küşt-şaşka kružogy bardy, Işdöwlet, Temirhan, Çary Ärhan ýaly kursdaşlarym küşti gowy oýnaýardylar, hatda ýaryşlarda öňdeligi hem eýeleýärdiler.

Sanlyja günde küşt öwrendim, keselhanadan çykmazymyň

[1] Gurt uçilişäni gyzyl diplom bilen gutaryp, Duşenbedäki medinstituta giriş synagsyz kabul edilipdir. Ony hem gyzyl diploma gutaryp, iki-üç ýyl Kerkide wraç bolup işledi. Soňra Aşgabat medinstitutynyň aspiranturasyna girip, ilki kandidat, soňra medisina ylymlarynyň doktory boldy. Türkmenistanyň Ylym we tehnika baradaky döwlet baýragyny hem aldy. Häzir döwletimizde güýçli hirurglaryň biri hasaplanýan Gurt Hudaýberenow Türkmen döwlet medisina institutynyň professorydyr.

öň ýanlarynda Miran agany utubam başladym.

Maý aýynda uçilişede geçilýän küşt ýaryşyna menem ýazyldym. Öň küşt oýnanymy görmedik küştçi kursdaşlarym ony geň görüp, üstümdenem güldüler.

Ýaryş başlandy. Onuň şertine görä, oýunda ses çykarmaly däldi, elläniňi hökmän göçmelidi. Oýnuň birinji güni men dört oýunçyny utdum. Ýermolow oýna eminlik edýärdi, Çary Pirjanow, Öde Öwezgeldiýew ýaly mugallymlarymyz hem oňa kömekleşip, ökde oýunçylaryň oýunlaryna sessiz tomaşa edýärdiler. Yzly-yzyna gazanan dört utuşym ertesi mugallymlaryň ünsüni meniň oýnuma gönükdirdi. Muňa ers-mers bolup, bu günki oýunda-da men üç oglany utdum. Ahyrky oýun gutaran badyna Ýermolow meniň egnime kakyp, berekella baryny aýtdy. Klas žurnalyny çykarybam meniň dörtlüklerimi bäşluge düzetdi.

Ýöne men bu ýaryşda birinji ýeri alyp bilmedim. Ýaryşyň ahyrky, üçünji güni ýaryş başlanmazynyň edil öň ýanynda menden utulanyna gahar edip, düýn-öňňinki utan kursdaşlarymyň dördüsi jemlenişip, ýatakjaýda oýna salyp, meni urdular. Olar bilen ýakalaşanymda, köýnegim ýyrtyldy, ýüz-gözümde-de sypjyrylan ýerler boldy. Men urlanlygymy mugallymlara aýtmadym, ýöne weli köşeşip bilmän galan garşydaşlarymyň üçüsindenem utuldym. Netijede men üçünki ýeri eýeledim.

Döwlet synaglaryny bäşlige tabşyrdym. Biziň “a” toparymyz boýunça Gurt bilen ikimiz gyzyl diplom aldyk. Bu diplom ýokary okuw jaýyna synagsyz girmäge hukuk berýärdi. Men ondan peýdalandym. Ýöne men pedinstituta girişim hakyndaky gürrüňe geçmezden öňürti, peduçilişede bizi okadyp, ýaşlyk kalbymyzda çuň yz galdyran käbir mugallymlarymyzy gysgaça ýatlamakçydyryn.

## ROZY KUWANOW

Gözüne gül saljak hünärini tapyp alyp, şol ugurda işläp, özi ýalylardan ep-esli öňe çykan adamlar gaty seýregem bolsa, il içinde tapylýar. Şolaryň biri taryh mugallymymyz Rozy

Kuwanowdyr. Ol Duşenbe uniwersitetiniň taryh fakultetinde okaýarka, bu okuw jaýy geljekki taryhçylary, şol sanda Kuwanowy hem öňki Soýuzyň taryhy şäherleriniň köpüsi we esasy taryhy muzeýleri bilen tanyşdyrýar. Soňra Kuwanow özüniň dynç alyş rugsadynyň esli bölegini hem şeýle gezelençlere sarp edýär. Uruş ýyllarynda ol front ýolllaryny hem sökýär. Şeýlelikde, SSSR taryhy diýen derslikde agzalýan ýer-ýurtlaryň aglabasyny ol öz gözi bilen görýär. Özüniň geljekki sapaklarynda düşündirjek temalaryna degişli wakalaryny hem okuw kitabyndan däl-de, ylmy çeşmelerden giňişleýin öwrenýär. Şeýdilip toplanan bilimi diňleýjä ýetirmek üçin gowy pedagogik ukyp bolsa bolany. Olam Kuwanowda ýeterlik. Alla oňa süýji labyz, Lewitanyňky ýaly ýogyndan ýakymly, güýçli ses we saýhally gepläp bilmek ukybyny beripdir: hereketi we mimikany gürrüň berilýän wakalaryň äheňi, akymy bilen dogry getirip, köpçüligi öz agzyňa garadyp bilmek ýaly seýrek başarnygy eçilipdir. Gürrüň berýän wakalaryny öten zamanda däl-de, häzirki zamanda beýan edişini, olara özüni hem gatnaşýan ýaly görkezip, iki şahsyň arasyndaky gepleşigi ýumorlar, ýomaklar, jaýdar nakyllar, gerek ýerinde, şerebeli jogaplar bilen bezeýşini hem ýokarda aýdylanlaryň üstüne goşsak, onda Rozy Kuwanowyň taryh sapagyny näderejede gyzykly geçýänligine azda-kände göz ýetirmek mümkindir. Şoňa görä-de, Kuwanowyň sapaklary bizi ilkinji günlerden özüne çekdi. Ol sapak düşündirende, hiç kimden ses çykmaýardy, beýleki sapaklarda bolşy ýaly, “Pylany, ýuwaş otur!” diýen ýaly duýduryşlaram bolmazdy. Kuwanow tagtanyň öňünde ýuwaşja gezmeläp, gerek ýerinde äheňini beýgeldip, käwagt peseldip, wakalary beýan ederdi.

Hormatly okyjym! Rozy Kuwanow baradaky bu sözler howaýy, ýöne bir öwginiň hatyrasyna aýdylan sözler däl. Kerkiniň peduçilişesinde okap, Kuwanowyň sapaklaryny diňlän ýüzlerçe, belki-de, müňlerçe okuwçylar meniň sözlerime goşulsalar gerek.

Kuwanowyň diňleýjileri özüne çekiş ukybyna bir mysal getireýin. Men 1968-nji ýylda Kuwanow bilen Arçman kurortynda dynç aldym. Ýatakhananyň 12 adamlyk palatasynda

bile ýerleşdik. Palatadaşlarymyzyň arasynda iki-üç sany taryhçy mugallym hem bar eken. Kuwanowyň töwereginde diňleýjiler gitdigiçe köpeldi. Öň diňe men oňa “Mugallym” diýip ýüzlenýän bolsam, soňra kurortdakylaryň aglabasy onuň adyny “Ýoldaş mugallym” diýip tutdular. Men palatada taryhçy mugallymlaryň toplanyşyp, ondan ol ýa-da beýleki bir temany gürrüň bermegi haýyş edişlerine-de ençeme gezek duş geldim.

Rozy Kuwanowyň türkmen we orus dillerinde leksiýa okamaga ökdeligini nazara alyp, Kerki raýkomy 1970—1980-nji ýyllarda ony lektorlar toparyna ýolbaşçy edip belledi. Ol şu wezpeden hormatly dynç alşa çykyp, Kerki şäherinde ýaşady. 1996-njy ýylyň aýagynda ol 80 ýaşap aradan çykdy.

Uçilişede bize gowy bilim we terbiýe öwredip, mydama ýagşylykda ýatlanyp ýörlen mugallymlaryň ýene birnäçesi bar. Öňi bilen, olardan Çary Pirjanowyň adyny tutmakçy. Ol bizi türkmen dilinden okatdy. Hünärine türgenliginiň daşyndan Çary gaty talabedijidi, gowy okaýan okuwçylar barada gowy alada edip, olara hormat goýýardy.

Soňky kurslarda türkmen dilinden Öde Öwezgeldiýew okatdy. Institutdan soň goşun gullugynda bolup, esger şinelini geýip, uçilişä gelen Öde hem işine ezber, mylaýym mugallymdy.

Beýik Watançylyk urşunyň maýyby, matematik Bekdurdy Mämmetnazarow hem ýatlanmaga mynasypdyr. Ol üç ýyllap biziň klas ýolbaşçymyz boldy.

Ortagürp hatdatlygym, plakat perony ulanyp, matanyň ýa-da ullakan kagyzlaryň (meselem, mekdepde işlänimde—görkezme esbaplaryň) ýüzüne harplary owadan ýazýanlygym, şeýle-de, belli bir derejede surat çekip biliş endigim üçin men surat mugallymymyz Hemra Yzbasarowa minnetdardyryn. Bu endik mekdepde we akademiýada hem maňa uly kömek etdi.

Bu ýatlanlarymdan başga-da, uçilişede okan üç ýylymyzyň dowamynda bizi mugallymlaryň onlarçasy okatdy. Meniň ýaly obadan gelen we durmuşy ajy-süýjüsine gowy düşünmeýän, beýnisi bekemedik ýaşlary dogry durmuş ýoluna gönükdirenligi, mugallymçylygyň ilkinji basgançaklaryny jan edip öwredenligi üçin, bu mugallymlarymyzy minnetdarlyk bilen ýatlaýarys.

## PEDINSTITUTDA

Uçilişäniň diplomyny alyp, oba geldim we tomusda iki aýlap, öýüň ot-çüpüne kömekleşdim, gyş üçin ot ýygnadym. Okuwa gitmäge wagt gelip ýetdi. Men obadaky mekdebiň direktory bilen gepleşip, mugallym bolup işlemegi ýüregime düwdüm, çünki maşgalamyzyň gurby pesdi. Häli-häzirem sekiz maşgala bolup, bir gara öýde ýaşaýardyk. Atama näçe aýtsagam, ol jaý gurmak barada alada etmedi. Umuman, atam äwmezekdi, oňa maşgalasy aç-ýalaňaç galmasa bolanydy. Mal toplamak, mellekden artykmaç hasyl almak üçin hem kellesini agyrtmazdy.

Mekdepde işlemekçi bolýanymy enemden eşidip, atam meni ýanyna çagyrdy we maksadymy sorady. Men maşgalamyzyň ýagdaýyny gowulaşdyrmaga kömek etmek üçin, mekdepde işlejekdigimi aýtdym.

—Beýle zat bolmaz!—diýip, atam çürt-kesik aýtdy-da, maňa düşündirmäge başlady.—Maşgalamyz hor-zar däl. Töweregiňe seret: adamlaryň aglabasynyň ýaşaýşy biziňki ýaly. Hor ýaşaýanlaram bar. Sen işläniň bilenem bu maşgalanyň törüni altyn-kümüşden dolduryp bilmersiň. Has ýokary saýlanyp, ilden çyka ýaşamak gowam däl. Maşgalany men özüm tigirlärin. Seniň edil okamaly wagtyň. Kerkide gowy okapsyň diýip eşidýärin. Ýene oka. Men eneňe iki ýüz manat berendirin. Şony al-da, ertir okamaga git.

Men gerekli dokumetlerimi taýýar etdim-de, iýulyň aýagynda Çärjewe ugradym. Häzirki Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet pedinstitutynyň giriş komissiýasyna bardym. Dokumentleri kabul etmegiň ahyrky iki güni galypdyr. Köp fakultetlere eýýäm dokumentleri kabul etmeýän ekenler. Meniň niýetläp gelen geografiýa fakultetim hem dolupdyr. Diňe iňlis dili, fizmat we türkmen dili hem-de edebiýaty fakultetlerine dokument tabşyrmak bolýan eken. Men soňkusyny saýladym we dessine okuwa kabul edildim.

Şäherde Kerkide bile okap, giriş synaglaryna taýýarlanyp ýören ýoldaşlaryma duş geldim. Olaryň köpüsi awgustyň başynda türkmen we otus dillerinden diktant ýazmalydylar.

O döwürde ýüzüne okuwa girýänleriň suraty ýelmenen synag kagyzy diýen zat ýokdy, bildirişde ýazylyp bellenen wagtda synag edilýän jaýa giribermelidi. Meniň diktantlary gowy ýazýanlygymdan habarly ýoldaşlarymyň haýyşy boýunça, men awgustyň başlarynda dört-baş ýoldaşymyň ýerine girip, olara derek diktant ýazdym we ýokary baha aldym.

1-nji sentýabrda biziň fakultetimize giren 60 studenti A we B diýen iki topara böldüler. Meniň düşen A toparymda Kerkide bile okan ýoldaşlarymyň hem 15-si dagy bardy. Üç ýyllap bile okanlygymyz, onda-da obada däl-de, şäherde terbiýelenenligimiz üçin, uçilişäni gutaran tanyş oglanlar obadan gelen ýygra studentlerden görnetin tapawutlanýardylar, utanman, çekinmän gürleşmegi, gerek bolsa, mugallymlara ýüz tutmagy-da başarýardylar. Bir mysal. Sentýabryň başynda biz ähli tanyşlar bolup jemlenişdik-de, Myrat Penjiýewi toparymyza başlyk (klaskom) saýlamak barada belli-külli karara geldik. Myrat uçilişäni bir ýyl öň gyzyl diploma gutaryp, obada mugallym bolup işläpdi. Ol uzyn boýly, daýaw göwrelidi, salyhatlydy, agrasdy. Ýoldaşlary bilen medeniýetli gatnaşmany başarýardy, diňe bir öz mertebesini saklamagy däl, eýsem, ýoldaşlarynyň gadyr-gymmatyny hem ýokary tutmagy hem oňarýardy. Myradyň agzyndan hapa ýa ýalan söz eşitjek gümanyň hem ýokdy. Biz onuň bu gylyklaryna gowy beletdik. Şonuň üçinem biziň A toparymyzyň ýolbaşçysy bellenen Kakajan Ataýew diýen mugallymdan Myrady toparyň ekabyry bellemegini haýyş etdik. Ol hem razy boldy.

Biziň okuwa girenimizden iki ýyl öň açylanlygy (has dogrusy, 1950-nji ýylda Aşgabatda uniwersitet döredilip, Aşgabat pedinstitutynyň hem Çärjewe göçürilenligi) sebäpli, institutda talyplaryň sany azdy. Olaryň ählisi “Çärjew” myhmanhanasynyň ýaýndaky (Daşkpori köçesindäki) ýeke gat uly myhmanhanada ýerleşýärdi. Biz şol döwürde diňe bir institutyň mugallymlaryny däl, eýsem, bar bolan dört-baş fakultetde okaýan ähli talyplary hem tanaýardyk. Ýöne soňra gitdigiçe talyparyň sany köpeldi, ýyly-ýylyna täze fakultetler açyldy, üstesine-de Marydaky aýal-gyzlar we Daşhowuz pedinstitutlaryny hem Çärjew

pedinstitutyna goşdular. Netijede, talyplaryň we mugallymlaryň sany birden köpelip galdy.

Ýöne bu waka çenli, ýagny heniz talyplaryň az wagtynda, okuw binasynyň ýoklugy üçin, okuw jaýy hökmünde her fakultete şäher mekdepleriniň biri berkidilipdi. Ol döwürde şäherde awtobuslar ýokdy, okaýan ýerimiz näçe uzak bolsa-da, oňa pyýada gatnaýardyk. Biz birinji kursuň ýarysyna çenli demir ýoldan gaýradaky pamyk fabrigine ýakyn mekdebe gatnap okadyk.

1953-nji ýylyň bahar aýlarynda institut üçin gurulýan ýatakjaýyň 1-nji korpusy ulanylmaga berildi. Biz oňa göçenimizden soň öňki ýaşaýan jaýymyz dil we edebiýat fakultetiniň okuw korpusyna öwrüldi. Häli-häzire çenli Çärjew pedinstitutynyň filologiýa we taryh fakultetiniň talyplary şu ýerde okaýarlar. Bizem dört okuw ýylynyň soňky üçüsini şu jaýda okadyk.

## ÝOL AZABY

“Ýol azaby — gör (gabyr) azaby” diýen nakyly, göwnüme bolmasa, meniň obadaşlarym—burdalyklylar tapan bolsalar gerek, çünki 80-nji ýyllaryň başyna çenli Burdalykdan islendik ugra gitmek uly hyllalla bolup, bu ýagdaý onyň ýerleşen ýeri bilen baglydy.

Başda ýaňzydyşym ýaly, geçmişde Burdalyk begligi, 20-nji ýyllardan tä 1955-nji ýyla çenli Burdalyk etraby, ondan soň bolsa Hojambaz etrabyndaky Gultak we Burdalyk oba sowetlerini (häzirki arçynlyklaryny) öz içine alýan Burdalyk zonasy diýip at alan bu ülke Amyderýanyň sag kenarynda, Gyzylgum çöli bilen Amyderýanyň aralygyndaky darajyk zolakda ýerleşip, onuň günortasyny Amyderýa, galan üç tarapyny hem ymgyr çöllük tutýar. Bu ýerden günorta—Faraba barjak bolsaň 130—140 kiometr çöllügi, demirgazyga—Garşa gitjek bolsaň Gyzylgumy, gündogara—Hojambaza we Kerkä ýetjek bolsaň hersi 10 kilometr bolan Mekan we Beşir obalarynyň deňindäki ymgyr çägeliklerden geçmeli. Şonuň üçin Burdalyga ”Barsa gelmez”,

“Lebabyň Sibiri” ýaly gelşiksiz at berýänler hem köpdi. Dogry, Burdalygyň merkezinde Beýik Watançylyk urşundan soň aeroport gurlup, oňa kiçijik uçarlar gatnaýardylar. Ýöne meniň talyp döwrümde il içinde “kukuruznik” diýip at alan ol uçarlarda diňe iki ýolagçy ýerleşip, ol orunlar hem wezipeli adamlardan artmaýardy. Ýönekeý adamlar Çärjewe gitmek üçin derýadan gaýykly Garabekewüle geçip, Kerki—Çärjew aralygyndaky uly, tozanly ýol bilen gatnaýan ýük maşynlaryna münmelidi.

Derýadan geçmegiň güzaby barada-da käbir zatlary aýdaýyn. Ol döwürde Garabekewüliň ýerli häkimiýetleri tarapyndan Burdalyga günde bir gezek baryp geler ýaly ýörite ýolagçy gaýyk goýlupdy. Aslynda ol gaýyk 3—5 adama niýetlenen bolsa-da, gaýykçylar pula gyzyp, gaýyga 25—30 adama çenli mündürerdiler. Ýüki agyr mahaly, ylaýta-da aşakdan (günbatardan) ýel bolanda suwuň tolkuny gaýygyň erňeginden aşyp, içine dökülýärdi. Beýle ýagdaýda usully oglanlaryň biri gaýygyň düýbüne ýygnanan suwy ýörite edilen demir susak bilen alyp, birsyhly derýa döküp gitmelidi. Gaýygyň yzynda onuň guýrugyny (ruluny) tutup oturan daýaw gaýykçy häli-şindi ýolagçylara hemleli ses bilen gymyldaman oturmagy berk tabşyrýardy, çünki gödek hereket bilen gaýygy ýaýkyldatsaň, öňem erňeginden suw aşyp duran gaýygyň suwdan dolup çümäýmegi mümkindi.

Köplenç ýüküniň agyrlygy, käte-de uly tolkunlaryň agdarmagy ýa-da ýolagçylaryň gömelteý hereketleri netijesinde gaýygyň agýan ýa suwa çümýän halatlary hem bolýardy. Meniň hut özüm hem şeýle hadysalaryň gözli şaýady boldum. Şolaryň birini gürrüň bereýin.

Garabekewüliň gaýyk güzerinde köp garaşyp, ahyrda-da giçlik öýlän derýanyň kenaryna tiken älemlerini (suw ýoluny görkezýän belliklerini) barlap gelýän älemçiniň gaýygyna 6—7 adam bolup mündük. Aramyzda 8—10 ýaşly oglanly aýal hem bardy. Derýanyň ortasynda gaýygyň bir gapdaly gata zada degdi-de, bir ýan gyşardy. Ýolagçylaryň birnäçesi gorkusyna gaýygyň beýleki erňegine böküp mündi. Deňagramlylygy ýiten gaýyk hem düňderildi. Her kim düňderilip ýatan gaýygyň bir ýerine

ýapyşdy. Onýança gaýykçy gygyrdy:

— Oglanlar, howlukmaň. Gaýygyň beýlesine geçiň. Dyza-ýeter-ýetmez suwy bar.

Dogrudan-da, gaýyk suwuň saý ýerine ýetip agypdyr. Biz ýüzüp barýan käbir goşlarymyzy alyp bildik. Meniň öýe alyp barýan süýjüli korzinkam weli suwa çümüp gitdi.

Bagtymyza, oglanjygy Amandurdy Babalakowyň uly çemodany halas edipdir. Çemodanyň tutawajyndan berk ýapyşan oglanjygy gaýykçy derrew saý ýere çykardy. Gaýygy köpleşip, beýlesine öwürdik, içindäki suwy hem dürli zatlar bilen egsip, ýeke kürek bilen küreklәp, zordan gyra çykdyk.

Üsti köp adamly gaýygyň derýadan güýçli akýan ýerinde suwa çümmegi zerarly pajygaly ýagdaýlar hem häli-şindi bolup durýardy. Meselem, şol döwrüň aňzakly gyşynda üsti köp adamly kiçi gaýygyň derýanyň aşagynda suwa çümmegi zerarly meniň Mämi agam aýaly we ýene 5 sany obadaşy bilen derýa gark bolupdylar.

Her niçik bolsa-da, Garabekewülden Burdalyga tarap ýüzenden Burdalykdan Garabekewüle gaýykly gitmek ýeňildi, çünki Burdalyk güzeri 10—12 kilometr derýanyň ýokarsynda ýerleşýärdi. Üsti ýolagçyly gaýygy Garabekewüle ýakynlaýança suwuň badyna goýberip, soňra gyýalap, çep kenara küreklәp çykaýmalydy. Emma ýelken tutmak mümkin bolmadyk ýelsiz ýa-da ýokardan öwüsýän ýelli günler Garabekewülden derýanyň ýokarlygyna—güýçli akýan suwuň tersine gitmek gaty hupbatlydy, çünki üstüne oglan-uşak, garry-gurty we aýallar münen hem-de gaýykçy tarapyndan dolandyrylýan gaýygy Burdalyk güzeriniň deňesinden hem iki-üç kilometr geçýänçä (14—15 km) saldaw bilen tartmalydy. Saldawyň inçeräkden uzyn (30—40 metr çemesi) ýüpüniň bir ujy gaýyga berkidilip, her iki-üç metrden hatara halkaly beýleki ujuny gyradan barýan ýaş ýigitler egnine alyp çekmelidi. Baş-alty daýaw oglan bolup, gaýygy iýtmek onçakly kynam däldi, ýöne weli Amyderýanyň kenarlary çöp-çalymly, gyýakly, käýerleri palçykly, suwly bolany üçin, gyradan aýak ýalaňaç ýöremelidi. Tikeniň, çöňürdiň, ylaýta-da çişi köp gyýagyň üstünden geleniňde şäherliniň näzik

aýaklary persala, gan-gabarçyk bolardy.

Orus halkynyň meşhur nakgaşy I.W. Pepiniň “Burlaki na Wolge” (“Wolga saldawçylary”) diýen meşhur eserindäki gaýyk çekýänleriň saryýagyzlygyna we eseriň adyna üns bermesek, onda bu suraty talyp ýyllarymyzda biziň derýadan geçişimiziň güzaply pursatyny suratlandyrýan eser hasaplamak hem boljak. Baryp 20-nji ýyllaryň aýaklarynda Garabekewülden Burdalyga gaýykly geçen uly ýazyjymyz Berdi Kerbabaýew özüniň 1931-nji ýylda ýazan “Amyderýada” diýen oçerkinde (serediň: Eserler, 6-njy tom) bu derýadan geçmegiň azabyny ökdelik bilen beýan edipdir.

Derýadan geçmegiň bu azaplaryna-da kaýyldyk, ýöne islän wagtyň gaýyk tapylmaýardy. Agşama çenli garaşsagam, kä günler gaýyk gelmezdi, şeýle bolanda Burdalykdan öýe gaýdardyk. Garabekewülde bolsa garyndaşlarymyzyňka baryp ýatardyk. Ertesi ir bilen ýene güzere çykardyk. Tomus günleri has gyssanýan dogumly oglanlaryň gamyş bogup ýasan sallarynda derýadan geçän halatlaram bolýardy. Menem bir gezek ýoldaşlarym bilen şeýdip geçdim. Biz üç oglandyk. Ilki esli ganyş döwüp, onuň iki-üç ýerinden ýeken bilen mäkäm bogduk. Soňra suw degip zaýalanjak dokumentlerimizi, barja pullarymyzy we süýjülerimizi köýnegimize dolap, selle edindik, beýleki goşlarymyzy ykjamja gülber edip, arka atdyk. Her kim öz salyny alybam suwa girdik. Suwuň saý ýerinde saly göterip ýa iýdip gitdik, akyşda we suwuň çuň ýerinde bolsa saly kükregimiziň aşagyna alyp, el-aýaklarymyzy hereketlendirip, barmaly kenarymyza tarap ýüzdük.

Häzirki günlerde şol saldaw çeken kenarymyz bilen biziň obamyzyň deňindäki kenara günde bäş gezek bellenen sagatlarda uly parom gatnaýar, onuň üstüne onlarça maşyn ýerleşýär, güzere barýan ýollar hem asfaltly. Men her gezek obama gidenimde, paromyň üstünde topbak-topbak bolşup gülşüp-degşip duran ýaşlary synlaýaryn we içimden: “Men şulara hol kenardaky buýanlyk-gamyşlykdan saldaw çekipdim, ynha, ho-ol depejigiň ýanyndan hem gaýygymyzy sag kenara tarap kürekläp äkidipdik diýsem ynanarmykalar?” diýip pikir edýärin. Bir gezeg-ä paromyň üstünde duran bir topar oglana

(olaryň içinde iki-üç sany tanaýanym bardy): “Oglanlar saldaw sözüniň manysy näme?” diýip sorag bedim. Hiç kim bilmedi. 70-nji ýyllaryň aýagynda ulanylmaga berlen Farap—Hojambaz şosse ýoly Farap, Mekan, Beşir çöllerini böwsüp, Burdalygyň üsti bilen geçýär. Sanlyja sagatda Faraba, Çärjewe, Kerkä baryp bilýän häzirki ýaşlar bu çölleriň bize beren azabyny göz öňüne getiribem bilmezler, belki, şalman (çägede batan maşynyň yzky goşa tigriniň arasyna zyňylýan agaç) sözüne-de düşünmezler. Men her gezek oba baranymda—isle, gara ýol bilen şaglap barýan maşynyň üsti bolsun, isle-de paromyň üsti—bir wagtky güzaply ýolagçylygymy we häzirki päsgelsiz gatnawy deňeşdirip, paromy hut şu ýerde goýduran, gara ýol çekdiren welaýat ýolbaşçylaryna, birinji nobatda bolsa köp ýyllap Çärjew oblispolkomynyň başlygy bolup işlän, asly Gultak obaly merhum Rahmet Annaýewe içimden alkyş baryny ýagdyrýaryn: “Bardalyklylary ýol azabyndan dyndyran Rahmet aga, ýatan ýeriň ýagty bolsun!”.

* * *

Institutda bizi dürli sowatly we dürli gylykly mugallymlaryň onlarçasy okatdy. Olaryň arasynda Aşgabat uniwersitetini pedinstitutyň programmasy bilen şol ýyl (1952-nji ýylda) okap gutaranlaryňam birnäçesi bardy. Instituty ortagürp bahalar bilen tamamlap, dessine-de ýokary okuw jaýyna mugallym edilip ýollanan bu mugallymlaryň käbirleri gaty gowşakdy, pedagogik tejribesi pesdi, biziň berýän soraglarymyza jogap berip bilmeýänleri, aljyraýanlary-da bardy. Ýöne şol ýyllarda bizi okadan mugallymlaryň arasynda örän güýçlüleri, biçak sowatlylary hem köpdi. Men olaryň käbirleri barada şu ýerde gysgaça gürrüň bereýin.

## AMAN KEKILOW

Bu şahyr bilen oba mekdebinde okaýarkak, okuw kitaplary arkaly tanşypdyk. Uçilişede men onuň “Söýgi” poemasynyň

birinji kitabyny uly höwes bilen okapdym. Klasdaşym Aky Aganyýaz weli poemany tutuşlygyna ýatdan bilýärdi. Ynha, “Söýginiň” awtorynyň institutda edebiýat teoriýasyndan okatjaklygyna biz uçursyz begendik, şahyr bilen ilkinji duşuşyga hem her kim özüçe taýýarlandy. Men onuň “Kawkaz” diýen goşgusyny ýatdan bilýärdim. Täze kursdaşlarmyň arasyndan Baba Täşliýew bolsa Aman Kekilowyň ençeme goşgularyny we “Söýgi” poemasyny tutuş ýat tutupdyr. Ýöne weli Aman aga ilkinji sapakda özi we öz döredijiligi barada asla gürrüň gozgamady, bize-de hiç zat aýtdyrmady. Ol gezek ol bizde uly täsir hem galdyrmady, ýöne soňra biz bu şahyryň şadyýan, wäşi, degişmäni gowy görýän, dogruçyl, sada adamdygyna göz ýetirdik. Soň görüp otursak, Aman aga örän ýönekeý, ulumsylygy asla bilmeýän şadyýan adam eken. Arakesmede ol öz okuwçylary bilen goşulyşyp, degşip-gülşüp ýörerdi, agşamlaryna ýatakhanalara aýlananda, talyplar bilen küştem oýnabererdi.

Ylaýta-da Aman aga gowy okaýanlary halaýardy. Men 2-nji kursdakam, ol “Edebiýat teoriýasy” diýen kitabyny ýazyp, ony ýokary kurslarda gowy okaýan stipendiatlar Nazar Berenow, Şaman Rozyýew, Jora Allakow daga okadypdyr, soňam goýazmany maňa berdi. Menem ony okap, käbir belliklerimi aýtdym. Şu kitap çap bolanda, Aman aga oňa bellik eden studentleriniň adyny tutup, olara minnetdarlyk bildiripdir.

Biz institutda okaýarkak, Aman aga doktorlyk dissertasiýasynyň we “Söýgi” poemasynyň soňky kitaplarynyň üstünde işleýärdi, şonuň üçinem ol ýazyjylaryň Moskwanyň etegindäki Peredelkino diýen döredijilik öýüne her ýyl uzak wagtlap giderdi. Bir gezek ol Moskwa ugramazynyň öň ýanynda meni öýüne çagyrdy we:

— Soltanşa, men iki aý çemesi Moskwada işlejek. Sen biziň maşgalamyz bilen öwrenişdiň. Özüň bilýäň, biziň gyzlarymyz bar-da, oglum ýok. Ýöne men özümi ogulsyz hasaplamaýaryn, seni oglum hatarynda görýärin. Maşgalada erkek adam aýlanyp ýörse gowy. Şonuň üçin sen käwagt öýe gel, zerur bolsa, Akbike daga kömekleş. Meniň kitaphanamdan peýdalanmakçy bolsaň,

onda diňe öýde oka, kitaplary öýden daşary çykarma—diýip tabşyrdy. Men onuň diýşi ýaly etdim.

Meniň durmuşymda, ilki pedagog, soňra hem alym bolup kämilleşmegimde esli hyzmaty bolan Aman Kekilow barada, onuň bilen soňky gatnaşyklarym dogrusynda, wakalardan öňe geçip, käbir zatlary ýatlamak isleýärin.

Instituty gutaranymda, Aman aga maňa aspirantura girmegimi ýa-da öz kafedrasynda türkmen edebiýatyndan mugallym bolup galmagymy öwran-öwran töwella etdi. Ýöne men şu wagta çenli okadan ata-eneme kömekleşmek, olara kadaly ýaşar ýaly jaý edip bermek üçin, obama mugallym bolup işe gitmegi berk ýüregime düwdüm. Oba-da gitdim, ýöne Aman aga bilen gatnaşygymy kesmedim, tä ol Aşgabada göçýänçä, her aýda diýen ýaly Aman agalara gelip durdum. Inim Myrady Çärjew bäbekler öýüne tabşyranymsoň (bu barada soňra gürrüň bermekçi), Aman agalara has ýygy gatnadym. Aman aganyň özi hem Myradyň yzyndan bäbekler öýüne baryp, birnäçe gezek habar alypdyr, ony gujagyna alyp, surata-da düşüpdir.

Bir gezek öýüne gelenimde, Aman aga meniň inim Myrady baş gahryman edip, döwletiň çagalary, ylaýta-da ýetimleri terbiýeläp ýetişdirişi, bäbekler we çagalar öýleri, umuman ýaşlaryň terbiýesi barada edilýän alada barada poema ýazmakçydygyny ýaňzytdy.

Myrat onýyllygy gutaryp, meniň ýanyma Aşgabada gelende, men ony Aman aganyňka eltdim. Ol Myrady dessine tanap gujaklady-da, poemaly gürrüňi gozgady we indi ony hakykata öwürmegiň wagty gelendigini aýtdy. Arman, Aman aga niýetini durmuşa geçirip bilmedi.

Institutyň soňky kursunda okaýarkam, Aman aga meni edebiýat kružogyna (instituty gutaryp giden Jora Allakowyň ýerine) ýolbaşçy belledi. Şol döwürde türkmen ýazyjy-şahyrlarynyň ençemesi bilen duşuşyklar hem geçirildi. Kružokda duşuşylan ýazyjy-şahyrlaryň atlaryny tutulmaly bolsa, onda men Berdi Kerbabaýewiň, Çary Aşyrowyň, Towşan Esenowanyň, Pomma Nurberdiýewiň, Taňryguly Taganowyň, Oraz Gadamowyň, Beghan Ýagmyrowyň, halk şahyry Töre

şahyryň atlaryny uly hormat bilen ýatlamakçy.

Çary Aşyr bilen bolan duşuşykda onuň ýakynda çap edilen “Ganly saka” poemasy barada okyjylar konferensiýasyny geçirip, eser hakda men doklad etdim. Poemanyň gowy taraplaryny belläp, onda awtoryň, şeýle-de neşirýatyň, hatda suratçynyň goýberen kemçiliklerini ýüz görmän aýtdym. Aman aga ownujak zatlara aşa üns berenligim üçin igenjek boldy, emma Çary Aşyr onuň sözüni kesdi:

— Aman, zat diýme, aýtsyn. Ol gowy zatlar aýdýar—diýip, meniň tarapymy çaldy. Ýeri gelende aýtsam, häli-häzirem Çary aga blen duşuşanymda, ol şol gezekki çykyşymy ýatlaýar.

1955-nji ýylyň maýynda kursumyzyň studentleri bolup, Magtymgulynyň okan Gögeldaş medresesini görmek maksady bilen iki günlük Buhara şäherine Aman Kekilowyň ýolbaşçylygynda gezelenje gitdik. Esasy ýadygärlikleri, Gögeldaşy, emiriň karargählerini aýlanyp gördük. Agşam şäheriň teatrynda özbek dilinde “Leýli-Mejnun” oýnunyň gidýänligini bilip, topar bolup, oňa tomaşa etdik. Oýnuň arakesmesinde teatryň içindäki suratlary synlap ýörkäk, meniň ýanyma halaçly kursdaşym Çary Döwranow yzyna bir ýigidi tirkäp geldi-de, oňa meni görkezdi:

— Ynha, geregiň burdalykly bolsa, şu oglan seniň gözleýäniň bolmaly.

Tanyşdyk. Ýaşy menden biraz ulurak Almaz Gapbarow diýen bu ýigit Buharanyň ýakynyndaky Giçgonak diýen türkmen obasyndan eken. Ol şondan on ýyl çemesi öň bu ýere biziň obamyzdan göçüp gelipdir, özbek dilinde peduçilişäni gutaryp, mugallym bolup işleýan eken. Özbek teatrynyň ýüzlerçe tomaşaçysynyň arasynda ildeşleriniň uly toparyna duşmagy Almazy gaty begendiripdir. Toparyň ýolbaşçysynyň Aman Kekilowdygyny bilensoň-a ol has ekezlendi, Aman aganyň ýanyna baryp, topary bilen öýüne myhmançylyga barmagy özlenipler haýyş etdi. Emma Aman aga 50-60 adam bolup, biriniňkä myhmançylyga barmagyň gelşiksizligini aýdyp, onuň teklibini salyhatlylyk bilen ret etdi. Maňa ýüzlenibem:

— Garyndaşyň gaty görmez ýaly, sen iki-üç gün

Almazyňkyda myhman bol-da, Çärjewe soň baraý—diýdi. Men ol gezek galmadym, ýöne kanikul döwründe Almazyňka ýörite geldim.

Ýeri gelende, Almazyň soňra dogduk obasyna dolanandygyny, Magtymguly adyndaky TDU-nyň türkmen dili we edebiýaty bölümini gutarandygyny, talyp ýyllarynda Aman Kekilow, Mati Kösäýew, Öde Abdyllaýew, Halyl Kulyýew, Hanguly Taňryberdiýew ýaly görnükli alymlar bilen ýygy aragatnaşyk edendigini ýatlap geçeýin. Aman aga keselhanada ýatanda-da Almaz onuň halyny günde-günaşa sorap durdy.

Ýene Aman aganyň Çärjewde ýaşan ýyllaryna dolanalyň. Men onuň Bakuwda doktorlyk dissertasiýasyny goranlygy hakdaky habary eşidip, gijem bolsa ony gutlamaga Çärjewe geldim. Salam-helikden soň ol meniň gutlagyma ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmän, iş otagyna girdi we ol ýerden bir uly bukja getirip, öňüme oklady-da:

— Hany, şularyň içinden öz iberen telegrammaňy tap ýa-da şol telegrammaňyň kwitansiýasyny görkez. Men seniň çykaran puluňy tölejek—diýip, bälçiklige salyp, meni tankytlady. Menem:

— Aman aga, ýörite gelip gutlamak isledim. Ynha-da geldim — diýip zordan sypdym.

Aman aga 1959-njy ýylda Türkmenistan YA-nyň Magtymguly adyndaky Edebiýat institutyna işe çagyrylýar. Magtymguly şaýolunyň ugrundan (häzirki sirkiň ýakynyndan) jaý alyp, ol Çärjewden Aşgabada göçüp gelýär. Men 1962-nji ýylyň sentýabryna—aspiranturanyň giriş synaglaryna çenli Aman aga bilen duşuşyp bilmedim. Giriş synaglarynyň birinden bäşlik, beýlekisinden dörtlük baha alyp, soňky synagyň öň ýanynda institutdan Aman aganyň adresini bilip, onuň öýüne bardym. Aman aga bir ýaşuly bilen küşt oýnap oturan eken. Döwüni utdurdy-da, maňa igenmäge başlady:

— Sen gelip, meniň ünsümi böldüň-de, utdurdyň. Ýogsam bu döwi utmalydym.

Aman aganyň garşydaşy oňa:

— Öňki iki döwde-de saňa şu ýigit päsgel berdimi? Sen

gönüle-de “Döwüň belent” diýip boýun alaýsana—diýdi.

Aman aga myhmanyna meniň kimligimi, nähili okanlygymy, häzir hem aspirantura giriş synagyndan geçýänligimi, eýýäm iki sany bäşlik alanlygymy gürrüň berdi (gyzy Jeren bilen bile synagdan geçýänligimiz üçin, Aman aga meniň ýagdaýymdan habarly eken). Men onuň sözüne "bir bäşlik, bir dörtlük" diýip düzediş berdim. Aman aga maňa myhmanyň kimligini aýtmady we: “Hany, şuny utup, meniň hakymy alyp ber” diýip, maňa öz ýerini berdi. Oýnamajak boldum, emma iki ýerden hököm edilip durlansoň, men myhman ýaşulynyň garşysyna geçdim. Ol ýadapmy ýa-da döwi pesmi—menden utuldy. Dälizde çilimini çekip, Aman aga myhmanynyň utulan pursadynda içeri girdi. Ýagdaýy bilenden soň bolsa bälçiklige salyp, meniň üstüme gygyrmaga başlady:

— Eşek, sen eşek. Kimi utanlygyňy bilmärmiň? Ýene aspirantura girjeksiň? Seniň bu utan aadamyň Akademiýanyň wise-prezidenti akademik Kerim Kerimowiç Maşrykow. Indi aspirantura girip bolaýdyň öýdýän.

Men utanyp oňaýsyz ýagdaýa düşdüm. Emma Maşrykow maňa kömege geldi:

— Ýigit dogry etdi. “Ovunda atаňam bolsa ut” diýipdirler. Amanyň aýdýanlary çyn bolsa, sen aspirantura girersiň. Soňky synag nämeden?

— Filosofiýadan. Kustow diýen bir orus adamsy alýar.

Onýança Aman aga dillendi:

— O-how, Leonid Nikolaýewiç diýsene! Uniwersitetiň mugallymy. Ýakyn dostumdyr. Gorkýan bolsaň aýt, dessine jaň edeýin.

— Ýok, Aman aga! Men gowy taýýarlandym. Filosofiýa meniň eý görýän sapaklarymyň biri. Meni haýyş bilen aspirantura girizseňiz, soňundan işi ýazmaga we goramaga-da kömek etmeli bolarsyňyz. Gowusy, özüm güýjümi synap göreýin. Başarmasam, oba mekdebindäki ornum garaşyp dur, yzyma ötägiderin.

Aman aga egnime kakdy:

— Berekella! Kerim, görýäňmi meniň okuwçylarymy?

Bulardan tamam şeýledir.

Men aspirant döwrümde Edebiýat we Dil bilim institutlaryny birleşdirdiler. 1968-nji ýylda oňa Aman agany direktor bellediler. Aman aganyň teklibi bilen men ençeme ýyllap institutyň partiýa guramasynyň kätipligine saýlandym.

Şeýdip, tä Aman aga aradan çykýança, onuň bilen bile işledim, duz-emek boldum. Haýp ýeri, ol aradan çykanda, maňa onuň üstüne bir gysym gum atmak miýesser etmedi. 1974-nji ýylyň dekabrynda Bäşim Çaryýarow bilen Orta Asyýanyň onomastikasy boýunça konferensiýa gatnaşmak üçin Buhara gitdim. Ondan dolanyp gelen dessimize-de, iki gün öň Aman aganyň ýogalandygyny aýtdylar. Ogly hökmünde eý görýän uly halypamdan jyda düşmekligiň salan ýarasy uzak wagtlap azar berdi.

Aman aga instituta direktorlyk eden ýyllarynda-da iş gününiň tutuş dowamynda iş otagynda basalykly oturyp işlemedi. Ol az wagtlyk ýygnak-beýleki bolaýmasa, iş jaýyna girmän, bölümlerde işgärler bilen oturmagy, olar bilen mesawy gürrüň etmegi göwy görerdi. Institutyň işini alyp barmagy, hatda möhürini hem alym kätibi Lýudmila Mihaýlowna Sidelnikowa ynanypdy. Işgärler islendik ýerde Aman aga ýüz tutup, oňa çekinmän arzy-halyny aýdyp bilýärdiler. Umuman, Aman Kekilow döredijilik adamsydy, ol uly ýazyjydy, abraýly alymdy, ýönekeýden gelen mylaýym Adamdy, emma weli ýolbaşçy işe ukyby-da ýokdy, höwesi-de. Ol näçe aýak direse-de, akademiýanyň ýolbaşçylary, ylaýta-da Pygam Azymow köp haýyş edip, ony wagtlaýynça instituta direktor bolmaga razy edipdiler. Şol gysga wagtyň dowamynda-da ol ençeme gezek direktorlykdan aýrylmagy haýyş edip ýolbaşçylara ýüz tutdy. Ahyrynda bu haýyşy kanagatlandyryp, onuň ýerine Bäşim Çaryýarowy direktor bellediler, Aman aganyň özüni bolsa edebiýat teoriýasy bölümine baş ylmy işgär edip geçirdiler.

Direktor döwründe Aman aga menden doktorlyk işimiň ýagdaýyny sorady. Men oňa heniz bu barada oýlanmanlygymy, hatda onuň temasyny hem anyklamandygymy aýdanymda, Aman aga dessine prezident P. Azymowa jaň etdi-de, meni

onuň huzuryna eltdi. Gyssag arada ikisi maslahatlaşyp, maňa “Türkmenistanyň toponimiýasy” diýen temadan iş ýazmagy tabşyrdylar. Bu tema institutyň planyna girizilip, üç ýyl möhlet bilen meniň üstüme ýüklendi. Şol döwürde men bäş şiweşynas bilen birlikde “Türkmen diliniň şiweleriniň atlasy” diýen uly we tutumly kollektiw işi ýazmaga-da gatnaşýardym. Ondan el çekmek mümkin däldi. Şonuň üçin soňky temany atlasyň işiniň daşyndan, onuň bilen utgaşdyryp işlemeli boldum, bu işi bellenilen wagtynda-da ýerine ýetirdim, ýöne “kandidatlyk we doktorlyk işini bir awtor şol bir temadan (meniň mysalymda—toponimiýadan) goramak bolmaýar” diýen bahana bilen Bütinsoýuz attestasion komissiýa (WAK) ony goramaga maňa rugsat bermedi. Şeýlelik bilen, meniň doktorlyk işim barada Aman aganyň eden tagallasy şol wagt başa barman galdy.

Aman Kekilow 1974-nji ýylyň 13-nji dekabrynda uzaga çeken agyr keselden soň aradan çykdy. 1975-nji ýylda akademiýanyň alymlarynyň we ýazyjylaryň bir toparynyň tagallasy bilen onuň ady ebedileşdirilip, Aşgabadyň pedagogik uçilişesine Aman Kekilowyň ady dakyldy. Hökümetiň bu karary tüýs jüpüne düşen karardyr, çünki Aman Kekilow baryp 1925—1929-njy ýyllarda şu okuw jaýynda okady (ol döwürde bu okuw jaýy pedtehnikum diýlip atlandyrylýardy), 1930 — 1931-nji ýyllarda bolsa ol şu ýerde türkmen dili we edebiýaty derslerinden sapak berdi. Galyberse-de, Aman Kekilowyň adyny göterjek peduçilişe ajaýyp şahyryň dogdukobasy bolan Köşiniň edil alkymynda, bir wagtlar köşülileriň ekin eken topragynda ýerleşýär.

Hökümetiň şol kararynda Aşgabat şäherindäki köçeleriň birine Aman Kekilowyň adyny dakmak hem görkezilipdi, ýöne kararyň bu punkty uzak wagtlap ýerine ýetirilmedi. Şol döwürde meni Aşgabat şäher häkimliginde şäher köçelerine at dakmak we olaryň atlaryny üýtgetmek babatda döredilen komissiýanyň düzümine girizdiler. Men ajaýyp şahyr, uly alym, ylmy atam saýýan bu beýik ynsanyň adyny göterýän köçäniň ugrunda ýaşamagy uly mertebe hasaplap, agzalan komissiýanyň başlygy we onuň agzalarynyň köpüsi bilen gepleşip, Botanika

köçesine Aman Kekilowyň adyny dakmagy haýyş etdim, bu köçäniň peduçilişäniň ýakynyndalygyny, günbatar ujunyň hem Aman aganyň dogduk obasyna direýändigini haýyşyma tutaryk edindim (meniň ýaşaýan jaýym hem şol uçilişäniň ýakynynda, Botanika köçesiniň başlanýan ýerinde ýerleşýär). Komissiýa köçäniň adyny üýtgedip, oňa Aman aganyň adyny dakdy, ýöne baýra gidýän ýokary tarapynda köçäniň adyny görkezýän tagtalarda Şaly Kekilow, aşak tarapynda Aman Kekilow diýip, iki hili ýazyldy. Häkimiýetlere duýdurylandan soň, bu ýalňyşlyk hem düzedildi: Botanika bagynyň gündogaryndan geçýän Botanika köçesi Aman Kekilow köçesi diýlip atlandyryldy. Men häzir şu köçäniň ugrunda ýaşaýaryn.

Wäşi, degişgen, gepi-sözi saýhally, parasatly, tarapgöýlügi, tireparazlygy asla bilmeýän Aman Kekilow aramyzdan juda ir gitdi. Ýöne ol ölmez-ýitmez çeper we ylmy eserleriň uly toplumyny iline galdyryp gitdi. Aman Kekilow bu gün şol eserlerinde ýaşaýar.

## AMAN BERDIÝEW

Institutda okan ýyllarymda türkmen dilinden çuň ylym beren we bu hünäre söýgi döreden mugallymym Aman Berdiýewdi. Ol institutyň rektory (o wagtlar direktor diýlerdi) bolsa-da, özüni örän sada we ýönekeý tutardy, hiç wagt sapagyny goýbermezdi, bir minut gijä-de galmazdy. Görüp otursak, Aman Berdiýew 30-njy ýyllarda Pygam Azymow, Maşan Hamzaýew ýaly görnükli dilçiler bilen bile okapdyr, türkmen dil biliminiň gözbaşynda duran ägirtlerden hem bilim alypdyr.

Berdiýew bize "Häzirki zaman türkmen dili" diýen dersden bir ýyl, köne türkmen (arap) hatyndan hem ýyl ýarym sapak berdi. Şu az wagtyň içinde-de ol özüniň ökde dilçiligini äşgär etdi.

Aman Berdiýew okadýan dersinden konspekt ýazdyrmak üçin wagt sarp etmezdi. Ol döwürde ýokary okuw jaýlarynyň filologiýa fakultetleri üçin türkmen dilinden we edebiýatyndan okuw kitaplary ýokdy. Şonuň üçinem sapak wagtynda

ýazdyrylýan konspektler iň esasy okuw esbaby saýylýardy. Aman Berdiýew özüniň gysgaça ýazyp gelen konspektini gowy okaýan studentleriň birine, köplenjem Myrat Penjiýewe bererdi, biz sapakdan soň köpleşip göçürip alardyk. Sapak wagtynda bolsa Berdiýew tagtanyň öňüne geçip, hiç hili kagyza ýa kitaba seretmezden geçilmeli temany çintgäp-çintgäp düşündirerdi. Düşünmedik ýerimizi gaýtalap bermäge-de ýaltanmazdy.

Institutda bizi Açyl Hudaýberdiýew, Kakajan Ataýew ýaly okuw jaýyny ýakynda gutaran mugallymlaram, Hekim Maşakow, Aly Hosrowy ýaly tejribeli kandidat-dosentlerem okatdylar. Olaram öz kärine erjel mugallymlardy, ýöne bularyň sapaklarynda dil meseleleri boýunça jedelli zat ýüze çykaýsa, oňa-da kanagatlanarly jogap alyp bilmedik ýagdaýymyzda, biz şol jedeliň hakyky çözgüdini Aman Berdiýewden alardyk.

* * *

Indi institutdaky kursdaşlarym barada-da käbir zatlary gürrüň bereýin.

1952-nji ýylda türkmen filologiýasyna kabul edilen otuz-otuzdan A we B diýen iki topara bölünen 60 talybyň köpüsi dört ýyl okap, institutyň üçünji goýberilişinde okuwy tamamlady. Kursdaşlarymyň arasynda gowy okap, soňra göreldeli mugallymlar, hökümet işgärleri, alymlar bolup ýetişenleri az bolmady. Men şu ýerde olaryň käbirini ýatlap geçeýin.

## MYRAT PENJIÝEW

Öň ýatlaýşymyz ýaly, Myrat dört ýyllap biziň toparymyzyň baştutany boldy. Salyhatlylygy, gowy okaýanlygy, mugallymlar bilenem gowy gatnaşykdalygy üçin, ol ikinji kursdan persional stipendiýa alyp başlady. Okuwy gutaran dessine-de Myrady institutyň komsomol guramasynyň kätibi edip işe alyp galdylar. 1959-njy ýylda ol Moskwada merkezi akademiýanyň Dil bilimi institutyna aspirantura girip, görnükli türkolog N.A. Baskakowyň elinde “Häzirki zaman türkmen dilinde sanlar”

diýen temadan kandidatlyk dissertasiýasyny gorady. Myrat soňra Çärjewdäki pedinstitutda häzirki zaman türkmen dilinden we diliň taryhyndan sapak berdi. 1971-nji ýylda ony Lebap welaýatynyň bilim bölümine müdir edip bellediler, ol bu wezipede 17 ýyl işläp, welaýatda magaryf işini göwnejaý ýola goýmakda, mekdepleri zerur okuw esbaplary we gurallary bilen üpjün etmekde, mugallym kadrlaryndan talaby güýçlendirip, tutuş welaýatda okuwçylaryň sowatlylyk derejesini artdyrmakda köp iş bitirdi. M. Penjiýewiň bilim bölümine müdirlik eden ýyllarynda welaýatda 118 sany täze mekdep jaýy gurlup ulanylmaga berildi.

M. Penjiýew welaýat bilim bölüminiň müdirliginiň daşyndan, pedinstitutda mugallymçylygyny hem dowam etdirdi: türkmen diliniň ekerançylyk leksikasyndan düýpli ylmy iş taýýarlady. Munuň üçin ol özüniň zähmet rugsadyny Türkmenistanyň dürli etraplarynda daýhanlaryň arasynda geçirdi, ekerançylyga degişli sözleriň müňlerçesini il içinden ýazyp aldy. Myrat Penjiýew yhlas we uly hyjuw bilen türkmen daýhanlarynyň ekerançylyga degişli sözleriniň baý kartotekasyny (bankyny) düzdi, onuň esasynda çap etdiren kitaplary, sözlükleri we şol sözleriň etografik hem-de filologik derňewine bagyşlanan saldamly ylmy işi diňe bir dilçiler üçin däl, eýsem, oba hojalyk işgärleri, daýhanlar üçin hem gymmatly gollanma hökmünde özüne orun aldy we awtoryna uly abraý getirdi. Şonuň üçin Myrat Penjiýew daýhançylygyň belli-belli ugurlary we olara degişli sözler barada oba hojalyk işgärleriniň dürli ýygnanyşyklarynda hem-de neşirlerinde wagtal-wagtal çykyş etdi. 1983-nji ýylda bolsa ol şu temadan dissertasiýa gorap, filologiýa ylymlarynyň doktory diýen ylmy ada we professor diýen belent derejä mynasyp boldy.

Myrat 1988-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy kafedrasyna müdirligine saýlanyp, Aşgabada göçüp geldi. 1993-1995-nji ýyllar aralygynda Seýdi adyndaky Türkmen döwlet pedinstitutynda rektor boldy. Häzir Myrat Penjiýew Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda türkmen dili kafedrasynyň professory bolup işleýar.

Myrat Penjiýew 20 çemesi okuw we ylmy kitaplaryň awtory hökmünde Türkmenistan döwletinde giňden tanalýan alymdyr. Ol Çärjewde işlän döwründe öňki SSSR-iň “Zähmet Gyzyl Baýdak” ordenine we birnäçe medala, şeýle-de pedagogik işi üçin H. K. Krupskaýa, il içinde geçirilýän propoganda işleri üçin bolsa Merkezi “BILIM” jemgyýetiniň S.I. Wawilow adyndaky medallaryna mynasyp boldy. Rektor döwründe ol Türkmenistanyň “Gaýrat” medalyny hem aldy. Onlarça aspirantlary we institutlarda okadan köp sanly talyplary Myrat Penjiýewe ökde pedagog, talapkär halypa hökmünde hormat goýýan bolsalar, döwletimiziň ylmy jemgyýetçiligi ony uly alym we başajaň guramaçy hökmünde tanaýar.

## BALLY BAÝRAMDURDYÝEW

Tutuş kursumyzda, hatda iki topar boýunça alty sany gyzyl diploma mynasyp bolanlaryň arasynda-da Ballyny biragyzdan okuwda iň ökdämiz saýýardylar. Dogrudan-da, ol çendenaşa zähmetsöýerdi, okuwdan başga hiç zat bilen gyzyklanmazdy. Ballynyň sporta gatnaşanyny, kino, teatra gidenini görmezdik. Ol kitap we kitaphanadan başga zady bilmezdi. Biz dürli sapaklar boýunça bilmeýän ýa ikirjiňlenýän zadymyzy Ballydan sorap öwrenerdik. Ol bilen zadyny ýoldaşlaryndan gizläp-gysganmazdy.

Instituty gutaransoň, Bally Marydaky aýal-gyzlar pedinstitutyna mugallym edilip, işe iberildi, bu institut ýapylandan soň bolsa iki ýyllap mekdepde işledi. 1960-njy ýylda ol Akademiýanyň Dil bilim institutyna işe geçip, 1962-nji ýylda onuň aspiranturasyna girdi. 1966-njy ýylda Bally “Türkmen diliniň Ahal gepleşigi” diýen temadan dissertasiýa gorap, ylymlaryň kandidaty boldy.

1967-nji ýylda Bally Baýramdurdyýew Çärjewiň pedinstitutyna işe geçip, tä 1993-nji ýylda aradan çykýança biregne bu ýerde mugallym bolup işledi.

Bile okanlar, işleşenler, şeýle-de onuň okadan köp sanly talyplary Bally Baýramdurdyýewi öz hünärine ökde mugallym,

eserdeň, örän medeniýetli alym we pedagog hökmünde ýatlaýarlar.

## AKMUHAMMET AŞYROW
## (Kemine)

1986-njy ýylyň maý aýynda Çärjew şäherindäki istituty gutaranymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli duşuşyk geçirildi. Bir wagtky ýaş ýigitler we gyzlar indi salyhatly pyýadalr, käbirleri bolsa çal saçly gojalar bolupdyrlar. Akmuhammet bilen 30 ýylyň dowamynda duşuşmadyklaryň biri hem ony tanamady, çünki talyp wagty Akmuhammet inçemik, agramy bary-ýogy 45 kilogram çemesi çepiksije oglanlygyndan häzir daýaw:garynlak, bir sentneri basyp duran epeý pyýada öwrülipdir: ýöne gülküsi, şorta söz tapyp, ili güldüişi weli öňküligine galypdyr. Şu häsiýetleri üçin ähli kursumyz Akmuhammede Kemine diýip, täze at dakypdy.

Kemine talyp wagty il içinden ürç edip patefonyň plastinkalaryny, onda-da diňe türkmen bagşy-sazandalarynyň aýdym-sazy ýazylanlaryny ýygnardy. Şol döwürde ol patefon satyn alyp, jaýynda köplenç şol köne aýdymlary aýtdyrardy. Köne plastinka bar diýilse, ol etraplara hem giderdi.

Okuwy gutaransoň., Akmuhammet dogduk mekanyna—Murgaba gidip, bäş ýyl mugallym boldy, soňra Aşgabada Pedagogik ylmy-barlag institutyna işe çekildi. Bu ýerde ol “Edebiýat sapaklarynda çagalar durmuşyna bagyşlanan eserleri öwretmek” diýen temadan kitapçany neşir etdirdi (1964).

Soňra Akmuhammet Aşgabat telewideniýesinde aýdym-saz bilen baglanyşykly dürli wezipelerde işledi we türkmen aýdym-sazlarynyň köne ýazgylarynyň saklanylýan ýerlerinde (Moskwada, Peterburgda, Baltika döwletlerinde) bolup, ol ýazgylaryň magnitofona göçürmesini Aşgabada getirdi. Netijede, belli bagşylarymyzyň aýdym-sazlaryny il-güne belli bolman, baslygyp ýatan ençeme nusgalary halka ýetirildi.

Akmuhammet döwletimiziň meşhur goja bagşylarynyň kino we magnitofon ýazgylaryny geljekki nesillere saklamak

üçin hem tagalla baryny etdi. Meselem, ol ýaşy 90-dan geçen Muhy bagşyny Sarahsdan Aşgabada getirip, onuň birnäçe aýdymyny ýazdyryp aldy.

Akmuhammet Aşyrow “Könegüzer” (1992), “Kyrklar” (1993) ýaly ylmy-publisistik kitaplaryň awtorydyr. Ol bagşylaryň repertuaryndan ýazyp alan dessanlaryny hem “Türkmen halk dessanlary” (1993) diýen at bilen neşir etdirdi. Akmuhammediň bagşy-sazandalara we aýdym-saz sungatyna bagyşlap ýazan ençeme göwrümli makalalary “Garagum”, “Ýaşlyk”, “Diýar”, “Türkmen dili we edebiýaty” žurnallarynda, onlarçasy hem “Edebiýat we sungat” gazetinde çap edildi.

Bulardan başga-da, Akmuhammediň aýry-aýry türkmen bagşylaryna bagyşlap taýýarlan 14 sany uly (jemi 17 sagatlyk) gepleşikleri ýazylyp alnyp, radionyň altyn fonduna alyndy. Olar wagtal-wagtal diňleýjilere gaýtalanyp eşitdirilýär.

Elmydam bagşylar bilen iş salşansoň, Akmuhammet olaryň durmuşyny we döredijiligini örän gowy bilýär. Dutaryny eline alyp, islendik bagşa öýkünmegi hem başarýar. Şorta sözleri örän jaýynda suňşuryp bilýänligi, sazandalygy, şadyýan we wäşiligi üçin, Akmuhammet-Keminäni märekäniň bezegi hasaplaýarlar.

Türkmen aýdym-saz sungatynyň taryhyny öwrenmäge goşan saldamly goşandy üçin, Akmuhammet Aşyrowa Türkmenistanyň medeniýetde at gazanan işgäri diýen belent at dakyldy. Ol hökümetimiziň hormat hatlary bilen sylaglandy.

Häzir Akmuhammet Aşyrow Aşgabat döwlet konserwatoriýasynyň dosenti bolup, geljekki bagşy-saznadalara aýdym-saz folklaryndan sapak berýär. Ol şu temadan kandidatlyk dissertasiýa ýazyp, ony 1965-nji ýylda gorady.

## GYZYLGÜL GAÝYBOWA

1940-njy ýylda Aşgabatdaky peduçilişäni gutaryp, Hozambaz etrabynyň Mekan obasyna işe iberilen Gyzylgülüň soňky ykbaly hem Lebap ülkesi bilen bagly boldy. Ol Beşirde, soň Hojambaz şäherçesinde mugallymçylyk etdi. 1945-nji ýylda bir ýyllyk partiýa mekdebine iberilip, ony gutaryp gelenden

soň, Kerki obkomynda, 1948—1950-nji ýyllarda partiýanyň Gyzylaýak raýkomynda ilki aýallar bölüminiň başlygy, soňra raýkomyň sekretary bolup işledi. 1950-nji ýylda Gyzylgüli partiýanyň Çärjew obkomyna işe geçirdiler. Bu ýerde iki ýyl işländen soň, ol pedinstituta okuwa girdi. Gowy okady. Instituty gutaransoň, iki ýyl Çärjew şäherinde mugallymçylyk etdi. 1958-nji ýylda ol Çärjew welaýat "BILIM" bölüminde müdiriň orunbasary bolup işledi. 1963-nji ýylda welaýatlar ýatyrylansoň, Gyzylgüli Aşgabada Bilim ministrligine işe geçirdiler. Ol ilki kadrlar bölüminde, soňra hem mekdepler bölüminde tä 1986-njy ýylda persional pensiýa çykýança işledi.

Döwlet we partiýa işlerinde birkemsiz işlänligi üçin, Gyzylgül baryp 1948-nji ýylda "Hormat nyşany" ordenine, soňra iki medala, Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň iki sany hormat hatyna mynasyp boldy. Onda Türkmenistanyň "Halk magaryfynyň otliçnigi" we öňki "SSSR-iň Halk magaryfynyň otliçnigi" diýen nyşanlar hem bar.

## ATA ANNAMÄMMEDOW

Kakanyň Gowşut obasyndan gelen Ata biziň kursumyzda barja eşigini tertipli geýmekde, arassaçylykda köpümize göreldedi. Gyzyl diplom almasa-da, ol sapaklaryny erjel okady, institutyň woleýbol komandasyna hem gowy oýunçy hökmünde gatnaşdy. Okuwy gutaryp, öz dogduk mekanyna mugallym bolup gelensoň, Atanyň düzen woleýbol komandasy Aşgabatda geçirilen spartakiadada baýrakly orny eýeldi. Sportuň daşyndan Ata mekdebiň aýdym-saz kružogyna işeňňir gatnaşdy. 1957-nji ýylda Ata dagynyň aýdym-saz kollektiwi Aşgabatda geçirilen festiwalyň laureaty boldy. Şol ýyllarda Ata Annamämmedow öz obalarynda 1924-nji ýylda açylan mekdebiň taryhyny hem ýazdy.

Köpçülik işlerini gowy gurap bilýänligi nazara alnyp, Atanyň Kaka etrabynyň komsomol guramasyna kätip saýladylar. Bu wezipede işlän döwründe ol tutuş etrapda sportuň ösmegine hemaýat etdi, hut Atanyň tagallasy bilen häzirki Şükür bagşy

adyndaky kolhozda gowy stadion gurlup ulanylmaga berildi. Bu ýerden Atany Aşgabada, komsomolyň Merkezi Komitetine işe aldylar, soňra hem ony ýokary partiýa mekdebine Moskwa okuwa iberdiler. Okuwy tamamlap gelenden soň, Ata partiýanyň Aşgabat obkomynda bölüm müdiri, 1978-nji ýyldan başlap hem partiýanyň Büzmeýin şäheriniň sekretary ýalywezipelerde işledi. Bu döwürde Atanyň ýolbaşçylygynda Büzmeýin şäherinde tipli uly keselhana, çagalar baglary, iki sany hem orta mekdep guruldy. Il içinde uly abraýdan peýdalanýan Ata Akmämmedow köp wagtlap şol gurlan mekdepleriň birinde direktor bolup işledi. Bu mekdebiň 2000-den gowrak okuwçysy, 100-den agdyk mugallymy bar. Öz kärini birkemsiz ýerine ýetirýänligi üçin, Ata hökümet sylaglarynyň ençemesi—Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň iki sany Hormat haty we üç sany medal bilen sylaglandy.

## BABA WELIÝEW

Şahyrlaryň goşgularynyň ençemesini ýatdan bilýän Baba Weliýew institutdan soň, Murgap etrabynda ilki mugallym, soňra ençeme ýyl direktor bolup işledi. Soňra ol Aşgabada göçüp gelip, Magtymguly adyndaky Edebiýat institutynyň folklor bölümine işe girdi. Ol Stawropol türkmenleriniň halk döredijiligini ürç edip öwrendi, olaryň dessanlaryndan kandidatlyk dissertasiýany gorady, nakyllaryny toplap, kitapça görnüşinde neşir etdi.

Baba Weliýew il içinden toplan we heniz çap edilmedik halk ertekileriniň birnäçesini, şeýle-de “Tulum hoja” dessanyny neşire taýýarlap, köpçülige hödürledi. Baba häzir hormatly dynç alyşda.

## REJEPMYRAT GÖKOW

Men peduçilişede Rejepmyrat bilen bile okadym, ýöne ol “G” toparyndady. Bu ýerde biz oňa “orusça bilýän” diýip at dakypdyk, çünki ol Gyzylaýak etrabynyň merkezinde orus çagalary bilen bile önüp-ösenligi üçin orus dilinde gürlemäge

(diňe gürlemäge, emma ýazmaga däl) gaty ökdedi.

Rejepmyrat gaty şadyýandy, ol çeper höwesjeňler kružogyna gatnaşyp, aýdymam aýdardy, tansam ederdi. Pedinstitutda okan ýyllarymyzda, ol sportuň köp görnüşlerine gatnaşdy, boksdan, ştangadan we ýeňil atletikadan üçünji, klassyky göreşden bolsa birinji razrýadyň normasyny doldurdy, göreşden-ä Türkmenistanyň II spartakiadasynda (1956) baýrakly orny hem eýeldi.

Instituty gutaransoň, Rejepmyrat partiýanyň Kerki raýkomynda birnäçe ýyl instruktor bolup işledi, soňra Çärjew pedinstitutynda partiýa taryhy ugrundan aspirantura girip, ony Kiýewde tamamlady, Garagum kanalynyň gurluşgynda kompartiýanyň roly barada dissertasiýa ýazyp, taryh ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini aldy. Ol soňra uzak wagtlap, tä 1990-njy ýylda aradan çykýança, Seýdi adyndaky TDPI-de dosent bolup zahmet çekdi.

## ALLABERDI KADYROW

Edim-gylymy, özüni alyp barşy, hereketleri babatda kursumyzdaky oglanlaryň hiç birine meňzemeýän täsin bir oglan bardy. Hakyky ady Allaberen bolsa-da, biz oňa Alla diýerdik. Ol sapaklaryndan ortadan ýokarrak baha bilen okaýardy, edebiýat boýunça weli Alla bilen deňleşip biljegimiz ýokdy. Ol gaty okumyşdy, şahyr-ýazyjylaryň çap edilen eserleri bilen tanyşlygy babatda ol Aman Kekilowyň hut özünem haýran galdyrypdy. Allanyň özi hem ýazýardy, onuň käbir goşgulary welaýat gazetinde çap hem edilýärdi.

Institutyň ikinji kursunda okaýarkak, Alla Kadyrowyň Alla Söýegberdiýwiç diýen mahabatly, ýumor bilen dakylan ady peýda boldy we ýörgünleşip gitdi (ol döwürde häzirki milli intelligensiýamyzyň arasynda giňden ýaýran Pylany Pylanyýewiç diýen ýaly orus biçimindäki atlar asla rowaç däldi). Alla Kadyrowyň bu ady şeýle waka esasynda döredi.

Amanat kassalarda artyk-süýşük puluň saklanýanlygyny biziň heniz bilmeýän döwrümizde, Alla kassada pul goýýan

eken. Bir ýoldaşymyzyň utan zaýomynyň puluny almak üçin dört kursdaş bolup kassa baranymyzda, Alla bilen kassir aýalyň arasynda ýüze çykan igençli gürrüňiň şaýady bolduk (kassir bilen ýüzbe-ýüz durup gürleşýänligi üçin, Alla bizi görenokdy). Alla ilki pul tabşyranda, adyny Alla Söýegberdiýewiç Kadyrow diýip ýazypdyr. Bu gün bolsa kassadan pul almakçy bolup, orderiň ýüzüne Alla Kadyrow Söýegberdiýewiç görnüşinde atlaryň ýerlerini üýtgedipdir. Kassir aýal atasynyň adyny (Söýegberdiýewiç diýen otçestwosyny) ortadan ýazmagy talap edip, orderi yzyna gaýtardy. Allanyň düzedip ýazan orderini okap görüp, bu sapar kassir aýal Allanyň üstüne çyny bilen gygyrmaga başlady:

— Men heniz türkmende seniň ýaly adyny otçestwo bilen ulanyp ýöreni göremok. Sen otçewtwony nireden ýazmagyda bileňok. Bu gezek Kadyrow Söýegberdiýewiç Alla diýip ýazypsyň. Adyňy diňe “Alla Kadyrow” diýip ýazaýanyňda, seniň 15—20 manat puluňy başga biri aljak bolup durmy?

Alla utanyp, orderi üçünji gezek dogry ýazyp berdi, almaly üç manadyny jübüsine salyp, amanat depderçesindäki ýazgylary barlap durka-da, Çary Döwran diýen kursdaşymyz Allanyň elindäki depderçäni kakyp aldy. Allanyň närazylygyna seretmezden, ählimiz depderçe bilen tanyşdyk: 50 manat goýlupdyr. Soňra iki, üç, baş, bir gezek on manat alnypdyr, şonçarak puluň goýlan gezekleri-de bolupdyr. Galan pul 18 manat.

Alnyp-goýulýan puluň ujypsyzjadygyny görüp, biz hezil edip gülüşdik, Ýatakjaýa barýarkak, ýolda kassaly wakany aýtmazlygymyzy Alla näçe haýyş etse-de, biz ony, ylaýta-da Allanyň Söýegberdiýewiç diýen otçestwosyny kursdaşlarymyzyň arasynda ýaýratdyk. Şol wakadan soň Alla bilen degşip, onuň adyny Alla Söýegberdiýewiç diýip tutýanlaryň sany köpelip gitdi. Hatda instituty gutarýanlaryň ady we familiýasy ýazalýan jemleýji suratynyň aşagyna-da biz Allanyň adyny otçestwosy bilen bile ýazdyrdyk.

Allanyň täsin häsiýetleriniň biri hem onuň gijelerine uklamaýanlygydy. Biz Allanyň ýatanyny görmezdik. Köpçülik

bilen deň ýorgana girse-de, il uklandan soň ol ýuwaşlyk bilen turup, çemodanyny krowadyň üstüne alardy-da, onuň burçuna kiçijik şem berkidip, ýagtysyna tä daň atýança bir zatlar ýazardy (ol wagt Daşköpri köçesindäki häzirki okuw korpusy biziň ýatakjaýymyzdy, her otagda-da 20-30 oglan ýatyp-turýardy). Şemiň ýagtysy ýatanlara päsgel bermez ýaly krowatyň daşyna prostyndan germew ederdi. Ýazýan zady barada hiç kime hiç zat aýtmazdy. Şonda-da biz onuň ýazýan zadyny bildik: ol “Ömrümiň taryhy” diýen awtobiografik roman-trilogiýanyň birinji tomuny ýazýan eken. Bu eserden çap etdiren zady bolmasa-da, institut gutarýança Alla onuň üç tomuny hem ýazyp gutardy. Hersi takmyn müň sahypadan ybarat bolan üç sany äpet golýazma kitabyny özi ykjam sahaplap, daşyna lederin çekdi, nagyşlady.

Alla kitaba sahap etmek hünärine gaty ökdedi, ol konspekt üçin köp tagtaly umumy depderi dükandan satyn almazdy-da, okuwçy depderinden özi ýasardy, daşyna mata ýa lederin çekip, ony sünnäläp  bezärdi, nagyşlardy. Allanyň göterýän bloknotlary hem diňe öz önümidi.

Allaberen kitaphondy, stipendiýasynyň we düşýänje az-owlak galamhakynyň ählisini diýen ýaly kitaba harçlardy. Gowy kitaplar eline düşdügi Alla olary söküp, täzeden tikerdi we elinje sahaplardy. Öň şalha-şalha bolup ýatan köne kitaplar Allanyň elinden çykansoň, tanalmaz derejede täze görnüşe girip, lowurdar durardy.

Alllanyň bloknotyndan daşlaşmankak, men onuň mazmuny barada-da käbir zatlary aýdaýyn. Dogry, Alla bloknotyny bizden gizlin saklamaga jan ederdi. Ýöne wagtal-wagtal  bu üýtgeşikk, ilde ýok, bezemen bloknoty jübüsinden çykaryp, oňa bir zatlar bellärdi. Bizem onuň bellän zatlarynyň nämedigini bilmek üçin, bloknoty käte Allanyň elinden basyp alardyk.

Päh, seniň bloknot bolaýşyňy! Bloknot bejerýän kärhanalar şu önümiň hili, gurluşy, bezelişi, sahaplanyşy barada näme üçin Alladan görelde almaýarkalar? Allanyň ýasan bloknotynda edil bezemen gapjykdaky ýaly, knopka bilen açylyp-ýapylýan gelşiklije gapajyk bar. Ony açsaň, bloknotyň sag tarapynda

1-den 15-e çenli nomerler bolup, her nomer 10 sahypadan ybarat. Nomerleriň goýluşyny diýsene! Bloknotyň sag gyrasynda nomeriň goýuljak sahypasynyň üstündäki sahypalar tertiplije gädilip, gadigiň düýbünde nomer ýazylypdyr. Barmak degip sürülmez ýaly, nomer ýazgylarynyň üstüne reňksiz lak çalnypdyr.

Bloknotyň her nomeri bir zada bagyşlanypdyr. Meselem, 1-nji nomer—planlar, 2-nji nomer—çykdajylar, 3-nji nomer—täze nakyllar we ş.m. Bloknotyň gapajygyny açyp, gerekli nomeri barmagyň bilen basagadan, ýokarky sahypalary gapdala serpseň bolany, bloknot ýazuwa taýýar.

Bloknotda geň-taň zatlar kändi. Meselem, onuň "Çykdajylar" diýen bölüminde tutuş aýyň dowamynda iýmite harçlanmaly puluň jemi görkezilip, olam hepdäniň günlerine köpükme-köpük paýlangydy. Hepdede haýsydyr bir günüň deňinde sowmaly puluň (köpügiň) ýerine kese çyzyk goýlupdyr. Sorasagam, Alla onuň sebäbini aýtmazdy. Indi pikir edip otursak, Alla şol döwürde-de oraza we açlyk arkaly berhiz tutmagyň peýdasyna düşünen bolmaly.

Alla tutuş aýyň dowamynda günde üç wagtyna iýmeli zatlarynyň menýusyny düzüp, bahasyny ýazyp, ony bloknotyna bellärdi. Ol öňünden düzülen we bloknota ýazylan plany bozmazlyga çalşypdyr, bardy-geldi, plan bozulsa, Alla dessine özüne çäre görüpdir. Muňa mysal getireýin. Bir gün kursdaşlarymyzyň biri Allanyň çemodanyna salmagy ýadyndan çykaran "Protokollar" diýen golýazmasyny alyp, ony kursdaşlara görkezip çykdy. Edil partýygnaklaryň protokollaryndan hem arassa we tertipli. Nomeri, senesi, gatnaşanlaryň sany (jemi "üç" adam: özi, Allaberen we Kadyrow), gün tertibi, çykyp geplänler hem-de çykarylan kararlar ýerli-ýerinde. Käbir "ýygnaklar" Allanyň öz planyny ýerine ýetirmänligine bagyşlanypdyr. Ownuk-uşak säwlikler (menýunyň bozulmagy, puluň artykmaç sowulmagy) üçin Kadyrowa duýduryşlar, kähalatda bolsa käýinç berlipdir. "Ömrüniň taryhyndan" ýazylmadyk 15—20 sahypa ýaly uly kemçilikler üçin kä käýinç berlipdir, käte-de Alla gündelik menýunyň bir naharyndan kesilipdir.

Kemçilikler düzedilendensoň aýrylan duýduryşlar we käýinçler hem “ýygnaklarda” gün tertibine girizilip protokollaşdyrylypdyr.

Bloknotda hepdede bir gezek kino ýa hammama çykarylmaly 20 we 15 köpügem ýazylgydy. Kitap almak üçin býujetden goýberilýän pul weli esli bardy: 21 manat 50 köpük. Eşik üçin sowulmaly pul bolsa aýda diňe 6 manat. Dogrudanam, Alla eşigine üns bermezdi, hopul-sopul geýnerdi. Jalbaryna ötürmek üçin kemer almazdy, onuň halkajyklaryndan tanap ýüpüni geçirip daňar gidibiýrdi. Kostýumynyň daşynada ýüp guşak guşanaýmasam bardy.

Ofiser biçim ak papagynyň hem dessine depesini deşerdi, jübi sagadyň aýmaty ýaly deşikden Allanyň saçy hüžžerip çykar durardy.

Alla üçin aýakgabam problema däldi, dükandan 2—2,5 manatlyk esgi botinika alardy-da, ony gara, goňur ýaly dürli reňklere boýap geýibererdi.

Bloknota dolanalyň. Onuň planlar bölüminde ýyllyk, aýlyk we günlük edilmeli işleriň plany çekilipdir. Hatda tomus kanikulynda obada mellegine tutulmaly haýat barada-da bellik edilipdir.

Men şu ýerde Allanyň planly işlemegi  gowy görýänligine degişli täsin wakany gürrüň bereýin. Obada mugallym bolup işleýärkäm, men Alladan hat aldym. Ol indiki ýylyň tomsunda (aýy we anyk senesi takyk görkezilýärdi) özüniň öýlenýändigini, şoňa gelmelidigimi ýazýardy. Bäh, öňde  entek el degilmedik 13 aý bar. Men bu haty bile işleýän ýoldaşlaryma-da okap berdim, olary Alla bilen gaýybana tanyş etdim. Kärdeşlerim ilki gülüşdiler, Allanyň akyl-huşunyň ýerindedigini aýdanymsoň bolsa onuň toýuna gitmegimi, toýuň senesiniň näme üçin hut şol güne bellemeginiň sebäbini bilip gelmegimi maslahat berdiler. Ýöne men toý tutulýan aýda Moskwa turistik gezelenje gidenligim üçin, Allanyň toýuna baryp bilmedim, emma toýuň hut Allanyň planda bellän gününde geçenligini, şol günüň hem mollalar (müneçjimler) tarapyndan astronomik taýdan Alla we onuň gelinligi üçin iň sähetli gün diýlip öňünden aýdylanlygyny

men soňundan bildim (Allanyň kakasy Kadyrberdi hem iliň güýçli mollasy bolup, ol 1937-nji ýylyň tutha-tutlugynda ýok edilipdir).

Institutyny gutandan soň, Alla öz iline—Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabyna işe iberildi. Ýerli mugallymlaryň aýtmaklaryna görä, Alla Kadyrowyň gurnan edebiýat kabineti öz döwründe diňe bir welaýatda däl, eýsem, tutuş Türkmenistanda-da iň görnükli kabinet hasap edilipdir, ol şol kabinetiň işi boýunça welaýat we döwlet boýunça geçirilen pedagogik okaýyşlarda birinji orny eýeläpdir. Bir gezek onuň "Edebiýat sapaklarynda we edebiýat kružogynda patefondan peýdalanyşym" diýen temadan eden çykyşy Aşgabatda birinji orna düşüpdir we Alla patefony bilen Moskwa şäherine Bütinsoýuz pedagogik okaýşa iberilipdir.

Akdepede işlände, Alla ýerli we merkezi gazetler, ylaýta-da "Mugallymlar gazeti" bilen ýygy aragatnaşyk saklady, okuw we mekdep babatda uly-uly makalalar ýazdy.

Allanyň oba mekdebine mugallym bolup baraýan ýyllarynda bitiren ýene bir hyzmaty ýatlanmaga mynasypdyr. Ol Akdepe etrbynyň Körgeçemen obasyndaky 24-nji orta mekdepde öz okadýan okuwçylarynyň güýji bilen şu obanyň halk döredijiligini ürç edip ýygnap, ony tertibe salypdyr. Soňra bu materiallary "Poeziýa" we "Proza" diýen iki topara bölüp, olary Allanyň özi öýjükli depdere ownujak basma harplar bilen sünnäläp göçüripdir. Her tagtada 34 setir ýerleşdirilen bu ýazgylar 12 okuwçy depderiniň 276, "Girişi" bilen bolsa 284 sahypasyny eýeleýär. Onda poeziýa eserleri "Läleler" (32—37 sah.), "Hüwdüler" (38—54), "Agylar" (55—60), "Rubagylar" (61—72), "Atalar sözi, nakyllar" (73—89), "Oýun sözler" (90—93), "Matallar" (94—95), "Ýarymezanlar" ((95—99), "Alkyşlar" (100), "Sanawaçlar" (101—104), "Ýaňyltmaçlar" (105), "Ýomaklar" (106), "Yrym-ýomlar" (109—114), proza eserleri bolan "Ertekiler" (117—238), "Rowaýatlar" (239—252), "Şorta sözler" (253—252), """Türkmen halk ýumory" (259—261) ýaly bölümlere bölünipdir. Her sahypasy meşhur neşirýatlaryň kitaplaryndaky ýaly bezelip, ýokarlary

nagyşlanyp, sahypa nomerleri goýlup, 12 sany okuwçy depderi kitap görnüşinde çatylypdyr, Alla Kadyra mähsus ezberlik bilen tikilipidr, jilt, sahap edilipdir. Bu elýazma kitabyň "Giriş" bölüminde ony ýygnamaga gatnaşan okuwçylar barada maglumatlar, kitabyň yzynda bolsa maglumat beren adamlaryň sanawy-shemasy ýerleşdirilipdir. Shemada informatorlar barada 10 sany maglumat (ady, familiýasy, ýaşy,, millleti, sowady, käri, maşgala durmuşy, ýagny maşgala agzalarynyň sany, haýsy žanry gürrüň berenligi, adresi we bellik) getirilýär.

Iň soňky sahypada elýazmanyň suratçysynyň, tehniki redaktoryň atlary, onuň ýazylmaga başlanan (15. XII.1959) we gutaran (19.I.1961) seneleri, şeýle-de bu kitabyň 12 depderden, 276 sahypadan durýanlygy ýazylypdyr.

Bu elýazmany Alla soňra Türkmenistan milli golýazmalar institutyna tabşyrypdyr, ol institutyň golýazmalar hazynasynda 945-f nomerli bukjada saklanýar.

Allanyň bu elýazmasyny folklorçy alymlar köp peýdalanypdyrlar. Hatda onuň sahabynyň iç ýüzüne öz awograflary ýazylan kagyzlary ýelmän alymlar hem bar. Meselem, azerbaýjan alymy M. Hatemi we moskwaly görnükli edebiýatçy, professor Halyk Görogly dagy şeýle kagyzda "Halk döredijiligini şeýle gözellik we ezberlik bilen ýygnamagy başaran mugallyma şan-şöhratlar bolsun! 6 ýanwar 1968 ýyl" diýen ýazgyny galdypdyrlar.

Geň ýeri, Alla Kadyrow elýazmalary mawy syýa we okuwçy perosy bilen basma, ownujyk harplarda, okuwçylaryň öýjükli depderiniň her çyzygynda bir setiri ýerleşdirip ýazypdyr (umumanm Alla institutda ähli konspektleri, bloknotyna ýazýan zatlaryny hem basma harpda we biziň bilen deň çaltlykda ýazýardy).

Soňra Alla obalardan türkmen ertekileriniň uly toplumyny ýygnap, ony hem uly elýazma kitap görnüşine getiripdir. "Ýedi dawagär" diýen at bilen ony-da milli golýazmalar institutyna tabşyrypdyr (inwentar nomeri f-1293).

Bu iki elýazmanyň içindäki ertekileriň köpüsi dürli neşirlerde peýdalanylypdyr, olaryň galanlaryny hem Allanyň

özi 1994-nji ýylda “Ýedi dawagär” ady bilen “Magaryf” neşirýatynda aýratyn kitapça görnüşinde çap etdirdi (128 sah.).

Alla Kadyrowyň toplan ertekileri Nöküsde garagalpak dilinde hem neşir edildi (1995). “Halk pähiminiň miwesi” atly bu kitaba giriş makalasyny hem Allanyň özi ýazypdyr.

Aspirantura döwründe kireýine jaýda bile ýaşan ýoldaşym, filologiýa ylymlarynyň doktory, folklorçy professor Şamuhammet Halmuhammedow Daşogyza ylmy iş saparyna gidende, Alla Kadyrowyňkyda myhmançylykda bolupdyr. Ol gaýdyp gelenden soň, Allanyň tutuş bir uly otagy kitaphana edinendigini, Aşgabadyň kitaphanalarynda tapylmaýan seýrek kitaplaryň hem onda bardygyny gürrüň berdi. Tekjelerdäki kitaplaryň ilki gowy timarlanyp, formaty deň sahaplayp, soňra temalar boýunça bölünip, nomerlenip, örän tertipli goýlandygy, nätanyş adamyň hem görkezgiç boýunça gerekli kitabyny dessine tapyp bilýändigi, bu şahsy kitaphananyň çendenaşa baýdygy Şamuhammedi aňk edipdir.

Alla öz kitaphanasynda öňki “Sowet edebiýaty” (häzirki “Garagum”) žurnalynyň, “Türkmenistan”, “Mugallymlar gazeti”, “Edebiýat we sungat” gazetleriniň hem tutuş 20-30 ýylyň dowamyndaky nomerlerini rejeläp saklapdyr.

Obada mugallym döwrümde Alla Kadyrowyň öz öýünde maşgala diwar gazetini aýda bir gezek yzygiderli çykarandygyny onuň bilen bile işleşen oba mugallymlary we Allanyňkyda birnäçe gezek myhmançylykda bolan edebiýatçy professor, şahyr Ahmet Mämmedow dagy hezil edip gürrüň berýärler. Ilki çen bilen “Göreldeli maşgala”, soňra bolsa “Döwletli ojak” ýalyrak at bilen Allanyň çykaran bu gazeti bezeliş jähtden-de, özünde ýerleşdirilen informasion we edebi makalalaryň çeperçiligi babatda-da adygan mekdeplerde çykarylýan diwar gazetlerden pes oturmaýar eken. Onuň baş makalasy umumy maşgala degişli ýazylyp, gazetiň galan uly böleginde şu maşgalanyň gündelik işlerini suratlandyrýän habarlar, gyzyl syýa bilen ýazylan öwgüli makalalar, öz wezipesini ýerine ýetirmedikler hakyndaky feletonlar, ýiti tankytlar, goşgular we hekaýajyklar, iň soňky sütüninde bolsa şu maşgala bilen baglanyşykly teýene, henek-

ýomaklar, gülküli wakalar, tapmaçalar ýerleşdirilipdir.

Gazetiň tankydy makalasy maşgala ýygnagynda ara alnyp maslahatlaşylyp, gelnen netijeler we görlen çäreler hakynda gazetiň indiki sanynda habar berlipdir. Alla Kadyrowyň şahsy arhiwinde bu maşgala gazetiniň 50-den gowrak sany saklanýan bolmaly.

Alla Kadyrowyň geň-taň häsiýetleriniň ýene biri barada gürrüň beýin. Alla sagat götermezdi, emma islendik pursatda ol bir, köp bolsa iki minut tapawut bilen sagady aýdyp bilýärdi. Bile işleşen ýoldaşlarynyň aýtmagyna görä, sagady bolmasa-da, Alla sapaklaryna we ýygnaklara edil wagtynda gelýän eken.

Dürli sebäplere görä, Alla Akdepe etrabyndan Garagalpagystandaky türkmen mekdepleriniň birine— Hojaili etrabynyň Hamza adyndaky kolhozyna işe geçýär. Bu ýerde hem onuň enjamlaşdyran edebiýat otagy tutuş Garagalpagystanda adygyp, edebiýatçy mugallymlaryň görelde almak we öwrenmek üçin gelim-gidimli merkezine öwrülýär. Garagalpagystanda Allanyň zahmetine adalatly baha-da berilýär: ol ilki “Halk magaryfynyň otliçnigi” diýen nyşana, soňra-da “Garagalpagystanyň at gazanan mugallymy” diýen hormatly ada mynasyp bolýar. Özbegistanyň Pedagogik ylmy-ýarlag institutynyň Garagalpagystan filialynyň habarçy agzalygyna hem saýlanýar (öň Allaberen Aşgabatdaky şeýle institutyň habarçy agzasydy).

Alla Kadyrow birnäçe gezek aspirantura-da girjek boldy. 1965-nji ýylda Magtymguly adyndaky TDU-da edebiýatdan gaýybana aspirantura dokument tabşyryp, Mäti Kösäýew, Öde Abdyllaýew, Jora Allakow dagyny haýran galdyryp, olaryň bäşligini aldy, Amma Milleriň uly göwrümli “Parsça-orusça sözlügini” tutuşlygyna diýen ýaly ýat tutanlygyna seretmezden ol pars dilinden we filosofiýadan synagdan geçip bilmedi. Ýöne weli bu zatlar edebiýatyň ylmy meselelerinden Allanyň elini sowatmady. Ol mugallymlar üçin niýetlenen gazet-žurnallarda ençene makalalar neşir etdirdi, edebiýatçylaryň dürli ýygnanyşyklaryna hem işjeň gatnaşdy. Edebiýat ylmyna içgin höwesi, çuň söýgüsi we çenden aşa erjelligi nazara alnyp, Alla

Kadyrow Nöküse, Garagalpakystanyň Berdah adyndaky döwlet uniwersitetine işe çagyryldy, ol bu okuw jaýynyň filologiýa fakultetiniň türkmen dili we edebiýaty bölüminde türkmen edebiýatyndan sapak berdi. Häzir Allaberen Kadyrow hormatly dynç alyşda.

## ROZYMÄHMET ROZYGELDIÝEW

Halajyň Gyzylaýak obasyndan gelen Rozymähmet biziň içimizde iň ekabyrymyz we daýawymyzdy. Ol nemes dili bölüminde okasa-da, kursdaşlarym Eýýämberdi Şahanow we Şerip Hallyýew bilen birlikde men Rozymähmet bilen iki ýyllap bir otagda ýaşadym.

Rozymähmet gowy okady, çet ýurt dili fakulteti boýunça ýeke-täk stidendiat boldy, institutda nemes dilinden ilkinji bolubam gyzyl diplom aldy. Okuwy gutaransoň ol iki-üç ýyl mugallym, 15 ýyl hem obasyndaky uly mekdebiň direktory bolup işledi. 1977-nji ýylda kolhozçylaryň haýyşy we biragyzdan goldamagy netijesinde ol Gyzylaýak obasyndaky “Lebap” kolhozyna başlyk saýlandy. O döwürler bu kolhoz yza süýrenýän hojalykdy. Rozymähmediň başlyk bolan ýyly ähli planlar dolduryldy, kolhoz barha ösdi, öňe gitdi. Ol 1985—95-nji ýyllarda diňe bir welaýatda iň öňdäki hojalyk bolmak bilen çäklenmän, tutuş Türkmenistan boýunça-da tanymal hojalyklaryň birine öwrüldi. Rozymähmet 17 ýyllap, tä 1994-nji ýylda dynç alşa gidýänçä, başlyk bolup işledi. Magtymgulynyň 250 ýyllyk ýubileýi mynasybetli Rozymähmediň ýolbaşçylygynda Idrisbaba medresesi gowy rejelendi, kolhoz obalary tertipleşdirildi, ýollar asfaltlandy.

1993-nji ýylda Gyzylaýak obasynda Zynharynyň 200 ýyllyk ýaş toýy dabaraly bellendi. Bu toýa taýýarlyk görlen döwürde Gyzylaýak we Esenmeňli obalary has hem gözel görke getirildi. Häzir şäher bilen bäsleşip oturan bu obalarda muzeý, medeniýet köşkleri, juwazlar, elektrik degirmenleri ýaly medeni-hojalyk desgalary sanardan kän. Obanyň şeýle ýokary ösmeginde Rozymähmet Rozygeldiýewiň tagallasy biçak uly.

Rozymähmediň zähmetine mynasyp baha hem berildi. Ol Türkmenistanyň oba hojalykda at gazanan işgäridir, Türkmenistanyň otliçnik mugallymydyr. Rozymähmet orden-medllaryň ençemesi, Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň birnäçe Hormat haty bilen hem sylaglandy.

## EÝÝÄMBERDI ŞAHANOW

Kursumyzda iňňän gowy okaýan we gyzyl diplom alanlaryň biri hem Eýýämberdidi. Ol-da Halajyň Ahunly Gyzylaýak obasyndandy. Men onuň bilen üç ýyllap bir otagda ýaşadym. Eýýämbedi gaty guramaçydy, zähmetkeşdi, bir sözlüdi, nahar bişirmäge-de ökdedi. Onuň göreldesi we tagallasy bilen kursdalarymyzdan Myrat Penjiýew, Rejepmyrat Gökow, Nury Kakyşow dagy we men klassyky göreş boýunça türgenleşik okuwlaryna gatnaşyp başladyk, tiz wagtda diňe bir welaýatda däl, eýsem tutuş Türkmenistanda hem bu göreş boýunça baýrakly orunlary eýeledik.

Okuwy gutaransoň, Eýýämberdi öz obasynda otuz bäş ýyl çemesi, tä 1988-nji ýylda aradan çykýança abraýly mugallym bolup işledi.

Men Eýýämberdiniň obasyna köp bardym. Bir gezek ol maňa Gyzylaýaga gelmegi, bu obada ýaşan we ýakynda aradan çykan Mollaöde Hudaýberdiniň we molla Rozygeldiniň golýazma kitaplaryny Goýazmalar institutyna tabşyrmaga kömek etjekdigini habar berdi. Muhammetjuma Öwezgeldiýew, Annagurban Aşyrow we men dessine Gyzylaýaga gitdik, aýdylan kitaplaryň we dokumentleriň 200-den gowragyny hem Aşgabada getirdik.

Eýýämberi Şahanow ýazyjy Naryman Jumaýew bilen ýakyn gatnaşykdady, çünki ýazyjy ýaşlygynda olaryň öýlerinde ençeme ýyllap ýaşapdyr.

* * *

Ýatlanmaga mynasyp kursdaşlarym başga-da bardy.

Meselem, tagtaly Nury Kakyşow, baýramalyly Muhammetguly Osmanow, dänewli Şerip Seýidow, garabekewülli Soltan Akyýew, halaçly Abdyrahman Söhbedow we Hudaýguly Muhammedow dagy ençeme ýyllap öz obalaryndaky orta mekdeplere direktorlyk eden bolsalar, murgaply Orazmuhammet Annaorazow, halaçly Jora Rozyýew dagy etrap partiýa w sowet organlarynda dürli ýolbaşçy wezipelerde işlediler. Maryly Durdy Berdigulyýew bolsa köp ýyllap Marynyň Kemine teatrynyň aýdym-saz toparynda dutarçy bolup, ile özüni tanatdy.

* * *

Institutda sporta gatnaşyşymyz babatda-da käbir zatlary ýatlamakçy.

Üçünji kursda okaýarkak, şäherde klassyky göreş bölümi açyldy. Bir otagda bile ýaşaýan ýoldaşym Eýýämberdi Şahanowyň yrmagy bilen men, Eýýämberdiniň özi we otagdaşymyz Nury Kakyşow, soňra bolsa Myrat Penjiýew we Rejepmyrat Gökow dagy oňa ýazylyp, türgenleşige girişdik. Bir aý geçip-geçmänkä-de trenerimiz Aşgabada—Türkmenistanyň birinji spartakiadasyna ýaryşa alyp gaýtdy. Ýaňy türgenleşige başlan gögele sportsmeniň oýny adygan pälwanlaryňky bilen deň gelýärmi? Ýeňildik. Ýöne weli köp zatlary öwrendik. 1956-njy ýylyň maýynda geçen ikinji spartakiadada R. Gökow, M. Penjiýew we men baýrakly orunlary eýeledik. Biz Moskwada, Bütinsoýuz ýaryşda Türkmenistanyň sport abraýyny goramalylaryň hataryna hem goşuldyk, ýöne ol ýaryşyň möhletiniň döwlet ekzamenleri bilen gabat gelenligi üçin, Moskwa gidip bilmedik.

Obada mugallym bolup işlän döwrümde-de welaýatyň çempiony hökmünde meni welaýata birnäçe gezek ýaryşa çagyrdylar.Men olaryň käbirine gatnaşdym we birinji orny eýeledim.

Adygan sportsmen hökmünde, obada mugallym döwrümde, bedenterbiýe mugallymy ýok wagty, bu sapagy hem okatdym, kolhozda göreş bölüminiň açylmagyny gazanyp, onuň türgençisi

boldum.

* * *

Döwlet synaglarynyň ahyrkylaryny tabşyrdyk. Institut bilen hoşlaşmaly wagtymyz gelip ýetdi. Dört ýyllap bile okan, öwrenişen ýoldaşlarymyzdan aýrylyşyp, her kimiň öz mekanyna gitmelidigi ýada düşende, kalbymyza bir hili tukatlyk aralaşýardy.

Diplomy dabaraly ýagdaýda gowşurdylar. Okan okuw jaýymyzyň howlusynda gurlan we tomusky tomaşa jaýyny ýada salýan meýdançanyň sahnasynda mugallymlarymyz, onuň uzyn oturgyçlarynda bolsa dürli fakultetleri gutaryp, mugallym hünärini alanlar ýerleşdiler.

Gyzyl diplom alanlara (şol sanda maňa) şu dabarada doplomy rektor Şaja Batyrowyň hut özi gowşurdy. Soňra Şaja Batyrow orus dilinde instituty gutaranlary gyzgyn gutlap, hoşlaşyk sözüni sözledi. Onuň yzyndan bizi okadan mugallymlar çykyp geplediler.

Konsertiň yzyndan biz “A” toparymyz bolup, şäheriň medeni seýil bagynda hoşlaşyk mynasybetli surata düşdük.

Institut bilen hasaplaşmak, işe iberilýän dokumetlerimizi düzetmek, ýatakjaýymyzy komendanta tabşyrmak ýaly ownuk-uşak işler hem birki gün wagtymyzy aldy.

Şol döwürde gyzyl diplom alanlary dürli edaralara işe-de çagyrýardylar. Meselem, maňa Aman Kekilow türkmen edebiýaty, mugallymymyz Japar Alladatow bolsa syýasy ykdysadyýet kafedrasynda mugallym bolup galmagymy teklip etdiler. Şol wagtky Çärjew welaýat komsomol komitetiniň birinji sekretary Nepes Çakanow meni ençeme gezek şu komitetde işlemäge çagyrdy (Çakanow meni institutyň komsomol komitetiniň agzasy hökmünde alyp baran işlerimden tanaýardy). Ýöne men öz obamda ýönekeý mugallym bolup işlemegi berk ýüregime düwenligim üçin, ol çagyryşlaryň hiç birini kabul etmän, göni Burdalyga işe gaýtdym.

Wakalardan öňe geçip ýatsam, Nepes Çakanow meni

obada-da günüme goýmady: işleýän mekdebime we öýüme Hojambaz etrabynyň ýolbaşçylary bilen gelip, maňa etrabyň komsomollaryna baştutanlyk etmegimi köp teklip etdi. Ýöne men dürli we degerli deliller tapyp, onuň tekliplerini ret etdim.

## OBAMYZA MUGALLYMÇYLYGA

1956-njy ýylyň iýun aýynyň ahyrynda diplom alyp, oba geldim. Gyzyl diplom alanlar barada welaýat gazetinde iki-üç gezek ýazandyklary üçin, okuwy nähili gutarandygymy bilýän käbir obadaşlarym, garyndaşlarym, esasanam mugallymlar meniň diplomymy görmäge gelip, meni gutladylar. Ol döwürde diplom toýy diýen zat ýokdy. Toý etmäge öýümizde mümkinçiligem kemdi. Gapdalynda gara öý dikilen ýekeje otagdan ybarat tamymyz bardy. Indi şonda 8 jan bolup ýaşamalydyk. Şonuň üçin men dessine ol tama ýabşyryp, bir koridorly otag salmagy atama teklip etdim. Ol razy boldy. Men galtak bilen geljekki ýaýyň ýerini beýgeltdim, aşagyna çäge dökdüm. Iýul aynda dört pagsa edip, üstüne tut we tal agaçlaryndan balar (pürs) atdyk-da, üstüni basyrdyk. Gyşa çenli ähli işlerini gutaryp, bu otagy men özüme ýaşaýyş we iş jaýy edindim.

Meniň işlemeli ýerim Burdalygyň merkezindäki orta mekdep bolup, ol meniň öýümden 10 kilometr uzakdady. Men gatnap işlemelidim, emma öňde atamyň daýaw eşeginden başga ulag ýokdy. Ilkinji nobatda welosiped edinmelidi, emma oňa ýeter ýaly atamda pul ýokdy. Bir-iki adamdan karz soradym. Karza-da geçmedim.

Awgustyň başynda men istitutyň işe iberýän hatyny we diplomyň nusgasyny Hojambaza—etrabyň bilim bölümine tabşyrdym. Meni bölümiň müdiri, uruş maýyby, çep eli ýok Bäşim Reýimowyň özi kabul etdi. Diplomy gördi, gutlady. Meniň geljekdigimden habarlydygyny, eýýäm Burdalygyň merkezindäki orta mekdebiň ýokary klaslarynda okatmak üçin hepdede 22 sagatlyk iş ornuny, ýaşamaga-da bir otagly jaý taýyn edip goýandygyny habar berdi. Soňra ol ýaşaýyş durmuşym barada sorady. Sowalgalyk pul ýagdaýym bilen

gyzyklananda, men obadan gatnar ýaly ulag (tigir) edinmek üçin, aljak aýlygymyň hasabyna öňünden biraz karz pul bermegi haýyş etdim. Ol dessine buhgalteri ýanyna çagyrdyda, şaňa şol wagtyň pulundan müň manat bermegi buýurdy. Buhgalteri gören dessime men böküp turup, “Salam, ýoldaş mugallym!” diýdim. Ol oba mekdebinde meni okadan we soňra beýleki bir mugallymym, Türkmenistanyň at gazanan mekdep mugallymy Seýitmyrat Rahymow bilen durmuş guran tatar gyzy Mawliha Rahymowady. Ol meni gutlap, dessine-de aýdylan puly getirip berdi. Men ol puluň bir bölegine welosiped satyn alyp, ony Burdalyga (100 km) münüp gitdim. Puluň galanynada mekdepden berlen jaýa goýmak üçin krowat, stol-stul we ýorgan-düşek aldym.

Şol gezek we soňam ençeme sapar Bäşim Reýimow we etrabyň baştutany Begelek Öwezow hem-de bir wagtky mugallymym, şol döwürde raýispolkomyň başlygy bolup işleýän Seýitmyrat Rahymow dagy maňa Burdalyk mekdebine direktor, hiç bolmanda okuw müdiri bolmaklygy köp teklip etdiler, ýöne men kejeňekligime tutup, diňe ýönekeý mugallym boljagymy berk aýtdym. Olaram soňra maňa azar bermediler.

Häzir Burdalygyň üç kolhozynda jemi 10 sany orta mekdep bar, emma ol döwürde merkezden başga ýerde orta mekdep bolman, ýediýyllyk we başlangyç mekdepler bardy. Nurly Äzerowdan we Amandurdy Babalakowdan başga ýokary bilimli mugallymam ýokdy. Häzirki döwürde müňlerçe ýokary bilimli, hünärli işgärleriň zähmet çekýän tutuş Burdalyk ülkesinde şol döwürde men ýokary bilim alan üçünji mugallymdym. Dogry, menden öň bu mekdepde türkmen dilinden bir ýyllap Gurban Pirliýew okadypdyr (asly dänewli Gurban instituty menden bir ýyl öň gutarypdy. Pedagogika ylymlarynyň doktory, professor, Türkmenistanyň döwlet baýragynyň hem laureaty bolan G. Pirliýew köp ýyllar Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň ylmy işler boýunça prorektory bolup işledi. Ol 1996-njy ýylda aradan çykdy).

Bellenen güni, 15-nji awgustda men mekdebe işe geldim. Mekdebiň direktory orus dili, botanika, arifmetika ýaly birnäçe

ders boýunça oba (Gultak) mekdebinde maňa sapak beren Raziýa Hüseýinowa diýen tatar aýalydy. Ol haýsy dersden okatsa-da, okuwçylaryň ünsüni çekip, olaryň hormatyny gazanyp bilýän ökde mugallymdy. Okuw müdiri bilen birlikde ol meniň 5—10-njy klaslaryň ählisinde türkmen dili we edebiýatyndan okatmalydygymy duýdurdy, soňra olar maňa ýaşamaly jaýymy görkezdiler. Ol Burdalyk özbaşdak etrap döwründe ispolkomyň başlygynyň ýaşan 3 otagly, howluly jaýynyň bir otagydy, beýleki iki otagynda Burdalyk şäherçesiniň kinoçysy, meniň deň-duşum Anis diýen tatar ýigidi öz garryja enesi bilen ýaşaýardy. Işim köp bolanda we ýagyş-ýagmyrly günlerde men şu otagda ýaşadym, sapaklara hem şu otagda taýýarlandym, ýöne köplenç men dogduk obama gatnap işledim.

* * *

Okuwlar başlandy. Klaslara girip ugradym. Ilki uçilişede, soňra pedinstitutda pedpraktikada esli bolanymyz üçin, men ilkinji sapaklara özbaşdak giren günlerimde-de ýaýdanyp, aljyrap durmadym. Klaslar we okuwçylar bilen çaly öwrenişip gitdim.

Mekdepde örän tiz bir zada göz ýetirdim: meniň okadýan 8 — 10-njy klaslarym bilen deňeşdirende, 5 — 7-nji, ylaýta-da 6-njy klasda tertip gaty gowşakdy. Munuň öz sebäbi bar: ýediýyllyk hökmany okuw bolany üçin, bu klaslara mahsus ýaşly kiçi okuwçylaryň arasynda bir klasda iki, üç, hatda dört ýyl oturan we töweregindäki kiçi ýaşlylardan boý, göwre, ýaş babatda esli saýlanýan ýigitler bardy. Olaryň özleri ýa şolaryň ýolbaşçylygynda beýleki käbir okuwçylar bezzatlyk edýärdiler. Mugallymyň gözi beýläk bolanda ýoldaşlaryny daşjagaz ýa-da düýrlenen kagyz bilen urmak, tagta çagyrylan ýoldaşyna badak atyp ýykmak, galmagal etmek ýaly tertipsizlikler olar üçin adaty zatdy. Direktor, okuw müdiri, iňlis dili mugallymy Ahmet Gafarow, uruşda sag aýagyny aldyryp gelen Gully Durdyýew ýaly käbir mugallymlar bolaýmasa, bu “okuwçylaryň” çekinýän kişisi ýokdy, täze gelenleriň, ylaýta-da gyz mugallymlaryň

gözüniň öňünde nas atmak, çilim çekmek, paýyş söz aýtmak ýaly zatlardanam gaýtmaýardylar. Täze gelen mugallymlary bular öz synagyndan geçirýärdiler.

Meniň sapaklarymda-da şeýle bezzatlyklaryň birnäçesi boldy. Tagta çagyrylan kiçi ýoldaşyny badak atyp ýykan "okuwçyny" men sapakdan soň saklap gürleşdim, utandyrjak boldum, bolmady. Sapakdan çykardym, ol beýleden aýlanyp gelip, maňa görünmän, äpişgeden dürli hereketler bilen ýoldaşlaryny gülüşdirmäge durdy. Şeýle "synaga" sezewar edilen diňe men däldim. Käbir mugallymlar-a 6-njy klasa girmekden ýüz döndürdiler. Bu klasda ähli mugallymlaryň gatnaşmagynda ýygnagam geçirildi, ol "okuwçylaryň" käbiriniň ene-atalary bilenem gürleşildi. Emma düzelýän zat ýokdy.

Sentýabryň ortasynda okuwlar ýatyrylyp, pagta ýygymyna çykyldy. Men 20 gün şol okuwçylara baştutanlyk edip, pagta ýygdyrdym. Köp pikir ediben köpüň ünsüni özüne çeker ýaly satiriki diwar gazetini çykarmaly diýen netijä geldim. Uçilişede çyzgy, dürs ýazuw we surat ýaly derslere köp üns berilýänligi üçin, men surat çekmegi başarýardym (şol ýyllar men gaty matanyň-holstuň ýüzüne ýagly reňkler bile öz portlerimi hem çekipdim. Satiriki suratlar üçin nusgalary Moskwanyň "Krokodil", tatarlaryň "Çaýan" ("içýan"), özbekleriň "Muştum" (ýumrugym") ýaly žurnallaryndan alyp, men pagtadan dynç günlerimde oňat bezelen we suratlary akwarel bilen elde çekilen, has bezzat iki okuwçynyň gülküli suratynyň aşagynda-da ýumoristik goşgy setirlerini ýazylan gazeti taýýarlap, oňa "Gapan" diýen at goýdum. Mekdepde asylan bu gazeti ertesi ir bilen pagta ýygymyna şu ýerden maşynly ugraýan okuwçylar okap hezil etdiler. Bu gazeti we onuň soňky çykan sanlaryny görmäge ulular hem köp geldi.

Wakalardan öňe geçip ýazsam, okuwçylaryň kömegi bilen üç ýarym ýylyň dowamynda bu gazetiň jemi 25 nomeri goýberildi. Terbiýeçilik işine oňat ýardam beren bu gazet satiriki gazetleriň welaýat sergisinde1960-njy ýylda birinji baýraga mynasyp boldy, üç sany redkollegiýa agzasy we men goşar sagady, mekdebimiz bolsa ullakan diwar sagady hem-de

kitaplaryň uly toplumy bilen sylaglandy.

"Gapana" düşmejek we özüniň üstünden deň-duşlaryny güldürmejek bolup, bezzat okuwçylaryň ençemesiniň düzelenligini aýtmakçydyryn. Şol okuw ýylynyň ortalarynda ýediýyllyk mekdeplerde "okaýan" 17—18 ýaşly köpýylçylaryň okuwdan çykarylyp, zähmete iberilmegi mekdepde tertibiň hasda gowulaşmagyna getirdi.

Hepdede 22 sagat okatmak okuwy ýaňy gutaryp gelen ýaşlar üçin ullakan ýük däldi. Boş wagtymyz köpdi, käte bir kino göräýmesek, Burdalykda başga hili tomaşa jaýlary-da ýokdy. Ol döwürde telewizory bilmeýärdik (men ilkinji gezek telewizory 1959-njy ýylda Moskwada gördüm, 1961-nji ýylda bolsa ony Burdalykda birinji bolup, Gultak obaly Hemra Gaýyrow öýünde gurdy). Şonuň üçin men we tirkeşýan ýoldaşlarym saz çalmagy hem-de surat almagy öwrenmeli diýen karara geldik. Ilki bilen Rostow şäherine sargap, surat apparatyny, plýonka, fotokagyz, fotohimikatlar, surat ulaldyjy, saz guralyndanam her kime bir mandolina getirtdik. Mekdebiň saz mugallymy Guba bagşy Mämmedowy gününe goýman, günde bir sagat ondan saz çalmagy öwrendik. Surat almagam kyn däl ekeni, oňa-da ökdeleşdik. Bu öwrenilen hünärler soňra maňa gerekli bolup çykdy.

Saz barada aýdylanda, men tiz wagtda mekdebiň aýdym-saz toparynda Guba bagşynyň ýanynda mandolina çalyp, köpüň öňünde edilýän çykyşlara gatnaşdym. Gultak obasyndaky mekdebe işe geçenimden soň bolsa özbaşdak aýdym-saz toparyny açyp, ençeme oglana saz öwretdim. Biziň bu toparymyz diňe bir Hojambaz etrabynda däl, eýsem, welaýat boýunça-da ýediýyllyk mekdepleriň arasynda birinji orny eýeledi (1962). Ýöne meniň saz çalyşym ýabygorlyrak bolmaga çemeli, çünki etrap we welaýatlardaky çykyşlarymyzda maňa saz çaldyrman, meniň taýýarlan toparyma beýleki sazandalar sazandarlyk edýärdiler.

Surat almak hünärini ymykly öwrenmegim hem soňra maňa pedagogik işde, umuman, durmuşda gowy kömek etdi. Mekdep bilen baglanyşykly alan suratlarymy diwar gazetinde ulandym, dürli temalardan fotomontažlar hem etdim.

Suraty plýonkadan fotokagyza geçirmek üçin elektrik yşygy gerek, ol yşyk Burdalykda agşamyna we ertirine ýakylýardy, biziň obamyzda-ha asla elektrik ýokdy. Şonuň üçin men obada kiçijik jaý edip, depesindäki deşikden düşýän günüň yşygyny surat ulaldyjynyň içinden geçirdim we şeýdip, özüme fotolaboratoriýa edindim. Şondan soň gündizine Gultakda, agşamyna bolsa Burdalykdaky otagymda surat çykarmaga mümkinçiligim boldy.

Gündizine gyssagly surat çykarmak zerurlygy hem wagtal-wagtal ýüze çykýardy, çünki şol döwürde diňe bir Burdalykda däl, eýsem tutuş Hojambaz etrabynda-da surat alyp bilýän adam ýokdy. Dokument ýa başga zat üçin gyssagly surat gerek bolsa, uzak obalardan hem meniň ýanyma gelýärdiler. Menem olary mähetdel etmän, uzagy bir-bir ýarym sagadyň dowamynda möhümini bitirip goýberýärdim. Hyzmatym üçin pulam almazdym, atam hem kiçi zat üçin hak-heşdek almazlygymy mydama sargardy.

Okuw ýyly gutaryberende 8-nji we 10-njy klas okuwçylarynyň ýörite gutardyş suratlaryny, beýleki klaslaryň hem toparlaýyn suratlaryny aldyrmak üçin, etrabyň dürli mekdepleri meni çagyrardylar. Ol suratlar üçin okuw müdiri bellenen nyrh boýunça pul ýygnap bererdi. Ol pul harajatlarymy doly ödärdi, esli peýda-da galardy.

Etrabyň 17 — 18 ýaşly ýigitlerini harby hasaba almak, soňra hem gulluga ibermek üçin, ýylda iki gezek olary harby komissariat komissiýa etmäge çagyrardy. Harby komissar maýor Turçenkow şolar bilen birlikde meni hem 5—10 günlük komssariata gelmäge mejbur ederdi. Çakylyk-buýrukda meniň surat alýan gurallarym bilen gelmegim, eger buýrukdan boýun towlasam, degişi jeza çekjekligim ýazylýardy. Harby komissaryň buýrugyny ýerine ýetirmezlige hiç kimiň haky ýokdy. Menem çakylygy müdire ýa direktora görkezip, ýylda iki-üç gezek Hojambaza birnäçe günlük giderdim.

Turçenkow maňa ýatyp-turmak we surat çykarmak üçin öz ýaşaýan jaýynyň bir otagyny boşadyp, äpişgelerini hem yşyk geçmez ýaly edip bererdi. Ol harby bilet üçin bejeren suratlarymy

satdyryp, puluny meniň bilen deň bölüşerdi.

Şol döwürde men gazetlere-de käte surat ibererdim, olaryň käbiri çap hem edilerdi.

1959-njy ýylda men mekdepde fotografiýa okuwlaryny açyp, on çemesi oglana surat almagy we ony işlemäni öwretdim. Şol oglanlaryň içinden Gylyçmyrat Hallyýew soňra TASS-yň we dürli gazetleriň fotohabarçysy hökmünde adygyp gitdi, onuň alan ençeme suratlary öňki SSSR-de we dünýä möçberinde geçirilen fotosergilerde köp gezek birinji we ikinji baýraklara mynasyp boldy.

* * *

Ilkinji okuw ýylynyň birinji ýarymy geçip gitdi. Onuň iki aý çemesini pagta ýygyp geçirdik. Üçünji çärýege başladyk. Fewralyň aýagynda meniň ýüregimi sarsdyran şatlykly we gaýgyly wakalaryň ikisi bolup geçdi. Men mekdepde sapakdakam, 23-nji fewralda atam enemi Burdalygyň keselhanasyna getiripdir, az salymdanam inim bolupdyr. Men soňky sapakdan çykyp, mugallymlar otagyna barýarkam, kimdir biri ylgap gelip, ogul doganymyň bolandygyny buşlady. Men ilki ynanmadym, ýöne men sapakdakam enemi obadan maşynda bäbekhana getirendiklerini we ony mekdebe gelip, maňa duýdurmaklaryny haýyş edendiklerini eşidenimden soň weli ynandym. Uly arakesmede okuw müdirimiz Ýagşy Annaýewiň maňa gowşuran aýlygyndan buşlukça ýüz manat buşluk berdimde, bebäkhana ylgadym.

Bäbekhana keselhananyň içindedi, arasy hem mekdepden uzak däldi. Meniň gelýänimi gören syrkawlar we olary soramaga gelen tanyşlar öňümden çykyp, inimi buşladylar. Men şatlygyma alan aýlygymyň ählisini olara paýlap berdim. Ynha, bäbekhananyň gapysynda wraç goňşym, asly halaçly Hudaýberen Çaryýew ýylgyryp dur. Olam: “iniň boldy. Buşuk!” diýip, meni bagryna basdy. Pulumyň gutaranlygy üçin, men oňa goşar sagadymy çözüp berdim.

Meniň bu waka şatlanmagymyň öz sebäbi bardy. Şu

wagta çenli biz alty dogandyk. Iň ulusy mendim. Menden soň maşgalamyzda ogla näçe garaşsagam, yzly-yzyna gyz doguldy. Täze bäbek çaga ogullaryň ikinjisidi. Maňa taý bolany üçin, soňra onuň adyna "Jora goý" diýenlerem, Taýly diýen ady saýlan garyndaşlaram boldy. Ýöne meniň inime Myratdan başga ady göwnemeýändigim üçin, olaram meniň bilem ylalaşdylar.

Maşgalanyň şatlygy uzaga çekmedi. Men her gezek bäbekhana gelenimde, enem aglap-eňräp, bu ýerde ýüreginiň gysýandygyny aýdyp, öýe äkitmegimi haýyş etdi durdy. Onuň halyna dözmän, menem lukmanlar bilen gepleşip, martyň 1-inde ýük maşynynyň kabinasynda enemi öýe äkitdim (ol wagtlar ýeňil maşynlar ýokdy).Çarkandakly ýolda esli böküp, maşyn gapymyzda gelip durdy. Enemiň bäbegini elinden alyp, özünem göterip diýen ýaly düşürdik-de, ýerine eltip ýatyrdyk. Öýümizde şatlyk-şagalaňlyk başlanyp gitdi.

Enemiň ýagdaýynyň erbetdigini men aňmandyryn, enemiň özi ony maňa duýdurmazlygy berk sargapdyr. Men hemişeki ýaly, ir bilen Burdalyga işe gidip, agşamlyk hem öýe dolanyp gelýärdim. 4-nji mart güni hem şeýle boldy. Ertirlik çaýdan soň men doganlarym bilen degşip-gülşüp, welosipedli Burdalyga ugradym. Bir sagat okadyp, ikinji sapaga girdim. Täze temany düşündirip duran wagtymda, direktor Hüseýinowa gapyny açdy-da, meni çagyrdy. Çykdym. Ol enemiň erbet keselländigini, örän tiz öýüme ýetmelidigimi habar berdi. Men klasdaky zatlarymy almaga içeri girjek bolsam, ol meni goýbermedi-de: "Sen basym ugra, zatlaryňa we klasa özüm serederin" diýdi. Men ýaşaýan howlymda diwara söýelgi welosipedime ylgap ýetdim-de, dessine ýola düşdüm.

Agyr pikirler beýnimde at salýar: "Näme bolduka? Ertir gürleşip ýatyrdy ahyryn". Direktoryň meni gyssap durşy göz öňüme gelende hopugýaryn. Aýagaldygyna sürülýän tigriň üstünde ýüzüňi ýalap geçýän çigrek howada-da endamym gara der boldy. Gidip barşyma, "Enem öläýdimikä?" diýen şum pikir kelläme gelýär-de, gözümiň öňi garaňkyrap gidýär. Biygtyýar akýan göz ýaşlarymy süpürip, tigriň depgijine has batly depip başlaýaryn. Ynha-da, obam. Ho-ol öňdäki uly tuduň deňinden

çepe sowulsam—öýüm görünjek. Hopuga-hopuga uly tutdan geçip, çepe sowuldym-da, öýümize göz aýladym. Gapymyza bir topar adam üýşüpdir. Gözüm garaňkyrady. Öýe ýakyn geliberenimde, başym aýlanyp gitdi, öň tigir hem bir zada degdi, men ýykyldym. Böküp turup, däbine-däbine enemiň ýatan jaýyna girdim. Käbäm enem ýatyr, gözüni ýumup, arkaýyn ýatyr. Entek giň maňlaynyň ýylysam sowamandyr.

Näçe oturanymy bilmeýärin, garyndaşlaryň birnäçesi meni süýräp diýen ýaly daşary çykardy. Şol gün giç öýlänligem enemi ahyrky ýoluna ugratdyk. Bu gije dogan-garyndaşlar iki otagy we gara öýi dolduryp, daňa çenli oturyp çykdylar.

Ertesi inim Myrat ýadyma düşdi. Soradym. Ony täze çagasy bolan garyndaşlaryň biriniň öýüne äkidenligini aýtdylar. Enemiň üçüni, ýedisini hem sowduk. Ýedisi berlen güni giç öýlänler meni oba sowotiniň jaýyna çagyrdylar. Barsam, ol ýerde oba sowetiniň başlygy Gaýyr aga, kolhozyň başlygy Maksat Şakulowa, etrabyň baştutany Begelek Öwezow dagy oturan ekenler (olar günortan biziň sadakamyza barypdylar). Hal-ahwal soraşanlaryndan soň, olar maňa inimi wagtlaýynça Çärjewdäki bäbekler öýüne tabşyrmagymy, öýlenip, birinji çagam bolandan soň hem alyp gaýtmagymy maslahat berdiler. Begelek aga Hojambaza jaň edip, inimiň ähli dokumentlerini taýýarlap getirmegi we maňa gowşurmagy, Çärjewdäki bäbekler öýüne hem Myrada bir ýer taýýarlatmagy kimdir birine tabşyrdy, ertesi günortan Burdalykdan Çärjewe uçmagy hem maňa teklip etdi. Atam dagy bilen maslahatlaşyp, men aýdylyşy ýaly etdim, ertesi bir uýam bilen Myrady alyp, Çärjewe uçdum, ony bäbekler öýüne tabşyryp, ol gün Aman Kekilowlarda ýatdyk-da, ertesi ýene uçarda Burdalyga uçduk (indi Burdalyga öňki iki adamlyk uçarlaryň ýerine 12 orunly “AN—2” uçýardy).

* * *

Bagyr awusy biraz könelişse-de, enem ölenden soň günümiz kynlaşdy. Iň kiçi uýam Selbi 6, öýdäki ulusy Gurbangül hem 15—16 ýaşyndady (iň ulusy Ýazbikäni eýýäm durmuşa

çykarypdylar). Öýde tamdyra nan ýapyp bilýän ýokdy. Hamyr edip, goňşy aýallar ýapdyrýardylar. Şonuň üçin men gyssagly öýlenmelidim.

Toýa taýýarlyk gördük, zerur zatlary aldyk. 1957-nji ýylyň 25-nji awgustynda-da men öýlendim. Ondan öňem öýlenip bilýärdim, emma öýlenjek gyzymyň (Häsiýetiň) enesi we agasy (olar meniň atamyň daýylar toparyndandy) gyzlarynyň entek 17 hem ýaşamanlygyny göz öňünde tutup, sähedi biraz gijikdirdiler (ol döwürde äre baran gyz 18 ýaşdan bir hepde kem bolsa-da, “ýaş gyza öýlenen” diýip, onuň baran ýigidini türmä basýardylar). Şonda-da men wagtyndan öň, ýagny 17 ýaşdan ýaňy iki aý geçen wagty öýlendim, ýöne basylmazlyk üçin, tä 18 ýaşyny doldurýança ZAGÇ-dan geçmeli däl diýen karara geldim. Şeýle-de etdim. Bagtyma, hiç kim meni hökümete ýamanlamady.

Men öýlenenimden soňam çörek günümiz birbada düzeläýmedi. Enesi öýünde gelen gelniň öz enesi, iki gelnejesi we uly gelnejesiniň enesi bile ýaşaýardylar, olar ýaş gyza tamdyra nan ýapdyrmag-a beýlede dursun, hatda naharam bişirtmeýärdiler. Şonuň üçin toýdan biraz soň täze gelniň Gurbangül uýam bilen nan ýapjak boluşlary, gyzan tamdyryň ýanyna taýýarlanyp eltilen 7—8 nanlyk hamyrdan diňe 4—5 sany kiçi çörekden beýleki uly nanlaryň ählisini küle gaçyryşlary, soňra-da täzeden hamyr edip, ony goňşa ýapdyryşlary ýadyma düşýär.

* * *

Çagalar öýüne tabşyran inimden men wagtal-wagtal habar tutýardym. Dynç güni ýakynlaşyberenden atam maňa: “zerur işiň bolmasa, Çärjewe bir baryp gel. Surat apparatyňy hem ýanyňa al-da, Myrady surata düşürip gaýt, ýene ony detdomda (çagalar öýünde) başga çaga bilen çalşaýmasynlar” diýip zol-zol gaýtalardy. Çärjewde okaýan Işanguly Hudaýguly, Muhy Kasym, halaçly Allamyrat Rozygeldi ýaly dostlarym hem inimden habar tutup durýardylar, käte suratyny hem alyp ibererdiler.

1958-nji ýylyň 13-nji iýunynda oglumyz (Agamyrat) doguldy. Kyrk gün geçenden soň, çagany çileden çykardylar. Menem Myrady alyp gaýtmak üçin atam bilen Çärjewe uçdum. Baran dessimize ondan habar tutduk, çagalar öýüniň direktory bilen gürleşip, Myrady erte öýe äkitjegimizi duýdurdyk. Direktor (salyhatly orus aýaly) ertir sagat 10-a çenli ähli dokumetleri we 4—5 gün iýer ýaly çaga iýmitlerini taýýar etjekdigini bize habar berdi. Atam ikimiz şäherde ýaşaýan obadaşymyz Salyh Orazyň öýüne ugradyk. Onuň öýi demir ýol köprüsiniň gündogar tarapynda, çagalar öýüniň ýakynyndady. Çaý-çörekden soň atamy öýde goýup, Salyh ikimiz melleginde gül ýetişdirýän gülçi bagbanyň öýüne bardyk, dört sany gowy çemen satyn aldyk, gök bazardan hem süýji, ir-iýmiş, miwe ýaly zatlardan ýükümizi tutup, olary çagalar öýünde Myrady ekläp-saklanlara gowşurdyk.

Ertesi sagat 10-da Salyh bilen Myrady alyp gaýtdyk, ýöne ol bizden ýadyrgap, maňa gelmejek bolup, nadaralyk baryny etdi. Ýolda göterip gelýärkämem Ýeropa eşiki aýal gördügi elini uzadyp, şoňa barjak bolup dyzady. Salyhyň öýünde uzyn sakgally, murtly, telpekli we çäkmeniň içinde gabarylyp oturan atama gözi düşen dessine ondan gorkup jyrlady. Salyhyň orus eşikli aýaly eline alanda bolsa Myrat sesini goýdy. Ýagdaýa düşünip, Salyhyň aýaly we özi biziň bilen uçýarlar meýdanyna bile geldiler. Bagtymyza Burdalyga uçýanlaryň arasynda tanyş tatar aýal bar ekeni. Uçara münenimizden soň, Myrat ol aýalyň öňünde uklap galdy.

Myrady gygyrda-gygyrda öýe getirdik, emma ol ýadyrgap, öýdäki aýal-gyzlara-da barmak islemedi. Iň erbeti, ol hiç birimiziň elimizden nahar iýmedi. Şundan soň weli atam ony çagalar öýünden ir alyp gaýdanymyza ökünip başlady. Hatda ertire çenli hem hiç zat iýmese, ony yzyna eltip gelmegi maňa tabşyrdy. Ýöne çykalga tapyldy.

Öýümiziň sesýetim ýakynynda Reýim Annagurban diýen oňat goňşy ýaşaýardy. Ol 1946-njy ýylda uruşdan gaýdyp gelende, şol ýanda öýlenen Nadýa atly aýalyny hem oba getirdi.

Wolga boýundaky obada önüp-ösen Nadýa örän girişiki,

mylaýym, zähmetsöýer aýal eken. Türkmen dilini bilmeýänligine seretmezden, ol Reýimiň garyndaşlary, garry enesi we oba aýallary bilen öwrenişip, soňra-ha garylyp-gatylyp gitdi.

Mälim bolşy ýaly, garnuwsyz türkmen itleri oglan-uşaga we zenan maşgalalara degmeýärler. Geläýen sebitlerinde orus eşikli bolany üçin, Nadýany aýal hasap etmän, oba itleri birnäçe gezek ony ýardy. Garry aýallaryň maslahaty bilen Nadýa hem özüne türkmen eşiklerini tikinip, beýleki aýallar ýaly geýnenden soň, itler ony ýarmasyny goýdular.

Eýýäm 10—12 ýylyň dowamynda çalgyrdrak türkmençe geplemegi öwrenen Nadýa daýzanyň ýanyna baryp, men ondan orus eşiklerini geýip, inimi naharlandyryp gaýtmagy haýyş etdim. Ol itleri öjükdirmezlik üçin eşiklerini göterip, biziň öýümizde çalşyryndy. Myrat dessine oňa elini uzadyp gygyrmaga başlady. Nadýanyň beren iýmitlerini hem iýdi. Tä bize öwrenişýänçä, 5—10 günläp, Myrady Nadýa daýza gatnap naharlady. Soň ol kem-kemden öýdäkilere öwrenişip gitdi.

Çagalar öýünde tagta krowatlarda köp ýatyrylandygy üçin, bu ýerdäki çagalaryň ýeňse tarapy ýap-ýasydy. Myrat arkanlygyna, ýöne sag gapdalraga ýatan bolmaga çemeli, onuň ýeňsesiniň sag tarapy tep-tekizdi. Bu-da soňy bilen düzelip gitdi.

Öýe getirenimizde Myrat heniz ýerinden turup, emedekläp hem bilmeýärdi. Ýöne tiz wagtdan ol bu zatlary başardy. Tä atam öýlenýänçä, oglumyz Agamyrat bilen birlikde Myrady aýalym bakyp-bejerdi.

* * *

Mugallym bolan döwrümiň bütin dowamynda men etrap bilim bölüminiň garamagyndaky metodbirleşmede türkmen dili toparyna ýolbaşçylyk etdim. Ýylda iki gezek birleşmä ýygnanardyk, şonda edilen gowy çykyşlar hem welaýat pedagogik okaýyşlara hödürlenerdi, o ýerde birinji orna düşenler bolsa respublikan pedokaýyşlara iberilerdi. Men hem welaýat pedokaýşynda üç gezek, respublikan möçberinde hem iki gezek birinjiligi eýeledim. 1958-nji ýylda “Ärsary dialektiniň

şertlerinde mekdeplerde türkmen dilini okatmak” diýen temadaky çykyşym 1959-njy ýylda “Mugallymlaryň iş tejribesinden” diýen ýygyndyda neşir edildi (ol meniň ilkinji ylmy işimdi). 1960-njy ýylda “Dar çekimlileriň düşmek we düşmezlik kadalary” diýen çykyşym üçin taýýarlan reňkli görkezme esbabymy Respublikan mugallymlary kämilleşdiriş instituty tipografiýa usulynda köpeldip, ähli türkmen mekdeplerine ýaýratdy.

## JAPBAKLAR

Burdalyk mekdebinde ýakyndan gatnaşan kärdeş dostlarym barada-da gysgajyk gürrüň bereýin.

Biz köplenç dört deň-duş bolup tirkeşerdik, şonuň üçin bize Japbaklar diýen lakamy ýelmediler. Dörtleriň biri aýdym-saz mugallymy Gurbanmyrat Mämmedowdy (il içinde Guba bagşy diýen at bilen belli bolan bu bagşynyň bäş-alty aýdymy Aşgabat radio we telewideniýesinde-de ýaňlanýar),ikinjisi biolog mugallym Orazmyrat (Oşşy gara) Annaýew, üçünjisi hem ökde fizmat mugallymy Muhy Kasymowdy. Bularyň üçüsi-de Burdalyk mekdebinden iki kilometr çemesi uzaklykda ýerleşýän Ýabany obasyndandy.

Ýabanylaryň aglabasy goňşy obalaryndaky ilatdan degişmäge ökdeligi, sebsetdä (henek-ýomaga) gaty ezberligi, garşydaşyna dessine ýumora ýugrulan jogaby berip bilýänligi bilen tapawutlanýar. Bularyň aýallarynyň arasynda-da gepe ezberleri köp. Ýabanylarda “ini” diýen söz ýok, olar kiçi gyza-da, oglana-da “uýam” diýip ýüzlenýärler. Oglan halyma ilkinji gezek “uýam” diýlende, men şu obaly bir keýwany aýaldan gaty görüpdim. Emma soňra pikir ýüwürtsem, ýabanylaryň ulanýan köp sözleri ýumora ýugrulan bolup çykdy. Bir gezegem iki bolup Gubanyňky geldik. Daşda iki aýal gürleşip duran eken. Salam berdik. Olaryň biri biziň salamymyzy aldy:

— Gurgunjamysyňyz, uýalarym? Baryberiň, Guba dagy jaýda otyrlar.

Ýoldaşym gapyda garysyny ýassanyp ýatan äpet iti görkezip, ýene olara ýüzlendi:

— O-how, äpet itiňiz bar eken, ol bize degäýmez-dä?

Onýança eli çagaly beýleki aýal jogap berdi:

— Arkaýyn baryberiň agasy! Itimiz agalaryna degýän däldir.

Ynha, meniň tirkeşýänlerim şeýle adamlaryň obasyndandy.

Gepe-söze ökdämiz Orazmyratdy, Guba-da ondan kem däldi. Gep bilen töwerekdäkileri gülüşdirmekde Muhy ikimiz olardan asgyndyk.

Muhy nähilidir bir hokga çykarmaga ökdedi, soňam ol utulsa-utsa, sähel zat üçin bäs ederdi. Şolaryň käbirini gürrüň bereýin.

Işe başlan dessine Muhyny gulluga aldylar (Eles şäherinde gulluk edýärkä, men ýörite onuň yzyndan barybam gaýtdym). Gullukdan boşap gelenden soň, biz dört bolup awa gitdik. Fewralyň aýagy (28-i), howanyň hem sowuk günüdi. Jeňňelde näçe aýlansagam, awumyz oňmady, towşan-towukdan gören zadymyz bolmady. Diňe jeňňelden akýan aryga ýakyn gelenimizde, hyşalykdan bir towşan turup gaçdy. Dessine egnimizdäki tüpeňlerimizi elimize alyp, hol gaçyp barýan towşanyň yzyndan tüpeňleri töw-de-töw boşatdyk. Towşan barha gaty gaçdy. Onuň barýan ugrunda bir bölejik ýandaklyk bardy, ondan aňyrda Hudaýguly diýen obadaş oglan mallaryny bakyp ýördi, çepi suwly aryk, sag tarapy bolsa giň ýalazy meýdandy. Towşan özüni ýandaklyga urdy, bizem ylgaşyp baryp, onuň daşyna aýlandyk, tüpeňlere ýene ok sürdük-de, gykuwlaşyp, towşanyň görnerine garaşdyk. Onuň gulagy nirede görünse, şol ýere ok ýagdyrdyk. Geň ýeri, şonça okuň birem towşana degmedi. Ahyrda-da Hudaýgulynyň arkasy julluja tazysy ok ýaly atylyp geldi we iki bökende ýandaklygyň içinde towşany ýetdi, ony agzyna gysybam göni eýesiniň ýanyna eňdi. Awuny aldyran dört pyýada bolup aňalyp galdyk. Ýüzümizi sortduryşybam arygyň boýuna çykdyk.

Pagta atyzlaryna gyş suwy tutulýandygyny üçin, aryk dolup akýardy. Onuň ortasynda akyşyň batlydygy sebäpli, buz ýokdy, emma gyralaryndaky hereketsiz suwuň ýüzi weli gyrpyklap, doňup durdy.

Orazmyrat elindäki uzyn gamyş bilen gyradaky buzlary döwüp durşuna ýoňsuz teklibi orta atdy:

— Muhy, sen iki ýyllap Orsyýetiň sowuk ýerinde gulluk etdiň. Buzly suwa-da düşensiň, gara-da ýuwnansyň. Ynha, häzir şu aryga çümüp çyk diýseler nädersiň!

Päh, Muhynyňam bäs diýseň göhi gelýär! Ol:

— Men şu suwa çümüp çykaýsam, sen maňa näme berersiň? —diýip, onuň özüne sorag berdi.

— Üç manat bererin.

— Az bolýar.

— Onda bäş manat bereýin (uluň täze çalşylan wagty bolany üçin, pul gaty hümmetlidi. Bäş manada dükandan 4 kilogram et ýa-da nah köýnek jalbar almak bolýardy).

Onýança Guba-da, menem gürrüňe goşuldyk:

— Biziňem herimiz bäş manatdan bereli.

Muhy dessine çykarynmaga durdy. Bizem gapdaldaky bir topbak hyşany otlamaga taýýarlandyk. Muhy ýalaňaç boldy-da özüni suwa urdy. Arygyň o gyrasyna çümüp ýetdi-de, bärligine ýüzüp gaýtdy. Ardylan käşir ýaly dym gyzyl bolubam suwdan çykdy we ýanyp duran hyşanyň ýanyna ugrady. Men maýkasy bilen onuň arkasyny sürtüp berdim. Muhy eňegini şakyrdadyp, geýnip durşuna bize ýüzlendi:

— Suwa düşdüm gerek? Ertäniň özünde heriňiz bäş manatdan berersiňiz.

Orazmyrat ýene bir ýoňsuzyny orta oklady:

— “Mekgä barsaň baryber, henizem gözüň şol öňküsi” diýenleri. Biz-ä seni goşun gullugy biraz akyllandyraýdymyka öýdüpdik, seniň weli şol öňküje bolşuň ekeni. Biz seni synlap gördük.

Biz gülüşdik, Muhynyň weli jany ýandy.

— Hany, bermäbilsiňiz bermäň. Meniňem şol puly sizden alşyma tomaşa ediň- diýdi-de, gahar edip, hol öňden ýöräp gitdi. Bizem yzda puly on güne çenli bermeli däl diýişdik.

Ýöne Muhy ol pul aldy, onda-da iki edip aldy. Şol wakadan üç-dört gün geçenden soň, Orazmyradyň agasy Ýagşy Annaýew biziň aýlyklarymyzy getirdi, her birimizdenem on manat tutup

galdy. Algysyny alan Muhy biziň ýanymyza heýkerdäp geldi-de:

— Nätdim, oňardymmy? —diýdi.

Öňdäki dynç güni Muhy ol pula bir çebiş alyp, Ýagşy aganyň gatnaşmagynda bize gowy oturylyşyk berdi.

Muhynyň çykaran ýene bir hokgasy okyjylary gyzyklandyrsa gerek. Mekdepde sapak gutaryp, öýli-öýümize gaýtjak bolup durkak, Muhy meniň ýanyma geldi:

— Şu gün bir iýpli (düşümli, peýdaly) aw bar. Ýöne sen gülegenräk, gülüp, ähli zady bulaşdyraýmasaň ýagşy.

— Hany, aýt, bakaly. Men ýylgyrmanam bilenem.

— Aýtsam, Gowril Sergeýewiç ýaňy magazinden iki çüýşe arak aldy. Şonuň birini onuň öýünde içip gaýdaly.

— ?!

Men geňirgenip, soragly nazarymy Muhynyň ýüzüne dikdim. Geňirgenmezçe-de däldi. Gawril Sergeýewiç Petaýew diýen 70 ýaşlaryndaky intelligentsypat ors adamsy Burdalyk özbaşdak raýon wagtynda bilim bölüminde köp ýyllap mürzeçilik edipdi, çünki ol gaty hatdat adamdy. Bir ogly bar eken, ol hem öýlenip Gazagystanda galanlygy üçin, Petaýewiň öýünde Mariýa daýzadan başga girip çykýan ýokdy. Onuň öýi gadymy howlynyň bir burçundaky iki otagyň birisidi. Özi gapysyna basdyrmajyk, işiginden hem goş-golaň goýar ýaly kiçijik hütdük jaý edipdi. Mariýa daýzanyň 20-30 towugyndan başga, janly-jandardan bu öýde Belýawka (“akja”) we Çernýawka (“garaja”) diýen iki sany gürji bardy. Gawril Sergeýewiç welosipedine atlanyp, olary ertirine 8, agşamyna 6 km ýöredip gelerdi.

Petaýew gündelik ýakjak odunyny hem welosipediň syrtynda daşardy. Ol hiç kimiňkä barmazdy, toýda-ýasda-da görünmezdi. Onuň öýüne-de barýan ýokdy. Şonuň üçinem Muhynyň teklibine geňirgenipdim. Muhy bolsa:

— Petaýewiň Belýawkasy aýrylypdyr (görüň ony: “ölüpdir” diýenok). Şonuň patasyna baryp gaýdaly.

Men geň galmakdan ýaňa gülüp başladym. Muhy bolsa:

— Sen eýýäm gülüp başladyň. Ähli plany puja çykaraýsaň gerek—diýip hüňürdedi.

Men gülmejegime ynandyranymdan soň, Muhy öňde, men

yzda – Petaýewiňkä ugradyk. Ol gapysynda sebet ýaly bir zat örüp duran eken. Muhy bara-barmaşa orusçalap:

— Gawril Sergeýewiç, salawmaleýkim. Siziň Belýawkaňyzyň bu dünýä bilen hoşlaşanyny ýaňyja eşidip, size öz gynanjymyzy bildirmäge geldik. Ýatan ýeri ýagty bolsun! (soňky jümle bizde, oruslarda bolsa «Царство ей небесное» sözleri merhum adam üçin ulanylýar) – diýip sözüni soňlamanka, Gawril Sergeýewiç Muhyny gujaklady-da, möňňürmäge durdy. Muhy hem aglaýar, menem gözümi tüýkülikläp, aşak bakyp, muňtarylyp durun. Aglaşyp bolanymyzdan soň, Petaýew bizi basdyrmanyň aşagyndaky kiçijik stoluň başynda öz ýasan kürsülerinde oturtdy we aýalyny ýanyna çagyrdy:

— Maşa, bilýärmiň näme? Bize ýakyn dostlar şu iki ýigit ekeni. Burdalyga 20 ýyl hyzmat etdim. Belýawkanyň ölenligini habar beren 5-6 adamymdan birem gelip, bize gynanç bildirmedi. Hany, iýer ýaly nämäň bar?

Agşamlyk naharyň wagty bolubereni üçin, daşky ojakdaky saçda bir zatlar jyzyrdap, ýagyň ysy burk urýardy. Mariýa daýza-da:

— Kotlet bişip dur – diýdi.

— Hany, getir kotletiňi.

Maşa daýza çörek kesip, iki adan üçin bişirilen kotletleri dört adama bölüşdirýänçä, Gawril Sergeýewiç bir çüýşe arak bilen dört sany stakan getirip, olara arak guýdy. Öz stakanyny eline alyp, elýaglygy bilen gözlerini süpürişdirdi. Muhy ikimizem stakanlary elimize aldyk. Meniň çakyşdyrmak üçin stakanymy Muha tarap uzatjak bolanymam şoldy welin, Muhy Petaýewe görkezmän, tirsegi bilen meniň böwrüme symsyklady, gulagyma pyşyrdabam ýasda çakyşdyrylman içilýänligini durdurdy. Heniz orus ýasynda bolup görmedigim üçin, men bu däbi asla bilmeýärdim.

Muhy içmezden öňürti uzyn ýas tostuny sözledi:

— Belýawka gaty düşbüdi, birnäçe adamdan akyllydy. Näme, hudaýa-da ýagşy zat gerek. Ýene bir eýesine mährem iti hudaý ýetirsin!

Ikinji gezek ýas tosty göterilensoň, Petaýewiň edil

gapdaljygynda ýaşaýan we öýleriniň arasy diňe kepbe bilen bölünen goňşusy, pagtabazaýň hasapçysy Pýotr Iwanowiç Çugunow geldi. Türkmençiligi we türkmen dilini gowy bilýän, aýbogdaş gurup oturyp, palawy eli bilen iýýän, toýa-ýasa ýerli ilat ýaly gatnaşyp ýören Pýotr Iwanowiç kepbe germewiň aňyrsyndan biziň gürrüňlerimizi eşidip, Muhynyň çykaran hokgasyna-da gülüp hezil edip, biziň ýanymyza gelen bolmaly. Ol gele-gelmäşe:

— Gadyrdan goňşularym Maşa daýza we Gawril Sergeýewiç! Siziň öňüňizde men günäkär, ötünç soraýaryn. Işalada bilen biziň mähriban Belýawkamyzyň bizi taşlap gidenini hem bilmändirin. Öýdäkilerem aýdaýmandyrlar. Gijem bolsa, meniň gynanjymy kabul ediň—diýdi-de, ýaglygy bilen gözüniň ýaşyny süpüren boldy. Petaýew ikinji çüýşäni getirmäge gidende bolsa maňa gözüni gypyp goýberdi. Pyňkyrman zordan saklandym.

Bu çüýşäni bäş bolup, ýumurtga heýgenek bilen içdik.

Ýene bir gezek gynanç bildirip, Gawril Sergeýewiç bilen hoşlaşdyk. Meniň otagymyza ýetiberenimizde, Muhy dillendi:

— Üns berdiňmi, Çernýawkanyňam-a ýüzi salykdy. O janawaram uzak ýaşamasa gerek. Bir zat bolanyny eşitdigiň maňa aýt, onuňam ýerine bile baraly.

Men otagyma gelip, bolan wakany Anise gürrüň berdim we ol gülüp-gülüp hezil etdi. Pýotr Iwanowiç bolsa Muhy ikimiziň itiň ýasyna barşymyzy üstüne-de köp zat goşup, ile jar edip çykdy.

Bizi Japbaklar lakamymyzy pagta ýygymynda-da ödeýärdik. Ol döwürde diňe ýaňy okuw başlandygy ýokary klas okuwçylary üçin okuw ýapylyp, olar pagta ýygymyna sürülýärdi. Şäherçäniň okuwçylaryndan bir ýa-da iki brigada düzülip, oňa mugallymlardan brigadir bellenerdi. Mekdebimize Öwez Begelekowyň (Asly burdalykly Begelek Öwezow 1950—60-njy ýyllarda Gyzylaýak, Kerki, iň ahyrda-da Hojambaz etraplarynda köp wagtlap partiýanyň raýkomynyň birinji sekretary bolup işlän, Türkmenistanyň Ýokary Sowetine ençeme gezek deputat, dürli gurultaýlara hem delegat saýlanan

görnükli partiýa işgäridi. Ony dürli sebäplere görä, bu uly wezipelerden aýranlarynda, her gezek temmi hökmünde dogduk obasyndaky orta mekdebe direktor edip ibererdiler, mekdebi ähli tarapdan göreldeli mekdebe öwrüberende bolsa ýene bir wezipä bellärdiler) direktor edip getirilmegi bilen boş galan mugallymlardan hem bir brigada düzülip, oňa Öwezowyň özi ýolbaşçylyk etdi. Öň ýygan pagtaňa tölenýän ujypsyzja pul her on günden ýa bir aýdan jemlenip berilýän bolsa, bu ýyl her gün tereziniň başynda pagtanyň her kilosyna dört köpükden nagt pul, başgünlük, ongünlüklerde bolsa kolhoz tarapyndan ýaglyk, mata ýaly zatlar sylag berildi.

Guba bilen ikimiz pagta ýygmaga gary ökdedik, Muhy bilen Orazmyrat we çolpudy. Olar biziň partykçymyzdy (fartuklarymyzdaky pagtany ganara gapgarýanlardy). Her iki-üç günde düşen pullary jemlap, Muha bererdik-de, öýünde dördimiz üçin oturylyşyk taýýarladardyk. Şol günlerde Orazmyrat ikisiniň awa gidip, palawlyk dört-bäş sülgün atyp geläýmeleri-de bardy.

Munynyň enesi Senewer mama dili we eli süýji keýwany aýaldy. Ol Gubanyň çalýan sazlaryny, aýdýan aýdymlaryny, nahardan keýpi köklänimizden soň aýdyşýan sebsetdilerimizi (henek-ýomak we degişmelerimizi) hezil edip diňlärdi, käte bolsa özem gürrüňe goşulardy.

Ynha, şeýle günleriň birinde Orazmyrat hamala mesawy gürrüň edýänden bolup, orta söz atdy:

— Häý, oglanlar, Annamyrat kelle-de (daýaw göwreli, äpet kellei Annamyrat aga Burdalygyň atly sünnetçisidi) öldi gitdi, indi tutuş oba sünnetçi ussasyz galdy. Oglanlary sünnetsiz goýberib-ä bolmaz. Öz döwründe obamyzdan kimdir birini şägirt berip, ak pata alan bolsak, şu meselämiz çözüläýjek ekeni.

Gürrüňiň nirä degýänine düşünen Guba-da Orazmyrady goldan boldy:

— Dogrudan-da, obada edenli ýaş oglanlarymyz-a kän. Ynha, Muhyny gör, ol kimdem kem, akylly, gaýratly, dogumly, onuň inçejik simleri kebşirläp ýören elleri titrejek gümany ýok. Şuny şoňa şägirt beräýen bolsak, dynaýjak ekenik. Obamyz-a ussaly, Muham nanly- çörekli bolardy.

Gubanyň öwgüli sözlerine başy aýlanan Muham:

— Hawa, hawa, men bu hünäri başarardym. Sünnet etmegiň näme kynlygy bar, birki gezek görseň, soňam gerekli gurallaryny tapsaň bolany-da –diýdi. Orazmyrada geregem şudy:

— Aý, ýok, Muhy, birki gezek göreniň bilen-ä sünnetçi bolubilmersiň. Saňa ynanyp, öňüňde oglanam ýatyryp bolmaz. Ýöne ýigrimi-otuz gezek kesip görseň, onda başga mesele. Şonuň üçinem, ynha, men indi garradym, şerigat işindenem galdym. Seniň öňüňde jyňkymy çykarman ýataýyn. Sen bolsa az-azdan kes-de, isledigiňçe werziş et, öwren, birde goýberen ýalňyşlygyňy düzet.

Biz Orazmyradyň soňky sözlerini aýdaryna-da garaşman, gülşüp başladyk. Yzy üzülmäýän gülki Muhynyň gaharyny getirdi. Ol oýnap oturan küştüniň çöplerini eliniň tersi bilen pyzyp goýberdi-de, hüňür-hüpür edip, daşary çykyp gitdi. Bizem öýli-öýümize gaýtmak üçin daşaryk çykdyk. Hol ýabyň boýunda gezmeläp ýören Muhyny görenden Guba ol eşider ýaly edip:

— Eý, Orazmyrat senem diliňi saklap bilmeýän ýaly. Tutuş obamyzy ýene ussasyz galdyrdyň—diýen boldy.

Biz dagaşdyk. Muhy bize hoş geldiňem diýmedi.

Munça bolanyna görä, Muhy bilen dahylly ýene bir wakany gürrüň bereýin.

1957-nji ýylyň aprel aýynyň başydy. Muhy ikimiz Çärjewe gitmek üçin uçar meýdanyna geldik. Men mundan 10—15 gün öň Çärjewdäki çagalar öýüne tabşyryp gaýdan inimi görüp gaýtmakçydym. Muhy bolsa gyş kanikulyndan ahyrky kursy tamamlamaga barýardy. Ýaz gününiň çalaja çisňäp duran ýagyşly günüdi. Uçar meýdanynda adam görünmeýär, diňe ýolbaşçylaryň münýän ýeňil maşynynyň sürüjisi motoryň demir örtügini ýokary galdyryp, bir zatlara güýmenip dur. Bu ýerdäki ýekeje otagdan ybarat jaýa girdik. Örän wäşi, mydama şadyýan, diýseň degişgen aeroportçy Seýti aga uzyn stoluň başynda saryýagyz, gara gaýyş paltoly sypaýy, bir nätanyş adam bilen kart oýnap oturan eken. Salamlaşan badymyza Seýti aga ýanyndaky adama:

— Ine, ýoldaş Akmaýew, studentlerem geldi. Ýaşlara pogon gelişmän durmaz. Bulara bir pogon goýaly—diýdi-de, kartlary şatur-şutur dörde böldi. Muhy ikimiz bir, Seýti aga bilen Akmaýewem bir bolup, oýna başladyk. Dogrudanam, birinji oýunda pogon aldyk. Pogony Akmaýew goýdy we Muha ýüzlenip:

— Inim, sen ýaş ekeniň, ofiserem sen bolmaly—diýdi-de, elindäki ýeke taý altylygy Muhynyň egnine goýdy. Seýti aga gülüp hezil etdi, Muhynyň bolsa gahary geldi. Hüňürdäp, kartalary bölüşdirdi, maňa-da gazap bilen gowy oýnamagy tabşyrdy. Oýna girişdik. Utduk, onda-da ne utmak—dört sany altylygy pogon goýduk. Muhy utan dessimize böküp ýerinden turdy we Akmaýewe garap:

— Hany, ýaşuly, egniňizi bärik tutuň. Siziň gaýyş paltoňyzada pogon ýaraşman durmaz—diýip, elindäki bir altylygy onuň kibtine şapladyp goýdy. Beýlesine geçip, ikinji altylygy ol egnine goýmaga ýönelende, men Akmaýewe duýdurman, Muhyny symsakladym. Ol düşündi, elinde galan üç altylygyň birini Akmaýewiň, ikisini hem Seýti aganyň öňüne oklady.

Muhynyň keýpi kökeldi, gahary gaçdy, ol indi gülşüp, degşip oýnady. Onýança-da uçar gelip gondy. Biz uçduk. Uçaryň üstünde Muhy Akmaýew bilen oturdy we oňa:

— Ýaşuly, şäherde tanşyňyz bolmasa, şu gün sizi umumy ýatakjaýymyzda men myhman alaýyn.Studentleriň ýaşaýyş durmuşyny görersiňiz.Student ýaly myhmanparaz adam bolmaz. Küşt, şaşka, umuman, nähili oýny gowy görseňiz şony oýnarys—diýdi. Ýaşuly hem şadyýanlyk bilen salyhatly jogap berdi:

— Siziň ýaly ýaş ýigitler bilen degşip-gülşüp, bile bolsam, oýun oýnasam armanym ýok weli, işim gyssag. Indiki gezek.

Onýança uçar Çärjewiň howa menziline gondy. Biz ondan düşdük, ýöne nobatçy gyz  uçarmanlar düşýänçä saklanmalydygymyzy aýtdy. Akmaýewiň ullakan portfeli agyr bolmaga çemeli, ol ony ýerde goýdy. Muhy özüniň uly gara korzinkasyny, menem sumkamy Akmaýewiň portfeliniň ýanynda goýduk. Onýança 10—15 sany geýnüwli epeý pyýada biziň

duran ýerimize ýöneldi. Olar welaýatyň uly wezpeli işgärleri bolmaly, çünki arasynda meniň tanaýan şeýle adamlarymyňam iki-üçüsi bardy. Olar Akmaýew bilen gadyrly salamlaşdylar, Muhy ikimiz bir çeträge çekildik. Gelenler Akmaýewe ýetirmän, portfeli we onuň ýanyndaky meniň we Muhynyň korzinkasyny hem ellerine alyp, uçar meýdançasynyň hol gyrasynda duran maşynlara tarap ugradylar. Biz olary ýetip, goşlarymyzy ellerinden aldyk. Akmaýew ýanyndakylara erte öýlänki reýsde Daşhowza uçmakçydygyny duýduran dessine, olaryň biri “Men häzir bilet getireýin” diýip, gaty-gaty ýöräp gitdi. Muhy bolsa gulagyma pyşyrdap:

— Bä, bu bile gelenimiz gaty uly adam bolmaga çemeli. Muňa pogon goýup, edepsizlik edipdiris-ow—diýdi. Çykalganyň deňine gelen badymyza, biz eden işimize utanyp, çaltrak bulardan arany açmak bilen bolduk we awtobus duralgasyna eňdik. Bolmady. Ýaňy duralga ýetiberenimzde, ýaňky adamlaryň ýaşragy yzymyzdan gygyrdy we:

— Ýigitler, hany ýörüň. Sizi Akmaýew çagyrýar—diýdi. Biz kürdürip, biri-birimiziň ýüzümize seredişdik. Men:

— Biz awtobusda gidibereli. Siz Akmaýewe ullakan sag bolsun aýdaýyň—dýip, syňaýyçylyk etdim. Yzdan ýeten adam:

— Ýok, onyňyz bolmaz. Ýaşuly gaty görer. Hany ýörüň—diýip, gaýtalap aýdandan soň, biz onuň yzyna düşdük. Gidip barşymyza men Akmaýewiň nirede işleýänligini soradym.

— Be, bile gelibem, onuň kimdigini bileňzokmy? Ýoldaş Akmaýew respublikanyň halk hojalygyny dolandyrýan uly adamlaryň biri, ministr — diýip jogap berdi.

Biz ýaňky adamlaryň duran ýerine ýakynlaşdygam weli, Akmaýew bizi ýene utandyrdy:

— Hä, ýigitler, bile gelen ýoldaşyňyzy taşlap, onuň bilen hoşlaşman gidiberjekmi? Onyňyz bolmaz.—Ýanyndakylara ýüzlenibem: —Hany bu studentleri barjak ýerine ugradyň—diýdi. Biz hoşlaşyp, täzeje “Wolgalaryň” birinde Muhynyň umumy ýatakjaýyna ugradyk. Ýöne sürüji uly ýoldan ýatakjaýa tarap sowulýan ýoluň deňine ýetip: “indi özüňiz gidersiňiz” diýdi-de, maşyny saklady. Muhy bolsa ondan göni ýatakjaýyň

agzyna eltmegi talap etdi. Sürüji gaharlandy-da:

— Ýigit, sen nähili maşyna müneniňi bilýärmiň? Bu—obliskomyň başlygynyň maşyny. Ýatakjaýyň gapysyna baryp ýören maşyn däl—diýdi. Muhy ýan bermedi:

— Oblispolkom bolman, obkom bolaýsyn, maňa tapawudy ýok. Garyndaşym Akmaýew buýurdymy—äkidersiň. Ýogsa-da göni Akmaýewiň ýanyna sür.

Sürüji bialaç maşyny sowdy, ýatakjaýyň deňinde saklady. Muhy onda-da düşmedi, göni gapa eltmegi buýurdy, Sürüji sögünip, hüňürdäp, gapynyň agzynda durdy. Muhy nähili maşynda gelenligini ýoldaşlaryna güjeňlemek üçin, gyssanman, arkaýynlyk bilen maşyndan düşdi. Sürüji weli bizden sypanyna hoş bolup, maşynyň gazyna basyp, waz ýasap gitdi.

Akmaýewli gürrüňden uzaklaşmankak, onuň bilen soňky duşuşygym hakynda-da aýdaýyn.

Aspirant döwrümde Aşgabada öňde ýatlanan Gaýyr Haknazarow diýen obadaşym geldi. Ol özüniň Kerki oblispolkomynyň başlygy bolan döwründe onuň bilen Aly Haýrulowiç Akmaýew diýen tatar ýigidiniň işländigini, ol häzir Aşgabatda ýaşaýar diýip eşidenligini we oňa duşuşmakçydygyny duýdurdy. Biz şäheriň adres biýurosyndan Akmaýewiň Kemine köçesinde ýaşaýanlygyny bilip, onuň öýüne geldik. Akmaýewiň aýaly gapyny açdy we Gaýyr agany dessine tanady. Bizi oturdybam, ärine jaň etdi. Sanlyja salymdan Akmaýewiň özi geldi. Şo-ol Akmaýew, şol biziň pogon goýan Akmaýewimiz.

Gaýyr aga—uzyn pyýada, Akmaýew bolsa kelteden daýaw, bu ikisi esli wagt gujaklaşyp durdylar, soňra saglyk-amanlyk soraşdylar. Men bularyň gürrüňlerinden 1947-nji ýylda Kerki welaýaty ýapylandan soň Akmaýewiň Çärjewde işländigini, soňra Aşgabatda ministr, ministriň ösümlikçilik we ýüpekçilik boýunça orunbasary ýaly wezipelerde zähmet çekenligini, häzir bolsa TKP MK-nyň birini sekretary Balyş Öwezowyň kömekçisi bolup işleýänligini bildim. Köne tanyşlar uzak wagtlap gürleşenlerinden soň, Akmaýewiň gözi maňa düşdi we Gaýyr agadan “Ogluňmy?” diýip sorady. Gaýyr aga-da:

— Oglum däl, bu — biziň obamyzyň oglany. Aspiranturada

okaýar — diýdi. Onýança men mundan artyk çydamadym-da, gürrüňe goşuldym:

— Aly Haýrulowiç, men 1957-nji ýylyň aprelinde Burdalygyň uçarlar meýdanynda size pogon goýanlaryň birisi— diýdim. Gaýyr aga aňk-taňk boldy. Akmaýew bolsa böküp turup, meni gujaklady-da, gülüp başlady, soňam ol wakany Gaýyr aga gürrüň berdi.

* * *

Ynha, men şeýle adamlaryň arasynda, Burdalykda iň köp okuwçylyly we 50 — 60 mugallymly uly mekdepde zähmet ýoluna başlap, tutuş dört okuw ýylynyň dowamynda durmuşyň, Maksim Gorkiniň sözleri bilen aýtsak, iň ýokary "uniwersitetini" geçdim: ukyby, bilim derejesi, adamkärçiligi, gylyk-häsiýeti biri-birine meňzemeýän dürli mugallymlar bilen işleşdim. Olaryň arasynda tatarlar, azerbaýjanlar, oruslar we bir ermeni bardy. Meniň Burdalyk orta mekdebinde işlän dört ýylymyň dowamynda mekdepde üç gezek direktor çalyşdy. Olaryň biri öňde agzalan Raziýa Hüseýinowa bolup, ol hakyky pedagogdy. Iki gezek uly wezipelerden boşadylyp, onuň ýerine getirilen we biraz wagtdan soň ýene ýokary çekilen Begelek Öwezow il içinde gaty abraýly, şol abraýy bilenem hiç kime gaty-gaýrym zat diýmän, aýdanyny etdirip bilýän adamdy. Ol mekdebiň uly kollektiwiniň agzyny birleşdirmegi başardy. Onuň ornuna gelen Baýram Hojamyradow bolsa özüni gaty işjeň, köp zat başarýan adam hökmünde görkezmäge çalyşsa-da, hakykatda, ol Stalin döwrüniň eli gamçyly ýolbaşçylaryny ýada salýardy. Dogry, ol işe gelen dessine ýokary klas okuwçylaryny klasa girizmän, mekdebiň töweregini gülala-güllüge öwürdi, bir ýylda täze bagyň düýbüni tutdy. Ýöne weli "daşy jäjek, içi möjek" diýlişi ýaly, mekdebiň daş görnüşi onuň esasy mazmun-maksadyna laýyk gelmeýärdi. Ýokary klaslarda okuw ýatyp galdy. Mekdebe gelýän odunlar (ol döwürde oduny gazaklar gumdan düýeli getirerdiler), bagdan alynýan hasyl, mekdebiň towşançylyk we towukçylyk brigadalarynyň önümi okuwçylara

we mugallymlara berilmän, dumly-duşa dargadylýardy. Ençeme mugallymlaryň hem göwnüne degildi. Hut meniň özümem Baýramdan nägiledim, çünki ol ýaşuly mugallymlar, hatda Gully Durdy ýaly uruş maýyby we Bibi Jomardowa ýaly özünden uly, tejribeli pedagoglar bilen hem gödek gepleşip, olaryň göwnüne degmegi hiç zatça görmeýärdi, men weli şeýle ýagdaýlarda onuň hereketiniň nädogrudygyny ýüzüne aýdardym, bu babatda mekdebiň uly ýygnagynda-da çykyş etdim. Bu gaýta ters netije berdi: Baýram meniň ýokary klas sapaklarymy institutda gaýybana okap ýören öz aýalyna alyp berdi oturyberdi, okadýan sapaklarymyň sanyny (diýmek, aýlygymy) hem kemeltdi.

Meniň we ýene göwnüne ýakmaýan käbir mugallymlaryň sapaklaryna çalt-çalt girip, olaryň diňe kemçiliklerini belledi, sapagyň gowy taraplaryny hasaba almady. "Bellenen kemçilikler bilen razy" diýip, aşagyna bize gol çekdirjek bolanda, "Sapagyň gowy we kemçiliki taraplary bile bellenmese, biz gol çekjek däl" diýip ýazdyk we gol çekdik. Şeýlelikde, mekdebiň galmagaly welaýat bilim bölümine-de ýetdi. Bu işi çözmäge bölümiň müdiri, meniň uçilişedäki mugallymym Ruslan Ergeşowyň özi geldi (Hojamyradowyň kemçilikleri görkezilen kollektiwleýin haty oňa men elin gowşuryp, ähli ýagdaýlary hem dilden düşündiripdim). Ergeşow işler, dokumentler, klas žurnallary bilen tanşandan soň, mekdebiň baglaryna we beýleki hojalyklaryna aýlanyp gördi, käbir ýaşuly mugallymlar bilen ýeke-ýekeden gürleşdi. Hojambazyň bilim bölüminiň müdiri B. Reýimow gelenden soň bolsa mekdepde mugallymlaryň ýygnagy geçirilip, Baýrama käýinç berlip, işinden boşadyldy.

Ýygnagyň ahyrynda menem 10 kilometrden gatnap işlemegiň kynlygyny, Burdalyga göçüp gelmäge bolsa mümkinçiligimiň ýoklugyny delil edip, öz obamyzdaky mekdebe geçirmeklerini Reýimowdan we Ergeşowdan haýyş etdim. Olaram razy boldy.

## ÝEDIÝYLLYK MEKDEPDE

1960-njy ýylyň sentýabrynda öz obamyzdaky ýediýyllyk mekdepde ene dili we edebiýat hem-de aýdym sapaklaryny

okadyp başladym. Şol ýylyň kanikulynda üç otagly pagsa jaýyň boýuny ýetirip, üstüni ýapdym. Gyşa çenli jaýy bitirip, içine girmek üçin gije-gündiz diýmän işledim.

Ýediýylykda işlemek orta mekdepdäkiden ýeňildi: klaslarda okuwçylaryň sany azdy, düzgün bozýan seýrekdi. Dilçi mugallymlaryň köp wagty depder barlamaga gidýär, bu ýerde ol hem agyr düşmeýärdi.

Men orta mekdepde toplan tejribämi bu ýerde-de ulandym: her çärýegiň ahyrynda jemleýji baha görkezgiji (tabeli) elime alyp, ýolbaşçylyk edýän klasymdaky okuwçylaryň öýlerine aýlandym we olaryň ene-atalaryna ogul-gyzlarynyň çärýekde alan bahalaryny okap berdim. Ökde okaýanlaryň ene-atasyna sag bolsun aýtdym, beýlekileriň haýsy sapakdan asgynlygyny duýdurdym, tertibi bozýan okuwçylar barada-da hiç zady gizlämän pikir alyşdym. Okuwçylaryň sapaga taýýarlanmagy üçin zerur gerekli stol-stul, onuň ýagtylyk çepden düşer ýaly edilip goýulmalydygy hakyndaky haýyşymy ene-atalaryň aglabasy tiz wagtda düzetdiler. Çärýegiň jemleri barada ene-atalar ýygnagynda, hatda kolhoz radiosynda-da yzygider çykyş ederdim. Bu ýagdaýyň ene-atalar bilen mugallymyň ysnyşmagyna, terbiýe barada olaryň hereketleriniň bir bolmagyna, şeýlelikde, ady belli tertipsiz okuwçylaryň hem düzelýänligine men mekdep tejribämde doly göz ýetirdim. Şonuň üçin ýaş mugallymlara terbiýänuň ähli zatda aýanlyk we ene-ata bilen mugallymyň agzybirligi metodyny gözden salmazlygy maslahat berýärin.

* * *

Obamdaky mekdebe geçen dessime, tomus kanikulydygyna seretmezden, meni mekdebiň direktory Begli Gurdow ýanyna çagyrdy-da:

— Soltanşa, mekdebimizde parta, stol-stul we klas tagtalary ýaly zatlar ýetmeýär. Häzir Çärjewde şol zatlar paýlanýarmyş. Sen şol ýerde okadyň.Welaýat bilim bölüminde tanyşlaryň köp, müdir Ergeşow-a seniň mugallymyň. Sen Çärjewe git, ynha

dokumentler. Belki, bir zatlar getirip bilersiň—diýdi.

Men gitdim. Welaýat bilim bölüminde işleýän Gyzylgül Gaýypowa we beýleki tanyşlarym mekdebe gerek parta, stol-stul, klas tagtasy ýaly zatlary artykmajy bilen almaga kömek etdiler, ony Garabekewüliň gaýykgüzerine aşyrmaga ulag hem tapyp berdiler. Derýanyň güzerinde üstündäki ýüki düşürilip duran uly baržany çekýän motorka (motorly uly gaýyk) bar eken. Biz partalary oňa ýükläp, sag kenara geçirdik. Şol günüň özünde-de men olary mekdebe aşyrdym.

Okuw ýyly başlandy. Täzeje partalary klaslara bölüşdirdik. Men bu partalaryň nähili azap bilen getirilendigini, olary hapalamaly, çyzmaly däldigini okuwçylara düşündirip durkam, yzdaky partada oturanlaryň birisi:

— Ýoldaş mugallym, ine, şu partada siziň adyňyzam bar—diýdi. Ýüzüm gyzyp gitdi. Baryp gördüm, onuň sagynda meniň adym, çepinde-de Babagulynyň ady çakgy bilen köwlüp ýazylypdyr. Näme diýjegimi bilmän:

— Ýaşlykda ýalňyşypdyrys. Biziň ol ýalňyşlygymyzy siz bir gaýtalamaň—diýen boldum. Okuwdan soňam ol partany mekdebiň ussahanasyna eltip, mekdebiň ussasy Guby bilen onuň üstki tagtalaryny çalyşdym. Adymyz ýazylan tagtasyny bolsa Babagulynyň atasy, oba sowetiniň başlygy Gaýyr aga öýüne alyp gitdi.

Men bu mekdepde iki ýarym ýyl işleşdim. Mugallym tapylmadyk wagty ýarym ýyllap 2-nji klasy hem okatdym.

Mekdepde açylan aýdym-saz topary köp wagt geçmänkä uly abraýa eýe boldy: ol sekizýyllyk mekdepleriň arasynda etrapda birinji, welaýatda hem ikinji orny eýeledi.

Bu toparda men 10 çemesi oglana saz öwretdim. Olaryň arasyndan Baýmyrat Alyýew soňra gowy sazanda bolup ýetişdi, ol häzir Aşgabatda Mylly Täçmyradow adyndaky döwlet filarmoniýasynyň Pürli Saryýew adyndaky Milli saz gurallary orkestriniň gyjakçysydyr.

Kružogyň agzalary obadaky baýramçylyklarda köpüň öňünde we kolhoz radiosynda çykyş edip, uly iliň berekellasyny aldy. 1960-njy ýylyň aýagynda täze ýyla bagyşlanan şagalaňly

konsertden soň bolsa kolhoz başlygy ähli höwesjeň artistlere gymmat bahaly sowgatlar gowşurdy.

1961-nji ýylyň aýagynda Täze ýyl agşamyna biz başga hili taýýarlandyk. Ýegenim Babanyýaz Rahmanberdi diýen mugallym, Pirguly Illi diýen kolhoz ykdysatçysy, Ergeş Ahmet diýen wäşi şafýor we Akmyrat Ybraýym diýen doktor dagymyz rollary bölüşip, öňünden gizlinlikde Täze ýyl baýramyny şeýleräk planlaşdyrdyk. Pirguly silkme telpekli, çäkmenli, haýbatly sakal—murtly Görogly bolmaly. Begnyýaz özbek eşikli Nasretdin, Ergeş täjik masgarabazynyň roluny oýnamaly. Men bolsa doktorlaryň haladynyň gerekli ýerine ak pagta tutup, döşüne we arkasyna-da "Täze ýylyňyz gutly bolsun!" diýen ýazgy ýazylyp bejerilen possuny geýip, Aýazbaba bolmaly. Meniň telpegim has üýtgeşikdi 50—60 santimetr belentlikdäki depesi çüri karton telpege ak matanyň ýüzüne pagta ýelmenen tegelek etek edilip, ol sapak bilen eňegiň aşagyndan daňylýardy, depesine-de inçejik sim çykaryp, bir ujy jübüdäki ýasy batareýe, beýlekisi hem çüri depede oturdylan kiçijik elektrik lampoçkasyna çatylandy. Bilege daňylan latun galaýy ýeňiň içine tikilen sime degende, lampa ýanýardy. Ony ýakyp-öçürmek üçin çep eliňi çala gymyldatsaň bolany. Aýazbabanyň sakgaly, murty, gaşy hem pagtadandy. Elinde-de daşyna pagta oralan hasasy bardy. Ynha, şeýle eleşan sypatly bäş pyýada bolup, agşam sagat 8-den soň biz obany aýlanyp, degişmä, ýumora düşünýän dogan-garyndaşlarymyzyň we dost-ýarlarymyzyň öýlerine aýlanyp, täze ýylyny gutladyk. Heniz Aýazbabany görmedik oba ýaşululary ilki aňk-taňk boldular, Göroglyny we goňşy halklaryň lybasyny geýnen Begnyýazy we Ergeşi tananlaryndan soň, ylaýta-da olaryň öňden taýýarlan ýumoristik aýdyşyklaryny diňläp, gyzylgyran gülüşdiler. Meni weli köpler tanamady. Tehnikadan başy çukýanlar gymyldaman oturanymda-da çür depämde ýanyp-öçüp duran elektrik lampasynyň simleriniň galtaşýan ýerini bilmäge çalyşýardylar. Şeýdip biz on çemesi hojalyga aýlanyp, ahyrda-da gumuň eteginde çetde oturan Ergeşlere geldik. Ergeş öýlerindäkileriň ählisini turuzdy. Ýetmişden geçen atasy-da öýdäkileriň gülüşýän seslerine oýanyp, turup, ýanymyza geldi.

Köpi gören ýaşuly nämäniň nämedigine düşünipdir, ählimizem tanapdyr. Günde-günaşa bizi görüp, gülşüp-degşip ýöreni üçin, ol hem bize “oýun” görkezmek isläpdir, ýatýan otagyna gidip, aýalynyň uzyn köýnegini, donuny geýipdir, kellesine uly ýaglyk atyp, inçejik ses bilen “Salamaliýk” diýibem içeri girdi. Aýaly we uly gyzlary bu gelen “daýza” bilen görüşdiler, bizem gijänyň ýarynda çölüň etegindäki çet öýe biwagt gelen aýaly geň görüp, agzymyzy açyp galdyk. Ýerli-ýerimizde oturanymyzdan soň, Ergeş el çarpyp güldi:

— Haý, ata, aýagyňdaky köwşüňem çalşaýan bolsaň, seni hiç kim tanajak däl ekeni.

Gülşük, aýdym-saz bu öýde tä daň atýança dowam etdi.

...By wakadan on ýyl soň, 1971-nji ýylyň aýagynda täze ýyly obamda garşylamak miýesser etdi. Agşam sagat 10-larda Hudaýberdi çagyrylan ýerimizden meni alyp çykdy-da: “Häzir gezelenç ederis” diýdi we maşynyny otlady. Ikimiz ilki goňşy obanyň, soňra-da öz obamyzyň köçelerini aýlandyk. Ýaremezana gezýänler ýaly, tanyş-bilişleriniň öýlerine aýlanyp, täze ýyl gutlaýan Aýazbabalaryň dört-baş toparyna duş geldik. Hudaýberdi bolsa:

— Ynha, Soltanşa, seniň bir wagtky sepen tohumyň bu gün köp bolup gögerdi. Häzir iki öýüň birinde Aýazbaba çykýar. Heý, sen başga obalarda şeýle Aýazbabalara duş geldiňmi?— diýdi.

Dogrudanam, men başga ýerde beýle däbe duş gelmedim. Biziň obamyzda weli hut häzirem täze ýyl gijesi Aýazbabalaryň ençemesine duş gelersiňiz.

* * *

Burdalyk—Hojambaz aralygyndaky ýol öňde teswirleýşim ýalydy. Tomusda Mekan we Beşir çägelerinden aşmak, gyşyna hem şorluk, palçyk ýollardan geçmek babatda üýtgän zat ýokdy, muňa seretmezden, her bir mugallym ýylda 3—4, direktor we müdirler aýda bir, kolhoz ýolbaşçylary bolsa aýda birnäçe gezek Hojambaza gidip geläýmelidi. Häli-şindi

ýolda pajygaly ýagdaýlar hem bolýardy.1960-njy ýylyň 15-nji maýynda mugallymlaryň Beşirde geçirilen uly ýygnagyndan yza gaýdanymyzda, münüp gelýän ýük maşynymyz suwsuz köne ýaba gapgarylyp, üçtündäki 32 mugallymyň bäşisi Beşir keselhanasyna ýerleşdirilipdi. Özümem şonda seňseläp, üç-dört gün öýde ýatypdym.

Günleriň bir güni meni kolhozymyzyň başlygy, respublikasymda giňden tanalýan, 1961-nji ýylda Sosialistik Zähmetiň Gahrymany diýen belent ady alan Maksat Şakulowa iş otagyna çagyrdy. Bardym, saglyk-amanlykdan soň ol:

— Üç gün öň Hojambaz ýygnaga gidip geldim, üşäpdirin, nehizem özüme gelip bilemok. —Çekip oturan “Belomoryny” küldana mynjyradybam:

— Şu artybyň tagamy-da üýtgän ýaly bolup dur—diýdi. Soňra maňa serdep:

— Hojambazyň ýolunda uzak pikir edip, Burdalygy Hojambaza goşandan Garabekewüle goşan bolsalar gowy bolardy diýen netijä geldim. Sen bir sowatly oglan. Şuny gowy delillendirip, orusçalap, ýokary guramalara bir hat ýazaýsaň, menem seni goldardym—diýdi.

Il içinde bu pikir öňem bardy, Hojambaza maşynly gidip gören her bir adam Garabekewülli pikiri goldaýardy. Şonuň üçin men Maksat daýzanyň aýdanlaryna goşulyp, bir hepde içinde haty taýýar ederin diýip, ýanyndan çykyp gaýtdym.

Burdalygyň her bir obasyndan atlyabraýly iki-üç sany ýaşuly bilen duşuşyp, olaryň pikirini diňledim. Oba sowetlerinden we kolhoz edaralaryndan hem gerekli maglumatlary alyp, orus dilinde ýokary iberilmeli hatyň tekstini taýýar etdim. Onyň türkmençä terjimesini Maksar daýza we ençeme beýleki ýoldaşlaryma okap berdim. Olaryň tekliplerini hem nazara alyp, taýýarlan hatymy bäş nusgalykda maşinkada çap edip, ony dört adrese: SSKP MK-a, TKP MK-a, partiýanyň Çärjew obkomyna, Hojambaz raýkomyna Çärjewden poçta üsti bilen iberdim, soňky nusgalygyny hem özümde sakladym. Arman, ony häzirlikçe öz şahsy arhiwimden tapmadym, ýöne onuň takmyn manysyny gysgaça beýan edeýin:

Bir wagtky özbaşdak etrap bolan Burdalygyň Hojambaz etrabyna goşulmagy bilen onuň ilatynyň maddy, medeni we sosial ýagdaýy gaty ýaramazlaşdy. Ol şu aşakdakylarda aýdyň görünýär:

1. Iki çägäni söküp geçmegiň kynlygy zerarly, Burdalyga gurluşyk materiallary we öý üçin zerur medeni harytlar (stol, stul, şkaf, şofonýer, diwan we ş.m.) getirilmeýär, getirilenleri hem ýolda zaýalaynyň derde ýaramaýar. Hojambazayň Beşire çenliki obalarynda aglaba öýler şifer bilen örtülen bolsaa-da, Mekanda we Burdalygyň ähli obalarynda üsti şiferli ýeke öýe gözüp dýşjek gümany ýok. Burdalyklylar bu zatlaryň iň zeruryny, ylaýta-da gurluşyk materiallaryny Garabekewülden gaýykly getirmäge mejbur bolýarlar.

2. Etrap merkezine gatnamagyň juda kynlygy zerarly, pensionerler we köp çagaly eneler özlerine degişli pullary alyp bilmeýärler (şu ýerde pensiýa we kömek pullary alyp bilmeýänleriň 12 sanysynyň atlary getirilýär).

3. Burdalyk—Hojambaz aralygynda birsydyrgyn awtobus we uçar gatnawy ýola goýulmaýar, gatnaw ýollaryny düzetmek barada alada edilmeýär.

4. Burdalygyň we Garabelewüliň ilatynyň gan garyndaşlygyna we henize çenli gyz alyp-berişýänligine seretmezden, derýada ymykly gämi gatnawy ýok. Pula gyzyp, kiçi gaýyklara münmelisinden artyk adam ýükleýän hususy gaýykçylaryň eden-etdiligi zerarly, ýylda pajygaly hadysalaryň ençemesi ýüz berýär (şu ýerde şeýle wakalaryň we olaryň seneleri getrilýär).

Ýokarda aýdylanlary nazara alyp, Burdalygyň ilatly bu zonany garabekewül etrabyna goşmagy we Burdalyk—Garabekewül aralykda ymykly gämi gatnawyny ýola gaýmagy haýyş edýär.

Hatyň yzyndan “Burdalygyň aglaba ilatynyň adyndan” diýip, gol çekdim, kärimi, adresimi we ýazylan senesini görkezdim.

Esli wagt geçdi. Awgustyň aýaklarynda Baýly daýym toý ertdi. Toýuň ertesi men Garabekewülden gelen garyndaşlary

ugratmak üçin gaýykgüzere çykdym. Gaýyga garaşyp, iýip-içip otyrkak, başlygyň sürüjisi Ýagmyr Weýis güzere dazlap geldide, meniň Hojambaza—etrabyň baştutany Egem Penjiýewiň kabulhanasyna sagat ikä ýetmelidigimi, edarada Hojambaza gitmeli ýük maşynynyň maňa garaşýandygyny duýdurdy. Men myhmanlar bilen hoşlaşyp, Ýagmyryň maşynyna mündüm. Edara gelenden soň, Ýamyr maňa başlygyň ýanyna girip çykmalydygymy duýdurdy.

Maksat daýza meniň hatyma Egem Penjiýewiň gaty gaharlanandygyny, ol haty kimiň ýazdyranlygyny soranlygyny habar berdi we özüniň adyny tutmazlygy haýyş etdi. Men garaşyp duran maşynda sagat 11-lerde Hojambaza ugradym. Sagat ikä däl-de, dördüň ýaryna Hojambaza geldik. Men näme üçin çagyrylandygymy bilýärdim, hatda mundan 10—15 gün öň etrap ýolbaşçylarynyň biriniň käbir burdalyklylardan Burdalygy Hojambazdan aýyrmaly däl diýdirip, düşündiriş alyp gidenligini maňa habar beripdiler. Men ýolboýy Penjiýewe berjek jogaplarym barada oýlanyp gitdim. Baran dessime-de el-ýüzümi ýuwman, üstümiň çaň-tozanyny kakyşdyryp, onuň kabulhanasyna bardym. Beren salamyma göwünli-göwünsiz jogapdan soň, ikimiziň aramyzda şeýleräk terzde sowal-jogap alşyldy:

— Hm, Soltanşa Atanyýazow diýilýän mugallym senmi?

— Hawa, ýoldaş Penjiýew.

— Sen bolsaň, şu ýere näme üçin çagyrylanyňy bilýärmiň?

— Aňýaryn.

— Şu haty sen ýazdyňmy?—Penjiýew meniň iberen hatymy görkezdi.

— Hawa, men ýazdym.

— Hat orus dilinde örän sowatly ýazylypdyr. Muny saňa biri ýazyp berdimi ýa özüň ýazdyňmy? —Soňra hemleli ses bilen dowam etdi.

— Kim saňa haty ýaz diýdi? Soňam diňe bize ýazyp oňaýanyňda bolmadymy? Näme üçin onuň nusgalyklaryny Aşgabada we Moskwa iberdiň? Barybir, olaryňam bize gaýdyp geljegini bileňokmy? Sen uly iliň adyndan diýip gol goýupsyň.

Kim ol uly il?

Men beýle abyr-zabyra garaşmandym. Biraz dymyp durdym-da:

— Ýoldaş Penjiýew, üstüme gygyryp, abaý bilen sustumy basyp sorag etmekçi bolsaňyz, men size jogap berjek däl— diýdim. Olam biraz dymyp durdy-da, ýuwaş äheňde gürledi, menem jogap berdim.

— Ýeri, bolýar, hany, ýaňky soraglara jogap ber.

Ýoldaş Penjiýew, ýaşym otuza ser urdy. Biri elimden tutup, islemedik zadymy ýazdyrar ýaşdan geçdim. Haty özüm ýazdym. Oňa sowadym ýetýär, çünki instituty gyzyl diplom bilen gutardym. Haty ýazmaga mejbur eden zat hem burdalyklylaryň ýol ýagdaýy.

— Sen tutuş burdalyklylaryň adyndan ýazypsyň. Emma meniň elimde 10—12 düşündiriş seniň pikiriňe düýbünde garşy.

Penjiýew tahylynda bir topbak kagyz çykaryp, öňüme oklady. Olary ýazanlaryň kimdigini takmyn bilýändigim üçin, men ol kagyzlara asla üns bermän pert jogap gaýtardym:

— Ýoldaş Penjiýew, şol haty ýazaanlaryň üçüsi burdalykly däl, ikisi ömründe Hojambazy görmedik adam, galanlay-da wezipesinden gorkup düşündiriş ýazan adamlar.

— Ýagşy. Sen öz hatynda gurluşyk materiallaryny Hojambazdan getirenden Garabekewülden getireniň arzan düşýär diýip ýazypsyň. Gel, hasaplap göreli—diýip, maňa bir galam bilen depder we ýük ýüklemek-düşürmek we daşamak barada Moskwada çap edilen tarifi öňüme oklady. Bäş kubmetr tagtany ilki asfaltsyz ýol bilen Hojambazdan Burdalyga maşynly eltdik, soňra Garabekewülden 10 kilometr uzaklykdaky gzere “eltip”, maşyndan “düşürdik-de”, gaýyga “ýükledik”, gaýyk bilen ol kenara eltilen tagtalary gaýykdan düşürip, maşyna ýükledik we 15 km uzaklyga—Burdalyga “aşyrdyk”. Ýüklemek-düşürmek işleriniň gaty gymmatlygy üçin, garabekewülden getirilen tagta gaty gymmat düşdi. Men ýaňsyly äheňde güldüm-de, durmuşda düýbünde beýle däldigini ýaňzytdym. Penjiýew öňden taýýrlan plany boýunça ýene hüjüme geçdi:

— Hä, ynanaňokmy? Sen Garabekewülden getiren

tagtalaryňa onça tölemediňmi?

Diýmek, sen hökümetiň tarifinden az pul töläp, iliň hakyny iýipsiň. Sen isleseň-islemeseň, ynha, Moskwada çykan şu tarif boýunça pul töläýmeli.

Biraz dymdym-da Penjiýewiň özne sowal berdim:

— Ýoldaş Penjiýew, Burdalyga Siz gowy belet, ençeme ýyllap Burdalyk MTS-niň direktory bolup işlediňiz, ýoluň azabyna-da siz ýetik. Şol tarifden çykýan netijelere özüňiz beri ynanýarmysyňyz?

Penjiýew esli dymdy, soňra tahylyndan bir kagyz çykardy-da, ýüzüme dikanlap seredip, söze başlady:

— Soltanşa, gowy düşün, seniň hatyňy goldanlara-da düşündir. Biz Burdalygy Garabekewüle bermekçi däl, asla bermerisem. Ýöne seniň ýazan hatyň Burdalyk ilaty üçin bäş sany ýeňillik getirdi. Ýazyp al, ynha, olar:

1. Gurluşyk materiallaryny we medeni harytlary Burdalyga suw ýoly bilen eltip, ilaty bolelin üpjün ederis.

2. Hojambaza gatnamak üçin Burdalykdan Hojambaza we yzyna awtobus goýlar, çöl ýollaryna-da däş ýazylyp, maşyn geçiler ýaly ediler. Bu işe eýýäm başlandy (dogrudan-da biz geçenimizde Mekan çägesindäki ýola gamyş düşelip ýören eken).

3. Seniň hatyňda ýatlaýan pensiýa we kömek pullaryň üçin indiden beýläk hiç kim Hojambaza gelmez, ol degişi adamlaryň öýleine eltilip berler.

4. Çärjewe we Hojambaza uçmak üçin, Burdalykdan uçýan resýsiň üstüne ýene bir reýs goşular, geljkde bolsa Gultak obasynda-da özbaşdak aeroport açarys.

5. Garabekewüldäki garyndaşlary bilen gatnaşmak üçin, “Moskwa” (Burdalyk) kolhozyna bir kater we 4—5 maşyn çeker ýaly parom alyndy, ol şu aýda işe girizler.

Şundan soň Penjiýew ýerinden turdy-da:

— Soltanşa, maňa soragyň barmy?—diýdi.

— Ýok, ýoldaş Penjiýew. Meniň hatym ile şunça peýda getiren bolsa, onda Burdalygy Garabekewüle goşmagyň hajaty ýok.

— Şeýle bolsa, onda şu hatyň aşagyna “Men razy” diýip gol çek—diýdi-de, bir haty uzatdy. Onda Burdalygy Hojambazyň düzüminde galdyrmak barada gürrüň gidýärdi. Menem: “Ýokardaky ýazylan bäş şert amala aşsa, men Burdalygyň Hojambazyň düzüminde galdyrylmagyna razy” diýip ýazyp, aşagyna gol çekdim we senesini goýdum. Penjiýew okap görüp, ýylgyrdy-da, elimi gysdy.

Penjiýewiň ýokarda sanan bäş ýeňilliginiň ählisi amala aşyryldy: gurluşyk materiallarynyň we medeni harytlaryň ähli görnüşlerinden dükanlar dolup galdy, pensiýalar we kömek pullary dessine öýlerine getirilip berildi, parom bir ýyl çemesi üznüksiz işledi, 5—6 ýyl geçensoň, Gultak obasyndan täze aeroport hem açyldy.

## GEZMEK ÖMÜRDEN

Men iş stolumyň üstündäki aýnanyň aşagynda XIII asyryň görnükli pars alymy Sagdy Şirazynyň galamyna degişli şeýle setirleri owandanlap, gyzyl reňk bilen ýazyp goýdum: “Otuz ýyl okap, otuz ýyl gezip, otuz ýylam ýazyp bolsady”. Ýetip bolsa, onda-da Alla şonça ýaş berse, ajaýyp maksat! Çünki dil ,edebiýat, ylaýta-da halk döredijiligi, şiweşynaslyk, şeýle-de taryh, etnografiýa we ylmyň ençeme beýleki ugurlary boýunça iş otagyndan çykman ýazylan işler, sypaýylyp aýdylanda, gaty guraksy bolýar. Men sözbaşy hökmünde saýlan “Gezmek ömürden” diýen aýtgyny hem eý görýärin, ähtimal bu gezelenç “keseliniň” meniň ganyma guýlandygyndan bolsa gerek.

Obada mugallymçylyga başlap, öý-öwzarymy biraz düzedenimizden soň, men sähel mümkinçilik tapsam, gezelenç etmäge ymtyldym.

1958-nji ýylyň başynda Çärjewe gelip, welaýat bilim işgärleri kärdeşler arkalaşygynyň başlygy, baýry pedagog Rahman Weliýewiň ýanyna baryp, meni tomus kanikuly döwründe gowy ýere syýahata ibermegi haýyş etdim. Ol şu tomusda Ýewropanyň daşyna teplohodly aýlanmak mümkinçiligimiň bardygyny aýdyp, şoňa gitmegi maslahat berdi. Putýowka-da

goýdy, ýöne dokumentleri düzetmäge we doktordan geçmäge gelenimde, ilki Aman Kekilowlarda düşledim. Onuň öýüne Rahman Weliýew myhmançylyga gelen eken. Ol meniň Ýewropanyň daşyna gezelenç etmekçidigimi Aman aga gürrüň berdi. Aman aga putýowkanyň bahasyny eşiden dessine meni ibermezligi, entek beýle gezelenje pul harçlardan meniň maşgala ýagdaýymyň pesdigini Weliýewe berk duýdurdy. Şeýdibem men bu gezelençden galmaly boldum. Soňky ýyl weli Aman aga aýtman, öňünden Moskwa şäherine we onuň eteklerine 12 günlük syýahatyň putýowkasyny aldym, gezelenjiň möhleti gutarandan soň hem Wolga boýundaky şäherlerde bir aý gezip, Hazar deňziniň üsti bilen Watana geldim.

1960-njy ýylda Leningrada (häzirki Sankt-Peterburga) şeýle putýowka aldym. Bu gezek ol şäherden başga-da, Latwiýany, Belarusy we Moldowany gezdim. 1961-nji ýylda Moskwadan özüme Wengriýanyň "Pannoniýa" diýen motosiklini getirip, onuň bilen Lebap welaýatynyň dürli etraplarynda ýaşaýan kursdaşlarymyňkyny aýlandym.

1962-nji ýylda Babaguly meni Aşgabada çagyrdy. Ol eýýäm medinstituty gutaryp, Bekrewede harby bölümde wraç bolup işe başlapdy. Men kanikula çykyp, Aşgabada geldim. Bäş-alty gün Babagulynyňkyda myhmançylykda bolanymsoň, ol ertir gowy geýinmelidigimi, ikimiziň bir ýere zerur barmalydygymyzy duýdurdy. Ertesi Babagulynyň "Ýawasynda" şähere gelip, bir uly jaýyň öňünde saklandyk. Babaguly maňa:

— Ynha, akademiýanyň jaýy. Hol binada dil we edebiýat institutlary ýerleşýär. Haýsy ugry halasaň saýla, sen obada munça bilimiňi köýdürip ýatmaly däl-de, alym bolmaly. Men iki gün mundan öň bilip gitdim, iki institutda-da şu wagt aspirantura dokument kabul edilýär—diýdi. Men bu teklibe aňk-taňk boldum-da:

— Bä, Babaguly, sen-ä walla "Wäh!" diýlen ýaly edäýdiň. Pikirlenmäge bir puryja ber ahyry.

— Wagt bolmaz. Men seni haýsy institutyň direktorynyň ýanyna elteýin?

— Meniň sözümi diňlemejek bolsaň, onda meni Dil bilimi

institutyna elt.

Direktoryna Maşan Ýagşyýewiç Hamzaýew diýilýändigini şol jaýdan çykanlaryň birinden sorap bildik. Babaguly edil gözi ýok ýaly, onuň iş otagyna kürsäp girdi, menem açyk gapynyň agzynda durun. Hamzaýew onuň salamyny aldy-da:

— Hawa, ýoldaş leýtenant, men sizi diňleýärin—diýdi. Babaguly meni içeri çagyrdy-da:

— Maşan Ýagşyýewiç, şu ýigit—meniň ýaşlyk ýoldaşym. Ol ömründe ýeke dörtlük alman, bäşlige okady. Şuny aspirantura alaýsaňyz—diýdi. Hamzaýew meniň söz urşumy barlap görmek isledi öýdýärin:

— Näme, ol ýigidiň öz dili ýokmy? Goý, özi gürlesin— diýdi. Menem çekinibräge-de:

— Aý, meniň bir artykmaç aýtjak zadym ýok. Ynha, şu Babaguly meni öz ugruma goýman, zor bilen şu ýere getirdi— diýdim.

Näme, okuwa girmäge höwesiň ýokmy?

— Onçakly höwesimem ýok. Institut gutaranyma esli wagt boldy. Mugallymçylyk bilen halys öwrenişipdirin.

Ekzamenden gorkamok. Deň şertlerde hiç kimden pes oturmazmykam diýýärin.

— A-ha, özüňe göwnüň ýetiş-ä gowy. Sen biziň institutymyzdan kimi tanaýarsyň?

— Hiç kimi tanamok.

Babaguly gürrüňe goşuldy:

— Hany, Aman Kekilow meni okatdy diýmänmidiň?

— Hawa, institutda Aman aga bizi okadypdy.

Hamzaýew ýerinden turdy-da, ýene sorag berdi:

— Bally Baýramdurdyýewi tanaňokmy?Olam Çärjew pedinstitutyny gutarypdyr (soň görüp otursam, Ballam Hamzaýewiň aspiranty eken).

— Ballyny gowy tanaýaryn. Ol biziň kursumyzda iň ökdämizdi. Näme, olam sizde işleýärmi?

Soňra men Hamzaýewe 1957—1958-nji ýyllarda Ata Annanurow diýen bir dilçiniň şiwe materiallaryny ýygnamak maksady bilen biziň obamyzda esli gün bolanlygyny,

şonça günläbem ony obama-oba gezdirip, ýaşulular bilen gürleşdirenligimi, toýlara aýlanlygymy gürrüň berdim. Olam şu institutda işleýän eken. Hamzaýew bize:

— Ýagşy. Siz häzir gaýdyň, erte sagat üçde hem şu ýere geliň. Şonda gürleşeris—diýdi. Biz hoşlaşyp, çykyp gaýtdyk.

Aspirantura girenimden soň belli bolşuna görä, Hamzaýew atlary agzalan üç tanşymyň üçüsi bilenem men barada pikir alşypdyr. Ata Pöwrizede dynç alýan eken, onam çagyryp getiripdir. Olaryň üçüsiniňem jogaby bir hörpden gopupdyr: meni aspirantura almaly.

Ata Hamzaýewe men barada: “Birnäçe ýyl bäri obadan çagyryp, işe ýa aspirantura almaly diýip ýören oglanym şol” diýse, Bally meni kurslarynda iň güýçlüsi edip görkezipdir. Aman aga bolsa biraz pikirlenip:

— Ilde Soltanşa atly köpem däldir. Belki, şonuň özüdir. Eger ol meniň aýdýan Soltanşam bolsa, Maşan, sen ony okuwa kabul ediber—diýipdir.

Ertesi sagat üçden 20—30 minut gijä galyp geldik. Girenimizden, Hamzaýew bir goşar sagadyna, birem diwar sagada seretdi, gijä galanymyz barada hiç zat diýmän, maňa ýüzlendi:

— Ýigit, seni aspirantura almak niýetimiz bar, dokumetleriňi alym-kätibe tabşyr. Ekzamene çagyrarys. Häzirden gowy taýýarlanyber.

Alym-kätip M.S. Harlanowa maňa nähili dokumentleriň gerekdigini, haýsy derslerden synag boljakdygyny (türkmen dilinden, çet dile derek orus dilinden dilden we ýazuwdan hem-de partiýanyň taryhyndan) ýazyp berdi.

Institutdan çykyp, telefon stansiýasyna geldik. Babaguly obamyza jaň etdi we maňa gerekli iki dokumenti: diplomy hem-de işleýän mekdebimden häsiýetnamany ertir obadan Aşgabada gaýtjakdan gyssagly ibermegi Hudaýberdä tabşyrdy.

Dokumentler geldi, emma diplomyň içindäki bahalary görkezýän goşundy kagyzyň ýoklugy üçin, Harlanowa ony kabul etmedi (ol goşundy bireýýämler ýiten bolmaly,çünki men öýde gözläbem tapmandym). Babaguly meniň diplomymy alyp,

Hamzaýewiň ýanyna girdi:

— Ýoldaş direktor. Ynha, gyzyl diplom. Ahli bahasy bäş bolmasa, ol berilmez ahyry. Emma goşundysy ýok diýip alymkätip ony kabul edenok. Şony getir diýip Çärjewe ibersegem, Soltanşa gaýdyp gelmez—diýip jibrindi. Hamzaýew diwardaky bir düwmä basdy, Harlanowa içeri girenden:

— Goşundysy ýok bolsa, Ballynyň diplomyndakyny göçür, bu diplomyň nomerini goý, göçürme dogry diýip gol çek we möhür bas-da, dokumentleri kabul et—diýdi.

Şýdip, aspirantura dokument tabşyryp, oba geldim. Üç synag boýunça okamaly kitaplary jemledim, kem-käs taýýarlandym we çakylyga garaşdym.

Oktýabryň başynda men Dil bilimi institutynyň direktoryndan telegramma aldym (onuň bir nusgasy etrap bilim bölümine-de iberilipidr), onda giriş synaglarynyň 15 oktabr—15 noýabr aralykda geçýänligi, meniň işleýän edaramyň Ministrler Sowetiniň ýörite karary esasynda maňa bir aý tölegli rugsat bermäge borçludygy habar berilýärdi. Päsgelsiz rugsat berdiler, wagtynda Aşgabada geldim. Institutda synaglaryň boljak günlerini belläp, Bekrewä—Babagulynyňka bardym. Ol özüniň üç otgaly jaýynyň bir otagyny boşadyp, maňa düşek, ýassyk getirdi, äpişgäniň öňünde stol goýdy:

— Ynha, tä aspirantura girýänçäň, seniň jaýyň şu. Iýjek-işjegiň wagtynda taýýar bolar, çagalaram seniň okamagyňa päsgel bermez. Senden talap—okuwa girmeli—diýdi.

Ilkinji synag türkmen dilinden. Oňa çenli esli gün bar. Men ymykly taýýarlyga girişdim. Babaguly öz öwrenişen endigine görä, ertir sagat bäşde turýardy. Tomusda menem muňa öwrenişi beripdim. Turan badymyza 10—15 minut baýyrlykda ylgap, bäş minit çemesi maşkdan soň ýaşaýan ýerimiziň ýüz metr çemesi gaýrasyndaky daş ýapdan batly akyp ýatan Bekrewe çaýynyň sowuk çeşme suwuna düşerdik (bu çeşmäniň suwy soňra ýerasty turbadan akdyryldy). Howanyň çigräp başlanlygyndanmy ýa meniň sowuk suwa öwrenişmänligimden—men dümewledim. Erbet ýeri—bir dişim agrap, gaty azar berdi, iki gije dagy asla uklap bilmedim. Üçünji gije halys çydaman, Babagulyny

ukudan turuzdym. Ol meni harby bölümde özüniň müdirlik edýän medpunktyna alyp bardy, diş doktoryny ukudan turzup geldi. Olam agyryly dişimi gördi-de, “Aýyrmaly” diýdi. Daýaw ýaş esger atagzyny salyp, ol dişi iki-üç gezekde bölek-bölek edip çykardy, agzymyň içinde-de diri-bitin ýerini goýmady.

Otagyma gelip, ertire çenli hezil edip ýatdym. Ol gün ylgamaga-da gitmedim.Ertesi öýlänlik ýüzümiň sogrulan diş tarapy çişip, inim gyzdyryp başlady. Babaguly meni şäherdäki diş dogtoryna äkitdi. Olar dessine maňa iki sançgy etdiler we bir hepdeläp ultratok we bir sançgy almagy buýurdylar. Sançgyny Babagulynyň özi etdi, toka tutmaga bolsa şähere gatnadym.

Ýüzümiň çişi birbada aýrylmady. Çişen çep çekgäm eňegimden aşak sallanyp durdy. Otagda ony sarap goýardym, emma şähere gatnanda, elýäglyk çep eňegimi tutup gezdim. Şeýle halda-da synaga barmaly boldum.

Synag başlanmanka, ähli dalaş edýänleri bir jaýa ýygnadylar. Jemi 16 adam. Olaryň birisi (şol wagtky “Sowet Türkmenistany” gazetiniň baş redaktory Begenç Kerimi) bir gaýybana orna, galan 15-si bolsa üç sany gündizki aspirantlyk ornuna dalaş etmelidi. Men olaryň arasyndan diňe Jereni (Aman Kekilowyň gyzy) tanadym. Bäsdeşlerimiň köpüsi Dil bilimi institutyndan, käbiri hem Pedagogik ylmy-barlag institutyndan we uniwersitetden eken. Menden we tagtaly Toýly Guzyçyýewden başga obadan gelen ýok. Men Toýly bilen bada-bat tanyşdym (ikimiziň obadanlygymyz geýnişimizdenem bellidi).

Synag başlandy, ekabyrraklardan üç sanysy öňürti girip, bilet çekdiler.Synagçy mugallymlaryň sany ýedi dagy bardy. Bilet çekenler taýýarlanýança, olar arkaýyn çaý içişip, ýuwaşja gürleşip, gülşüp otyrdylar. Olaryň ýanyna käwagt Hamzaýewem gelip gidýärdi.

Toýly ikimiz daş gapyda goýlan hatara stullarda ýanaşyk oturyp, ymykly tanyşdyk. Ol Aşgabat uniwersitetinde okanlygy üçin, synag alýanlaryňam, girjekleriňen köpüsini tanaýardy. Gepiň arasynda ol:

— Aý, jora, synag alýanlaryň ählisi, tabşyrýanlaryň hem aglabasy şu institutyň işgärleri. Ikimiz geçmesek gerek.

Aspiranturadan ýykylypdyr diýen ady alandan, synaga girmän, yza gaýdybersek niçik bolar?—diýip, maňa ýüzlendi. Menem oňa:

— Munça gelenimize görä synanyşyp göreli—diýdim.

Ilkinji bilet alanlaryň biri jogap bermäge başlady. Gapy açyk durany üçin, bizem daşdan seredip, onuň jogabyny diňleýärdik. Onýança synagçylaryň başlygy Bäşim Çaryýarow “Içeri giribem diňläbilersiňiz” diýen yşarat bilen bizi içeri çagyrdy. Girip diňledik. Jogap berýänleriň käbiri esasy soraglaryny gowy aýdyp, mekdep grammatikasyndan berilýän sadaja soraglara kürtdürip ýa-da nädogry jogap berýärdiler. Toýly ikimiz pyşyrdaşyp: “Wah, şu soraglary bize-de beräýsediler” diýişýärdik. Öň girenleriň üçüsi türkmençe, birisi orusça jogap berensoň, Toýly ikimizem bilet çekdik. Üç soragyň üçüsi-de düşnükli, ýeňil, derňewem mekdepde döwnän zatlarym. Men olara taýýrlanmak üçin kelle agyrtmadym-da, jogap berip duranyň aýdýanlaryny diňläp otyrdym. Synagçy mugallymlaryň biri meniň ýanyma geldi-de: “Sen näme, eýýäm taýýarmy?” diýip sorady. Menem “Hawa” diýip jogap berdim.

Meniň jogaplarym mugallymlara ýaran bolarly, olaryň biri meniň öňüme bir käse çaý getirip goýdy-da: “Soraglara gowy jogap berdi. Geliň, şu ýigidiň bilim derejesini gowy barlap göreliň” diýdi, soňra ýeke-ýekeden sorag bermäge başladylar. “Morfologiýa bilen sintaltisiň arabaglanyşygy” diýen soraga beren jogabymdan göwnüm suw içmedi, galanlary, ylaýta-da, mekdep grammatikasy boýunça berlen soraglar meniň gowy bilýän zatlarymdy. Dar çekimlileriň düşmek we düşmezlik kadasy barada berlen goşmaça soraga şol çekimlileriň düşmegi üçin gerek bolan üç şerti tagtada mysaly bilen jogap berdim. Bäşim Çaryýarow bu kadany nireden okanlygymy sorady. Menem şu temadan respublikan pedagogik okaýyşda ýörite çykyş edip, birinji ýeri eýelänligimi aýtdym.

Men jogap beriň durkam, Hamzaýewem jaýa gelip girdi we gapa ýakyn stoluň başynda meniň goşmaça soraglara berýän jogabymy diňläp otyrdy, özi sorag bermedi. Çaryýarowyň soňky soraglaryna jogap berenimsoň, ol: “Indi soraglary bes edäýeliň”

diýdi.

Türkmen dili boýunça synagdan diňe üç adam: Begenç Kerimi, Toýly we men bäşlik aldyk, beýlekileriň köpüsi dörtlük, dördüsi hem üçlük eken. Partiýa taryhyndan we orus dilinden men dörtlük, Toýly we Begenç aga dagy bolsa bäşlik baha aldylar. “Aspirantura kabul edilen-edilmändigiňizi öý adresiňize ýazarys” diýlenden soň, biz öýli-öýümize gaýtdyk.

## ATAMY ÖÝLENDIRIŞIM

Öňde ýazyşym ýaly, 1957-nji ýylyň 4-nji martynda enem ýaş üstünden aýrylansoň, atam dört ýarym ýyl bari sallahdy. 58 ýaşyna seretmezden, ol gaty daýaw, sagdyn, entek garrylyk asla heder etmedik adamdy. Şonuň üçin enemiň ýyl sadakasy sowlandan soň, men oňa öýlenmegi teklip etdim. Atamam “Men özüme aýal tapsamam, enesiz galan ýedi çaga, ylaýta-da kiçilerine ene tapyp bilmerin. Olar öweý enäniň elinde horlanandan meniň öýlenmedigim gowy” diýip jogap berdi. Birki ýyldan teklibimi gaýtalabam şol jogaby eşitdim.

Hormatly okyjym! Men öýlendirmek meselesi bilen iki ogul we inidir ýegenler bilen köp gepleşip, gerek ýerinde olaryň üstüne herrelip, abaý-syýasat edip, hatda ýalbarybam gördüm. Emma bu temada gürrüň edeniňde, atanyň ogul ýa-da ini dälligine gowy düşüniň: Kynlyk bilen, örän çekinip: “Ata,bizem eneli bolaýsak, bize-de, özüňe-de gowy boljak” diýip gürrüňe başlarsyňam weli, ol: “Goýsana şu gürrüňi. Men senden aýal soradymmy?” diýip, sözüni keser, wessalam.

Muny iki gezek başdan geçirenim üçin, menem bu tema gaýdyp dolanmadym. Emma nädogry edipdirin: soňky döwürde atam bir hili ýeldirgän ýaly bolaýdy, sähel zatda yrsarap käýemäni, gahar etmäni çykardy. Tomus kanikuly döwründe üç-dört gün maňa sögünip gezdi, bir günem elýuwaryň aşagynda kellämi sabynlap ýuwup durkam, elindäki uzyn saply kepjesi bilen uzaboýuna ýagyrnyma urdy, kepjäniň sapy döwlüp, özi honda uçup gitdi. Gözümiň sabynyny süpürip, yza seretsem, atam elinde galan sapyň bölegi bilen ýene urmaga niýetlenip

topulyp gelýär. Gaçdym. Kellämiň sabynyny ýakyndaky ýapdan ýuwdum, eşiklerimi hem harman jaýda oýnap ýören Myrat bilen Agamyrada getirdip geýindim.

Atam çagalaryny urup ýören adam däldi. Gyzlaryna-ha ol asla gaty-gaýrym zadam diýmezdi. Meni hem mundan öň diňe bir gezek urany ýadyma düşdi. Onda-da özüm günäkärdim. 3-nji ýa 4-nji klasda okaýarkam, men öýlänine sygrymyzy otly ýerlere örkläp, ýakynynda oglanlar bilen aşyk oýnardym. Bu oýun üçin amatly ýer gaýradaky arygyň Padagüzer diýen ýeridi. Men şol günem sygry arygyň boýuna daňdym. Gyşda gazylyp, gyralary dikligine gowy ýylmanyp taraşlanan aryk suwdan dolup akýardy. Onuň gyralaryndaky otlanan hyşalaryň töňňelerinden göm-gökje ösüntgiler we suw gamşynyň ösüp gelýän ýaş nesli gury çöp bilen gyşdan çykan sygryň işdäsini oýarypdyr, ol ýabyň gyrasyndaky şol gök otlary iýjek bolanda aýagy taýyp, suwa gaçypdyr. Gyrada kakylan gazyk sygyr janawary ýakynyndaky güzere tarap ýüzmäge-de maý bermändir. Dik gyradan çykjak bolup, ol köp urnan bolmaly: toýnaklaryň yzy gyrany dilim-dilim edipdir. Sowuk suwda uzak urnup, haly giden sygyr ahyrynda suwa gark bolup ölüpdir.

Aşykdan ünsümi sowup bir seretsem, atam sygryň ýüpüni gyra tarap çekip barýar. Pagta meýdanlaryna gyş suwuny bile tutýan ýoldaşy Halmyrat bilen sygry çekip, gyra çykardylar. Janawar ölüp galypdyr. Atam sygryň zynjyrly ýüpüni onuň şahyndan çözüp aldy, gapdalynda aňk bolup, aňalyp durkam, maňa gözi düşdi-de, elindäki zynjyr bilen urdy. Ikinji gezek urmaga Halmyrat ýol bermedi.

Ýabyň boýunda oturyp, bu gezek meni atamyň näme üçin uranlygy barada oýlanýaryn. Ullakan sebäp ýok. Mundan üç gün öň atam maňa Reýim agalarynyň öýüniň ýakynyndaky açyk meýdana örklenen göläni ýabyň boýundaky kölegä getirip daňmagy buýrupdy. Men göläni getirmäge barsam, ol ýerde iki göle bar. Öýümize tarapdaky kiçi göle biziňkidir öýdüp, men ony getirip, kölegä daňdym. Emma ol biziňki däl ekeni. Yssa galmasyn üçin, öz gölesini äkitmäge gelen Nadýa daýza (Reýim aganyň aýaly) hol ýabyň boýunda daňylgy duranlygyny görüp,

boşan göläni goňşular tutup daňandyr öýdüpdir we gölesini öýüne äkidipdir. Biziň gölämiz bolsa günde galyberipdir. Öýlänlik ony atam kölegä daňyp, maňa agzyna gelenini diýip käýindi. “Öz malyny tanamazam mahluk bolarmy?” diýip, aýdanyma-da ynanmady (men goýun-geç-ä beýlede dursun, eşek, sygyr ýaly uly mallarymyzy hem tanamaýardym. Gyşyna boşadylyp, pagtaçylyga kowulýan sygrymyz wagtynda gelmese, ony getirmegi hem atam maňa buýraýsa, men meýdandaky biziňki bilen reňkdeş sygyrlaryň ählisini öňüme salyp, sürüp gaýdardym. Biziň öýümize hiç haýsy sowulmasa, meýdana täzeden giderdim).

Näçe pikir etsemem, atamyň öňünde eden başga günämi tapyp bilmedim. Ýersiz iýlen taýagam barha basmarlady, horlugym geldi. Myrada motosikliň açaryny getirdip, göni Burdalyga –uçilişede bileräk okan ýaşlyk dostum Haýdar Işangulynyňka gitdim. Bile gezelenç etdik, iýip-içip, gije bile ýatdyk. Derdimi aýtmadym, emma onuň özi aňdy. Ertesi günortanlyk menden şu çaka çenli gijäniň bir wagtyna deňeç otursamam, ýatyp gitme endigimiň ýoklugyny, bu gezek näme üçin beýdenligimi we tukatlygymyň sebäbini sorady. Ilki buýtar-suýtar etsemem, soň gönüläp, bolan zatlary aýdyp berdim we horlugym gelip, kibtine maňlaýymy goýup agladym.

Azrak oturdyk. Soňra Haýdar:

— Hany, ýör, obaňa gideli—diýdi.

— Ýok, men indi öýe barjak däl.

— Öýe barmazyň-a bolmaz-da, ýöne men häzir siziň öýüňize däl, Reýimberdi aganyňka barjak. Soňuny soň göreris.

Reýimberdi aga biziň melikler diýen tirämiziň ýaşulusydy (Haýdar biziň obamyza gaty beletdi). Sanly salymdan motorly onuň öýüne geldik. Salam berip, ýaňy dyzymyzy epenimizden Haýdar oňa:

— Reýinberdi aga, Soltanşany atasy urupdyr—diýdi. Olam sesini çykarman biraz oturdy-da, töwir galdyrdy, saçagy teläriň üstüne goýdy-da, köwşüni geýdi, hasasyny eline alybam: “Hany, ýörüň!” diýdi. Ol ýolda hasasyny arkasyna alyp, her elini bir tarapyndan geçirdi-de, öz-özi bilen gepleşýän ýaly hüňürdäp,

biziň öýümize tarap ýola düşdi:

— Atanyýazyň päli azypdyr, päli. Onuň soňky günlerde dälirän ýaly bolup ýörenligini aňýardymam-la. Näme indi üç sany çaganyň atasy bolan är çykan ogly saýgylabermeli bolarmy? Päli azypdyr mynyň, päli.

Biz öýüň gapysyna geldik. Reýimberdi aga “Hany, içeri giriň” diýensoň, bizem onuň yzy bilen atamyň ýatýan otagyna girdik. Atam galamdan[1] ýüp iýşip oturan eken. Reýimberdi aga onuň salamyny alman, göni gabadynda orudy-da, üstüne gygyrmaga başlady:

— Näme üçin ata çykan ogly urduň?

Atam işini goýup, iýşilip, sag aýagynyň penjesine oralan ýüpi çözläp, bir gapdala goýdy, uzadan aýaklaryny ýygnady-da, sesini çýykarman oturdy. Reýimberdi aga: “Hany jogap ber” diýip gyssaýar, käte-de hasasyny atamyň kellesiniň üstaşyry kelemenledip goýberýär. Kiçijik göwreli, 75 ýaşly garryja pyýada hüjüm edýär, pil ýaly pyýada bolsa müzzerilip, ýere bakyp otyr. Ahyry Reýimberdi aga bize “Hany, siz daşa çykyň” diýdi. Biz çykdyk. Atam ikisi jaýda ýarym sagatdanam köp gürleşdiler. Reýimberdi aga ahyry daş çykdy, gapydan esli daşlaşansoň, maňa baka öwrüldi-de:

— Atanyýaz heniz gaty daýaw. Ony öýlendiräýmeseň, ol seni ýene urar—diýdi. Menem:

— “Derdini bilen dermanynam biler” diýipdirler. Reýimberdi aga, onuň kimi almaga razylygyny hem bir bilip beriň. Maňa ol ýene aýtmaz—diýip, ondan haýyş etdim. Reýimberdi aga ýene içeri girdi, esli salym eglendi, çykybam:

— Permede sagymçy bolup işleýän Öwezbikäni tanaýarmyň? Ho-ol mugallym Çary Seýidiň atasynyň dogany. Ol irden bäri perme howlynyň bir tamynda ýaşap ýör. Şony alyp beräýseň, ataň razy bolar—diýdi. Men guş tutan ýaly begenip, Reýimberdi aga sag bol aýdyp goýberdim.

Öwezbike diýen gartaşyberen aýal irden bäri fermady

[1] Galam—Amyderýa boýlarynda ösýän inçe baldakly, gamyş ýaly ösümlik. Onuň bogunlaryny döwüp, daşyndaky örtügi sogrup alyp döwseň we suwa ezip iýşseň, ondan kendiriňki ýaly gowy ýüp edip bolýar

sagymçydy. Aýdyşlaryna görä, onuň bir ogul, bir gyzy bolupdyr, äri urşa gidip gelmändir. Uruş ýyllarynyň gazaply döwri çagalarynyň ikisi hem ýa keselden,ýa-da açlykdan aradan çykypdyr. Şondan soň ol hiç kime barman, 3—4 sany goýun-geçisini we birtopar towugyny özüne höwür edinip, ýeke özi fermanyň howlusynda ýaşaýardy. Baýly daýymyň şu fermada köp wagt işländigi ýadyma düşüp, agşam motorly onuň ýanyna bardym we bolan gürrüňleri aýdyp berdim. Olam: “Şu weli bolaýypdyr. Şu çaka çenli Öwez ekäniň (ol Öwezbike daýza şeýle ýüzlenýärdi) ýada düşmeýşini diýsene. Ýogsa men onuň bilen 7 ýyl fermada bile işledim, ol sagymçy, men göle bakýan. “Haýyr işi jäht tut” diýenleri. Edil şu agşam gideli. Biriniň diýenini etjek bolsa, meniň diýenimi eder. Goýun soýdurmaly ýa-da gyrkdyrmaly bolsa-da, ol menden başga aýdýan däldir— diýdi.

Garaňky düşensoň, biz onuň öýüne bardyk. Hiç zatdan habarsyz kempir ikimizi gowy garşylady, derrew nahar getirdi, bir jam gaýmak goýdy.

Nahardan soň daýym gönüläp, oňa näme niýet bilen gelendigimizi aýtdy. Ol “Hiýh” diýip içini çekdi-de, birsalym dymyp otyrdy. Soňra ýaglygynyň ujy bilen gözüniň ýaşyny süpürip:

— Goýaweri, Baýly. Men senden beýle zada garaşmandym. Näme, men är soradymmy? 25 ýyllap ýeke ýaşadym, diňe ölüp görmedim, galanyny gördüm.Indi maňa är gerek däl, indi meniň ärim—mallarym, towuklarym—diýdi-de, ýene aglady. Bizem bir hili bolduk. Daýym: “Men ertir gelerin” diýensoň, daş çykdyk we meniň motosiklimi goýan gamyşlygymyza bardyk. Biz öýdekäk, bir zar ýagypdyr. Soňam sowuk bolup, ähli zat jyza baglap, buza örtülip ýatyr. Meniň gyzyl “Pannoniýam” hem ap-ak reňke boýalan ýaly, üstüniň buz örtügi zerarly, ruly elden sypyp dur. Daýymyň asly käri mehanizator bolansoň: “Otlajak bolubam oturma, ot almaz, buzuny döwüşdirip, idip äkideli” diýdi. Menem motoryň üstüniň, rullarynyň buz örtügini döwüşdirip, kakyşdyryp, ýag berdim-de depdim. Ot aldy, bizem öýe gaýtdyk.

Daýym ertesi baranda-da, ondan gowy jogap alyp bilmändir. Soňrak men Öwezbike daýzanyň inisi, meniň oba mekdebindäki mugallymym Çary Seýidiň öýüne baryp, ähli zady bolşy-bolşy ýaly aýtdym. Onuň bilen agşamlyk ýene ferma geldik. Saglyk-amanlykdan soň, Çary gürrüňe başlady:

— Eke, sen bir pikir et, mundan buýana öňüň garrylyk. Ýeter-ýetmeziň bolar, kesselläniň bolar. Soltanşa dagy bir öňden gelýän döwletli maşgala. Dessine ogully-gyzly, agtykly-çowlukly, bir topar kömekçili bolýarsyň. Ara uzak bolansoň, tiz-tiz gelip-gidibem bolanok, senden dynybam bolanok. Bularyň sözüni ýykma. Şeýtseň, menem senden razy bolaryn—diýdi. Emma Öwezbike daýza ýene razy bolmady. Çary maňa: “Sen gaýt. Men biraz oturjak. Erte duşuşarys” diýdi. Gaýtdym. Ertesi ol öýe gelip, edil häzir-ä hoş söz alyp bilmänligini, ýöne ony tiz wagtdan şu öýe geler ýaly etjekligini aýdyp gitdi.

Ferma zol-zol gatnaýanlygymyzyň sebäbi örän çalt bilindi. Ilki fermadaky aýallar, biziň şowsuz gudaçylygymyz barada ile şow edip çykdylar. Oba ýaşululary atam barada edýän bu aladam üçin maňa alkyş aýdýardylar we rowaçlyk arzuw edýärdiler.

Bu gürrüň atamyň gulagyna degen bolmaly. Fermada bize ýüz berilmeýänini aňansoň, ol müzzeräýdi. Daşarda kepbe ören az wagtynyň dowamynda-da ol hiç kim bilen gepleşmedi, köp wagtyny bolsa jaýynda ýatyp geçirdi. Ynha, şeýle günleriň birinde biziň bu işimiz ýeňil çözüldi duruberdi. Bu şeýle boldy.

Obamyzda Derwüş işan diýip, ýaşy altmyşdan geçen, öýsüz-öwzarsyz, maşgalasyz, çokgasakgal bir işän kişi bardy. Ony şu etrapda şu asyryň başlarynda ýaşap geçen we dünýäden öten, soňam Zöhre-Tahyryň köşgüniň deňinde, gumuň içinde ýörite hanakada jaýlanan atly-abraýly, örän şöhratly Omar işän hezretleriniň neberesi diýerdiler. Şonuň üçinem Derwüş işana dil ýetirip bilýän adam ýokdy. Onuň her obada üç-dört sany öz barýan öýleri bardy. Şolaryň haýsynyňkyda gün batsa, şonuňkyda-da ýatyp-turardy. Kirini-çägini we ähli eşigini il göterердi. Ony diňe bir Burdalykda däl, eýsem, Garabekewülde, Saýat-Sakarda, hatda Farapda-da gowy tanaýardylar. Derwüş şanyň ähli goşy uzyn syrygy bilen iki gözüne-de eşik, nas çüýşe

ýaly zatlary salnan şal horjunydy. Ol horjunyny egnine atyp, syrygyny hem eline alyp gidibererdi. Ymykly bir ýerde bolman, her gün bir ýerde ýatyp-turup ýörenligi üçin, il oňa Derwüş diýip at dakan bolsa-da, onuň hakyky adyny bilýän ýokdy, Derşüw işan namaz okap, oraza tutup ýören, umuman, din ýoluny ýöredýän adam däldi, onda iliň zadyna, gyzyl-çyzylyna göz gyzdyrmak ýaly gylygam ýokdy. Nirede şatlyk-şagalaňlyk bolsa, şol ýere barardy, çagalary daşyna üýşürip, olar bilen oýnabererdi.

Derwüş işan bilen meniň aramam erbet däldi. Käte öýüň deňesindäki ýoldan geçende, ony çagyryp, naharlap goýberäýmäm bardy. Yhna, bu dynç günem mellekde jöweniň tommaklaryny çapyp, çilini ýykyp, ýeri sürüme taýýarlap ýörkäm, gapdaldan geçip barýan Derwüş işana gözüm düşdi, oňa gygyrdym:

— Ahaw, pir, hany, gel, tommak çapyş!

— Tommagyňy it iýsin, men nä elime kätmen alyp gördümmi? Çagyrjak bolsaň, sen meni nahara çagyr!

— Dogrudanan, meniň öýümde nahar iýmäniňe-de esli wagt boldy. Ýör, men seni naharlaýyn.

Tirkeşip öýe girdik. Günorta tarapdan içine gün düşüp duran sabatdaky düşekde oturdyk. Nahar geldi. Nahar başynda sabadyň gözenekli germewinden hol aňyrrakda kepbe örüp oturan atama piriň gözi düşdi-de, ol maňa sorag berdi:

— Näme, Atanyýazy öýlendirjek bolýarmyň?

“Hä-ä, bu gürrüňi pirem eşiden eken-ow” diýip, içimi hümletdim-de, daşymdanam:

— Hawa, pir, ýöne işimiz ýol alyberenok—diýdim.

— Şol permedäki Öwezbikemi aljagyňyz ýa başga ýere-de bardyňyzmy?

— Öz-ä şol Öwezbikedir, ýöne ol asla “bolýar” diýiberenok.

— Hany, meniň bilenem baryp gör, diýmäbilse diýmesin.

Bu kempiriň namaz okap, oraza tutup, öwlüýälere zyýarat edip ýörenligi, işan-pire-de berk ynanýanlygy ýadyma düşdi, piri sözüniň gaýtarylmajagyna ynanybam gaty begendim:

— O, gurbanyň bolaýyn, pirim, haçan permä gideris?

— Nahar bir iýeli, häzir gideris.

Men özüme töwir edindim-de, “Pir, sen iýiber” diýip, eşiklerimi geýip geldim. Pir “Tizlikde şu öýde toý bolsun!” diýip töwir galdyrdy. Men Myrada mellekde goýup gaýdan kätmenimi öýe getirmegi tabşyrdym, piriň horjunyny motoryň syrtyna—onuň oturjak ýerine atdym, motory otlap mündüm, pir münensoň, onuň eline syrygyny alyp berdim. Öýdäkilere hiç zat aýtmanam ferma ugradyk.

Fermadaky itleri örüzmezlik we adamlaryň ünsüni çekmezlik üçin, men ýene motory ferma howlusyndan hol uzakda sakladym, emma pir syrygynyň bir ujy bilen gapdalyma symsyklady-da:

— Göni gapa sür, näme ogurlyga gelen ýaly çetde sakladyň? Men şunça arany horjunymy göterip, pyýada ýöräýinmi?—diýdi. Gapa gelip durduk. Daşky ojagyň ýanynda bir zada güýmenip ýören Öwezbike daýza pir bir zat diýjek boldy, onýança-da kempir elini daldalady-da, oňa ýalbarmaga başlady:

— Gurbanyňyz bolaýyn, pirim, hernä sögäýmäweriň!

— Sögülmejek bolsaň, näme üçin üstüňe bulary gatnadyp ýörsüň? Sen nä Atanyýazdan gowa barjakmy, Soltanşadan oňada ene boljakmy? Ýa sen sogapdan doýduňmy? Hany, tiz jogap ber!

— Jan pirim, meni gyssamaň, men birki gün pikir edeýin, jogabyňy soň aýdaýyn.

Kempir soňky haýyşyny zol gaýtalap duransoň, pir razylaşdy. Ol ýakyndaky obada düşüp galdy, men bolsa soňra ýolugra Baýly daýymlara baryp, bolan gürrüňleri aýdyp berdim.

Pir bilen öýden çykansoň, biziň nirä gidenligimizi we işiň ugra boljagyny atamam aňan bolmaga çemeli, ol ähli çili kätmen bilen tekizläp, mellekdäki tommaklaryň galanlaryny çapyp bolupdyr, olary her ýere-her ýere topbaklap, uly pagta ganar bilen tamdyryň ýanyna daşap ýör ekeni. Men begenjime atama: “Ata, işimiz ugruna bolaýsa gerek” diýdim. Olam diňe “Hmh” etdi-de, başga zat diýmän, mellege tarap ugrady.

Ertesi ir bilen ählimiz bir saçagyň başyna üýşüp, çaý içip otyrkak, öýüň ýanyna bir kiçimotor gelip durdy. Men Myrada “Bar, habar tut” diýdim. Ol hem daş çykyp, içeri girdi-de:

— Aga, seni çagyrýar—diýdi. Daş çykdym. Fermada

görýän oglanym. Ol howlugyp:

— Meni Öwezbike mama iberdi. Ile gep ýassygy bolup ýörjek däl. Bar-da, Soltanşa aýt, meni şu iki günde permeden äkitmese, üçünji gün gelip oturmasyn diýip iberdi—diýdi-de, yzyna dolandy. Men uly galmagal bilen öýe girdim, boljak toý bilen ählisini gutladym we:

— Hany, çaý içişligi bes ediň, öýi tertibe salyň. Selbi, sen Agamyrat bilen şu obadaky garyndaşlardan ussa Pirgula, Hudaýguly aga, Gurban aga, Sary aga, Pirlä "Şu gün öýümize ene getirjek, derrew öýe baryň" diýip aýt. Ogulhan, senem, Myrat bilen gidip, daýylara aýdyp gel. Näzik, sen bolsa garyndaşlara habar et—diýdim-de, özüm gyssagly geýnip, kolhozyň başlygy Maksat Şakulowanyň öýüne ugradym. Onuň öýi goňşy Isamly obasyndady. Barsam, ol öýündäkiler bilen çaý içip oturan eken. Salam berip, içeri girdim. Salamymy aldy-da, öňüme-de bir käse çaý goýdy-da:

— Gaty irläpsiň-le, eýgeliklmi?—diýdi.

— Eýgilik, Maksat eke. Enem ölende siz maňa uly goltgy berdiňiz, derdimi deň bölüşdiňiz. Indi şatlygymy hem bile bölüşäýseňiz. Nesip etse, eneli boljak bolýarys. Şony aýdaýyn diýip geldim.

— Näme, Atanyýaz daýyny öýlendirjek bolýarmyň?

— Hawa.

— Oň bolsun! Şuny weli gowy edýärsiň, Soltanşa. Erkege aýal garrandan soň gerek. Ataňa eden diňe şu ýagşylygyňam seni behişde elter. Oňa kimi alyp berýärsiň?

Meniň gorkýanym şu soragdy, çünki fermada ýatyp, sagymçylyk etmäge hiç aýal razy bolmaýardy, sagymçy tapmagam başlyklar we ferma müdiri üçin kyn meseledi. Menem çekinibräge-de:

— Hol fermada işleýän Öwezbike Rozy diýen aýal bar-a, ana, şony—diýdim.

— Hä-ä, ol-a sagymçydyram, — Ol bir salym dymyp oturdy-da: — Bolsa bolsun, Atanyýaz daýyny begendireniň nämä degmeýär?! Sagymçy ýene tapylar. Öwezbike bir pukara, gumry ýaly heleýdir. Dynar galarsyňyz. Saňa näme kömek

gerek? Pul-külüň ýeterlik barmy?

— Pul, mal bar, Maksat eke. Diňe şony göçürip getirer ýaly şu gün bir ýük maşynyny beräýseňiz!

— Ýeke aýal diýip pikir etme. Onuň goşy, maly, odun-çöpi az däldir. Ol—döwletmen aýal. Häzir edara bar, men saňa bir ýük maşynyny, birem yzy arabaly traktor bereýin.

Men hoşlaşyp, gyssagly öýe geldim we fermadan alnyp gaýdyljak zatlary taýýarlap goýmak üçin, Pirlä (çagyrylan garyndaşlaryň ählisi eýýäm öýde eken) üç sany oglan we uly uýam Ýazbikä-de iki-üç sany aýal-gyz toplamagy buýurdym. Baýly daýym ferma eltip soýmak üçin bir tokly getiripdir. Nahar bişirmäge-de Soltanmyrat daýym gelipdir. Men edara baryp, berlen traktora ferma barmagy tabşyrdym, maşyny bolsa öýe getirip, ferma gitjekleri hem oňa mündürip, ýola saldym.

Baran oglanlaryň we fermadakylaryň kömegi bilen öý goşlaryny maşynyň öň tarapyna, yzyna-da 6—7 sany goýun-guzyny ýükledik. Traktora-da äkitmeli diýlip görkezilen odun-çöpleri, ykjam basylyp goýlan gury otlary ýükläp, öýe äkitdik. Traktora rugsat berip, maşynly ýene ferma geldik. Nahardan soň, galan-gaçan zatlary maşyna atyp, indi ugraly diýip durkak, enemiziň 12 sany towugynyň barlygyny aýtdylar. Goňşularyň towuklary bilen garyşyp, howluda gezip ýören towuklaryň içinden "şol" diýlip görkezilenleriň dört-baş sanysyny oglanlar kowalap tutdular, tutdurmadyklaryny bolsa köpleşip, taýak bilen urup aldylar, kellesini kesibem maşyna okladylar. Ynha, şu ýerde gödek ýalňyşanlygymyzy öýe gelensoň bilip galdym. Aýagy biri-birine çatylyp daňlan diri towuklary towukketege goýberdik, öldürilenleri bolsa ojagyň ýanynda üýşürip goýduk. Enemiz ol towuklary gördi-de, ýanynda oturyp, ýeke-ýekeden gözden geçirdi, öli towuklaryň käbiriniň arkasyny sypap, gözýaşyny bizden gizläp, asli aglady. Men şonda ýeke ýaşaýan ynsanyň öýç haýwany bilen edil çagasyna ysnyşyşy ýaly öwrenişýänligine şu ýerde göz ýetirip, ol towuklary öldürenimize gaty ökündim. Birnäçe günden soň meýdana goýberilen beýleki towuklaryň biziň towuklarymyz bilen goşulyşman, enemiziň ýanynda gezişini, asla ondan gaçmaýşyny, hatda onuň elinden iým iýşini

görenim soň-a enemizi öz perzendi ýaly ekläp-saklan, öwrenişen janawarlaryndan aýranlygymyza, şeýdibem onuň ýüregine dag basanlygymyza gowy düşündim.

Enemizi öýe getiren günümiz, 2-nji dekabrda men aspirantura kabul edilenligim, 15-nji dekabra çenli pasportymy we harby biletimi Hojambazyň hasabatyndan çykaryp, Aşgabada gelmelidigim barada hat aldym, ýöne toý günleri bu barada hiç kime aýtmadym. Şol gün we ertesi ähli dogan-garyndaşlarymyz, oba-goňşular öýümize topar-topar bolup geldiler. Şol döwürde eýýäm rowaçlanyp ugran komsomol toýlary ýaly, atam bilen enemizi öňde oturdyp, uly toý edeli diýen teklibimize bolsa olaryň ikisi-de kes-kelläm garşy boldular.

Toýdan üç-dört gün geçenden soň, men Aşgabatdan gelen haty mekdep direktory Begli Gurdowa görkezdim. Ol Hojambaza telefon edip, Bäşim Reýimow bilen gepleşdi-de, meniň sapaklarymy okadara mugallymyň ýoklugy üçin, meni okuwa goýbermejekligini aýtdy. Hojambaza gidibem Reýimowdan şol jogaby aldym. Soňra institutyň direktory Hamzaýewiň adyna "Meni işden goýberenoklar" diýip, telegramma berdim. Ertesi meniň we direktoryň adyna gelen telegrammalarda SSSR Ministrler Sowetiniň senesi we nomeri getirilen buýrugy boýunça maňa işden hökman jogap berilmelidigi aýdylýardy. Telegrammanyň bir nusgalygy Hojambaz etrap bilim bölümine-de iberilipdir. Şondan soňam maňa jogap bermediler. Teý-ahyry jogap bolmajagyny bilip, men direktora aýtman, Çärjewe uçdum, welaýat bilim bölüminiň müdiri, uçilişedäki mugallymym Ruslan Ergeşowyň kabulhanasyna barybam, telegrammany görkezdim. Ol näme üçin gelenligimi we Aşgabada barmaly wagtymdan eýýäm birnäçe gün gijä galanlygymy bildi-de, dessine Hojambaza—Reýimowa jaň edip, oňa biraz käýedi. "Mugallym tapylmasa, şol sapak okadylmasyn, ýöne Atanyýazowa ertiriň özünde rugsat hatyny bermeseň, seniň bilen soň gepleşeris" diýdi-de, gaharly trubkany ýerinde goýdy. Ertesi men göni Hojambaza uçdum, bu ýerde üç gün eglenibem işden okuwa gidýänligim barada buýruk çykardyp, gerekli dokumentleri elime aldym. Ýöne Reýimow meniň Çärjewe

rugsatsyz gidip, Ergeşowyň ýanyna baranlygymy gaty görüpdir, ol meniň bilen gaharly gürleşdi, degişli zähmet hakymy bolsa “Aýyň aýagyndan öň pul ýok” bahanasy bilen bermedi (men ony ýarym ýyl soň aldym).

Oba gelip, iki gün boldum-da, barmaly wagtymdan bir hepde gijä galyp, dekabryň 22-sinde Aşgabada aspirantura ugradym.

***Birinji bölümiň soňy***

# IKINJI BÖLÜM

## PAÝTAGTDA

### ASPIRANTURA

Öýlänki reýsde Aşgabat howa meýdanyna gelip düşdüm. Elgoşlarymy Babagulynyň öýünde goýup, iş gününiň ahyrynda-da bolsa, ýolbaşçylara gelenimi bildirmek maksady bilen instituta geldim. Alym-kätip Mariýa Stepanowna Harlanowa aspirantura kabul edilenler barada çykarylan buýrugy elime berdi. Gaýybana okuwa diňe bir adam—şol wagtky “Sowet Türkmenistany” gazetiniň baş redaktory Begenç Kerimi, gündizki bölüme bolsa üç adam kabul edilipdir. Üç dersiň ählisinden “bäşlik” baha alan Toýly Guzyçyýewiň ady birinji, iki “başlik”, bir “dörtlük” alan Jeren Kekilowanyň ady ikinji, bir “bäşlik”, iki “dörtlük” baha alanym üçin, meniň adym ahyrky—üçünji orunda ýazylypdyr.

Alym-kätip bilen bilelikde men direktor Hamzaýewiň huzuryna-da girip çykdym. Salam-helikden soň, ol maňa ýene birki gün gelmedik bolsam, deregime başga birini almakçy bolanlygyny aýtdy, erte sagat üçde-de, täze kabul edilen aspirantlary ýygnaýanlygyny habar berdi.

Ertesi ýygnanyşykda Hamzaýew aspirantlaryň günde işe gelmelidigini, ýakynda çap edilen “Türkmen diliniň sözlügi” diýen düşündirişli sözlükde bir harp ýalňyşyny düzetmäge institutynyň ähli işgärleriniň we aspirantlarynyň kömek bermelidigini duýdurdy, sözüniň ahyrynda-da Toýla özüniň ýolbaşçylyk etjekdigini, meni bolsa moskwaly alym, SSSR Pedagogik ylymlar akademiýasynyň akademigi, özbek dilini suwara bilýän Wiktor Wasilýewiç Reşetkowyň huzuryna iberjekdigini habar berdi.

Men aspiranturanyň düzgünlerini bilmeýärdim. Ýolbaşçyň nireden bolsa, gülberiňi arkaňa daňyp, dessine onuň ýanyna eňibermelidir, onuň ýaşaýan şäherinde-de okamalydyr öýdýärdim. Türkmenistanly aspirantlara moskwaly alymlaryň ýolbaşçy bellenmegi ýetdirmeýän dereje hasaplanýan eken.

Meniň ondanam habarym ýokdy. Şonuň üçin ýygnanyşyk gutaransoňam men “Size aýtmaly zadym bar” diýip, kabulhanada saklandym. Ikiçäk galanymyzdan soň Hamzaýewe ýüzlendim:

— Maňa moskwaly alym Reşetkowyň huzuryna gitmeli diýdiňiz.Sag boluň, ýöne men Moskwa gidip biljek däl.

— Näme üçin?

— Birinjiden-ä, meniň aspirantura girýänligimi eşiden tanyşlarymyň käbiri diňe Sizi—Hamzaýewi halypa tutunmagy maslahat berdiler...

— Meselem, kimler?

— Kursdaşlarym Myrat Penjiýew bilen Bally Baýramdurdyýew, soňam Oba hojalyk institutynyň prorektory Iwanow.

— Sen Nikolaý Andreýewiçi nireden tanaýarsyň?

Giriş synaglaryny tabşyranymdan soň, şol institutyň mugallymy, obadaşym Rozy Jumaýewiňkide bilen bile oturmak miýesser etdi. Ol gowy adam eken, türkmen dilini hem bilýän eken. Şonda meniň bilen içgin tanşyp, şeýle maslahat berdi.

— Ýagşy, ikinjiden?

— Ikinjiden, men maşgalaly, üç çagam bar. Görýän weli, olary göçürip getirmäge-hä ýaşaýyş jaý ýagdaýy mümkinçilik berjek däl ýaly. Käwagt oba  baryp gelmek üçin Moskwadan Aşgabat amatly.

— Ynandyrdyň. Eger Toýly razy bolsa, ony Moskwa iberip, seni öz ýolbaşçylygyma alaýaryn. Bar, Toýlyny çagyr!

Çagyrdym. Toýly höwes bilen Moskwa gitmäge razy boldy.

Şol günüň ertesinden biz sözlügiň ýalňyşyny düzetmäge girişdik. Ýalňyş diýip, ullakan ýalňyşam däl: sözlükde “Leninçi” sözi “Lelinçi” görnüşinde ýazylypdyr. “Türkmen diliniň sözlügi” ýaly tutumly we uly işde birdir-ikidir ýalňyş tapylýar, emma weli ol döwürde Lenin, Stalin, Marks, Engels ýaly marksizm-leninizm klassyklarynyň atlarynda goýberilýän ýalňyşlara syýasy äheň berlip, günäkärlere berk çäre görülýärdi. Meselem, şol ýyllarda Hojambaz raýonynyň gazetinde STALIN diýen atda T we A harplarynyň orny çalşyrylyp, SATLIN görnüşinde çap edilendigi üçin gazetiň redaktory we ýene bir işgär jenaýat

jogapkärçiligine çekilipdi. Şeýle howpdan gutulmak üçin hem on müň nusgalykda çap edilip, her alty kitabyň daşynda kagyz dolanyp, berk daňlan we etiketka ýelmenip, satuwa iberilmäge taýýarlanan 1700 çemesi karton gapyrjagy ýük maşynlarynda instituta getirdik we institutyň häzirki jaýyna ýerleşdirdik. Her işgäre neşirýatdan getirilen bir H harply möhürjik, birnäçe almazpäki we iki-üç adama bir tipografik reňk guýlan möhür ýassygyny paýladylar. Her kim günde alty gapyrjagy açyp, içindäki sözlükleriň "Lelinçi" sözündäki ikinji L harpyny gyryp, ýerine N harpyny basmalydy, soňra gapyrjagy öňki ýaly daňyp, ony leksikografiýa bölüminiň müdiri Gurban Ataýewe tabşyrmalydy. Köp işgär sanlyja günde bu hysyrdyly işiň hötdesinden geldi.

1963-nji ýylyň ilkinji günlerinden başlap, biz kandidatlyk minimumyny tabşyrmak üçin, filosofiýa we çet dili (meniň üçin pars dili) dersleri boýunça ýörite okadylýan sapaklara gatnaşyp başladyk. Ýanwaryň ortalarynda Hamzaýew ýanyna çagyrdy-da, meni institutyň häzirki zaman türkmen dili bölümine berkidýänligini aýdyp, şu ugurdan hem özüme tema saýlamagy tabşyrdy. Bölüm müdiri Bäşim Çaryýarow, ylmy işgärler Tagangeldi Täçmyradow, Muhammet Hudaýgulyew we Berdi Hojaýew dagy bolup, maňa "Türkmen dilinde köplük kategoriýasy" diýen temany hödürlediler. Men üç aýlap köplük kategoriýasy boýunça türkologiýada edilen käbir işler bilen tanşyp, çeper eserlerden esli material hem topladym.

Birazdan soň bi temany uniwersitetde Roza Hazratowa diýen bir aspirantyň işläp ýörendigini habar berdiler. Bu habar dogry bolup çykdy. Men ähli ýygnan zatlarymy Roza berdimde, täze temanyň gözlegine çykdym. Hamzaýew maňa dile degişli öz kitaphanamyzda bar bolan ähli awtoreferatlar bilen tanşyp, şularyň haýsam bolsa birini işlärin diýen niýet bilen jemi on tema saýlap, göni bir aýdan kabulhanasyna gelmegimi tabşyrdy. Arman, men ýolbaşçymyň huzuryna gelmeli wagtymy bellemändirin, bu bolsa esli wagtdan soň meniň ýüzümiň gyzmagyna getiren sebäpleriň biri boldy (bu barada soňra gürrüň bererin).

Tejribeli dilçiler bilen maslahatlaşyp we kitaphanada işläp, men on sany tema saýladym. Olaryň arasynda Türkmenistanyň toponimikasy (ýer-ýurt atlaryna) degişlisi-de bardy. Hamzaýew bu temany gowy gördi. Huzuryna barmaly wagtymdan esli gün geçenden soň, ol meni ýanyna çagyrdy we: "Diňe bir türkmen dilinde däl, eýsem beýleki türki dillerde-de toponimika henize çenli işlenen tema däl, sen ilkinji bolarsyň. Şu temany al, ýöne tutuş Türkmenistanyň ýer-ýurt atlary gaty köp bolýar. Onuň belli bir bölegini alarsyň, belki-de "Günbatar Türkmenistanyň toponimikasy" diýip, temany çäklendirmeli bolarsyň. Munuň üçin Çöller institutynyň direktory Agajan Babaýew bilen maslahatlaş" diýip, meni onuň ýanyna iberdi. Agajan Geldiýewiç meniň Lebapda önüp-ösenligimi sorap bilenden soň, belet ýerimiň toponimikasyny ýygnamak aňsat bolar ýaly, şu etrabyň ýer-ýurt atlaryny işlemegi maslahat berdi. Ol bu babatda dessine Hamzaýew bilenem telefonda gepleşdi. Ikisiniň gelen netijesi boýunça-da meniň kandidatlyk dissertasiýamyň ady "Günorta-Gündogar Týrkmenistanyň toponimikasy" bolup galdy. Bu sebit Tejen-Sarahs etraplaryny, tutuş Mary welaýatyny, Lebap welaýatynyň hem demir ýoldan gündogaryndaky etraplaryny öz içine alýardy.

Agajan Babaýew toponimikanyň geografiýa ylmy üçin örän ähmiýetlidigini, bu temany işlemekde özüniň maňa degerli kömek berjekdigini duýdurdy. Men täze temama degişli edebiýatlar bilen tanyşmaga girişdim.

Aprel aýynda oba baryp gelmek üçin Hamzaýewden rugsat soradym. Ol näçe gün gerekligini sorady. "Bir hepde ýeter" diýdim. Ol "Gidiber" diýdi-de, iş stolunyň üstündäki ýörite galam-ruçka goýulýan bir enjama  çatylan kitapçanyň gatlaryny agdaryşdyryp, onuň bir sahypasyna bir zatlar belleşdirdi. Men ol kitapçanyň her tagtasynyň aýyň günlerini görkezýän serpme kalendardygyny ol wagt bilmeýärdim, onuň degişli tagtasyna Hamzaýewiň meniň gelmeli gününi bellänligini-de aňşyrmandyryn.

Bahar pasly. Tebigatyň gözel çagy. Bu çagda önüp-ösen obam has hem gözel görünýär. Men obada bir hepde däl-de,

15 gün bolup, Aşgabada dolandym. Gödek ýalňyşlygym, ol-da meniň gelen dessine Hamzaýewiň ýanyna girmän, oňa hiç zat duýdurman, sapaklara we kitaphana gatnap başlamagym boldy. Bu wakadan bir aý çemesi geçenden soň, Hamzaýew institutdaky aspirantlaryň ählisini, özüniň ýolbaşçylyk edýän alymlarynyň hem birnäçesini kabulhanasyna ýygnady. Menem geldim, emma maňa "Daşarda garaş" diýdiler. Esli wagtdan soň çagyrdylar. Içeri girdim. "Gapyny ýap-da, işik agyzda dik dur" diýdiler. Durdum. Hamzaýew ýerinden turdy-da, biraz dymyp, soňra oturanlara ýüzlendi:

— Siziň köpiňiz—meniň okuwçylarym. Şu wagta çenli siz meniň bir diýenimi iki aýtdyrman ýerine ýetirip gelýärsiňiz. Emma meniň täze alan aspirantym, ynha, şu gapyda duran ýigit, meni eýýäm iki gezek aldady. Ilkinji gezek oňa tema saýlap, göni bir aýdan ýanyma gelmegi tabşyrdym, emma ol bir ýarym aýdanam gelmedi. Ahyrda ony özüm ýanyma çagyrdym. Görüp otursam, ol ýanyma gelmeli wagtynam bilmeýän eken. Mundan biraz öňem ol oba baryp gelmek üçin bir hepde rugsat sorady. Möhleti onuň özi kesgitledi. Ol on gün diýse-de, iki hepde diýse-de, rugsat berjekdim. Ýöne ol bir hepde sorady, emma on bäş gün obada bolup geldi. Meni bu aspirantyň üçünji gezek aldamajagyna ynamym ýok, oňa-da men çydap biljek däl. Maslahat bermegiňiz haýyş edýärin. Näme etmeli? Siziň ähliňizi maslahata çagyrdym.

Meni içeri goýbermän, daşarda saklanlarynda, mesele gowy bişirilen bolmaga çemeli: Hamzaýew sözüni kesen dessine oturanlaryň ählisi biragyzdan çykyp geplemek üçin söz soradylar. Men bu oturanlaryň ählisini tanaýardym, käbiri bilen-ä ysnyşmaga-da ýetişipdim. Emma bu gün weli çykyp gepläni meni edil ilkinji gezek görýän ýaly, agzynda-da Alynyň gylyjy bar ýaly, üstüme sürnüp gepleýär, halypany aldamagyň edil ogurlyk etmek ýaly gabahat işdigini aýdyp, meni utandyrmaga çalyşýar. Ilkinji bolup Sapar Kürenowa söz berildi, ol uzak gürledi, soňra Aşyrguly Borjakow, Aky Annamämmedow dagy çykyp geplediler. Bularyň "ýazmaça düşündiriş almaly" diýýäni haýsy, "ikinji gezek gaýtalasa, aspiranturadan kowmaly" diýýäni

haýsy, garaz, her kim meni kötekleýär. Aky Annamämmedow-a: “Ýeri, dost, ýolbaşçyňy iki gezek aldamaga seniň nähili ynsabyň çatdy? Hany, jogap ber” diýibem gyssaýar. Ýüzümi gyzardyp durun. Ahyrda-da çydamadym. Elimi galdyrdym-da, Hamzaýewe ýüzlendim:

— Ýoldaş mugallym, maňa ýeterlik boldy. Günäme düşündim. Öňküler üçin ötünç soraýaryn. Ömrümde gaýdyp şeýle iş etmejekdigim barada Size we şu oturanlaryň ählisine söz berýärin.

Şeýle diýenimden Hamzaýew ýerinden turdy-da:

— Ähliňiz boş, gaýdyberiň—diýdi. Artykmaç hiç zat diýmedi. Şunuň bilenem ýygnak tamamlandy.

Günäňi boýnuňa goýup görülýän çäreleriň täsiri başgaça bolýan eken. Men şol günden başlap Hamzaýewden çekinip başladym. Onuň tabşyryklaryny başdansowma ýerine ýetirmäge miltem edip bilmedim, bir diýenini iki aýtdyrmadym. Saç-sakgalymy ösdürip ýa tagaşaksyz geýnip, oňa görünmäge-de çekindim.

## JAÝ GÖZLEGINDE

Aspirantura girenleriň arasynda Toýly Guzuçyýew ikimiz obaly bolup, şäherde ýaşaýyş jaýyna mätäçdik. Ol döwürde tutuş akademiýada aspirantlar öýi ýa-da umumy ýaşaýyş jaýy ýokdy. Şonuň üçin AşGES köçesinde Toýlynyň tapan jaýynda ikimiz kireýine ýaşamaga başladyk. Hojaýynymyz Ýusup diýen azerbaýjan ýaşulusy Toýlynyň tanşy eken. Ol bir wagtlar uniwersitetde komendant bolup işläpdir. Biz onuň jaýynyň ýerzemininde (podwalynda) bir otagda ýerleşdik. Otagymyz ýylydy, ýöne garaňkydy, gündizine-de çyra ýakyp oturmalydy. Üstesine-de çyglydy, gündogardan ýagyş gatyşykly ýel bolaýsa-ha basgançaklardan aşak eňýän suw jaýyň sement polunda durlanar durardy. Şonuň üçin bir aý çemesi ýaşanymyzdan soň, bu jaýdan çykyp, telestudiýanyň ýakynyndan, Bedenterbiýeçiler köçesiniň ugrundan uly howlynyň bir otagyny kireýine tutduk. Edebiýat institutynyň aspiranty Şamuhammet Halmuhammedow

hem bile ýaşamak üçin bize goşuldy.

Bu jaýymyz gowudy. Howlynyň günorta tarapy boş baýyrlyk bolany üçin, bahar aýlary onuň tebigaty hasam gözel görünýärdi. Howlynyň hojaýyny uzak wagtlyk bir ýana gidenligi üçin, bu ýerde onuň garryja ejesi, gelni we 4-5 sany ýaş çagasy ýaşaýardy. Öý eýesiniň tanşy Şamuhammet (ýörgünli ady Şapy) biziň aspirantlygymyzy, tertipli oglanlardygymyzy aýdandan soň, garry eje bizem howlusyna goýberdi, ýöne weli garaňky düşenden soň gapyny açmajaklygyny, ony kakyp azara goýmazlygy we bimaza etmezligi öňünden duýdurdy. Garaňky düşenden soň ýaşaýan ýeriňe gelmän bolýarmy? Gelerdik. Näçe kaksagam, gapy açylmazdy. Men ýoldaşlarymyň kömegi bilen haýata çykyp, Toýlyny we Şapyny ýokary çekip alardym. Haýata çykanyň bilen iş gutarmaýar: derwezäniň çepindäki aşhana bilen sagdaky esasy jaýyň arasy şifer bilen örtülendi. Ýuwaşlyk bilen onuň üstünden geçip, melleginň o başyna çenli uzalyp gidýän üzüm teläriniň agaçlaryndan sallanyp, aşak düşmelidi. Ençeme gezek şeýdip, ýatakjaýa ýetipdik. Ynha, bir gün weli ýaman ýerde gaý turdy: Şapy ikimiz öňki usul boýunça şiferden geçdik-de, sallanyp howla düşdük. Ýaşaýan otagymyzy açyp, içeri giren badymyza-da daşarda uly şakyrdy peýda boldy. Agyr göwreli Toýly şiferiň üstünden geçen wagty tagaşyksyz hereket eden bolmaly: şifer döwlüp, Toýly aşak gaýdypdyr, ýöne ol üzüm teläriniň ýokarky ýanagajyna ýapyşyp ýetişipdir. Biz şakyrdyny eşidip, ylgap daşaryk çykdyk. Nämäniň nämedigine göz ýetirýänçäk, ýokarky agaçdan asylyşyp, hallan atyp, ýakyndaky sütüne ýetmäge dyrjaşýan Toýlynyň agramyna çydaman, ejizje telär tutuşlygyna şakyrdap, uzaboýuna gapdala gyşardy, sanly salymda-da üstündäki göm-gök, emma heniz bişmäge ýetişmedik boldumly we gür üzüm çybyklary bilen birlikde ýere ýazyldy ýatyberdi. Bu alaşakyrda oýanyp, garry eje-de daş çykdy. Hol melleginň törüne çenli uzalyp gidýän dalbaryň bagryny ýere berip ýatyşyny biraz synlap durdy, soňam sesisni çykarman, içeri girip gitdi.

Ertir ir bilen turduk, agşamky etmişimizi synladyk. Ýoluň iki gyrasyna öl guma gömlüp dikilen ejizje telär söýeleriniň düýbi

çüýräp gidipdir. Bu ýylky boldumly üzümiň zarbyna, üstesine-de Toýlynyň bir sentnerlik agramyna çydaman, sähel gyşarandan ähli tagta söýeleriň düýbi döwlüpdir. Garry eje-de ýatan üzümiň üsti bilen aşhana nähili geçjegini bilmän, nebsagryjylyk bilen bu pajygaly "peýzažy" synlaýardy. Toýly düýbi garalyp, çüýräp giden bir söýäni üstüne çüýlenen agaçlardan aýyryp eline aldy, garry eje eşider ýaly edibem, Şapa ýüzlendi:

— Şapy, görsene bu tagtany, düýbi çüýräp gutarypdyr. Bu— dalbar güýçlüräk ýel bolsa ýa-da üstündäki ýüki biraz agralsa, öz-özündenem ýykyljak ekeni.

— Hawa, göwnüňe teselli beriber. Bu etmişiň bize birnäçe gün iş bolaýsa gerek.

Şapy meni ýanyna çagyrdy, ikimiz howlynyň töweregindäki haýatdan baýra tarap aşdyk. Ýakynjakda telestudiýa üçin iki gat uly jaýyň gurluşygy gidýärdi. Biz şoňa ugradyk. Gurluşygyň garawuly Ata agany Şapy tanaýan eken. Asyl Ata aga biziň hojaýynlarymyzyň garyndaşy bolup çykdy. Ol eýýäm biziň "işimizi" synlap ýetişipdir. Şadyýan ýaşuly salamymyzy aldy-da, gülümjiräp:

— Ýer-ow, ýigitler uzyn dalbary tep-tekiz edäýdiňizmi? Nädip ony beýle endigan ýykyp bildiňiz? —diýdi. Soňra bälçikligini goýdy-da, iş gürrüňine geçdi. —Ol dalbary heniz üzümler ýaşka wagtlaýyn edipdik. Özümem ejiz teläriň üzümleri uzak götermejegini aňýardym. Boljak iş bolupdyr. Bu ýyl şol üzümler hasyl getirmändir hasap ederis. Sementi şu gurluşykdan bererin. 20 sany berk dörtgyraň tagta taýýarlap goýdum, olary howla çekiň. Meniň howlymda beton etmek üçin çagyl we çäge bardyr. Legen-ä siziň howlyňyzda-da ikisi bar. Çaýdan soň menem bararyn. Işe başlaly — diýdi.

Ilki dalbaryň iki tarapyna dikilmeli söýeler üçin çukurlar gazdyk. Soňra üstüne özi ýaly berk tagta kakylan söýeleri dikläp, göni hatar edip, çukura oturtdyk we düýbüni betonlap çykdyk. Ertesi üstüne keseligine atylýan tagtalary berkitdik. Şapy belent kürsiniň üstüne çykyp, kese agaçlary çüýläp duran Toýla ýüzlendi:

— Hany, Toýly, şol çüýläp duran tagtaňdan asyl-da, hallaň

atyp gör. Bu dalbaram bir synagdan geçip, seniň agramyňa çydajakmy ýa ýok?

— Aý, bu telär düýe assaňam götär-le. Sebäbi ussasy özümiz.

Üçünji güni üzümleri ýeke-ýekeden teläriň üstüne çykaryp berkitdik. Üzümiň hasyly zer-zaýa boldy diýäýmeseň, telär öňküden has gözel bolup, howlyny bir hili görke getiräýdi. Ýöne öz eden telärimize uzak guwanmak miýesser etmedi. Bir hepde geçdimi, ýokmy-garry eje biziň ýaşaýan otagymyza ýegenini getirjegini aýdyp, jaýy boşatmagymyzy talap etdi. “Eýesine gerek bolsa, goňşusyna haram” diýleni. Hasaplaşyp, jaýy boşatdyk. Ilki ýakynjakdan, telestudiýa çykýan Baýramaly köçesiniň aýagujunda, Çehow köçesiniň gaýry gyrasynda ýaşaýan azerbaýjanlynyň howlusyndan bir otagy kireýine tutduk-da, ullakan “ZIM” kysymly taksä üçimiziň goşlarymyzy hem birbada ýükläp, täze jaýymyza göçdük. Bu ýerde tomus kanikulyna çenli ýaşadyk. Kanikuldan gelip, Tekebazaryň ýakynjagyndan, Zülpükar aga diýen ýene bir azerbaýjanyň howlusyndan bir otagy kireýine tutduk, goňşy otagda-da Aşyrberdi Kürt ýaşaýan eken. Toýly ikimiz bu jaýda dört aý çemesi bolduk (Şamuhammet o wagt Moskwada, ýolbaşçysynyň ýanynda işleýärdi).

Bu jaýymyz gaty amatlydy. Instituta bäş-on minutda pyýada barmak bolýardy. Iň esasy-da, Tekebazar ýakyn bolany üçin, azyk babatda alada azdy. Bazar sowulmazynyň öň ýanynda Toýly bazara gidip, gök önümleri arzan bahadan satyn alyp gelerdi (umuman, Toýly söwda etmäge we utmaga gaty ökdedi). Hepdäniň belli bir gününde bu bazarda soýlan malyň arassalanan (diňe dişleri kakylmadyk) kellebaşy we aýaklary satylýardy. Kilogramy hem kyrk köpükdi. Toýly hem hepdede dört aýak bilen bir kelle getirip, ilki dişlerini kakardy, soňra olary syrçaly bedrä gapgarardy-da, üstüne suw we bir gysym duz guýardy, elektrik gaýnatgyjy (kipýatilnigi) içine atybam esli wagt gaýnadardy. Bardy-geldi, myhman geläýse (ikimiziňem yzymyzdan myhman köp gelerdi) Toýly olaryň öňünde kellebaş goýup:

— Birje dowarymyz bardy, siziň geljegiňizi eşidip, şony soýduk. Alyň, iýiň—diýerdi. Käbirleri onuň sözüne ynanardam.

1963-nji ýylyň sentýabr aýynyň ahyrlarynda bizi pagta ýygymyza sürdüler (ol döwürde aspirantlar hem ýygyma iberlerdi). Biz Toýlynyň iline—Tagta etrabynyň Temeç obasyna, Sosialistik Zähmetiň Gahrymany Berdi Seýitmämmedow diýen gowy adamyň brigadasyna düşdük. Aksaraýyň diňi diýen gadymy ýadygärligiň ýakynyndaky meýdan düşelgesinde iki aýdanam gowrak, tä Täze ýyl baýramçylygyna çenli ýaşadyk we pagta ýygdyk. Toýly biziň ýolbaşçymyz Muhammetjuma Öwezgeldiýewiň kömekçisi edilip bellendi. Men bizden bir ýyl öň aspirantura giren Sapar Baýlyýew bilen bir ýerde ýaşadym we pagtany bile ýygdym (filologiýa ylymlarynyň doktory, professor Sapar Baýlyýew häzir Magtymguly adyndaky TDU-da işleýär). Sapar ikimiz köp pagta ýygmakda aspirantlaryň arasynda birinji ýeri eýeledik, munuň üçin biz Aşgabada dolanyp gelenimizden soň, sagat we Akademiýanyň Prezidiumynyň Hormat haty bilen hem sylaglandyk.

Ýygymda biz esli pulam gazandyk, ol biziň ähli eşiklerimizi täzelemäge ýetdi. Gar ýagyp, körek ýygymyna geçilenden soň-a girdejimiz hasam artdy, sebäbi atyzlarda körek gaty kändi, onuň her kilogramyna 5 köpük tölenýärdi. Suw basan atyzlarda körekleri sowuk urman, göm-gök bolup oturan üçin, ol köregiň bir fartugy 10-13 kilogram gelerdi. Şonuň üçinem körekden näçe sentner, hatda tonna islesegem ýygyp bilýärdik.

Biziň ýygan köregimiz pagta harmanynyň ýanyndaky boş meýdanda uly we belent depäni emele getirdi. Ýagan galyň gar onuň üstüni örtdi, bizi-de iki-üç günläp işden dyndyrdy. Sowuk howany geçirmeýän galyň garyň astynda öl körek mazaly demigip gyzypdyr, bir ertir turup seretsek, topbak köregiň iki-üç ýerinden goýy tüsse towlanyp, asmana göterilýär. Şol wagt brigadir Berdi aga daljygyp ýanymyza geldi-de:

— Oglanlar, munça köregi oda beräýsek, meniň gözümi türmede açdyrarlar. Gaýrat edip, ony giň meýdana ýaýratmaga kömek ediň. Men size näçe diýseňiz körek ýazaryn—diýdi. Biz işe girişdik.

Garly, sowuk howada ýanyp, bugaryp ýatan köregiň üstüne çykyp işlemekden erber zat ýok bolsa gerek, çünki ondan çykýan howur sanly salymda hammamyň gyzgyn bugunda oturan ýaly edýär, ýanan pagtanyň we çigidiň agras ysy bolsa aňkaňy aşyryp barýar. Biz günortana çenli içki eşikli işläp, köregiň ýanan ýerlerini gowy dagatdyk we ody öçürdik. Ýene ýanaýmaz ýaly, öýlän bu "depäniň" galan ýerlerini hem dagadyp çykdyk.

Şu pagta ýygymy döwründe sähel elimiz boş bolanda ýa-da işden soň köplenç Toýlynyň öýüne ýa-da onuň dogan-garyndaşlarynyňka myhmançylyga gitdik. Ylaýta-da Toýlynyň kakasynyň dogany, Tagtanyň öňki "Türkmenistan" kolhozynda 25 ýyllap başlyk bolup işlän Çörli Toýly bilen meniň sulhum alyşdy. Ol käte gozakly motorynda yzymyzdan gelip, Toýly ikimizi öýüne äkiderdi, ertesi irdenem getirip giderdi.

Men şu pagta ýygym möwsümi döwründe Çärjew pedinstitutynda bile okap, bile bir otagda ýaşan, şol wagt bolsa ýakyndaky Bedirkent obasynda mekdep direktory bolup işleýän Nury Kakyşow bilen hem iki-üç gezek duşuşdym.

Täze ýylyň alkymynda pagtaçylar üçin ýörite düzülen otluda bizi Aşgabada ugratdylar. Berdi aga akademiýadan gelenler üçin ilki dowar öldürip, zyýapat etdi, hoşlaşygyň öň ýanynda-da her kime Aşgabada äkitmek üçin bir sany äpet garrygyz gawundan paýlap çykdy. Daşoguz wokzalynda-da bizi elin ugradyp goýberdi.

* * *

1964-nji ýylyň sowuk ýanwaryny men Toýly bilen Tekebazaryň ýakynyndan kireýine tutan otagymyzda geçirdim. Otagda peç ýa-da başga hili ýylylyk çesmesi ýokdy. Has sowuk bolanda, Toýlynyň kellebaş bişirýän syrçaly bedresini suwdan dolduryp, suwy elektrik gaýnatgyçda gowy gyzdyrardyk, ony sowugyň esasy gelýän ýeri bolan gapynyň ýakynynda goýup, ýorganlarymyzy başymyza çekerdik. Bedredäki suwuň ýüzüniň doňup galýan günlerem bolardy.

Aşgabatda şunça ýere göçüp-gonsagam, biziň

pasportlarymyzyň belli bir adrese ýazgysy (propiskasy) ýokdy. Aşgabatda ol soralybam durmaýardy. Emma munuň ejirini men Moskwa baranymda çekdim.

Moskwanyň merkezi kitaphanasynda işlemek üçin ýanwaryň aýagynda bir aýlyk ylmy iş saparyna gitdim. Bile giden ýoldaşlarym bilen Türkmenistanyň Arbat köçesindäki wekilhanasyna bardym. Propiskalalylar wekilhananyň ýatakhanasyna ýerleşdiler, hiç ýere propiskamyň ýoklugy üçin, maňa 24 sagadyň dowamynda Moskwany boşatmaly diýip höküm edildi. Alaç ýok, men esli gün hususy jaýlarda köp pul töläp, kireýine ýaşadym. Diňe Aman Kekilowyň "Moskwa" myhmanhanasyndadygyny eşidip, onuň ýanyna baranymdan soň, ol Türkmenistanyň wekiline jaň edip, maňa hem wekilhanada ýerleşmäge kömek etdi.

Moskwadan gelip, ol ýerden getiren ylmy materiallarymy tertipleşdirmäge başladym. 1964-nji ýylyň bahar aýlarynyň bir güni Akademiýanyň Prezidentiniň Prezidiumynyň agzalarynyň we MK-nyň hem-de Ministrler Sowetiniň jogapkär işgärleriniň aspirantlar bilen duşuşjakdygyny, onda aspirantlaryň ylmy işleri, ýaşaýyş durmuşlary, dissertasiýalaryň möhletinden has gijikdirilip goralmagynyň sebäpleri barada gürrüň ediljekdigini habar berdiler. Gökdäki dilegim ýerde gowuşdy: men bu duşuşykda çykyp gepläp, içimi dökmekligi berk ýüregime düwdüm. Nämeler diýjegimiň hem anyk planyny çekip, çykyşa gowy taýýarlandym. Sözümi häzirki Prezident, instituty gutaranymda rektorymyz we mugallymymyz bolan Şaja Batyrowa gönükdirip aýtjakdym, emma duşuşyga Batyrow gelmedi. Ýygnaga wise-prezidentler S.R.Sergiýenko, Tagan Berdiýew, MK-nyň, Ministrler Sowetiniň we şäherkomyň wekilleri, şeýle-de institutlaryň direktorlary gatnaşdylar. Ýygnagy Sergiýenko açyp, bizden edilýän talaplar, wezipelerimiz barada gürrüň etdi, bu ugurda institutlarda goýberilýän kemçilikleri sanady. Soňra ol çykyp geplejeklere söz berdi. Ilki direktorlardan birkisi gepledi. Maňa söz ýetmän galaýmasyn diýen howsala bilen menem elimi galdyrdym. Söz berildi. Ýygnak orus dilinde gidýänligi üçin, menem şol dilde gepledim. Çykyşymyň takmyny mazmunyny

beýan edeýin: Akademiýa diýlende, al-asmanda howalap duran mukaddes köşk, hakyky ylym ojagy göz öňüne gelýärdi. Bu ýerde işleýän meşhur alymlaryň arasyna düşmegi ýürekden arzuw ederdik. Emma biziň bu göz öňüne getirmelerimiziň ýöne bir salgymlygyna aspirantura girenimizden soň düşünip galdyk. Aspiranturada okaýan bir ýarym ýylymyzyň dowamynda biziň durmuşymyz, ýaşaýyş jaýymyz, gün-güzeranymyz barada hiç kim ýeke gezegem gyzyklanmady. Ähli ýokary we orta okuw jaýlarynyň ýörite ýatakhanalary bar, hatda meniň obamdan kinomehanikleriň 6 aýlyk kursuna gelen iki oglan gelen dessine ýatakjaý aldy, pasporty hem propiska edildi. Emma akademiýanyň aspirantlary ýatyp-turmaga-ha däl, eýsem pasportyny propiska etdirmäge-de jaý tapanoklar. Şol sebäpli men Moskwa ylmy iş saparyna gidenimde, 24 sagadyň dowamynda bu şäherden çykmaly edildim. Aspirantlaryň ykbaly ynanylan adamlar olar hakda ymykly alada etmeseler aspirantlaryň öňünde goýulýan wezipeleriň çözülmesi aňsat düşmez.

Meniň çykyşymy soňky geplänler hem goldadylar. Jemleýji sözümde Sergiýenko-da:

— Dil-edebiýat institutyndan çykyş eden hol aspirantyň sözüniň jany bar. Biz şu hepdäniň ahyrynda aspirantlar öýi üçin jaý bermegini ýokary organlardan haýyş etjek. Siziň hem goldamagyňyzy soraýaryn—diýip, prezidium stolunda oturan MK-nyň, Ministrler Sowetiniň we şäherkomyň wekillerine ýüzlendi.

Hakykatdan-da, köp wagt geçmänkä meni T.Berdiýew ýanyna çagyrdy. Bardym. Ol:

— Hol günki ýygnakda jaý barada çykyş eden oglan sen dälmi? — diýip sorady.

— Hawa, men.

— Sen bolsaň, şol çykyşyň bize gowy ýarady we aýgytly hereket etmäge itergi berdi. Düýn 3-nji mikroraýondan Lewitan bulwarynyň ugrundaky 3 sany uly bölekden durýan 3 gat jaýyň günbatarky uly bölegini aspirantlar öýi hökmünde akademiýa berdiler. Men ony aýlanyp gördüm. Otaglary uly. Her iki aspiranta bir otag berjek. Jaý meselesini ýiti gozganyň üçin,

saňa şol jaýdan bir otagy saýlamaga rugsat berýärin. Ýanyňa-da isläniňi alyp bilersiň.

— Sag boluň, Tagan Berdiýewiç! Institutymyzyň aspirantlary ýaşajak gatdan Toýly ikimize bir otag berseňiz bolar.

Bize 3-nji gatdan 105-nji otag ýetdi. Zülpükar aga bilen hasaplaşyp, hoşlaşyp, dessine täze jaýymyza göçüp geldik. Wakalardan öňe geçip aýtsam, men bu jaýda Toýly bilen 3 ýyl ýaşadym. 1967-nji ýylyň martynda obadan maşgalamy Aşgabada getirenimsoň bolsa bu jaýy Toýla goýup, ýene kireýine jaý alyp ondan çykdym.

## Ilkinji ylmy saparlar

Aspiranturanyň birinji ýyly (1963) tema saýlamak, Aşgabat kitaphanalarynda saýlanan tema degişli bar bolan edebiýatlar bilen tanyşmak, geografik kartalardan meniň öwrenmeli territoriýamyň ýer-ýurt atlaryny göçürip, onuň kartotekasyny düzmek bilen geçdi. Onuň daşyndan şol ýyl filosofiýadan we pars dilinden kandidatlyk synaglaryny tabşyrdyk (men ikisindenem bäşlik aldym).

1964-nji ýylyň başynda saýlan temama (toponimika) degişli öňki Soýuzyň respublikalarynda ýazylan dissertasiýalar we Aşgabatda ýok edebiýatlar bilen tanyşmak, iň esasy-da, merkezdäki uly alymlaryň maslahatyny almak maksady bilen ylmy ýolbaşçym Hamzaýew meni Moskwa şäherine bir aýlyk iş saparyna iberdi. Pasportymyň propiskasyzdygy üçin myhmanhana kabul edilmesem-de ( bu barada öňde ýatlapdym), men gelen dessime Moskwanyň iň esasy kitaphanasyna ýazylyp, işe başladym. Merkezi Ylymlar akademiýasynyň Dil bilimi institutynda alymlaryň jemlenişýän gününi anyklap, degişli sagatda Hamzaýewiň duşuşmaly diýen alymlarynyň ýanyna geldim. Ilki duşuşanym baryp 50-nji ýyllarda I.W.Staliniň dil bilimi baradaky işlerinde ady agzalýan meşhur alym B.A.Serebrennikow boldy. Dünýäniň esasy dillerinden 12-sini suwara bilýän bu alym şol döwürde institutyň direktory eken. Türkolog bolmasa-da, toponimikanyň teoriýasyna degişli onuň

käbir işleri bardy. Hamzaýewiň özüne ýazan hatyny okap, ol meniň dissertasiýamyň plany bilen tanyşdy, oňa birnäçe düşediş hem girizdi.

Institutda ikinji duşuşanym E.W.Sewortýan boldy. Azerbaýjan diliniň dürli meseleleri babatda ençeme kitaplar ýazan bu meşhur alym hem meniň iş planyma degişli birnäçe bellik etdi.

Belli türkolog, Garagalpagystanyň, Türkmenistanyň we Orsyýetiň ylymda at gazanan işgäri, professor N.A.Baskakow (1905-1996) bilen duşuşygym weli ömürlik ýadymda galdy. Bu şeýle boldy.

Bir gezek agzalan instituta gelenimde, bildirişler tagtasynda N.A.Baskakowyň türki halklaryň umumy elipbiýi barada çykyş etjekdigi habar berlip, onuň boljak güni we sagady görkezilýärdi. Bu ýygnanyşyga menem gatnaşdym. Ol institutyň türkologiýa bölüminiň giň dälizinde geçdi. Bu jaýa her kim öz oturjak oturgyjyny goňşy otaglardan getirmelidi. Menem şolaryň birinden oturgyç sorap aldym, adyny eşiden-u-eşitmedik uly alymlarymyzyň deňinde oturmaga ejap edip, oturgyjymy iň yzdaky hatarda goýdum.

Çykyş başlandy. Men Baskakowyň işi bilen tanşypdym, adyny hem köp eşidipdim, emma özüni görmändim. Ýöne onuň bilen duşuşmalydym, Hamzaýewiň oňa iberen haty-da bardy. Keşbi ýadymdan çykaýmaz ýaly we köp orsuň içinde görsemem tanaýyn diýip, oturyp gürrüň berýän Baskakowyň ýüzüne gowy syn etmek isledim, emma öňdäki epeý pyýadalar onuň öňüni gallap, maňa görkezmeýärdi. Öňe eglip, daýaw pyýadanyň sagyndan Baskakowy görjek boldumam weli, çep gapdaldaky iki aýagy poldan sähel ýokary göterilen oturgyjymyň beýleki aýaklary sement poluň üstünden typdy-da, oturgyç aşagymdan çykyp, honda zyňlyp gitdi. Ýykylmadym, ýöne şakyrda yzlaryna öwrülip, maňa seredýänleriň öňünde gaty utandym. Oturgyjymy getirip, ýerimde oturdymam weli, Baskakow: “Takalym bilen takadyny alyp ýykmagy ýüregime düwen diňleýjilerimden häzirlikçe ilkinjisi serreldi” diýip, köpçüligi gülüşdirdi. Men has beter gyzardym.

Duşuşygymyzda utanja goýan bu säwligimi Baskakow ýüzüme salmady. Işim barada degerli maslahatlaryndan soň, ol maňa W.A. Nikonow we E.M. Murzaýew bilen duşuşmagy maslahat berdi. Iş otagyndan olar bilen men barada gürleşdi.Öňki SSSR-de toponimika babatda köp işler bitiren bu uly alymlaryň kitaplary maňa eýýäm tanyşdy. Şol gezek W.A.Nikonowyň Moskwa döwlet uniwersitetinde toponimika kursy boýunça okadýan sapaklaryna-da gatnaşdym.

E.M.Murzaýew bilen bu ilkinji tanyşlygym soňra halypa bilen şägirdiň aragatnaşygyna, ýygy ylmy hyzmatdaşlyga öwrülip gitdi. Türki toponimika boýunça köp işler bitiren bu meşhur alym baryp 1930-njy ýyllaryň ortalarynda Merkezi we Demirgazyk Garagumda hem-de Günbatar Türkmenistanda birnäçe aý işläpdi, onuň guýularyny we gollaryny düýeli terslin-oňlyn aýlanypdy. Şol ekspedisiýalaryň netijesi barada ol ençeme kitaplar ýazdy. Geografiýa ylymlarynyň doktory, professor, 90 ýaşy arka atan E.M.Murzaýew Mongoliýa, Hytaý, Wýetnam, Germaniýa ýaly ençeme ýurtlaryň hormatly akademikligine saýlandy, öňki SSSR-iň Döwlet baýraklarynyň laureatlygyna hem birnäçe gezek mynasyp boldy.

Moskwada geçiren şu iş saparymda öz dissertasiýama degişli esli material toplap, Aşgabada geldim. Işi ýazyp başlamak üçin indi Günorta-Gündogar Türkmenistanyň ýer-ýurt atlary barada ýerlerdäki oba ýaşulularyndan maglumat almak zerurdy. Şol maksat bilen hem maý aýynda 45 günlük ilkinji ylmy iş saparyma obalara ugradym.

Ýurda belet kärdeşlerim bilen maslahatlaşyp, ilki barmaly ýerimi anyklaşdym we Tejene ugradym. Etrabyň “Bilim” bölüminden berlen salgy we adres boýunça-da ýer-ýurt atlarynyň taryhyny yzarlap, Tejen obalaryna gitdim. “Bilim” bölüminden ýanyma ýol belet soramanyma weli soňra ökündim. Näbelet ilimde gitjek ugrumy, düşjek we barjak ýerimi bilmän, köp kösendim. Uak wagtym ýola gitdi. Şonuň üçinem Tejen ilinde (häzirki Babadaýhan etraby bilen birlikde) jemi bolan bir hepde wagtymyň içinde diňe 5-6 obada bolup, 15-20 adam bilen gürleşip bildim. Olardan Artyk Çaşa, Suhanberdi Gurban

ýaly bu iliň taryhyna belet ýaşululardan köp zat ýazyp aldym.

Tejenden ýük maşynyna münüp, Sarahsa gitdim. Sürüji sary saçly, mawy gözli, emma türkmen dilinde arassa gürleýän ýigit eken. Ýolda men onuň orus bolubam türkmen dilini nädip beýle suwara öwrenenligini bilen gyzyklandym. Ol özüniň orus däl-de, nemesligini, türkmen obasynda önüp-ösenligini, nemesleriň ählisiniň nemes, orus we türkmen dillerini gowy bilýänligini gürrüň berdi (arman, ol ýigidiň adyny unudypdyryn). Dogrudan-da, şol saparda ýaňky sürüjiniň ýaşaýan birinji Ýalawaç obasynda bolanymda, bu ýerde nemesleriň türkmenler bilen aralaş ýaşaýandygyny, biri-biriniň toý-märekesine we ýasyna gatnaşýandygyny gürrüň berdiler, hatda bir toýda türkmen bagşysyny diňläp oturan iki sany nemes ýaşulusyna-da gabat geldim. Bu ýerdäki nemesleriň öz milli atlary bolup, türkmenler olary türkmenleşdirip tutýan ekenler: Gagylawuz aga (Knaus), Dawut (Dawid), Hanjar (Handor) we başgalar. Geň ýeri, şol bir ýoluň ugrundaky nemes öýleri türkmenleriňkiden ýer bilen gök ýaly tapawutlanýardy: nemesleriň köçeleri arassa, jaýlary medeniýetli, haýatyň we jaýyň daşy suwalyp aklanandy, ýerzemininde-de özüniň taýýarlan kwas, braga, çakyr, arak, konýak ýaly dürli içgileri, gaýnadylyp, guradylyp we duzlanyp, gyş üçin taýýarlanan gök önümler we miweler saklanýardy. Şu obada we Sarahs şäherçesinde jaýlarynyň daşyny timarlap, agyrdyp ýören nemes aýallaryna-da köp duş geldim.

Sarahsa gelip düşüp, şäherçäniň 1-nji orta mekdebine bardym, direktora maksadymy aýtdym we ýolbelet bermeklerini haýyş etdim. Baýram Annagulyýew diýen ilgezik we şadyýan ýigidi ýanyma goşdular.

Il içine ylmy sapara ilkinji çykyşym bolany hem-de tejribesizligim sebäpli, men gerekli we gereksiz zatlaryň eslisini göteripdirin: 3-4 köýnek, içki eşikler, 2-3 balak, 10-15 bloknot, 2 çüýşe syýa (ol döwürde ýolagçy üçin tapylgasyz bolan häzirki şarikli ruçkalar ýokdy), hatda ätiýaçlyk üçin alnan kakadylan çörek, fotoapparat, fotoplýonkalar we başgalar. Mahlasy çaklaňja ak çemodanym depip dykylan ýalydy. Tejende men ony boýun ýanymda göterenim üçin, biraz gynandym. Emma

Sarahsda bu işim ýeňilleşdi duruberdi. Tejenden derýanyň boýuny syryp sarahsa gaýdýan çarkandakly ýol (ol wagt gara ýol ýokdy), yssy howa, üstesine-de kabinada motor tarapa ýaplanyp goýlan çemodana motordan geçen gyzgynlyk öz etjek işini edipdir: çemodandaky syýa sorýan awtoruçkalar üçin göteren syýaly çüýşämiň biri çişip ýarylyp, eşiklerimi, kagyzlarymy, çöregi we beýleki zatlarymy haraplapdyr. Men Sarahsyň uniwermagyndan bir uly portfel, bir neýlon köýnek we bir balak aldym-da, çemodany Baýramyňkyda taşladym. Ýüküm ýeňläýdi. Ýanymam ýoldaşly bolany üçin, Sarahsyň ähli obalaryny sanlyja günde aýlanyp çykdym, hatda käbir ýadygärliklerini görmäge-de ýetişdim.

Maýyň aýagynda Sarahsda tebigatyň täsin hadysasy ýüz berdi. Baharda ýagyş köp ýagany sebäpli, bu ýyl tebigat eçilmek eçilipdi. Ähli ýer gülala-güllükdi, gyzylly-ýaşylly mahmal örtükli meýdanlary görmäge göz gerekdi. Ynha, birdenem dürli reňkli kebelekler köpelip ugrady. Baharda kebelek geň görülýän möjek däl. Emma bu ýylky kebelek dünýäni tutdy ötägitdi. Diňe bir Sarahsda däl, Mary we Lebap welaýatlarynyň ähli ýerinde şol ýyl kebelek iş berdi. Ähli gök ot-çöpi we ekini ýalmap-ýuwdup barýan bu zyýankeş möjek pagtaçylyga has beter zeper ýetirdi. Men Türkmengalada we Ýolötende gijesine pagta atyzlarynyň gyralarynda goýlan çyralara köp duş geldim. Çyralaryň aşagynda bolsa ullakan suwly jamlar bardy. Olaryň gijeki garawullary suwly gabyň ýüzündäki öli kebelekleri wagtal-wagtal aýryp, suwy täzeleýärdiler. Şol ýyl hem il içinde kebelekli ýyl diýen ady aldy.

Sarahsdan soňra men Tagtabazar, Guşgy (häzir Serhetabat), Murgap, Sakarçäge, Mary etraplaryny aýlandym. Maňa berlen möhlet gutarany üçin, Aşgabada dolandym. Ýöne wagt gyssaýardy. Barmaly etraplarymyň ýene 11-si bardy. Şonuň üçin Aşgabatda on gün çemesi bolup, indiki iş saparyma taýýarlandym. Maliýe ýylynyň ýarymy tamamlanyp, ýarym ýyl üçin komandirowkalara goýberilen puluň gutaranlygy sebäpli, Hamzaýew tölegli ylmy sapara iberip bilmejekligini, emma öz hasabyma gitmäge razy bolsam, näçe aý diýsemem rugsat

berjekligini duýdurdy. Men üç aý rugsat aldym we tutuş kanikul döwrümi (iýul-awgust aýlaryny) hem-de sentýabry ylmy saparda geçirdim.

Ilki Türkmengalada, Baýramaly etraplarynda iki hepde bolup, Çärjewe geldim. Ondan hem göni öz obama baryp, iki-üç gün öýde boldum. Irden bäri münülmän duran motosiklimi süpürip, ýaglap uzak ýola taýýarladym. Şeýdip, Lebap welaýatyndaky obalary motorly aýlandym. Bu gezek ýolda kösençlik çekmänligim üçin, iň çetki obalara çenli bardym, baý material hem topladym.

Şu motorly saparymda Amyderýanyň çep kenarynda ýerleşen etraplaryň awtoinspektorlary maňa köp azar berdiler, çünki münýän motorymyň beýlekilerden üýtgeşikdigi sebäpli (ol Wengriýanyň “Pannoniýa” kysymly motosiklleriniň täze görnüşidi), awtoinspektor motora tomaşa etmek üçinem gören ýerinde saklaýardy. Daşyndan aýlanyp, gowy syn edensoňam onuň dokumentlerini, meniň motor sürmäge, hukuknamamy talap edýärdi, motoryň nomersizliginiň sebäbini soraýardy. Bu zatlaryň hiç birem mende ýokdy, çünki Amyderýanyň sag kenaryndaky etraplarda garaýol bolmany üçin, nomer, hukuknama, kellä geýilýän demir telpek ýaly zatlar talap edilmeýärdi. Şeýle saklanan ýagdaýlarymda men käbir postlardan şahsy dokumentlerimi görkezip sypardym, emma aşa talapkär inspektorlar weli motorymy milisiýanyň howlusyna gabaýardylar. Beýle bolanda men ýerli häkimiýetlere ýüz tutup, şolaryň kömegi bilen motorymy yzyna alardym.

* * *

Iş saparyndan Aşgabada sentýabryň ahyrynda dolanyp geldim-de, dört ýarym aýyň dowamynda il içinden toplan materiallarymy rejeläp, olary sözlük görnüşinde kartoçkalaşdyrmaga girişdim. Ýylyň soňky çärýeginde bolsa dissertasiýamyň birinji babyny ýazmaga başladym. Ýazmak babatda iş saparlar zerarly öz düzen planymdan üç-dört aý yza galdym, ýitirilen wagtyň öwezini dolmak üçinem kitaphana

açylandan tä ýapylýança, soňam öýde gijäniň bir wagtyna çenli işledim.

1965-nji ýylyň başynda ýazyp boldum eden babymy garalamadan arassa kagyza göçürip, elýazma görnüşinde ýolbaşçyma berdim. Ol bu kagyzlary waraklap çykdy-da:

— Hatyň owadan we düşnükli eken, şonuň üçin baby elýazmada okaryn. Ýöne bäş-on günde yzyna bererin diýip biljek däl. Saglygymyň ugry ýok. Institutdaky ýagdaýa hem özüň belet — diýdi.

Men hoşlaşyp çykdym. Halypama rehimim geldi. Dogrudan-da, onuň ýüz-gözüniň ugry ýokdy, reňňi saralyp, ruhy öçük görünýärdi. Egnindäki bir wagtky modaly kostýumynyň kibti salparyp, içindäki eýesiniň müzzeren we horlanan durkundan habar berýärdi.

Okyjylaryň Hamzaýewiň halyna gowy düşünmekleri üçin, men bu uly halypanyň durmuş ýoly we institutyň şol wagtky ýagdaýlary barada gysgaça gürrüň bereýin. Ýöne ilki bilen, wakalardan öňe geçip, Hamzaýewiň elýazmamy çalt okap berenligini, ýüzüme hiç zat diýmese-de, Myrat Penjiýewiň we Aman Kekilowyň ýanynda meniň elten babymyň deslapky nusgasyna gowy baha berenligini ýatlap geçeýin. Iki aý çemesi wagtdan soň oňa gowşuran ikinji babymdan görgüli halypam diňe 15-20 sahypa okap, bellik edipdir, galanyny okamaga bolsa ýetişmändir...

## Maşýan Hamzaýew we onuň ömrüniň soňky iki ýylynda institutdaky ýagdaýlar

Görnükli dilçi alym, Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň habarçy agzasy Maşýan Hamzaýew 1915-nji ýylda Etrek etrabynyň Çat obasynda dogulýar. Geljekki alymyň kakasy Hemze aganyň şu obada Etrek derýasynyň kert kenaryny gazyp, kesip bejeren olumy (güzeri) Hemzeolum diýen at bilen şu wagt hem bellidir.

Hamzaýewiň okap bilim alan ýerleri şulardyr: Etrek internaty, Aşgabat pedtehnikumy, Aşgabat pedinstitutynyň dil we edebiýat

bölümi (ony gutaran ýyly 1934). Ol 1934-1937-nji ýyllarda Daşoguzyň, Aşgabadyň we Daşkentiň pedtehnikumlarynda, Daşkentdäki Marksizm-leninizm institutynda, 1938-nji ýylda bolsa Aşgabat pedinstitutynda türkmen dilini okadýar.

M.Hamzaýew Beýik Watançylyk urşunyň başyndan tä ahyryna çenli komandir bolup söweşýär. Uruşdan gelenden soň ýene ylmy-pedagogik işini dowam etdirýär, 1946-1950-nji ýyllarda Aşgabat pedinstitutynyň dosenti wezipesinde işleýär. Ol 1948-nji ýylda "Türkmen dilinde lokal düşümler" diýen temadan kandidatlyk dissertasiýasyny goraýar.

M. Hamzaýew 1949-1951-nji ýyllarda akademiýanyň Dil we edebiýat institutynyň dil sektorynda uly ylmy işgär bolmak bilen, merkezi akademiýanyň Dil bilimi institutynda doktoranturanyň kursuny geçýär, şol bir wagtyň özünde-de Moskwanyň M.W.Lomonosow adyndaky döwlet uniwersitetinde dosent bolup işleýär. 1952-nji ýylda Aşgabada dolanyp, akademiýanyň Dil bilimi institutynda ilki bölüm müdiri, 1953-nji ýyldan tä ömrüniň ahyryna çenli hem direktory bolup zähmet çekdi.

M. Hamzaýewiň galamyndan çykan ylmy işler, makalalar we okuw kitaplary sanardan köp. Olar barada H.Muhyýewiň we S.Kürenowyň "Türkmen dilçileri" (Aşgabat: Magaryf, 1988) diýen kitabynda maglumat berilýänligi üçin, men bu ýerde onuň gatnaşmagynda hem-de gös-göni ýolbaşçylygynda ýazylan we neşir edilen, türkmen filologiýasyna-da uly abraý getiren, il içinde meşhurlyk gazanan düýpli işleriň käbirini ýatlaýyn: "Türkmen diliniň sözlügi" (1962), "Rusko-türkmenskiý slowar" (1956), "Türkmen diliniň orfografik sözlügi" (1963), "Rus we türkmen dilleriniň deňeşdirme grammatikasy" (1964), "Türkmençe-rusça sözlük" (1968), "Türkmen diliniň grammatikasy, fonetikasy we morfologiýa" (1971) we başgalar. Bulardan "Rusça-türkmençe sözlük" hem-de "Türkmençe-rusça sözlük" diýen iki işiň awtorlary, şol sanda Hamzaýew hem 1970-nji ýylda Türkmenistanyň döwlet baýragynyň ilkinji laureatlary boldular.

Ýeri gelende aýtsam, Hamzaýewden soň instituta direktor bolanlaryň hiç biriniň döwründe-de atlary agzalan äpet

sözlüklerdir kitaplar ýaly kollektiw bolup ýazylan uly, görnükli işler neşir edilmedi. Beýle diýilse, institutyň neşirleri bilen ýakyndan tanyş adamlaryň: "Moskwada 1986-njy ýylda çap edilen iki tomluk "Uly rusça-türkmençe sözlük şeýle iş dälmi?" diýip soramaklary mümkin. Soragyň jogaby aňsat: bu işiň esasy özeni Hamzaýewiň ýolbaşçylygynda taýýar edilip, 1956-njy ýylda bir tom görnüşinde neşir edildi. Iki tomlugyň binýady hem Hamzaýewiň döwründe tutuldy we esasy işi şol döwürde edildi.

Türkmen dil bilimini ösdürmek babatda köp hyzmatlar görkezen M.Hamzaýewiň göwnüni galdyran we saglygyna zeper ýetiren hadysalar hem şol döwürde az bolmandy. Meniň pikirimçe, olaryň esasysy şu alymyň ýolbaşçylygyndaky Orfografik komissiýanyň çykaran we 1960-njy ýylyň 21-nji awgustynda Türkmenistan Ministrler Soweti tarapyndan tassyklanan karary bolsa gerek. Esasy ýörelgeleri M. Hamzaýew tarapyndan işlenip düzülen bu kararda Ikinji lingwistik gurultaý tarapyndan kabul edilen iki sany esasy dürs ýazuw kadasyna düzediş girizilýärdi:

1. "Ahyrlary z, l, n, r, s, ş seslerine gutarýan iki bogunly sözleriň a) birinji bogny açyk bolsa, b) çekimlileri gysga aýdylsa, w) ikinji bogundaky dar çekimliniň öňündäki ses açyk bolsa (emma d, z däl), onda şeýle sözleriň yzyna çekimli bilen başlanýan goşulma goşulanda, olaryň ikinji bognundaky dar çekimliler düşürilýärler. Meselem, köwüş-köwşi, bogun-bogny, sygyr-sygry" diýen kada üýtgedilip, dar çekimliler düşürilmesiz edilýärdi (meselem, köwüşi, boguny, sygyry).

2. Lingwistik gurultaýyň "u, ü dar dodak çekimlileri iknji bogundan yzky bogunlarda ýazylmaly däl (meselem, düşündiriş, okuwçylar)" diýen kadasy hem üýtgedilip, u, ü dar dodak çekimlileri birinji bogundan aňryk geçirilmesiz edildi (düşindiriş,okywçylar).

Ýeterlik derejede işlenmän, bu babatda ençeme jedelli meseleler hasaba alynman, iň esasy-da, jemgyýetçilik we dilçi mugallymlar bilen geňeşilmän, gyssagly kabul edilendigini hasaba almasak, Orfografik komissiýanyň kabul eden bu karary diliň iň kyn, çylşyrymly hasaplanýan iki kadasyny we ony



**S. Atanyýazow 1983**



**Çepden saga: oturanlar N. Kakyşow we A. Kekilow.**
**Dik duranlar: H. Muhammedow we S. Atanyýazow 1955**



**Inim Myrat döwek döwýär. 1962.**



**Döwlet Begenç (ýegen) we atam Atanyýaz Hemra. 1974.**



**Türkiýeli taryhçy alym, “Türkmenler (Oguzlar)” diýen kitabyň awtory, Halkara Magtymguly baýragynyň laureaty Faruk Sümer bilen. 1993.**



**Akademik P. Azymow bilen. 1986.**



**Stawropol ülkesiniň Neftekumsk şäherinde Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň hatyrasyna bina edilen ýadygärlik. Çepdäki türkmen esgeriniň şekili üçin ýerli bagşy Arfapolat Kartalyýewyň suraty ülňi edilipdir. 1976.**



**Merkezi Garagum. Derwezäniň ýakynyndaky Bükri obasynyň gara öýleri. 1974.**



**Azerbaýjandaky Mugan daglarynyň eteginde ýaşaýan terakimeleriň arasynda. 1988.**



**Samarkant welaýatynda ýaşaýan Nurata türkmenleriniň Ergeş Jumanbilbil adyndaky sowhozy. Sowhoz edarasynyň öňünde şahyr Jumanbilbile dikilen ýadygärlik. 1975.**



S. Atanyýazow maşgalasy, ogul-gyzlary, gelinleri we agtyklary bilen. 1997.

okuwçylara öwretmegi has ýeňilleşdirýärdi. Şonuň üçin bu karar metbugatda çap edilensoň, ony A.Gudratyllaýew, N.Nartyýew, S.Kürenow ýaly ençeme alymlar goldap, gazetlerde çykyş etdiler. Karara garşy çykanlar hem boldy. Sözi geçýän wezipeli adamlaryň we käbir uly dilçileriň şu topara goşulmasy kabul edilen ol kararyň 1963-nji ýylyň 19-njy noýabrynda ýatyrylmagyna getirdi.

Entek karar ýatyrylmanka we bu babatda güýçli jedel gidýän döwründe, Hamzaýewiň ýolbaşçylygynda ýakynda neşir edilen "Türkmen diliniň sözlügi" (1962) hem-de "Türkmen diliniň orfografik sözlügi" (1963) diýen derwaýys sözlükler indi ähmiýetini ýitiren işler hökmünde arzanladyldy (50 köpük) we, netijede, bu galyň kitaplar bazarda çigit satýanlar tarapyndan sanlyja günde düw-dagyn edildi. Tutuş kollektiwiň uzak wagtlap çeken hysyrdyly zähmetiniň miwesi we guwanjy bolan ol kitaplaryň entek ile doly ýaýrap ýetişmänkä ýok edilmegi, galyberse-de, Orfografik komissiýanyň kabul eden kararynyň ýatyrylmagy Hamzaýew üçin agyr urgy boldy.

Munuň üstesine, Hamzaýewiň direktorlyk eden soňky iki ýylynda institutda etik we ahlak düzgünler gowşap, işgärleriň arasynda agzalalyk başlandy. Şeýle ýagdaý ilki Edebiýat institutynda döräp, soňra goňşy Dil bilimi institutyna-da aralaşdy. Kollektiw iki-üç topara bölünip, biri beýlekisiniň garşysyna ilki assyrynlyk bilen, soňra bolsa aç-açan göreşe girdiler. Ýazylýan golly we golsuz arzalary barlamaga gelýän komissiýalaryň yzy üzülmedi. Ululary dawasynda aspirantlaryň roly ujypsyzam bolsa, bu toparlaýyn garşylyklaryň zyýany bize-de ýetýärdi. Partiýanyň (men obada mugallymkam, partiýanyň hataryna giripdim), kärdeşler arkalaşygynyň ýa-da umumy kollektiwiň hasabat-saýlaw ýygnaklarynda gizlin ses berilse, bize iki toparyň wekilleri hem özlerine ses bermegimizi, şeýle etmesek, dissertasiýa goramagymyzyň kyn boljagyny duýdurýardylar. El göterip ses berlende, iki toparyň wekili hem garşysyna ses berenleri aç-açan sanap, atlaryny ýazyp alýardylar. Bir gezeg-ä meni dilçi alymlaryň biri Lenin bagyna çagyrdy-da, täze akyma goşulmagy, Hamzaýewiň garşysyna ses bermegi teklip

etdi (toparlary guran adamlaryň aglabasynyň häzir aramyzda ýoklugy, sag gezip ýörenleriniň käbirleri bilen bolsa häzirem bile işleýänligim üçin, olaryň adyny tutmakdan saklanýaryn). Men oňa: "Ýolbaşçyňyň garşysyna git diýeniňden institutdan git diý, gideýin. Emma ýolbaşçyma garşy çykmaryn. Eger şeýle teklip gaýtalansa, ýygnakda köpçülige ýetirjek" diýdim. Şondan soň şeýle teklip bilen ýanyma gelen bolmady.

Iki institutdaky dartgynly ýagdaý häkimiýetleriň, partkomlaryň we akademiýanyň ýolbaşçylarynyň hem ýüregine düşen bolmaly. Netijede, 1964-nji ýylyň güýzünde bu iki institut birikdirilip, oňa Moskwada işläp ýören belli edebiýatçy alym Baýmuhammet Garryýewi çagyryp, direktor bellediler. Hamzaýew bolsa direktoryň orunbasary bolup galdy. Emma ol bu wezipede köp işlemedi, azrak wagt syrkawlap ýatansoň,1965-nji ýylyň baharynda uniwersitete işe geçdi.

Kanikulyň öň ýanlarynda hal-ýagdaýyny soramaga Hamzaýewiň öýüne bardym. Ol meniň işimiň ikinji babyny okamaga girişendigini, özüniň biraz ýarawsyzlygyny, ýakynda hem Moskwanyň etegindäki sanatorileriň birine dynç almaga gitjekligini gürrüň berdi. Ýolbaşçym bilen ahyrky duşuşygym şol boldy.

Soň eşidişime görä, Hamzaýew aýaly bilen Moskwa dynç almaga gidipdir. Esli wagt sanatoride bolupdyr, gaýtmazynyň öň ýanynda-da Moskwada syrkawlap aradan çykypdyr. 1965-nji ýylyň iýul aýynyň ahyrlarynda ony Moskwadan getirip jaýlapdyrlar. Men ol wagt kanikuldadym. Obada radionyň, telewizoryň ýoklugy, gazet-žurnallaryň hem wagtynda barmaýanlygy üçin, men Hamzaýewiň ýogalanyny eşitmedim. Ony tötänlikde bilip galdym.

Awgustyň başlarynda Garabekewülde ýaşaýan garyndaşlarymyzyňka myhmançylyga bardym. Şol ýerde bir oturyşlykda tabagyň aşagyna saçak deregine ýazylan gazetdäki ýas habaryna gözüm düşdi. Gara reňkli çarçuwanyň içindäki tanyş şekil-Hamzaýewiň suraty. Gözümiň öňi garaňkylap, başym aýlanyp gitdi. Gazetiň şol habarly ýarysyny ýyrtyp aldym-da tabakdaşlaryma "Men häzir geljek" diýip, olara hiç zat aýtman

turdum. Öý eýesine-de meni çaltrak Çärjewe aşar ýaly ýagdaý döretmegini haýyş etdim. Ilki Çärjewe gelip, soňam Aşgabada uçdum. Hamzaýewiň üçi, ýedisi sowlupdyr. Öýde diňe aýaly bar eken. Men ýarym sagat ýaly oturdym-da, el galdyryp turdum. Şol gün ahyrky uçar bilen ýene Çärjewe gaýtdym.

* * *

Kanikuly gutaryp, Aşgabada geldim. Ýolbaşçymyň ýogalanlygy sebäpli, ähli tanyşlarym maňa duýgudaşlyk bildirýärler, indi näme etmelidigimi maslahat berýärler. Ata Salyhyň inisi, edebiýatçy alym Kaka Salyh-a ýolbaşçydan aýrylmagyň aspiranty nähili kynçylyklara eltýändigini öz çeken azaplarynyň mysalynda giňden gürrüň berdi. Ol ilki 1954-nji ýylyň başynda Türkmenistanyň ylymda at gazanan işgäri akademik W.A.Gordlewskini ýolbaşçy tutunypdyr. Iki ýyla ýetip-ýetmänkä ol aradan çykypdyr. Soňra belli edebiýatçy E.E. Bertels Kakanyň ýolbaşçysy bolup, olam bir ýyldan soň ýogalypdyr. Ahyrynda-da Kaka N.A.Baskakowyň ýolbaşçylygynda dissertasiýany tamamlap, diňe 1962-nji ýylda, dokuz ýyldan soň gorapdyr. Özüniň azaply ýoluny gaýtalamazlygym üçin, ol maňa dissertasiýany diňe Hamzaýewiň ady bilen goramagy, başga ýolbaşçy tutmazlygy maslahat berdi. Men şeýle-de etdim.

Sentýabryň ortalarynda şol wagtda akademiýanyň jemgyýetçilik ylymlary bölüminiň akademik-kätibi bolup işlän Pygam Azymow meni ýanyna çagyrdy. Bardym. Salam-helikden soň, ikimiziň aramyzda şeýleräk gürrüň boldy:

— Ýolbaşçyň uly alymdy. Biwagt aradan çykdy. Seniň entek aspirantlyk möhletiň dolanok. Şonuň üçin saňa başga birini, meselem, Zylyha Muhammedowanyň ýolbaşçy belläýsek, nähili görýäň?

— Pygam Azymowiç, men işimiň agramly bölegini Hamzaýewiň talabyna laýyk taýýar etdim. Şonuň üçinem, mümkin bolsa, başga ýolbaşçy tutunman, işi merhum halypam Hamzaýewiň hormatyna, şonuň ady bilen gorajak.

— Gowy pikiriň bar.Ýöne ýolbaşçysyz saňa kyn bolar.

Soňam halypasyz dissertasiýa goran ýok bolsa gerek.

— Hany, Öde Abdyllaýew dissertasiýany ýolbaşçysyz ýazdy diýýärler. Ýa ol gürrüň ýalanmy?

— O-how, sen özüňi kimler bilen deňeşdirýärsiň? Öde okanda-da, işlände-de edil ýanyp duran ot ahyryn. Sen Öde bolubilmersiň?

— Bir adamyň başaranyny beýlekisem, islese, başarar, Pygam Azymowiç. Ödäniň gutaran peduçilişesini Kerkide menem gyzyl diploma gutardym. Institutda onuň okan derslerini menem okadym.

— Beýle özüňe göwnüň ýetýän bolsa, onda men hökman ýolbaşçy tutun diýjek däl. Ýazan bölümleriňi getirseň, menem okap bererin. Gaýrat et.

Azymowa minnetdarlyk bildirip, hoşlaşyp çykdym.

Noýabryň başlarynda dissertasiýamy elýazmada doly taýyn edip, leksikografiýa bölüminiň maslahatyna goýdum. Işi goramaga hödürlediler. Ýöne institutyň alymlar geňeşi gorajak wagtymy yza süýşürdi, sebäbi işiň bir baby boýunça ýazylan makala žurnalda çykyp ýetişmedi, ýogsam tema degişli alty makalam çap edilipdi. Dekabryň 15-nde aspirantlyk möhletim gutardy. Men leksikografiýa bölüminde uly laborant bolup işe başladym, işgärleriň taýýar işlerini maşinkada çap etdim. Iki aýdan özbaşdak işlemäge "Türkmenistanyň toponimik sözlügini" düzmek tabşyrylansoň, meni kiçi ylmy işgärlige geçirdiler, indi aýlygym 98,5 däl-de, 112,5 manat boldy. Tabşyrylan sözlügi men iki ýylda düzüp gutarmalydym, ol müň sözi öz içine almalydy, göwrümi 5 çap warak bolmalydy.

Günorta-Gündogar Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügini düzüp, ony dissertasiýama goşupdym. Diýmek, bu işde meniň tejribäm bardy, diňe Türkmenistanyň beýleki etraplarynyň ýer-ýurt atlary barada dürli çeşmelerden, iň esasy-da, il içinden maglumat toplamalydy.Şol maksat bilen aprel aýynda Ahal, iýunda Balkan, oktýabrda hem Daşoguz welaýatlarynyň ähli etraplaryny jemi üç aýlap aýlandym we zerur maglumatlary ýygnadym. Geografik kartalardan we beýleki degişli çeşmelerden alnan maglumatlary hem üstüne

goşup, 1966-njy ýylyň ahyryna çenli sözlügiň esasy “gurluşyk materialyny”— ýer-ýurt atlarynyň kartotekasyny taýýar etdim.

Bu işleriň daşyndan, dissertasiýa goramagyň möhleti gelip ýeteni üçin, men oňa taýýarlyk gördüm, ençeme wagtymy bu hysyrdyly işe sarp edip, dekabryň 26-synda ony goradym. Goralyşygyň zerur dokumentleri doldurylyp, Moskwa-Ýokary attestasion komissiýa iberilensoň, fewral aýynda zähmet rugsadymyň geçen ýyldan galan ýarym aýyny sorap alyp, obama gitdim.

Obada birki hepde gezdim, soňra atam ýanyna çagyrdy-da:

— Alymlyk okuwyňam-a gutardyň. Toýuňa baryp gelenler uly alymlaryň seniň işiňe gowy baha berenligini aýtdylar. Indi näme etsem diýýärsiň? Gelip, obada işlejekmi ýa-da Aşgabatda galjakmy?— diýip sorady. Men oňa:

— Ata, diplom Moskwada tassyklanýar. Şony elime alanymdan soň, şu meseläni gutarnykly çözmekçi. Çärjewdäki pedinstituta işe alsalar, şol ýerde mugallym bolsam diýen pikirimem ýok däl. Şu pikir başa barsa, oba gelip-gitmegem aňsat boljak — diýdim.

— Diýmek, bu ýylam sen Aşgabatda bolmakçy-da. Eger beýle bolsa, maşgalaňy hem şu gezek äkit. Çagalaryň iki ulusyny goýup git. Gowy ýerleşeniňden soň, olary hem ýa äkidersiň, ýa-da elterler. Dört ýyllap bulardan aýra ýaşanyň besdir.

— Ata, bir otagly jaýda iki bolup şärikli ýaşaýarys. Jaý ikimize-de deňlik. Ondan Toýlyny çykaryp, çagalary eltip bilmerin. Şonuň üçin ilki şäherden kireýine bir jaý tapyp, bulary soň äkidäýsem bolmazmyka?

— Bolmaz. Şunça wagt ýaşan tanyş şäheriňde bir çykalga taparsyň. “Kerwen ýolda düzüler” diýipdirler.

Atamyň teklibi bilen razylaşmakdan başga çäre galmady. Çagalardan ikinji klasda okap ýören Agamyrady we 4 ýaşly Maýany goýup, 5 ýaşly Gözel bilen heniz birem ýaşamadyk Gadamy äkitmeli diýen karara geldik. Şol dördimize gerek ýorgan-düşek we gap-çanak ýaly zerur zatlary göterip, Aşgabada Almaz Gapbarow diýen obadaş mugallymyňka düşdük. Almaz uniwersitetiň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň agşamky

bölüminde okap, gündizine şäheriň 34-nji mekdebinde işleýärdi we çagalary bilen şu mekdebiň bir tarapynda haýsydyr bir maksat bilen gurlan 3-4 otagly jaýda ýaşaýardy.

Şäheriň Gaža diýilýän bölegindäki howlularyň birinden bir otag kireýine alyp oňa göçüp bardyk-da, ýaşamaga başladyk.

Iýunyň ahyrlarynda institutdaky iş jaýymyzda sözlük düzmek bilen gümra bolup otyrkam, ýanyma Ruslan Alymowiç Ergeşow geldi. Ol indi welaýat bilim bölüminiň müdiri däldi, Çärjew şäherinde 12-nji proftehuçilişäniň direktory bolup işleýärdi. Aşgabada haýsydyr bir maslahata çagyrypdyrlar, ýygnak gutaransoňam bir wagtky okuwçysyny kandidatlygy goranlygy mynasybetli gutlamaga gelipdir. Men tolgunyp, oňa öz minnetdarlygymy bildirdim. Iş gününiň ahyry bolany üçin, kagyzlarymy ýygnaşdyryp, mugallymym bilen daş çykdym. Bu günlükçe zerur işiniň ýoklugyny sorap bildim-de, ony öýe myhmançylyga çagyrdym.

Ergeşow meniň ýaşaýan howlymy, onuň içindäki bişip duran üljeleri we gowy getiren ýaş almalary, ýaşaýan otagymy synlady, çagalar bilen salamlaşdy. Çaý başynda-da ol meniň ýaşaýyş ýagdaýym bilen gyzyklandy.

— Ýaşaýan howlyň-a giň eken. Hojaýynlar tanşyňmy? Olar bilen gowy oňuşýarmyň?

— Oňşugymyz gowy. Ýöne tanyş ýa garyndaş däl.

— Şu otagyňa näçe töleýärsiň?

— 25 manat.

— Institutda aýlygyň näçe?

— 112 manat 50 köpük.

— Az eken.75-80 manat 4 adam üçin az bolýar. Iki çagam obada diýýärsiň. Olary getiräýseň-ä ojagaz pul iýip-içmäňize-de ýetmez. Mundan beýläk näme etmek isleýärsiň?

— Ýoldaş mugallym, häzir-ä oňşup ýörüs, ýorganymyza görä aýak uzadýarys. Ýakynda kandidatlyk diplomymy aldym. Indi uly ylmy işgär diýen wezipä saýlaýsalar, onda aýlygym köpelýär...

— Näçe bolýar?

— 250.

— Şol wezipä saýlanjagyň beri anykmy?

— Ýok, kandidat bolubam üç-dört ýyllap bu wezipäni alman ýörenler bar.

Onda saňa maslahatym şeýle. Çärjewe geç, ata-eneňiň halyndan habar almagyň hem ýeňil bolar. Meniň uçilişämde mugallym bolsaň, 250 manady şu günden başlap töläýin. Iki otagly jaýam boş dur. Bu teklibime razy bolmasaň,onda pedinstitutda işle. Onuň rektory Kakajan Muhammetberdiýew – meniň ýakyn dostum, sen barada gürleşeýin.

Men soňky teklibe razy boldum we ýene 10-15 günden zähmet rugsadyna çykyp, ýanyna barjakdygyma söz berdim. Ergeşow oňa çenli rektor bilen gürleşip goýjakdygyny aýdyp, myhmanhanasyna gaýtdy.

* * *

Kiçi ylmy işgäriň bir aýa ýeter-ýetmez zähmet rugsadyna çykyp, Çärjewe geldim. Çagalary bu şäherde ýaşaýan doganym Näziklerde goýdum-da, özüm Ergeşowyň iş ýerine bardym. Ol eýýäm rektor bilen gürleşipdir.

Rektoryň kabulhanasyna geldim. Kätibe kimligimi aýdanymdan soň, ol gapyny açdy-da: “Giriberiň” diýdi. Salam berip, içerik girdim. Rektor okap oturan kagyzyndan gözüni aýryp, maňa seretdi-de:

— Bu gün talyplary kabul edýän günüm däl — diýdi. Men özümiň talyp däldigimi we kimdigimi aýtdym.

— Hä-ä, Soltanşa diýsene! Talypmykaň öýdüpdirin. Sen barada Ergeşow köp zatlary gürrüň berdi. Ol aýtmanda-da, men seni gazet-žurnallardaky makalalaryň arkaly tanaýardym. Ynha, Tagtabazar we Köýten baradaky iki makalaň-a gyrkyp alyp goýdum – diýdi-de, tahylyndan kiçeňräk papkany çykardy, içindenem gazet makalalarymy alyp, özüme görkezdi (ähtimal, Ergeşow men barada aýdansoň, ol makalalary el ýüzünde goýan bolmaga çemeli). Men minnetdarlyk bildirdim we:

— Kakajan Berdiýewiç, menem Siziň käbir işleriňiz bilen tanyş, olardan peýdalandymam. 1948-nji ýylyň güýzünde

Nusaýda gazuw-agtaryş işlerine gatnaşandygyňyza, dünýä ýaň salan Nusaý ritonlaryny (pil süňkünden bejerilen meý gaplaryny) tapanlaryň arasynda Siziň hem bardygyňyza çenli bilýärin. Eşidişime görä, üsti ritonlar howa alan dessine zaýalanyberensoň, Peterburgdan olary saklamaga ukyply hünärmenler çagyrypsyňyz. Olar gelip edýänçäler, gömülgi ritonlary garawullap saklapsyňyz. 6-njy oktýabrdaky ýertitreme gijesi Siz nobatçy bolup, gömülgi hazynalary gorapsyňyz, hatda şeýle pajygaly hadysadan soňam nobatçylygy taşlamansyňyz — diýdim. Ikitaraplaýyn aýdylýan hoşamaý sözler nyşana dogry degdi: sanlyja salymda biz edil köne tanyşlar ýaly öwrenişdik, sözümizem alşyp gitdi:

— Akademiýada ýaş alymlara az hak berilýär, olar wagtly-wagtynda ösdürilmeýär. Şonuň üçinem kandidatlygy goradygy olar akademiýadan gaçmak bilen bolýar. Ynha, siziň institutyňyzda alym bolan we uly ylmy işgär saýlanmagyna garaşyp, esli ýyl işlän Bally Baýramdurdyýew we Öwlüýäguly Ilýasow ýaly ökde hünärli filologlar bize geçip işläp ýörler. Olary tanaýansyň-la (men başymy atdym). Uly ylmy işgärlige geçip, 250 manat aýlyk alaýsalar,olary paýtagtdan bäri getirjek gümänyň ýok. Umuman, kandidat üçin 250 manadam uly pul däl. Soltanşa, saňa biz 280 manat aýlyk bermekçi. Aşgabatdan aýalyň we dört çagaň bilen göçüp gelýän bolsaň, olary we ähli ýükleriňi getirmek üçin çykaran çykdajyňy, üstesine, özüňe goşmaça bir aýlygyň, aýalyňa ýarym, çagalaryňa hem çärýek aýlygyň, jemi müň manat çemesi pul hem berjek. Häzirlikçe umumy ýatakjaýa göçüp gelersiň. Onuň iki otagyny bereris. Täze ýylyň üstünde-astynda-da dört otagly jaý bilen üpjün ederis. Nähili, razymy?

— Gaty razy, Kakajan Berdiýewiç! Meniň haýsy kafedrada işlemelidigimi hem aýdaýsaňyz.

— Mundan üç-dört gün öň dekanlar we kafedra müdirleri bilen bolan ýygnanyşykda olara bize işe gelýänligiň barada duýdurdym. Pedagogika kafedrasynyň müdiri Juma Rejebow seni öz kafedrasyna bermegi haýyş edip, ýer depdi durdy. Ol seni okadypdyram, gowy tanaýan eken. Razy bolsaň, pedagog

mugallym bol. Türkmen dilinden okatjak diýseň, täze ýyla çenli dilden doly  sapak bermäge mümkinçilik ýok, sagat sanynyň üstüni pedagogikadan ýetir. Ýarym ýyldan soň seni dil kafedrasyna geçireris.

— Pedagogika – gowy ylym, ýöne men dili has gowy görýärin. Öňi-soňy şol ugurdan mugallym bolaýsam.

— Bolýar. Ýarym ýyldan soň başy bitin dilçi bolarsyň. Haçan dokumentleriňi getirersiň?

— Men häzir zähmet rugsadynda. Çagalary oba eltip, Aşgabada giderin. Mümkin boldugyça, işimi çalt düzetjek bolaryn.

— Bolýar. Biz saňa garaşýarys.

Men Muhammetberdiýewe minnetdarlyk bildirip, hoşlaşyp çykdym.

* * *

Çagalary obada goýup, özüm tiz Aşgabada dolandym. Işden çylmak üçin arza ýazyp, instituta geldim. Direktor Baýmuhammet Garryýew ýok eken. Alym-kätip Lýudmila Mihaýlownanyň ýanyna bardym. Ol özüne mahsus bolan mylaýymlyk bilen ýalbaryjy äheňde  orus dilinde:

— Oý Soltanşa, zähmet rugsadyndan wagtyndan öň geleniňiz gowy bolaýdy? Akademiýanyň prezidenti Pygam Azymow (ol geçen ýyl prezident saýlanypdy—S.A.) sizi gelen badyňyza öz huzuryna ýollamagy tabşyrdy. Birki gezek sizi sorap jaňam etdi. Oý, beýle gyssag näme işi barka? Baraweriň. Ynha, men onuň kabulhanasyna siziň barýanlygyňyzy habar bereýin — diýip özelendi we telefona ýapyşdy.

Azymowyň kabulhanasyna girenimden kätip meni onuň ýanyna goýberdi. Salam berip, içerik girdim. Azymow oturmak üçin öňündäki oturgyçlaryň birini görkezdi. Oturanymdan soň ol hal-ýagdaýym, maşgala durmuşym, çagalarymyň sany, obada kimlerimiň bardygy, olardan alýan we olara berýän kömegim, maşgalamy şähere getiren-getirmänligim, nirede ýaşaýanlygym, näçe kireý töleýänligim we şuňa meňzeşler barada ýekän-ýekän

soraşdyrdy. Men jogap berýärin, arasynda-da pikir edýärin: Azymowyň meniň bilen öňkülerden has üýtgeşik äheňde içgin gürleşmesiniň bir emmasy bolmaly, munça mus-musuň Mustapasy nämekä? Azymowyň soňky soraglary meseläni aýdyňlaşdyrdy duruberdi:

— Kandidatlyk diplomyňy gowşurdyk, seni gutladyk. Indi nirede işlemekçi?

Men Muhammetberdiýew bilen bolan gürrüňleri we gelen netijämi aýdyp, işden çykmak babatda alym-kätibe arzamy goýup gaýdanlygymy hem duýdurdym. Emma Azymow bu zatlary men aýtmanymda-da bilýän eken. Pedinstitutyň pedagogika kafedrasynyň müdiri Juma Rejebow Aşgabada gelende, daýysy Pygam Azymowa ony gürrüň beripdir. Azymow menden:

— Seni okadan, alym eden akademiýany taşlap gideriň ýaly, nämäni gaty gördüň?—diýip sorady.

— Hiç zady, Pygam Azymowiç. Ýöne marksizm-leninizm klassyklarynyň “Maddy durmuş—birinji” diýen bir akylly sözi bar. Men akademiýanyň berýän 112,5 manady bilen kireýine jaýda ýaşap, uly maşgalany ekläp biljek däl. Galyberse-de, ata-enäniň halyndan habar tutmak üçin, Çärjew Aşgabatdan ýakyn.

— Seniň sözleriňe görä, ata-eneň entek öz gününi görer ýaly. Ýylda Aşgabatdan iki-üç gezek oba baryp gelmek mümkin. Aýlyk babatda aýdylanda, instituta seni we seniň ýaly ýene üç işgäri uly ylmy işgärlige saýlamaga ýer we pul goýberildi. Saýlansaň, aýlygyň 250 manat bolar. Jaý meseläň hem çözüldi. Gogol (häzirki Bitarap Türkmenistan) we Kemine köçeleriniň çatrygyndaky aspirantlaryň öýüniň üç gat jaýy taýýar. Saňa uly otaglaryň biri goýuldy. Hojalyk babatdaky orunbasardan açaryňy al-da, göçüp baryber. Saňa oktýabr baýramynyň 50 ýyllygynda jaý bermegi-de göz öňünde tutýarys. Tutuş Türkmenistanda toponimika, umuman, onomastika (has atlar) babatda senden başga hünärmen ýok. Şonuň üçin öz ugruňdan dört-bäş alym taýýarlaýançaň, institutyň ýolbaşçylary, dilçileri, ylaýta-da Zylyha Muhammedowa we prezidiumyň agzalary bolup, seni institutdan goýbermeli däl diýişdik. Sen şoňa razymy?

— Ýaňky aýdýan zatlaryňyz amala aşsa, men akademiýadan

başga ýerde işlemekçi däl.

Azymow bilen hoşlaşyp, keýpiçag ýagdaýda instituta geldim we Lýudmila Mihaýlowna bolan zatlary gürrüň berdim. Olam:

— Oý, Soltanşa, ýüregimden sizi gutlaýaryn. Derrew jaýyňyzy görüp geliň—diýdi. Maňa goýlan 34-nji otagyň açaryny alyp, oňa tomaşa etdim. Uly otag, köçe tarapda balkony hem bar. Eýýäm göçüp gelen tanyşlaryň birinden bedre we esgi alyp, otagyň içiniň tozanyny ýuwuşdyrdym. Şol günüň ertesi hem men bu otagyma kireýine ýaşaýan jaýymdan goşlarymy getirdim.

Zähmet rugsadynyň gutarmasyna bir hepde gowrak wagt barlygy üçin, ýene Çärjewe gelip, ilki rektoryň kabulhanasyna bardym, oňa soňky wakalary gürrüň berdim we ötünç soradym. Soňra oba gidip, üç-dört gün boldum-da, bu gezek çagalaryň ählisini alyp, Aşgabada geldim.

* * *

Maňa iki ýyla planlaşdyrylan “Türkmenistanyň toponimik sözlügini” men 1967-nji ýylyň aýagyna düzüp gutarmalydym, ýöne bu iş çak edilişinden has giňelip gitdi: sözlüge girizilmeli ýer-ýurt atlarynyň sany müň çemesi diýlip bellenen bolsa, meniň toplan materiallarym boýunça, onuň sany üç müňden aşdy, şoňa laýyklykda işiň umumy göwrümi hem üç esse ulalmalydy. Sentýabr aýynda şu ýylyň aýagyna gutarylmaly işleriň ýagdaýyny barlamak üçin döredilen komissiýa meniň düzýän sözlügimiň gidişi bilen tanyşdy: söz sanynyň we işiň göwrüminiň üç esse artýanlygyny nazara alyp, maňa berlen möhletiň üstüne bir ýyl goşmak baradaky haýyşym kanagatlandyrylmady: komissiýanyň “Planyň öz wagtynda ýerine ýetirilmesi gümana, şonuň üçin sözlügi bellenen möhletde düzüp tabşyrmak maksady bilen, düzüji S. Atanyýazowyň ýanyna iki sözlükçini (G. Açylowa bilen S.Altaýewi) goşmaly” diýen teklibini institutyň alymlar geňeşi goldady. Ýöne men geňeşiň bu karary bilen düýbünden ylalaşmaýanlygymy, işiň azaply we agramly

bölegini ýeke özümiň ýerine ýetirenligim üçin, ony soňuna çenli özümiň düzüp, wagtynda ýerine ýetirjekdigimi, maňa kömekçi hökmünde geňeşiň belleýän adamlaryna ýygnan materiallarymy bermejekligimi örän berk aýdanymdan soň, geňeşiň başlygy B.Garryýew meniň bilen ylalaşdy, maňa erjel işläp, plany wagtynda amal etmegi, komissiýanyň agzalaryna bolsa noýabrda sözlügiň gidişini ýene bir gezek barlamagy tabşyrdy.

Sözlük bellenen wagtynda düzüldi, alymlar geňeşi oňa gowy iş hökmünde baha berdi. Wakalardan öňe geçip aýtsam, bu iş "Türkmenistanyň toponimik sözlügi" at bilen "Ylym" neşirýatynda 1970-nji ýylda 16,6 warak göwrümde neşir edildi.

## Uly ylmy işgärlige saýlawlar

Baryp mart aýynda prezident Azymowyň meni uly ylmy işgärlige geçirmegi ýaňzydandygyna we institutyň dilçileriniň we edebiýatçylarynyň hersine iki (jemi dört) ornuň berlendigine seretmezden, uly işgärlige saýlawlar uzaga çekdirildi, ähtimal, muňa ençeme ýylyň dowamynda şol wezipe üçin iki ýer berlip, oňa-da dalaş etjek kandidatlaryň köp boljakdygy, netijede olaryň arasynda dörejek närazylygyň arza-şikaýatlara getirmeginiň mümkinligi sebäp bolandyr.

Saýlaw üçin berlen iki ornuň biri leksikografiýa, beýlekisi şiweşynaslyk bölümleriniň paýyna düşdi. Meniň şol wagtky işläp ýören leksikografiýa bölüminde menden has öňden bäri zähmet çekýän we dissertasiýany öň goran Sapar Güjükow uly ylmy işgärlige esasy kandidatdy. Ol bizden ýaşuly, türkmen diliniň köp meseleleri babatda gaty sowatly, sözlük düzmägede gaty ezberdi. Halypa hökmünde sylaýanlygym üçin, men Sapar bilen bäsdeş boljak däldigimi onuň özüne duýdurdym-da, dokumentlerimi şiweşynaslyk bölümine tabşyrdym. Bu bölüme institutdan dalaş edýän adam ýokdy, ýöne menden soňra oňa-da birnäçe arza ýazan tapyldy, olaryň arasynda ilkinji türkmen şiweşynaslarynyň biri, meniň institutdaky mugallymym, uniwersitetiň dosenti H.A. Maşakow, sakar şiwesinden dissertasiýa goran we şol döwürde Daşkentde işleýän Gülnar

Meňliýewa dagy hem bardy.

Meniň şiweşynaslygy höwes edýänligimiň esasy sebäbi—ol hem ýaşlykdan il içinde bolmany, iliň şiwe aýratynlyklaryny öwrenmegi halaýanlygymdy. Heniz oba mekdebinde mugallym bolup işleýärkäm çap etdiren ilkinji ylmy makalam hem şiwe sözlerine we ýerli şiwe şertlerinde okuwçylara edebi dili öwretmek meselesine bagyşlanypdy. Galyberse-de, toponimik sözlüge material ýygnamak üçin gyssagly we ýüzleý aýlanan etraplarymy we obalarymy arkaýynlyga, şiwe sözlerini toplamak maksady bilen ymykly gezip görmek meniň irden bäri ýetip bilmeýän arzuwymdy.

Gizlin ses bermek arkaly uly ylmy işgärlige Sapar ikimiz saýlandyk. Toponimik sözlügi düzüp gutarýançam, ýylyň ahyryna çenli men öňki ýerimde işledim. Soňra şiweşynaslyk bölümine geçip, täze wezipämiň syrlaryny öwrenmäge girişdim. 1968-nji ýyldan başlap, bu bölüm Daşoguz welaýatynyň şiwe aýratynlyklarynyň atlasyny düzmegi planlaşdyrypdyr. Men hem atlasy düzjek işgärleriň toparyna goşuldym.

Okyjylaryň arasynda şiwe atlasynyň nämedigini bilmeýänleriň bolmagy mümkindir. Şiwe atlasy geografik karta arkaly ilatyň dil aýratynlyklarynyň äşgär edilmesi diýmekdir. Munuň üçin ilki atlas düzüljek sebitden obalar seçilip alynýar. Ol obalaryň şu etrapda ýaşaýan şiwedir gepleşikleri öz içine almagy we biri-birlerinden takmyn belli bir aralykda ýerleşmegi şertdir. Soňra diliň fonetikasy, morfologiýasy we leksikasy boýunça düzülen soraglar esasynda şol bellenen obalardan material ýygnap, her sorag üçin bir karta düzülýär. Meselem, türkmen edebi dilinde işligiň häzirki zaman formasy—ýar//-ýär (alýar, gelýär) goşulmasy arkaly aňladylýan bolsa, şiwelerde bu goşulmanyň aşakdaky görnüşleri duş gelýär (uzyn çekimlileriň yzyna iki nokat goýuldy); -ýa:r (alýa:r, gelýa:r), -ýa:// -ýä: (alýa:, gelýä:), -ýe (alýe, gelýe), -ýo:r (alýo:r, gelýo:r), -e:r (ale:r, gele:r), -o:r (alo:r, gelo:r), -ýö:r (alýö:r, gelýö:r), -y://u: (aly:, geli:), -ady// ädi (alady, geledi), -adyr//edir (aladyr, geledir), -du:r (aldu:r, geldu:r), -y:du:r// -u:du:r (aly:du:r, gelu:du:r), -adu://edu: (aladu:, geledu:), -ada//-ede (alada, gelede), -yýa:tyr//-uýa:tyr (alyýa:tyr, geliýa:tyr) we ş.m. Atlasyň degişli kartasynda bu wariantlaryň

hersi aýratyn belgi (tegelek, üçburçluk, dörtburçluk, romb we ş.m.) bilen bellendi. Ýa-da ýene bir mysal. “kaka” manysynda şiwelerde duş gelýän ata, aba, akga, dä:de, ä:ke ýaly sözleriň haýsy ulanylýan bolsa, obanyň deňinde şol sözüň belgisi goýuldy. Diýmek, türkmen obalarynda haýsy goşulmanyň ýa-da haýsy sözüň ulanylýandygyny bilmek isleýän adam şol soraga degişli kartany alyp seretdigi bes, ol öz soragyna çalt jogap tapyp bilýär. Ynha, şeýle ähmiýetli iş öň Balkan welaýaty boýunça taýýar edilen bolsa, indi biz Daşoguz welaýatynyň obalaryna iş saparyna gitmäge taýýarlanyp başladyk.

## Dür däneleriň gözleginde

1968-nji ýylyň baharynda hersi iki adamdan düzülen iki topar bolup, Gubadag we Boldumsaz etraplaryna bir aýlyk iş saparyna gitdik. Ýöne iliň döreden sözler hazynasyny tapmak we toplamak üçin eden bu ilkinji ylmy saparymyz onçakly ugruna bolmady. Baharda howa barha maýlar diýen umyt bilen sapara çykypdyk, emma tebigat tersine tutdy. Boldumsaz etrabynyň merkezine gelip düşdügem weli, bir hepdeläp yzyny üzmän ýagyş ýagdy. At, eşek ýaly ulagyň ýa-da zynjyrly traktoryň bolaýmasa, köl bolup ýatan oba ýollaryndan ne maşynly, ne pyýada ýörär ýaly bolmady. Bizem şäherçäniň myhmanhanasynda baş-alty gün ýatdyk. Arzan naharhananyň ýokdugy üçin, günde iki-üç wagtyna restorandan iýmitlendik. Bir aýa niýetläp alyp gaýdan pulumyz hem sanlyja günde paýawlady. Aşgabada jaň edip, bölüm müdirimiz Ata Annanurowa ýagdaýymyzy aýtdyk. Olam iş bitirmän dolanmazlygymyzy tabşyrdy. Ýene ýoluň açylaryna garaşyp ýatmaly bolduk. Ýöne indi ýerimizi üýtgetmek üçin, garaýol bilen gatnaýan awtobusda Gubadag şäherçesine bardyk-da, ýene myhmanhana ýerleşdik. Asly köneürgençli Meret diýen ýoldaşymyzy bolsa karzyna pul getirmek üçin Köneürgenje ýolladyk. Bu ýeriň myhmanhanasy gowy eken. Birinjiden-ä, jaýlary ýyly, ikinjidenem, gazan, çemçe-çanak üpjün gowy aşhanasy bar. Biz bazardan et, sogan, dükandanam çörek, süýji ýaly zatlar getirip, nahary özümiz taýýarlap başladyk. Gowy

ýeri, Nurberdi Durdyýew diýen ýoldaşymyz nahar bişirmäge gaty ezber eken.

Howa barha beterine tutdy, esli günläp dynman ýagan ýagşyň yzy gara ýazdy, yzyndanam 14—15 gradusa çenli aýaz boldy. Ýeriň doňanlygyndan peýdalanyp, obalara çykmagy makul bildik. Nurberdi ikimize bäş oba ýetdi.

Biz barlagymyzy Mäterýap obasyndan başladyk. Bu obada pedinstitutda bile okan we üç ýyllap bir otagda bile ýaşan ýoldaşym Kakajan Pirjanow bardy. Biz onuňkyda üç-dört gün bolup, soraglarymyza jogaplary, halk döredijiliginiň nusgalaryny, ýer-ýurt, tire-taýpa we adam atlary baradaky maglumatlary ýazyp aldyk.

Jorka palçyga niýetlenmedik aýakgaplarymyz bilen buzy erän ýola çykmak mümkin bolmadyk wagtynda, Kakajanyň tapyp beren rezin adiklerini geýip gezdik. Indiki barmaly obamyza Kakajan bizi at goşulan iki tigirli arabada eltip gaýtdy.

Howa kem-kemden açyldy, ýöne uzak wagtlap ýagan ýagyş bu etrabyň obalaryna uly zyýan ýetirdi: pagsadan we çig kerpiçden salnan jaýlaryň ençemesi ýumruldy. Diňe Boldumsaz etrabynda şeýle köne mekdepleriň altysynyň ýykylandygyny gürrüň berdiler. Gowy ýeri, mal-garalara biraz zeper ýetenem bolsa, adam pidalary bolmandyr. Dogrudan-da, biz käbir ýumrulan mekdepleri gözümiz bilen gördük, şeýle mekdeplerde okaýan okuwçylaryň uly otagy bolan öýlerde düşekde oturyp okaýandyklaryny hem synladyk.

Nurberdi ikimiz bize bölünip berlen bäş obanyň diňe birinden beýlekilerini barladyk. Belleşilen güni etrabyň merkezinde ikinji toparymyz bilen duşuşyp, Aşgabada dolandyk.

Aprel aýynyň aýaklarynda dört şiweşynas bolup, biz ýene Daşoguz topragyna aýak basdyk. Bu gezek 45 güne niýetlenen iş sapary üçin akademiýanyň “GAZ-63” kysymly üsti tentli täzeje ekspedision maşynyny aldyk. Bir hepde öňünden ony Ženýa daýy diýen orus sürüjimiz bilen otla ýükläp, Daşogza ugratdyk. Soň bilşimize görä, Ženýa daýy ýolda dümewläpdir, horlanypdyr, biziň gelmeli günümizden bir gün öň hem Daşogza düşüpdir.

Maşynyň üstünde alty adamlyk meýdan ýorgan-düşegi, epleme krowatlar, peşehana, benzin we agyzsuwy üçin iki sany uly çelek, nahar bişirmek üçin enjamlar, konserwalar, süýji, çaý ýaly zatlar bolup, sapara gatnaşýanlar ilatsyz ýerde-de bäş-on günlük zerur närseler bilen üpjündi. Ýöne Daşoguz topragynda olaryň bize geregi çykmady.

Biz ýene öňki ýaly iki topara bölündik-de, iň uly etrap bolan Köneürgenjiň obalarynda işlemegi planlaşdyrdyk. Ulag mähetçilligimiz bolmany üçin, bir aýda bu etrabyň ähli obalarynda, üstesine-de Boldumsazda ýetişilmän galan iki obada barlag geçirdik, Köneürgenjiň ýadygärliklerini, Şamahy, Şirwan, Döwkesen, Akjagelin, Şasenem ýaly ençeme galalaryny görmäge-de ýetişdik.

Ylmy saparyň wagty gutarmaga 10—12 gün galanda, sürüjimiz indi gaýdyp maşyny otla ýüklemejekdigini çürtkesik aýtdy we ony Köneürgençden—Daşoguz—Ürgenç—Darganata—Çärjew—Kerki—Garamätnyýaz—Ýolöten—Mary—Aşgabat ugry boýunça sürüp äkitmäge bir ýa iki adamyň özüne ýoldaş bolmagyny özelenip haýyş etdi. Şeýtmezçe-de däldi, Ženýa daýy ýakynda täzeje alnan maşynynyň diňe özüni otla ýükläp ibermäge onuň ýolda talanmagyndan heder edýärdi: Daşoguzdan Balkana tarap gidýän gadymy Hywa ýoluna ol näbeletdi: ol döwürde Daşoguz—Aşgabat we Çärjew—Aşgabat şosse ýollarynyň entek planam ýokdy.

Galan işleri bitirip barmagy iki ýoldaşymyza tabşyryp, Meret bilen men Ženýa daýynyň maşynynda ýola düşdük. Ugramazdan öňürti Aşyr Kakabaýew adyndaky kolhozyň dükanyndan iki kip pamyk alyp, maşynyň öň tarapynda ýerleşdirdik (Aşgabatda pamyk gytdy). Üstüne-de düşekçeleri atdyk. Hezillik bolaýdy: öňümiz açyk, şemallap gidibermeli, şagymyz ýumşak, edil diwanda oturan ýaly, üstümize-de maşynyň çadyry kölege berýär.

Agşama çenli Darganata barmak niýeti bilen guşluk wagty ugradyk. Guma niýetlenen “GAZ-63” maşynynyň tizligi pes bolany üçin we Ürgençden geçip, näbelet ýolumyzda azaşanlygymyz sebäpli, garaýoluň Pitnekde gutarýan ýerine

ýetýänçäk, eýýäm garaňky düşdi. Biz obadan çeträge çykyp, ýabyň boýunda düşledik, suwa düşdük, agşamlyk edindik, epleme krowatlarymyzyň üstüne peşehana gurup, hezil edip dynç aldyk.

Ertesi günortanlyk Darganata şäherçesinden çykyp, demir ýoly ýakalap gaýdýan gum ýoly bilen Çärjewe ugradyk. 10—15 kilometr geçip geçmänkäk, Günüň öňi garalyp, harasat gopup başlady. Gaý, harasat sözüni eşitsemem, onuň nämedigini bilmeýärdim. Tebigatyň bu elhenç hadysasynyň ejirini hem çekmeli bolduk. Sanly salymyň içinde ala-tozan we çäge gatyşykly gara ýel edil tüweleýiň ortasynda galan ýaly etdi. Tolkun-tolkun bolup gelýän gara ýel zerarly ýerde we töwerekde hiç zat saýgartmaýardy. Ýüz-güzüňe batly urulýan çägäniň we ownuk çaglyň derdinden gözüňi açmak mümkin däldi. Meret ikimiz köýneklerimizi kellämize orap, kabina girmek üçin maşyndan düşdük. Onuň bir ýerinden ýapyşmasaň, şemalyň togalap äkitjegi hem mümkindi. Emma kabinanyň içi hem gaty dymyk we tozan bolany üçin, dem almak kyndy. Tormozda duran maşyn hem harasadyň badyna hallaň atýardy.

Köwsarlap, çar tarapdan urýan harasat takmynan ýarym sagat ýaly dowam etdi, ýöne weli ondan soňam bir sagat çemesi günortadan demirgazyga tarap öwüsýän güýçli gara ýel ýatmady, ýeliň tolkunlarynyň arasynda käwagt bir maşynyň kapotynyň üsti görnüp gidäýmese, bir-bir ýarym metr aşakdaky zatlar edil bulanak suwuň aşagynda galan ýalydy, çäge, tozan gatyşykly çapgyn ýel Garagumuň çägesini Amyderýa tarapa akdyrdy durdy. Kem-kemden gara ýelem ýuwaşady, ýoluň suduryny saýgarmak mümkin bolan dessine biz bu belent gyryň üstünden aşak eňip, deryanyň kenaryna indik. Gowy güzeriň deňinde saklap, el-ýüzümizi ýuwmak üçin maşyndan düşdük we ýaňky harasatda duran ýerimizi synladyk. Başymyz aýlanyp, gözümiz garaňkyrap gitdi. Harasada üstümizi basdyryp, maşyny saklan ýerimiz belent gyryň çür depesi bolup, Amyderýanyň kert kenaryndan bary-ýogy 15 metr uzaklykdady. Güýçli akýan suwuň aşagyny ýuwmagy we kenaryň opurylmagy netijesinde emele gelen kert gorpuň belentligi segsen, belki-de, ýüz metr

çemesi dagy bardy, aşakda-da Amyderýanyň mele suwy towlanyp akyp ýatyrdy. Ýeliň ugruna ygyp ýören goýy bulutlar ýaly, şol gyryň üstünden gelýän gara ýel henizem köwsarlap, tapgyr-tapgyr çaň bilen çäge ýagdyrýardy. Ýer görünmeýän şol harasatda maşyn sähel çepe alnanda, ne maşyndan, ne-de bizden hiç derek tapylmajagyna aşakda durup göz ýetirdik we bu beladan aman galanymyza şükür etdik.

Adam gorkanda, agzyna uçuk gaýnaýanlygyny eşidipdim. Şol dogry eken: ertesi turanymyzda, Merediňem, meniňem agzymyz uçuklaýypdyr.

Bu gözümiziň gorkan ýerinden basymrak arany açmak üçin, demir ýoluň geçelgesiniň sagyna geçdik-de, gündogara tutdurdyk.

Gaýyň tozany agşama çenli ýatmady. Garaňky düşmeziniň öň ýanynda demir ýoly barlap ýören bir işçä duş gelip, ýakynda obanyň bar-ýoklugyny soradyk. Ol öňdäki geçelgeden geçip, gyrdan aşak eňen ýeriňde Üçkersen diýen obanyň bardygyny habar berdi. Soň görüp otursak, bary-ýogy 20—25 hojalykdan bu jeňňel obajygy Dänew etrabynyň Gabakly (öňki Kirow) kolhozynyň bir brigadasy eken. Brigadir aýal adam bolany üçin, mekdebiň direktoryny soradyk. Komplekt başlangyç mekdebiň ýeke mugallymy Ergeş aga diýen daýaw pyýadanyň öýüni sorap tapdyk. Gygyryp gepleýän Ergeş aga bizi garşy aldy, uly toraňňynyň aşagyna ýazylan düşekde oturtdy. 10—12 ýaşly iki ogluna baryp bir zat diýenden soň, olar eýýäm beýledäki toraňňynyň üstüne ýatmaga çykan towuklary wakyrdadyp, iki sanysyny alyp düşdüler.

Çaý başynda ýoldaşym Meret jaýyň gapysynda üýşüp oturan aýallara seretdi-de, Ergeş agadan olaryň näme üçin üýşenligini sorady. Olam:

— Birki sagat mundan öň biziň kempiri ötle ýaly bir zad-a tutdy. Hiç ýazanok. Bu ýakynlarda doktoram ýok. Neneň edip biziňkä aşgabatly myhmanlar gelende, oňa bir zat bolup, siziň keýpiňizi gaçyraýmasa ýagşy—diýdi. Meret jübüsinden nählidir bir derman çykardy we ony ýyly suw bilen içmegi tabşyrdy.

Meret ötläni bejermäge ökdedi.Köneürgençde Ženýa

daýyny ötle tutanda-da, öz dermany bilen onuň ötlesini ýazypdy. Bu gezegem şeýle boldy. Ýerinden galybilmän ýatan öý bikesi dermany içenden biraz soň, ötlesi aýrylypdyr. Biz garaňkylykda onuň töweregini gallap oturan aýallaryň dagap gidenligini hem duýmandyrys. Ergeş aga pagtaly don geýip, ýaňky soýlan towuklardan nahar taýýarlap ýören gyzlaryna bir zatlar öwredýän aýalyny görkezip, Merede ýüzlendi:

— Myhman, tebip kemiň ýok ekeni. Edeniň em bolupdyr, hanha, ol syrkawymyz-a ojagyň daşynda aýlanyp ýör.

Nahar başynda meniň ünsümi çeken zat saçakdaky nanlaryň ululygy boldy. Meniň gözüm çagalykdan gabarasy uly nana öwrenişipdi, hatda nanlary kiçiräk bolanda, Rahmanguly babamyň eneme: “Nany kiçi edip, rysgymyzy azaltjak bolýaňmy? Tamdyra ýapylyp, repidäniň üstünde öýe getirilýän nan gapydan göni geçmän, gyşardanda geçer ýaly bolsun” diýip sargaýany hem ýadymda. Türkmen obalaryny şunça gezip, ululygy we galyňlygy babatda obamda ýapylýan tegelek nanlar bilen deňeçerräk nany Garabekewülde, Saýatda görenem bolsam, ondan ulusyna heniz duş gelmändim. Şu ýerde obamyzyň uly nany bilen baglanyşykly hakykatda bolan bir wakany gürrüň bereýin.

Respublikalar arasynda pagtaçylykda özara barlagyň geçýän döwründe Lebap welaýatyna Özbegistanyň oba hojalyk ministriniň baştutanlygynda delegasiýa gelýär. Ol barlagy Hojambaz etrabynyň günbataryndaky Gultak obasyndan—biziň obamyzdan başlaýar. Nahar wagty özbek ministri saçakdaky uly nanlaryň birini iki eli bilen tutup:

— Hutty kuýaş tek-e, kuýaş tek (“Edil Gün ýaly”)—diýip, üç gezek maňlaýyna degrip togap edýär we Daşkente eltip görkezmek üçin, bir nan bermegi başlykdan haýyş edýär. Başlyk Çary Möwlamow ýanynyň çörekleri bilen iki nany ýaglyga dolap, oňa berip goýberýär.

Mekan obasynda myhmanlaryň öňüne goýlan nan biraz kiçiräk bolýar, Beşirde ondanam kiçi nan goýulýar. Hojambazdan ýokardaky obalaryň birinde özbek ministri öňünde goýlan käsäniň agzy ýaly kiçijik külçeleriň birini eline alyp, o ýan-bu

ýanyna öwrüp görýär-de, etrabyň şol wagtky häkimi Sosialistik Zähmetiň Gahrymany Egem Penjiýewe ýüzlenýär:

— Ortak Penjiýew, rugsat berseňiz, biz gaýdaly. Gultak obasynda nanyň gabarasy nähilidi, bu obada nähili? Rysgymyz gutaryp barýar. Gutarmanka jogap beriň.

Ynha, dabarasy dag aşyp, ululygy babatda hut özbek ministriniň özünem aňk eden obamyň nanyna men hyýalymda Ginnesiň rekordlar kirabyndan orun goýup ýördüm, emma Ergeş aganyň saçagyndaky äpet nany görüp, özüm aňk boldum. Biziň obadaka seredende, bu nan ýukady, ýöne lap etmeýän bolsam, onuň diametri 75-80 santimetr dagy bardy. Ertir turan badyma, ýagtylykda bu nanyň tamdyryny synlamagy ýüregime döwdüm, emma ertir ýüz beren gülkünç wakalar tamdyra el ýeter ýaly etmedi...

Nahardan soň, biz öýden 30—40 metr uzaklykdaky tekiz çaýyrly meýdanda krowatlarymyzy gurup, peşehanada ýatdyk. Gündizki ýadawlyk zerarly, dessine uklap galypdyryn.

Daň bilen nähilidir bir hyşy-wyşa oýanyp, peşehananyň içinden seretsem, jaýyň gapysynda üç-dört sany aýal-gyz otyr, bizi oýatmajak bolup, köwşüni eline alyp, daraklygyna basyp geçen kempir hem olardan “aşgabatly doktorlaryň” ýanyna barmak üçin kimiň yzyndan nobatda durmalydygyny soraýar. Ýatan ýerimde gülüp hezil etdim.

Allowarrada motoryny goýup, yzyna çagaly aýalyny tirkäp gelýän erkege gözüm düşenden, men geýindim-de, Meredi oýatdym:

— Tur, gardaş! Irräkden başlaýmasaň, munça syrkawy bu gün käbul edip ýetişmersiň. Müşderileriň özüňe nesip etsin. Hany başla!—diýdim-de, ýuwaşja ýöräp, petde tokaýlarynyň içine siňip gitdim. Az salymdan Ženýa daýy yzymdan ýetdi. Hiç wagt gülmeýän, köp geplemeýän agras adam häzir weli gözüniň ýaşyny elýaglygy bilen süpürip gülýärdi. Olam nämäniň nämedigine göz ýetirip, Harediň ýeke özüni galdyrypdyr-da, jeňňele siňipdir. Biz säheriň salkyn howasynda biraz gezim etdik, ol ýerde-bu ýerde sülgünleriň jorkuldaşýan seslerini eşitdik. Bu tokaýda ýekegapan, Buhara suguny ýaly haýwanlar

hem bolmalydy. Emma biz olary görüp bilmän, yza dolandyk.

Ergeş aga "doktora" gelen myhmanlaryny ýola salyp, gülşüp oturan eken. Onuň gürrüňine görä, maşynyň nömerindäki "AŞA" belgisinden biziň aşgabatlydygymyzy bilip, ýeke derman bilen agyr derdi dep eden Meredi hem uly doktor hasaplap, bu ýerde oturan aýallar obadaşlaryna Ergeş mugallymlara uly doktoryň gelenligini habar beripdirler, ertir ir bilenem dertli görgülileriň köpüsi üstümize eňipdir. Biziň doktor däldigimizi bilebem lapykeç halda yzyna öwürlipdirler...

* * *

Ýola düşdük. Maşynyň zaýalanan haýsydyr bir şaýyny tapyp çalyşmak üçin, institutda menden bir kurs öňde okan, şol wagt bolsa Dänewiň etrap gazetiniň redaktory bolup işleýän şahyr Myrat Töräýewiň ýanyna sowuldyk. Ol telefon arkaly gerekli şaýy tapyp, şofýoruň ýanyna bir oglan goşup, MTS-e iberdi, biz bolsa Myradyň öýüne geldik. Bu ýerde Myradyň atasy, Durdy Gylyç, Ata Salyh dagy bilen birlikde halk şahyry diýen ada mynasyp bolan Töre şahyr hem bar eken. Gazet-žurnallarda goşgularyny okanam bolsam, Töre şahyryň özüni görmändim. Bir sagat çemesi gürleşip, onuň goşgularyny diňläp oturdyk. Sürüji gelenden soň, ýene ýola düşdük.

Ženýa daýy guma girmezden öň maşyna ymykly seretmegiň zerurdygyny, şonuň üçin ussahanalaryň birinde bir gün saklanmaga mümkinçilik bermegi haýyş etdi. Mämi Aganyýaz diýen garyndaşymyň we oba mekdebinde bile okan Aky Aganyýazyň şu ýerde ýaşaýandygy üçin, Garabekewüliň Üzümçilik sowhozynda saklanmaga makul bildik. Maşynam bejerildi, özümizem iki gün dynç aldyk. Halajyň Esenmeňli obasynyň deňinden guma girip, Çaskak, Garamätnyýaz şäherçeleriniň, Halajyň, Garabekewüliň, Türkmengalanyň ençeme guýularynyň üstünden geçip, üç günde Ýolöten suw howdanyna ýetdik. Gyr ýollarynda azaşyp, serhede çykan ýerlerimiz hem boldy. Ýolötende, Maryda birki gün saklanyp, Aşgabada geldik.

* * *

Daşoguz welaýatynyň galan etraplarynda iki işgär bolup, birnäçe aý iş saparyna gitmek arkaly şiwe materiallary ýygnaldy. Welaýatyň atlasyny möhletinde düzüp tabşyrdyk, ýöne şondan ýarym ýyl öň Soýuz akademiýasynyň tabşyrygy boýunça, öňki respublikalarynyň ählisinde milli şiwe atlaslaryny düzmek planlaşdyryldy. Türkmen şiweşynaslary hem diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem öňki soýuzyň ähli ýerinde ýaşaýan türkmen obalaryny öz içine alýan lingwistik atlasy düzmegi planlaşdyrdylar. Ýaşaýjylaryň şiwe aýratynlyklary we obalaryň aralary göz öňünde tutulyp, jemi 341 oba, şol sanda Türkmenistandan 274, Garagalpagystan we Özbegistandan 47, Stawropol ülkesinden 12, Täjigistandan 6, Astrahan oblastyndan hem iki sany türkmen obasy atlasa girizilmeli edildi.

Balkan we Daşoguz welaýatlarynyň atlaslaryna niýetlenip düzülen soraglar gözden geçirilip, olarda ýatdan çykarylan zerur soraglar bu gezeki programma girizildi, ähmiýetsiz hasaplanan ençeme soraglar bolsa aýryldy. Netijede, “Türkmen diliniň lingwistik atlasy” üçin 125 sorag (her sorag bir karta) alnyp, olaryň 28-si fonetikadan, 26-sy morfologiýadan, 71-si hem leksikadan seçilip alyndy. Soraglaryň täzeden düzülendigi üçin, atlasa öň material ýygnalan obalardan hem goşmaça maglumat toplamak planlaşdyryldy.

Atlas düzmek işi material ýygnamakdan başlanýar. Şonuň üçin bäş şiweşynas bolup, biz ýylyň dört, käwagt alty aýyny obalarda geçirdik, Türkmenistanyň ähli etraplaryny täzeden, beýleki respublikalardaky türkmen obalaryny bolsa ilkinji gezek aýlanyp çykdyk. Okyjylar üçin gyzykly bolar diýen umyt bilen men şol iş saparlarynyň käbirleri barada gürrüň bereýin.

## Orsyýete ilkinji raýat bolan ildeşlerimiziňkide

Demirgazyk Kawkazyň giň sähralarynda, Orsyýetiň Stawropol ülkesinde türkmenleriň ýaşaýandygy hemmä mälimdir. Olaryň obalaryndan maglumat ýygnamak üçin, men

1975-1976-njy ýyllaryň dowamynda üç aýlap şu türkmenleriň arasynda boldum.

Uzak ülke, meniň üçin ýat il. Oňa gitmek Türkmenistandaky obalara giden ýaly däl. Şonuň üçin bu iliň edim-gylymy bilen öňünden biraz tanyşmak üçin, ilki Sapar Kürenowyň "Demirgazyk Kawkaz (Stawropol) türkmenleriniň gepleşiginiň aýratynlygy" diýen kandidatlyk dissertasiýasyny we "Stawropol türkmenleri hem-de olaryň medeni baýlygy" (Aşgabat: Türkmendöwletneşir, 1962) diýen kitabyny okap çykdym, bu ülkede bolup gören Sapar Kürenow, Baba Weliýew, asly şol ülkeden bolan alym goňşularym, dosentler Şabanaly we Aýsenem Jumaýewler, ykdysady ylymlaryň doktory, professor Reýse Bakasowa dagy bilen hem gürrüňdeş boldum.

Stawropol türkmenleri baradaky köp sanly çeşmelerden we iliň ýaşulularyndan toplanan maglumatlardan çen tutup, halkymyzyň bu böleginiň taryhyny gysgaça şeýle suratlandyrmak mümkin.

XVI-XVII asyrlarda Maňgyşlak we Balkan sebitlerinde ýaşaýan türkmenleriň ýagdaýy gaty kynlaşýar. Töweregini gurşap alan şalyklaryň we hanlyklaryň, şeýle-de galmyk, nogaý hem-de gazak feodallarynyň nökerleri bu iliň üstüne ýygy-ýygydan çozup, ili has agyr güne salýar. Şonuň üçin Maňgyşlakda ýaşaýan çowdurlar,igdirler, abdallar we söýünjajylar Astrahana, Peterburga köp gezek ilçi iberip, Orsyýetiň raýatlygyna kabul edilmegini sorap, orus hökümetine ýüz tutupdyrlar. S.Kürenowyň ýazyşyna görä, ilkinji gezek 1653-nji ýylda Demirgazyk Kawkaza 1665 hojalyk göçüp gelipdir. Ýöne biz bu seneden öň hem şu etrapda türkmenler ýaşandyr çak edýäris, çünki, birinjiden, Maňgyşlak türkmenleriniň arzalaryndan olaryň Demirgazyk Kawkaz ýaýlalaryna beletdigi äşgär görünýär. Ikinjiden, 1564-nji ýylda Dinahmet Nogaý tarapyndan Iwan Grozna ýazylan hatda "Demirgazyk Kawkazda özüniň raýaty bolan türkmen ulusynyň ýaşaýandygy" görkezilipdir ( Продолжение древней Российской Вивлиофики, ч. XI.-Спб, 1801.-103, 110-111 с. ). Üçünjiden, Ipanow raýonynyň Aşaky Barhançak (Damak Agyl) obasynda ýaşaýan, 1897-nji ýylda doglan Jumaly Jangazyýewiň beren gürrüňine görä, bu ülkä türkmenler 1485-nji ýylda Edil

(Волга) boýlaryndan göçüp gelipdirler.

Türkmenleriň ululy-kiçili bölekleri bu ülkä soňam tapgyr-tapgyr göçüp baryp, olaryň sanynyň 18000 öýlä, jan sanynyň bolsa 90-100 müňe ýeten wagty hem bolupdyr. Olar ilki Astrahan töwereklerinde ýaýrap, soňra Kuma (türkmençe Kumi), Terek, Manyç, Kalaus (Gylawuz) derýalarynyň boýlaryna göçüp gelip, çarwaçylyk edipdirler. Şol döwürlerden başlap hem bu giň ýaýla Türkmensähra ("Туркменская степь") diýlip atlandyrylmaga başlaýar.

Türkmenler bu ýere göçüp gelensoňlaram özleriniň öňki çarwa däplerini saklap, gyşyna Kumi derýasynyň sag kenarynda ("gyşlagda") oturyp, ýazyna hem onuň çepine ("ýazlaga") göçüpdirler. Orua dilli ilat olaryň ýazlagyna Летняя Туркменская Ставка (" Tomusky Türkmen ýaýlasy"), gyşlygyna-da Зимняя Туркменская Ставка ("Gyşky Türkmen ýaýlasy") diýen resmi at beripdir, ol at kitaplara we kartalara hem girizilipdir. 1923-nji ýylyň 6-njy noýabrynda BMIK Prezidiumynyň karary bilen bu ýerde döredilen etraba-da Летняя Туркменская Ставка diýen adyň gysga görnüşi – Türkmen diýen at dakylypdyr. Bu raýon 1956-njy ýylda goňşy raýon bilen birikdirilýänçä, öz adyny saklady. Ýöne partiýanyň Stawropol ülke komitetiniň birinji sekretary bolup işlän, soňra SSKP MK-nyň sekretary bolan M.A.Suslowyň tagallasy bilen bu etrap 1970-nji ýylda ýene Türkmen ady bilen täzeden dikeldildi.

Demirgazyk Kawkaza göçüp gelen taýpalar bu ýerde hem öňki däplerini ýöredip, taýpa-taýpa bolup oturýarlar. Meselem, igdirler, esasan, Kumi, çowdurlar Gylawuz, söýünjajylar bolsa Manyç derýalarynyň boýunda ýaýlaýarlar.

Otly-suwly giň ýaýlada ýaşaýan maldar iliň içinden uly baýlar hem ýetişipdir. Meselem, geçen asyryň ahyrlarynda Musa hajy (ýerli ilatyň ulanyşy Mu:sa:jy) diýen baýyň ençeme müň goýny, ýüzlerçe düýesi, tohum sygyrlary, artezian guýusy, hatda ýeňil awtomaşyny hem bar eken. Onuň haşamly gowy jaýy we äpet bagy şu wagta çenli saklanyp, ol bag şu baýyň ýaşan Musahajyagyl obasynyň resmi suratda orusça Türksad (Туркменский сад, ýagny "türkmen bagy") diýlip atlandyrylmagyna sebäp bolupdyr (Lewokumsk raýonynda

ýerleşen bu obada häzir oruslar ýaşaýar). Şu ýerde Dawut atly ýerli şahyryň Musa hajynyň ölümi zerarly düzen bir agy-goşgusy bilen tanyşdyraýyn (goşgy Edilbaý obasynda 1900-nji ýylda doglan Eselbek Hajyahmedowyň dilinden ýazylyp alyndy):

*Ha, ýaranlar, musulmanlar,*
*Pany dünýä ýalan eken,*
*Şäherini aýra salyp,*
*Musa hajyn alan eken.*

*Suwly artezian guýusy,*
*Çöli tutan köp düýesi,*
*Awtomobiliň eýesi,*
*Onuň dünýäsi solan eken.*

*Artezianda bardyr bagy,*
*Üçuruwyň beýik dagy,*
*Garyplaryň ýüpek ýagy,*
*Onuň güli solan eken.*

*Ýylkysy ýylan bagyrly,*
*Guýusynyň agzy çygyrly (çarhly),*
*Moňraşan gyzyl sygyrly,*
*Mal eýesiz galan eken.*

*Atlary akgurt azuwly (azyly),*
*Öýleri Stambul ýazuwly,*
*Aty ýaryşda ozuwly,*
*Dal budagy (pudagy) solan eken.*

*Kafyr hyýaly ozupdyr,*
*Ömrüni gysga ýazypdyr,*
*Dawut taryhyny düzüpdir,*
*Dünýälermiz solan eken.*

Uzak asyrlaryň dowamynda Demirgazyk Kawkazda ýaşaýan nogaý, tatar, galmyk, gyrgyz, gazak, orus ýaly halklaryň wekilleri bilen ýakyn gatnaşyk edenligi, nogaýlardan, esasanam, tatarlardan gelin alanlygy Stawropol türkmenleriniň medeniýetine, diline öz täsirini ýetiripdir. Men bu ilde bolanymda, tatar ýa nogaý gelinli maşgalalara köp duş geldim, mekdeplerde höwesjeňleriň çykyşlarynda türkmen okuwçylaryň ökdelik bilen tatarça aýdym aýdyşlaryny we tans edişlerini (biýleýişlerini) hem synladym. Türkmenler bu goňşularyndan ençeme däp-dessurlary hem alypdyrlar. Meselem, nogaýlardan ýakasy dik, bili büzmekli uzyn erkek geýimlerini, tatarlardan naharlaryň dürli görnüşlerini, galmyklardan bolsa, galmyk çaýyny taýýarlamagy kabul edipdirler. Bu çaý gaýmak, mesge, gara çaý, owradylan dalçyn ( orusça korisa), jöwez (muskatnyý oreh) galamper (gwozdika), ynjyr (injiriň guradylany), kişmiş ýaly zatlar garylyp, ilki gazanda taýýarlanýar we litrlik şakäseler püre-pür doldurylyp, her kime bir käseden äberilýär. Ilkinji gezek bu ilde myhmançylykda bolanymda, Stawropolyň meşhur ak bugdaýynyň unundan öý pejinde elin bişirilen myssyjyk çörek bilen bir şakäse şeýle üýtgeşik çaýy içip, uzak günläp nahar küýsemän gezipdim.

Şu ýerde hut ýaňy-ýakynda, 1970-nji ýyldan soň Kawkaz halklaryndan geçen bir däp – gyz alyp gaçuw barada gürrüň bereýin.

Bu ýerdäki türkmenler öz tirelerinden gyz almaýarlar, çünki tiredeşler biri-birini dogan hasaplaýarlar. Beýleki tirelerden gyzly özi bilen gida bolnup, toýuň sähedi bellenensoň, gyz ýigit bilen tanyşýar, duşuşýar, sähetli güne sähel galanda-da, ýigit gyzy alyp gaçyp, ony birnäçe gün aýal doganynyňkyda ýa-da başga bir garyndaşynyňkyda saklaýar. Şol döwürde ýigidiň ene-atasy birnäçe ýaşulyny öýüne salyp, gyzyň öýüne ötünç soramaga gelýär (ýerli ilat oňa dileg diýýär). Özeksuwat obasynda bolanymda,15-20 kilometrlikde ýerleşen başga bir oba giden dilegçileriň arasyna goşuldym. Sylag-serpaý bilen ýedi-sekiz erkek we üç-dört aýal bolup, münen ýük maşynymyz gyzy gaçan öýüň gapysynda saklandy. Bu öý dilegçilige gelinjeginden

habarly bolmaga çemeli: howluda iki gazan nahar atarylypdyr, ähli ýeri syryp-süpürilip, myhmanlar üçin giň düşek ýazylypdyr. Howlynyň içinde-daşynda öz işine güýmenip ýören, iki-üç bolup gürleşip duran adamlaryň sany esli bolsa-da, biziň öňümizden çykan bolmady. Maşyndan düşüp, howla girdik, salam berdik. Görüşmeg-ä beýlede dursun, hatda salamymyzam almadylar. Çagyrylmasagam, ýaşulularymyz bilen boş düşege geçip oturdyk. Birazdan soň bir ýaşuly düşege geldi. Dilegçileriň iň ýaşulusy pessaý ses bilen oňa ýüzlendi, öz tentekleriniň bolgusyz iş edenligini, şonuň üçinem ötünç soramaga, dilege gelendigini mälim etdi. Ilki-ilki ýaşuly dilegçiniň sözüne pitiwa etmän, ýüzüni gyjakçynyň ýüzi ýaly kese-kese sowdy, ýöne däp boýunça aýdylmaly gowy sözler, haýyşlar ýerli-ýerden suňşurylyberensoň, ýaşuly gyzyň atasyny we ýene iki-üç ýakynyny ýanyna çagyrdy. Dilegçiler haýyş etdi, öý eýeleri ilki gödeksi gürleşdiler, soňra barha ýumşap, olaryň haýyşyny kabul etdiler. Dessine nahar çekildi.

Nahardan soň dutar getirildi. Öý eýeleriniň biri dutary gabyndan çykardy, kädisinden aýrylyp goýulýan ýedi perdeli sapy nurbat bilen kädä ykjam berkitdi-de, içegeden edilen ýogyn tarlaryny çekip, dutary düzdi. Ilki-ilkiler güňleç sesli dutary we onuň owazyna goşup, bokurdakda gaýnadylyp aýdylýan aýdymlary geňirgenenem bolsam, soň-soňlar oňa öwrenişip gitdim, gadymy ata-babalarymyzyň heňlerini we bokurdak owazlaryny gorap saklap, biziň günlerimize ýetiren bu bagşylary lezzet alyp diňledim.

Bagşy iki aýdym aýdyp, dutary we aýdymlar ýazylan depderi ýoldaşyna geçirdi (Stawropol türkmenleri ýasda aýdylýan agyly goşgulara aýdym, bagşylaryň aýdýan aýdymlaryna bolsa yr, ýyr diýýärler. Bagşylar aýdymy köplenç ýan depderlerinden okap aýdýarlar). Bu oturanlaryň aglabasynyň dutar çalmagy we aýdym aýtmagy ökdelik bilen başarýanlygyna haýran galdym.

Ýene meni haýrän galdyran zat, ol-da ilki görenimde dilege gelen topar bilen gyzy gaçan topar biri-birini tanaýan däldir öýdüpdim. Bu pikirim düýbünden nädogry bolup çykdy. Nahardan soň bu topardakylaryň ählisi atlaryny tutuşyp,

degişip-gülşüp garylyp-gatylyp gitdi. Bir ýerde bagşy diňläp, onuň häsini ýetirip oturan bolsalar, beýleki çetde içgä biraz kellesini ümezleden iki pyýada nämedir bir wagtky kinesini ýatlaşyp, “çowdur dawasyna” tutýardylar. Ol dawanyň yzy hem äbe-de-jübelik bilen gutarýardy. Geň ýeri, Boldumsaz çowdurlarynyň oturylyşyklarynda-da gülşüp, degşip, bagşy diňlenýän şol bir märekede iki topar bolup edilýän we soňy gowy gutarýan dawalary, sahnalary synlamak maňa miýesser edipdi. Ol şu iliň “çowdur dawy” (“dawasy”) diýen däbi eken. Üç-dört asyr mundan öň aýrylyşyp, biri-birinden has uzaklara düşen taýpadaşlaryň arasynda şol bir däbiň saklanyp galyşyny diýsene!

Geň galan zadym başga-da az bolmady. Toý töwiri galdyryldy, turulmazdan öňürti dilege gelenleriň ýaş ulusy ýene iki aýdan toý tutuljagyny, oňa öňünden habar beriljegini aýdyp, ýigidiň atasyna: “Hany, gyzyň süýt hakyny töle!” diýdi. Olam jübüsinden iki sany täzeje ýüzlük çykaryp, gyzyň atasynyň öňünde goýdy. Towşan Esenowanyň “Literaturnaýa gazetada” “Nälet siňen galyň” atly makalasynyň çykyp, Türkmenistanda galyňa garşy güýçli göreşiň gidýän, galyň alyp-berýänleriň käbiriniň tutulyp, türmä dykylýan zamanynda köpçülikde aç-açan galyň berilmegi meniň üçin gaty geňdi. Görüp otursam, ülkede diňe türkmenleriň arasynda saklanyp galan galyň (süýt haky, süýt paýy) tölemek däbi aç-açan edilýän eken. Ýöne ýaşulular gyzyň galyňy üçin kesgitli nyrh – göni 200 manat kesipdirler. Düzgünden çykyp, 250 manat galyň alanyň üstüne ýaşulular üýşüp, “Sen Türkmenistanyň agyr galyňyny bu ýere-de getirjek bolýarmyň?” diýip, oňa berk käýäpdirler we artyk alan 50 manadyny öz ýanlarynda galyň töläne gaýtaryp bermäge mejbur edipdirler.

Maşyna münenimizden soň, men toýuň näme üçin iki aýdan soňa goýulýanynyň sebäbini soradym. Bu ilde islendik wagty: gyz gaçyrylyp getirilen badyna-da, dilege gidilmezden öňem, soňam, hatda gelen gelniň çagasy bolansoňam toý ediberýän ekenler.

* * *

Mangyşlakda türkmen taýpalarynyň çowdur birleşigine giren igdir, söýünjajy we çowdur diýen üç sany uly taýpa türkmenleriň içinde ilkinji bolup Orsyýet raýatlygygyny meýletin kabul edenem bolsa, olaryň güzerany bu toprakda-da aňsat bolmaýar. Orus häkimiýetleri türkmenleri galmyk jemgyýetine goşup, galmyk hany Aýuke hana tabyn edipdirler. Netijede, olar hem orus, hem galmyk häkimleri tarapyndan iki taraplaýyn ezilipdirler. Üstesine, Orsyýetiň gazaply gyşyna taýýar bolmadyk çarwa hojalygy galyberse-de, täze Watanda bu halkyň depesinden inen mergi, ysytma, hakym ýaly elhenç keselleriň epidimiýasy bir wagtlar jan sany ýüz müňe ýeteňkirlän türkmen ilatynyň üzül-kesil kemelip, geçen asyryň aýaklarynda 12—13 müňe çenli azalmagyna getiripdir.

Orus häkimiýetleri bu türkmenleriň köp asyrlap dowam eden göçme çarwa durmuşyny üýtgedip, olary zor bilen oturymly etmek syýasatyny hem ulanypdyrlar. Ilkinji gezek 1863-nji ýylda ýokary Barhançak (ýerli türkmençe ady Baş Agyl—“baş oba”) obasy, soňra beýlekiler oturymlylyga geçirilýär. Oturymly ýaşaýşa ukyby, ýekeje-de oba hojalygy guraly bolmadyk çarwa ilaty üçin zor bilen girizilen täze ýaşaýyş düzgüni türmeden enaýy däl bolsa-da, ol muňa kem-kemden öwrenişmäge mejbur bolýar.

Sowet häkimiýeti ýyllary içinde-de ülkedäki türkmenleriň ýaşaýyş durmuşy we obalarynyň medeniýeti beýlekileriňkiden pes bolmagynda galypdyr. Meselem, oruslaryň we tatarlaryň obalary asfalt düşelen ýolly, trotuarlyy, klubly, kinoteatrly, öýleri suw kranly, kaşaň mekdepli, radioly bolsa, türkmen obalarynyň köpüsinde bu zatlar ýok, girdejilerem juda az eken. Şonuň üçin meniň baran ýyllarymda bu ildeşlerimiziň arasynda maşynly, motorl-a däl, eýsem telewizorly öýe-de juda seýrek duş geldim.

Giň giden ýapgytlaryň we düzlükleriň jümmüşinde, biri beýlekisinden esli uzaklykda ýerleşen bu obalarda meni köplenç ýeke at goşulan iki tigirli arabalarda äkitdiler.

Bir wagtlar türkmen çagalarynyň okaýan mekdeplerinde

4-nji klasa çenli türkmen dilinde okadylan bolsa, meniň bu ülkä aýlanan ýyllarymda ene dili ders hökmünde-de mekdep programmasyndan aýrylypdyr. Türkmen (has dogrusy, ýerli türkmen) dilinde çap edilen "Lenin baýragy" (baýdagy) atly gazet hem ýatyrylypdyr. Diňe Türkmenistan döwleti Garaşsyzlygyny gazanandan soň, ýene başlangyç mekdeplerde Türkmenistandan iberilýän okuw kitaplarynyň we maksatnamalarynyň esasynda okuwlar türkmen dilinde okadylyp başlandy (Dünýä türkmenleri.—A." Ruh, 1994.—"Stawropol türkmenleri" diýen bölüme serediň).

Men bu ülkä ilkinji gezek ylmy iş saparyna gelenimde, Stawropol şäherinde ülke ispolkomynyň başlygynyň birinji kömekçisiniň kabulhanasyna baryp, oňa özümiň näme iş bilen gelendigimi aýdyp, türkmen obalarynda işlemäge ýerli häkimiýetleriň ýardam etmegi üçin görkezme bermegini hem haýyş edipdim. Ol şeýle haty berip, yza gaýdyşda-da ýanyna gelip geçmegi tabşyrdy. Soňky duşuşykda men oňa türkmen obalarynyň ýagdaýy, iliň ýaşaýyş derejesiniň beýlekilerden pesdigini gizlemän aýtdym. Kömekçi maňa şeýle ýaşaýyş üçin türkmenleriň özüniň günäkärdigini, çünki olaryň obalarynyň geljegi ýok ilatly punktlar hasaplanýanlygy üçin, ol obalarda tipli mekdep, asfalt ýol, radio, klub, magazin, suw krany ýaly medeni gurluşyklaryň geçirilmeýänligini, şäher tipli uly obalara göçmäge bolsa türkmenleriň razy bolmaýanlygyny gürrüň berdi.

* * *

Häzirki wagtda Stawropol ülkesiniň Ipatow, Türkmen, Arzgir, Blagodarnensk we Neftekumsk raýonlarynda jemi 18 sany türkmen obasy bar. Olaryň atlary şulardyr: Tomus Stawka, Çur, Maştakgulak, Sarygamyş (oňa Çöňkeý we Şarahalsun hem diýilýär), Ýaňyguýy (Kulikowy-Kopani), Saban-Antusta, Edilbaý, Başanta, Ýusupgulak, Baş Agyl (Ýokary Barhançak), Damak Agyl (Etekki Barhançak), Özeksuwat, Deşikli (Abdylgazy), Jelal (Mahaç), Gapgaç, Myrzabek, Mahmytmekdep, Ulybyýurt.

1989-njy ýylyň maglumatlaryna görä, bu obalarda 16 müň çemesi türkmen ýaşaýar. Men olaryň ählisinden ýerli gepleşige, etnografiýa, ýer-ýurt, tire-taýpa, we adam atlaryna, halk döredijiligine hem-de urp-adatlaryna degişli material topladym. Şolaryň esasynda bu ildeşlerimiziň ata watanyndan üç-dört asyr mundan öň aýdylanlygyna seretmezden, olaryň milli däp-dessurlarymyzy, gadymy edebi we medeni nusgalarymyzy gowy we üýtgewsiz saklanlygyny ynamly aýdyp bilerin. Meselem, türkmen dutary hem geçmişde edil goňratlaryňky ýaly perdesiz bolup, tary içegeden edilipdir, soňra ýüpek, ahyrda-da simtara geçilipdir diýen gürrüň bar. Stawropol türkmenleriniň dutary bu milli saz guralymyzyň içege tarly we 7 perdeli döwrüni üýtgetmän saklapdyr (häzirki dutarlaryň 13 perdesi bar). Diýmek, türkmeniň geçmişini, edebi we medeni mirasyny öwrenýänler üçin bu türkmenler gymmatly hazynadyr.

Bu iliň urp-adatlaryndan ýene birisi barada gürrüň bereýin. Köp türkmen taýpalarynda bolşy ýaly, Stawropol türkmenleriniň gelinleri hem gaýynlaryndan we ýaşululardan ýaşynýarlar, gaýynlarynyň atlaryny tutmag-a beýle-de dursun, hatda olar bilen atdaşlaryň atlaryny hem agza almaýarlar. Şeýle atdaşlara gelinler “a:dy gy:n a:ga” ýa-da “a:dy gy:n da:ýy” diýip ýüzlenýärler.

* * *

Stawropol türkmenleriniň şahyrlary we şahyrana döredijiligi, olaryň arasynda ýörgünli bolup, bagşylar tarapyndan köp aýdylan “Görogly”, “Döwletýär”, “Terekemli-Hemra”, “Aşyk Garyp”, “Bahtymguly” (Magtymguly Pyragy hakynda), “Abdyrahman”, “Bendimämmet”, “Ýusup-Ahmet”, “Ymam Mäti” ýaly dessanlar, şeýle-de atly bagşylar barada Sapar Kürenowyň ýatlanan kitapçasynda ymykly gürrüň edilýändigi üçin, bu ýerde olar barada gürrüňi uzaltmakçy däl. Diňe bu iliň öz bagşylaryna bolan uly hormatyny aňladýan şeýle bir täsinlige ünsüňizi çekeýin.

Özeksuwat (Aşaky we Ýokarky Özeksuwat), Deşikli, Jelal,

Gapgaç, Myrzabek, Mahmytmekdep, Ulybyýurt diýen türkmen obalaryny öz içine alýan etrabyň merkezi Neftekumsk şäherinde Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň hatyrasyna bir ajaýyp ýadygärlik gurlupdyr. Ýadygärligiň ortasynda iki ýigidiň: pilotkaly türkmen we tuwulgaly (kaskaly) orus esgeriniň kellesi şekillendirilen we belentligi 7 metr bolan äpet heýkel howalap dur. Türkmen esgeriniň şekiline 1940-njy ýylda Deşikli obasynda doglan we il içinde hormatlanýan bagşy Arfapolat Toýlymuhammet ogly Kartalyýew nusga bolupdyr. 1975-nji ýylyň oktýabrynda men bu bagşy bilen öz obasynda ýörite duşdum we aýdymlaryny diňledim. Ol birnäçe gezek Aşgabada gelip, telewideniýede çykyş hem etdi.

Aşakda biz Demirgazyk Kawkaz türkmenleriniň heniz çap edilmedik nakyllaryndan we şiwe sözlerinden käbirlerini getirmegi makul bildik (olardaky uzyn çekimlileriň yzyna iki nokat goýuldy, ýe, ýo, ýu, ýa goşma çekimlileri bolsa iki harp arkaly berildi).

*Nakyllar:*

A:galy ini:niň I:njisi başga, ekejili uýa:nyň sewi (sesi) başga.

Agsak alsaň, sag dogar, tentek alsaň soý (ýakynyňy, neberäňi) kowar.

Aýrylmagyl höwrüňden, golu:ň ta:ýmaz (aýrylmaz) böwrüňden.

A:k niýetli:niň aty a:rmaz, do:ny tozmaz.

A:lysdaky:nyň aty ozandan ýowukdaky:nyň (ýakyndakynyň) taýy ozsun.

A:lys ýeri ýowuk (ýakyn) eden at—öwlüýä, ýat ýeri tanyş eden gyz—öwlüýä.

Ana:mda bolsa dilä:rin, a:ýa:mda bolsa ýala:ryn.

Anasy gaşganyň (sakaryň) balasy burnak.

Ata—ýezne, ana—gazna.

At bilä:ni oýnan taýyň arkasy ýagyr bolar.

Aş dileme, di:ş dile.

Berene bä:ş köp, alana alty a:z.

Gelin ýüzün ýaşyrar, sesin da:gdan a:şyrar.

Bu:gartma:m a:z bolsa-da, gä:girtmä:m (düýe çalym) köp bolsun.

Buka:nyň (döl öküziň) haramzadasy buzawyň (göläniň) a:rasynda ýatar.

Ga:n çykanyny garga biler, ja:n çykanyny—molla.

Gezegen endige (öz howlusyna) gelmez.

Gelne garadyň—keri (yza) garadyň.

Goýun hürken (ürken) ýerine ýaýylmaz.

Gözüň a:gyrsa, eliň dyý (ýyg), içiň agyrsa—agzyň.

Göýmet (düwünçek, sowgat) istä:p görüşmez.

Gyryna (daşyna) çyksaň, içine gi:rme.

Doganyň ýitigin y:zlaş, tapylsa, ne ýagşy, tapylmasa, göwnüne ýagşy.

Dogdugyna begenme, gurdugyna (ýaşadygyna) begen.

Düýesi bolan ýu:rt a:ç bolmaz.

Dul na:ça:ryň üstünde tulum ýa:ly söz bar.

Dul na:ça:ryň üstüne Buharyň iti syçar.

Il agzyna elli arşyn bö:z (biýz) ýetmez.

Iňňe-de ny:ýaz (aýdylan sadaka), inen-de (düýe-de) ny:ýaz.

Ýa:g iýen a:la garga, ýaşyk (maslyk) iýen gara garga—ikisi-de ýa:zda deň.

Ýalym a:z bolsa-da, ýalagym gi:ň bolsun.

Ýarly (garyp) ýamanar-da guwanar.

Ýatanyň sepgeli (zyýany) turana deger.

Kiçkeý (kiçi) baýram-da garny doýrar.

Kişi aty derçeň (derlegiç), kişi do:ny kirçeň (kirlegiç).

Köp ýaşyň arasynda bir gart (garry, çal) sä:ne (sähne) boladyr, köp gartyň a:rasynda bir ýaş dä:ne (dana) boladyr.

— Nesi:p, kandan geýetirsiň? (gelýärsiň).

— Agzaladan geýetirin.

— Nesi:p, kanda baýatyrsyň? (barýarsyň).

— Agzybi:re baýatyryn.

Ogul dogana gün dogar.

O:ýda bol, gyrda bol, berdejizüde (baharyň 10 gününde) öýde bol.

Özüňi da:lda (ýadaw) bilseň, ýo:ldaşyňy öldi bil.

Sa:banda (ekişde) saýraşsaň, yndyrda (harmanda, çäç wagtynda) yňryşarsyň (eňreşersiň).

Sök (dary) aşa ynanyp, a:lys gitme.

Suw so:ra:n çelegin ýaşyrmaz.

Sygyr şekeriň tagamyny bilmez.

Tükenjek goýun tükün (tüýün) iýer.

Her zyýa:n—bir öwüt.

Edil (Wolga) gargasy Edile uçar, ýaýyk (Ural derýasy) gargasy — Ýaýyga.

Eşege dakylan (ýa-da eşegiň gazygyna daňylan) at osurak bolar.

## Stawropol türkmenleriniň şiwe sözleri

Demirgazyk Kawkaz türkmenleriniň gepleşigi häzirki türkmen edebi dilinden onçakly tapawutlanmaýar we ömürboýy Türkmenistanda ýaşap gelýän öz taýpadaşlarynyň — igdirleriň, çowdurlaryň, söýünjajylaryň we abdallaryň gepleşigi bilen, esasan, meňzeşdir. Üstesine, XI asyryň görnükli dilçisi Mahmyt Kaşgarynyň “Diwanynda” getirilen gadymy türkmen sözleriniň bu iliň gepleşiginde bir wagtky durkuny üýtgetmän saklap, ony biziň günlerimize ýetirendigini aýtmalydyrys. Meselem: **suwlat, ýaşyk, gatran, üwemek, ga:law, goýan, büýnüz, sançgy, torgaý, emçi, ga:bak, soý, syrlamak** we başgalar (bu sözleriň manysy aşakda düşündirilýär).

Öňde ýatlaýşymyz ýaly, töweregini gurşap alan beýleki türki we türki däl halklar bilen ýygy gatnaşyk netijesinde bu iliň gepleşigine edebi dilimizdäkiden üýtgeşik sözleriň ençemesi aralaşypdyr. Bu bolsa Stawropol türkmenleriniň gepleşiginiň Türkmenistandaky taýpadaşlarynyňkydan biraz tapawutlanmagyna getiripdir. Bir mysal. Türkmenistandaky çowdurlarda we igdirlerde gelinler gaýynlaryna olaryň adynyň yzyna **aja** (“eje”) we **ä:ke** (“ata”) sözlerini goşup ýüzlenýän bolsalar, olaryň Stawropol ülkesindäki garyndaşlarynyň gelinleri **ata:m**, **ana:m** giýewleri bolsa **ataý**, **anaý** diýip ýüz tutýarlar. Bu iliň gepleşigini ymykly öwrenmek arkaly, biz bu

ýerde ýaşaýan üç taýpanyň arasynda hem dil nukdaýnazaryndan käbir tapawutlaryň bardygyny ýüze çykardyk. Meselem, uly aýal-gyz doganyna (umuman, özünden uly aýallara) çowdurlar **tota**, igdirler **aja**, söýünjajylar hem **afa** diýýärler. Ýene-de mysallar: **çä:je** (söýünjajy), **kelnafa** (igdir) – “gelneje”; **ka:ka** (çow., söý.) **kä:ke** (çow.) – “aga”; **ata/ä:ke** (söý.)/ **dä:de** (çow.) – “kaka” (отец); **ba:gjyk** (söý.)/ **püti** (igd.) – “bagjyk” we ş.m.

Indi Stawropol türkmenleriniň edebi dildäkiden tapawutly sözleriniň käbirini sanap geçeliň. Kese çyzykdan soň onuň manysy getirildi. (Okyjylaryň dykgatyna: Stawropol türkmenleri s,z seslerini orus dilindäki ýaly, ýagny dili dişlerden daşary çykarman aýdýarlar, h sesi hem ysgynsyz, bogaz diwarlary biri-birine ýakynlaşdyrman aýdylýar).

A:gyl—oba
A:daw— ýatlamak
Azbar—howly
Aýuw—aýy
Arakçyn—tahýa
Aruw-a) gözel, b) nagyş, keşde
Atan—biçilen düýe
Aş gaýtaru—womyn, töwir etmek
Ba:ba—kakanyň we ejäniň kakasy
Bagana—gara öýüň zat asylýan sütüni
Ba: gtakar—bilek
Ba:z-çöp—çalamdan edilen agyl
Baýrak—baýdak
Bakla:n/batryja:n-pomidor
Baky—rmis
Balçy:wyn—balary
Bargy—baýrak
Basamak—merdiwan
Buruntyk—göle emip bilmezligi üçin, onuň burnunyň üstüne daňylýan çitenekli demir
Büýnüz—şah
Ga:bak—kädi
Gadak—çüý
Gaýraw—ýiteltmek, kesgir etmek
Ga:law—örmek (kerpiç)
Galak—susak
Gapdal—don
Garabugdaý-rož
Gart—garry erkek, ýaşuly
Ga:rşan-möjek, gurt, böri
Gasmak—kesmek (gazanda)
Gatran—smola
Ga:fa—ganjyk
Gaşykbörek—börek
Genje—iň kiçi çaga
Goýan—towşan
Gö:bek-külçe
Gö:nesuw-simap

Batmak—batga
Belkenek—tüýi ösgün bagana
Biýlew—tans etmek
Bö:rük-a) telpek: b) aýallaryň baş gaby
Bugy—sugun
Buýrat-egin, ýapy
Bu:kir/sa:wan—plug
Gu:rtga—garry kempir
Gutulmak-gutarmak
Gyr-a) daşary; b) aýak ýoly
Daz—kel, saçsyz
Dasdar—gyňaç
Da:şgalja-şakäse
Deki:n—mugt
Derin—çuň
Dönen—ýaş at
Dyýuw—ýygmak, çäklendirmek
Jilwe—ýap, joýa
Jöwez—agzyň ysyny
Jylby—ratyň ala ýüpi
Iýew—pyýada
Irge—biçilen goç
Ýawyşgan(ýowşan)-çak -jagunduz
Ýagşy ýo:la bar—ýoluň ak bolsun; sag bol
Ýalçy—gul, günlükçi.
Ýa:r—jar
Ýarly—garyp
Ýaşyk—maslyk; porsy et
Ýez—bürünç (bronza)
Ýow-garyndaş
Ýowuk-ýakyn
Göçme—lgöçme, çarwa
Gulak—käl
Gurgaşyn-gurşun
Gurdaş-ýoldaş, dost (oglan)
Gurmak—ýaşamak
Kençir—esgi, letde
Kep 1—gäp, şekil
Kep 2—saman, üweýän stanok
Kepli—ýagdaý
Ker—iyz,arka tarap
Kesek—bölek, bölüm
Kirşensa:byn-el sabyn
Kişen—atyň üç aýagyna aýyrýan hoz salynýan duşak (orusça muskatnyý oreh)
Köwül—şetdaly
Köküş—hindi towuk, indýuk
Körfe—tüýi ösen bagana
Kürt—possun
Kürfek—bagana
Maňkaýafalak-çopanaldar (guş)
Maşdak—pes, kelte, gysga
Minder—düşekçe
Mysafyr—myhman
Oýuw—keçäniň gaýmasy
Orman—tokaý
Ö:gürmek—gygyrmak
Örnek-nagyş, keşde
Peremeçe—etli börek
Piçen—malyň iýýän oty
Pyşlak-peýnir
Päpi-ördek
Sa:ýyl-gedaý

Ýogurt-gatyk
Ýuwan-uýan
Ýük-üstli-üstüne basylyp goýlan düşek
Ýükek-käse ýäşigi
Ýylga-käl, saý; jülge
Ýyr/yr-aýdym
Keneta:ndan-birdenkä, duýdansyz
Sokuw-a) urmak (tiken), Çakmak (ary, ýylan); b) surat almak
Sokurzurman-körmüş, köralaka
Sök-dary ýarmasy
Sywa-mazar
Sy-hormat
Syýa:l-üçin, ötrin
Syrganawuk-taýgançak
Syrlamak-reňklemek kysymly gamçy
Ta:babörek-börek
Ta:ý-gaç, git, ýit, güm bol
Tahyl-oňat
Tebe-depe
Tereze-äpişge, penjire
Terek-daragt
Til, tel-sim
Towa:n-saman
Torgaý-serçe
Totowur-kiçi käse; okara
Türi-pil, kepje
Tä:rimöý-gara öý
Uw-awy
Urluk-tohum
Sançgy-naýza
Saçmak-ekmek (ekin)
Selkinjek-hiňňildik
Senek-çarşak, wilka
Seçen-dile çeper, dilewar
Soý-kowum, garyndaş
Çara-kersen
Çarh-beden
Çeki:n-çanli, deňeç
Çekir-göz
Çekki-terezi
Çelgi-wagtlaýyn saman agyl
Çerindilik-malyň iç ýagy
Çetlewük-çigit
Çipiý-jüýje
Çewçe-käse
Çölmek-çerepisa,şifer
Çu:rtgy-at üçin çybyk
Şelik-daça
Şirä:-üstüne ýorgan goýulýan telär
Şugundyr-käşir
Şyba:n-merinos (goýun)
Yndyr-harman
Yryz-wyždan
Eje-mama
Eýrek-aşlanan derini ýumşatmak üçin ulanylýan agaç
Ekeji-uly aýal (gyz) dogan
Elli iki-merhumyň aş sadakalarynyň biri (onuň1-i,3-i,7-si, 40-y,52-si, ýagny süňňüniň dargan güni,100-i we ýyly bellenýär).

Üwemek-üýşürmek
Ülken-uly, ullakan
Üremek-zaýalamak,zaýalanmak
Hozow-eke
Ho:la-alýuminiý
Ho:latelsek-alýuminiý jam
Hotan-agyl
Höre-malyň öň aýagynyň sagyna, art aýagynyň çepine urulýan duşak
Ça:na/şa:na-garda typylýan sanýa
Elteri-bagana
Ernew-ýalta
Esrik-mes, pýan
Emçi-tebip
Epmek-çörek, nan

## Astrahan türkmenleriniňkide

XVI-XVII asyrlarda Maňgyşlakda we Balkan töwereklerinde dürli sebäplere görä ýaşaýşyň agyrlaşanlygy üçin, iri türkmen taýpalarynyň suwly ýerlere, taýpalaryň çowdur birleşigini degişli igdirleriň, çowdurlaryň we söýünjajylaryň hem Demirgazyk Kawkaza göçmekleri netijesinde, Hazaryň kenarynda galan abdallaryň, igdirleriň we beýleki az sanly iliň güzerany has erbetleşýär. Şonuň üçin bular hem (esasan, abdallar we igdirler) Astrahana aralaşýarlar. Ýöne orus häkimiýetleriniň belli bir ýeri bölüp bermänligi, hatda ýerli ilatyňky ýaly jaý gurmaga-da rugsat bermänligi üçin, olar ýerdölelerde (behitlerde) ýaşap, Maňgyşlak-Astrahan aralykdaky ýaýlalarda göçüp-gonupdyrlar. Diňe 1912-nji ýyldan soň bu türkmenlere agaç, kerpiç jaý salmaga, ýylky, gara mal saklamaga rugsat berilýär, emma gök ekinlere we baglara zyýan edýär bahanasy bilen, olara öwrenişenje mallaryny — düýe we goýun-geçi saklamak gadagan edilýär (A Jykyýew.Astrahan türkmenleri.-Dünýä türkmenleri.-A.:Ruh, 1994.-115 s.).

1976-njy ýylyň sentýabr aýynda bu tükmenleriň arasynda ylmy iş saparynda bolanymda, olaryň ýaşululary öz ata-

babalarynyň bu ýere 1825-1845-nji ýyllar töwereginde göçüp gelendigini aýtdylar. Şonda abdallar Wolganyň çep kenarynda ýerleşipdirler, bu ýerde öňden ýaşap ýören tatarlar, nogaýlar, gazaklar we türkmenler olaryň obasyny Türkmenagyl, oruslar bolsa Turkmenka diýip atlandyrypdyrlar. Häzirki döwürde bu obada 5-6 hojalyk türkmen galyp, beýlekileri Zasarewo (türkmençe Tieksuw) derýasynyň boýuna göçýärler. Bu ýerde Funtowo-1 we Funtowo-2 diýen türkmen obalary emele gelýär, ol obalar Astrahan şäherinden 20 km günorta-gündogarda ýerleşýärler. Igdirleriň ýaşaýan Atal obasy bolsa bu şäheriň 17 km günortasynda, Gyzan derýasynyň ýakasyndadyr. A.Jykyýewiň maglumatyna görä, bu ýerde abdallaryň jan sany takmyn 1200, igdirleriňki bolsa 600 çemesi adamdyr.

Astrahan (Hajytarhan) türkmenleri hem, edil Stawropoldaky ildeşleri ýaly, şol bir taýpalat birleşigine girenligi üçin, bularyň däp-dessurlary-da, egin-eşigi-de, naharlary-da, dilleri-de, esasan, birdir. Ýöne weli bularyň Türkmenistandan iki asyr soň gaýdanlygy, häzir hem Stawropol türkmenleri bilen däl (asla olar Stawropoldaky garyndaşlaryny bilmeýärler), eýsem Daşoguzdaky we Şagadamdaky taýpadaşlary bile ýygy gatnaşyk saklaýandygy sebäpli, bu iki garyndaş toparlaryň arasynda käbir tapawutlar hem göze ilýär. Meselem, Stawropol türkmenleri çörege epmek/etmek diýýän bolsa, Astrahan türkmenlerde nan sözi ýörgünlidir. Soňkularyň öý goşlarynda, düşek-ýassyklarynda, keçeleriniň (kiýizleriniň) nagyşlarynda, aýallarynyň şaý-seplerinde Türkmenistanda ýaşaýan garyndaşlarynyňky bilen umumylyklar has köp, ýöne bularda gelin üçin galyň tölenmeýär, galyň ýerine mähir diýen at bilen gyzyň ene-atasyna az mukdarda pul berilýär.

Men bu ilde bolanymda, ýaşuly nesliň dini däp-dessurlary gowy berjaý edýänligine göz ýetirdim. Her uly obada, kiçi obalaryň iki-üçüsinde bir metjit bolup, onda diňe namaz okalman, eýsem nika gyýmak, merhumlara jynaza okamak, täze doglan çaga azan aýtdyrmak ýaly zatlar hem şolaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Munuň üçin metjidiň gaznasyna diňe bellenen mukdardaky puly töläp, mollany alyp gaýdybermeli

eken. Atal obasynda bolanymda, maňa goňşy obadaky metjitde juma namazyna gatnaşmak miýesser etdi. Ýuwnup-ardynyp, toý eşiklerini geýnip gelen müňden gowrak erkek adam galyň düşeklerin üstünde ýaý berip, tertipli oturdylansoň öňdäki üç sany ymama eýerip, namaza durduk. Namazyň yzyndan pul sanamak üçin her obadan üç-dört adam saýlanyp, olaryň oturan märekäniň hatarlaryny aýlanyp, ilki ýokary dini gurama üçin, soňra-da metjit üçin pul ýygnadylar. Hakyň ýoluna aýdylan pullary hem metjide berýän ekenler. Myhman bolan öýümiň eýesi Zulbuhar Şadurdyýewiç Edgerow bilen metjide ugramazymyzdan öňinçä goňşy aýallaryň birnäçesi sadaka aýdan pullaryny metjide tabşyrmagy haýyş edip, oňa gowşurdylar. Namazdan soň ýokary dini gurama we metjit üçin ýygnalan pullary obalardan saýlanan adamlar sanap, resmileşdirip, metjidiň gaznasyna tabşyrýan ekenler.

Bu ilde-de, Stawropol ülkesinde-de remezan aýlarynda maňa Ýaremezana gezýänleri synlamak, öýleri gezip, olaryň aýdýan Ýaremezan sanawaçlaryny diňlemek miýesser etdi. Ýöne bularda Ýaremezana Şaremezan diýilýär. Aýyt baýramçylygynda her öýde uly saçak ýazylyp, üsti dürli-dürli ir-iýmişden, öýde taýýarlanan süýjüliklerden doldurylýar. Erkek adamlar bolsa 5-6 bolup, bir ýaşulynyň ýolbaşçylygynda öýlere aýlanyp, doga-töwir edýärler.

Wolganyň aşak akymynda, gyzyl balyklaryň iň köp ýerinde ýaşaýanlygy we balyk tutmak bilen meşgullanýandyklary, gök ekinlerden hem gowy hasyl alýandyklary üçin Astrahan türkmenleriniň durmuşy, girdeýjisi Stawropoldaky garyndaşlarynyňkydan görnetin gowy. Şonuň üçinem bu ilde gurplulygyň nyşany bolan maşyn, motorly gaýyk, motosikl, telewizor ýaly zatlary her öýde diýen ýaly görmek bolýar.

Astrahan türkmenleriniň edebi dildäkiden tapawutly sözleriniň aglabasy Stawropol türkmenleriniňki bilen meňzeşdigi we olaryň öňde getirilendigi üçin, bu ýerde biz diňe şu türkmenleriň özüne mahsus bolan we Stawropol ülkesinde duş gelmedik az sanly sözleriniň sanawyny bermekçi (bu ýerde-de uzyn çekimliler iki nokat bilen bellendi). Ol sözlere üns beren

her bir okyjy Astrahan türkmenlerinde balykçylyga degişli adalgalaryň ösenligine, hatda tulen, sewrýuga, ýakor ýaly orus sözleriniň aslynyň hem bu etrapdaky iliň düwlen, şewrik, jakyr sözlerindendigin göz ýetirse gerek.

## Şiwe sözleri

Ajä-ýeňňe
Aýlak-örän
A:rky-aňyrky
Argyç-açar
Baka-gurbaga
Böten-başga
Burjak-sübsejöwen
Ga:zanöý-aşhana.
Gapga-derweze
Go:ra-mellek
Gö:kça:ý-süýtli gara çaý
Gyrtowuk-sülgün
Gä:ne-sakyrtga
Darmak-derýanyň goly, goşandy
Düwlen-tulen
Düýetowuk-indýuk
Dä:de-a) ata, b) baba
Jakyr-ýakor
Jyr-aýdym
Ýeýöw-pyýada
Ýöňke-a) tal, b) tal çybygyndan bejerilen sübse
Kartep-kartoşka
Balga:bak-palawkädi
Bataga-basaga, balyk işlenýän ýer (promysel)
Kiwit-dükan, magazin
Kukuk-ikatýok
Kä:ke-kaka
Myşyk-pişik
Nebit/ýylym-tor (orusça newod)
Özek-arna
Suwluk-polotense
Tagtabet-öz içindäki topçan
Tefe-potolok
Tiýek-teý, ast
Uwak-maýda, ownuk
Uýa-a) uýa, kiçi gyz dogan, b) ini, w) höwürtge
Ha:lly-gurply
Hortma-balyk (beluga)
Çagala-çarlak
Çiýa:n-leňňeç
Şewrik-sewrýuga.

## Täjigistan (jylyköl) türkmenleriniňkide

Täjigistandaky Jylyköl ilini bilmeýän, onuň adyny eşitmedik adam tutuş Lebapda tapylmasa gerek. Bu ada

ýaşlykdan meniňem gulagym öwrenişipdi. Goja Jeýhunyň iki ýakasynda Jylykölde garyndaşy bolanlar, oňa gidip gelýänler, hatda ol il bilen gudaçylyk gatnaşygyny edýänler hem az däldi.

1975-nji ýylyň maý – iýun aýlarynda 30 günlük iş sapary bilen Jylyköle gitdim. Aşgabatda ýaşaýan ykdysadyýetçi alym, asly Jylykölli Hudaýberen Garaýewden barmaly ýerlerimiň salgyny alyp, ilki Duşenbä, ondanam awtobusly Gorgandepä geldim. Jylykölüň üstünden geçip, Penç şäherine gidýän awtobusa münübem salgy berlen Jarýaka obasynyň deňinde düşüp, brigadir Aky Hudaýýaryň öýüni sorap tapdym. Hudaýbereniň hat üsti bilen habar berenligi üçin, Aky meniň geljegimi bilýän eken. Tanyşlyk we salam-helikden soň Aky meni atasy Allaberen aga bilen goýup, özi işine gitdi.

1904-nji ýylda Halaç etrabynyň Pelwert obasynda doglan Allaberen Hudaýýar 1927-nji ýylda Jylyköle göçüp gelipdir, Täjigistanda partiýa mekdebini gutaryp, ilki Jylyköl raýispolkomyna, soňra-da 16 ýyl şu kolhoza başlyk bolupdyr[1] Köp zatdan habarly, Jylyköl türkmenleriniň taryhyna belet bu ýaşuludan, naý (gargy tüýdük) we dutar çalýan sazanda bagşy Allaberdi Ýoldaşdan[2] , şeýle-de goňşulary batyl bagşy Ýazmyrat Jumatdan hem köp zatlary ýazyp aldym[3]. Ertesi günortanlyk

[1] Jylykölli ýaşulular Allaberen aganyň il bähbidini özüniňkiden ýokary tutanlygy barada şeýle bir zady gürrüň berdiler. Öňki SSSR YA-nyň akademigi, Moskwada Gündogarşynaslyk institutynyň köp ýyl direktory bolan meşhur taryhçy alym Babajan Gafurow Täjigistanda kompartiýanyň birinji sekretary bolup işlän döwründe, özüniň bir wagtky dosty Allaberen aganyň öýüne gelýär. Köp wagtlap uly wezipelerde işlese-de, onuň öý-öwzarynyň iliňkiden üýtgeşikdäldigini görüp, Gafurow pensiýada ýören Allaberen agadan näme haýyşynyň bardygyny, ulag, jaý sorasa-da kömek etjekdigini ýaňzydýar. Allaberen aga-da kolhoz üçin iki sany traktor soraýar. Köpçüligiň bähbidi üçin edilen haýyşdan hoşal bolup, Gafurow dilegi dessine bitirýär.

[2] Diňe bir bagşy bolman , Allaberdi Ýoldaş 1940-50-nji ýyllarda ýakalaşma göreşi boýunça tutuş Täjigistanda ortany baglan baş pälwan hem bolupdyr.

[3] Aýdym repertuary üç-dört gijä ýetýän, üstesine ençeme dessany (meselem, “Görogly” eposynyň 13 şahasyny, “Ýusup-Ahmet”, “Babaröwşen”, “Şazada Muhammet”, “Ýusup-Zylyha”, “Saýatly-Hemra”, “Zöhre-Tahyr” dessanlaryny ýatdan bilýän Ýazmyrat bagşy türkmen telewideniýesinde we radiosynda hem köp çykyş etdi. Onuň 10-15 aýdymy bolsa fonda ýazylyp alyndy.

Aky işden geldi-de, kolhozyň türkmen bölüminiň başlygy Tagan Bagjikowyň öýüne barmalydygymyzy aýdyp, öz maşynynda onuňka äkitdi.

Ýolugra obanyň ýerleşiş tertibini synlap barýaryn. Diňe gara öýler ýok diýäýmeseň, oba şäherçesine göçülmezden öňki öz ýaşaýşymyz ýadyma düşüp gitdi: suwy biziň, obalarymyzyňkydan has çalt akýan ululy-kiçili ýaplaryň ýakalarynda ýerleşýän öýleriň hersiniň arasy esli bar. Aglabasy üsti şifer bilen örtülen öýleriň gapdalynda tomus oturmak üçin giň supa (ýeri beýgeldilip, üstüne palçyk suwalyp edilen tekiz aýmança) bolup, oňa birnäçe äpet balhy tutlar kölege berýär. Bu ilde melleklerem biziňkilerden ep-esli uly.

Epeý göwreli, ýüzi nurana Tagan başlyk öňümizden çykyp, bizi mähirli garşy aldy we maňa ýüzlendi:

— Adyňy eşidip ýörüs, radioda çykyşlaryňy diňleýäris, gazet-žurnallarda makalalaryňy okaýarys. Asyl, meniň öýümde-hä seniň üç-dört kitabyň hem bar. Ynha, bu gün özüň bilenem duşuşdyk. Biziň ilimizi, dilimizi öwrenmäge hoş geldiň.

— Sag boluň, Tagan aga. Menem şu wagta çenli Jylyköl türkmenlerini gözüm bilen görmegiň arzuwyndadym.

Başlygyň yzyzna düşüp, hol balhy tutlaryň kölegesinde oturanlara tarap ýöneldik. Ýoluň ugrunda ullakan, tegelek howuz bar. Howzuň ortasyndaky berk sütünden onuň kenarynyň üç tarapyna inli tagta paýapyl gidýär. Her paýapylda birki sany uzyn saply süzgüçler bar. Meniň ünsli seredýänligimi görüp, Tagan aga howza tarap ýöredi we oglanjyklaryň biriniň adyny tutup: “ Bar, el ýaly nan getir” diýdi.

Bulanyk suwunyň kä ol ýerde, kä bu ýerde müňzäp gidişi howuzyň içinde balygyň köpdüginden habar berýär. Paýapyla çykyp, getirilen çörekden suwa taşlanymyzdan soň-a balyklar ala-şapyrdy boldular. Tagan aga süzgüçleriň birini aldy-da, bize ýüzlendi:

— Hany, heriňiz bir süzgüç alyň. Öz tutan balygyňyzy özüňize gowrup berjek.

— Her gezek süzende birki balyk çykýardy. Balyk tutmagy çagalara ynanyp, biz oturanlara tarap ýöneldik.

Tagan başlyk çar tarapa uzyn şahalaryny ýaýradyp, esli meýdana goýy kölege berýän balhy tuduň ýogyn sütünininiň töweregini tutuşlygyna pollapdyr. Onuň aşagynda uzyn ýazylan saçagyň daşynda 20-30 adam döwre gurap otyrdy. Salamlaşyp, ählisi bilen görşüp çykdyk. Görkezilen ýerde oturanymdan soň, Tagan aga maňa ýüzlendi:

— Soltanşa, seniň burdalyklydygyňy bilip, men şu ýakyn töwerekde ýaşaýan garyndaşlaryňdan bir toparyny ýygnadym. Şularyň hemmesi diýen ýaly burdalykly. Içinde Mekandan gelen meniň garyndaşlarymdanam birkisi bar.

Şondan soň ilki ýaşulular, soňra meniň deň-duşlarym sorag baryny ýagdyrdylar. Burdalygyň ýagdaýyny, ol ýerdäki dogan-garyndaşlaryny soradylar. Bilenimden jogap berdim. Soraşybam bu burdalyklylaryň köpüsiniň 1930-39-njy ýyllarda, käbirleriniň bolsa has öň Jylyköle gelendigine göz ýetirdim.

Çaý-nahardan soň, esli gürleşip oturdyk. Soňra ýaşulularyň biri Tagan aga ýüzlendi:

— Garyndaş bilen tanyşdyranyň üçin sag bol, Tagan. Turmankak, bir zady anyklalyň. Biziň ilde myhman bir öýden gaýdýan däldir. Hemmämiz myhmany öýe çagyrmakçy. Ilki myhmanyňy kimiňkä eltjek?

— Ony özüňiz biliň. Ýaşulular näme diýse, şol bolar.

Şondan soň ala-gowur bolşup, ilki kimiňkide myhmançylykda bolmalydygy, soňra nirä barmalydygy barada teklipler orta oklandy. Oturanlaryň has ekabyrragy Akmämmet aga teklipleri şeýle jemledi:

— Çakylyk obanyň gaýrasyndan başlanyp, soňra ilerligine dowam etmeli, ertirine birininiňkide, günortan beýlekininiňkide, agşamam üçünjininiňkide bolmaly. Hany, biriňiz kagyz-galam alyp, nobatyň tertibini belläň.

Men mundan artyk saklanyp bilmedim-de, gürrüňe goňuldym:

— Sag boluň, garyndaşlar. Myhmanparazlyk däbiňizi gowy saklanlygyňyza çäksiz guwanýaryn. Ýöne bir zady nazara alaýsaňyz: men Jylyköle myhmançylyga däl, işlemäge geldim. Bie aýyň dowamynda bu iliň ähli türkmen obalaryny aýlanyp,

olarda ýaşaýanlaryň dili, ýer-ýurt, tire-taýpa we adam atlary, nakyllary, şahyrana döredijiligi barada maglumat toplamakçy. Şu ýerde bile oturanymyzy hasaba alyp, ýeke-ýekeden ähliňiziň öýüňize baryp bilmejekligim üçin meni bagyşlaň.

Jedel täzeden başlanarly bolanda, Tagan aga we oturan mugallymlar meni goldadylar. Ýene gürrüňi Akmämmet çalyş jemledi:

— Inim, il bähbitli iş edýänligiň üçin, biz dyzap durjak däl, ýöne, Tagan, Aky, siz rugsat berseňiz, şu gün myhmanyňyz meniň öýümde bolmaly. Şu oturanlaryň ählisi hem öýe barmaly. Şu ýerde myhmanyň işi barada maslahatlaşyp, ertirem oňa rugsat bereris.

Teklip kabul edildi. Akmämmet aganyňkyda üýşenleriň kömegi bilen men Jylyköl töweregindäki Gumseňňir, Kolhozabat we Şährituz etraplarynda 15 çemesi türkmen obasynyň, 4 sany türkmen orta we we 7-8 sany hem sekizýyllyk mekdepleriniň barlygyny anyklap, öz etmeli işlerimiň meýilnamasyny düzdüm. Ertesinden hem şoňa görä işe başladym.

* * *

Täjigistan türkmenleriniň köp bölegi Wahş derýasynyň boýunda, Jylyköl, Kolhozabat we Gumseňňir etraplarynyň çygrynda biri-birinden onçakly uzak bolmadyk obalarda ýerleşýär. Bu ilatyň aglabasy Lebap etraplaryndan we Owganystandan gelen ärsarylardan, az sanly hem salyr, olam ýaly taýpalaryň wekillerinden ybarat. Men bu topar obalaryň we türkmen mekdepleriniň ählisinde bolup, oba ýaşululary, mugallymlar bilen duşuşdym, mekdeplerde “iň soňky jaňlara”, çeper höwesjeňleriň çykyşlaryna tomaşa etdim. Oba intelligentleriniň, kolhozçylaryň oba hojalygyň öňdebaryjylarynyň öýlerinde bolup, bu iliň hojalygy ýörediş däpleri, endikleri, maşgala gatnaşyklary, zähmet çekişleri, dynç alyşlary, dünýägaraýyşlary bilen ýakyndan tanyşdym, käbir toýlara we ýaslara-da gatnaşdym.

Gumseňňir etrabynyň obalarynda pagta meýdanynda

türkmen aýal-gyzlary bilen birlikde gowaça kätmenläp ýören nemes gelin-gyzlaryny hem köp gezek synladym. Gumseňňir şäherçesinde nemesleriň üýtgeşik öýlerini gördüm. Bu öýleriň şifer örtgüsiniň üstüne 80 sm belentlikde telär edilip, üzüm goýberilipdir. Jaýy salkyn saklamakdan başga-da , beýle dalbar ençeme tonna üzüm hasylyny berýän eken.

Pagtaçylaryň dynç alýan meýdan düşelgelerinde täjik we türkmen ýaşulularynyň 15-20-siniň bile namaza duranyny, onuň başga bir jaýynda täjik zenanlarynyň namaz okap oturanlaryny gördüm. Umuman, bu ýerde ýaşaýan tajikleriň meýdan düşelgelerini metjit hökmünde peýdalanýandyklaryny, şonuň üçinem ýerli häkimiýetleriň täjik obalaryna tipli düşelge gurmak üçin serişde goýberýänligini gürrüň berdiler. Biri-biriniň dillerine düşünmeselerem, türkmen we täjik ýaşulularynyň meýdanda bile işläp, bile çaý içip oturan ýerlerine-de gabat geldim.

Daglyk ülke bolany üçin, Wahş jülgesinde tomsuň ortalarynda-da gök gürläp, çagba, jöwenek, doly, buz ýaly peläket ýagynlar köp ýagýan eken. Hatda jülgäniň ençeme ýerinde şeýle ýagynlary döredýän bulutlary topa tutup, olary pytradýan ýörite gulluklar hem işleýär. Jarýaka obasynda şeýle buz ýagnynyň şaýady boldum.

Aky Hudaýýaryň öýünde otyrdyk. Ynha, birdenem jaýyň şiferi daşlanýan ýaly ala-şakyrdy bolup başlady. Ylgap daş çykdyk. Öň ýeke-ýekeden, soňra bolsa yzyny üzmän her biri pile ýaly, aşygyň gabarysy ýaly buzlar asmandan eňip, ýeriň ýüzünde tans edip ugrady. Sanly salymda ýer şakyrdaşyp ýatan buzlar bilen örtüldi. Aşagynda duran şiferli bassyrmamyzyň üstündäki balhy tuduň diňe bir ýapraklaryny däl, eýsem onuň näzik çybyklaryny-da sypyryp, batly ýagýan buz öz astyna galyň düşek edindi.

Buzuň ýagan zolagynyň ini bir kilometr çemesi bolup, onuň geçen ýeri soňam ençeme günläp bildirdi durdy. Bu peläkete uçran agaçlar düýbünden ýalaňaçlandy, gamyşlar ütülen, oda tutulan ýaly boldy, gülläp başlan gowaça we gök ekinler-ä ýere siňip gitdi, olary täzeden ekdiler. Täze gyrkylan

we buz ýagnynyň aşagynda galan dowarlaryň, ylaýta-da owlak-guzularyň köpüsi gyrlypdyr. Goňşy täjik obasynda pagta bejerip ýören wagty açyk meýdanda galan ýaş gyzjagazlaryň ikisi bu tebigy hadysanyň gurbany boldular. Ýagan buz ençeme maşyny aýnasyz goýupdyr, demriniň üstüni hem petir bezän ýaly edipdir.

Amyderýa boýlaryndaky ilatyň ýaşaýşy bilen deňeşdirende, Jylyköl türkmenlerinde ençeme gadymy däpleriň saklananlygy mese-mälim görünýär. Meselem, aglaba ilatyň kiçi mellekli kolhoz şäherçelerinde topbak oturman, pytraňňy ýaşaýanlygyny aýtmanymyzda-da milli egin-eşikleriň, öý goşlarynyň gowy saklananlygy muňa güwä geçýär. Lebap boýlarynda aýal bogmaçlar (börükler) zor bilen gadagan edilen bolsa, bu ýerde ol milli forma her ädimde duş gelýär. Men çaýy urugyndan bolan aýallaryň başyna geýýän sary leçekli haýbatly börüklerine diňe şu ilde duş geldim. Diňe bir Garabekewül we Burdalyk aýallarynyň däl, eýsem Garabekewül etrabynyň Çaýy obasynda ýaşaýan öz garyndaş aýallarynyň bogmaçlaryndan hem has üýtgeşik bolany üçin, men reňkli plýonkada milli eşikli çaýy aýallarynyň suratyny aldym[1]. Arman, seresaplygy unudanlygym zerarly, ol suratlary “Zorkiý-dört” diýen fotoapparatym bilen birlikde ogurlatdym. Bu şeýle boldy.

Dynç günleriň birinde Kolhozabatly mugallymlar bilen Wahşyň boýuna suwa düşmäge gitdik. Obadan esli saýlanyp, tokaýly kenarda maşyny goýup, suwa düşdük. Suwuň içinden maşynyň öň tarapy görnüp durdy, yzyny gamyşlyk tutýardy. Maşynyň üstünde “Spidola” radiopriýomligi Aşgabatdan berilýän günortanky aýdym-saza gygyrýardy. Eşiklerini maşynyň içinde goýanlaram bardy, men gapdaldaky ýylgynyň

[1] Ýeri gelende aýtsak, Jylyköl çaýlary Garabekewüldäki garyndaşlaryny bilmeýärler, çünki olar öň Owganystanyň Uzyngyşlyk obasynda oturyp, 1933-nji ýylda ilki Şährituz etrabynyň Jargorgan obasyna, soňra-da şu ýere göçüp gelipdirler. Çaýylaryň bu iki toparynyň arasynyň üzülenine köp wagt geçenligi sebäpli, olaryň diňe bir eşiginde däl, eýsem gepleşiginde-de käbir tapawutlar duýulýar. Meselem, edebi dildäki **aga, uly aýal (gyz) dogan, alýar-gelýär, alanok** ýaly sözleri Garabekewül çaýlary **aga, eke, alýo:r, gelýo:r, alan ýo:k**, Jylyköl çaýlary bolsa **ka:ka, dä:de, alýa:r, gelýa:r, alana:k** ýaly görnüşlerde ulanýarlar.

üstüne atdym. Suwa düşdük. Bile gelenlerimiziň birisi derýanyň ortasyndaky dilkenek adajykda çägä agnap ýatsa, beýlekisi gyradan şu ada getirilen oduny ýakyp, tüňçede çaý gaýnadýardy. Men ýalpak suwuň aşagynda görnüp ýüzüp ýören balyklary tutmak bilen meşguldym. Çaý gaýnady, çaý içdik, garbandyk. Nahardan soň çilim küýsänim üçin, kenardan çilim getirmäge gitdim (men ol döwürde çilim çekýärdim). Köýnegimiň jübüsindäki doly gap çilimden iki-üç dänesi galyp, başgasy alnypdyr. Menden başga çilim çekýän ýok. Göwnüme şübhe gidip, beýleki jübimdäki dokumentlerimi barladym. Pasportym, iş saparynyň gerekli kagyzlary, ýazuw depderçäm ýerbe-ýer, ýöne pasportyň içindäki 375 manatdan derek ýok, onuň ýerine ýazuw depderçämden ýyrtylyp alnyp, **"Спасибо!" ("sag bol")** sözi ýazylan ak kagyz goýlupdyr. Depämden gaýnag suw guýlan ýaly boldy. Beýleki jübülerimi hem barladym. Balagymyň jübüsinde goşar sagadym bardy, onuň bagyny alyp özüni goýupdyrlar. Mydama günde gezilen üçin, aýnasy jygda-jygda ýarylyp, sifrleri zordan saýgardýan sagadymy köne görüp almandyrlar. Maşyna seretsem, yz gapylary, yzyndaky goş sandygy hem açyk. Içimiň ýangynjyna çilim otlandym. Kenara gelip, ýoldaşlaryma seredýärin. Olar arkaýyn çaý içýärler, meni ýanlaryna çagyrýarlar. Men mekdep direktory Jumakulyň adyny tutup, "Bärik gel!" diýip yşarat etdim. Geldi, maşyny barlamaga durdy. Bir näsazlygyň bolanlygyny aňyp, beýleki iki ýoldaşymyz hem geldiler. Maşynyň içine atylan eşikleriň jübülerindäki pullar, goşar sagatlary, kabinanyň zat salynýan ýerindäki magnitofon kassetalary we meniň fotoapparatym gürüm-jürüm edilipdir. Maşynyň yz tigirleriniň ýelini çykaryp yzyndaky goş sandygyndaky tigri, nasosy we açarlaryny hem alypdyrlar. Ählimiziň keýpimize sogan dograldy. Yz çaldyk. Iki welosipediň yzy bar, asfalta çykan soň, olaryň haýsy tarapa gidenligi hem belli däl. Töwerekde janly-jemende ýok. Ýoldaşlarymyzyň biri ýakyndaky obadan maşynly tanşyny getirdi. Tigirlere ýel berlensoň, ýüzümizi sallaşyp, yza dolandyk.

Ilkinji gezek aýak basan ülkäňde kör-köpüksiz galmagy göz öňüne getiriň. Ýolda agyr pikirlere gümra bolup, pul

ogurladanymy aýtman, Aky Hudaýýardan ýüz manat pul karz soramaly diýen netijä geldim. Ýöne ýoldaşlarym giden pulumy dört bolup tölemekçidiklerini aýtdylar. Men kes-kelläp garşy çykdym. Myhman bolan ýerimiň eýesi, mekdebiň direktory Jumakul öýünde üç ýüz manat uzadyp, şuny almasaň gaty görjekdigini aýtdy. Menem: “ Eger beýle bolsa, onda bu puldan biraz karz alaýyn. Aşgabada baran dessime-de yzyna bereýin” diýip, ýüz manat aldym. Aşgabada gelen günüm hem ony telegraf bilen iberdim.

Puldanam beter bu ilde surata düşürilen reňkli plýonkaly gowy fotoapparatymyň gidenine gaty gynandym.

* * *

Jarýaka obasynda bolanymda, ilki bilen bu etraba adyny geçiren Jylyköli baryp gördüm. Kenarlary gorp atyp ýatan çuň jar, düýbünde-de gyşyna doňmaýan köl bar. Geçmişde şu ýerde oturan gazaklar şol köle jyly köl (“ýyly, doňmaýan köl”) diýip at dakypdyrlar. Kafirnigan (türkmençe Kapyrläheň) we Wahş derýalarynyň boýlarynda gazaklar häzir hem köp, olar ý sesi bilen gelýän türki sözleri köplenç j sesi bilen aýdýarlar (ýyly-jyly, ýyl-jyl, ýaýla-jaýla, ýok-jok). Ynha, şolaryň köle dakan ady soňra oba we etraba geçip, ahyrda-da şu iliň tutuş ady hökmünde ulanylmaga başlapdyr.

Bu kölli jaryň aýagy Wahş derýasynyň ýakasynda ýerleşýän meşhur Ýolbars tokaý (orusça Тигровая балка) gorughanasyna ulaşyp gidýär.

Jylykölden Şährituz etrabyna ugramazymyň öň ýanynda, belleşilen günde men ilkinji myhman ýerim Aky Hudaýýarlara geldim. Aky we Allaberdi Ýoldaş dagy meni bu gorughana äkitdiler. Wahş we Amyderýa jülgelerinde bitýän ýylgyn toraňňy, jünewüt, gyzgan, gamyş, galam ýaly ot-çöpler bu ýerde gür jeňňelligi emele getiripdir.

Ýolbars tokaý diýen at bu ýerde öň ýolbarslaryň köp bolandygy bilen bagly ýüze çykypdyr. Gürrüň berişlerine görä, käte ýolbarslaryň oba gelip, howlynyň düýplerinde arlaýan

wagtlary hem bolupdyr. Şu gorughananyň Pälwan tokaý diýen ýerinde, dagyň eteginde Ýolbarsly diýen öwlüýä hem bar. Onuň adyna sebäp bolan waka şu asyryň başlarynda ýüz beripdir. Ýazmyrat bagşy ol barada şeýle gürrüň berýär. Şu ilde Hanzada diýen pälwan adam bolupdyr. Bir gün tokaýda gezip ýörkä, uly ene ýolbars öňünden çykyp, göni onuň ýüzüne seredip duruberýär. Hanzada ilki aljyrajak ýaly edýär, soň özüni dürsäp, ýolbarsa seretse, onuň gözünden haýbat däl-de, gamgynlyk, kömege mätäçlik ýaly garaýşy duýýar. Teý-ahyr ýolbars yzyna öwrülýär, yzyna garanyp, ýuwaşja gidiberýär. Hanzada onuň yzyna düşýär. Ýolbars pälwany çagajyklarynyň ýanyna eltýär-de, gyra çekilýär. Bu çagajyklary sarygarynja basypdyr. Hanzada olary garynjalardan arassalaýar, aşagyna ot-çöp düşeşdirýär. Şondan soň pälwan her gün ol çaga ýolbarslara seredip, etdir çörek berişdirip gaýdýar. Çagajyklar ulalýar soň-soňlar olar Hanzada pälwanyň öýüniň ýakynyna gelip ugraýarlar. Pälwan olary kowsa-da gitmeýärmiş.

Günlerde bir gün Gorgandepe begi uly toý edýär. Toýa Hanzada pälwan gitjek bolsa, ýolbarslary hem yzyna düşüberipdir. Kowsa-da, hiç yzyndan galmandyr. Pälwan ýolbarslary bilen toýa ýakynlaberende, eşekler aňňyryşyp, atlar hokranyşyp, düýeler bozlaşyp, ala-güpürdi bolupdyr. Muny bege habar berýärler. Begem pälwany toýa getirmän, ony serpaýlap, özüniň we ýolbarslarynyň iýjek-içjegini berip, yza gaýtarmagy buýurýar.

Pälwandan ýykylyp, içi ýanyp ýören ahmyrlynyň biri:

— Beg, sen ol pälwandan gorkýan ýaly, egnine serpaý ýapdyň, halat-serpaýy öňünden çykaryp berdirdiň. Hanzada bolsa ýolbarslaryny seniň toýuňy bozmak üçin bilgeşleýin getirdi ahyry — diýýär. Beg bu töhmete ynanyp, yzyndan nökerlerini iberip, pälwany we onuň ýolbarslaryny atdyrýar. Olary häzirki Ýolbarsöwlüýä diýen ýerde jaýlaýarlar. Bu ýerde Hanzada pälwanyň we iki ýolbarsyň mazary häzirem bar (bu wakany beýany barada serdiň: Halyk Jumatow. Gurgandepeli türkmenler.-Edebiýat we sungat.-1991-15 fewral)

Ýolbars tokaýda ýekegapan, şagal, möjek, tilki ýaly

ýyrtyjylar köp bolmaly. Gorughanada sülgün, towşan, sugun ýaly awlanýan haýwanlaryň köpdügine-hä özüm bir gezek göz ýetirdim. Uly asfalt ýoldan aýrylýan kiçiräk gara ýol gorughana girenden soň, ýoly kesip geçýän towşanlary, maşyndan ürkmän, ýoluň iki gyrasynda daranyşyp oturan sülgünleri synladyk. Awlanmaýanlygy üçin, olar adamdan onçakly heder edip duranoklar.

Gür jeňňelligiň içi bilen egrem-bugram bolup gidýän we täzelikde asfaltlanan tekiz ýol bizi teý-ahyr medeniýetlije ak jaýa getirdi. Bu jaý  we onuň töwereginiň timarlanyşy Ýewropa hökümdarlarynyň tokaýda aw etmegi we dynç almagy üçin gurdulan köşklerine çalym edýärdi (sowet sistemasynyň hökmürowan döwründe bu jaýyň hut şol maksat bilen gurlanlygyny men soňky gürrüňlerden bilip galdym).

Jeňňellikdäki bu köşkde bizi gorughanada işleýän dört-bäş sany ýigit bu jaýa garawullyk edýän ýaşuly orus garşylady. Obadaşy we tanyşlary bolany üçin, Aky ol ýigitlere Aşgabatly myhman bilen gorughana gezenje barjakdygyny duýduran bolmaly: biz bu ýere gelenimizde, eýýäm dälize düşek ýazylyp, töwerek tämizlenip, gazanlaryň aşagyna ot ýakylan eken.

Salam-helikden soň, 7-8 otagdan ybarat bu köşge we onuň töwereklerine tomaşa etdik. Suwa düşülýän güzere tä suwuň düýbüne çenli tutawaçly tagta basgançaklar edilipdir. Suwuň içinde aýak oturdylan gurlan basdyrmany, günüň aşagynda ýatmak üçin edilen tagta sekini hem görmäge göz gerek. Suwdan çykan ýerinde duşlar bar. Jaýyň töweregi asfaltnanypdyr.

Köşgüň bir gapdalyndaky kiçijik jaýlarda üç sany ululy-kiçili sugun göleleri idedilýän eken. Olary bu tokaýdan tutupdyrlar. Bu jaýlaryň gapdalynda biz bäş-alty sany uly sugunlary hem gördük. Ol eldeki mal ýaly, adam bilen öwrenişip gidipdirler, hatda biri eline taýak alyp gorap durmasa, bu janawarlar gazan başynda nahar guýmaga-da maý bermeýärdiler. Bu ýere gelýänler sugunlara çörek berip, olary halys öwrenişdiripdirler. Nahara oturylandan soň-a olar däliziň germewinden böküp geçip, poluň üstünde takyrdaşyp, degnamyza degirdiler. Diňe jaýyň garawuly Mitýa (Dmitriý) eline çöregiň böleklerini alyp,

olary yzyna düşürip, agyla gabap gelenden soň, biz arkaýyn oturdyk.

Nahar başynda Mitýa daýy meniň adymy eşidip, gülümjiredi-de, çalgyrdyrak türkmen dilinde:

— Şalar geliberse, biziň üçin ýaman däl. Zahyr şa gelende, birnäçe günläp hezil edipdik. Bu gün Soltan gelen bolsa, ýene-de hezillik bolar — diýip degişdi.

Mitýa daýynyň bu aýdanlarynyň jany bar eken: oturanlar Owganystanyň patyşasy Muhammet Zahyr şa heniz tagtdan agdyrylmanka (1973), öňki SSSR hökümetinden şu gorughanada dynç almaga we aw awlamaga rugsat bermegi haýyş edenligini, Moskwanyň buýrugy boýunça sanly günde bu şa üçin köşk gurlup, ýoluna asfalt düşelenligini, Zahyr şanyň hem bu ýerde ençeme günläp bolandygyny gürrüň berdiler.

Söhbetdeşligiň dowamynda gorughananyň Mitýa daýydan başga ähli işgärleriniň türkmenligini bilip, Allaberdi pälwana sorag berdim:

— Men bu töwerekdäki obalaryň köpüsinde boldum. Ynha, Aky dagynyň kolhozynyň bir bölegi türkmen, ikinji bölegi täjik. Ýakynda lakaýlar, nemesler, şäherçelerde bolsa oruslar hem ýaşaýar eken. Emma gorughanaňyzda näme üçin beýleki milletleriň wekilleri işlemeýärler?

Birki rýumkany artyk göterip, dili açylan Mitýa daýy hemmeden öňürtdi:

— Ýolbarstokaýyň ok geçmeýän jeňňelligi — ýyrtyjy haýwanlaryň we uly ýylanlaryň mekany. Gaplaň, ýolbars ýaly güýçli haýwanlaryň mesgeninde işlemek üçin meniň we, ine, şu oglanlaryň ýüregi ýaly arslan ýürek gerek. Bu ýerde köp adamy zynjyrlabam saklap bilmersiň.

Allaberdi aga bu soraga başga hili jogap berdi;

— Töwerekdäki obalara syn eden bolsaň, berýleki halklaryň topbajyk, çugdam oturan obalary bardyr. Türkmenleriň weli aglabasy pytraňňy, biri beýlekisinden sesýetim aralykda ýaşamagy gowy görýär. Çagalykda giň sährada, tebigatyň gujagynda ösen ýigitlerem şeýle ýerlerde işlemäge höwesek bolýarlar. — Soňra oturanlara ýüzlendi. — Çaý-nahardan bolan

bolsak, biraz gezim edeliň. Suwa düşjegiňiz düşüň, jeňňele tomaşa ediň.

Turduk. Biz Allaberdi pälwan bilen täze tutulan sugun gölelerini synladyk. Olaryň iň kiçisini ýakynda Gaýypnazar tutup getiripdir. Gaýypnazaryň ady tutulandan, Allaberdi pälwan maňa:

— Ynha, seniň tanyşmaly adamyň şol. Şu ýere gelen badymyza biziň bilen görşen saryýagyz pyýada ýadyňa düşýärmi? Ana, şol — Gaýypnazar. Onuň täsin taryhy bar. Gaýypnazaryň önüp-ösen maşgalasy barada kinoda bar — diýdi. Soňra kiçijik sugun gölesine emzekli çüýşeden süýt içirip duran ýigidiň adyny tutdy-da: — Gaýypnazar nirä gitdi? — diýip sorady.

— Ony derýanyň ýakalaryny barlamaga iberdik. Gijräk geler. Näme, oňa işiňiz barmy?

— Işim ýok. Ýöne aşgabatly myhmany ýakyndan tanyşdyraýjakdym.

— Gaýypnazary menden gowy tanaýan ýokdur. Ýaşlykdan bile önüp-ösdük. Ol barada näme sorasaňyz, men aýdyp bereýin.

Allaberdi pälwan bilen ol ýigidiň beren gürrüňlerinden men Gaýypnazaryň geçmişi barada şu zatlary anykladym. Gep-sözünde, geýnişinde, oturyp-turşunda häzir beýleki deňdeşlerinden asla tapawutlanmaýan hem bolsa, Gaýypnazaryň asly orus maşgalasyndan ekeni. Ol 1939-njy ýylda nemesleriň geljekki çozuş etjek şäherleriniň birinde Mihail Miroşnikowyň maşgalasynda doglupdyr. Urşuň ilkinji günlerinde kakasy fronta gidipdir, ejesi hem wepat bolupdyr. Sopbaş ýetim galan Mişajygy beýleki ýetimler bilen birlikde tyla, onda-da uzak Täjigistana iberipdirler. Ol döwürlerde çagasyz maşgalalar, şeýle-de çagalar öýlerindäki ýyly mähire zar ýetimlere rehimi inen we eklemäge sähel mümkinçiligi bolan ata-ene şol öýlerden ogullyga-gyzlyga çaga alýardylar (Hajy Ysmaýylowyň “Iki atanyň bir ogly” eserindäki Mikola Galpaklyny ýada salyň. Şondaky waka hem türkmen durmuşyndan alnypdy). Ynha, şeýle wakany kiçijik Mişa-da başdan geçirýär. Ony Gorgandepe welaýatynyň Gumseňňir etrabynyň “Ýeňiş” kolhozynda ýaşaýan Döwran Goç we onuň maşgalasy Hanzada daýza ogullyga alýar. Döwran

aga 1903-nji ýylda Hojambaz etrabynyň Beşir obasynda doglup, tut-ha - tutluk ýyllarynda özüni Jylyköle atypdyr. Şol ýerde-de ol 1906-njy ýylda doglan, asly Almaty gazaklaryndan bolan Hanzada diýen gyza öýlenipdir.

Döwran aga Mişany öýlerine getirip, baryndan ile zyýapat berýär, gaýypdan şu öýe nazar salan Mişajyga hem Gaýypnazar diýen türkmen adyny dakýar. Ony sünnete ýatyryp, oba mekdebinde okadyp, hakyky türkmen terbiýesini hem berýär. Ýigit ýetenden soň, Gaýypnazary Patma atly türkmen gyzyna öýlendirýärler. Gorughanada duşan döwrümde (1975), onuň ýedi çagasy bar eken: Aknabat (9-njy klas), Ogulmyrat (6), Borjak (4), Gurbangül, Çerkez, Gandym, Çary.

Gaýypnazaryň urşa giden kakasy hem diri eken, ol general çininde uruşdan sag-aman dolanypdyr. Köp ýyllap ogluny gözläp, ahyrda-da onuň yzyny Täjigistandan tapypdyr. Uzak aýralyga daglanan ýürek, mähriban perzendiň didaryna teşne peder öz ýitigine täjik ülkesindäki bir türkmeniň öýünde sataşýar. Ogluny tanap, onuň epeý göwresini gujaklap, begenç göz ýaşlaryny gizlemän dökse-de, Mihail daýynyň (Mişajyga kakasynyň ady dakylypdyr) ýüregi birbada köşeşäýmeýär, bir wagtky ogly Mişa indi düýbünden başga adam: ady Gaýypnazar, familiýasy Döwranow, oturyp-turşy, gepi-sözi, hatda nahar iýşi-de dogduk ilinińkiden üýtgeşik. Onuň indi özi ata, onda-da bir-iki däl-de, birnäçe çaganyň atasy.

"Iki atanyň bir oglundaky" Atanazar agany, Sabyr ejäni we Anton Kalpaklini heýjana salan "yzy näme bilen gutararka?" diýen agyr sorag bu gün Jylyköldäki Döwran aganyň tutuş maşgalasynyň, asyl, diňe bir bu maşgalanyň däl, eýsem ähli oba adamlarynyň kalbyny silterleýär. Hanzada daýza, edil agtyklary elinden ýaly gidip barýan ýaly, howsalasyny ýüze çykaryp, ärine ýüzlenýär:

— Gaýypnazar indi çagalaryny alyp, bizi taşlap gidibirmikä?

Şol soraga jogap agtyryp, edenini-goýanyny bilmän, bolgusyz işlere güýmenip oturan Döwran aga öz ünjüsini aýalyna bildirmezlige çalşyp, oňa göwünlik berýär:

— Perwaý etme, kempir. Sen ogluňy oda-suwa ýykylmaz

ýaky edensiň. Indi onuň özi salyny suwdan çykarar. “Ýedi ýaşly aty syýgyryp, suwa ýakma” diýipdirler. Goý, meseläni Gaýypnazaryň özi çözsün. Ganybir atamy tapdym, indi onuň bilen gitjek diýse-de, ygtyýary, öňüne böwet bolmarys. Galjak diýse-de, ynha, öýi. Ýöne ýalbarma, akyl berme.

Gaýypnazar bilen maslahatlaşypmy ýa dälmi – onçasy belli däl, emma meseläni Mihail daýy çözýär. Ol bu maşgalanyň bir arasynda birnäçe gün bolýar. Bu obadan Duşenbä, ondanam Petrograda ugramaly wagty gelende, Döwran aganyň öýüne ýaşulular, oba häkimiýetleri Mihail daýyny ugratmaga üýşýärler. Mihail daýy agtyklarynyň maňlaýyndan taýly gezek ogşap, Gaýypnazary hem soňky gezek bagryna basýar. Köpçülige ýülenibem şeýle diýýär:

— Hakyky ata-ene çagany dünýä inderen ata-ene däl-de, terbiýeläp kemala getiren, ony adam sanyna goşan ata-enedir. Mişanyň ganybir atasy men bolsamam, bu günki Gaýypnazaryň hakyky atasy Döwran aga, enesi hem Hanzada daýzadyr. Meniň oglum ygtybarly adamlaryň goluna düşüpdir. Size agzybir durmuş arzuw edýärin! Hoş galyň!

Şondan soň Mihail daýy Döwran aga bilen mäkäm gujaklaşyp hoşlaşýar. Mihail daýy özüni ugratmaly maşynlaryň birine münýär. Maşynlaryň ahyrkysy öwrümde gözden ýitenden soň, Döwran aga gözüniň ýaşyny agtyklaryndan gizlemek üçin, içeri girip gidýär.

Jylykölli “iki atanyň bir ogly” Gaýypnazaryň sanlyja günde başyndan geçiren wakalary baradaky habarlar ilki ýerli, soňra-da respublikan gazetlerde çap edilip, köpçülige ýetirilýär. Täjik kinoçylary bu dürli milletlerden düzülen maşgala barada dört bölümden ybarat kino döredýärler. Bu kino sahnalarda we täjik telewideniýesinde öwran-öwran görkezilýän eken. Ýöne ony görmek maňa miýesser etmedi.

* * *

Gorughana gezelençden soň, ata-babalarymyzyň “Myhman gelen gapysyndan gitse ýagşy” diýen asylly däbine eýerip,

Jylyköl ilinde ilkinji açan gapym Aky Hudaýýaryň öýüne geldim, bu ýerde ýene bir gije bolup, öý eýelerine minnetdarlyk bildirdim we Şährituz etrabyna ugradym.

Şährituz bu ýerden takmyn 150 kilometr günbatarda, Kapyrläheň deryasynyň jülgesinde ýerleşýän eken. Jylykölli obadaşlarym Şährituzda raýispolkomyň taýýarlaýyş bölüminiň başlygy bolup işleýän Nedirkul Nazarowyň ýanyna barmagy maslahat berdiler. Men şeýle-de etdim. Şährituza gelip, onuň işleýän ýerini sorap tapdym. Kätip gyza özümiň kimdigimi we nireden gelendigimi aýtdym, ol içeri girip çykdy-da, meni başlygyň ýanyna goýberdi.

Uzyn boýly, pälwansypat, 40 ýaşlar töweregindäki görmegeý pyýada otagyň ortarasynda öňýmden çykyp görüşdi. Hal-ahwal soraşdyk, tanyşdyk. Nirede işleýändigimi, näme maksat bilen gelenligimi aýtdym, aslymyň niredenligimi eşiden dessine maňa sorag berdi:

— Burdalagyň haýsy obasyndan?

— Doglan ýerim Burdalagyň Gultak obasy.

— Men iki mundan öň Täjigistanyň özara barlag brigadasynyň düzüminde Türkmenistana gitdim. Şonda Hojambaz etrabynyň pagtalaryny görmäge iberilen topara goşulyp, ata mekanyň ähli obalarynda boldum. Gultak obasyny hem şonda gördüm.

Kätip gyzyň getiren çaýyny guýup durşyna:

— Garyndaş myhmançylyga gelende, hemme iş taşlanýandyr. Agşam ýolbaşçylar we garyndaşlar bilen öýde oturarys. Häzir bolsa men seni etrabyň häkimleri bilen tanyşdyraýyn – diýdi.

Ilki raýispolkomyň başlygynyň, soňra raýkomyň sekretarynyň kabulhansyna baryp, olar bilen salamlaşdyk. Ispolkomyň başlygy goňrat özbeklerinden eken. Nedirkul ony agşam öýüne çagyrdy. Soňra biz Nedirkuluň obasyna — Jargorgana gitdik.

Jargorgan obasy Şährituadan 14 kilometr uzaklykda, Kapyrläheň derýasynyň sag kenarynda ýerleşip, onda täjiklerden, türkmenlerden, goňratlardan we araplardan 150 çemesi hojalyk

ýaşaýan eken.

Telefonda tabşyranlygy üçin Nedirkuluň uly ogullary Osman bilen Garahan eýýäm dowar soýup, naharyň ugruna çykypdyrlar. Howlynyň içi-daşy syrylyp-suwlanyp, kölegede düşekler ýazylypdyr. Entek düşege geçmänkäk, Nedirkul kiçi ogluna gygyrdy:

— Ahmet, Hally bagşydan galan dutary getir.

Ynha, uzyn saply gadymy ärsary dutary. Kädisi uly däl, süýnmegräk. Men Burdalykly Hally bagşynyň adyny öňem kän eşidipdim, il ony Owganystana giden hasap edýärdi. Nedirkul Hally bagşynyň agtygy eken.

Jylykölli ýaşulularyň Şährituzda hökman duşmaly diýip salgy beren ýaşulusy Saparguyl Togtady. Men Nedirkuldan ony soradym. Nedirkul Ahmede gygyrdy:

— Ahmet, bar, Saparguly agany getir. Dutaryny hem alyp gaýt.

Sähel salymdan eli dutarly Ahmet bili bükülen hökgi ýaşulyny yzyna tirkäp geldi. Salamlaşdyk, soraşdyk. Nedirkul oňa meniň kimligimi we näme iş edýänligimi gürrüň berdi.

— Hä-ä, obalaryň taryhyny, olarda ýaşaýanlaryň dilini öwrenýän diýsene! Ýagşy kesibäň bar ekeni. – Saparguly aga sözüne dyngy berdi-de, elindäki hasasyny agaja söýedi, düşekde ykjam ornaşybam gürrüňini dowam etdi.

— Bir gadymy nakyl bar “Dilini bilseň gujaklaşarsyň, dilini bilmeseň pyçaklaşarsyň”. Adamyň dilini bilseň, kimdigini bilersiň. Sähel paýhas etseň, sözi, gepi, edebi her kişiniň niredendigini, haýsy taýpadandygyny, nähili maşgalada önüp-ösendigini soramazdan aýdar durar. Şu babatda bir wakany gürrüň bereýin.

Baýak uzak ýol söküp, ýanyna bir zenan maşgala geldi. Gele-gelmäne-de hamsygyp, gürrüňe başlady:

— Saparguly aga, siziň köp adama garyndaşyňy tapyp berenligiňizi eşidip geldim. Maňa-da kömek ediň. Ýaşlykda şu töwerege düşüpdirin. Daşyň köpçülik wagty garyndaşyň gerek boljagyny bilmändirin. Ýeke galdym, indi garyndaş gerek. Ilen-çalanym bolmaly, ýöne olaryň nirededigini Alla bilsin.

— Çen bilen etrabyňy, taýpaňyzy bir bilýärmiň – diýip soradym. Olar:

— Ýok. Atam dirikä, garyndaş diýip gelip-gidýänler bardy. Çagakam, olardanam aslymy, ýurdumy soramak ýada düşmändir.

— Eýle bolsa, gelin, saňa sorag bar. Uly aýal gyz doganlaryna ärsarylar eke, esgiler beýçe, saýatlylar bi:wi, käbir taýpalaram ana, bajy, siňli diýýärler. Sen uly gyz doganyňa ýüzleneniňde näme diýýärdiň?

— Bi:wim diýýärdim.

— Bi:wim diýýän bolsaň, garyndaşlaryňy çowdurlaryň içinden gözle – diýip, kimleriň ýanyna barmalydygyna çenli salgy berdim. Gelin öz garyndaşlaryny şol ýerdenem tapypdyr. Ine, saňa dil bilmegiň peýdasy.

Eli hasaly, bili bükülen bu ýaşula ilki gözüm düşende, ony eňki agan, aňy giden garrydyr öýdüpdim, emma gaty ýalňyşan ekenim. Saparguly aganyň her sözi gunt düşen ýaly aýyk-saýyl, sesi ýag içen ýaly. Diliň, sözüň inçe syrlaryna düşünip, oňa baha berşi babatda-ha ol hiç bir dilçiden kem däl. Men özüme gerekli adama düşanyma gaty begendim. Onýança-da Nedirkul dutaryny düzüp oturyşyna, beýleki dutary Saparguly aga alyp berdi:

— Myhmanyň hatyrasyna üç-dört sany adam çagyrdym. Olar gelýänçä, hany, birki heň gaçyraly.

Saparguly aga aşagyna taşlanan ýumşak körpeçäniň üstünde aýbogdaşyny gurup oturdy-da, dutary düzdi. Iki goňşy öňem dutary köp bile çalşyp, biri-biriniň inip-çykyşyna gaty belet bolmaly, elleriň deň gopuşy şondan habar berýär. Saparguly aganyň dutar çalandaky hereketleri-de onuň daş görnüşi bilen bap gelenok. Agzyndaky dişleriniň tükellegi hem onuň üstesine. Sazyň arasyna bir böwşeňlik düşende, men öz iňkisimi daşyma çykardym:

— Saparguly aga, daşyňyzdan siz esli ýaşan adam ýaly görünýärsiňiz. Emma sesiňiz, gep-sözüňiz, dutar çalyp, aýdym aýdyşyňyz weli käbir ýigitlere gaýra dur diýýär. Aýyp görmäň, siz näçe ýaşadyňyz?

Ýaşula bu sözler ýaran bolarly, ol loh-loh güldi:

— Ýaş-a esli bolandyr, şu ýyl segsene gitdim. Köne hasaby bilýän bolsaň, hasaplap göräý: ýylym bijin.

Men daşymdan “tüweleme!” diýenimi bilmän galdym.

Gelen myhmanlar bilen agşam esli oturdyk. Raýispolkomyň başlygy turjak wagtynda Nedirkula:

— Sen ertir işe gitme-de, myhmany Şährituzuň gözel ýerlerine aýla, Çiliçar çeşmäni görkez — diýip, hemmämiz bilen hoşlaşdy.

Ertesi Nedirkul meni Kapyrläheň derýasynyň kenarlaryna aýlady. Öz obasyndan 10-12 kilometr uzakda ýerleşýän Deşikdaş obasyna at beren Deşikdaşy gördük. Kenardan Amyderýa çenli gidýän ýoluň ugrundaky äpet tutuş daş (ýerli Hatap türkmenleriniň şiwesinde ta:ba) el bilen deşilip, maşyn geçer ýaly ötük edilipdir ( häzir ol ötügiň üsti ýumrulypdyr). Soň Çiliçar çeşmä gitdik. Täjik dilinde Çiliçar çeşme “kyrk dört bulak” diýen manyny aňladýar. Tebigatyň döreden bu täsinligine haýranlar galaýmaly. Yhna, tekiz ýerde ýer oýulyp, diametri 20—30 metr çemesi äpet tegelek howuz emele gelipdir. Onuň bir tarapyndan uly aryk suw akyp çykýar. Howzuň gyralaryny agaç tokaýlary jehekleýär, aşagy we kenarlary bolsa daş. Durulygy zerarly, çuň suwuň aşagyndaky ownuk daşlara çenli gowy görünýär. Suwuň düýbünde, daşlaryň arasynda iniňi tikenekledýän gara ýylanlar sanardan kän. Howuzdan akyp çykýan arygyň güneş düşýän ýapgyt kenarynda bu zähersiz janawarlaryň müňlerçesi güneşläp, günüň ýagtysyna ýaldyraşyp, kenary gara mermer bilen örtülendir diýdirýär. Ýanyna ýakynlaşyberdigiň olar bir çetden özüni suwa urýar. Bu ýylanlaryň oňşuklylygyny diýsene! Howzuň we arygyň suwunda garamtyl-goňur balyklaryň sürüleri ýüzüşip, ýylanlar bilen ysgaşyp ýörenem bolsa, bu janawarlaryň biri-biri bilen işi ýok.

Çeşmä “Kyrk dört bulak” diýilse-de, howzuň çar tarapyndan we suwuň düýbünden syzylyp däl-de, atylyp çykyp duran çeşmeleriň hem sany ýüzden köp. Ähtimal, çeşmäniň adynyň kyrk (kyrk dört) sözi mukaddes (ylmy dilde sakramental) hasap edilýän san bolmaly. Dogrudan-da, ýerli ilat bu çeşmäni öwlüýä hasap edýär, onuň balyklary tutulmaýar we iýilmeýär.

Howuzdan pagta meýdanlaryna gidýän uly arygyň

ýakasynda, howzuň ýakynynda ençeme gektar ýere miweli bag ekilip, kolhozçylar dynç alar ýaly sanatoriý gurlupdyr. Meniň baran döwrümde bu ýaş bagyň käbir miweleri ýaňy bişip başlan eken.

Gezelençden oba gaýdyp gelenimizden soň, men mekdebe bardym we mugallymlar bilen duşuşdym. Dilçi mugallymy ýanyma goşdular, obada üç-dört ýaşuly bilen gürleşip, agşamlyk hem Saparguly aganyňka bardym. Nedirkul hem geldi. Köp zady bilýän bu ýaşulynyň ýanynda birki gün bolup, ondan özümi gyzyklandyrýan zatlary ýazyp almakçydygymy Nedirkula duýdurdym. Ol ylalaşdy.

Saparguly aganyň gürrüň bermegine görä, Şährituz etrabynyň türkmen ilaty geçen asyryň ortalarynda şu ýere göçüp gelipdir. Onuň ärsary topary Burdalykdan, esgiler Marynyň Perreňçäge diýen ýerinden, hataplar bolsa Kerkiçäniň ýakynyndaky Borugçy obasyndan çykyp, Gowadyýan (taryhy çeşmelerde Kabadian) düzlüginde ornaşypdyrlar. Ilki noýbadan (lo:wla) bol hasyl alnany üçin, olaryň obasyna Lowlakär diýipdirler. Ol oba häzir hem bar. Şondan türkmenler Jargorgan we Deşikdaş obalaryna ýaýrapdyrlar.

Saparguly aga bu ilatyň baý halk döredijiligini hem gowy bilýän eken. Men ondan ençene nakyldyr atalar sözlerini, matallary, ýerli şahyrlaryň goşgularyny ýazyp aldym. Ýeri gelende aýtsam, akademik Baýmuhammet Garryýew hem şu obada Saparguly aganyň öýünde iki gün bolupdyr.

Mekdep-medrese görmese-de, Saparguly aga haty özbaşdak öwrenip, köp kitap, ylaýta-da klassyk şahyrlary ürç edip okapdyr. Goşgularyň köpüsini ýatdan bilýär. Hatda geçmiş şahyrlarynyň çap edilen eserlerinde sypyp galan bentleri hem aýdyp otyr. Meselem, Mollanepesiň meşhur “Aňsa” goşgusynda heniz duş gelmedik bu bentleri men Saparguly agadn ýazyp aldym:

*It gapydan gitmez ýalyn kem berseň,*
*Guş awyny almaz doýa şam berseň,*
*Doňuza jul salyp, nohut-iým berseň,*
*Bükriz alyp haýdar köl sesin aňsa.*

*Näkes sözlär her sözüni duz kibi,*
*Duzdan beter çürkär gyzyl köz kibi,*
*Aýyny gurşasaň (bezeseň) ketde gyz kibi,*
*Haňryz alyp haýdar dag sesi aňsa.*

Saparguly aga Keminäniňem heniz çap edilmedik üç bent goşgusyny aýdyp berdi:

*Ýetiş aşyknyň dadyna,*
*Sen-sen meniň göwün hoşum,*
*Köýdürme yşgyň oduna,*
*Uzat goluň, alber bäşiň.*

*Boýuň meňzär dal gamyşa,*
*Ogşatmyşam ýaşylbaşa,*
*Ukyply sen her bir işe,*
*Ýeňiň sürpäp ýar, ýörişiň.*

*Kemine diýr, göwün üzmez,*
*Sensiz özge ýerde gezmez,*
*Ýeriň gaýmajagny bozmaz,*
*Küýzäni göterip, ýar, ýörişiň.*

* * *

Saparguly aganyň ýanynda iki gün, Deşikdaş obasynda-da şonçarak bolup, Nedirkul dagy bilen hoşlaşdym. Ol meni Şahrituzdan Duşenbä çenli ýeňil maşynda ugradyp goýberdi.

* * *

Täjigistanyň Gorgandepe welaýatynyň birnäçe etraplarynda meniň baran döwrümde adam sany täkmyn 20 müň çemesi bolan türkmen iliniň arasynda bir aý gözlegde bolup, onuň ýaşululary we bilermenleriniň gürrüňlerini diňlemek, soňra-da ol il barada ýazylan taryhy çeşmeler bilen tanyşmak esasynda

bu arkadaşlarymyzyň taryhyny şeýleräk göz öňünde getirýäris.

Häzirki Täjigistanyň Gowadyýan we Huttalýan (Kölap—Kulýab ülkesi) sebitleri Özbegistanyň Termez we Owganystanyň Balh welaýatlary bilen birlikde gadymy geçmişde bir bütewi ülkäni emele getirip, täjikleriň, türkmenleriň jan sany 40000 çadyra, ýagny 200000 adama ýetipdir (Täjigistan türkmenleri.—K.-da: Dünýä türkmenleri.—A.: Ruh,1994.—31 s.)

Tutuş Amyderýanyň iki ýakasynda ýaşaýan ilat haýsy kenarda durmuş gowy, howpsuz bolsa, şolarapdaky garyndaşlarynyň ýanyna göçüpdir. Netijede, ilatyň sany we gürlügi mydama üýtgäp, azalyp ýa köpelip durupdyr. Bu ýagdaý Jylyköl türkmenlerine-de degişlidir. Geçen asyra degişli çeşmelerde Jylyköl türkmenleriniň etnik ady Garatürkmendir, hatda Jylyköl şäherçesiniň ýakynynda häzire çenli Garatürkmeniň juýbary diýen aryk hem saklanypdyr.

Ýokarda ady geçen Saparguly Togta Garatürkmen diýen ady şeýle düşündirýär: geçen asyryň ortalarynda Gara diýen türkmen dadhasy )generaly) Buhara emiriniň şu ülkedäki wekili Batyr handan rugsat alyp, ýüz hojalyk çemesi ärsaryny Lebapdan Gowadyýana göçürip getirýär. Bu ülke Garanyň türkmenleri, Garatürkmen diýen at galýar. Ýöne jylykölli ýaşulularyň köpüsi garatürkmen diýen ady ärsarylaryň gara diýen bölümi bilen baglanyşdyrýar we geçmişde şol garalaryň bu ilde has köp bolup, soňra Owganystana geçenligini gürrüň berýär.

Her niçigem bolsa, Jylyköl töwereginde ýaşaýan häzirki türkmenleriň aglabasy geçen asyryň ortalarynda Lebapdan, esasan, Kerki, Halaç, Garabekewül, Saýat, Burdalyk, Hojambaz, Çarşaňňy etraplaryndan göçüp gelip, olaryň köpüsi ärsarylar, galanlary hem olam, salyr, hatap, esgi ýaly tapalaryň wekilleridir. Jylykölli oturymdar türkmenler bilen gatnaşyk eden belet adamlaryň yzyna düşüp, lebaply türkmenler bu etraba aralaşypdyrlar. Ilki-ilkiler olar Wahşyň boýundaky tokaýlardan gurluşyk üçin agaç çapyp, ony pytramza ýaly daňyp, Wahşdan Amyderýa, ondanam öz obalaryna akdyryp getiripdirler. Soň-soňlar Wahşyň çägesinden altyn ýuwup almagy öwrenip, bu ýerde topar-topar bolup, zerçöwlik etmäge gelipdirler (täjikçe

zerşoý/zerçöw “altyn ýuwýan” diýmekdir).

Altyn ýuwmak üçin uly desga gerek däl, tüýi, çitimi ösgün ahky, deri ýaly ulurak düşek we çäge, suw almak üçin gap bolsa bolany. Tüýli düşegi güzeriň suwly ýerinde oturdylan we ýörite ýasalan ýapaşak topçana berkidip, belent tarapyna Wahşyň çägesini döküp, üstüne-de suw guýybermeli. Çäge suw bilen derýa guýulýar, massasy has agyr altyn dänejikleri bolsa aşak çöküp, tüýüň ýa çitmäniň arasynda saklanýar. Soňra şol tüýli düşegi arassa zadyň üstüne kakyp, zer owuntyklaryny toplap, bir gaba dökýärler, üstüne simap ol zeri özüne çekip, beýleki hapalardan saýlaýar. Şondan soň zer bilen simaply gaby oda goýsaň, simap bugaryp, arssa altynyň özi galýar eken. Gürrüň berişlerine görä, uzyn günüň dowamynda ýüzlerçe tonna çäge ýuwlanda-da, alynýan altynyň agramy iki-üç gramdan geçmändir. Ýöne geçen asyrda has köp altyn ýuwup, uly baýlyk toplan adamlar hem bolupdyr. Sowet häkimiýeti Wahşda bu pişäni gadagan edipdir, ýöne bu ýerde ogrynça zerçöwlik edýänler hemişe-de bolupdyr, meniň baran döwrümde-de bar eken.

Hut Beýik Watançylyk urşy ýyllaryna çenli Jylyköl türkmenleriniň ýaşaýan çygrynda az-köp lakaý özbekleri bolaýmasa, täjikler we beýleki milletler ýok eken. Ýöne soň Wahş we Kapyrläheň jülgelerine ýertitremeden ejir çeken we beýleki täjikler köpçülikleýin göçürilip getirilmäge başlapdyr, türkmenleriň köpüsi şondan soň täjik dilini öwrenipdirler. Penç etrabyndaky türkmenler-ä az wagtyň içinde täjikleşibem gidipdirler. Men şu etrabyň iki obasynda türkmenleriň ýaşaýandygyny eşidip, şol obalara baryp gördüm. Olardaky ýaşuly türkmenler ene dilini kem-käs saklan hem bolsalar, ýaşlary ene dili täjikçe, maşgalada ýörgünli dil hem täjik dili eken. Muňa seretmezden Wahş we Kapyrläheň boýlarynda ýaşaýan türkmenleriň gepleşik dili we ähli edim-gylymy Kerki topar obalarynda ýaşaýan türkmenleriňki bilen birdir.

Jylyköl türkmenleriň arasynda öňki Soýuzda we Täjigistanda meşhurlyk gazanan hem-de türkmen halkyna şöhrat getiren şahsyýetleriň sany az däldir. Bu babatda, öňi bilen, şu ilde önüp-ösen, asly hem gyzylaýak türkmenlerinden

bolan Mukym Soltanowyň adyny tutmak gerek. Bu gaýduwsyz türkmen Täjigistandam umuman, Orta Asyýada iň uly we güýçli basmaçylar toparynyň serdary Ybraýym begi sowet häkimiýetlerine tutup berip, Täjigistanda ilkinji milli gahrymana öwrülýär. Duşenbedäki milli taryh muzeýinde Mukym Soltanowa we onuň edermenligine ýörite otag bagyşlanypdyr. Meniň baran döwrümde diri hem bolsa, paýtagtyň ýakynyndaky Lenin etrabynyň obalarynyň birinde ýaşaýan bu ildeşimiz bilen duşuşyp bilmedim.

Bu ülkeden Hally bagşy, Ýazmyrat Jumat ýaly görnükli bagşylaryň, ylmyň dürli ugurlary, ylaýta-da medisina boýunça ençeme alymlaryň,1960-njy ýyllarda Jykyköl raýkomynyň birinji sekretary, soňpra kolhoz başlygy bolup işlän Jumaguly Nazarow, tutuş Täjigistanda şöhrat gazanan “Moskwa” (häzir Möwlam Garýagdyýew adyndaky) kolhoza köp ýyl başlyk bolan Möwlam Garýagdyýew, ýokarda atlaryy tutulan Nedirkul Nazarow we Allaberen Hudaýýar ýaly görnükli partiýa we hojalyk ýolbaşçylarynyň çykandygy hem bellenmäge mynasypdyr.

* * *

Öňki sowet imperiýasynyň dargamagy bilen Täjigistanda başlanan graždanlyk urşy bu ýurtda ýaşaýanlaryň ähli gatlagyny sarsdyrdy. Urşuň ýalny Jylyköl türkmnleriniň käbir obalaryna-da çabrady. Netijede, ol obalardan çykan bosgunlar dumly-duşa pytradylar. Olaryň esasy bölegi bolsa ata Watana gelip düşdi. Häzir Garagum kanalynyň boýunda dörän täze oba we şäherçeleriň köpüsinde, Lebap welaýatynyň ençeme obalarynda, Mary welaýatynyň Hanhowuz ýaýlasynda, Ahal welaýatynyň Gäwers etrabynyň Ýaşyldepe, 9 Aşgabat komissarlary daýhan birleşiklerinde şol ilden göçüp gelen arkadaşlarymyza duş gelmek bolýar (meselem, ýokarda ady agzalan Tagan Begjikowyň topary Lebap welaýatynyň Saparmyrat Nyýazow etrabynda, Nedirkul Nazarow bilen bile gelen hojalyklar hem Hanhowuz ýaýlasynda täze ýurt tutundylar).

## Özbegistan we Garagalpagystan türkmenleriňkide

Özbegistan türkmenleri bilen mydama ýygy aragatnaşyk bolandygy üçin, ol türkmenler barada bilmeýän adam az-azdyr. Häzirki döwrüň resmi maglumatlary boýunça, Özbegistanyň Daşkent, Samarkant, Buhara, Kaşgaderýa, Surhanderýa we Horezm welaýatlarynda 60—65 müň, Garagalpagystanda hem 60,2 müň türkmenleriň ýaşaýanlygy habar berilýär. Hakykatda weli doganlyk Özbegistan döwletinde ýaşaýan arkadaşlarymyzyň jan sany has köpdür. Biz muňa şol türkmenleriň arasynda ylmy iş saparynda bolan mahalymyz gowy göz ýetirdik.

1924-nji ýylda Orta Asiýada ýaşaýan özbek, türkmen, täjik, gyrgyz, gazak we garagalpak halklarynyň arasynda milli—çäk bölünişigi geçirilip, olaryň arasy emeli serhet bilen çäklendirilýänçä, bu giň ülkäniň ähli ýerinde agzalan halklaryň wekilleri ýaýylyp-ýaýrap ýaşapdyrlar. Şonuň üçinem biz türkmenleriň ululy-kiçili toparlaryna öňki respublikalaryň köpüsinde duş gelýäris. Orta asyrlarda Gyrgyzystandaky Çu, Talas, Jetiögüz, Yssykköl sähralaryny we Syrderýa boýlaryny mesgen tutunan türkmen taýpalarynyň uly bölegi soňra Maňgyşlak, Balkan sebitlerine aralaşan bolsalar, olaryň beýleki bölegi Syrderýa boýlarynda ymykly ornaşyp, şol ülkeleri özlerine watan tutunypdyrlar. Hatda 20-nji ýyllarda ýüzleýräk geçirilen ilat ýazuwy boýunça-da Özbegistanyň çygryndaky türkmenleriň jan sanynyň bir million çemesidigi bellenýär. Ýöne dil, medeniýet, din we ruhy taýdan juda ýakyn, san taýdan hem agdyk bolan doganlyk özbek halkynyň arasynda düşen az sanly türkmenler soňra özbek mekdeplerinde okap, özbek halky bilen garylyp-gatylyp gidipdir. Soňra ýazuwlarda olaryň milleti hem özbek diýlip ýazylypdyr.

Özbegistan türkmenleri barada ýazylan zatlar sanardan köp. Şonuň üçinem, biz olar barada ymykly gürrüň etmekçi däl, diňe olaryň giň köpçülige onçakly mälim bolmadyk taraplary barada gysgaça ýatlap geçmekçi.

1975-nji ýylda Daşkent welaýatynyň Akgorgan etrap “Akgorgan” sowhozynda ýaşaýan türkmenleriň arasynda

bolanymyzda, olaryň özleriniň 30-njy ýyllarda baý-kulak hökmünde sürgün edilenleriň nebereleridigini aýtdylar. Bu sowhozyň alty bölüminiň ählisinde şol döwürde müňden gowrak türkmen bolup, olaryň köpüsi sarahsly salyrlar, galanlary hem Gazanjyk, Çärjew, Sakar etraplaryndan getirilen il eken. Olaryň obalarynda türkmen dilinde mekdepler hem bar eken. Teke hanyň agtygy Şamman, Şajyk, Özbegistanda at gazanan mekdep mugallymy Kirli Patarow ýaly meşhur ildeşlerimiziň ençemesi bilen duşuşdyk.

Samarkantda türkmen obalary barada maglumat almak üçin, ilki bilen oblispolkoma geldik. Ýöne bu ýerde bize Samarkant welaýatynda türkmen obalarynyň ýoklugyny, diňe şäheriň Türkmengüzer ýa-da Kölabat diýen mähellesinde iki müň çemesi türkmenleriň ýaşaýanlygyny habar berdiler. Biz Türkmengüzerde bolanymyzda, şäheriň Titow we Bulungur köçeleriniň ugrunda, Kölabat mähellesinde 150—200 türkmen hojalygynyň kowçum bolup oturanlygyny, olaryň ählisiniň hojambazly olamlaryň wekilleridigini anykladyk. Häzirki Hojambaz bilen garyndaşlyk gatnaşygyny saklaýan bu olamlaryň XVIII asyryň başlarynda şu ýere Hojambazdan gelendigini gürrüň berdiler. Ondan öňem bu sebitde oturymdar türkmenler, şol sanda olamlar hem ýaşapdyrlar. Türkmen, özbek, täjik we orus dillerini suwara bilýän bu olamlaryň aýallary tamdyrda çörek bişirmekde uly ussatlar hökmünde meşhurlyk gazanypdyrlar. Häzir olaryň howlularynyň ählisinde gaz bilen gyzdyrylýan uly tamdyrlar bolup, ýörite basdyrmanyň aşagynda 20—30, käbirleriniňkide hatda 15 – 200 halta un basylyp goýlupdyr. Bu türkmen aýallarynyň bişirýän çöreginiň Samarkant bazarynda iň arzyly harytlaryň hut özümiz göz ýetirdik, olaryň öýlerine gelip çörek satyn alýanlaryň, çörek sargap bişirdýänleriň ençemesine duş geldik. Dogrudan-da, gyralaryna nagyş edilip, ortalaryna gül basylan we hat ýazylan, şeýle edilibem sangatyň ajaýyp eseri derejesine ýetirilen bu çörekleri gözrämeg göz gerek. Gürrüň berişlerine görä, daşary ýurtlara saparynda hut Şaraf Raşidowyň özem şu türkmenleriň bişiren çöregini ýany bilen äkidýän eken.

Hojambaz olamlary bilen deňeşdirendem Samarkantdaky

olamlar öz şiwesini, garry aýallary bolsa gadymy milli formasyny gowy saklapdyrlar. Meselem, Lebapda “Ho diýse, Hojambazlydyr” (Ýagny olamdyr) diýen aýtgy ýörgünli, çünki olar öň ho sözüni köp ulanýan ekenler. Emma häzir Hojambazda ho diýilmeýär, emma Samarkant olamlarynda bu aýratyn mesaňa mälim duýulýar: Men uňa aýtdym ho: Gitjek bolup ýöri:rin ho: Hojjamba:zdan şö:re (şu ýere) geldo:r (gelýär) ho: Şö:rde k:öl ba”r ho: Haýkyrma (gygyrma) ho:

Samarkant türkmenleriniň her öýünde diýen ýaly täjik ýa özbek milletinden alnan gelinler gaýynlary bilen örän mylaýym hem-de täsin labyzda olam şiwesinde gürleşýärler. Görlüp oturylsa, keseki milletden gelen gelni öz şiwesinde gürletmegi bu türkmenler iň zerur däp hasaplaýarlar.

Türkmengüzerli ýaşulylardan bu welaýatdaky türkmen obalarynyň salgysyny aldyk. Olar bize her türkmen obasynda bir gün durmak üçin, azyndan iki aý gerek boljakdygyny duýduryp, 10—12 günüň dowamynda bize esasy uly obalary aýlanmagyň ýoluny, adresini, hatda her obada kimleriň ýanyna barmalydygymyza çenli aýtdylar. Samarkant töwereklerinde 12 sany Türkmengyşlak atly obalar bolup[1], olaryň aglabasynda Nuratadan göçüp gelen türkmenler ýaşaýan eken. Biz olaryň wekilleri bilen Nuratanyň özünde duşuşmagy ýüregimize düwüp, Pastdargom etrabynyň Ýokary Çandyr, Parçagaraçandyr, Nowçandyr, Enekeçandyr obalarynda uly kowçum bolup oturan çandyrlaryň, Samarkant etrabynyň Ketdegorganaryk obasyndaky we Paýaryk etrabynyň Hoşrabat obalaryndaky hydyrlileriň, Juma şäheriniň etegindäki esgileriň arasynda birnäçe gün bolduk.

Nurata türkmenlerini, ata-babalarymyzyň bir wagtky watany bolan we Seýdi ýaly klassyk şahyrlarymyzyň goşgularynda

[1] Samarkant we Buhara welaýatlaryndaky türkmenleri öwrenen orus alymy W.G.Moşkowanyň ýazmagyna görä, türkmen urug-tireleriniň aatlary dakylan obalaryň sany Samarkant welaýatynda 51, Zerewşan wlaýatynda 23, Ferganada 8, Daşkentde 7, Nuratada hem 6-dyr. (W.G. Moşkowa. Nekotoryýe obşiýe elementy w rodoplemennom sostawe uzbekow, karakalpakow w turkmen.//Trudy Instituta istorii i arheologii AN Uzb.SSR.—1950.—t.2.—S.16

öwran-öwran ýatlanýan Akdag-Garadag etraplaryny görmegi haýsy türkmen arzuw etmeýär? Meniň bu arzuwym 1975-nji ýylda hasyl boldy.

Nurata bilen Samarkant şäheriniň arasynda esli ýol bar. Bize bu türkmenleriň esasy merkezi bolan Joş obasyna barmagy maslahat berdiler. Nurata gidýän awtobusa münüp, Joş obasynyň deňinde düşüp galdyk. Obanyň merkezinde Ergeş Jumanbilbil adyndaky uly sowhozyň edarasy ýerleşýär. Onuň öňündäki gülli aýmançanyň ortasynda bolsa bu sowhaza ady dakylan şahsyň—Özbegsitanyň halk şahyry Ergeş Jumanbilibiliň (1868—1937) äpet heýkeli howalap dur. Mekdepde bizi bu şahyryň ömri we döredijiligi bilen tanyşdyrdylar, onuň 100 ýaş toýuna gabatlap çykarylan saýlanan eserleriniň iki tomlugyny sowgat berdiler. Bizdäki Durdy Gylyjy we Ata Salyhy ýatladýan bu halk şahyrynyň dilinden birnäçe dessan ýazylyp neşir edilipdir. Ergeş şahyr eli bilen ýazan terjimehalynda aslynyň özbek halkynyň türkmen taýpasynyň gazaýakly toparynyň garakese (karakisa) urugyndan molla Jumanbilbiliň maşgalasynda doglandygyny ýazypdyr (Ergeş Jumanbilbil ugli. 1 žild.—Toşkent, 1971.—7 sah.). Bu ýerde agzalýan *gazaýak*—mala salkynýan tagmadyr, ol gazyň aýak yzyna meňzeýär. Geçmişde bu tagma salyp taýpasynyň hususy möhüri bolupdyr. Bu ýagdaý Nurata türkmenleriniň we salyr taýpasynyň garyndaşlygyndan habar berýär. Muny 1370-nji ýyldan öň Nurata we Oşrabat etraplaryndan Hytaýyň paýtagty Pekiniň ýakynyna (Sýunhua welaýatndaky Ýanszy derýasynyň boýuna) göçüp baran türkmenleriň häzire çenli *salar* diýen etnik adyny saklamagy hem tassyklaýar (*Tenişew E.R.* Stroý salarskogo ýazyka.—M.: Hauka. 1976.—26 sah.). Üstesine, Nurata türkmenleriniň mirşikär (bizde mürüşgär), gökdonly, ürgenji, maňňyşlow (maňňyşlaly), taz (daz), bagajat (bagaja), çynak (çonak), arbap, mergen, goňrat, töre ýaly etnik atlary hut şol görnüşinde ýa-da ýaý içindäki şekilde Türkmenistanyň, ylaýta-da salyrlaryň ýa-da öň salyr birleşgine giren taýpalaryň urug-tire atlarynda gaýtalanýar. Ýene bir bellemeli zat, ol-da Nurata türkmenleriniň öýlerinde türkmen halylarynyň köpdügidir. Olaryň gölleri bolsa

Kerkide we Halaçda dokalýan halylaryň gölleri bilen meňzeş (Kerki göl haly). Biz şeýle halylara we haly horjunlara Joş bazarynda hem köp duş geldik. Şeýle faktlaryň tutuş toplumy Nurata türkmenleriniň özeniniň salyrdandygyny ikuçsyz aýan edýär.

Nurata türkmenlerinde 14 perdeli (belbagly) dutar, kowuz (naý, gargytüýdük) ýaly saz saz gurallary ulanylypdyr. Biz Joş obasynda birkarsak, beşkarsak we tokguzkarsak ýaly mukam atlaryny hem belläp aldyk.

Samarkantdan Türkmenistana tarap gitdigiňçe türkmen obalarynyň sany gürelýär. Buhara welaýatynyň ähli etraplarynda, ylaýta-da Romitan, Şafrikan, Galaasiýa, Buhara, Kagan, Swerdlow, Garaköl etraplarynda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň sany juda köpdür. Olaryň aglabasy salyr, saýat, baýat, garawul, ýandyr, hydyrili, azrak bölegi hem ärsary, esgi, sakar, çowdur, ata taýpalarynyň wekilleridir. Bu ilde özbekleşip giden halaaç we teke türkmenlerine hem duş geldik. Garaköl etrabynyň Saýat oba "Oktýabr" kolhozynda saýatly, salyr we ärsary wekilleri bilen birlikde özlerini maryly (taýpasy belli däl) hasap edýän bir topbak ilat ýaşaýar. Alat etrabynda bolsa orta asyr dilçisi Mahmyt Kaşgarynyň sanan 24 türkmen taýpasynyň içinde ululygy babatda şol wagtda 4-nji orunda durýan ywa türkmenleriniň uly toplumy bar. Ywalar öňki Soýuzyň çäginde Alatdan başga hiç ýerde duş gelmeýär.

Kaşgaderýa welaýatynda hem türkmen obalarynyň sany az däl. Mübärek etrabynda birnäçe esgi obasy, Saryk obasynda saryklar, Köneşäher we Naýystan obalarynda ärsarylar ýaşaýarlar.

1924-nji ýylyň milli bölünişginde Gyzylgum çölüniň kartasy çyzgyç bilen ikä bölünýänçä, bu gum tutuşlygyna Nerezim we Burdalyk begliklerine degişli eken, ondaky köne guýularyň hem köpüsi lebaply baýlar tarapyndan gazylypdyr. Bu welaýatdaky esgiler we Baharystan etrabynyň iki uly obasyny emele getirýän pamyklar bolsa geçen asyryň ahyrlarynda Nerezim oazisini Jeýhun suwy basandan soň şu welaýata—Gyzylgumuň ileri eteginden onuň gaýra çetine göçüp gelen ildir (ýeri gelende

aýtsak, özlerini esgiler bilen garyndaş, emma özbaşdak türkmen taýpasy hasap edýän pamyklar diňe şu welaýatdan başga ýerde duş gelmeýär).

Naýystan obasynyň binýady hem bir asyrdan gowrak mundan öň burdalyklylar, has takygy meniň obadaşlarym tarapyndan tutulypdyr. Öň obanyň orny gultakly molla Wepa diýen adamyň ýazlagy eken. Bir gezek wezir-wekilleri bilen awa-şikäre çykan Buhara emiriniň ýoly şu ýazlagyň üstünden düşýär. Molla Wepa emiri gowy garşy alýar, hezzet-hormat edýär. Şol gezekde emir hem oňa şu ýeri hatlap, mülk edip berýär. Şondan soň Gultakdan göçüp gelenleriň tutan bu obasyna ilki molla Wepa gyşlagy, gargy (naý) gamşyna baý bolany üçin hem Naýystan diýen at galýar. Häli-häzire çenli meniň obadaşlarym bilen naýystanlylaryň arasynda guda-garyndaşlyk gatnaşygy dowam edýär.

Şu obadan 20—30 km uzaklykda, gumuň içinde Gultak diýen täze şäherçe peýda boldy. Özbek gazçylarynyň bu uly mesgeninde öň gultakly baýyň gazdyran guýusy bardy. Kükürde baý gaz käni açylansoň, bu ýerde gazçylaryň şäherçesi emele geldi.

Ýeri gelende aýtsak, Gyzylgum çölüniň gaýra eteginde, Garşy sährasynda ýaşaýan türkmen obalary uruş döwrüniň açlyk ýyllarynda Lebapda, ylaýta-da Jeýhunyň sag kenarynda oturan garyndaşlarynyň, şol sanda biziň obamyzyň hem maňlaýyndan diräpdi. Meniň atam hem Kesbiniň, Kesanyň bazarynda äkiden zatlaryny satyp, deregine Naýystandan ençeme gezek eşekli galla getiripdi (Naýystan bilen biziň obamyzyň arasynda ini 70—80 kilometr bolan Gyzylgum çöli ýatyr).

Kaşgaderýa welaýatyndaky ärsary, çandyr we pamyk obalarynda Magtymgulynyň, B. Kerbabaýewiň, N. Saryhanowyň we Furkatyň atlaryny göterýän baş-alty sany uly türkmen mekdepleri hem bar.

Garşyda we welaýatyň beýleki şäherlerinde gülüň köpdügi göreni aňk edýär. Gülli şäherler hökmünde Ýewropada meşhur bolan Kanny, Monte-Karlo, Wena ýaly şäherlerde hem bolup görüpdim. Emma ýollaryň, ýodalaryň ugruna, aýmançalara

ekilen prezident bagülleriniň köplügi babatda Garşy bilen bäsleşip biljek başga şäher ýok bolsa gerek. Bu ýerde ýörite gülçülik sowhozy döredilip, şäherleri we şäherçeleri gülzarlyga öwürmek hem hut döwlet derejesindäki alada öwrülipdir.

Garşyda ýene bir ünsi çekýän zat, ol-da şäheriň gök bazary boldy. Bu ýerde gök önüm satýanlaryň aglabasy kerkili daýhan ýigitler. Türkmenistanyň gök bazarlarynda ir-iýmiş we gök satýan özbek hem-de täjik söwdagärleriniň ala tahýalaryna biziň gözümiz halys öwrenişip gidipdir. Emma Garşy we Tallymerjen şäherleriniň bazarlarynda weli düýbünden tersine: bazarlaryň gök satylýan hatarlarynda dört burç ala tahýaly ýerli satyjylardan Antguýy galpak diýilýän Kerki tahýalaryny geýen ildeş ýigitlerimiziň sany has agdyk. Gök önümi ir ýetişdirmekde zähmetsöýer özbek we täjik daýhanlaryndan ozduryp, olaryň bazarlaryny eýelemegi başaran kerkili ildeşlerimize aperin aýdaýmak galýar.

Amyderýanyň ýokary akymynda, Köýtendag etrabyndan tä Jylyköl türkmenleriniň obalaryna çenli uzalyp gidýän uzyn zolakda Surhanderýa ýa-da Termez türkmenleri ýerleşýärler. Iňňän gadymy döwürlerden bäri oturymly ýaşaýan bu ildeşlerimiziň etnik düzümi Lebapda we Jylykölde ýaşaýan ilatyňky bilen birdir. Welaýatyň Kepderhana, Petdekeser, Aýryktam, Arally, Baldyr, Bataş, Gabyrdyaryk, Garakemer, Garma, Göwülliköl, Däliaryk, Joýjeňňel, Kekeýdi, Maýmyntokaý, Mukryaryk, Nowşäher, Salawat, Üçtut, Halwadaş, Hoşman, Çakyş, Şorap, Ýaňyaryk ýaly onlarça obasynda aglaba ärsarylar, şeýle-de olam, şyh, mukry ýaly türkmen taýpalarynyň wekilleri ýaşaýarlar. Bu ilde türkmen dilinde mekdepleriň ýokdugy üçin, ýaşlaryň dilinde we egin-eşiginde millilik ýitip barýar, emma uly nesil dil aýratynlygyny, aýal-gyzlar hem milli eşiklerini gowy saklapdyr.

Şu welaýatyň Dänew etrabynda, Surhan derýasynyň ýokary akymynda, Halkaýar derýasynyň iki boýunda Türkmendeşt diýen giň territoriýa bolup, onda türkmenjüz (ýüz) diýen uly il ýaşaýar. Rowaýata görä, bu türkmenler soltan Sanjar tarapyndan Surhanderýa göçürilen ýüz maşgaladan ýaýrapdyr. Geň ýeri,

Surhanyň boýundaky  Dänew etrabynda häzire çenli Sanjaryň ady bilen baglanyşykly bir bina saklanyp galypdyr (Dünýä türkmenleri.—A.: Ruh, 1994,--40 s.). Gadymy geçmişde Nurata türkmenleri bilen bir etnik birligi hem-de şiwe umumylygyny emele getiren türkmenjüzler, edil garlyklar, goňratlar, gazaklar, garagalpaklar ýaly, ý sesine derek, j sesini ulanýan taýpalardyr (*ýüz—jüz, ýylan—jylan, ýyly—jyly, ýyl—jyl*). Olar wahtamgaly we ýylantamgaly diýen iki uly bölümden ybarat bolup,  her bölüm hem sekiz urugdan durýar: 1) gazaýakly, kuztamgaly, gazak, jarykbaş, kesewli, balgaly, elipli, bataş; 2) balahur, köse, patas (bataş), garga, ýorga, ýas, tarakly, eýerçi. 1924-nji ýylda bu ýerdäki türkmenjüzleriň 33 müňüsi hasaba alnypdyr (B.H. Karmyşýewa. Oçerki etniçeskoý instorii ýužnyh raýonow Tadžikistana i Uzbegistana.—M.: Nauka, 1976.—96 s.). Häzirki döwürde bu türkmenler, edil Nurata türkmenleri ýaly, özbek halkynyň türkmen taýpasy hasaplanylýar.

Özbegistanyň Horezm welaýatynda-da türkmenler az däl. Ürgenç we Hywa şäherleriniň töwereklerinde, Hazarasp, Hywa, Ýaňyaryk, Şabat etraplarynda kowçum-kowçum bolup oturan türkmen obalary duş gelýär. Olaryň käbirlerinde türkmen mekdepleri hem bar. Bu welaýatda ýaşaýan türkmenler etnik taýdan ýomut, ata, gökleň, arabaçy, şyh we çowdur (igdir) taýpalarynyň wekillerinden durýar.

Türki halklaryň dilini we etnografiýasyny öwrenýän alymlar Horezm welaýatynda ýaşaýan özbekleri gadymy oguzlaryň neberesi hasaplaýarlar. Dogrudan-da, gepleýişleri, çäkmen, silkme telpek ýaly eşikleri geýişleri, öý-öwzarlary, aýdym-sazlary, naharlary we ençeme beýleki edim-gylymlary taýdan bu iliň türkmenler bilen umumylygy gaty köp. Hatda horezmliler Magtymgulyny öz şahyrlary hasaplaýarlar, bagşylary bolsa türkmen şahyrlarynyň sözlerine aýdym aýdýarlar. Üstesine, häzirki döwürde Orta Asyýanyň hiç ýerinde saklanmadyk gadymy oguz-türkmen taýpalary bolan awşarlara we gynyklara hem şu ilde duş gelýäris. Ürgenç etrabynyň Agöýli obasynda bolsa agöýli türkmenleri ýaşaýarlar. Bu obanyň ilatynyň ata-babalary iki-üç asyr mundan öň Hywa hanlary tarapyndan

Sarahsdan agöýli edilip getirilipdir. Basylyp alnan taýpanyň soňra baş galdyrmazlygy üçin, onuň içinden zamun, girew hökmünde getirilen ilata (esasan, ýaş ýigitlere) agözli diýlipdir, çünki taýpanyň görnükli adamlarynyň, baýlaryň ogullary bolany üçin, olar köşkde ýa-da onuň ýakynynda üstüne ak (täze) keçe atylan gara öýlerde ýaşapdyrlar. Taýpadaşlary baş galdyrmasalar, agöýliler hanlygyň çäginden çykman, hanyň raýatynda arkaýyn ýaşapdyrlar, uzak ilindäkiler gozgalaň turzaýsalar weli ilkinji nobatda han agöýlüleri gyrypdyr. Ürgenjiň ýakynyndaky agöýli türkmenleri şeýle zamunlaryň nebereleridir.

Garagalpagystanyň Dörtgül etrabynyň Akbaşly, Akgamyş, Bagýap, Gulataw, Kelteminar, Meşikli, Misgin, Sarymaaý, Ulubag, Emirabat obalarynda, Biruny etrabynyň Azat, Magtymguly, Hojaili etrabynyň Burlamaz we Çatrawuk obalarynda, şeýle-de Çomanoý We Amyderýa etraplarynda kowçum bolup oturan türkmenleriň ençeme obasyna duş gelinýär. Ata, ýomut, gökleň, arabaçy, garadaşly taýpalarynyň wekilleri ýaşaýan bu obalar türkmen dilinde okaýarlar, Türkmenistan bilen hem ýygy gatnaşyk saklaýarlar.

Garagalpagystan türkmenleri barada taryhy, edebi we ylmy çeşmeleriň köpdügu üçin, biz olar barada ymykly gürrüň etmekçi däl, ýöne 1992-nji ýyldan başlap Nöküs döwlet uniwersitetinde we käbir beýleki okuw jaýlarynda türkmen bölümleri açylyp, olarda ýerli türkmenleriň we Daşoguz welaýatynyň oglan-gyzlarynyň okadylýandygyny ýatlamakçydyrys.

## Azerbaýjanly arkadaşlarymyzyňkyda

Aslynda, Azerbaýjan sözi milletiň däl-de, ýurduň adydyr. Bu ülkäniň esasy ýaşaýjylary bolan türki dilli ilata sowet döwrüne çenli *gyzylbaşlar, gajarlar, Azerbaýjan türkileri, Azerbaýjanly türkmenler (ýa-da sadaja türkmenler) diýlipdir,* Kawkaz halklarynyň köpüsi bolsa olary tatarlar diýip atlandyrypdyrlar. Azeriler ýa-da azerbaýjanlar diýen häzirki etnik at sowet döwründe, 1930-njy ýyllarda döredi.

Azerbaýjanly türkmenler, Häzirbegjan türkmenleri... Eýýäm

şu etnik adyň özi-de bu iliň türkmenler bilen ganybirdiginden habar berýär. Hut şonuň üçin bolsa gerek, bu ülkede milletini “türkmen” diýip ýazdyran il ýok. Türkmen tireleriniň atlary dakylan Azerbaýjan obalaryna baryp, “Obaňyzda türkmen barmy?” diýip dagy soraýsaňyz, ýerli ilatyň göwnüne degersiňiz. Olar biragyzdan “Elhemdülilla, Azerbaýjanlylaryň hemmesi türkmen” diýip jogap bererler.

Menem 1988-nji ýylyň aprel-maý aýlarynda bakuwly kärdeşim Alyikram Asadow bilen onuň dogduk mekany bilen tanyşmaga gitdim (doktorlyk dissertasiýasy türkmen dili bilen baglanyşykly bolany üçin, Alyikram Aşgabatda iki aý çemesi işledi we biziň bilen gowy ysnyşdy).

Mugan daglary Bakuwdan 150 km günorta-günbatarda ýerleşýär. Sabyrabat şäherinden geçenden soň, Araz (Araks) we Küri (Kura) derýalarynyň boýlarynda türkmen tire-taýpalarynyň atlaryny göterýän ençeme obalar duş gelýär: Saryjalar, salahly, Saýatly (1940-njy ýyldan soň bu raýonyň ady Saatly görnüşinde üýtgedilipdir), Kyryhly, Garaman we başgalar. Azerbaýjanyň ençeme etraplarynda Awşar, Alban, Arabaçy, Baýyndur, Baýat, Bekdili, Bujak, gazan, Gapan, Garabölük, Garagoýunly, Garaja, Garaöýli, Garkyn, Geçili, Guşçy, Deweçi (Düýeji), Düker, Döwler, Däliler, Zergär, Kerki, Mamyşly, Polatly, Sabyr, Salor, Seýitler, Soltanly, Suwar, Tana, Terakime, Tirkeş, Halaç, Händek, Çakmakly, Çakarly, Çandarly, Çepni, Çowdar, Eýmür, Ertem, Ýaýjy ýaly oguz-türkmen taýpa-tire atlary dakylan obadyr şäherler sanardan köp.

Ýerli alymlaryň ýazyşyça, Baku şäheriniň ýerleşýän Apşeron ýarym adasyna-da awşar türkmenleriniň ady geçipdir. Ilki ýerli ilat Artýom adasynyň garşysyndaky köne şähere Äwşäran diýipdir, çünki giçki orta asyrlarda bu şäheriň düýbüni awşar türkmenleri tutupdyrlar. Soňra bu at ýarym ada dakylypdyr. Äwşäran (manysy “awşarlar”) diýen ýerli ady oruslar Apşeron görnüşinde üýtgedipdirler.

Men Alyikram bilen Saýatly (Saatly) etrabynyň ençeme obalaryny gezip gördüm. Edil Daşoguz obalaryna düşen ýaly, gamyş basan kölleri-de, ýap-çilleri-de meňzeş. Diňe oba

ýodalarynda äwmän gezişip ýören ýa-da palçykda agnaşyp ýatan ýapyrşah äpet gäwmişler, köllerinde üýtgeşik sesli, garga ýaly gagyldaşýan gurbagalar seniň Daşoguz topragynda däldigiňden habar berýär. Oba melleklerindäki jaýlar hem pagsadan ýa kerpiçden salynman, agaç karkas (çöpkäre) arkaly dikeldilipdir. Mellekleriň gyralaryna haýat ýerine bir ýarym metr belentlikdäki gamyş çyg tutulypdyr.

Öý-öwzarynda we edim-gylymynda bizdäki bilen kybapdaş gelmeýän zatlar dessine göze ilýär. Öýlerde pola düşek ýazylgy bolsa-da, düşekde oturylmaýar, stol başynda naharlanylýar.

Alyikramyň öýüne gelenimizde kakasy, ejesi we doganlary ilki Alyikram bilen gujaklaşyp, meniň bilen hem elleşip görüşdiler. Nahar stolunyň başynda ýerleşdigem weli, 10—12 ýaşly gyzjagaz legen bilen ýyly suwly kündük getirip, meniň jorabymy çykarmakçy boldy. Beýle däbe ilkinji gezek duşýanym üçin, men aňk-taňk bolup, Alyikramyň ýüzüne seretdim. Olam bu ilde myhmanyň aýagyny ýuwmagyň oňa bolan çuň hormatyň nyşanydygyny aýtdy. Şonda-da uzak ýoldan derläp gelen aýagymy eýjejik çaga ýuwdurmagy ejap edip, onuň akdyrýan suwuna aýagymy özüm ýuwdum. Gowy däp: jänym hezil edäýdi. Alyikram weli arkaýyn aýagyny legene tutup otyr, gyzjagaz jorabyny çykaryp, onuň aýagyny sabynlap ýuwdy, süpürdi, soňra beýleki aýagyny ýuwdy, joraplaryny hem ýuwmaga äkitdi.

Obalarda nahar äberilişi hem ýewropalaşypdyr: birinji (suwuk) nahar kiçijik gapda örän az mukdarda berilýär, tabakdaş bolup nahar iýilmeýär. Ikinji, üçünji naharlardan geregiňi öz gabyňa alyp iýibermeli. Nahara bissimylla bilen başlap, yzyndan töwir etmek hem adat däl.

Men Azerbaýjanly terakimeler barada köp eşidipdim, terakime diýen adyň arap dilinde türkmen sözüniň köplük sanyny aňladýanlygyny hem bilýärdim[1]. Olaryň sany Azerbaýjanda birnäçe milliona ýetýän bolmaly. Mugan dagynyň ýaýlalarynda terakimeleriň köpdügini eşidip, men Alyikrama olaryň arasyna

[1] Azerbaýjanda terakime sözüni “türkmenler” manysynda däl-de, “garyp çarwa”, “yza galak, medeniýetsiz çopan” ýaly manyda ulanýarlar.

äkitmegi haýyş etdim.

Ertir ir bilen Alyikramyň agasy Abylfazyn “Žigulisinde” neredesiň Mugan dagy diýip, ýola rowana bolduk. Obadan çykyp, garaýol bilen esli ýöränimizden soň çepe—düzräk baýyrlyklara tarap sowulýan gyr ýoluna düşdük. Hol gözýetimde başy garly belent daglar görünýär. Mugan dagy! Üsti garly uja daglar! Belki, “Saýatly-Hemra” dessanyny ýazan şahyr dagyň şu bölegini synlap:

*Göwnüm istär Häzirbejan ilini,*
*Mugaan daglarynyň gary bar, gary —*

diýip ýazandyr?! Ol garly daglar gaty uzakda, etekleri weli bizdäki ummasyz gyrlaç baýyrlary ýada salýar. Bu tekiz sährada ot köp. Ynha-da, iki-üç tandan ybarat çarwa obasy.

Jaýlaryň ýakynynda maşyn saklanan badyna iki sany çopan iti habarymyzy aldy. Onýança öýden çykan öý bikesiniň sesine itler üýrmesini bes etdiler. Abulfaz birzatlar diýenden, kempir tama girip, 10—12 ýaşlaryndaky oglanjygy alyp geldi. Salamlaşyp, görşüp çykandan soň, ol oglanjyk daňylgy atlaryň birini çözüp, böküp üstüne mündi, uýansyz ýalaňaç atyň syrtyna bir gamçy çalybam gözden suwamt boldy.

Bu iliň atlary gaty ullakan, ýöne gömelteýden agyraýak görünýär.

Giden oglan sanly salymda üç atly bolup geldi. Öý eýesi türkmenistanly alymyň terakime garyndaşlaryny sorap gelenine monça bolup, meniň bilen täzeden gujaklaşyp görüşdi. Ýanyndaky ýoldaşy bolsa soýmak üçin işegi göterip getirdi. Abulfazyň çarwa terakimelerini ökde gassaplar hökmünde öwran-öwran taryplanlygy üçin, muny iş ýüzünde barlap görmek kararyna gelindi. Sagat bellenen dessine ýaş ýigit güýlügsiz işegiň aýaklaryny ykjam tutdy, beýlekisi damagyny çaldy. Iki bolup daşyna geçilen dowar sanly salymda deriden çykaryldy, tärimiň bir agajyndan asylan dessine-de pudarlanyp, alty minutda et ojagyň ýanyna eltildi.

Gazan ataryldy, bizem öý eýesi bilen çarwa goşuny

synlamak üçin agyla tarap ýöneldik.

Ynha, ullakan agyl. Bizdäkiden tapawutly ýeri—çöp-çalam bilen daşy gabsalan tegelek agylyň iki tarapynda ýer gazylyp, agzy dar, düýbi giň ýerdöleler täze guzlan goýunlar gabalýan eken.

Agylyň esli uzaklygynda atlaryň daňylýan ýerleri bar. Onuň aňyrsy gök otly giň meýdan. Şol ýerde düşek ýazyp, meýdanda oturmaly edildi. Dumly-duşdan öňli-soňly dört atly gelenden soň nahar çekildi.

Gelen myhmanlaryň hersi bir milletden bolup, olaryň ählisi şu sährada mal bakýan çarwalar eken. Nahardan soň myhmanyň hatyrasyna at çapyşygy geçirildi. Oňa öz atlary bilen bir awar, bir osetin, iki terakime gatnaşdy. Bir kilomter çemesi aralygyň iki tarapy bellenip, atlar çapyşyga goýberildi. Ilkinji tapgyrda awar ýigidiniň göwresi kiçi dor ýabysy äpet göwreli terakime atlaryny yza galdyryp, pellehana ilkinji geldi. Soňky iki çapyşygyň ikisinde-de öý eýesiniň uly ogly birinji boldy.

Terakime ýigitleri bilen biz dostlaşyp, gujaklaşyp aýrylyşdyk.

* * *

Gidilip görülse, Azerbaýjanyň köp etraplarynda, ylaýtada sap oguzlar hasaplanýan ilatyň ýaşaýan daglyk ülkelerinde türkmenleriň geçmiş taryhyna degişli köp maglumatlaryň tapyljakdygyna berk ynanýaryn, çünki bakuwly alymlaryň habar bermegine görä, şol ýerlerde häzirki zaman türkmen diline has ýakyn şiwede gepleýän il ýaşaýar, hatda käbir obalaryň zenanlary türkmen aýal-gyzlarynyňky ýaly giň, bili guşaksyz köýnek geýýärler. Men şol uzak etraplary gözüm bilen görmek üçin iki gezek Bakuwda ýola şaýlandym, emma ikisinde-de bu synanyşygym başa barmady. Birinjisinde daga galyň gar ýagyp, dag ýollary ýapyldy, ikinjisinde bolsa meniň bilen gitmäge höwes bildiren kärdeşim Ilhan Nuryýew keselhana düşdi. Ýöne men Bakuwda şol etraplardan gelenler bilen gürrüňleşip gördüm we olaryň türkmen diline has ýakyn şiwede gepleýändigine

göz ýetirdim, hatda s, z seslerini edil türkmen dilindäki ýaly duşara ( dili dişleriň arasyndan daşary çykaryp) aýdýanlaram bar eken. Garaşsyz Watanymyzyň dogruçyl taryhyny ýazmaga taýýarlyk görülýän şu döwürde doganlyk Azerbaýjanyň şol ülkelerinde ýaşaýan iliň içine gidip, dil, edebiýat, etnografiýa, halk döredijiligi, hojalygy ýörediş, nahar, keşde-nagyş ýaly durmuşyň dürli ugurlary boýunça şol iliň türkmenler bilen umumy taraplaryny anyklap, olaryň gan garyndaşdygyny subut etmek ylma köp peýda berse gerek. Bu ýagdaý iki doganlyk halkyň ysnyşmagy üçin hem zerurdyr.

* * *

Ýokarda teswir edilenlerden başga-da, öňki Soýuzyň beýleki ençeme respublikalarynda, daşary ýurtlaryň hem Owganystan, Eýran, Yrak, Pakystan, Hytaý ýaly birnäçe döwletlerinde türkmenleriň köpçülikleýin oturýandygyny dürli çeşmeler habar berýärler. Meselem, Gazagystanyň köp welaýatlarynda ildeşlerimiz ýaşaýan bolmaly, çünki bu ülke, ylaýta-da Syr derýa boýlary we Maňgyşlak ýarym adasy türkmen halkynyň halk hökmünde kemala gelen mesgenleriniň biri hasaplanýar. Häli-häzire çenli Maňgyşlak we Gurýew welaýatlarynda abdal, hoja, çowdur taýpalarynyň ululy-kiçili bölekleri saklanyp galypdyr, hatda Maňgyşlagyň Bozajy (Buzaçy) ýarym adasyna-da çowdurlaryň bäş şahasynyň biri bolan Bozajylaryň ady geçipdir. S.G.Agajanow Türküstan şäheriniň töwereklerinde salyrlaryň akman we garaman bölümleriniň duş gelýändigini ýazsa, bu şäheriň ýakynyndaky Karnak obasynyň ilaty özüni oguz türkmenleri hasaplaýar.

Obalara türkmen urug-tire atlarynyň dakylandygyndan çen tutsaň, türkmenler Gürjüstanda hem köp bolmaly. Krymyň 1946-njy ýylda zor bilen Özbegistana we Gazagystana göçürilen oturymdar ilatynyň (Krym tatarlarynyň) hem esli böleginiň türkmenlerden ybaratdygyna söz ýok. Taryhdan mälim bolşuna görä, salyr türkmenleriniň uly bölegi 1263-1264-nji ýyllarda Saltyk babanyň baştutanlygynda Arzyrumdan Kryma göçüp, bu

ýerdäki ýerli türki ilat bilen garyşypdyr, emma Krymyň ýer-ýurt atlarynda şol salyrlaryň urug-tire atlary weli köp saklanypdyr, hatda Krymdaky esasy derýalaryň birine-de Salyr (orusça Salgir) diýilýär.

Salyrlaryň Kryma gelşi barada Abylgazynyň “Şejereýi terakime” diýen kitabynda-da maglumat köp.

Türkmenleriň yzlaryna Başgyrdystanda-da duş gelinýär. R.G.Kuzeýewiň ýazyşyna görä, başgyrtlaryň gara-gypjak toparynyň arasynda *türkmen (törökmän)* atly ugur-tireler az däl, ak-gypjaklar bolsa özlerine *başgyrt türkmen* diýip at berýärler. Şu respublikanyň Baýmyk etrabynda *Törökmän we 1-nji Törökmän*, Tuýmazy etrabynda-da Törökmän diýen obalar bar. Olaryň atlary, şeýle-de başgyrt taýpalarynyň düzüminde aýy, badrak, böri, gazan, gara, karmyş, gereý, guşçy, dag, daz, dokuz, itemen, sary, söýündik ýaly türkmen etnik atlaryny göterýän toparlaryň duş gelmegi bu iki halkyň hem gan garyndaşlygyndan habar berýär.

1984-nji ýylyň güýzünde Başgyrdystanda ylmy iş saparynda bolanymda, Ufa (başgyrtça Öfö, ýagny “oba”) şäherinde törökmän (türkmen) diýen başgyrt urugyndan bolan bir alym toý etdi. Aşgabatdan elten “gülaby” gawunymy, bir türkmen balzamyny we ýazan kitaplarymdan birkisini alyp, ufaly kärdeşlerim bilen “Jäýläu” (“Ýaýla”) atly milli restoranda geçirilen şol çaklanja toýa menem gatnaşdym. Restoran “G” harpy görnaşindäki jaýda ýerleşip, içi başgyrt milli nagyşlary bilen gowy bezelipdir. Jaýyň içinde 8 sany gara öý gurlupdyr. Bizi şol öýleriň birinde goýlan uly stoluň başynda oturtdylar. Öýleriň bezelişi, gurluşy türkmen öýlerine çalymdaş, ýöne ony has medeniýetleşdirip, häzirki zaman materiallaryndan, esasan, plastmassadan we metaldan bejeripdirler. Öýlerde, umuman, tutuň restoranda göze ilmeýän reproduktorlardan kuraýda (gargy tüýdükde) çalynýan mylaýym başgyrt sazlary ýaňlanyp dur. Kuraýyň kä uzyndan-uzyn sokdurylyp, hol baýyrlaryň aňyrsyndan aşyrym-aşyrym gelýän şemaly ýatladýan zaryn owazy, käte-de köwsarlap urýan harasat ýaly zarply we çalasyn sesi seni uçsuz-gyraksyz başgyrt sähralaryndadyryn diýdirýär. Türkmenistanly

myhmanyň gatnaşýanlygyny bilip, iki sany kuraýça ýigit biziň oturan öýümizde hem saz çaldy. Atamyň naý (gargy tüýdük) çalanlygy we onuň sesine ýaşlykdan öwrenişenligim üçin, men bu ýigitleriň saz çalşyny höwes bilen synladym, sazlaryny diňledim. Kuraýyň gurluşy naýa meňzeş, deşik sanlary hem deň. Bir ýigidiň kuraýy gamyşdan, beýlekisiniňki haýsydyr bir suw ösümliginden, reňki hem çuw ak. Onda gamyň kuraýdaky ýaly bogun ýok, syrdam, ýüzi goturak agaç turba, agramy has ýeňil. Kuraýyň çalnyşy-da bizdäki naýyňky ýaly, diňe çep eliň barmaklary tügdügiň üstünden däl-de, onuň aşagyndan geçirilip, guralyň deşiklerini ýapyp-açýar.

Şu toýda synlan ýene bir täsin zadym – ol-da toýa gatnaşýanlaryň köpüsiniň ( aýal bolsun, erkek bolsun, parhy ýok) bilelikde gopuz çalyşlary boldy. Tanslaryň arasynda gopuza gezek gelende, her kim jübüsinden öz gopuzyny çykaryp, ählisi professor Zennur Uraksiniň ýolbaşçylygynda şol bir heňi biraýakdan çaldylar.

Türkmenler bilen baglanyşykly ülkeler barada gürrüňi dowam etdireliň.

Hut ýaňy-ýakynlara çenli Dnepr derýasynyň Gara deňze guýýan ýerinde, Ukrainanyň Herson oblastynyň Golaýa pristan raýonynyň “Komintern” sowhozynyň dört bölüminde Daşoguz welaýatyndan baý-kulak hökmünde sürgün edilen türkmen, özbek iliniň uly topary ýaşapdyr. Dilçi professor Jumamyrat Amansaryýew, ýazyjy Esen Ataýew ýaly belli şahslar şu ilden çykypdyr. Ýöne ýokarda sanalan ülkelerdäki ildeşlerimiziň arasynda ýörite ylmy saparlarda bolup görmänligim üçin, olar barada gürrüňi uzaldyp oturman, diňe gözüm bilen gören ildeşlerim, şeýle-de türkmenleriň yzlaryna gabat gelen käbir ülkelerim barada gysgajyk söhbet edeýin.

## Gök oguzlaryňkyda myhmançylykda

1971-nji ýylyň güýzünde Moldowanyň paýtagty Kişinýowda Bütinsoýuz şiweşynaslyk konferensiýasynyň işi tamamlanandan soň, türki döwletleriň alymlarynyň bir toparyny

Gagauz iline myhmançylyga äkitdiler. Bu toparyň arasynda türkmen şiweşynaslaryndan Göwher Saparowa, Ata Annanurow üçümiz hem bardyk.

Paýtagtdan biziň barmaly Komrat raýonynyň merkezine çenli 120-130 km çemesi ýol bar. Awtobusyň üstünde bize gagauz taryhçysy M.W.Marunewiç we meşhur dilçi alym N.A.Baskakow dagy gagauzlar barada gysgaça taryhy maglumat berdiler.

Sözleýşi boýunça azerbaýjanlar, türkler we türkmenler bilen birlikde türki dilleriň oguz toparyny hasyl edýän gagauzlaryň etnik ady "gök oguz" sözleriniň bir görnüşi bolup, bu halk, alymlaryň pikiriçe, oguzlaryň ata-babasy bolan gök türkleriň nebereleridir. Türk alymy Ibragim Kafes ogly gök türkleriň Altaý daglarynyň gündogarynda, Ýarkentde we Kaşgarda baryp VI asyrda Bumyn diýen kaganyň baştutanlygynda güýçli Gök Türk imperiýasyny döredendiklerini ýazýar.

Käbir alymlar gagauz ("gök oguz") diýen adyň gök sözüni Oguz hanyň Gök han diýen oglunyň adyndan gözlese, dilçi akademik A.N.Kononow etnik atlardaky gök diýen reňk adyny "gündogar" manysyndaky tarap aňladýan söz hasaplaýar. Dogrudan-da, türki halklaryň guran Beýik Türk Kaganaty diýen uly imperiýanyň gündigar böleginiň ilatyna Gök türkler diýlipdir.

Gagauzlar miladynyň VI-VIII asyrlarynda türki halklaryň Gündogardan Günbatara göçe-göçlügi zamanynda Altaýdan gara deňziň kenarlaryna, orta asyrlarda bolsa ol ýerden hem Bolgariýa göçüpdirler we hristian dinini kabul edipdirler. XVIII asyryň ahyrlarynda gagauzlaryň bir topary Bujak düzlügine (türki halklar Bessarabiýa Bujak diýýärler), beýleki topary hem Ukraina aralaşýar.

Bolgarlaryň we beýleki slawýan halklarynyň arasynda köp wagtlap ýaşanlygy üçin, gagauzlaryň dilinde, dininde, eşiginde, öý-öwzarynda, hatda adam atlarynda-da slawýan täsiri mesaňa mälim duýlup dur. Olar barada gysgaça gürrüň bereýin.

Gagauzlaryň adam atlary edil oruslaryňky ýaly hristianlaşypdyr, ýöne familiýalarda Kumusçy, Gaýdarjy,

Garaçopan, Kurogly. Köse, Gulaksyz Büýükli ýaly türki sözler köp duş gelýär. Hristian atlaryna “ogly” sözüniň goşulmagy bilen familiýa ýasalyşy hem bar: Stefogly.

Geçmişde gagauz aýal-gyzlarynyň eşikleri hem uzyn bolupdyr, diňe soňra ýewropalaşdyrypdyr. Şonuň üçin Komrat raýonynyň Bäşalma obasyndaky garry aýallar Göwher Saparowany görenden onuň daşyna tegelenişip, Göwheriň uzyn köýnegini höwes bilen synladylar. Hristian dinine uýýanam bolsalar, käbir garry aýallar uzyn türkmen köýnegini ýüzüne sylyp ony togap etdiler:

Gagauz diline slawýan dili has-da güýçli täsir edipdir. Muňa sözlemiň baş agzalarynyň ýeriniň üýtgemegi hem mysal bolup biler. Türki dilleriň ählisinde sözlemiň eýesiniň birinji orunda, habarynyň bolsa sözlemiň yzynda getirilmegi kanun bolsa gagauz dilinde bu kada bozulypdyr. Muňa şu mysallar arkaly gowy göz ýetirmek mümkin: Onlaryn wardylarçok kapulu ewleri hem damlary (Olaryň köp gapyly öýleri we tamlary bardy); Hepsimiz bileriz geçmiş ýaşamasyny ynsanlaryn (Ynsanlaryň geçmişdäki ýaşaýşyny hemmämiz bilýäris); Kosti ewä geldi ýorgun (Kostýa öýe ýadaw geldi); Başlady orak biçimi (Orak orumy başlandy); Biri-biriniň ardyna kanudan uşaklar başladylar girmää, tutunyp analaryn eteklerindän (Çagalar eneleriniň eteklerinden ýapyşyp, biri-biriniň yzyndan gapydan girmäge başladylar).

Gagauzlar barada munça geň gürrüň bermegimiň sebäbi geçmişde bu halkyň türkmenler bilen iňňän ýakyn etnik gatnaşykda bolandygy, has dogrusy, şol bir kökden emele gelendigi üçindir. Mysal hökmünde gagauzlaryň etnik adyndaky gök sözüniň türkmen tire-taýpa atlarynda-da köp duş gelýändigini ýatlalyň. Meselem, gök (baýat, ýomut, igdir, sakar, salyr, saryk, teke, çowdur, ärsary taýpalarynyň düzüminde duş gelýär), gökje (teke, gökleň, ärsary, ýomut, sakar), gökteý (abdal), gögem (arabaçy), gögeç , gögüş (abdal) we başgalar.

XI asyrda Syrderýa boýlaryndan türkmen-oguzlaryň gökli, okly we soltanly diýen uly üç taýpasy Balkan sebitlerine göçüp gelýär. Olaryň gökli (gök türkmen ýa-da gök oguz. Deňeşdiriň: gagauz) taýpasy Günbatar Türkmenistana, esasanam häzirki

Eýrandaky Türkmensähra ýaýrandan soň, şol göklülerden gökleňler emele gelýär. Diýmek, ýokarda ýatlanan gök, gökje, gökli, gökteý ýaly türkmen urug-tireleri gagauzlar bilen diňe bir atdaş bolman, eýsem gan garyndaşdyr hem. Muny tassyklaýan başga-da delil köp. Gagauzlaryň Komrat raýonynyň ady Goňrat diýen türki taýpanyň adynyň biraz üýtgän görnüşidir. Häzir Amyderýanyň iki kenarynda, Türkmenistanda bolsa Köýtendag, Gowurdak sebitlerinde köpçülik bolup ýaşaýan goňratlar orta asyrlarda türkmen taýpasy saýylypdyr.

Çimişli diýen gagauz etrabynyň ady hem aslynda çömüş (çömüç, çomuç, ýagny "susak") sözünden emele gelipdir. Tagmasy çömüje (susaga) meňzeşligi üçin şeýle etnik at alan çömüçli urugy we onuň ady geçen oba hem-de aryk lebapdaky Hatap taýpasynyň obalarynda saklanypdyr.

Moldowadaky gagauzlaryň esasy watany bolan Bujak sährasynyň ady dakylan urug hem Lebapda duş gelýär – ol Saýat etrabynyň Bujakly obasynyň ýaşaýjylarydyr.

Gagauzlaryň durmuşynda türkmenleriňki bilen gabat gelýän zatlar gaty köp. Ynha, Komrat şäherçesindäki haly (has dogrusy – palas, kilim) dokalýan fabrikde gagauz gelin-gyzlarynyň ukrain palaslary bilen birlikde hatap türkmenleriniňkä çalymdaş palaslary dokaýandyklaryny synladyk. Bäşalma obasyndaky "gagauzlaryň taryhy-etnografik muzeýinde" bolsa şeýle meňzeşlikler has hem köp duş gelýär. Ynha, gagauz suratçysy Dmitriý Sawostiniň "goç urşy" diýen üç bölümli suraty. Onuň birinjisinde iki goç uruşýar, ikinjisinde bir goçuň ýeňlişi görkezilýär, üçünjisinde bolsa goç eýeleri süsüşjek bolup durlar. Agynjak türkmen durmuşy.

Toýlardaky ýaglyga towusmak we at çapyşygy hem bizdäki ýaly. Myhmanparazlyk babatda hem gagauzlar bizden peslär ýaly däl. Diňe ähli Moldowada bolşy ýaly, gagauzlarda-da çaý içilmeýär. Çaý ýerine nahardan öňem, soňam, nahar wagtynda-da özleriniň taýýarlan meşhur gury ("сухой") çakyrlary hödürlenýär. Umuman, bu ildäki adamlaryň baý-garyplygy hem gyş üçin edilen çakyrlaryň az-köplügi bilen ölçelýär. Baý adamlaryň ençemesi tonna çakyr sygýan bir ýa-da birnäçe

sementlenen ýerasty çakyrhanalary bolýar.

Gagauzlaryň ulanýan saz gurallary we olaryň atlary biziňkiden biraz üýtgeşik: kemençe (gyjak), dowul (tibil, ýagny deprek), bolgar gaýdasy (ýeli gutaryberende,deri gaba agzyň bilen ýel berip, ony goltugynda gysyp çalynýan üznüksiz tüýdük), häzirki döwürde bolsa baýan we akkordeon.

Bäşalmada gagauzlar bilen geçiren 9-10 sagat wagtymyzyň dowamynda biz dili we gany bir, emma dini aýry bu arkadaşlarymyz bilen dostlaşyp aýrylyşdyk: Hoş gal, Bäşalma! Hoş gal, Garaçopan! Hoş gal, Garaçopanyň ogly ýaşajyk Tanas!" (Ýene-de serediň: S.Atanyýazow. Bäşalma. – Sowet Türkmenistany – 1972. – 29 fewral).

## Owganystan türkmenleriniňkide

Dürli çeşmeler Owganystanda millionlap türkmeniň ýaşaýanlygyny habar berýärler. Bu türkmenleriň ýaýran welaýatlary, tire-taýpalary, meşgullanýan hünärleri, Owganystana has irki eýýamlarda aralaşandygy barada "Dünýä türkmenleri" diýen kitapda (Aşgabat: Ruh, 1994, 59-69 sah.) maglumat bardygy üçin, men bu ýerde şol türkmenler barada diňe öz gören-eşidenlerimi we bilýän zatlarymy gürrüň bermekçi.

Owganystanyň Demirgazyk welaýatlaryndaky türkmenleriň asly Lebapda ýaşaýan türkmenleriňki bilen bir bolup, olaryň ýurdy hem geçmişde bir bitewi ülkäni emele getiripdir. Emma geçen asyryň ortalarynda Orta Asyýanyň bereketli topragyny bakna etmegi niýetine düwen iki güýçli imperiýanyň-Angliýanyň we Orsyýetiň "Kim öň eýelemeşek" bäsleşiginiň göreş meýdanyna öwrülen bu ülke asyryň ahyrynda emeli suratda ikä bölünip, bir gan, bir ten bolan ilatyň arasyna "Hytaý diwary" çekilýär, bu iliň gündogar bölegi Beýik Britaniýanyň täsirindäki Owganystana, Basagadan Guşga çenli çekilen emeli serhediň günbatar tarapy bolsa Orsyýetiň garamagyna geçýär. 1940-njy ýyllaryň öň ýanynda araçäge çitenekli sim çekilip, ara ymykly ýapylýança, iki bölünen iliň bir tarapdan beýleki tarapa geçmesi dowam edýär. Baý-kulaklar synp hökmünde ýok

edilýän döwürde we kolhoz gurluşygy ýyllarynda Lebapdan Owganystana ýüz müňlerçe ilat bosup gitdi. Otuzynjy ýyllaryň başynda Gultak obamyzdan köp adam şol sanda garyndaşlarymyz hem deryanyň iki boýuny syryp, Owganystana gidipdirler, şeýlelikde Döwletabat etrabynda ýene-de bir Gultak obasy emele gelipdir. Atam göçüp giden garyndaşlarymyzy ýatlardy. Emma men olaryň atlaryny ýazyp almandyryn. Munuň özüne ýetesi sebäbi bar, birinjiden, Türkmenistan garaşsyzlygyny alýança, daşary ýurtda garyndaşyň barlygy bilinse, ol saňa ähli ýerde zyýanyny ýetirjekdi. Şondan howatyr etdim. Ikinjidenem, ol ýyllarda Türkmenistan garaşsyz döwlet bolar, Owganystandaky arkadaşlar bilen hem aragatnaşyk dikeldiler diýen pikir ýatsak-tursak kellämize-de gelmezdi. Şu sebäplere görä atamdan garyndaşlaryň atlaryny ýazyp almanlygym üçin, 1992-nji ýylyň tomsunda Owganystanda bolanymda garyndaşlary gözläp köp kösendim.

14 adamdan ybarat topar bolup, biz Owganystan türkmenleriniň arasynda Magtymguly şahyryň günlerini geçirmäge gitdik. Toparyň düzüminde Nazar Gullaýew, Abdyrahman Mülkamanow, Kakajan Ataýew, Kasym Nurbadow, Abdyreşid Taşow ýaly edebiýatçylar, Akmyrat Çaryýew, Çaryýar Jumaýew, Muhammet Muhammetnyýazow ýaly sazandalar şeýle-de daşary işler ministrliginiň işgärleri bardy. Toparymyz Kerkiden awtobusly Basaga gelip, ol ýerde serhetden Hamýap etrabyna geçdik. Simden geçen ýerimizde bizi Hamýap etrabynyň kethudasy we komandany (gorag güýçleriniň baştutany) Rozybaý Hydyrbaý hajy ogly, Şybyrgandan ýörite gelen Aşyr Pälwan, Abdulmejit Işçi, inžener Ahmet, şeýle-de ýerli ilatyň uly mähellesi garşy aldy. Rozybaýy, generallary we inžener Ahmedi içine alyp, biziň awtobusymyň tozanly oba ýoly bilen bir kilometr uzaklykda ýerleşen Hamýap etrabynyň merkezine tarap ýuwaşja ýöräp ugrady. Türkmenistandan gelen arkadaşlaryny garşylamaga çykan uzyn köýnekli, giň balakly adamlaryň uly topary hem awtobusdan galman, onuň iki tarapyndan sellelerini selkildedişip, maşyn bilen deň ylgap, oba eňdiler. Rozybaýyň howlusynyň agzyndaky giň meýdanda

we ýoluň ugrunda garaşyp duran agyr märekä gözümiz düşdi. Howla barýan ýoluň 150 metr çemesiniň iki tarapynda dik duran selleli, köpüsi sakgal-murtly, dyzyna düşüp duran uzyn köýnekli adamlaryň uzyn hatarlaryny göz öňüne getiriň. Ynha, şu adamlaryň ählisi bilen salamlaşyp, onda-da iki eliň bilen görşüp çykmaly. Bizem hatara düzülip, sag hatardakylar bilen görşüp ugradyk. Hataryň ahyryna çykanymyzdan soň, çep hatar bilen görşüp, yza gaýtdyk. Ýüzlerçe adam bilen görüşmegiňem ýeňil iş däldigine şonda göz ýetirdim. Ilki-ilkiler çet ilde ýaşaýan arkadaşlarymyz bilen duşuşanymyza begenip, olaryň ellerini mäkäm gysyp görşen bolsak, soňky hataryň ahyrlaryna çep elimiz bilen  sag ele hemaýat edip, ony diňe tutup durup görüşdik. Her niçigem bolsa, görüşmeklik däbini berjaý etdik.

Howlynyň içine girdik. Gadymy ärsary howlulary göz öňümde janlandy. Derwezeden giren ýerimizde onuň çep we sag taraplarynda at daňar ýaly pahsanyň içine goýlup gidilen ujy tomataýly gazyklar. Diwaryň düýbünde bolsa ata beriljek bede, ot, iým ýaly zatlary dökmek üçin edilen palçyk ahyrlar. Howlynyň ikinji böleginde onuň bir ganatynyň uzaboýuna gidýän basdyrmanyň aşagynda ýazylan uzyn saçagyň başyna geçdik. Bizi garşylan mähelläniň has agyzlyraklary biziň düşegimizde aralaş otyrlar, beýlekiler üçin bolsa gapdaldaky balhy tutlaryň aşagyna düşek ýazylypdyr.

Bu sakgally-murtly, selleli pyýadalary ilki görenimde: “Bä, bu obada ýaşuly adamlar has köp eken “diýip geňirgendim. Emma häzir saçak başynda siňe synlanymdan soň weli olaryň köpüsiniň 30-40 ýaşly adamlardygyna göz ýetirdim.

Howluda aýal-gyz görünmeýär. Umuman, bu musulman ýurdunda ýaşaýan ildeşlerimiziň ençemesiniňkide myhmançylykda bolanymyzda-da aýal-gyza gözümiz düşmedi. Howlularda olar üçin aýratyn jaýlar edilipdir. Obalaryň we şäherleriň köçelerinde-de aýal-gyz ýok, setanda-seýranda duş geläýse-de, olaryň ýüzi bürenjekli. Diňe görmek üçin goýlan deşikden iki sany göz ýyldyrap görünýär.

Eller ýuwduryldy, selleli ýaş ýetginjekler hatar bolup, nahar çekip başlandan her ýerden bir pyýada turup, ýalaňaç aýaklary

bilen üsti naz-nygmatdan doly saçaklaryň üstünden ýöräp, getirilen çanaklary goýup başladylar. Biziň ählimiz saçagyň depgilenmegini gaty geň gördük. Men sag gapdalymda oturan Abylmejit Işçiniň ýüzüne seretdim-de, geňirgenmämi duýduryp, oňa sorag berdim:

— Abdylmejit, bizde saçaga aýak degirmegi günä hasaplaýarlar.

Siziňkiler-ä saçagyň üstünde arkaýyn gezişip ýörler. Bu nähili düzgün?

Abdylmejit Işçi bilen men öň tanyşdym. Ol Nowosibirskide harby okuwyny tamamlan owgan generaly hökmünde Aşgabatda birnäçe gezek resmi saparda bolupdy, telim gezek meniňkä myhmançylyga-da gelipdi. Şahyr hökmünde onuň goşgulary Türkmenistan metbugatynda-da köp neşir edildi. Ol meniň sowalymy geň görmedi:

— Bizde däp şeýle. Nahar paýlaýan adam köwşüni çykaryp, döwrede ýazylan saçagyň üstünden arkaýyn ýöräp bilýär. Ondan soňam, bu adamlar bäş wagtyna täret kylyp, namaz okaýarlar. Olaryň aýagy arassa.

Her näçe arassa diýse-de, saçagyň aýak basan ýerine goýlan çöregi meniň iýesim gelmedi. Edil öň ýanymda ýüzbe-ýüz oturan Aşyr pälwan muny aňdy öýdýärin, ol beýleki topara çörek alyp barýan oglandan bir çörek aldy-da gülümjiräp, ony maňa uzatdy:

— Ynha, entek saçakda goýulmadyk çörekden iýäýiň!

Bu garşymda oturan kelte boýly, gür ala sakgally, çalasyn hereketli şadyýan adam bilen ählimizi awtobusyň üstünde Abdylmejit tanyşdyrypdy. Ýerli ilat arasynda uly abraýdan peýdalanýan Aşyr pälwan barada men öňem gazetlerden we Owganystandan bize myhmançylyga gelenlerden köp eşidipdim. Ol mojahetleriň uly serkerdesi hökmünde keseki ýurtbasarlara garşy aldym-berdimli söweşleriň ýüzlerçesine gatnaşyp, ýeke gezek hem ýeňilmändir, türkmen obalaryny gorapdyr, türkmen ýigitlerini daşyna jemläp, 13 ýyllap oppozisiýada bolupdyr. Najybullanyň garşysyna göreşipdir. Öýüne gelmän, daglarda gezip urşupdyr. Özüniň düzen uly korpusyna Ymam Buhara

diýip at dakypdyr. Iň uly türkmen mojahetleriniň biri bolan Aşyr pälwan köp edermenlik görkezip, söweşlerde taplanypdyr. Şonuň üçin hem Abdyreşit Dostum ony ýanyna çekip, öz düzen "Jümmüş" partiýasyny esasy guramaçylarynyň biri edip goýupdyr. Biziň baran döwrümizde general Aşyr pälwan Dostumyň sag goly hasaplanýan eken.

Nahardan soň aýat-töwir edildi. Aşyr pälwan öý eýesine ýüzlendi:

— Rozybaý, myhmanlara rugsat ber! Bulara Şybyrganda uly mähelle garaşýar.

Turduk. Duşuşyk tolgunmalary zerarly, öň onçakly üns bermedik zatlaryma häzir howsala bilen syn edýärin: howlynyň haýatlarynyň içindäki jaýlarynyň, ýörite gözegçilik üçin palçykdan salnan we içinden ýokarsyna çykylýan, töwereginde hem atyşhana deşikleri bolan belent diňiniň üstlerinde egni awtomatly, uzyn köýnekli, selleli ýigitler garawul durlar. Beýle ýagdaýa öwrenişmänim üçin, inim digläp gitdi.

Ýeňil maşynlarda obanyň gapdalyndaky oty orlan giň atyza gonan iki dikuçaryň ýanyna barýarkak hem ýoluň ugrunda we dikuçarlaryň töwereklerinde eli ýaragly garawullaryň ençemesine duş geldik.

Myhmanlar we generallar bolup, bir dikuçara ýerleşdik. Beýlekisine ýerli ýigitleriň birnäçesi mündi. Biziň münen dikuçarymyz sowet harby maşyny bolup, ol ençeme söweşe gatnaşypdyr. Muňa onuň köp ýerine salnan ýamaklar şaýatlyk edýär. Iki ýerinde-hä kelle sygar ýaly deşigem bar. Men olaryň birinden ikinji dikuçara syn edýärin: ol kä has ýokary galýar, käte pese düşýär, birki ýerde-hä has öňe-de gitdi. Ähtimal, ol bizi howp-hatardan goraýan janpena bolmaly.

Dikuçary sürýänlerem uzyn köýnekli, selleli türkmen ýigitleri. Şu tagaşyksyz eşikleri bilen bular dikuçar sürüp beri bilermikä diýip ikirjeňleneniňi duýman galýarsyň. Emma olar şturwalda örän ykjam otyrlar, ýol boýy hem biziň bilen gürrüňleşip, degşip, gülşüp barýarlar. Soň görüp otursak, bu ýerde sesden tiz uçýan MIG-leri sürýänlerem türkmen we özbek ýigitleri eken.

Ýarym sagat çemesi uçup, Şybyrgan şäheriniň howa meýdanyna gonduk. Bu ýerde müňlerçe mähelle bizi garşy aldy. Aşgabatda bolan tanyşlarymyň hem ençemesine duş geldim. Salamlaşykdan soň bizi ýeňil maşynlarda şäheriň merkezindäki harby komendaturanyň myhmanhanasyna eltdiler. Kabulhanada şäher häkimi we beýleki resmi adamlar bilen gürleşip oturan wagtymyzda, uzyn boýly daýaw pyýada meýdan ofiseriniň tapawutlandyryjy nyşanlary bolmadyk eşiginde içeri girdi we ählimiz bilen görşüp çykdy. Staliniňki ýaly galyň murty ýüzüne gelşik berip duran bu adam bilen tanyşdyranlarynda biz onuň ady rowaýata öwrülen we şol döwürlerde sowet metbugatynda öwran-öwran ýatlanýan Abdyreşit Dostumdygyny birbada ynanmadygam. Emma biziň bilen oturan harby we graždan eşikli beýleki generallaryň hem-de uly çinli ofiserleriň çalasynlyk bilen ör turup, doňup durmaklary, dogrudanam, bu adamyň Owganystanyň Demirgazyk welaýatlarynyň baştutany, serkerdesi, armiýa generaly Dostumyň hut özüdigine güwä geçýärdi.

Dostum arassa türkmen dilinde saglyk-amanlyk soraşyp biziň toparymyzdakylar bilen ýekän-ýekän tanyşdy, “agşamlyk duşuşarys” diýibem çalt çykyp gitdi. Ol gidenden soň Abdylmejit Işçi bize bu armiýa generaly barada käbir zatlary gürrüň berdi. 1953-nji ýylda Şybyrganyň Hojadikgi obasynda özbek maşgalasynda doglan bu pälwansypat hökümdaryň öz ady Abdylreşit, atasynyň aty Reýimkul hajydyr, Dostum bolsa onuň özüne saýlan tahallusydyr. Daýhan maşgalada türkmenler bilen bile önüp-ösen Dostum Aşyr pälwan bilen mekdepde bile okaýar. Goşun gullugyny gutaryp, ol Owganystanda gaz gözleýän sowet gazçylarynyň toparyna işe girýär. Sowur (aprel) rewolýusiýasyndan soň owgan hökümediniň ýerlerde döreden meýletin toparlarynyň birine ýolbaşçylyk edip, Şybyrgan töwereklerinde bolan söweşlerde üstünlik gazanýar. Ony Daşkente alty aýlyk harby okuwa iberýärler. Okuwdan gaýdyp gelip, seržantlykdan batalýon komandirligine çenli ösýär. Onuň goşuny Kandagar we Käbil söweşlerinde aýratyn tapawutlanýar. Dostumyň harby abraýy gitdigiçe artýar. Emma

Käbil häkimiýetleri hem-de owganparaz komandirler bilen ylalaşman, 1987-nji ýylda ol özbek-türkmen diwiziýasyny döretmek ugrunda göreşýär, Owganystanyň Demirgazygyndaky dagynyk harby güýçleri jemlemegi, netijede 70 müň adamdan ybarat diwiziýa döretmegi we oňa baştutanlyk etmegi başarýar. Aşyr pälwan ýaly edenli serkerdeleri hem öz tarapyna çekýär.

Dostumyň maksady täjik, özbek, türkmen, hazary ýaly az sanly halklaryň we halkyýetleriň hak-hukugyny ýurduň esasy halky saýylýan owganlaryňky (paştularyňky) bilen deň etmek, olary öz ene dillerinde okatmakdyr. Şonuň üçinem Demirgazyk welaýatlaryň 9-sy (Mazaryşerip, Çöwüzjan, Seripul, Farýap, Samandan, Baglan, Gunduz, Tahar we Badahşan) özüniň 12 million ilaty bilen Dostumy goldaýar. Şu uly goldawa daýnyp, Dostum bu welaýatlardaky ululy-kiçili toparlary we dürli syýasy partiýalary ýatyryp Demirgazyk Owganystanda Milli Yslamy Jümmüş (hereket) partiýasyny döredýär.

Işçi bu zatlary gürrüň berip, toparymyzyň bir ýarym sagat şu ýerde dynç almagyny, soňra şäher jemgyýetçiligi bilen duşuşyga barmalydygymyzy habar berdi. Ýoldaşlarymyň hersi öz otagyna girenden Işçi maňa we Kasym Nurbada özi bilen girmegi teklip etdi. Aşgabatda-da köp bile bolanymyz üçin, ol bize Şybyrgan şäherini görkezmegi ýüregine düwüpdir.

Işçiniň täzeje “Uaziginde” şähere çykdyk. Bolýan jaýymyzyň howlusynyň derwezesinden başga-da bu ýere gelýänleri barlap goýbermek üçin, ýene iki ýerde harby saklaw goýlupdyr.

Harby komendaturanyň jaýynyň töwereklerinde ýollar asfaltlanyp, olaryň arassaçylygyna biraz üns berilýär eken, emma ondan uzaklaşdygyňça, Şybyrgan şäheriniň ýollaryndan tozan turup dur, çünki asfalt düşelen ýollar bireýýäm bozulypdyr, bazaryň töwereklerinde-de hapaçylyk höküm sürýär. Köp ýyldan bäri uruş gidýän bu ýurtda ilkinji gören Şybyrgan şäherim maňa 1970-nji ýylda Pakistanda we Hindistanda gören käbir şäherlerimi ýatlatdy. Şäherleriň hapalygy-da, maşynlaryň köplügi-de, ilatyň egin-eşigi-de, bazardaky söwdagärleriň galmagaly-da biri-birine çalymdaş.

Şäheriň esasy köçelerine aýlap, Işçi bizi öz ýaşaýan howlusyna eltdi. Biz onuň enesi Bagdagül daýza, doganlary, çagalary, şol sanda üç aý Halaçdaky garyndaşlarynyňkyda bolup, öz boýdaşlary bilen bu ýerdäki mekdebe gatnap, biziň hatymyzda okamagy-ýazmagy öwrenen 13 ýaşly gyzjagazy Gülkamar bilen hem tanyşdyk. Kasym Nurbat ikimiz Işçiniň kitaphanasyny gördük. Türkmen, iňlis, orus, pars, paştu, arap dillerinde ýazylan müňlerçe taryhy, edebi we ylmy kitaplar, ençeme tekjäni eýeläp ýatan ululy-kiçili sözlükler. Biz ýakynda berlen generallyk derejesi bilen Işçini gutlap, general eşiginde onuň bilen surata düşdük. Öýdäkiler bilen hoşlaşyp, daş çykdyk. Howludaky uly tuduň astynda duran kete gözüm düşdi. Iki adamlyk krowatyň aýtymyndaky topçan şekilli, özi-de üstünde oturmak üçin däl-de, ýatmak üçin niýetlenen beýle ketler öň Lebapda her öýde diýen ýaly bardy. Ketiň ýasalyşy şeýle: dört sany 70-80 santimetr uzynlykdaky ýogyn agaçlaryň ýokarsy köwlüp, oňa berk agaçdan gapdal oklar ötürilýär. Şol oklara-da kendir ýüpden tor edilýär. Üstüne düşekçe taşlanan şeýle ketlerde dynç almagyň lezzetini onuň üstünde ýatyp görenler gowy bilýändir. Bu ketleriň üsti aşa ýumşak-da däl, tagta topçanlaryňky ýaly gaty-da däl, aralyk. Geň ýeri, men Pakistanyň we Hindistanyň şäherlerinde bolanymda, öýsüz-öwzarsyz ilatyň ýaşaýan kwartallarynda käbir adamlaryň ýatyp-turýan şeýle ketlerine gabat gelipdim. Ol ketleriň ýasalyşy-da, kendir ýüpden üstüne edilen tor örtügi-de birmeňzeşdi. Beýle umumylygyň ýöne ýerden däl-de, geçmişde Orta Asyýa we Hindistan halklarynyň ýakyn gatnaşygynyň netijesinde dörändigine göz ýetirmek kyn däl.

Bolýan jaýymyzyň howlusyna dolanyp geldik. Ýoldaşlarymyz eýýäm aýak üstündedi, bizi duşuşyga äkitjek ýeňil maşynlara münenleri-de bardy. Bizem Işçiniň maşynynda olaryň yzyna düşdük. Şäherden on kilometr çemesi uzaklykdaky Jeňňelbag diýen ýere getirdiler. Seýil bagyna çalymdaş uly bag. Töweregi saýaly agaçlar bilen jäheklenen tegelek we belent supanyň (aýmançanyň) üstüne halylar düşelipdir, daş-töwerek suwlanyp, gül pürkülen ýaly edilipdir. Duşuşyga gelen märeke esli bardy. Saglyk-amanlykdan soň bizi düşege çagyrdylar.

Ýerli ilatyň içinden hormatlanýan ýaşulular we ekabyr adamlar myhmanlar bilen düşekde aralaş oturdylar, galan märeke tegelek aýmançanyň töwereginde oturyp we dik durup, duşuşyga syn etdiler. Şybyrgan şäheriniň we bu şäheriň düzümine girýän ýakyn obalaryň ilaty bilen biziň duşuşygymyzy Işçi açyp, märekäni gelen myhmanlar bilen ýekän-ýekän tanyşdyrdy, biziň owganystanly arkadaşlar bilen bilelikde Magtymguly baýramçylygyny geçirmäge gelendigimizi habar berdi. Alymlaryň çykyşlaryndan soň, duşuşygyň yzy aýdym-saza ýazyp gitdi.

Saz-söhbediň gidip duran wagty meni hol gyrada üýşüp oturan ýaşulularyň ýanyna çagyrdylar. Aslymyň lebaplydygyny bilip, olaryň hersi öz garyndaşlaryny soraýar. Özleri-de Lebabyň dürli etraplaryndan, dürli tirelerden. Obalara gowy beletligim üçin, käbiriniň garyndaşlaryny dessine salgy berdim, beýlekileriniň bolsa adyny, tiresini we adresini ýazyp alyp, soňra ony Lebap welaýatynyň “Türkmen Gündogary” gazetinde çap etdirdim.

Agşam bizi welaýatyň häkimi Seýitmahmyt Datmeniş myhmançylyga çagyrdy. Gür bagyň ortasynda sowet ofiserleri üçin ýörite gurlan ýaşaýyş we iş jaýlary toplumynyň uly naharhanasynda geçirilen bu çakylyga şäheriň ýolbaşçylary, uly baýlar, ýokary çinli harby işgärler, 30-40 sany ýaşuly, şol sanda Reýimkul pälwan dagy çagyrylypdyr. Owgan ofiserleriniň hyzmat eden bu zyýapatyna Dostumyň özi hem gatnaşyp biziň aramyzda oturdy. Şeýle duşuşyklaryň, zyýapatlaryň başga-da birnäçesi boldy. Şybyrgandan Mazaryşeribe ugramalymyzyň öňki güni agşamlyk bizi Dostumyň özi öýüne çagyrdy. Giň howly derwezäniň sag tarapynda aşagy iki gat ýerzeminli, üsti hem gat-gat bolan kaşaň ýaşaýyş jaýa gurulýar. Howlynyň ortasynda gyralary sementlenen uly howuz bolup, oňa ýokardaky ýogyn turbadan we fontanlardan suw guýlup dur. Howzuň her burçunda gözüne gymmat baha daş oturdylan keýik heýkelleri bar. Gije ol gözler lowurdap, täsin yşyk berýär. Howuz bilen jaýyň aralygy gül pürkülen ýaly tämizlenip, ýere türkmen halylary düşelipdir. Bu giň düşekde ýüz çemesi ýaşuly otyr. Biz olar

bilen ýeke-ýekeden görşüp, howzuň bir çetinde goýlan stollaryň başyna geçdik. Türkmen we özbek generallary hem biziň bilen bile oturdylar. Ýeri gelende aýtsam, bu ülkede 30-40 türkmen generalynyň, 200-den gowrak hem polkownigiň bardygyny aýtdylar. Biz olaryň köpüsi bilen duşuşdyk. Generallaryň ählisi 30-40 ýaş aralygynda eken.

Çakylygyň ahyrynda bize  ýeňi syýyndan uzyn özbek ýüpek donlaryny sowgat etdiler. Soňra bizi maşynlarymyza çenli generallar we Dostumyň özi ugratdylar. Howludan çykanymyzda, onuň daşyndaky ýollaryň ähli ýerinde üsti okly-ýaragly esgerlerden doly dürli harby maşynlaryň hatarlanyp goýlandygyny, diňe ber Dostumyň howlusynyň töweregi däl, eýsem onuň daşyndaky ýollaryň hem saklawlydygyny gördük. Bu ýagdaý ýurtda entekler uruş dumanynyň sowulmandygyny habar berýärdi. Muňa biz soňra-da ençeme gezek göz ýetirdik.

Ertesi ir bilen her iki myhmany içi kondisinerli bir “Mersedese” mündürdiler. Sürüjiniň ýanyna bir türkmen generaly, myhmanlaryň gapdalyna hem eli awtomatly bir türkmen esgeri münen maşynlaryň uzyn hatary Şybyrgandan Mazaryşeribe tarap ýola rowana boldy.  Hataryň öňüni üsti ýaragly esgerler bolan uly harby maşyn çekdi, yzyna hem çalt ýöreýän harby maşynlaryň birnäçesi tirkeldi.

Kasym Nurbat ikimiziň münen maşynymyzda general Işçi, gapdalymyzda hem onuň esger inisi Paýzylla bardy. Barmaly şäherimiz bilen aralyk 130 kilometr, ençeme ýeri uruş we sil zerarly harap bolan asfalt ýoluň iki tarapy tanklaryň we dürli harby hem-de harby däl tehnikanyň ýanan “läşlerinden” doly. Käbir “läşler” eleme-deşik. Uçsuz-gyraksyz giňişlikler tutuşlygyna metal bölekleri saklanýan sklady ýada salýar. Munça ýeri metal böleklerinden arassalamagyň özi hem ýerli ilata ençeme ýyl iş bolaýsa gerek. Bu zatlary synlap, bir wagtky sowet ýolbaşçylarynyň bu ülkä jomartlyk bilen eçilen sansyz tehnikasy, ýerli halky tozgunçylyga sezewar eden zanny ýaman syýasaty barada pikir ýüwürdeniňi duýman galýarsyň.

Ýolda biz Akja şäherine sowuldyk. Şäheriň häkimi we komandany Ahmet pälwanyňkyda düşledik. Biziň geljegimizi

eşidip, diňe bie şäheriň däl, eýsem uzak-ýakyn obalaryň ýaşulular hem Ahmet pälwanyň  howlusyna ýygnanypdyrlar. Bu kiçeňräk howly Burdalyk howlularynyň biçiminde gurlupdyr: ortada howuz, howzuň gyralary uly güjüm agaçlary. Bir tarapy giň sypa, ondan aňyrda uzynlygyna giden belent basdyrma bolup, sypa we basdyrmanyň ähli ýerine ärsary halylary ýazylypdyr. Bizi üsti goýy saýaly sypada oturtdylar.

Basdyrmanyň aşagynda 50-60 çemesi selleli ýaşuly döwre gurap otyr. Olaryň arasynda burdalyklylar hem bar eken. Meniň burdalykdanlygymy bilip,  olar uzak-ýakyn obalardan gelipdirler. Ahmet pälwanyň özi hem Burdalygyň çalyş urugyndan eken. Biraz oturanymyzdan soň, aýdym-saz başlandy. Meni basdyrmadaky ýaşulularyň arasyna çagyrdylar. Ýarym sagat çemesi olar bilen gürleşdim, soraglaryna jogap berdim. Käbirleriniň adreslerini ýazyp aldym.

Az wagtlyk saz-söhbetden soň ýene ýola düşdük. Ýolumyz şäheriň içinden geçýänligi üçin, men şähere syn edýärin. Köp ýollar asfaltsyz, tozanly, trotuarlaryň ugurlary dürli dükanlar. Şäherde türkmenden başga millet ýokmuka diýdirýär. Ähli adam türkmençe gepleşýär. Biziň maşynlarymyz ýakynlaşyberenden olar ýerlerinde turup,  ýoluň gyrasynda üýşüşip salamlaşýarlar, soňra–da  uly gowur bilen hoşlaşýarlar.

Ýolugra biz Balh şäherine-de sowuldyk. Bu şäherde Hoja Parsaýy  Weliniň, Bibi Rabganyň kaşaň hanakalaryna, Jomart gassap, Hoja Janbaz, Ahmet Zamçy ýaly meşhur taryhy şahslaryň mazarlaryna zyýarat etdik. Gündogaryň bu iňňän gadymy şäherinde häzirem ýaşaýyş dowam edýär. Häzirki tehniki eýýamda öz ähmiýetini ýitirenem bolsa, onuň gala hökmünde gurlan galyň diwarlary şu wagta çenli saklanypdyr.

Gadymy şähere gezelençden soň, ýene ýola düşdük. Ir öýlänlik biz Akmyrat baýyň  Mazaryşerip şäherindäki uly saraýyna gelip düşdük. Ençeme gektar tutup ýatan giň howly. Onuň bir tarapy aşagyna dürli-dümen ýük basylan uly basdyrmalar, töründe dürli jaýlar we zat ammarlary. Biz ençeme uly otaglary eýeläp ýatan  haly ammaryny aýlanyp gördük. Bu ýerde ilden satyn alnyp getirilen halylaryň ýörite arassalanýan

we hili, sorty, tipi, ululygy boýunça toparlara bölünýän ýörite sehleri bar. Ol sehlerdäki maşynlary işledýänlerem türkmen erkekleri, olaryň arasynda 60-70 ýaşan ýaşuly adamlaram hem bar.

Myhmanhananyň agzynda bizi Giçgeldi pälwan, Neýim hajy, Aşgabatda Akmyrat baýyň şereketini ýöredýän Jumanyýaz hajy dagy garşy aldy. Içine halylar ýazylan giň jaýa geçdik. Oturan ýerimizde elimizi ýuwdurdylar. Çaý, nahar başynda esli oturdyk.

Owganystanda ýassygy tirsekläp oturmak däp däl, onda-da bu ýerde her kimiň diwar bilen arasyna ini-boýy bir metrden hem uly bolan äpet we örän agyr haly ýassyklaryň goýlandygyny görüp geň galdyk. Ol ýassyklar tirseklemek üçin däl-de, arkaňy oňa söýäp oturmak üçin goýlupdyr.

Nahardan soňam oturan ýerimizde ellerimizi ýuwdurdylar. Daşary çykanymyzda, köwüşlerimizi syryp-süpürip, ony geýmäge oňaýly bolar ýaly, beýlesine öwrüp goýupdyrlar.

Biziň Mazaryşeribe gelen günümiz yslam dininiň şaýy mezhebine uýýanlaryň mäherrem ýa-da aşura diýen dini-ýas baýramyna (aşyr aýynyň onuna) gabat gelendigi üçin, bu iki günde şaýylar ýas tutýan ekenler, aýdym-saz edilmeýän eken. Bizem bu däbe eýerip, aýdym-sazy goýdolsun etdik. Akmyrat baýyň saraýyndan çykyp, şäherdäki Hezret Alynyň meşhur hanakasyna zyýarata gitdik. Yslam dinine uýýanlaryň ikinji Mekgesi hasaplanýandygy üçin, bu gün bu meşhur mawzoleýiň diňe bir içi däl, eýsem töwerekleri hem dünýäniň dürli künjeklerinden zyýarata gelenlerden ýaňa hyň berýär. Daşy-içi syrçalanyp, köp ýerine altyn çaýylyp ýa altyndan guýlup ýasalan bu kaşaň ýadygärligi görmäge göz gerek. Onuň derwezesinden içerdäki uzyn däliziň ugrunda aýakgabyňy çykaryp, howlynyň içersinde aýakýalaň gezmeli. Bizem aýakgaplarymyzy bir ýerde toplap goýduk-da, topar bolup, howla girdik. Howlynyň ortarasyndaky garaňky jaýyň bir çetinde goýlan darajyk deşikden Hezret Alynyň mazaryna syn etdik. Soňra bu giň ymaratyň howlusynyň bir tarapynda gurlan uly metjitde okalan aýat-töwirde bizem el galdyrdyk.

Ýeri gelende aýtsak, Mazaryşerip (ýa-da gysgaça mazar) şäheriniň ady şu mazar bilen baglydyr, manysy: “Şeribiň, ýagny mukaddes adamyň – Alynyň mazary”. W. W. Bartoldyň ýazyşyça, soltan Sanjaryň döwründe (XII asyrda) şu ýerdäki (Hojahaýran – S.A.) obasyndan Alynyň mazary “tapylýar”. Hakykatda weli hiç wagt Aly bu töwerekde bolmandyr. Çingiz han bu etraplary ýer bilen ýersan edenden soň, Alynyň “mazary” ýatdan çykarylýar. XV asyryň soňky çärýeginde Baýazyt Bistaminiň neberesi Şemseddin Muhammet Käbilden gelip, kitapda ýazylanlar “esasynda” ol mazary täzeden “tapýar”. Şu ýerden “çykan” ak daşyň ýüzünde şeýle ýazgy bar eken: “Şu mazar Allanyň arslany we iň ýakyny, onuň ýerdäki wekiliniň dogany Alynyň mazarydyr”. 1480-1481-nji ýylda şu daşyň “açylyşyna” Hyradyň hökümdary soltan Hüseýin (Soltansöýün) Baýkara hem gatnaşýar. Soňky ýyly bu mazaryň üstüne kaşaň gümmezli jaý salnyp,ol zyýarat edilýän meşhur ýere öwrülýär (W.W.Bartold Soç., I tom 129 s.). Biziň häzirki synlaýan ymaratymyz hem şol salnan we soňra üsti ýetirilen hem-de has bezelen kaşaň binanyň özüdir.

Bu şäherde bolan günlerimizde agşamyna biz günde general Dostumyň karargähinde dynç aldyk. Bu ýer şäherden 30 km çemesi uzaklykdaky bir obajykda ýerleşip, sowet ofiserleri üçin salnan ýörite jaýlardan ybaratdy. Oňa barýan ýollar we bu oba harbylar tarapyndan berk goralyp saklanýan eken. General Dostumyň özi hem bu ýerde biziň bilen bile boldy, bile naharlandy, käte çet ülkelerden gelen myhmanlary hem biziň ýanymyzda kabul etdi. Şeýle kabul edişlikleriň biri barada gürrüň bereýin.

Ikinji agşam nahardan soň bu ýere Özbegistanyň 12 adamdan ybarat alymlar toparyny getirdiler. Bu topar Zahyreddin Babyryň 1993-nji ýylda dabaraly bellenjek 510 ýyllyk ýyl dönümine taýýarlyk görmek maksady bilen mundan iki aý öň “Rafik” kysymly maşynda Daşkentden çykypdyr. Ol Aşgabatdan Maşada geçip, Eýrany, Pakistany, Hindistany, Türkiýäni, birnäçe arap ýurduny aýlanyp, Käbile, ondan hem şu ýere gelipdir. Toparyň baştutany, Özbegistanyň Hamza adyndaky sungatşynaslyk

institutynyň direktory, sungatda at gazanan işgär, sungatşynaslyk doktory, professor Tuhtasyn Gafurbekow özbek alymlary bilen ýeke-ýekeden oturanlary tanyşdyrmaga başlanda, Dostum onuň sözüni böldi-de, türkmençe gürläp, olary biz bilen tanyşdyrdy. Sözüniň arasynda-da :

— Siz meniň türkmençe gürleýşime düşünýärmisiňiz?— diýip sorady. Özbek alymlary:

— Beli, ýahşy tüşünemiz, ýahşy tüşünemiz – diýip jogap berdiler. Tanyşlygyň yzy aýdym-saza ýazyp gitdi. Ilki Akmyrat Çaryýew, Muhammet Muhammetnyýazow we Çaryýar Jumaýew dagy saz çaldylar. Soňra özbek alymlary bilen bile ýören Özbegistanyň at gazanan artisti Edhemjan Ismaýylow aýdym aýtdy.Bu duşuşygy ýerli bagşy Gapbar Kemal özüniň uzyn saply özbek dutaryny çalyp, Magtymgulynyň sözlerine birnäçe aýdym aýtmak bilen jemledi.

Biz şu agşam özbek alymlarynda bir zady öwrendik. Olar general Dostum bilen görüşenlerinde-de, sözleşenlerinde-de, sowgat gowşuranlarynda-da, özlerini gaty edepli alyp barýarlar. Ilki gol gowşuryp, eglip, iki eli salamlaşýarlar. Yzyna gaýdanlarynda-da, dolanyp gaýdybermän, uzak aralara çenli götinjekläp, şol durkuny saklap gaýdýarlar. Sözüni hem “hormatly”, “siziň alyhezretleriňiz”, “saýyn” ýaly sözler bilen başlaýarlar. Muny synlap, biz içimizden “Her niçigem bolsa, han gören halk-da” diýip oýlandyk we toparymyz bilen ikiçäk galanymyzda, bu uly häkim bilen indiden beýläk öz deň-duşuň bilen gürleşen ýaly däl, eýsem ýokary etiketi saklap, “siz” diýip, sözüňde hem “hormatly”, “saýyn” ýaly sözleri ulanyp gürleşmegi dilleşdik. Şondan soň şeýle-de etdik.

Biz Mazaryşeribiň şäherini hem aýlanyp gördük. Urşuň yz ýany bolany üçin, bu uly şäherde harby ýagdaý dowam edýär. Adamlaryň köpüsiniň egni ýaragly. Şäherde ilat köp. Hapaçylyk höküm sürýär. Şäheriň gurluşy-da, adamlaryň özlerini alyp baryşlary-da, bazarlardaky galmagal-da Hindistanyň we Pakistanyň şowhunly şäherlerini ýada salýar. Şäher ilatynyň köpüsi täjik, hazary, özbek, türkmen. Biziň Türkmenistandan gelendigimizi bilip, isle dükanlarda bolsun, isle-de bazarda

ýa-da ýoluň ugrunda, - türkmenler daşymyza güwwe üýşýär. Her kim Türkmenistany, öz garyndaşlaryny, Kerkiniň üstünden haçan ýoluň açyljaklygyny soraýar (Ymamnazaryň üsti bilen geçýän bu ýol 1995-nji ýylyň 25-nji dekabrynda açyldy).

Mazaryşeripde bolanymyzda, indi birnäçe ýyl bäri Aşgabatda ýaşap, täjirçilik edýän türkmen ýigidi Abdylwahhap bizi özüniň gurluşygy tamamlanyp barýan uly saraýynyň ýerzeminine çagyryp zyýapat etdi. Çak bilen, birki gektar meýdany tutup ýatan bu uly saraý iki gat ýermezinden we bäş gat ýerüsti jaýlardan ybarat bolup, Moskwadaky GUM-y ýada salýar. Her gatda ol hatardan beýlekisine geçmek üçin ötelge köprüler bar. Saraýyň aşaky gatlarynda söwda dükanlarynyň müňlerçesi işleýär, ýokarky gatlarynda bolsa gurluşyk gidýär. Saraýyň üsti soňra tutuşlygyna aýna bilen ýapylmaly.

Zyýapatdan soňra bizi Abdylwahhabyň atasy Abdyrazzak ahunyň medresesine eltdiler. Giden uly howlyny eýeläp ýatan bu medresede okaýan talyplaryň üç ýüz çemesi, şeýle-de Abdyrazzak ahunyň baştutanlygynda beýleki ahunlar we müderrisler bizi garşy aldylar. Medresäniň baý kitaphanasynda şu etraplaryň, şol sanda Türkmenistanyň taryhyna degişli golýazmalaryň hem saklanýanlygyna göz ýetirdik, ýöne gysga wagtlyk duşuşykda ol golýazmalar bilen ymykly tanyşmaga mümkinçilik bolmady.

Mazaryşeribiň ýakynyndaky Döwletabat diýen ilde Gultak obasynyň barlygyny eşidipdim. Şonuň üçin hem bu şäherde şol obanyň adamlaryndan derek tapmak maksady bilen birnäçe adama ýüz tutdum. Derek tapyldy. Gaýtmazymyzdan bir gün öň meni Habybylla we Haýrylla diýen haly alyp-satýan ýaş täjirler bilen tanyşdyrdylar. Olar meni obalaryna äkitmek islediler, emma gatnawyň hatarlydygy üçin, meni oba goýbermediler. 1996-njy ýylda Habybylla Aşgabada gelip, meniň öýümde myhmançylykda bolup gitdi. Onuň ata-babasy Burdalygyň dälde, Garabekewüliň Gultagyndan eken.

* * *

Iýul aýynyň yssy günleriň birinde, ertir nahary bile edinip,

Abdyreşit Dostum we onuň ýanyndaky ýokary hökümet adamlary biziň bilen mähirli hoşlaşdylar, ak ýol we Türkmenistanyň Prezidenti hormatly S.A.Nyýazowa, Lebap welaýatynyň häkimine, şeýle-de tutuş türkmen iline salam aýdyp, hoş niýetler arzuw etdiler. Dostum biziň her birimize öz portretini gol çekip, sowgat berdi.

Ýeňil maşynlarda uçar meýdanyna çykdyk. Bu gezek bizi täzeje sowet dikuçaryna mündürdiler. Edil öňki ýaly, ýene-de biziň münen maşynymyzyň gapdalyna başga bir dikuçar goşuldy.

Az salymdan Hamýaba gelip düşdük. Bizi äkitmeli awtobusyň Kerkiden gelip ýetmänligi üçin, öňümizden çykan ýeňil maşynlarda ýene oba geldik. Hamýapda dört-bäş sagat dynç aldyk. Uly myhmanhanada aýdym-saz diňlendi. Men daşda, balhy tutlaryň aşagynda oturyp, ýerli ýaşululardan bu iliň taryhyna, diline, ýer-ýurt atlaryna degişli ençeme zatlary ýazyp aldym.

Şu ýerde kalbymy lerzana getiren bir zat ünsümi çekdi. Bile döwre gurap, düşek başynda gürleşip oturan alty-ýedi ýaşulymyzyň töwereginde, giň supanyň erňeginde 9-12 ýaşly oglanjyklaryň ençemesi biziň sowal-jogaplarymyzy sessiz-üýnsüz diňläp otyrdylar. Meniň hat ýazyşyma olaryň gözüniň gidýänligi mese-mälimdi. Men bu ýagdaýy synlap: “Şu çagalar sowatsyz bolaýmasyn” diýip pikir etdim. Gürrüňçiligiň arasyna böwşeňlik düşen dessine, men bu oglanjyklara ýüzlendim:

— Hany, ýigitler, içiňizde hat okap-ýazyp bilýäniňiz bolsa, meniň ýanyma geliň.

Oglanjyklar biri-biriniň ýüzlerine seredişdiler, hiç haýsy ýerinden gozganmady. Onýança on iki ýaşlar çemesindäki sellelije ýetginjek ýanyndaky oglana ýüzlendi:

— Bar, molla pylanyny (adyny unudypdyryn) çagyryp gel. Biziň aramyzda, ana, şol oglan mollada okady. Ol okabam, ýazybam bilýär.

Ýüregim sarsyp gitdi: bu nä elhençlik?! Uly obanyň mekdep ýaşly ýüzlerçe oglanlarynyň içinden diňe birisi okap-ýazyp bilýär. Galanlary sowatsyz. Aýal-gyzlar beýlede dursun, ýaşuly nesliň arasynda-da sowatly adam ýok. Şonuň üçinem

her bir galam tutany bu il molla hasap edýär. Obada elektrigem, radio-da ýok. Diňe ýek-tük barly adamlar öz hususy elektrik stansiýalaryny otlap, öýlerine yşyk berýärler we telewizor görýärler.

Dürli çeşmeler Owganystanda 2,5– 3 million çemesi türkmen, ondan has köp özbek, hazary, täjik halklarynyň wekilleriniň ýaşaýandygyny habar berýärler. Oba ýerlerinde olaryň sowatlylyk derejesi hem Hamýapdakylardan tapawutlanmaýan bolsa gerek. Onlarça ýyllaryň, asyrlaryň dowamynda feodal owgan hökümetiniň owgan (paştu) halkyndan beýleki az milletleri kemsitmek, olary gula öwürmek syýasatyny ýöredenine içiňi hümledip, agyr duýgulara batanyňy duýman galýarsyň. Sowet häkimiýetini näçe syndyrsagam, şol ýyllar içinde Türkmenistanda ähli halkyň uçdantutma sowatly bolandygyny unutmak mümkin däl. 70-nji ýyllaryň dürli döwürlerinde meniň gözüm bilen gören arap ýurtlaryndakylar, Hindistan, Pakistan, Eýran, Türkiýe ýaly ýurtlaryndakylar bilen deňeşdirende Türkmenistandaky okuwçylaryň sowatlylyk derejesiniň, hatda alymlaryň ylmy gözýetimleriniň hem ol ýurtlardaky egindeşleriniňkiden asla pes däldigini, belki, artyrakdygyny çekinmän aýdyp bilerin. Beýle deňeşdirmeler mähriban ülkämiziň ähli ilatynyň sowatlylyk derejesine uly buýsanç döredýär. Şonuň bilen birlikde-de, tutuş owgan halkyna, şol sanda bu ýurtda ýaşaýan türkmen, özbek, täjik, hazary, arap ýaly azlyk milletlere ilki bilen asuda durmuş, soňra-da deňlik, azatlyk, milli galkynyş, medeni we ruhy ösüş arzuw edeniňi duýman galýarsyň. Bu arzuwlaryň hasyl boljagyna-da berk ynanýarsyň, çünki Owganystanyň häzirki häkimiýetleriniň tagallalary bu umytlaryň hasyl boljakdygyna ynam döredýär. Çaltrak şeýle-de bolawersin, çünki diňe şu ýagdaýda biz arkadaşlarymyz bilen ymykly aragatnaşygy ýola goýup, olardan durmuşyň köp ugurlary: ahlak terbiýesi, din, etnopedagogika, harby tälim, oba hojalygynyň we maldarçylygyň sowet häkimiýeti ýyllary içinde bizde ýitirilen ýa-da unudylan görnüşleri hem-de tärleri babatda ençe zatlary öwrenip bileris. Galyberse-de, türkmen alymlary üçin Owganystan türkmenleri halkymyzyň

etnografiýasyny, taryhyny, gadymy edebi mirasyny, dilini, şiwelerini öwrenmekde iň ygtybarly we tapylgasyz hazynadyr.

* * *

Hoşlaşmaly wagt gelip ýetdi. Kerkiden iberilen awtobus bäş sagat çemesi gijigip gelenden soň, biz hamýaplylar bilen içgin hoşlaşyp, biri-birimize araçägiň iki tarapynda-da ýygy we mähirli duşuşyklary arzuw etdik. Rozybaý, Aşyr pälwan, inžener Ahmet dagy Türkmenistanyň Basaga serhetine çenli biziň awtobusymyzy ugratdylar. Biz olar bilen mähirli hoşlaşyp, serhetden geçdik.

## Gurultaýlar, konferensiýalar, simpoziumlar

Aspiranturada okap ýören ýyllarymdan başlap, tä häzirki güne çenli ýer-ýurt, adam we tire-taýpa atlary, türki dilleriň dürli ugurlary (şiweşynaslyk, diliň taryhy), şeýle-de türki halklaryň taryhy we taryhy ýadygärlikleri ýaly wajyp meselelere bagyşlanyp geçirilýän ululy-kiçili ýygnanyşyklaryň onlarçasyna gatnaşmak miýesser etdi. Olaryň ählisi barada gürrüň bermek mümkin däl, munuň geregi-de ýok. Ýöne ylmy gözýetimimiň giňelmegine, alym hökmünde umumysoýuz, soňra bolsa dünýä onomastlarynyň we türkologlarynyň arasynda tanalmagyma kömek eden käbir ýygnanyşyklary gysgaça ýatlamak isleýärin.

1965-nji ýylyň ýanwar aýynda Peterburgda Sowet Soýuzynyň toponimikasy boýunça birinji Bütinsoýuz konferensiýa bolup geçdi. Oňa öňki Soýuzyň ähli respublikalaryndan we uly şäherlerinden 200 çemesi alym, şol sanda tutuş ýurdumyzda tanalýan E.M.Mozaýew, W.A.Nikonow, S.L.Berg, A.P.Dülzon, A.K.Matweýew, A.I.Popow, Ýe.M.Pospelow, K.K.Seluýko ýaly uly toponimistler gatnaşýardy. Ilkinji iş gününiň birinji ýarymynda uly alymlaryň umumy meselä bagyşlanan çykyşlary diňlendi, öýlän bolsa ýygnaga gatnaşyjylar ýedi topara bölündiler. Men “Kawkazyň, Krymyň, Gazagystanyň we Orta Asyýanyň toponimikasy” toparyna gatnaşyp, onda

ilkinji gezek ylmy çykyş etdim. Ýygnakda çykyş etjekleriň köplügi üçin, on minut üçin niýetlenen çykyşlary alty minutda okap gutarmaly edildi. Topara başlyklyk ediji E.M.Murzaýew ýaş toponimistlere, şol sanda maňa-da ilkinji nobatlarda söz berdi. Tejribesizligim zerarly çykyşymy köpçüligiň ünsüni çeker ýaly derejede ýazmanlygyma soňra, ylaýta-da azy ýaran alymlaryň çykyşlaryny diňlänimden soň göz ýetirdim. Çykyş edýärkäm, Murzaýew sözümiň arasyny iki gezek dagy kesip, "gysgalt," "jemle" ýaly duýduryş etdi. Her niçigem bolsa, şeýle uly foruma gatnaşmagym maňa köp peýda berdi: Soýuzyň dürli künjeklerindäki kärdeşlerim bilen tanyşdym, adres we kitaplar alyşdym. A.Abdyrahmanow (Gazagystan), G.F.Sattarow (Tatarystan), H.Hasanow (Özbegistan) ýaly alymlar bilen tanyşlygyň yzy soňra dostluga öwrülip gitdi. Şu konferensiýada men ilkinji gezek tankyt edilip hem gördüm. Bu şeýle boldy.

Gazak alymy Ýaňybaý Koýçubaýew ak, gara, gök, sary ýaly reňk atlarynyň toponimleriň düzüminde reňk aňlatman, başga manyda ulanylýandygy barada çykyş etdi. Meselem, onuň pikiriçe, Akgum, Aksuw ýaly goşma atlaryň ak sözi akyk (akmak, orusça течь) işliginden bolup, bu atlar "akýan gum", "akýan suw" ýaly manylarda bolmaly. Ak we gara sözleriniň toponimiýada reňki aňlatmaýanlygy barada belli türkolog, akademik A.N.Kononow baryp 1954-nji ýylda ýörite makala ýazypdy. Ýa.Koýçubaýew onuň bu nädogry pikirini has ösdürip, gök, sary sözleriniň hem türki ýer-ýurt atlarynda diňe göçme many aňladýandygyny öňe sürdi. Türki dilleri gowy bilmeýän E.M.Murzaýew, ylaýta-da W.A. Nikonow Koýçubaýewiň bu pikirini goldap, ony öwüp arşa çykardylar. Menem söz soradym we şeýle pikiriň nädogrudygyny, ak, gara, göksary sözleri bilen gelýän türkmen ýer-ýurt atlarynyň bu pikiri tassyklamaýandygyny aýtdym. Toponimika äleminde şol döwürde has meşhur alymlar saýylýan Murzaýewe we Nikonowa meniň tankydym ýaramady. Toparyň ahyrky mejlisinde W.A.Nikonow çykyşlar babatda jemleýji sözünde Koýçubaýewiň pikirini ýene bir gezek goldady, akademik W.A.Kononow ýaly dünýä belli türkologyň öňe süren bu pikirine haýsydyr bir ýaş türkmen aspirantynyň

şübhelenýändigini bolsa berk tankytlady.

Reňk atlarynyň toponimiýadaky manysy barada ady agzalan alymlaryň öňe süren nädogry garaýyşlary bu ylmyň wekilleriniň arasynda 20-30 ýyl höküm sürdi, köp kitaplara girdi. Diňe başga bir görnükli gazak alymy, türkologlaryň arasynda toponimika boýunça ilkinji bolup dissertasiýa goran Galy Konkaşpaýewiň orus dilinde ýazylan ýörite makalasynda bu garaýyş ýiti tankytlanyp, degerli mysallar arkaly onuň nädogrudygy subut edilenden soň, ondan el çekildi.

Ylmyň belli bir ugruna bagyşlanyp geçirilýän şeýle konferensiýalar meniň ýaly ylma ýaňy girişen ýaşlaryň şol meselä çuň aralaşmagyna, öňki Soýuzyň dürli künjeklerinden gelen alymlaryň ysnyşmagyna gowy itergi berýärdi. Ylmy durmuşymda möhüm waka bolan şeýle ýygnanyşyklaryň ençemesine: Moskwada (köp gezek), Peterburgda, Kiýewde, Odessada, Minskide, Rigada, Kişinýowda, Bakuwda (üç gezek), Gazanda, Ufada, Daşkentde (bäş gezek), Buharada, Samarkantda, Duşanbede, Almatyda, Bişkekde (üç gezek) we beýleki şäherlerde dürli ýyllarda bolup geçen konferensiýalara gatnaşyp, olarda garalan meselä dahylly temalar boýunça çykyşlar etdim, ençeme jedellere gatnaşdym. Konferensiýalaryň materiallarynda şol çykyşlar çap edildi. Şeýle ýygnanyşyklarda tanşan we dostlaşan alymlarym bilen tä Soýuz dargaýança ymykly aragatnaşyk sakladym: hat ýazyşdym, barşyp-gelişdim.

Ençeme kitabym çykyp, adygyberenimsoň, şeýle ýygnanyşyklaryň birnäçesine (Bakuwa, Daşkente, Bişkege) hormatly myhman hökmünde-de çagyryldym, toparlara başlyklyk hem etdim.

Daşary ýurtlarda geçirilen uly ýygnanyşyklara gatnaşmak we olarda çykyş etmek hem miýesser etdi. 1982-nji ýylyň awgust aýynda Germaniýanyň Leýpsig şäherinde Onomastika boýunça XV bütindünýä kongresi geçirildi. Bir hepdeläp dowam eden we dünýäniň ýüz çemesi ýurdundan alymlar gatnaşan bu uly forumda men “Magtymgulynyň döredijiliginde ulanylan has atlar” diýen temadan çykyş etdim we ençeme gezek ylmy jedellere goşuldym. Kongresden soň öňki Sowet Soýuzyndan

baran sekiz alym bolup, biz N.A.Baskakowyň baştutanlygynda ýene bir hepdeläp Germaniýanyň Drezden, Howburg, Potsdam, Berlin ýaly şäherlerine gezelenç etdik. Şu ýerde Drezdeniň surat galereýasyna tomaşa edişimiz barada gysgajyk gürrüň bereýin.

Bu meşhur muzeý we ondaky deňsiz-taýsyz suratlar barada öňem köp eşidipdim, okapdym. Muzeýiň girilgesinde nemes we orus dillerinde "1942-1945-nji ýyllaryň urşy döwründe Drezden muzeýiniň eksponatlaryny tanalmadan we ýok bolmadan halas eden sowet goşunyna minnetdardyrys. Munuň nyşany hökmünde mydama muzeýe sowet esgerleri mugt goýberilýär" diýlip ýazylypdyr. Ýarym günläp edilen gezelenç wagtynda biz muzeýde Germaniýada gulluk edýän sowet esgeleriniň 4-5 toparyna duş geldik. Bir toparda türkmendir diýip çaklan oglanymyň ýanyna bardym-da, orus dilinde:

— Ýeri, ýigit, gulluk gowy gidýärmi? – diýip soradym.

— Erbet däl.

— Özüň gulluga nireden geldiň?

— Türkmenistandan.

— Onuň niresinden?

— Aşgabatdan.

— O-ho! Onda sen türkmençede gepleýänsiň?

— Hawa-la.

Şondan soň biz türkmençe gürleşdik:

— Adyň näme?

— Aşgabat.

— Kimiň ogly?

— Gurbandurdy Geldiýewiň.

Edebiýatçy Gurbandurdy Geldiýewi gowy tanaýardym. 1970 ýa 1971-nji ýylda uniwersitetiň türkmen dili we edebiýaty fakultetinde döwlet synag komissiýasynyň başlygy bolanymda, ol meniň kätibim bolupdy, soňra ençe ýyl bir institutda bile-de işläpdik. Häzir professor, uly alym G.Geldiýew Azady adyndaky pedinstitutda we Türkiýäniň ýokary okuw jaýlarynda türkmen edebiýatyndan sapak berýär. Men onuň ogly bilen Germaniýada duşanyma begenip, içgin hal-ahwal soraşdym, komandiri bilen gürleşdim, ondan rugsat alyp, Aşgabat we onuň faraply

gullukdaşy bilen surata düşdüm. Aşgabada gelenimden soň hem suratlary taýyn edip, Gurbandurda habar berdim we tutuş maşgalany begendirdim.

Konferensiýalar temasyndan daşlaşýanam bolsam, daşary ýurtlarda başdan geçiren şeýle wakalarymyň ýene biri barada gürrüň bereýin.

1973-nji ýylyň maýynda Müsüriň Aleksandriýa şäherinde gezelençlerden boş wagtlarymyz peýwagtyna şähere aýlanyp ýördük. Ýanymda-da aşgabatly kanal gurujy, Sosialistik Zähmetiň Gahrymany Täçmyrat Bäşimow bilen Daşoguz şäher durmuş hyzmaty kärhanasynyň başlygy Annamyrat bardy. Esli gezenimizden soň, heniz biziň gözümiziň öwrenişmedik harby eşigindäki bir arap esgeriniň biziň yzymyzdan galman gelýänini duýduk. Dursak durýar, ýöresek ýöreýär, dükanlara girsegem ýa yzymyzdan girýär, ýa-da gapyda garaşýar. Ýolda, töweregimizde adam az wagty Annamyrat hapa sözler bilen sögündi:

— Bu samsyk esger nä pisini aşyryp, şu betnyşan lybasy bilen kölegämiz ýaly yzymyza düşüp ýör.

Onýança esger Annamyrada ýüzlendi:

— Agam, sögmäň. Maňa üns bermäň-de, ýöräberiň. Ata Watandan gelenligiňizi gep-sözüňizden aňyp, yzyňyzdan galybilmän gelýärin.

Biz aňk-taňk bolduk, sögünç üçin ötünç soradyk. Soňky gürrüňlerden hem Sowet Soýuzynyň araplara meňzeş garaýagyz esgerlerini Müsüre getirip, arap harby eşiginde gulluk etdirýändiklerini ýöne sowet esgerleriniň bu toprakdadygyny hiç kime äşgär etmeli däldigini, onuň harby syrdygyny bilip galdyk.

Asly Saýat etrabyndan bolan bu esgeriň salamyny Aşgabada gelenimden soň ony ene-atasyna ýetirdim.

Ýene daşary ýurt ylmy konferensiýalaryna dolanalyň.

1984-nji ýylda öňki Soýuzyň abraýly ykdysatçy alymlaryndan ybarat bolan uly delegasiýa goşulyp, Awstriýanyň halk uniwersitetleriniň işi bilen tanyşmaga we olarda çykyş etmäge gitdim. Wenada, Insbrukda, Linsde, Zalsburgda we beýleki şäherlerde işleri gowy ýola goýlan halk uniwersitetlerine baryp gördük. Dogrusyny aýtsam, halk uniwersiteti diýilýän

okuw jaýlarynyň niýet-maksadyna men şu ýurtda düşünip galdym. Her şäherde, hatda uly obalarda hem şeýle okuw jaýy üçin köşk ýaly jaýlar gurlup, olar haýsy ugurdan berýänine baglylykda zerur enjamlar bilen üpjün edilipdir. Uniwersitetler okuwyň başlanmazyndan iki-üç aý öň ýerli gazetlerde, radio we telewideniýede ilatyň haýsy hünäre isleg bildirýänligini sorap, bildiriş berýär. Belli bir ugur, diýeli, agaç ussaçylygy, radio-telewizor ussasy, kompýuterçilik, orus dili, türk dili, umuman, islendik hünär boýunça diňleýjileriň ýeterlik mukdary arza berse, şol ugruň hünärmenlerinden uly aýlyk berlip işe çekilen, hatrda uzak ýerlerden we ýurtlardan çagyrylyp getirilen mugallymlar okuw möhletiniň dowamynda (üç aý, alty aý, bir ýyl) sapak geçip, diňleýjilere hünär öwredýärler we diplom berýärler. Orus dili we türk dili öwrenilýän toparlarda men hem çykyş etdim.

Awstriýada Orta Asyýanyň durmuşy bilen has içgin gyzyklanýan ekenler. Muňa ýurduň dürli şäherlerinde halk uniwersitetlerinde bolan duşuşyklar güwä geçýär. Duşuşyga ýygnanan märeke ilki Sowet Soýuzynyň her respublikasyndan we uly şäherlerinden gelen alymlar bilen ýeke-ýeke tanyşdyrylyp, soňra olardan haýsy respublika we haýsy mesele bilen gyzyklanýandygy soralýar. Ýerli ilat köplenç Orta Asyýadan gelen alymlaryň gürrüňine höwes bildirdi. Hut meniň özümem Wenada türkmen atlary, beýik kompozitor Mosartyň dogduk mekany Zalsburgyň saz öwreniji toparynyň öňünde türkmen aýdym-sazlary barada söhbet edip, soraglara jogap berdim. Insbrukda türkmen halylyary babatdaky gürrüňçilikde ýerli adamlaryň halkymyzyň bu sungaty bilen içgin gyzyklanyp, ol hakda köp zatlary bilýändigine göz ýetirdim. Bu ýurduň haly dükanlarynda türkmen halylary juda köp bolup, olara Buhara halysy diýilýän eken. Meniň çykyşymdan soň, insbrukly bir diňleýji özüniň türkmen halylaryny ýygnaýandygyny, dürli ýurtlardan şeýle halylaryň on ýedi sanysyny satyn alandygyny, indi Aşgabada gidip, ol ýerden iki ýüzli (iki tarapyna-da çitme çitilen) halyny edinmek isleýändigini aýtdy.

Awstriýada biz nemes faşistleriniň 335 müň ýesiri gabap saklap we olaryň 122 müňüsini gynap, daş daşadyp öldüren

ýeri bolan Mauthauzen konslagerine baryp gördük. Häzir bu ýerde muzeý döredilip, gynap öldüren sowet generaly D.M. Karbyşewe-de uly ýadygärlik dikilipdir. Muzeýde görkezilen 45 minutlyk dokumental filme tomaşa edip, biz iki günläp essimize gelip bilmedik.

Mauthauzeniň töweregi otly, tokaýly meýdanlar. Bu ýerde biz öz jeňňellerimiziň ajäýyp guşlarynyň – sülgünleriň ilki jorkuldaşýan seslerini eşitdik, soň ony ençeme gezek gözümiz bilen gördük. Awlamak düýbünden gadaganlygy sebäpli, bu janawarlar adamlar bilen öwrenişip gidipdirler. Olar ýoluň gyralarynda adamlaryň hut 10-15 metre ýakynlygynda-da daranyşyp otyrlar. Gürrüň berişlerine görä, urşuň yz ýanlarynda Lebap jeňňellerinden tutulan onlarça sülgün Çehoslowakiýa getirilip köpeldilipdir we erkinlige goýberilipdir. Olar barha köpelip, tutuş Ýewropa ýaýrapdyrlar.

Awstriýada (umuman, Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde) tebigaty gorap saklamaga juda uly ähmiýet berilýär. Oba we şäher jaýlarynyň töwerekleri gürzarlyga we ot-çöpe basyrylyp otyr, hatda gurlup duran jaýa hyzmat edýän tehnika hem oňa azar ýetirmeýär. Tokaýlarda-da maşyn, traktor hatda adamlar üçin hem ýörite ýol edilipdir, ondan çykmak, tokaý çemenliklerini basgylamak gadagan.

Tokaýda dynç alnanda-da, ol ýerden diňe ýekeje gül ýolmaga rugsat berilýär. Çemen bogaýsaň ýa-da ýodadan çykyp otlary basgylaýsaň, nireden çykanyňy bilmersiň, tokaýçy ýanyňa geler-de, ep-esli mukdarda jerime salar.

Meniňçe, Ýewropa ýurtlarynda uludan-kiçä ähli adamyň düzgün-tertibi berk saklaýanlygyň sebäbi diňe bir ilatyň medeniýetli we düşünjeliliginden däl, eýsem düzgüniň sähelçe bozulanlygy üçin berk çäre görülýänligindendir. Bir mysal getireýin. Awstriýada biziň münen awtobusymyzyň şofýoryna Karl diýýärdiler. Çalt ýöreýän täzeje awtobus ol şäherden beýlekisine gidende, awtobanlary (çalt ýörelýän şaýollaryň) aňrybaş derejede tekiz we hiç ýol bilen kesişmeýänligine hem-de ýoluň gyralarynyň mal geçmez ýaly edilendigine seretmezden, Karl maşynynyň tizligini 100 km-den geçirmeýärdi. Men onuň

sebäbini soradym. Ol awtobuslary ýollarda 100-den aňry çaltlykda sürmegiň gadagandygyny aýtdy.

— Eger süräýseň?

— Süräýseň, ýollaryň ugrunda tizligi ölçeýji gizlin fotoawtomatlar goýlup, ol haýsy maşynyň ýoluň niresinde düzgüni nähili bozanlygyny merkeze habar berýär. Öýüňe gelmänkäň, öňüňde tölemeli jerimäniň kagyzy ýatandyr.

— Näçeräk jerime tölemeli?

— Ol seniň düzgüni ýeňil ýa gödek bozuşyňa bagly. Meselem, men şu ýolda tizligi 125-e ýa-da 150-ä çykaraýsam, 4-5 ýüz dollar möçberinde jerime tölemeli bolaryn.

Ynha, hut şuňa görä, Alp daglarynyň ähli ýeri, tokaýlar, çemenlikler, oba we şäherleriň içleri örän arassa, meýdana taşlanan zat ýok. Meýdan haýwanlaryny, guşlary ürküzip ýörenlere-de gabat gelmersiň. Şonuň üçin parklaryň köllerinde-de ýabany guşlar hiç hili gorkusyz-ürküsiz ýöreşip ýörendir. Ştrausyň parkynda wals baýramçylygyna gatnaşanymyzda, diňe bir parkyň içinde däl, eýsem öwrüm berip duran tomusky meýdançada tansa tomaşa edip oturan adamlary arasynda-da owadan tawuslar arkaýyn sülmürişip, gezişip ýörler. Gepiň gysgasy, Ýewropa ýurtlarynda adam bilen tebigatyň özara gatnaşygy juda göwnejaý. Ýene bir bellemeli zat, ol-da bu ýurtda düzgün bozýan adam ýok, heran – haçan düzgüni bozulaýsa-da dessine onuň üsti açylyp, berk çäre görülýär. Bu ýurtda etmişe görä hökman jeza berilýändigi bilen baglanyşykly, ýene bir wakany gürrüň bereýin.

Wena myhmanhanasynda Duşenbe uniwersitetiniň ykdysadyýet fakultetiniň dekany, ýaşuly professor Mamadýor Mamatnazarbekow, Bişkegiň hasaplaýyş merkeziniň direktory, professor Şaýlobek Musakožoýew we men iki otagly maslahat geçilýän jaýly uly apartamentde ýerleşdik. Toparymyzyň ýolbaşçysy bu jaýa jogapkär hökmünde meniň adymy ýazdy. Mamadýor ekäniň günde iki-üç gezek gök çaý içmek endigi bar eken. Ol çaý gaýnadýan elektrik gaýnatgyjyny we kiçijik termosyny ýany bilen getiripdir. Bir gün biz kino gidenimizde, Mamadýor eke bankada çaý gaýnadypdyr, ýöne ol bankany ýüzi

aýna ýaly ýylpyldap duran ýalaňaç stoluň üstünde goýupdyr. Gyzan bankanyň goýlan ýeri ap-ak tegmil bolupdyr. Mamadýor eke ol tegmili ýakgysy bilen gyryp aýyrmak isläp, stoluň syrçasyny goparyp, öňküdenem beter edipdir. Kinodan gelip, stoluň burçuna goýlan kagyzy galdyryp, bolan işe göz ýetirdik. Ertir ir bilen Awstriýanyň beýleki şäherlerine ugramalydyk. Mamadýor eke stoluň soýlan ýerini gizleýän kagyzy almazlygy sargap, ugraýançak hiç kim bilmese, onda bu beladan aman sypjakdygymyzy ýaňzytdy. Awtobus ugran badyna-da ol “öf-f!” edip, uludan demini aldy.

On günläp ýurduň şäherlerine aýlanyp, ýene Wena gaýdyp geldik, ýöne başga bir myhmanhana ýerleşdirdiler. Öňki üçlere ýene apartament ýetdi. Jaý bilen tanşyp ýörkäk, stoluň üstünde goýlan bir kagyza gözümiz düşdi. Ol nemesçe ýazylypdyr. Şaýlobek göz gezdirip, bu kagyzyň meniň adama ýazylandygyny aýtdy. Onýança-da ýolbaşçymyz, moskwaly akademik gapydan girdi. Meniň adymy tutubam öňki ýaşan myhmanhanamyzda çaý gaýnadyp, stoly zaýalandygymyzy, eýýäm telefon edip, oňa habar berendiklerini, şu hatda-da 92 şilling jerimäniň (getirmek üçin ähli çykdajylar bilen birlikde stoluň doly bahasynyň) ýazylandygyny aýdyp, stoly kimiň haraplandygyny sorady. Mamadýor eke sesini çykarmady. Ýolbaşçymyz maňa ýüzlendi:

— Apartamente sen jogapkär. Kim stoly ýakdy?

— Men ýakdym.

— Jerime üçin 92 şillingiň barmy?

— Ýok.

— Bar pulumyzy sowduk. Her kimde 5-10 şilling galdy. Ýöne satyn alan magnitofonymyzy sataýmasak?

— Näçe içseň, “Bawar” piwosyny, “koka-kola” içgisini we çakyr berip durlar. Myhmançylykda dagy çaý içmäninde bolanokmy?

— Beýle işi indi gaýtalamarys.

Ýolbaşçymyz jerimäni özüne berlen ätiýaçlyk puldan tölejekdigini aýdyp, mundan beýläk ägä bolmagy, çünki bu ýurtda etmişiňi gizlemegiň mümkin däldigini duýdurdy.

Awstriýada gözümiň giden ýene bir zadyny ýatlaýyn.

Bu ýurtda ähli ýerde: obalarda-da, şäherlerde-de hiç zat zaýa edilmeýär. Her obada artykmaç miwäni toplap alyp, ondan konserwalar we dürli önümler taýýarlaýan kiçi sehler bar. Lins şäheriniň ýakynyndaky bir obada kiçijik ýük maşyny bilen gezip, 15 hojalygyň gündelik sagýan süýdüni ölçäp satyn alyp, şu obaly telekeçi ondan peýnir, mesge we dürli önümleri taýýarlaýan eken. Şeýle telekeçileriň her obada ençemesi bar diýdiler.

Daşary ýurtlarda meniň gatnaşan uly konferensiýalarymyň ýene biri 1994-nji ýylyň fewral aýynda Türkiýäniň başkenti Ankara şäherinde bolup geçdi. "Türk ýazuw dili simpoziumy" diýip at berlen bu ýygnanyşyga dünýäniň türki dilli döwletlerinden we türki kowumlar ýaşaýan 50 ýurdundan 300 çemesi alym, şol sanda Türkmenistandan M.Saryhanow, B.Saryýew we men, Türkiýede işläp ýören kärdeşlerimiz S.Kürenow, J.Gökleňow we G.Geldiýew dagy gatnaşdylar. Bir hepde dowam eden bu ýygnakda türki dilleriň fonetik, morfologik we leksik taýdan umumylyklary ara alnyp maslahatlaşyldy, ähli türki halklaryň biri-birlerine türki dilde düşünişmegini has ýeňilleşdirmek üçin, şol umumylyklary ösdürmegiň ýollary salgy berildi. Şu uly ýygnagyň gelen netijesine laýyklykda ähli türki dilleriň deňeşdirme fonetikasyny, grammatikasyny, olaryň esasy sözlerini öz içine alýan umumy sözlügini düzmek planlaşdyryldy we şol ýylyň özünde bu işe girişildi. Türkmenistandanam bu sözlügi düzmäge birnäçe alym gatnaşýar.

Döwletimiz Garaşsyz bolany bäri, Türkiýäniň ençeme alymy Aşgabatda, käbirleri bolsa meniň öýümde-de myhmançylykda bolup gitdi. Ankara simpoziumynda olaryň köpüsi bilen duşuşdym.

Türkiýäniň (onda-da diňe Geliboly we Stambul şäherlerini) ilkinji gezek 1973-nji ýylyň maýynda gämili Ortaýer deňziniň kenaryndaky ýurtlarda turistik gezelençde bolanymda görüpdim. Ol döwürde toparyň ýolbaşçylary bize ýerli ilat bilen gepleşmezligi, adres, kitap alyşmazlygy berk tabşyrypdylar. Ankaradaky ýygnanyşyk döwründe weli biz türk arkadaşlarymyz bilen açyk-aýan, garyndaşlarça gürleşdik, olaryň çakylyklarynda

bolup gördük. Şolaryň biri barada gürrüň bereýin.

Bu ülkede myhmany köplenç restorana çagyryp hezzetleýän ekenler. Biz hem birnäçe gezek şeýle çakylykda bolduk. Şolaryň birinde Aşgabatda gurluşyk işlerini alyp barýan “Muti” firmasynyň başlygy, indi iki-üç ýyldan bäri Ankarada işleýän dilçi alym Jepbar Gökleňowyň gowy tanşy Mutiýa hanym we onuň garyndaşlary bizi başkentiň iň gözel “Ankara ewi” restoranyna çagyrdylar. Restoran şäheriň belent nokatynda, Ankara galasynda ýerleşýär. Birbada müňden gowrak adam kabul edilip bilýän bu restorana öňünden ýazylmaly. Mutiýa hanymyň biz üçin goýduran 15 orunlyk stoluna onuň özi we ýakynlary Türkmenistandan gelen bäş dilçi alym: Jepbar Gökleň, Sapar Küren, Berdi Sary, Mämmetdurdy Saryhan we men bolup üýşdük. Iýip-içenlerimiz, Ankaranyň iň meşhur aýdymçylarynyň çykyşlary, ýarym ýalaňaç we ýalaňaç gyzlaryň tanslary hakynda gürrüňi uzaltman, bu ýerde bizi täsin galdyran käbir zatlar barada gürrüň bereýin.

Garaňky gatlyşansoň, restoran hyryn-dykyn dolýan eken. Ýöne weli şunça mähelläniň içinden arak, konýak, hatda piwo ýaly alkogolly içgileri içýän bir adama-da gözümiz düşmedi. Diňe öňki Soýuzdan gelen myhmanlar bolaýmasa, restoranda bu zährimary içýän ýok. Ähtimal, şu zerarlydyr, bu ýurduň jemgyýetçilik ýerlerinde sögüşmeg-ä beýlede dursun, hatda gaharlaşýan biri-birine gyňyr göz bilen seredýän kişä-de gabat gelmersiňiz. Bu ýagdaýa köp adamyň üýşýän ýerlerinde (restoranlarda, awtobuslaryň gapylarynda) “Haýyş: ýylgyryň!” ýa-da “Gülümjiräň!” ýaly şygarlaryň ýazylmagy hem öz täsirini ýetirýän bolsa gerek.

“Ýagşyny göreňde pikir et, ýamany göreňde şükür et” diýlişi ýaly, bu ýurtda göwnümize ýaramadyk zatlary hem gördük. Şolaryň esasy – çilim belasy. Türkiýede edaralarda-da, awtobuslarda-da, beýleki köpçülik ýerlerde-de uludan-kiçä köp adam çilim çekýär (sigara içýor). Ýaş gyzlaryňam eli sigaretli. Şu sebäpli agzalan restoranyň içi biraz wagtdan soň ot alan jaýyň içine döndi: goýy tüsse zerarly, stolda gabat garşyňda oturan ýoldaşyňy zordan tanap bolýar. Güýçli howa sorujylar hem jaýyň içini arassalap ýetişmeýär.

Ýatlanan simpoziumdan ýyl ýarym geçenden soň, 1995-nji ýylyň sentýabrynda ýene esli günläp Türkiýäniň Ankara we Stambul şäherlerinde bolmak miýesser etdi. Bu gezek Türkmenistanyň we türkmen halkynyň ýoýulman, dogruçyl ýazyljak taryhy üçin ýurduň uly kitaphanalaryny, golýazmalar hazynalaryny aýlandym. Biziň gören bu ylym ojaklarymyzyň ählisinde bilgisaýarlar (kompýuterler) goýlupdyr, olaryň boş duran biriniň öňünde oturyp, harply düwmeleri basmak arkaly gerekli awtoryň ýa-da zerur temanyň adyny ýygyp, sanlyja sekunt garaşsaň bolany, şol awtora ýa tema degişli näçe kitabyň bardygy, olaryň jemi sany, atlary dessine ekranda peýda bolýar, haýsy gerek bolsa, şifirlerini ýazyp, kitaphana işgärlerine getirdäýmeli. Eger isleýän kitabyň ýok bolsa, bilgisaýar ony ýurduň haýsy kitaphanasyndan tapyp ýa sargap getirip boljakdygyny habar ýerýär.

Moskwa, Peterburg, Daşkent ýaly uly şäherleriň atly kitaphanalarynda köp işläp, olaryň seýrek kitaplary hem-de gadymy uly sözlükleri özünde jemleýändigine gözüm gidipdi. Ankara we Stambul kitaphanalarynyň ylmy hazynasyny, ylaýta-da türki dillere degişli agramy bir putdan geçýän äpet sözlüklerini görüp, bu ylmy ojaklara has hem buýsanjym artdy. Türk Dil Kurumu we Türk Taryh Kurumu diýilýän ylym ojaklaryň baý kitaphanarynda türk ýaşlary bilen birlikde öz dogduk diýarymyzyň ýigitleriniň okap oturandyklary has hem begendirdi. Olaryň arasynda hut meniň işleýän institutymyň aspiranty Rejep Geldiýew hem bar eken. Ankaradaky Türkiýe milli kitaphanasynyň okalgasynda bolsa ýanyma bir talyp ildeşimiz gelip, adymy tutup salamlaşdy. Tanyşdyk, görüp otursam,ol öz obamyň ýigidi, şu ýerdäki uniwersitetiniň taryh fakultetinde okaýan Myrat Jumagulyýew bolup çykdy.

Ankaradan Stambula ugramazymyzyň öň ýanynda Jepbar Gökleňow hoş habar getirdi we bir haty ýoldaşlarymyň arasynda maňa gowşurdy. Onda türk dilinde şeýle ýazylypdyr:

***Ankara, 25.09.1995***

***Hormatly professor, doktor***
***Soltanşa Atanyýazow!***

Türki diller babatda ýerine ýetiren gymmatly hyzmatlaryňyz hem-de goşandyňyz nazara alnyp, Türk Dil Kurumunyň Bili bölüminiň 1995-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky mejlisinde Siz şu Kurumuň habarçy agzalygyna biragyzdan saýlandyňyz. Ylmy hyzmatlaryňyza hormat etmek bilen şony Size habar bermäge şatdyryn.

*Türkiýe Jemhurýetiniň Atatürk adyndaky*
*Medeniýet, Dil we Taryh boýunça*
*Ýokary guramasyna (akademiýasyna)*
*Degişli Türk Dil Kurumynyň başlygy*
*professor, doktor*
*Ahmet B.Erjilasun.*

Hatyň mazmuny bilen tanşan ýoldaşlarym şu şatlykly waka bilen meni gyzgyn gutladylar, Jepbar bolsa buşluk talap etdi. Dogry, men bu ýakymly habary Aşgabatda eşidipdim. Mejlisiň geçen gününiň ertesi şol ses berişlige gatnaşan türk professory, edebiýatçy alym, Halkara Magtymguly baýragynyň laureaty Fikret Türkmen Aşgabada jaň edip, ony maňa habar beripdi. Gutlan ýoldaşlaryma hoşallyk bildirip, bu belent ady bellejekdigimi aýtdym we Jepbaryň maslahaty bilenem ýolda iýip-içer ýaly zatlar aldyk.

Ankaradan Stambula bizi ýokary klasly tiz ýöreýän rahat awtobusda ugratdylar. Onuň üsti edil uly uçarlaryň içinde oturan ýaly, iki sürüjisi we bir hyzmatkäri bar. Awtobus köp ýerde tizligini 150 km-den aşak düşürmän ýöreýär, üstünde-de näçe içseň çaý, kofe, miwe suwlary, süýjüler bolup, iki gezek gyzgyn nahar hem berýärler. Olaryň üstüne bizem Aşgabatdan äkiden zatlarymyz, şeýle-de türkmen konýagydyr balzamy bilen ýetirip, meniň habarçy agzalygymy belledik.

Awtobus Ankaradan çykyp, esli ýöränden soň, hyzmatkär ýigit her kimiň öňüne ykjam ýol gutularyna gaplanan naharlary goýup çykdy. Jepbar Gökleňow oturgyjyndan turup, öňe geçdide, oturanlara ýüzlendi:

— Adamlar, Türkiýe döwletiniň şaýolundan 150 km tizlik bilen barýan awtobusyň üstünde türkmen ylmynyň daşary

ýurtlarda dabaralanmagyna bagyşlanan dabarany açyk hasap edýärin. Soltanşany alym hökmünde ülkämiz gowy tanaýar, ol Türkmenistan Ylymlar akademiýasynyň agzasy, ýöne daşary ýurt akademiýasynyň biragyzdan habarçy agza saýlanmak – alyma uly hormat, çünki çet ülkede keseki alymlaryň daşky sypaty, baýlygy, tanyş-bilşiniň köplügi hasaba alynman, diňe onuň ylmy işlerine baha kesilýär. Türk Dil Kurumu hem bu alymyň türkologiýa babatdaky işlerini nazara alyp, oňa şu belent ady berdi. Adaty bolmadyk dabaramyzy "hamyr ujundan petir" hökmünde kabul edip, tosty türkmen ylmynyň şu günki ýeten ýokary derejesi üçin, Soltanşa hem täze üstünlikler arzuw edip götereliň.

Oturanlar Jepbaryň sözüni goldadylar. Şeýdip, şatlyk-şagalaňlyk bilen gadymy Stambula aýak basdyk.

Stambulda, esasan, Topgapy saraýynyň we Süleýmaniýe medresesiniň golýazmalar hazynalarynda işläp, bu ýerde türkmenleriň taryhyna degişli ençeme işleriň bardygyna göz ýetirdik. Bu hazynalar juda baý bolup, deňsiz-taýsyz golýazma eserleriniň on müňlerçesini özüne jemleýär. Men sünnälenip bezelen, sahabyna, jiltlerine zer tutulan ýa-da altyn çaýylan kitaplary köp görüpdim, emma Süleýmaniýe medresesiniň has bek we berk jaýynda saklanýan kitaplary görüp, aňk boldum. Türk patyşalaryna we beýlerine sowgat hökmünde taýýarlanan käbir kitaplary görmäge göz gerek. Bularyň arasynda altyn jiltlileri-de, haty zer bilen ýazylanlary-da, ähli sahypalaryň setirleriniň arasyny sünnälenip, ýukajyk altyn gabyk ýelmenenleri-de bar. Golýazmalaryň restawrasiýasy we saklanyşy babatda-da türk arkadaşlarymyzdan öwrenere zat köp. Ynha, Süleýmaniýe medresesindäki golýazmalar hazynasynyň timarlaýyş ussahanasy. Bu uly ýagty jaýda üç erkek we on sany aýal-gyz işläp otyr. Olar ýörite iş eşiginde, döşüniň çep tarapyna-da suraty ýelmenen we ady, familiýasy ýazylan ýarlyk dakylypdyr. Bular täze getirilen golýazmalaryň ýyrtylan-ýirilen ýerlerini ýelmäp, hapalanan sahypalaryny dürli erginleri we ýitije pyçaklaryň kömegi bilen arassalap rejeleýärler.

Stambulda Mahmyt Kaşgarynyň 1072-nji ýylda ýazyp

gutaran üç tomdan ybarat meşhur “Türki sözler diwany” (“Diwan lugat it-türk”) atly eseriniň asyl nusgasynyň saklanýan ýeri bolan “Millet” atly kiçeňräk golýazmalar kitaphanasyna baryp bu ölmez-ýitmez eseri üç gezek togap edip elimiz bilen tutup gördük. Bu ýerde eseriň fotonusgasyny sowgat berdiler.

Türkiýe barada gürrüň edýärkäk men 1997-nji ýylda bu ýurtda türk diliniň uly baýramçylygyna gatnaşyşymyz hakda-da gysgaça ýatlap geçeýin.

Maý aýynyň ortasynda tutuş Türkiýe türk diliniň toýuny toýlaýar. Bu ýylky dabaralary Türkiýäniň Beýik Milli Mejlisi gurap, oňa türki döwletlerden bir deputat (senator) bilen bir dilçi alymy myhmançylyga çagyrypdyr. Türkmenistandan bu dabara Mejlisimiziň ylym, bilim we medeniýet baradaky komitetiniň başlygy professor Garly Mälikgulyýew ikimiz gatnaşdyk.

...Biz baýramçylykdan birnäçe gün öň, 9-njy maýda Türkiýä uçduk. Stambulda 4-5 sagat saklanýandygymyz üçin, uçar meýdanynda bizi garşylan köne tanşymyz, Türkmenistanyň Stambuldaky konsuly Nurberdi Amanmyradow şäheriň käbir gözel ýerlerini, şol sanda deňziň kenarynda Saparmyrat Türkmenbaşy tarapyndan ýakynda düýbi tutulan Türkmenistan seýilbagyny aýlap görkezdi, soňra bizi Ankara ugratdy.

Gijäniň ýarynda gelenligimize seretmezden, Ankarada bizi TBMM-niň wekilleri, şeýle-de Türkmenistanyň Türkiýedäki ilçihanasynyň işgärleri Annaguly Nurmämmedow we meniň bir wagtky aspirantym Saparmyrat Garataýew dagylar garşyladylar.

Baýramçylyk dabaralary 12-nji maýda Ankarada Atatürküň mawzoleýine gül goýmakdan we onuň ýadygärligini hormatlamakdan başlandy. Soňra myhmanlar uzyn hatar bolup, Ankaradan Garamana ugradylar. Ankara-Garaman aralygy 363 km. Sagdaky pessejik Gara dagyň etegini syryp gidýän garaýol bilen barşyňa özüňi Köpetdagyň etegindäki baýyrlyklardan barýan ýaly duýýarsyň. Bir wagtlarda Türkiýä göçen ata-babalarymyzyň edil ata Watanlaryndaky ýaly tebigaty saýlaýyşlaryny diýsene! Ekin meýdanlarynyň ýokary derejede bejerilişine gözüň gidýär. Dag eteklerinde düme arpa, bugdaý ekilen atyzlar ýaşyl öwüsýär. Suw pürküjiler bilen

suwarylýan atyzlar hem ýygy-ýygydan duş gelýär. Garamana golaýlaşdygyňça, garaýoluň gyralarynda dumly-duşa uzalyp gidýän aýakly ýaplar (aýagyň üstündäki beton ternawlar) has gürelýär. Joýajyklar arkaly suwarylýan baglaryň bejerilişi bu ýerdäki daýhanlaryň ökde bagbanlardygyndan habar berýär. Ýöne ýerden Anadoly Türkiýäniň galla ammary we gök önüm hem-de miwe mekany hasaplanmaýan eken. Köke, süýji, biskwit, tüwi, däne, un önümlerini, şeýle-de arpadan piwo gaýnadyp,ony gutujyklara gaplaýan zawod-fabrikler bu iliň obalarynda-da näçe diýseň bar. Olaryň önümleriniň belli bir bölegi Türkmenistanada iberilýär. Ynha-da türk diliniň paýtagty hasaplanýan Garaman şäheri.Şäheriň eteginde bizi bu iliň walisi (häkimi) Haky Teke, şäher häkimi (belediýe başkany) Ýaşar Ewjen we beýleki resmi adamlar, generallar, jemgyýetçilik wekilleri garşyladylar.

Bu ile we onuň merkezi şäherine şöz adyny geçiren garaman diýen türkmen urugynyň bu etrpada ýaşaýanlaryň köpçüligini emele getirýänligi üçin, garamanlaryň geçmiş taryhyna ser salalyň.

XIII asyryň başlarynda Çingiz hanyň ordalary Türkmenistany paýhynlansoň bu ýerdäki türkmenler dumly-duşa dargaýar. Häzirki Sarahs etrabynda ýaşaýan garamanlardan bölünip, Eýranyň üsti bilen Anadola aralaşan garamanlaryň uly bölegi (ýarym million çemesi il) Nury sopy Sädeddiniň baştutanlygynda Anadoluda ýurt tutunýar we 1256-njy ýylda Garaman ogullary begligi diýen öz döwletini (begligini) döredýär. Bu döwlet 230 ýyllap, tä 1487-nji ýylda Osmanly döwletine birikdirilýänçä dowam edýär we gülläp ösýär. Ol gadymy Larende şäherini paýtagt tutunýar, oňa-da soňra Garaman diýip at berýärler.

1261-nji ýylda Nury sopynyň ogly Mähmet beg beglige baştutan bolýar. Şol döwürlerde seljukly begliklerinde we soltanlyklarynda resmi dil hökmünde halka düşnüksiz arap we pars dilleri rowaç eken. Mähmet beg bu däbi bozup, 1277-nji ýylyň 13-nji maýynda şeýle perman çykarýar: “Şimdengeri (şindiden geri, ýagny mundan beýläk) hiç kimesne (kimse) gapyda, diwanda, mejlisde, seýranda türkmen dilinden özge (dilde) söz sözlemesinler”. Mähmet begiň bu permany häzirki

türk diline geçirilip, “Bu günden soňra ähli ýerde: diwanda, dergähde, bargahda, mejlisde, meýdanda týrk dilinden özge dil ulanyljak däldir” görnüşinde Garaman şäheriniň ähli parklarynda we gelim-gidimli ýerlerinde ýazylyp goýlupdyr. Türkiýede şol permanyň çykan güni—1277-nji ýylyň 12-nji maýy türk-türkmen diliniň resmi dil diýlip yglan edilen güni hasaplanylýar we 1960-njy ýyldan bäri bu sene milli baýram hökmünde bellenip geçilýär. Garamanlylar bolsa uly buýsanç bilen öz şäherini şu diliň başkenti (paýtagty) hasaplaýarlar. Şäherde Türkmen (Türk ) dili parky, Mähmet beg parky ýaly gözel seýilgähler bolup, olaryň görnükli ýerlerinde türk dili babatda aýdylan ajaýyp şygarlar daşlaryň ýüzüne ýazylyp goýlupdyr. Olaryň käbirlerini ýatlap geçeýin:

M.K. Atatürk: “Türk dili iň baý dillerden bolup, ol aňly-düşünjeli işlenilmelidir. Ülkesini we garaşsyzlygyny goramany başaran türk milleti dilini-de çet dilleriň boýuntyrygyndan gutarmalydyr”.

Atatürk: “Türk diliniň mertebesini belende göterip, ony öz aslyndaky gözelligine we baýlygyna gowşurmak üçin bütin döwlet gurluşymyzyň gündelik aladasy hem-de özüni jogapkär saýmagy zerur”.

Ýahýa Kemal Baýatly: “Türk dili agzymda enemiň süýdüdir”.

F.Hüsni Daglarça: “Türk dilim – ses baýdagym meniň”.

Fridrih Şiller: “ Dil ulusyň aýnasydyr. Ol aýna bakdygyň zaman öz hakyky şekiliňe gözüň düşer”.

Bernard Şou: “Ene dilini suwytly bilmeýän adam başga dili gowy öwrenmäge-de ukyply däldir”.

Oktaý Akbal: “Türk ulusyna hormat türk dilini söýmekden başlanýar”.

O.Hanjarlyogly: “Dilini unudan millet öz milletligini-de ýitirer”.

Haky Teke: “Milli bitewiligimiziň gözbaşy dildir. Eger ata-babalar we nebereler biri-biriniň diline düşünmeseler, olaryň arasynda medeni we ruhy garpyşma orta çykar”.

Garamanlaryň uly bölegi Türkiýä göçen hem bolsa,

olaryň käbir toparlary ata Watanda galypdyr. Häzirki Sarahs etrabyndaky 1-nji we 2-nji Garaman obalarynyň ilaty şol gadymy garamanlaryň neberelerididir. Garamanlaryň ýene bir bölegi Samarkantyň ýakynyndaky Nurata we Goşrabat etraplarynda duş gelýär. Bu ýerden olaryň bir bölegi 1370-nji ýyllar çemesinde Hytaýa göçüp, Pekiniň 50 kilometrliginde, Ýanszy derýasynyň boýunda ýurt tutunýarlar. Salar türkmenleri diýip at alan bu il Akman we Garaman diýen iki uly taýpa bölünýär. Bellemeli ýeri, bu ilde Garamanyň we Akmanyň jaýlanan hanakalary hem mukaddes ýere öwrülipdir.

Garaman şäherindäki dil baýramçylygy Mähmet begiň parkynda bu begiň öz permanyny ile yglan edip durşuny suratlandyrýan äpet heýkeline gül goýmakdan we kiçijik mitingden başlandy. Soňra baýramçylyga gelen myhmanlar we şäherliler Dil parkynyň içi bilen geçip, Ýunus Emräniň jaýlanan hanakasyna zyýarat etdiler, metjitde onuň hatyrasyna aýat okaldy. Ýunus Emre parkyny we onuň görnükli ýerinde şahyra dikilen ajaýyp heýkeli hem synladyk. Ýunusyň ile ýüzlenip goşgy okap duran şekiliniň aşagynda mermer daşyň ýüzüne onuň şu meşhur bendi köwlüp ýazylypdyr:

*Geliň, tanyş bolalyň,*
*Işi aňsat kylalyň.*
*Söýeliň, söýüleliň,*
*Dünýä kimseýe galmaz.*

Soňra Dil baýramçylygyna bagyşlanan şagalaň geçjek şaýoluna tarap pyýada ýöriş başlandy. Myhmanlar üsti mata örtülen tribunalarda ýerleşensoň, şaýolda bir wagtky 1-nji Maý demonstrasiýasyny ýada salýan şagalaňly ýöriş başlandy. Tribunanyň öňünden okuwçylar, talyplar, şäher zähmetkeşleri öz ukyplaryny görkezip geçdiler. Okuwçy gyzlaryň ýerine ýtiren ençeme tanslary, ylaýta-da “Kaşyk tansy” hut biziň folklor ansambllarymyzyň çykyşy ýaly. Derwüşler, galandarlar, Osmanly esgerler tribunanyň öňünden geçip, öz orunlaryny şäher zähmetkeşlerine berýär.

Dil baýramçylygynyň yzy uly ylmy konferensiýa ýazdy. Onda Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Azerbaýjandan, Gagauziýadan, Rumyniýadan, Germaniýadan, Ýaponiýadan, Horwatiýadan, Ýugoslawiýadan, Kiprden, Gresiýadan jemi 21 ýurtdan gelen dilçi alymlaryň türki dilleriň dürli meselelerine bagyşlanan ylym çykyşlary boldy. “Türkmen onomastikasynda gadymy saklaradn galan yzlar” diýen temada meniň eden çykyşym hem alymlaryň arasynda uly gyzyklanma döretdi.

## GIDER BOLSAŇ, ÝOLLAR ÝAKYN EÝRANA

Ýakyn goňşymyz we serhetdeşimiz Eýran bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklar taryh döräli bäri dowam edýär. Bu baryş-gelişler dürli döwürlerde dürlüçe öwüşgin alypdyr, köplenç dostlukly, birek-birege mähirli we ýygy bolupdyr.

Köpetdagyň güneýinde we guzaýynda ýaşaýan halklaryň ykballary aglaba kybapdaşdyr, geçmiş taryhlary hem biri-birinden aýrylmazdyr. Hut şonuň üçinem bu gadymy goňşy halklar iňňän irki döwürlerde-de ýakyn gatnaşykda ekenler. Häzirki uçarlaryň we awtomobilleriň sanlyja sagatda alýan ýoluny hepdeläp, aýlap, uzak ýoly ýakyn edip gatnaşypdyrlar.

*Gider bolsaň, ýol uzakdyr,*
*Eýran, Turan, Hindistana.*

Ynha, beýik Magtymgulynyň “Bu dahana” diýen goşgusyndan alnan setirler. Olarda Eýran ýoly gaty uzak diýlip görkezilipdir, emma biziň ajaýyp döwrümizde, ata Watanymyzyň öz Garaşsyzlygyny almagy we ilkinji Prezidentimiz S.A.Nyýazowyň goňşy ýurtlar bilen doganlyk-dostluk gatnaşyklaryna ak pata bermegi netijesinde şol hupbatly we uzak ýol ýakyna öwrüldi duruberdi, tutuş sowet eýýamynda Türkmenistan bilen Eýranyň serhedine Hytaý diwary çekilen bolsa, Garaşsyzlygymyzyň sanlyja ýylynda şol berk diwar böwsülip, Güdürolumdan, Baçgyrandan we Gowşutdan

Eýrana geçer ýaly awtomobil ýollary, Sarahs – Maşat demir ýoly, Aşgabat – Tähran howa ýoly ýaly gatnawly we dostlukly ýollar açyldy. Şonuň üçinem biz Magtymguly şahyryň ýatlanan setirlerini “Gider bolsaň, ýollar ýakyn Eýrana” görnüşinde biraz üýtgedip, şu bölüme sözbaşy edip aldyk.

Dogrudan-da häzirki döwürde günortadaky uly goňşymyz bolan Eýran döwleti Garaşsyz we Bitarap diýarymyzyň ilaty üçin iň gelim-gidimli ýurda öwrüldi, Eýranyň Türkmensährasynda we Ahalda hem-de Balkanda ýaşaýan ýüzlerçe türkmen maşgalalary 70-80 ýyldan soň biri-birleri bilen duşuşyp, garyndaşlyk gatnaşygyny täzeden ýola goýdular. Iki döwletiň arasynda alymlaryň, döredijilik adamlarynyň, işewür toparlaryň birek-biregiňkä gelim-gidimi has ýygylaşdy. Magtymguly günlerinde ildeşlerimiz uly toparynyň şahyryň we onuň atasy Azadynyň Aktokaýdaky guburyna zyýarata gitmegi, ymam Homeýniniň günlerinde bolsa Tähranda onuň ýas dabaralaryna gatnaşmagy indi däbe öwrülip gitdi.

Ynha, 1997-nji ýylyň iýyn aýynyň başynda Türkmenistanyň dürli welaýatlarynyň, etraplarynyň we şäherleriniň wekillerinden: alymlardan, ruhanylardan, mugallymlardyr wraçlardan, işçi-daýhanlardan düzülen uly topar (jemi 150 çemesi adam) bolup, Homeýniniň aradan çykan gününiň 8 ýyllygy mynasybetli Eýranda geçirilýän ýas dabaralaryna gatnaşmak üçin Tähran şäherine ugradyk. Aşgabatdan Baçgiran geçelgesine gelip, bize garaşyp duran 5 eýran awtobusyna ýerleşdik we Köpetdagyň güzaýyny syryp, günorta tarap ugradyk. Belentli-pesli dag ýoly bilen bizdäki Nohur, Könekesir ýaly dag obalaryna çalymdaş Dürbadam, Ymamguly, Hajy Nasyr ýaly birnäçe obanyň üstünden geçdik. Olardaky pagsa jaýlar biziň obalardaky elli-altmyş ýyl öňki jaýlary ýada salýar. Ýoluň ugurlarynda ekmäge ýaramly ýerler ekilipdir. Obalarda kökerilip saglyp duran goýun sürülerine-de köp duş geldik.

Günortanlyk az salym Goçantda düşlänimizden soň, Tährana gidýän uly asfalt bilen ýola rowana bolduk. Faruž, Şirwan, Büjnürt, Aşhana, Dinudeşt, Alyabat şäherleriniň üstünden geçip, Türkmensähra aýak basdyk. Haýp ýeri,

Türkmensähra gelýänçäk, mazaly garaňky düşdi, şonuň üçinem biz eýranly arkadaşlarymyzyň watanyny gowy synlap bilmedik, ýöne ýol ugurlarynda naharlanmak, namaz okamak ýa-da aýak ýazmak üçin saklanan şäherlerimiziň ählisinde türkmenlere duş geldik. Gürgene gijäniň ýarynda gelenligimize seretmezden, bu şäherde üç-dört sany türkmen ahuny bize garaşyp duran eken.

Gürgende iki sagat dynç alyp, ýene ýola rowana bolduk. Çuň gorplaryň we kert gaýalaryň depesinden aýlaw-aýlaw edip geçirilen dag ýollaryny külterläp, ertir ir bilen Tährana girdik.

Homeýniniň ýas dabaralarynyň geçjek gününden esli öň gelenimiz üçin, biziň toparymyzy her gün şäheriň gözel ýerlerine gezelenje äkitdiler. Ilki bilen on million ilatly Tähranda täze gurlup ýörlen metropoliteni synladyk. Moskwanyň, Peterburgyň, Daşkentiň, Bakuwyň metrolarynda köp gatnanym üçin, bu desga meni onçakly gyzyklandyrmaýardy. Emma weli 40-50 metr ýeriň aşagynda metro guryanlaryň hupbatly zähmetini synlanymdan soň, bu gurluşygyň juda güzaplydygyna we örän gymmat düşýänligine gözüm ýetdi. Daşary ýurtly firmalaryň gatnaşmagynda birinji ýoluň diňe bäş kilometrlik bölegi indi rels düşelmäge taýýarlanypdyr, häzir onuň duralgalarynda bezemek, inelge-çykalgalary tehniki taýdan sazlaşdyrmak ýaly işler alnyp barylýar. Biz rels düşeljek tümeýler (tünneller) bilen bu bäş kilometrlik ýoly awtobuslarda eýläk-beýläk geçibem gördük. Metro gurujylar Tähran metropolitenini ilkinji açanlaryň, awtobuslarda-da bolsa, bu ýoly ilkinji geçenleriň türkmenler bolanlygyny aýdyp, bizi gutladylar.

Ymam Homeýniniň Eýranyň baştutany bolan 8 ýylynda ýaşan, işlän, ahyrynda-da aradan çykan ýönekeýje jaýyna baryp, bu beýik ynsanyň durmuş ýoly, ýaşaýyş obrazy bilen tanyşdyk. Homeýni örän ýönekeý, salyhatly, mylakatly adam bolupdyr. Onuň çaý-suwuna seretmek üçin ýörite goýlan adamyň gürrüň berşiçe, Homeýni hyzmatkärlerine azar bermezlige çalşypdyr, gaýtam özi çaý gaýnadyp, hyzmatkäre hyzmat eden gezeklerem kän bolupdyr. Homeýni bu ýaşan jaýyny bezamäge hiç kime rugsat bermändir, iliňkiden üýtgeşik öý goşlaryny hem edinmändir. Ol işlände-de halynyň üstünde oturyp işläpdir.

Soňra syn eden Ryza Pehlewiniň we Ahmet şanyň Gökköşk atly kaşaň köşkleri, Homeýniniň jaýynyň tersine, aşa bezemenligi, göreni aňk edýänligi, altyn, kümüş, zümerret ýaly gymmatbaha metallaryň we daşlaryň gözüňi gamyşdyrýanlygy bilen tapawutlanýar. Staliniň, Çerçilliň we Ruzweltiň gatnaşmagynda 1943-nji ýylda meşhur Tähran konferensiýasy hem şu jaýda geçipdir.

Bizi Tährandan 150 kilometr günortada ýerleşýän we Eýranda yslam ynkylabynyň sallançagy hasaplanýan Kum şäherine-de äkitdiler. Bu şäher Azym metjidi ýaly örän bezemen we uly metjitleri, köp sanly dini okuw jaýlary, ymam Ryzanyň dogany Fatmaýy Mäsuma hanymyň kaşaň hanakasy ýaly zyýaratgähleri, şeýle-de bu şäherden çykan abraýly dini hadymlary bilen meşhurdyr. Daşary ýurtlara gitmezinden öňinçä, ymam Homeýni şu şäherde sekiz ýyllap ýaşapdyr. Biz onuň töwerekdäki jaýlardan asla tapawutlanmaýan 5—6 otagly ýeke gat öý-muzeýine-de baryp gördük.

Dünýäniň 43 ýurdundan ýas dabaralaryna gatnaşmaga gelenler Homeýniniň agtygy Hasan bilen hem duşuşdylar.

4-nji iýunda ertir ir bilen biz Homeýniniň jaýlanan ýerine— Tährandan 15—20 km uzaklykdaky uly metjide gitdik. Metjidiň öňündäki uly ýol ýas ýörişiniň geçýän ýerine öwrülipdir. Onlarça, belki-de, ýüzlerçe müň gara eşikli erkekler we ýüz-gözünden başga ähli endamy ýere süýrenip barýan gara ýapynja bilen örtülen aýallar topar-topar hatara düzülip, bu ýoldan geçip gidýärler. Erkekleriň käbir toparlary sag elindäki seçekli gamçy ýaly zynjyrlary bilen marş sazyna goşup, çep we sag eginleriniň üstünden aşyryp, öz arkalaryny saýgylap barýarlar.

20—30 müň adma ýygnanan metjitde, Homeýniniň jaýlanan ýerinde geçen ýas mitinginde Homeneýi ýykyp gepledi. Ol bu ýas dabaralaryna gatnaşýan ýet ýurtly musulmanlary gyzgyn gutlady.

Şu ýerde aýallaryň eşikleri barada käbir zatlary belläp geçeýin.

Baçgiran geçelgesinde Eýran awtobuslarynda bize paýlanan orusça bukletde ýazylyşyna görä, aýallar bu ýurtda

hajab (ejap, ýagny ýüzünden başga ähli ýerini örtüo gezmek) düzügünini berjaý etmeli. Türkmen aýal-gyzlarynyň eşikleri bu düzgüne dogry gelýän eken, ýöne aýal-gyzlar başyna ýaglyk atyp, ýüzünden özge endamyny ýapmaly (bu babatda bukletde ýörite aýdylýar).

Eýranda aýal-gyzlaryň okaýan, tomaşa jaýlarynda, ýygnaklarda, hatda awtobuslarda oturýan ýerleri hem erkekleriňkiden aýratyn, arasy germewli. Biziň synlan aýal-gyzlarymyz, hatda kiçi okuwçy gyzlaram diňe gara reňkli örtgi ýapynýarlar.

Tähranda bolan günlerimz biz Kurany labyz bilen okaýan meşhur karylar bilen hem duşuşdyk. Siriýada, Liwanda we Eýranda geçirilen karyçylyk konkurslarynda birinji orny eýelän Hajy Abylkasym tutuş Kurany ýatdan bilýär. Ony synlamak üçin, zalda oturanlar Kuranyň islendk süresinden bir sözlem okap, onuň haýsy aýata we sürä degişlidigini soradylar. Abulkasym ol soraglara dessine jogap berdi.

Eýran radiosynyň karylary Seýit Abbas Anjam, Behruz Ýargül, Hemit hem-de Mejit Şerafetmenler we Haýdar Jawdam dagynyň Kuran okaýyşlary has-da täsirli boldy. Olaryň hor bolup, örän ýakymly ses bilen, onda-da bri pes, beýlekisi belent owaz bilen okaýan aýatlary diňleýjileriň kalbyny heýjana salýar. Bu karylar Kurany labyzly okamaklygy sungat derejesine ýetiripdirler.

4 gün Tähranda bolup, Semnan, Damgan, Sebzewar we Nişapuryň üsti bilen Maşada düzlükden gidýän başga ýol bilen yza dolandyk. Ýol boýy idegi ýeten, düýbünde ýeke düýp haşal ot gögermedik baglary synladyk.

Ynha-da Nişapur şäheri. “Göroglyny” okan her bir adam bu şäheriň adyny bilýär. Gyraty ogurlan Hyrsbibi ýa-da Şahmamaýy—Zulman diýen kempir we onuň äri Leňňer baba şu şäherden edilip görkezilýär. Bular eposda erbet adamlat hökmünde getirilipdir. Sasany şasy Şapur tarapyndan düýbi tutulan Nişapur şäheri ol tipler bilen däl-de, görnükli matematik, filosof, astronom, tebip we rubagyçy, ömrüniň esli bölegini Maryda geçiren şahyr Omar Haýýam (1048—1122),

Eýranyň iň atly sopy şahyry Şyh Attar Weli (12 asyr) ýaly äpet şahslary dünýä berenligi bilen meşhurdyr. Biz şäheriň 5—6 kilometr eteginde bu şahyrlaryň mazarlaryna zyýarat edip, aýat okadyk. Olaryň hanakalary sünnälenip bejerilen serhowuzly baglaryň içinde ýerleşip, şygyr muşdaklarynyň iň gelim-gidimli mesgenine öwrülipdir. Baglarynda olaryň gowy muzeýleri hem bar. Şyh Attaryň amzarynyň üstüne Alişer Nowaýy gowy hanaka saldyrypdyr.

Häzir Maşat bilen birleşip giden gadymy Tus şäherinde başga bir beýik şahsyň—pars edebiýatynyň iň görnükli wekili Abulkasym Firdöwsiniň (929—1025) mary we muzeýi ýerleşýär. Şahyryň meşhur "Şahamasyndan" alnan sahnalar daşyň ýüzüne oýulyp çekilipdir we olar diwara berkidilip, ýüzüne aýna tutulypdyr. Firdöwsiniň daşyň üstünde oturan pursatyny şekillendirýän ajaýyp mermer heýkeli bolsa muzeýiň ýanyndaky serhowuzda oturdylypdyr.

Beýik Magtymguly özüniň "San bolsam" goşgusynda:

*Abu Seýit, Omar Haýýam, Hemedany,*
*Firdöwsi, Nyzamy, Hafyz Perwany,*
*Jelaleddin Rumy, Jamy Elwany,*
*Olaryň jaýynda menem kän bolsam —*

diýip arzuw eden şahsyýetleriniň mazar-muzeýlerine zyýarat edilensoň, käbir göwünýüwürtmeler kalbyňy gaplap alýar: beýik şahsyýetleriň mertebesini belent tutmany Eýrandan öwrenäýmeli. Ýokarda atlary tutulan şahyrlaryň mazaar-muzeýlerini görmäge göz gerek. Olar giň meýdany tutup ýatan lälezarlaryň, seýilgähleriň jümmüşinde ýerleşýärler. Bu ajaýyp ýadygärliklere ikitaraplaýyn şaýol çekilip, ýakynynda awtoduralgalar edilipdir. Zyýaratgähdäki şahsyýetiň eserleriniň we dürli sowgatlyklaryň hem-de nyşanlaryň satuwy gowy ýola goýlupdyr. Bu ýerde günin dynç almaga gelýänleriňem sany köp.

Biziň ahyrky düşlän şaherimiz Maşat boldy. Bu şäheriň Maşhat diýen arapça ady "şehit edilen" diýen manydadyr, çünki

yslamyň şaýy mezhebine uýýanlaryň ynanjyna görä, gadymy Tus şäheriniň şu böleginde sekizinji ymam Rza (18 asyr) şehit edilipdir. Maşatda onuň gabrynyň üstünde gurlan äpet binanyň gümmezi gyzyl (altyn) bilen örtülip, ol uzaklardan gyzaryp, owurdap görünýänligi üçin, oňa türkmenler Gyzylymam diýýärler. Beýik Magtymguly hem bu ymamy uly pir saýyp, mukaddes şahsyýet hökmünde hormatlapdyr:

*Hajy Bekdaş, Abdylkadyr,*
*Hoja Ahmet, ymam Rzadyr,*
*Feridun bir öwlüýädir,*
*Baryndan medet islärin (“At islärin”)*

ýa-da:

*Ymam Ryza, şah-u pirler,*
*Niçe gözel jan içinde (“Seýran içinde”)*

Biz ymam Ryzanyň mazaryna zyýarat edip, aýat okadyk. Onuň hanakasynyň içi we daşynyň bezelişini teswirlemäge söz azlyk edýär. Ymam Ryzanyň, şeýle-de onuň aýal dogany Mäsumanyň Kumdaky mazarynyň töwereginde jemlenen märekäni hem söz bilen beýan etmek gaty kyn. Bu ýerde dürli ýurtlardan gelen we dürli dillerde gepleşýän musulmanlara-da, Eýranyň dürlo künjeklerinden gelip, namaz okap oturan dindarlara-da, özüni urup—ýaryp, käýerini ganjardyp, uky sesi bilen aglaýan fanatiklere-de, ýüzlerçe maýyp-müjtüplere-de, bu zatlara peýwagtyna synlap ýören turistlere-de näçe diýseň duşmak bolýar.

Gyzylymama zyýaratyň ertesi biz Maşatdan Goçanda, ondan hem öňki ýolumyz bilen Baçgirana gelip, Eýranda bir hepdeläp ýanymyzda bolan we bu ýurduň gözel hem-de mukaddes ýerlerini gezdiren ýurt eýelerine uly minnetdarlyk bildirip hoşlaşdyk.

Hoş gal, dostlukly Eýran ülkesi! Seniň bilen meniň Watanymyň baryş-geliş gapysy goý, elmydam açyk hem

hoşnieýtli bolsun!

* * *

Gatnaşan ylmy konferensiýalrymda we dürli ýygnanyşyklarda öňki soýuzda, şeýle-de tutuş ýer ýüzünde tanalýan meşhur alymlaryň, ýazyjylaryň hem-de jemgyýetçilik işgärleriniň birnäçesi bilen duşuşmak, käbirleri bilen bolsa ýakyndan tanyşmak miýesser etdi. Şolaryň käbirisi barada gürrüň bereýin.

## E.M. MURZAÝEW

1908-nji ýylyň 1-nji iýunynda doglup, häzir Moskwada ýaşaýan Eduard Makarowiç Murzaýew barada öňde ýatladym. Öňki Soýuzyň dürli şäherlerinde toponimika bagyşlanyp geçirilýän konferensiýalaryň köpüsinde onuň bilen duşuşmak miýesser etdi. Germaniýa, Mongoliýa, Wýetnam, Hytaý akademiýalarynyň hormatly akademigi, SSSR Döwlet baýragynyň laureaty, Orsyýetiň, Ermenistanyň we beýleki käbir respublikalarynyň ylymda at gazanan işgäri, geografiýa ylymlarynyň doktory, professor ýaly abraýly ylmy derejeleriň we hormatly atlaryň birgideniniň eýesidigine seretmezden, bu uly alym sadadan gaty ýönekeý bolup, ol uly bilen uly, kiçi bilenem kiçi ýaly gürleşmegi başarýar. Murzaýew we onuň aýaly Walentina Grigorýwna meniň türkmenligimi bilip, iki-üç ýola Moskwada öýlerine-de  çagyrdylar. Murzaýew her gezek maňa: “Türkmenleriň duzuny köp iýdim. Olaryň dogruçyllygy, gözsüz batyrlygy we myhmanparazlylygy üçin gowy görýärin. Şonuň üçinem seni çagyrdyk” diýýärdi.

Dogrudan-da, E.M. Murzaýew baryp 1928—1939-njy ýyllarda ençeme aýlap Garagumda bolup, onda ylmy barlaglar geçiripdi. Soňky ýyllarda hem ol Garabogaz sebitlerindäki barlaglara gatnaşypdy. By saparlar alymyň syýahatnamalarynda we ylmy işlerinde öz teswirini tapan bolsa, türkmen geografik terminleri baradaky ylmy makalasy baryp 1939-njy ýylda

Moskwada çap edilipdi. Toponimika bagyşlanan ylmy işlerinde bu uly alymyň maslahatlaryndan we ylmy işlerinden köp peýdalandym.

E. M. Murzaýew 1969-njy ýylyň gyşynda maşgalasy bilen Aşgabada hem geldi. Ol döwürde çagalarym bilen Kemine köçesiniň ugrundaky aspirantlar öýüniň 2-nji gatynda bir otagda ýaşaýardym. Men Murzaýewi we Walentina Grigorýewnany öýe myhmançylyga çagyrdym. Ertesi agşam sagat alta gelmäge razy etdim. Bazardan gerekli zatlary, goňşulardan hem stol-stul getirip, sagat alta goňşy aýal-gyzlaryň kömegi bilen dürli-dümen nahar taýýarlamagy tabşyrdymda, özüm Murzaýewleriň bolýan "Türkmenistan" myhmanhanasyna gitdim. Maşynly ýoldaşymy çagyryp, Murzaýewleri Aşgabadyň gözel ýerleri, ýadygärlikleri bilen tanyşdyrdym.

Sagat alta ýakynlanda myhmanhana geldik. Ýoldaşym maşynyny öýünde goýmaga gitdi. Biz myhmanhanadan çykyp, Bitarap Türkmenistan (öňki Gogol) köçesi bilen aspirantlar öýüne tarap ýöräp ugradyk. Bolýan jaýyma ýakyn geldigem weli, öz ýaşaýan otagymyň balkonyndan asmana göterilýän goýy tüssäni görüp, birhili boldum. Daşyndanam:

— Be, biziň otagymyzda ýangyn bolupdyr öýdýärin— diýdim. Murzaýew balkondan eňýän suwy we aňzak howada al-asmana göterilýän goýy tüssäni synlap durşuna jogap berdi:

— Ýok, ýaş ýigit, ol tüsse däl, bug. Howa sowuk bolany üçin, gyzgyn suwuň basyşyny köpeldendirler. Netijede seniň batareýaň ýarylypdyr, tiz git-de, awariýa gullugyny çagyr. Biz öz günümizi göreris.

Ylgap ýokary çykdym. Dogrudan-da batareýanyň 2—3 ýerindäki deşikden batly atylýan gyzgyn suw diwara we potologa degip aşak gaýdýar. Otagyň içi buguň derdinden zordan saýgardýar. Batja ýorgan-ýassyklarymyzy ezrilmänkä alyp, goňşularyňka eltipdirler. Çagalar hem şolarda.

Awariýa gullugyndan ussalar gelip, gyzgyn suwy ýapdylar. Ýarym sagatdan suwuň akmasy kesilse-de, bu yzgarly otagda biz bir hepdeläp ýaşap bilmedik.

Şeýle äpet myhmanlary ýörite çagyrybam olara saçak

başynda hezzet-hormat edip bilmändigime bir hili bolup, usslar işini gutaran dessine myhmanhana eňdim. Murzaýewler ýaňy gezelenç edip gelen ekenler. Olary agşamlygy restoranda bile edinmäge zordan razy etdim. Murzaýewiň teklibi bilen her kim iýjek-içjek zadyny özi sargamaly edildi. Nahar başynda Murzaýewiň aýalyna ýüzlendim:

— Walentina Grigorýewna, men sizi öýümde oturtmak, çagalarym bilen tanyşdyrmak isläpdim. Ýöne bu gezek ol niýetim başa barmady. Bagyşlaweriň.

— Aýdýanyňyz nä,me? Batareýany siz urup ýaraňzok ahyry. Beýle zat her kimiň öýünde-de bolup biler. Onuň üçin asla ökünmäň. Çagalaryňyz bilen ýene bir gelenimizde duşuşarys.

Onýança Murzaýew gürrüňe goşuldy:

— Näçe çagaň bar?

— Dört.

Är-aýalyň ikisi-de “O-ho!” diýip, bri-biriniň ýüzüne seredişdiler. Dogrudan-da, moskwalylar üçin dört çaga ummasyz köpdi. Murzaýew ýene sorady:

— Sen kiçi ylmy işgär, şeýle dälmi? Aýlygyň näçe?

— 112,5 manat.

— Alty baş maşgala üçin 112 manat gaty az. Aýda her kime ýigrimi manadam düşmeýär. — Murzaýew uludan demini aldy. Maňa ýüzlenibem: — Munça çagany eklemek üçin bilen ylmy işi utgaşdyrmak saňa kyn düşäýmese—diýdi. Nahardan bolşulany üçin, ol hyzmatçy gelni ýanyna çagyrdy. Hyzmatçy hasaplaşyk kagyzyny öňümde goýandan men oňa puluny berdim. Emma Murzaýew hyzmatça ýüzlendi:

— Alan puluňyzy yzyna beriň. Bilýäňizmi näme, bu ýigidiň dört çagasy bar. Alýany hem 112 manat. Walentina Grigorýewna ikimiz bir ýarym müň manat alýarys. Şonça pul alyp, dört çaganyň hakyny iýip bilmeris. Puly menden alarsyňyz.

Men kes-kelläm garşy çykdym. Hyzmatçam näderini bilmän ýylgyryp dur. Murzaýew onuň elinden meniň beren pulumy aldy-da, jübime dykdy:

— Sizde bir gowy däp bar: ýaşulular bir zat diýse, kiçiler söz gaýtarman boýun bolýarlar. Menem ýaşuly. Puly men

tölemeli. Gürrüň tamam.

...Ynha, bu uly alymy öýümde myhman alşym şeýle gutardy. E.M.Murzaýew bilen soňra nirede duşsagam, ol meniň çagalarym barada soraýardy. Uly oglum Agamyrat Lomonosow adyndaky uniwersitetde okanda, men ondan Murzaýewlere gawun, şetdaly ýaly ir-iýmişler iberip durdum we çagalardan diňe şony tanyşdyryp bildim.

E.M.Murzaýew kandidatlyk we doktorlyk dissertasiýalarymy goranymda, meniň işimi goldap, alymlar geňeşimiziň adyna gowy hatlar iberdi, özüniň toponimika degişli käbir işlerinde-de men barada öwgüli sözler ýazdy we meni türkmen toponimikasynyň düýbüni tutan diýip atlandyrdy.

## K.K.Ýudahin

Özi orus bolsa-da, görnükli gyrgyz dilçisi, gyrgyz diliniň düşündirişli sözlügini, gyrgyzça-orusça we orusça-gyrgyzça sözlükleri aglaba ýeke özi düzüp, uly kollektiwiň işini ýerine ýetiren, şu ägirt işler üçin hem öňki Soýuzda türki dilçileriň arasyndan ilkinji bolup Lenin baýragyna mynasyp bolan Konstantin Kuzmiç Ýudahin (1890-1975) türkologiýa ylmynda ölmez-ýitmez yz galdyran alymdyr. Biz bu alym bilen Daşkentde duşuşdyk.

1971-nji ýylyň iýunynda türki dilleriň şiweleriniň öwrenilişi boýunça regional maslahat Daşkentde geçdi. Muňa Aşgabatdan üç şiweşynas bolup gatnaşdyk (Ata Annanurow, Göwher Saparowa we men). Onuň jemleýji maslahatyna bir söý bilen Bişkekden Daşkente gelen K.K.Ýudahini hem getirdiler. Geplejek däl diýse-de, başlyk ondan geplemegi haýyş etdi.

Ýudahin syrkaw halda eken, zordan ýöreýär, zordan hem dem alýar. Eger geplemeli bolsa, onda oňa howa gelip duran ýerde oturgyç goýmaklaryny sorady, özi-de oturyp gürledi:

— Gyrgyzlarda bir nakyl bar: “Bir tümen berip başladybilmersiň, müň tümen beribem goýdurybilmersiň”. Türkmenlerem “Garry oýnasa, gaý turar” diýýärler. Menem 90-yň onundan giren adam. Indi başlamagym kyn. Agzym gyzyp,

ýürege düşübersem duýdurаýyň – diýip ol ýuwaşjadan gürrüňe başlady. – Şu asyryň başlarynda instituty gutaranymda, meni Orta Asyýa işe iberdiler. Deň-duşlarym muny eşidip: “Öňem Orta Asyýada üç sany türkolog işleýär (göwnüme bolmasa, ol W.W.Radlowyň, N.P.Ostroumowyň we A.N.Samoýlowiçiň atlaryny tutupdy öýdýärin. – S.A.) sen indi ol ýerde türkologiýadan iş tapmasaň gerek. Gidibem oturma” diýip maslahat beripdiler. Gulak asmadym, gaýtdym, çöregem tapdym.

Tutuş Orta Asyýa üçin üç türkologyň köp gürlen zamanyndan oba göçüpdir. Ynha, siziň maslahatyňyza ýüzdenem köp alym gatnaşýar.Emma bu maslahat türkologiýanyň, hatda türki dilleriň hem umumy meselelerine däl, eýsem onuň diňe bir şanajygyna – Orta Asyýa türki dillerinde şiweleriň öwrenilişine bagyşlanýar. Diýmek, bu regiondaky türkologik meseleler bilen meşgullanýanlaryň sany has köp bolmaly. Bu uzyn ömrümde şeýle uly özgerişlikleriň bolanlygyna çäksiz begenýärin.

Ýudahin uzak wagtlap dymdy, çalt-ýaltdan dem aldy, soňra bize üstünlikler arzuw edibem sözüni gutardy.

## Çingiz Aýtmatow

Dünýäde bu meşhur ýazyjyny kimler tanamaýar?! Aman Kekilowyň direktor döwründe Çingiz Aýtmatow institutymyza gelip, biziň bilen duşuşypdy. Magtymgulynyň 250 ýyllyk toýunda bu ýazyjyny ikinji gezek görüpdim we sözlerini diňläpdim.

1988-nji ýylyň sentýabrynda Orta Asyýanyň onomastikasy boýunça Bişkekde konferensiýa geçirildi. Muňa dilçi alym, uniwersitetiň dosenti Begmyrat Weýisow ikimiz gatnaşdyk.

Bizi Bişkekde köne dostum, edebiýatçy alym Geňeş Kyrbaşow öz maşynynda garşylady. Onuň bilen 1971-nji ýylda Bişkekde tanşypdym, Aşgabatda-da ol meniňkide myhman bolupdy.

Myhmanhanada ýerleşenimizden soň, Geňeş maňa ýüzlendi:

— Soltanşa, öňki geleniňde saňa paýtagtyň ähli gözel

ýerlerini görkezip bilmändim, dogduk obamy-da görmändiň. Ol wagt maşynym ýokdy, jaýymam kiçidi. Bu gezek men seni islän ýeriňe aýlap, ähli haýyşyňy bitirip biljek. Çekinme-de aýdyber.

— Minnetdar, Geňeş. Uly haýyşym ýok. Çingiziň eserlerini gowy görýärin. Başarsaň, şonuň bilen duşur. Bir kitaby ýanymda, oňa gol çekdireli we bile surata düşeli.

Ýarym degişme bilen eden bu teklibimi Geňeş kyn gördi:

— Ynha, bu haýyşyňy bitirip biljek däl. Çingiz – uly adam. Men öýüni bilsemem,onuň işikli-törüni baryp görmedim. Ýöne sen bar. Ol myhmany güler ýüz bilen garşylaýar. Öýüne elteýin, siz çykýançaňyzam, gapysyndan uzagrakda garaşaýyn.

Bizem bu teklibe razy bolmadyk. Ýöne konferensiýanyň başlanýan güni ýygnanyşygyň boljak ýerine esli wagt öň geldik. Oňa gelenleriň ählisi üýşmänkä, ýene bir uly ýazyjy bilen bu ýere Çingiziň özi geläýdi. Çingizi gören dessime men Begmyrada surat apparatyny taýynlamagy haýyş edip, özüm Çingiziň ýanyna bardym. Türkmençe salam berdim. Görüşdik. Çingiz salamymyzy aldy-da ;

— Türkmenistandan geldiňizmi? Türkmen garyndaşlar kalaý? – diýip sorady.

— Ýagşy. Biziň ilimiz Size köp salam aýtdy. – Birdenem Çingiziň Berdinazar Hudaýnazarow bilen dostlugy ýadyma düşdi. – Ylaýta-da Berdinazar Size ýörite salam aýtmagy tabşyrdy.

— Sag bolsun. Onuň saglygy nähili?

— Gowy, işläp ýör, ýazýar.

Soňra portfelimden Çingiziň kitabyny çykaryp, oňa gol goýup bermegini haýyş etdim. Geňeş Çingizi men we Begmyrat bilen tanyşdyrdy. Ol kitaba gol çekýänçä, menem özümiň “Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi” diýen kitabyma gol çekip, Çingize gowşurdym. Soňra biz bu ýazyjy bilen surata düşdük.

Meniň gürleşip duranymyň Çingiz Aýtmatowdygyny bilen myhmanlaryň ählisi bize tarap eňdi: kimsi ýazyjy bilen elleşjek, kimsi oňa kitap berjek, kimsem onuň bilen surata düşjek. Çingiz beýle sahnalar bilen halys öwrenişen bolmaga çemeli, ol

myhmanlar bilen elleşip görüşdi, surata düşdi, berlen kitaplary hem kabul etdi. Biri gelip çagyransoň, ol töweregini gurşap alan märekäniň arasyndan zordan özüni saýlady.

Konferensiýa açylmanka, öňki Soýuzyň görnükli toponimist alymlary, Gyrgyzystan akademiýasynyň ýolbaşçylary, iki-üç sany ýazyjy, şol sanda Çingiz Aýtmatow dagy prezidium stoluna geçdiler. Çingize kitap sowgat berilmesi tä ýygnak başlanýança dowam etdi. Onuň öňi kitapdan dolup galdy.

Ýygnagyň birinji umumy mejlisi iki sagatdanam köpe çekdi. Çykyşlar okalýan wagty Çingiz özüne berlen kitaplary ýeke-ýekeden gözden geçirip, olary iki topara böldi. Kiçi topbagyň arasynda meniň kitabymam bardy. Çingiz ony açyp gördi, käbir sahypalaryna uzak wagtlap seretdi. Esli salymdan soň kitaby ýapyp, kiçi topbagyň üstüne goýdy. Biziň oturan öňdäki hatarymyza gözüni aýlabam, maňa çalaja baş atdy, sag eliniň başam barmagyny hem ýokary galdyrdy. Men onuň bu hereketine "Gowy kitap ýazypsyň" diýen manyda düşündim.

## Gunnar Ýarring

1980-nji ýylyň sentýabrynda Daşkentde III Bütinsoýuz türkolog konferensiýa bolup geçdi. Muňa daşary ýurtlaryň hem 20-sinden myhmanlar geldi. Olaryň arasynda şwesiýaly belli türkolog, 60-njy ýyllaryň başynda BMG-niň baş kätibiniň (ähtimal, Dag Hammarşeldiň) orunbasary bolup işlän Gunnar Ýarring hem bardy. Konferensiýany açyp, başlyklyk ediji daşary ýurtly myhmanlar bilen tanyşdyrýan wagty Ýarringiň adyny tutanda, zalda oturanlar ony uzak wagtlap el çarpyşyp garşylapdylar. Menem bu alymyň ylmy işleri bilen biraz tanşypdym, çünki Ýarring Owganystan türkmenleri we olaryň etnogtafiýasy hem-de dili, Hytaý türkmenleri, uýgurlary we beýleki türki halklary barada ylmy iş ýazan alymdy. Onuň türki toponimika degişli işleri hem bardy.

Konferensiýa gatnaşýan adam köp, Ýarringiň ýanynda bolsa iki-üç adam kömekçi we terjimeçi bar. Mende Ýarring bilen tanşyp, gürleşip bilerin diýen umyt ýokdy, emma onuň

bilen gürleşdim. Bu şeýle boldy.

Konferesiýada öňki Soýuzda türki dillere degişli çap bolan işleriň sergisi guraldy. Bu sergide meniňem iki kitabym, şol sanda "Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi" diýen işim görkezilýärdi. Ýarring ony görüpdir, ýanyndaky kömekçilerindenem şu konferensiýa gatnaşýanlygymy bilip, meniň bilen duşuşmak isläpdir. Uly alymyň islegini dessine meniň işleýän institutymyň direktory Bäşim Çaryýarowa ýetiripdirler (Çaryýarowyň baştutanlygynda bu konferensiýa 16 alym gatnaşýardy). Çaryýarow hökümet myhmanhanasynda, biziň bolýan "Leningrad" myhmanhanamyzdan esli uzaklykda ýaşaýardy. Ol meniň bolýan otagyma jaň edip, ýanyna gelmegi, Ýarring bilen duşuşmalydygymy, ýokarda ady tutulan sözlügimi we beýleki ýanymda bar kitaplarymy hem getirmegi tabşyrdy. Bize berkidilen nobatçy maşynda dessine Çaryýarowyň ýanyna bardym. Onuň bilen Ýarringiň bolýan jaýyna geldik. Ýarring 6—7 adam bolup, gürleşip oturan eken. Tanyşdyk. Men ony işi boýunça öňräkden bäri tanaýanlygymy, Owganystan türkmenleri barada ýazanlaryny okanlygymy aýtdym. Ýarring uýgurça ýakynrak türki dilde maňa ýüzlendi:

—Nähili, ol türkmenler barada ýazylan zatlar Size ýaradymy? Şol işde getirilen etnografik materiallaryň Türkmenistanda ýaşaýan türkmenleriňki bilen umumylygy barmy?

Men owgan-türkmen serhediniň iki tarapynda ýaşaýan türkmenleriň hem şol bir halkyň emeli suratda arasy kesilen toparlardygyny, işde ýazylan zatlaryň.hatda onda getirilýän urug-tireleriň atlarynyň hem biri-birine doly gabat gelýändigini aýtdym. Diňe jenap proffesoryň garaja urugynyň adyny karama görnüşinde ýazandygyny hem belledim. Ol bu belligi dessine ýandepderçesine ýazyp aldy.

Soňra Ýarringe kitaplarymy sowgat berdim, ol hem şwed we nemes dillerinde çykan işlerini awtografy bilen maňa gowşurdy.

## Mandoki Iştwan Goňur

Bu majar alymy, Budapeşt uniwersitetiniň professory bilen men ilkinji gezek Aşgabatda IV Bütinsoýuz türkolog konferensiýasynyň geçýän günlerinde (1985-nji ýylyň sentýabrynda) tanyşdym, soňra onuň bilen Bişkekde we Moskwada birnäçe gezek duşuşdyk.

Gezendeligimi, köp ýurtda bolanlygymy nazara alyp, Aşgabat konferensiýasynda meni daşary ýurtly myhmanlara hyzmat edýän iki-üç işgäriň ýolbaşçysy bellediler. Dürli sebäplere görä, bu konferensiýanyň çägini gaty daraldyp, oňa daşary ýurtdan köp myhman çagyrylmady. Diňe Majarystandan (Wengriýadan) üç, öňki GDR-den bir, Awstriýadan hem aýaly bilen bir alym geldi. Ol döwür sowet däp-dessurlarynyň daş ýarýan döwrüdi. Türk aýally awstriýalydan beýlekileriň sosialistik ýurtlardandygyna seretmezden, bu alymlardan gaty ägä bolmaklyk, harby bölümleriň, zawod-fabrikleriň ýakynyna eltmezlik öňünden berk tabşyryldy, magazin-zat görjek diýseler, olary diňe bize berkidilen 12 orunlyk “Rafik” maşynynda äkidip, ýeke-iki şähere goýbermezligi sargadylar.

Majarlaryň arasyndan Mandoki Iştwan Goňur diýen professor türkmençe arassa gürleýän eken. Biz dessine onuň bilen tanyşdyk, kitaplarymyzy alyşdyk. Goňur majarça we nemesçe çykan kitaplaryna türkmen dilinde hiç hili ýalňyşsyz awtograf ýazyp, sowgat berdi. Onuň gerek diýen kitaplaryny tapmaga biz hem kömek etdik. Duşuşygyň ilkinji güni Goňur bilen içgin gürleşdim. Onuň özi Majarystandaky gypjaklardan (kumanlardan) bolup, bu iliň ata-babalary özüni türkmen hasaplaýan eken. Goňur Moskwada okapdyr, özi bilen okan mangyşlakly Aýşa diýen gazak gyzyna-da öýlenipdir.

Sulhumyz alşany üçin, men Goňury we onuň ýoldaşlaryny konferensiýa günleri öýe myhmançylyga çagyrmak isledim. Emma muňa düýbünden rugsat bermediler. Çet illi myhmanlar Gökdepe galasyny görkezmegi haýyş edenlerinde-de, bir bahana tapyp, olary serhet zonasy hasaplanýan Gökdepä eltmezligi berk tabşyrdylar.

DHK (KGB) işgärleri tarapyndan berilýän bu tabşyryklar barada biz myhmanlara dogrusyny aýdyp bilmeýärdik, emma onsuzam olar muny aňyp, Türkmenistanyň howpsuzlyk organlarynyň özlerine gaty şübheli seredýänligini gizlemän aýdýardylar. Bularyň üstesine, öňki soýuzyň dürli şäherlerinden gelen myhmanlary Bäherdendäki Köwata äkidenlerinde-de, serhet zonasy diýip, bulary goýup gitdiler. Çet ilden gelen alymlar muny juda gaty gördüler. DHK-niň adresine olaryň bassyr-bussursyz aýdýan sözleri üçin  hamala biz günäkär ýaly, olara hyzmat edýän üç adama, şol sanda maňa-da igendiler. Awstriýalynyň aýalynyň şäherde özbaşdak aýlanýanlygy üçin hem bizi günäkärlediler. Şonuň üçin bularyň ýanynda bir gün bile bolup, ertesi gününň ikinji ýarymynda dişim agyrýar bahanasy bilen bu topardan aýryldym. Soňra Moskwada duşuşanymyzda, Goňur Aşgabatda bolan ol ýagdaýlar barada jany ýanyp gürrüň berdi, meniň şol gezekki syrkaw bahanasy bilen gidenimiň sebäbine düşünenligini hem aýtdy. Soňra ol özüniň Budapeştden maňa iberen kitaplaryny we Aşgabatda düşüren suratlaryny alan-almanlygymy sorady.

— Ýok, men hiç zat alamok—diýdim. Goňuram:

— Hä-ä, almajagyňy bilýärdim-le.Siziň howpsuzlyk organlaryňyz ol ktaplary bermezler. Onuň içinde türkçe “Kuran” we Türkiýede çap edilen taryhy hem-de edebi kitaplar bardy ahyry. Zyýany ýok, ýene bir aýa galman, sen ol kitaplary alarsyň. Organlaryňyz ony bilmän galar ýaly ederis—diýdi.

Dogrudan-da, sähel wagtdan soň Gazagystanyň Gurýew welaýatynyň Emba etrabynyň Gulsary şäherçesinde ýaşaýan Magsym Ötewliýew diýen nätanyş adamdan birbada iki halta sowgat aldym. Açdym, ikisinde-de diňe kitap. Ählisi türki halklaryň taryhyna, etnografiýasyna, diline, toponimika degişli ylmy, edebi we dini kitaplar. Köpüsi Türkiýede neşir edilipdir. Içindäki hatdan bu kitaplary Goňuryň ilki gaýyn atasy Magsym aga, soňra onuň hem maňa iberenligi aýan boldy. Poçta üsti bilen iberilen sowgatlar daşary ýurtdan däl-de, ýurduň içinden—Gazagystandan gelenligi üçin, organlar ony barlamandyrlar. Şeýdip, şol döwrüň öte hüşgär howpsuzlyk organlarynyň gözüne

çöp atyp, Goňur ençeme elýetmez kitaplary, şol sanda türkçä terjime edilen “Kurany” maňa ýetirdi, ýogsa şol zamanda daşary ýurtlara gezelenje gidýänler Türkiýede çap edilen neşirler, ylaýta-da “Kuran” ýaly dini kitaplar bilen tutulaýsalar, olara berk çäre görülýärdi. Meselem, Ahal etraplarynyň biriniň raýkomynyň birinji sekretarynyň çemodanyndan gümrükhanada “Kuranyň” tapylandygy üçin, ol özüniň kürsüsinden taýdyrylypdy. Şu ýagdaýy nazara alyp, men Goňuryň iberen kitaplaryny ençeme ýyllap hiç kime görkezmän sakladym.

Goňurdan soňam kitap aldym. 80-nji ýyllaryň ahyrynda Goňuryň aýaly Aýşa hanym “Aşgabat” myhmanhanasyndan jaň edip, atasy Magsym aga bilen bile Guryewden Aşgabada gelendigini habar berdi. Men olary dessine öýe alyp gaýtdym. Aýşa hanym maňa Goňuryň iberen kitaplaryny gowşurdy. Men bulara Aşgabatda birnäçe türkmen halysyny, keçe, horjun ýaly zatlary almaga hemaýat etdim.

Keçe barada gürrüň edilende, bir zady ýatlaýyn. 1987-nji ýylyň awgustynda Moskwadan meniň öýüme Iştwan Widak diýen bir majar jaň edip, özüni we we aýaly Marianany Aşgabatda garşylamagymy haýyş etdi. Bu Iştwan Majarystanyň Keçkemet şäherinde keçe muzeýiniň ylmy işgäri bolup, türkmen keçelerini görmek, satyn almak, majarlary türkmen keçeleriniň edilişi bilen tanyşdyrmak maksady bilen hem birnäçe keçeçini Majarystana 15 günlük äkitmek üçin gelipdir. Biz bazara çykdyk, Iştwan dürli keçeleri surata düşürdi, 5—6 keçäni satyn aldy. Soňra men myhmanlary Türkmenistanyň halk zergäri, aşgabatly meşhur ussa Ata Gurbanguly we onuň aýaly Ogulşirin bilen tanyşdyrdym. Bu är-aýal Iştwan dagy bilen Keçkemete gidip, ol ýerde keçe edipdirler, bu işiň ahli jikme-jiklikleri surata alnyp, majar telewideniýesinde ençeme gezk görkezilipdir, gazet-žurnallarda-da ol barada suratly habarlar çap edilipdir.

Ata zergäriň gürrüňine görä, Keçkemetiň keçe muzeýinde türkmen keçelerine uly orun berilýär, olaryň nagyşlarynyň majar nagyşlary bilen meňzeş taraplary ýörite öwrenilýär. Muzeýde içi öý goşlary bilen bezelen türkmen gara öýi hem bar. Ata zergäriň baran döwründe açylan keçe sergisinde türkmen gülli keçelei

birinji orna mynasyp bolupdyr.

Goňur ahyrky gezek maňa Hytaýyň Sinjan (Sinszýan)-Uýgur welaýatyndan jaň edip, ol ýerdäki türki halklaryň arasyna ylmy-etnogafik iş saparyna gelendigini, öz Garaşsyzlygyna eýe bolan Türkmenistanyň obalaryna-da şeýle iş saparyny gurmagy niýet edinýändigini habar berdi. Emma alymyň bu arzuwy amala aşman galdy. Şondan birnäçe aý soň Makdoki Iştwan Goňuryň aradan çykandygy baradaky nekrolog ylmy žurnallaryň birinde çap edildi.

Öňki Soýuzyň içindäki we daşyndaky dürli konferensiýalarda hem-de maslahatlarda ýokarda sananlarymdan başga-da, dünýä belli alymlaryň onlarçasy bilen duşuşmak, tanyşmak, dissertasiýalar goraljak mahaly olaryň käbirleriniň goldawlaryndan peýdalanmak miýesser etdi. Olaryň hersi barada ymykly gürrüň bermegiň mümkin däldigi üçin, diňe käbiriniň adyny tutmak we uly halypalar hökmünde olara minnetdarlyk bildirmek bileb çäklenýärin: N.A. Baskakow, G. I. Donidze, B.H. Karmyşýewa (Moskwa), A.N. Kononow, A.I. Popow (Peterburg), A.P.Dulzon (Nowosibirsk), K.K.Seluýko (Kiýew), Ş. Şaabdyrahmanow. E. Begmatow, H. Hasanow (Daşkent), G.Koňkaşpaýew, A. Abdyrahmanow (Almaty), F. Jelilow (Baku), Ýu. Nemet (Wengriýa), W. Zaýonçkowsiký. A. Dubinskiý (Polşa), Faruk Sümer, Nejat Deýarbekirli, Fikret Türkmen, Türk Dil Kurumynyň başlygy Ahmet Bijan Erjilasun, Türk Taryh Kurumynyň başlygy Ýusup Halajogly (Türkiýe), Germaniýada işleýänler: türk alymy Semih Tezjan, türkmen alymy Begmyrat Gereý we ençeme beýlekiler.

## Il içinde görlüp-eşidilen geň-taňlyklar barada kelam agyz

Durmuşda her kimiň öz arzuwy, höwesi, gyzyklanýan zady bolýar, häzir oňa hobbi hem diýýärler. Öňde ýaňzydyşym ýaly, gezmek, syýahat etmek, ýurt görmek ýaşlykdan meniň iň uly arzuwym boluody. “Islän tapar” diýlişi ýaly, köp babatda bu arzuwym durmuşa-da geçdi. Ykbalymy ylym bilen ymykly baglanymdan soň, öňki Soýuzyň aglaba respublikalarynda,

onlarça şäherlerinde, şeýle-de daşary ýurtlaryň 20-den gowragynda bolup görmek miýesser etdi. 60—70-nji ýyllar aralygynda ylmy iş sapar bilen Türkmenistandaky obalaryň ählisini, olaryň köpüsini bolsa birnäçe gezekden aýlanyp çykdym. Özbegistanda, Täjigistanda, Orsyýetiň Stawropol ülkesinde we Astrahan oblastynda ýerleşen türkmen obalarynda bolup, olardan hem ylmy maglumatlar topladym. Türkmen şiweleri bilen iş salşan we şu ugurdan işlän 13 ýylymyň dowamynda her ýylda plan boýunça dört aý, kä ýyllarda bolsa alty aýlap türkmen obalaryny aýlandym. Uzak wagtlap dowam eden şeýle gezelençler we iş saparlary döwründe il içinde geň-taň wakalaryň, üýtgeşik hadysalaryň ençemesine duş gelindi. Belli bir oba ýa-da haýsydyr bir etnik topara mahsus bolup, beýlekilerde gabat gelmeýän däp-dessurlar, edim-gylymlar, hojalygy ýöredişdäki üýtgeşik endikler we özboluşly ýörelgeler çetden geleniň ünsüni dessine özüne çekýär. Meselem, Derweze töwereklerinde, gumuň içinde ýerleşýän türkmen obalarynda uly gola öwrüm berip oturan 60—70 sany hatara gara öýi görenimde geň galmajakmy eýsem? Kärdeşim Nurberdi Mawyýew bilen Bükri diýen gum obasynda bolanymyzda, şeýle meňzeş gara öýleriň haýsyndan çykanymyzy bellemän, myhman bolýan öýümizi tapman kösenişimiz ýadyma düşýär. Geň ýeri, şunça çarwa öýüniň birinde-de ite duş gelmersiň. Obada it ýok. “Sürini möjekden goramaly bolanda nätjek?” diýen soragymyza-da gumlular ynanar ýaly jogap berdiler. Häzirki döwürde çopanlar dowary motorly bakýarlar. Her kimde “Planeta” motory bar. Tutuş öwrümde möjek ýok. Bir ýerde bar sesini eşidäýseler, üç motorly ýigit ony dessine awlaýarlar. Motosikli menem sürdüm, hatda obada mugallym wagtym deň-duşlar bilen geçiren ýaryşymyzda öňdäki orny hem eýeläpdim. Emma gumlularyň motor sürşi meni aňk etdi. Olaryň tigirleriň ýelini biraz çykaryp, ürgün çägede iki tigirli motory 60—70 kilometr tizlik bilen sürýärler. Onda-da göni däl-de, egrem-bugram edip. Şeýtmeseň ýa-da badyny sähel gowşatsaň motor batýar.

Möjegiň yzy alnan dessine, iki motorly onuň giden ugrunyň iki tarapyndan, biri hem ortasyndan sürýär.Möjek görnensoň,

ony tä ýadaýança kowýarlar. Motoryň ýanynda janawaryň näme jany bar? 5—10 kilometrden ol halys sunugyp, syrtyny ýere dikip oturyberýär.

Şeýle sahnalaryň gum obalaryna näbelet adamy gyzyklandyrjagy şeksizdir. Şonuň üçin maňa täsin görnen şeýle wakalaryň okyjlary hem biperwaý goýmajagyna ynanyp, olaryň käbirini gürrüň bereýin.

## Süňk atdaşlar

Şiwelere degişli material ýygnamak maksady bilen N. Mawyýew ikimiz Kerkä gitdik. Şäherde köne tanşym Rahman Kerimowa duş geldik. Ol menden birki ýyl soň instituty gutarypdy we Tutly Gyzylaýak obasynda mugallym bolup işleýärdi. Rahman bizi obasyna äkitmek isledi. Emma onuň obasyna biraz soňra barjagymyzy aýtdyk. Ilki şäheriň ýakynyndaky obalarda işlerimizi bitirip, hepde—on gün soň Tutly Gyzylaýaga geldik. Rahmanyň öýüni öň görüpdim, ony soraman taparyn öýdüpdim. Emma dört-bäş ýylyň içinde oba üýtgäp gidipdir, köçelere asfalt düşelip, onuň gyralarynda bişen kerpiçden köşk ýaly jaýlar gurlupdyr. Tapyp bilmejegime göz ýetirip, obanyň ortasynda duş gelen birinden Rahmanyň öýüni soradym. Maşynymyz salgy berlen öýe gelip saklanan badyna bir garaýagyz daýaw pyýada bizi garşylamaga çykdy. Salamlaşdy-da, bizi öýüne çagyrdy. Öýe girdik. Öý bikesi biziň bilen bir maşynda gelen etnograf alym Anna Pirgulyýewa bilen görüşdi, soraşdy, ony oturdybam daşky gazan-ojagyň ýanyna çykyp gitdi. Öý bikesi-de, öýüň içindäki zatlar hem meniň tanşym Rahmandan habar bermeýär. Iňkise gidip, bizi garşylan ýigide ýüzlendim:

— Rahman Kerimiň öýüne dogry geldikmi beri?

— Hawa, Rahman Kerimiň öýi şu.

— Özi nirede?

— Ynha, men Rahman Kerim.

Aňk-taňk boldum. Bu Rahmany ilkinji görşüm, meniň soraýan Rahmanym däl. Soraýan Rahmanymyň öýüne köp gelenligim, onuň enesi Abadany we gelni Tawusy gowy

tanaýanlygym üçin, ýene öý eýesine ýüzlenýärin:

— Meniň soraýan Rahmanym biolog bolmaly, gelnine-de Tawus diýýändirler.

Onýança öý eýesi ýüzüni daşary öwrüp, öý bikesini çagyrdy:

— Tawus, barik gel, seni myhmanlar soraýar.

Ol gelen soňam maňa ýüzlendi.—Ynha, şu—Rahman Kerimiň gelni. Ady-da Tawus.

Bu gezek ählimiz geň galmakdan ýaňa aňk bolduk. Öý eýesi mundan artyk bizi gynamany özüne uslyp bilmän, gülkiniň arasy bilen şeýle gürrüň berdi.

— Men siziň haýsy Rahmanyňka geleniňizi bada-bat aňdym. Biziň obamyzda Rahmanlar iki. Ikisiniňem atalaryna Kerim, enelerine Abadan, aýallaryna-da Tawus diýýärler. Ählisi atdaş, üstesine kärleri-de bir: agronom. Men oba hojalyk institutynyň agronomçylyk bölümini gutardym, atdaş bolsa pedinstitutyň agronom-biologiýa fakultetini. Diňe işleýän ugrumyz aýry, ol—mugallym, men—şu kolhozyň agronomy. Bize il çüňk atdaşlar diýýär. Siziň ýaly myhmanlaryň, hat-habarlaryň, hatda hak-heşdeklerimiziň çalşyp düşýän halatlary hem bolýar. Emma biz gaty oňşukly, süňk atdaşlygymyza-da örän guwanýarys. Häzir atdaşy taparys. Biziňkä ýalňyşyp gelseler-de, atdaşyň myhmanlary duz-çörek dadyrylman gaýtarylýan däldir. Arkaýyn oturyň — diýdi-de, çagalarynyň birini Rahmanyň yzyndan iberdi.

Nämäniň nämedigine göz ýetirip, biz ynjaldyk. Nurberdi maňa jaýyň töründe asylgy duran portreti görkezdi: Kaýum Taňrygulyýewiň suraty. Geňleýänimizi aňan Rahman biziň soragymyzdan öňürtdi:

— Tanadyňyz. Ol meniň agam Kaýum. Kaýumyň atasy Taňrygulynyň bäş ogly bolýar. Kerim, Abdyrahman, Gapbar, Kaýum, Penji. Meniň atam şol doganlaryň iň ulusy.

Onýança beýleki Rahman hem geldi. Çaý-nahardan soň, onuňka gitdik. Bu obada üç gün bolup, gerekli materiallarymyzy aldyk, birnäçe ýaşuly bilen gürleşdik.

Tutly Gyzylaýaga soňam köp geldim. Agronom Rahman soňra kolhoza köp wagt başlyk boldy. Bir gelenimde, Rahmanyň

awariýa zerarly ýogalandygyny aýtdylar. Öýüne baryp, aýat-töwir edip gaýtdym. Ýatan ýeriň ýagty bolsun, süňk atdaşlaryň ulusy! Häzir aramyzda ýogam bolsaň, seniň ornuňy çagalaryň tutupdyr: iki gyzyň obada mugallym, ogluň seniň käriňi dowam etdirmek üçin, agronomlyk ugrundan ýokary bilim alypdyr. Agaň Penji bolsa obanyň ortasynda şäher parkyndan hiç babatda kem bolmadyk uly seýil bagyny ýetişdiripdir. “Penjiniň bagy” diýlip at berilýän bu seýilgähde oba ilatynyň medeniýetli dynç almagy üçin ähli mümkinçilkler: tir, bilýard otagy, sport meýdançalary, kinozal we beýlekiler bar. Ýazyjy agaň Kaýum Taňrygulyew muzeýi hem bu bagyň gelim-gidimli ýerine öwrülipdir.

## Goja Hazaryň ýakasynda

Bol suwly pagtaçylyk etraplarynda önüp-ösen islendik adam ilkinji gezek Türkmenistanyň çöllük we deňizýaka sebitlerindäki obalaryna düşäýse, onuň heniz görmedik ýa-da öňki görenlerinden üýtgeşik we täsin zatlartyna gabat geljekdigi şübhesizdir. 1966-njy ýyldan başlap Balkan welaýatynyň obalaryna eden ilkinji ylmy saparlarymda menem şeýble täsinlikleriň ençemesini geň galmak bilen synlapdym.

Çetden baran adam ilki bilen bu obalaryň aglabasynda suwuň ýetmezçiligini duýar. Agyz suwuny uzakda ýerleşen guýulardan we çeşmelerden daşap içýän obalaryň hem ençemesine duş gelersiňiz. Şeýle obalarda gök daragta ýa-da ekine gözüň düşmez. Obalylaryň agyz suwuna nähili aýawly çemeleşýänligini göreniňde, eliňe artykmaç suw akytmaga ýa-da çaýkamak üçin owurdyňy dolduryp suw almaga ejap edersiň. Her öýde suw saklanýan çsti ýapyk sement howdan bardyr. Barly hojalyklarda iki howdana-da duş gelersiňiz. Suw gytçylygy howdandaky suwy gözüň görejei ýaly gorap saklamaga, sähel mümkinçiligiň bolsa, onuň üstüni dolduryp durmaga ýerli ilaty mejbur edipdir. Bu barada Esenguly obalarynyň birinde gören şeýle wakamy gürrüň bereýin.

Deňiz ýakalaryndaky ilatyň öýleri gaty üýtgeşik, olar aýaklaryň (agaç sütünleriň) üstünde gurulýar. Aýaklytam

diýlip at berilýän bu jaýlaryň ýokarky (ikinji) gatyny göterip duran sütünleriň arasy açyk, ähtimal, ol ýelli günlerde deňiz tolkunlarynyň we ýeliň öýüň aşagyndan zowwam geçip gitmegi üçin edilýän bolsa gerek. Ýokarky gatda ýerleşen we birnäçe otagdan ybarat öýe basganç ak arkaly çykylýar. Öýüň çar töweregi gyrasy germewli tutuş basdyrma bilen gurşalýar. Oňa ýerli ilat saýawan diýýär. Tomusda gün haýsy tarapa aýlansa, saýawanyň kölege tarapyna düşek ýazyp oturybermeli. Jaýyň üstüniň şifer ýa-da çerepisa örtgüsi weli basdyrmadan esli öňe çykyp, ispanlaryň sombrero şlýapalarynyň giň etegini ýatladyp durandyr. Bu ýagdaý gelşik üçin, iň esasy-da jaýyň üstüniň çagyş ýagýan meýdanu giň bolsun diýlip edilýär. Şiferden aşak eňýän suw nowajyklar arkaly jaýyň burçuna, ol ýerden hem rezin turba bilen aşak guýulýar.

Ýagyş ýagaýar uçurlarynda öýdäki ähli jemende daşardan ýa-da balkonda asmana seredip durandyr. Ýagşyň iri damjalary şiferde deprek kakyberse, tutuş oba ilatynyň sürüsi daga ýaýrar. Ekabyrrak biri rezin turbany howdanyň agzyndan aýryp, şiferiň tot-tozanynyň ýuwlaryna garaşýandyr. Ondan arassa suw gelip başladygy maşgalabaşy howdanyň ýanynda durana höküm eder:

— Suwy lara tut, lara!

Bu ilde howdana lara diýýärler. Turbadan oňa guýulýan suwuň sesini ýagşyň aşagynda köýnekçe duranlaryň ählisi sazyň sesi hökmünde kabul edýändir. Eger suw jürläp guýulsa, onuň sesini gamgyn saz diýip düşüniň: kä lara, kä asmana bakyp duranlardan ses çykmaz. Bardy-geldi, turbanyň suwy zogdurylyp eňiberse weli şadyýan marş ýa-da tans heňiniň çalyndygy biliň. Ýagşyň astynda duranlaryň asudalygyndan derek galmaz: kimsi aýdyma tutdurar, kimsi ýanyndaky bilen degşip-gülşer. Lar suwdan dolyberse, gaýda-gaýmalaşyk has artyp, yzy maşgala tansyna ýazyp gider. Güýçli ýagýan ýagşyň astynda sümmülbaý ezilen tutuş maşgalanyň uludan-kiçä ähli agzalarynyň depýbän küştdepdisine tomaşa et, oňa goşup, hor bolup aýdýan aýdymlaryny hezil et-de diňle.

Suw gytlygy deňiz ýakasynyň ilatyna diňe bir suwdan tygşytly peýdalanmagy däl, eýsem agyz suwuny almagyň

dürli usullaryny, ajy suwy süýjetmegiň ençeme ýollaryny hem öwredipdir. Meselem, çägeli çöllükde ýaşaýanlaryň takyrda kak gazyp, ondan suw içýänligini her kim bilýär. Emma Merkezi Garagumdaky şol takyrlaryň ýanynda ýerleşýän ajy guýularyň suwuny ýönekeýje usul bilen süýjedýändiklerini göreniňde weli gumly ata-babalarymyzyň gidroinženerlik paýhasyna aperin aýdaýmak galýar. Bu şeýle edilýär.

Gumdaky takyrlaryň ýagyş suwy ýygnanýan çetinde guýy gazylýar. Adatça, guýynyň suwy ajy, emma mal içmek üçin ýaramly bolýar. Onuň ajy suwuny süýjetmek üçin, ýagyşly bahar aýlarynda guýynyň ýakynyna üýşen suwy guýa guýdurmak gerek. Ýokardan inýän suwuň örümli guýynyň aşagyny köwüp hapalamazlygy üçin, ilki guýa çäge eňterýärler. Çäge ajy suwuň üstüni örtenden soň, kak suwy oklar (joýajyklar) arkaly guýa akdyrylýar. Daş-töweregine toplanan suw toprakdan syzyp hem guýynyň düýbüne ýygnanyp bilýär. Ýokardan şogurdap inýän hem-de syzyp geçýän süýji suw çäge bilen üsti örtülen we massasy ýagyş suwundan has agyr bolan ajy suwuň üstünden basýar, ony aşak we dumly-duşa iterip, özüne orun alýar. Ajy suwuň üstünde emele gelen şu süýji suwly gatlaga (linza) gumlular gyrgyny diýip at berýärler. Gyrgyny näçe galyň we tutýan aýtymy giň bolsa, başgaça aýdanda, ýyl ýagyşly gelse, çarwalar beýle guýulardan uzak wagtlap suw içip bilýärler, guýularyň bu tipine-de çyrla diýýärler, ähtimal, çyrla sözi “şyrlamak” işliginden emele gelip, kak suwunyň guýa şyrlap guýulýanlygy bilen baglanyşykly dörän bolsa gerek.

Hazar ýakasynda ýaşaýan ilat deňziň şor suwuny süýjetmegiň başga hili usulyndan peýdalanýar. Ynha, şeýle usullaryň birisi.

Deňziň kenaryndaky ýa-da onuň adalaryndaky çägelikde dyzboýy çukur gazsaň, ondan suw çykýar, onda-da içmäge ýaramly suw. Çägäniň garny ýarylyp (köwlenip, gazylyp, çägesi çermelip) edilýän beýle çukanaklara ýakaly ilat iýşme, maňgyşlakly türkmenler (çowdurlar) bolsa yza (çekimlileri gysga aýdylýar) diýip at berýärler. Maňgyşlaklylar yzalara jykyr gurup, onuň suwy bilen ýer suwaryp, bakja hem ekipdirler.

Bu sebitde Bakjaly diýen ýerler hem bar. Türkmenbaşy (öňki Krasnowodsk) şäherinden 45 kilometr günortada, deňziň içine süsňäp gidýän dilkaw ýarym adanyň aýagynda ýerleşen şäherçäniň Gyzylsuw diýen adynyň döremegine hut şeýle iýşmeler sebäp bolupdyr. Gyzgylt reňkli çägelikde gazylan iýşmeler suwy çäge bilen kybapdaş görneni üçin, ilat ilki süýji suwly şol iýşmelere, soňra bolsa şu ýerde düýbi tutulan türkmen obasyna Gyzylsuw diýip at berýär. Orsyýet imperiýasynyň beýik hökümdary Pýotr Birinjiniň buýrugy bilen bu topraga iberilen orus goşunlary düşläp, knýaz Bekowiç-Çerkasskiniň ýolbaşçylygynda baryp 1716-njy ýylyň 3-nji noýabrynda Gyzylsuwda ilkinji orus galasynyň düýbüni tutýarlar we oňa Gyzylsuw adyny orus diline terjime edip, “krepost Krasnyýe Wody” diýip at dakýarlar. Bekowiçiň ekspedisiýasynyň pajygaly tamamlanmagy bilen gala taşlanýar we dargadylýar. Häzir bu ýerde ol dartgynly wakalara şaýatlyk edýän nyşan hökmünde Bekowiçiň adyny göterýän maýak we obanyň günbatar çetinde dikilen çaklaňja ýadygärlik saklanypdyr.

Krasnyýe wody galasynyň dargadylan wagtyndan 152 ýyl geçensoň, 1869-njy ýylda Hazar ýakalary oruslar tarapyndan eýelenýär, polkownik Stoletowyň goşunlary şol ýylyň 5-nji noýabrynda Şagadam diýen ýerde täze orus galasynyň düýbüni tutup, oňa öňki galalarynyň Krasnyýe Wody diýen ýakymly adyny biraz üýtgedip, Krasnowodsk görnüşinde at dakýarlar.

Gyzylsuw şäherçesi barada gürrüň gidýänligi üçin, bu täsin oba bilen ymyklyrak tanyşdyraýyn.

250—300 çemesi hojalykdan ybarat bolan bu oba meniň şu wagta çenli gören obalarymdan düýpgöter tapawutlanýar. Onda tigirlenýän bir zada: ne maşyn-traktora, ne motor-welosipede, ne araba, hatda durmuşda zerur bolan galtaklara we çaga kolýaskalaryna-da gözüň düşjek gümany ýok. Bu obada tigirli zady sürmek mümkin däl, çünki oba balykgulaklaryň owuntygy bilen garyşan deňiz çägesiniň üstünde gurlupdyr, bu çäge bolsa aýagyň aşagynda tolkunyp, üstünden basan zady dessine özüne dartýar. Köwüşli aýak tä injige çenli çäge gömülýänligi üçin, bu oba ädikli ýa çepekli geläýmeseňiz, köwşüňizi eliňize alyp,

aýakýalaň gezmeli bolarsyňyz. Hut şu ýagdaý sebäpli, obanyň köp gatnaýan ýollaryna tagta düşelip, trotuar şekilli ýodalar hem edilipdir. Kenar bilen uzalyp gidýän bu obanyň bäri çetinden beýleki çetine ýerli ilat gaýykly gatnaýar. Şol maksat bilen taýmyl diýlip at berilýän motorly we motorsyz gaýyklar— her maşgalanyň öz aýagulagy öýüniň deňinde gazyga daňlyp goýlupdyr. Bu obanyň öýleri hem, edil beýlaki kenarýaka obalarynda bolşy ýaly, aýaklaryň üstünde gurlan aýaktamlardyr.

Gyzylsuw obasy öň deňziň içine süsňäp gidýän insiz ýarym adanyň aýagynda ýerleşen bolsa, Baku—Türkmenbaşy parom gatnawy üçin Gyzlsuw kanalynyň gazylmagy bilen onuň orny hakyky ada öwrüldi, uly gämileriň ýüzüp geçmegi üçin niýetlenen bu kanal gury ýer (materik) bilen obanyň arasyny kesdi. Şonuň üçinem Gyzylsuwa häzir diňe gaýykly gelmek mümkin. Oňa Türkmenbaşy şäherinden “Almaz” atly teplohod birsydyrgyn gatnaw edýär.

Aýakly jaýlarda ýaşalýan kenarýaka obalarynda, adatça, gök ösümlige gözüň düşmez, sebäbi suw gyt, çägeli kenar hem ösümlik ekmek üçin ýaramsyz. Üstesine-de, çarwaçylyk bilen meşgullanan we häzir hem bu kärini dowam etdirýän iliň ekerançylyk endikleri az, ol endik suwuň bol ýerlerinde indi döräp gelýär. Ähtimal, şonuň üçin bolsa gerek: bu ilde ýeke düýp agaja-da bag diýilýär. Umuman, Günbatar Türkmenistanda “Bir düýp bag ekdim” diýýärler. Men muny ilki eşidenimde, gaty geň görüpdim. Görmezçe-de däl, meniň önüp-ösen ilimde azyndan ýarym gektar çemesi ýeri eýeleýän we onlarça, hatda ýüzlerçe düýp miweli agaçlardan ybarat bolan daragtlar toplumyna bag diýilýär, baş-on düýp agaçdan bag bolmaýar. Bag babatdaky düşünjäni kenarýaka ilatynyňka gabat gelmezligi netijesinde men Esenguly şäherçesinde oňaýsyz ýagdaýa-da düşdüm.

Bu etraplaryň ýer-ýurt atlaryny gowy bilýän ýaşuly hökmünde şäherçede Esen aga diýen bir ýaşuly bilen duşuşmagy maslahat berdiler. Şäherçäniň salgy berlen çetine bardym-da, tor örüp oturan üç-dört ýigitden Esen aganyň öýüni soradym. Ýigitleriň biri ýerinden turdy-da:

— Öňdäki şalmandan (simagaçdan) çepe öwrül-de, göni

gidiber. Çepiňde bir bagly öý bardyr, şolam Esen aganyň öýüdir— diýip, salgy berdi. Görkezilen ugur bilen gidip, ýoluň aýagyna çykdym, emma bag görmedim. Ýene şol ýigitleriň ýanyna dolanyp gelip, ol syrgynda bagly öýi görmändigimi aýtdym. Ýaňky salgy beren ýigit igençli terzde öňüme düşdi-de, Esen aganyň öýüni görkezdi. Men ondan "Hany bag?" diýip soradym. Ol öýüň bir gapdalynda daşyna simden germew edilen, boýy hem iki garyş çemesi ýekeje igde nahalyny görkezdi. Esen aga deňiz suwuny süýjedýän desgadan her bedresini on köpükden satyn alýan suwy bilen suwaryp, özünden soňkulara bag ýadygärlik galdyrmak niýeti bilen, şu bir düýp igde nahalyny idedýän eken. Näçe geň görsemem, ony bu ýigide duýdurman, içimden pikir ýüwürtdim: "Dogry-da, walla, hiç hili gök çöpüň ýok ýerinde ýeke düýp dyz boýy nahala bag diýäýmeseň, oazislerimizdäki ýaly miweli baglary nireden aljak?"

60-njy ýyllaryň ortalarynda Çeleken (häzirki ady Hazar) şäherinde we Etregiň köne şäherçesinde ýerleşen medeni-seýil baglaryna (parklaryna)  hem tomaşa edipdim. Seýilgäh kemi ýok, seýil eder ýaly rejelenen ýollary, ýodalary, hata aýmançalary hem bar. Onda sünnälenip ekilen agaçlar göni hatarlary emele getirýärler. Ýöne weli ol agaçlar beýleki seýilgählerde görýän daragtlarymyz däl-de, ýaşlykda gözümiziň öwrenişenje tanyş ösümlikleri: ýylgyn, çerkez, gandym, sazak.

Dogry, men soňky ýyllarda Älemlide (Priçalda), Garadepede, Çelekende, Awazada bolanymda, käbir ökde adamlaryň öz melleklerinde alma, erik, garaly, nar, hatda hurma, badam, limon ýaly miweli daragtlary ösdürip ýetişdirendiklerini hem synladym. Ynha, Esenguly etrabynyň Garadepe obasynda ýaşaýan Hatam Nurbat (ýazyjy Kasym Nurbatyň dogany) obadan 4—5 kilometr uzaklykdaky düzlüge ýygnanýan suwa sowma edip, ol ýere miweli agaçlar ekipdir. Soňra bu ýerden guýy gazyp, bagyň tutýan meýdanyny esli giňeldipdir. Häzir Hatamyň sowmasy diýlip at berilýän bu bagy görmäge göz gerek, ol suwsuz sähranyň jümmüşinde jennetiň bagyny ýadyňa salýar. Bu bagda üzüm, erik, alma, nar, şetdaly, garaly, hurma ýaly miweli daragtlar kemsiz ýetişipdir. Onuň datly miweleriniň

tagamyny dadan her kes suw bilen üpjün etseň we zähmet çekseň, “gara altynyň” mekany saýylýan bu ülkäni bag-bakjanyň mesgenine öwürmegiň doly mümkindigine göz ýetirýär. Ýakyn wagtda Garagum kanalynyň bir golunyň bu ülkä getirilmegi bilen şeýle baglartyň sany has köpelse gerek.

Hormatly okyjylarym, döwletimiziň subtropik zonasy hasaplanýan Etrek düzlüklerinde Jeýhunyň mele suwuna ýetişdiriljek şol baglaryň miwesinden hezil edip iýersiňiz, enşalla. Şonda uly baglaryň buşlukçysy bolan hazirki az sanly bagjagazlary ýetişdiren we ýerli ilatda baga höwes döreden Hatam ýaly gerçeklere alkyş aýtmagy unutmaň!

## Jögi çadyrynda

Bu ýerdäki **jögi** sözüniň “jögülik etmek” söz düzümindäki jögi sözi bilen hiç hili dahyly ýok. Özbegistanda, Täjigistanda we Lebap welaýatynda ýaşaýan olat oba-oba aýlanyp dilegçilik edýän Orta Asyýa syganlaryna jögi diýýär. Gepleýişleri hindileriňki bilen bir we täjik diline ýakyn bolan bu etnik topar özüne **multoni** ýada **jugi** diýýär. Ýeri gelende aýtsak, **jögi** sözi hindiçe bolup, ol “gedaý”, “ykmanda” ýaly manylary aňladýar, aslynda bu söz, şeýle-de hindi ýoglarynyň **ýog** diýen ady we orus fantastik ertekilerindäki Baba Ýaga (“ýog baba”) sözleri şol bir kökden emele gelipdir. Ynha, bizizň gürrüňimiz şol jögüler hakynda.

Täjigistanda, Özbegistanyň hem Kaşgaderýa welaýatynda jögüleriň uly topary ýaşaýar. Öz milli edähedine görä, olar bahar we tomus aýlarynda 7-10 maşgala bolup, eşekli il içine çykýarlar. Obanyň gapdalynda otly-suwly seleň ýerlerde çadyrlaryny dikip,iki-üç gün bolýarlar, soňra beýleki obalara göçýärler. Adatça, ar-aýal ýanyna bir ýa iki çagasyny hem alýar. Gündizine çadyryň ýanynda iki-üç erkek galyp, çagalara we eşeklere seredýär, aýallar bolsa egnone haltasyny (horjunyny) we uzyn syrygyny atyp, iki ýa üç aýal bolup, obalary aýlanýar, dilegçilik edýär, pal atýar. Jögi aýallary baran öýlerindäki aýal-gyzlar bilen özbekçe, käbirleri türkmençe gepleşip, ýerli iletyň

ýaşaýşy bilen tanyşýar, özüne ýaran edim-gylymlary olardan öwrenýär, käte ownuk-uşak zat satyn ýa alyp, jerçilik hem edýär. Dilegçilige baran öýlerinden olara çörek, ýumurtga, gowurma, pul ýaly dürli-dümen zat berip gaýtarýarlar. Pal atany ýa-da tebipçilik edeni üçin aýratyn hak tölenýär.

Jögi aýallaryň kiçijik aýna seredip aýdýan pallaryny-da köp diňläpdim. Anyk zat aýtman, "janly diýsemmi, jansyz diýsemmi" ýa-da ýiten mal hakynda atylýan palda "ak diýsemmi, ala diýsemmi" ýaly ikuçly, gümürtik jogaplary köplenç hakykatdan üzňedi, emma weli olaryň käbirleriniň dogry geläýýän halatlaryda bolýardy.

Bir gezek gara mallaryň gyşyna meýdana kowulýan döwründe bogaz sygrymyz agşam öýe gelmedi. Men motosiklli, atam hem eşekli ony iki-üç günläp gözledik. Derek bolmady. Şol günleriň birinde öýümize iki sany jögi aýal dilegçige geldi. Enemem dessine olara pal atdyrdy. Uzyn sözleriniň ahyrynda garry jögi aýal sygrymyzň gölesini yzyna tirkäp öýe geljekdigini habar berdi. Atamam, menem pala ynanýan adamlar däldik. Jöginiň palyny atama aýtdym, ol jögä sögündi-de, eşeklinip, ýene sygyr gözlegine ugrady, menem mekdebe gitdim. Işden gelsem, sygrymyz gölesi bilen öýde daňylgy dur. Palçy jöginiň aýdyşy ýaly, gölejigini yzyna tirkäp, onuň özi öýe geläýipdir. Enem maňa jögüleriň düşlän ýerinden palçy aýaly tapyp, oňa bir towuk bilen 10-15 ýumurtga eltip bermegi tabşyrdy.

Göwün açýan giň meýdanda, tebigatyň gözel ýerlerinde dikilen jögi çadyrlary ýaşlykda-da meni özüne maýyl edýärdi. Bu sähraýy adamlaryň öz peýwagtyna, hiç kime garaşsyz, aladasyz il gezişleri-de, meýdanda gerlen çadyrlarda spartanlar ýaly ýaşaýyşlary-da, hatda nämedir bir zada gahary gelende, uly köçäni dolduryp barýan aýal-erkek jögüleriň eşegiň üstünde elindäki uzyn syryklary bilen biri-birlerini şark-da-şark saýgylaýyşlary-da, ýolbaşçysynyň ýeke gykuwyndan soň bolsa döwlen syryklaryny oklaşyp, dessine sessiz, üýnsüz ýola düşüşleri-de meniň çaga kalbym üçin gaty geňdi. Obamyzyň ýakynynda jögüler düşläýse, üç-dört oglan bolup barardyk, jögi oglanjyklary bilen tanşardyk, käwagt bile-de oýnardyk, käte

göreşem tutardyk. Ýaşlykda beýnä guýlan şeýle täsirler ulanan soňam kelleden çykmaz eken: häli-häzirem jögüler obasyny göräýsem, olaryň çadyrlarynyň deňinden biperwaý geçip bilemok.

1971-nji ýylyň aprel aýynda Darganata etrabynda ylmy iş saparynda boldum. Etrabyň ähli obalaryny aýlanyp, iň ahyrda Şyharyk obasyna geldim. Obadaky işlerini birýüzli edip, galan iki-üç günümi şu obada geçirdim. Mekdebiň direktory Gully Baýjykow bilen Soltan Sanjar galasyny, Soltan Sanjar gowagy ýa-da Zümkän diýilýän meşhur gowagy, şu ýerdäki düz känini aýlandyk (deryanyň şu ýerinde bent gurlany üçin, bu agzalýan ýerleriň ählisi, şeýle-de iki kenardaky ençeme obalar häzir Düýeboýun suw howdanynyň aşagynda galdy). Gaýtmazymyzdan bir gün öňinçä şahyr Halyl Kulyýewiň öz agasy Kasyma iberen hatyny gowşurmak üçin, Gazojak şäherçesine gitdik (Kasym bu ýerde awtoinspektor bolup işleýän eken). Şol döwürde Şiharyk obasy seňňer bolup uzalyp gidýän gyryň ilersinde,  Gazojak bolsa onuň gaýra tarapynda ýerleşýärdi, aralary hem iki-üç kilometr. Gazojaga barmak üçin gyrdan aşmaly. Gully we mekdebip dilçi mugallymy üçümiz pyýadalap, Gazojaga ugradyk. Gyryň ýapajanda, gülli gök otlaryň ortasynda ýerleşen gumaksy meýdanda ýedi-sekiz sany jögi çadyry dikilipdir. Bir gyrada bäş-alty çaga oýnap ýör. Aýal-gyzlar görünmeýär, ähtimal, olar dilegçilige oba siňen bolmaly. Iki sany erkek adamyň hersi öz işi bilen gümra: biri eşekleri örkläp ýör, beýlekisis meýdan gaz plitajagynda jaý gaýdadynýar. Içimden “bä, bu jögüler gaty medeniýetli ekenler-ow, çaklanjaň gaz plitadagam göteripdirler” diýip pikir edýärin. Çadyrlaryň ortasyndaky uly ak çadyr, ähtimal, bu ordanyň baştutanynyňky bolmaly. Oňa seredip, içimdäki pikirimi daşyma çykaranymy duýman galdym:

— Gully, baharyň şu ajaýyp döwründe, açyk—meýdanda şol ak çadyrda kölegeläp, dynç almagam-a hiç bir kurortdan kem däl bolsa gerek.

Üçünji ýoldaşymyz dillendi:

— Çadyryň kölege tarapyny ýokara serpip, gülli meýdany

synlap şöwür çekmek hasam hezildir.

Şeýle göwünýüwürtmeler bilen şäherçä gelenimizi duýman galdyk. Kasyma duşup, hatyny gowşurdyk, şäherçäni aýlandyk, käbir dükanlara girip çykdyk. Gully dagy gerek-ýaraklaryny we iýip-içer ýaly zatlary alansoň, yza dolandyk. Ýolumyz ýene çdyrlaryň üstünden düşdi. Öz dillerinde jedirdeşip oýnap ýören çagalardan başga hiç kim görünmeýär. Gün gerşi gyzdyryp başlany üçin, erkekler öz çadyrlaryna sümüpdirler. Gully çadyrlaryň ýanynda aýak çekdi-de:

— Ýörüň, şol ak çadyra baryp göreliň! — diýdi. Men höwes bilen razylyk bildirdim. Bardyk, gapy ornundaky tutyny serpip, içine seretdim. Maýkaly, sport balakly, 40-45 ýaşlaryndaky dolmuş pyýada arkaýyn uklap ýatyr, gözündäki äýnegini hem aýyrmandyr. Başujunda sahypalaryň arasyna kagyz goýlan kitap ýatyr. Gapdalynda oturan üç-dört ýaşly çagajyk bizden üýşenip, ýatan pyýada gysmyljyrady we ony oýatdy. Ol böküp turup, türkmen dilinde:

— O-how, biziňkä myhmanlar gelen ýaly-la diýip – dillendi-de, ýeke-ýeke görüşdi. Soňra düşekleri düzedişdirýänçä, az salym daşda garaşmagymyzy haýyş etdi. Öý eýesi eplengi duran körpeçeleri rejeli ýazyp, onuň üstüne täzeje ak örtgüler örtdi we bizi içeri çagyrdy. Onýança beýleki çadyrlardaky iki erkek jögi hem geldi. Saglyk-amanlyk soraşdyk, tanyşdyk. Çadyr eýesiniň ady Turajan (Törejan) bolup, ol Kaşgaderýa welaýatynyň Kitap şäherine etrap kommunal hojalygynyň başlygy bolup işleýär ekeni. Temirleňiň doglan we önüp-ösen ýerleri bolan Şährisebiz we Kitap sebitleri Garşy şäherinden 130 km çemesi uzaklykda ýerleşýär. Men bu şäherleri 1975-nji ýylda görüpdim. Kitap şäherinde asly Halaç etrabynyň Çohbetde obasyndan bolan Sosialistik Zähmetiň Gahrymany, Özbegistanyň at gazanan oba hojalyk işgäri Muhammetguly Jumanazarow hem ýaşaýar. Bu adam köp ýyllap partiýanyň Kaşgarderýa welaýat komitetiniň, soňra Kitap raýkomynyň sekretary bolup işläpdir, biziň baran döwrümizde bolsa bagçylyk sowhozynyň direktory eken. Men Turajandan Jumanazarowy tanaýan-tanamaýanlygyny soradym. Turajan bu ady agzan dessime:

— Eý-ho-o, men Jumanazarowy gaty gowy tanaýaryn. Men onuň elinde dört ýyl işledim. Häzirem onuň bilen goňşy ýaşaýaryn – diýip jogap berdi. Bu umumy tanşymyz meni Turajan bilen ysnyşdyrdy oturyberdi.

Öz dillerinde bir zatlar diýşenlerinden soň, erkekleriň birisi daş çykyp, tutudan bizi jyklaşyp, duran çaga jögüjikleri hol aňry kowdy, beýlekisi bolsa palçykdan suwalyp edilen ojakda ot ýakmaga girişdi. Turajan ýanynda duran termosdan käselere çaý goýuşdyryp:

— Täze çaý gaýnaýança içip oturyň—diýip bize hödür etdi. Erkekleriň birisi orta arassa saçak ýazdy, iki-üç torbadan saýlanyp alnan çörekleri hem onuň üstüne atdy. Dürli-dümen çörekler, olaryň içinde petiri-de bar, hamyrlysy-da, gatlaklysy-da. Saýlap iýibermeli, bu çörekler jögi aýallaryň düýnki obadan dilegçilik edip ýygnan çörekleri bolmaly. Bir jam gowurma getirilip goýlandan soň, Turajan bir torbadan bir çüýşe arak çykardy, Gully hem Gazojakdan alan iýmitlerini orta goýup, ol-da bir çüýşe Çykardy. Ilkinji tost jögi-türkmen dostlugynyň hatyrasyna göterildi.

Jögi çadyryndaky şagalaň ýaňy gyzyberende, obadan ýüküni ýetiren aýallar hasalaryny süýreşip, ikiden-üçden gelmäge başladylar. Gele-gelmäne-de öz dillerinde: —O-how, bize myhman gelipdir” diýişýärdiler (pars dilini biraz bilýänim üçin, men olaryň täjikçe gepleýişlerine çalarak düşünýärdim), obadan toplanan ýumşak çörekler, bişen ýumurtga, byzmyk ýaly gowy zatlaryny biziň saçagymyza getiribem özleri nahar bişirmegiň ugruna çykdylar.

Diller açylansoň, Turajan özüniň Garşyda ýaşaýan türkmenler bilen ýakyn gatnaşykdadygyny, mundan ençe ýyl öň Hojambaz etrabynyň Beşir obasyndaky pagtabazda bir ýyllap işländigini, şonuň üçin hem türkmen dilini gowy bilýändigini gürrüň berdi (dogrudan-da, 60-njy ýyllaryň ortalarynda 10—15 öýli jögi Beşir obasynda hatar tutup oturyp, iki-üç ýyl ýaşapdy, olaryň erkekleri günlükçilik edýärdiler, käbirleri pagtabaz, MTS ýaly ýerlerde hem işläpdiler. Häli-häzire çenli Beşirde, Farap-Kerkiçe şosse ýolunyň gaýra ýakasynda jögüleriň oturan şol

ýerine ýerli ilat Jögisyra diýip at berýär).

Jögi aýallarynyň obadan getiren towugyndan bişiren täzeje çorbasyndan we saçakdaky dürli-dümen iýmitlerden geregimizi edinip, çadyr eýelerine minnetdarlyk bildirdik, adres alyşybam olar bilen gadyrly hoşlaşdyk.

Turajan Aşgabada birki ýola gelip gitdi, menem Şährisebzde bir gezek onuň myhmany boldum. Şäheriň gündogar çetinde, giň mellekde onuň guran kaşaň köşgüni we bag-bakjasyny synlap, şeýle uly baýlyga eýe bolan bu kişiniň kiçijik orda baştutanlyk edip, oba gezişine haýranlar galdym. Muny aňan Turajan maňa öz ata-baba däplerine wepalylyk üçin gadymy kärlerini ýöredýändiklerini, uly hojalyga başlyk edilip belleneli bäri il içine çykyp bilmeýändigini gynanyp gürrüň berdi.

* * *

1995-nji ýylyň tomsunda Gazojakda gudalarym Zylyha we Babahan Janybekowlaryň toýuna gitdim. Toýda Şyharygyň bir wagtky mekdep direktory Gully Baýjykow bilen hem duşuşdym. Ol pensiýa çykypdyr, oba adamlary hem Gullyny ýaşulular geňeşiniň başlygy saýlapdyrlar.

Toýuň ertesi biz şol jögi çadyrynda oturan ýerinizi görmäge gitdik. Gyryň diňe bir ýapaçlary däl, eýsem onuň üsti hem mellek we jaý bolup gidipdir. Bir wagtky belent saýan gyrym tekizlenen ýaly bolaýypdyr. “Ynha, şol çadyrlaryň dikilen ýeri” diýip görkezilen ýerde uly agaçlar ösüşip otyr. Ak çadyryň ornuny bolsa bişen kerpiçden salnan jaý eýeläpdir. Gepiň gysgasy, gyryň bu ýapajy çärýek asyr mundan öň görenimdäkiden düýpgöter üýtgäpdir.

## Bezegli dere

Beýik Magtymgulynyň aýagynyň degen topragy bolan Garrygala etrabynyň ähli obalaryny, dere-düzlerini we ýaýlalaryny 1966-njy ýyldan başlap, ençeme gezek terslin-oňlyn aýlanyp çykdym, aglaba çeşmeleriniň suwundan datdym, gür

jeňňellige basyrylyp oturan derelerinde sülgün (ýerli gepleşikde depetowuk), käkilik ýaýlalarynda towşan awyna-da gitdim.

Bahar aýlary Sumbar we Çendir jülgelerini görmäge göz gerek. Göýä diýersiň, tebigat ähli gözelligini jomartlyk bilen şu ýere eçiläýen ýaly. Bu ýeriň ösümlikler dünýäsi hem täsin: jülgäniň ýabany we ekilen baglarynda şahyr Meretguly Garryýewiň taryp eden gözel Sumbar narynyň birnäçe görnüşlerini synlamak mümkin. Ýerli ilat daşy we dänesi ak, tagamy hem süýji nara enar, turşumtylyna bolsa nar diýýär. Şu jülgedäki ösümlikçilik institutynyň baglaryndaky zeýtun, hurma ýaly miweli del daragtlar seni çet ülkä düşäýdimmika diýdirýär.

Jülgeleri jähekläp gidýän belent baýyrlaryň käýerinde-käýerinde hoňkaryp, tör tarapy garaňkyrap ýatan ululy-kiçili gowaklara-da duş gelersiň. Käbirinde bir süri mal ýerleşjek bu gowaklary ýerli ilat suwötük hasaplaýar we ony sum diýip atlandyrýar.Sumbar jülgesine şol sumlaryň adynyň geçendigini gürrüň berýärler.

Garrygalaly ýaşulular hem gaty täsin, olaryň deňinden salam bermän geçjek gümanyň ýok. Salam bermän geçiberseň, olar özleri salam berip, seni utandyrar. Magtymguludan, Seýdi-Zeliliden ýa-da beýleki şahyrlardan gürrüň açylaýsa olar saňa uzak wagtlap, joşup gürrüň bererler.

Şeýle gürrüňçilikleriň biri Garrygala şäherçesinde Amandurdy aga diýen bir ýaşulynyňkyda bolup geçdi. Ýer-ýurt atlaryna belet bu ýaşuludan men köp zatlary ýazyp aldym. Orta nahar gelenden soň, men soragymy bes etdim. Nahar iýildi, töwir edildi. Nahardan soň çaý içip, mesawy gürrüň edip otyrkak men bir zat bellemek üçin gapdalda goýan ýandepderime elimi uzadanymam şoldy welin, edil gapdaljygymda bir hyşyldy eşitdim. Şol tarapa seredip, zähram ýaryldy. Oklaw ýogynlygyndaky guýrugy monty goňur ýylan söýenip oturan sandygymyň aşagyndan ýuwaşja suwlup, saçaga baka süýşüp gelýär. Men gorkyma syçrap turdum. Öý eýesi elini daldalap, maňa ýüzlendi:

— Haý, haý, myhman, gorkma! Ol ýylan däl lors, biz ony pişik ýerine öýde saklaýarys. Ol saçakda naharyň ysyny alyp

gelýär.

Men ýylandan ölemen gorkýanlardan däl. Ýöne çaklamadyk wagtyň onda-da edil goltugyň aşagyndaa ýylan görseň, ol lorsam bolsa, gaty gorkýan ekeniň. Bir gapdala çekilip, ýylan gören ýerime seredýärin. Emma ýylan mendenem beter gorkan bolmaga çemeli: dessine bir ýere sümlüpdir.

Gürrüň berişlerine görä, zähersiz lorslar beýleki ýylanlardan gaty çakgan we dogumly bolup, ol öýüň töweregine ýylan, suwulgan ýaly süýrenijileri getirmeýärmiş. Syçan, alaka, hatda ýalman ýaly gemrijileri öz hininde awlaýarmyş. Men soňra daglyk ülkelerde azar-bizarsyz bu mahluklara köp duş gelip, olara öwrenişip gitdim. Lorslar suwda-da beýleki ýylanlardan çalt ýüzýän eken.

Çendir jülgesindäki Ak, Ýartygala, Gyzylymam, Agymam, Keýikgodana, Şyhgalmyk ýaly alty-ýedi obanyň ählisini aýlanyp çykdym. Bu jülgede-de täsin ýerler örän köp. Ynha, şu ýerdäki bir daga Gelesen-göresen diýilýär. Rowaýata görä, geçen asyrlarda bu ýerde Aly bakjaly diýen gereý taýpaly bir ýaşuly oturyp, bakja ekipdir. Eýran tarapdan ýagynyň gelýändigini eşidip, onuň öňünden çapar iberipdir. Çapar hem Alynyň sözlerini çozup gelýän ýagynyň serdaryna ýetiripdir: “Aly bakjalygyň üstüne ýörişiňi bes et. Geläýseň görersiň” (gelesen-göresen). Serdar heder edip, yza dolanypdyr. Şondan soň bu daga we onuň geçelgesine Gelesen-göresen diýen at galypdyr.

Meşhur Bezeglidere hem çendir jülgesinde ýerleşýär. Men ol barada dilçi alym A.P.Poseluýewskiniň “Türkmenowedeniýe” žurnalynda çap edilen makalasyny okapdym. Ýerli ilatdan hem käbir zatlary eşidipdim. Serhet siminiň daşynda ýerleşendigi üçin, ol döwürde bu deräni görmek hyllallady. Şonuň üçinem Çendire gelen dessime, oba sowetiniň başlygy Berdi Ýolla Bezeglideräni görkezmegi haýyş etdim. Berdi aga şol ýerdäki serhet zastawynyň komandiri, kapitan çinindäki bir orus ýigidinden bu barada rugsat aldy. Belleşilen wagtda men ýerli mugallym Aýyt Oraznyýazow bilen zastawa geldim. Komandir we iki esger bilen bäş bolup, biz çitenekli simden geçilýän geçelgä geldik. Tilsimli açarlar bilen derwezäni açan dessine

onuň iki tarapyndan tarkyldy eşidildi, iki sany ýagtylyk raketasy hem asmana atyldy. Töweregimizi dürli signallaryň sesi gaplap aldy. Kapitan bir düwmä basyp, bu galmagallary ýatyrdy, bizi derwezeden geçirip, ony gulplady, sürülgi ýerden hem onuň yzyny basyp geçdik. Esgerler sübse bilen şüdügärde galdyran yzlarymyzy bildirmez ýal edensoňlar, biz ýoda bilen daga tarap ugradyk. Bezeglidere bilen simiň arasy üç-dört kilometr dagy bar eken, üstesine, ýörelmeýän dag ýoluny gür ot-çöp basyp gidipdir. Bu ýoluň şübheli adam geçer diýlip çaklanan ýerlerine inçejik simleriň toplumy ýazylyp, üsti hem ot-çöp bilen örtülýän eken. Bu gizlin “gapanlara” çolaşan ynsanyň ondan çykyp bilmän, ele düşýänleri köp bolýarmyş. Serhetçiler ol simler arkaly keýik, ýekegapanyň jojugy, towşan ýaly haýwanlary hem awlaýan ekenler. Oňa biziň özümiz hem şaýat bolduk. Bu barada biraz soň gürrüň bereýin.

Bezegliderä ýetdik. Ol ýodanyň çepinde ýerleşýän eken, özi-de düýbi gorlan aýlaw dagyň uzyn saýawan emele getirýän böwründe ýerleşip, uly sürini ýagyş-ýagmyrdan goramak üçin ýasalan emeli agyly ýada salýar. Ynha, şu ýalçy daşyň diwarlarynda we onuň saýawanynyň aşaklarynda çaganyň çekýän suratlaryna çalymdaş dürli şekillere gözüňiz düşer. Poluň reňki ýaly goňur boýag bilen çekilen bu suratlarda keýik, aýrak ýaly awlanýan haýwanlar, olara ok-ýaý çenäp duran atly awçylar çekilipdir.Käbir durmuşy wakalardan üzňe äheňde çekilen şekilleri nakgaşlykdan ýörite sowadyň bolaýmasa anyklamak mümkinem däl.Bu derede şeýle şekilleriň ýüzlerçesi, belki-de, müňlerçesi bar.

1982-nji ýylda Azerbaýjanda Hazar deňziniň kenaryndaky Gobustan dagynda edil şu hili şekilleriň goralyp saklanýan meýdan muzeý-gorughanasyny görmek maňa miýesser edipdi. Azerbaýjan alymlary ol şekilleri içgin öwrenip, olary 7-10 müň ýyl mundan öň çekilen suratlar, belki-de, gizlin syrly hatlar çaklapdyrlar. Bu döwletde ol şekillere bagyşlanan ylmy işleriň hem ençemesi bar. Häzir Gobustan turistleriň iň gelim-gidimli ýeridir.

Kim bilýär, deňeşdirilip öwrenilse, köp zatlaryň üsti açylsa

gerek, belki, Bezeglideräni bezeýän şekilleriň Gobustandakylar bilen bir hörpden gopaýmagy-da, ondan has irki bolaýmagy-da mümkin.

Esli wagtlap, tä gün gyzyberýänçä şekilleri synladyk, üç-dört ýüz metr uzaklykdaky suwly çeşmejige iberilen esgerler gelýänçä, daş saýawanyň salkyn kölegesinde oturyp dynç aldyk. Esgerleriň biri elini bulap, bizi ýanyna çagyrýar. Ony görüp, çöpüň içi bilen çeşmejige tarap eňdik. Daşyň düýbünden syzyp, kiçijik çukury dolduran suwdan keýikler suw içmäge gelýän ekenler. Şol çeşmäniň ýakynynda, otly-çöpli ýodanyň ugrunda gerlen sim – "gapana" çolaşan keýigi esgerler seňseledip, birki ýerine pyçak urup öldüripdirler. Indem ony simden aýryp bilmän duran ekenler. Simden aýrylan uly keýigi germesatan edip, her kim bir aýagyndan göterip, ot-çöpüň içinden sime getirýänçäk, biz halys bolduk.

Hyzmaty üçin kapitana hoşallyk bildirip aýrylyşdyk.

* * *

Sungaty öwreniji alym Sähet Öwezberdiniň ýazan makalalaryndan belli bolşuna görä, Bezeglideredäki ýaly şekiller Çendirde başga-da bolmaly. Ol arheologlar, paleograflar, etniograflar we diliň taryhçylary tarapyndan öwrenilmegine garaşýar.

## Toýa öwrülen ýas

Tomusda dogduk obamda dynç alýardym. Bir gün ertir ir bilen Gaýyr aga öýümize geldi we şum habar getirdi:

— Soltanşa, halaçly doktor Allaberen Çaryýewi bilýänsiň-le? Ol Burdalykda bäş-alty ýyl wraç bolup işläp, soňra Halaja geçdi.

Men Allaberen bilen Burdalykda mugallym döwrümde dört ýyllap duldegşir goňşy bolup ýaşapdym, çagalaryna-da beletdim. Şonuň üçinem:

— Çaryýewi gowy tanaýaryn. Onuň bilen duz-çöregi köp

iýdik – diýdim.

— Tanaýan bolsaň, ol birki günlükde awariýa uçrap aýrylypdyr. Burdalyga şeýle habar gelipdir. Biz bäş-on adam bolup, onuň ýerine Halaja gitjek. Gidermen bolsaň gaýyga çykaly.

Men dessine geýindim, Burdalykdan ýük maşynynda gelenlere goşulyp, derýaboýa – gaýykgüzere çykdyk. Ýasa gidýän on iki adam bolup, derýadan Garabekewüle geçdik. Çärjew-Kerki şosse ýoluna ýakynlaberende, ýaşulymyz Gaýyr aga öň duşan ulaga näçe adam sygsa münüp, Halaja barmagy, göni sagat ikide-de seýilbagyň içindäki naharhananyň agzyna toplanyşmagy sargady.

Aýdylan wagtda jemlenişip, ýüzümizi sortduryşyp, Allabereniňkä ugradyk. Ol Halaç şäherçesiniň eteginde, Magtymguly kolhozynda ýaşaýardy. Öňem men onuň bu ýerdäki öýüni görüpdim. Allabereniňkä ýakyn gelenimizi aýtdym. Gaýyr aga maňa ýüzlendi:

— Halaçlylaryň däp-dessury nähilikä? Erkekler ses edýärmikäler? Eger ses edýän bolsalar, howlynyň agzynda aglaşýarmykalar ýa-da howlynyň içinde?

Men bu dessury bilmeýänligimi aýdanymsoň, ýasa gelenleriň biri dillendi:

— Gaýyr aga, biz öz dessurymyzy edibereli. Howla girip, ýaşaýan jaýynyň gapysyna maňlaýymyzy diräp ses edeliň.

Muňy makul bilip, açyk derwezeden howla girdik. It-guş ýok. Sürlenişip basdyrma tarap öwrüldigem weli, mellek tarapdan gelýän uzyn pyýada gözümiz düşdi. Agynjak Allabereniň özi. Içimden “Bä, Allabereniň edil özüne meňzeş dogany bar eken-ow” diýip pikir edýärin. Ol pyýada bolsa bize tarap ýylgyrjaklap gelşine:

— Boh-ow, biziň ähli burdalykly dostlarymyz toplanyşyp gelen ýaly-la. Geleweriň-geçeweriň – diýip, ählimiz bilen içgin görşüp çykdy. Her görşeniniň hem adyny tutýar. Indi bu pyýadanyň hut Allabereniň özüdigine göz ýetirip, biz aňk bolduk. Allaberen ýene-de “Eýgelikmi?” diýip soraýar. Öldi diýilýäniň özi öňüňden pete-pet gelende, bir bada adamyň dili

tutulýan eken.

Hiç kimden ses çykanok. Gaýyr aga-da özüne gönükdirilen soraga dymmak bilen jogap gaýtarýar. Ol dymmarak adam, ýüzide agras. Allaberenem ondan ikinji gezek soramaga çekinýär. Teý-ahyr ol bizi myhman tamyna alyp girdi. Uly otagyň içinde tegelenişip, ýer dyrmaşyp otyrys. Her kim güljegini-de bilenok, pyşgyrjagyny-da. Gaýyr aga-da agzyny müňk-müňk etdirip, aşak garap otyr. Allaberen ýene oňa ýüzlenýär:

— Gaýyr aga, köpçülik bolup ýola çykypsyňyz-la. Eýgelikmi beri? Ýa ölen-ýiten dagy barmy?

Bu gezek Gaýyr aga ýüzüni galdyryp, ýylgyrman jogap berdi:

— Hawa, ölen-ýiten bar.

— Kim ölüpdir?

— Sen ölüpsiň. Biz seniň pataňa geldik.

Içi byjyklap duran agyr märekäniň böwedi böwsüp çykan zarply gülküsi otagy ýaryra getirdi. Gülşüp keýpden çykanymyzdan soň, biz wakany bolşy ýaly Allaberene gürrüň berdik. Ol biraz dymyp oturdy-da, ýüzüni ýokary galdyryp, gürrüňe başlady:

— Burdalyga ýollanan habar käbir babatlarda dogram. Birki günlükde meniň familiýadaşym, Çaryýew atly bir doktor motosiklde awariýa edip aradan çykdy. Ol bu obadan däl, özi-de diş doktorydy, men bolsa iç doktory (terapewt). "Çala eşiden çatma ýykar, öte eşiden öý" diýlişi ýaly, wepat bolanyň doktor Çaryýewdigini eşiden badyna, kimdir biri onuň adyny anyklaman, Burdalyga "Allaberen Çaryýew aradan çykdy" diýip, biraz nädogry habar eden bolmaly. Habar nädogram bolsa ol bir zada meniň gözümi ýetirdi: meniň abraýym bar ekeni. Ölmeli bolaýsam, men indi arkaýyn gözümi ýumup biljek. – Soňra ol gapdalynda ýylgyryp oturan ýigide ýüzlendi:

— Bar, tegendäki (agyldaky) uly bordakyny (baggoýny) soý. Ýasy toýa öwreli. Burdalykdan munça adamy çagyrybam getirip bolmaz.

Goýun soýuldy. Ol gijäni degişip-gülşüp, şöwür çekip geçirdik, tä daň atýança bagşy diňledik. Ertesi çäş wagty hem

yza dolandyk.

## Elli ýyldan soňky duşuşyk

Gürrüň berjek bolýan bu ýaşulym bilen men 1972-nji ýylda Aşgabatda tanyşdym.

Ertiriň iri bilen uçardan düşen obadaşym Pirguly Rahman aýaly Ýazgül daýzany yzyna tirkäp, öýe geldi. Bu ýaşuly obamda sylanýan adamlaryň biridi. 30-njy ýyllarda mugallym, soňra oba hojalygynda dürli kärlerde, hatda esli ýyl kolhoz başlygy hem bolup işläpdi. Men ony dilewarlygy, şohlugy, köp zatlardan baş çykarýanlygy, sowatlylygy üçin gowy görýärdim. Pirguly aga gele-gelmäne:

— Bu gezek işlije geldim. 20-nji ýyllarda Çärjew pedtehnikumynda bile okap, soňra Germaniýa okuwa iberilen we ol ýerde köp ýyl bolan ýaşlyk ýoldaşym Bäşim Salyh diri, özi-de Aşgabatda ýaşaýar diýip eşitdim. Çalt geýin, şähere çykaly, Bäşimi tapyp ber – diýdi. Men geýnip durşuma:

— Pirguly aga, Bäşim Salyhyň adyny köp eşitdim, ýöne adresini bilmeýärin — diýdim. Pirguly aga-da:

— Taparsyň. Çaklaňja şäherde şunça ýyl ýaşap, heý, gözlän adamyňy tapyp bolmazmy? Aşgabatda Bäşim Salyh köp däldir, ýekedir. Çary Nurly Bäşimi tanaýandyr. Hiç bolmasa, şonuňka baraly – diýdi.

Çary Nurly diýen asly burdalykly çekist köp wagtlap Lebap etraplarynda, ylaýta-da Halaçda NKWD-nyň baştutany bolup işläpdi, pensiýa çykandan soň bolsa Aşgabada göçüp gelip, Tekebazaryň ýakynynda ýaşaýardy. Ol öýünde eken. Matlabymyzy aýdanymsoň, Çary aga şeýle diýdi:

— Gowy adamy gözläb-ä gelmänsiňiz. Bäşim diýeniň Germaniýada okanda, Sowet Soýuzyna duşmançylykly milletçi toparlanyşyklara goşulyp, öz ýurduna myjabat ýöňkän bolmaly. Bäşim bilen Orta Asyýadan Germaniýa iberilen 30-40 okuwçynyň esli bölegi, meselem, asly Kaşgaderýaly türkmen, soňra şol taýda taryhçy professor bolup ýetişen Baýmürze Haýyt dagy Germaniýada galdylar (Orta Asyýanyň taryhyny

gowy bilýän uly alym Baýmürze aga bilen men 1995-nji ýylda Ankarada duşuşdym – S.A.). Bäşim Aşgabada gaýdyp geldi, ýöne ony halk duşmany hökmünde 1937-nji ýylda Demirgazyk Gazagystana sürgün etdiler. Häzir ol Aşgabatda. Onuň ýaşaýan ýerini bilsemem, size aýtjak däl. Soltanşa, onuňka barma. Sen ösüp barýan oglan, halk duşmanynyňka bardy diýip, adyňy garalamaklary mümkin.

Bu sözleri eşidip, bizem garry çekistiň öňünde özelenip durmadyk. Daş çykanymyzdan soň, men Pirguly aga sorag berdim:

— Bäşim aganyň asly nireden bolmaly? Belki, şu usul bilen ony tapyp bileris.

— Bäşimiň asly Garabekewüliň Mamaş obasyndan bolmaly. Şonuň üçin oňa Bäşim mamaşam diýýändirler.

— Şüý-ä bolaýdy. Indi gerekli adresiň tapyldygy biläýiň, Garabekewülden Akmämmet Hümmet diýen bir şahyr dostum ýar. Şonuňka baraly.

Bardyk. “Sumbar” magazininden günbatara sähel geçip, Akmämmediň çyzyp beren salgysy bilen Bäşim Salyhyň ýaşaýan öýüni dogry tapdyk. Barmaly öýümize 60-70 ädim galanda, men Pirguly aga ýüzlendim:

— Gözleýän adamymyz şu öýde ýaşaýan bolmaly.

Öýüň salgy berlen girelgesiniň öňünde, belent agaçlaryň goýy kölegesinde üç sany epeý pyýada ýuwaşja gezim edip, käte durup gepleşýärdiler. “Şol adamlardan sorap göreris” diýen dessime Pirguly aga olara dikanlap seretdi. Birdenem aýak çekdi. Esli salym durubam:

— Ýalňyşmaýan bolsam, şol üçleriň ortakysy Bäşim Salyh bolmaly. Hereketi, keşbi şoňa meňzeýär – diýdi. Ýakynyna bardyk, salamlaşdyk. Men olara ýüzlendim:

— Bäşim aga Salyhow diýen bir ýaşulyny gözleýäris. Onuň jaýyny salgy berip bilmermisiňiz?

— Bileris. – Ortaky ýaşuly beýlekileri bilen elleşip hoşlaşdy, bize ýüzlenibem: — Ýörüň – diýdi.

Jaýy açyp, içerik girdi, yzyna dönübem:

— Giriň, hoş geldiňiz! – diýdi. Içeri girdik, diwanda we

kreslolarda ýerleşdik. Saglyk-amanlykdan soň bu ýaşulynyň Bäşim aganyň özüdigini bilip, men dillendim:

— Bäşim aga, siz meni tanamarsyňyz, ýöne ýaşlyk döwürleriňizi ýatlap dykgat etseňiz, bu ýaşulyny, belki, tanarsyňyz.

Bäşim aga ýüzüni galdyryp, Pirguly agany synlady, biraz dymybam: "Ýok, tanamadym" diýdi.

— Çärjewde siz gultakly Pirguly Rahman bilen bile okan bolmaly. Belki, indi tanarsyňyz.

Bäşim aga "Pirguly Rahman. Pirguly Rahman. Gultak" diýip, birnäçe gezek gaýtalady, ýene Pirguly agany bir synlady-da, ýüzüni maňa tarap öwürdi:

— Hiç ýadyma düşenok. Tanap bilmedim.

Onýança Pirguly aga ýüzüni ýokary galdyrdy-da, Bäşim aganyň gözlerine dikanlap seretdi, sesini gataldybraga-da:

— Tanamaly bolarsyň. Aradan şunça ýyl geçse-de, men seni üç adamyň içinden hol gara görnüňden tanadym. Agaň Annageldi[1], sen we men üç bolup bir otagda ýaşadyk. Seni soňra Germaniýa ugratdyk – diýdi. Bu gezegem Bäşim aga ýaşlyk ýoldaşyny hakydasyna getirip bilmedi. Pirguly aga 15 günlük kanikulda Çärjewden Garabekewüle pyýada gidişlerini, uwlaşýan we çöpüň içinde şatyrdaşýan şagallardan gorkujygyna bir gije Saýatda erige çykyp, ertire çenli garaşandyklary baradaky gürrüňini soňlaryna-da garaşman, Bäşim aga böküp ýerinden turdy, Pirguly aga-da turdy. Iki ýaşuly jaýyň ortasynda biri-birini berk bagryna basyşyp, esli wagt heňňildeşip durdular. Bu iki ynsanyň uzak wagtdan soňky duşuşyga begenişip, göz ýaşlaryny gizlemän sessiz aglaýyşlaryna syn edip, menem ýerimden turup aňalyp durupdyryn hatda gözlerimden akýan ýaşlary asla duýmandyrynam. Diňe bu bolýan wakalary gapydan

[1] Pirguly aganyň Annageldi diýýäni 20-30-njy ýyllarda Lebapda we Özbegistanda rewolýusion herekete işeňňir gatnaşyp, uly meşhurlyk gazanan, Buhara Halk Sowet Respublikasy döredilenden soň bolsa 1921—1924-nji ýyllarda onuň esasy uly ýolbaşçylarynyň biri edilip saýlanan Annageldi Salyhdyr. Häzir Çärjew şäheriniň merkezi köçeleriniň biri Annageldi Salyhyň adyny göterýär

synlap duran öý bikesini görenim soň, essime geldim. Nämäniň nämedigine göz ýetiren öý bikesi yzyna öwrüldi, aşhanada gowrulýan etiň jazyrdysy we ysy otaglara ýaýrap başlady.

Esli wagtdan soň ýaşulular ýazylyşdylar, ikisi hem diwanda oturdylar. Ýürekler ýerine gelenden soň, ikitaraplaýyn berilýän soraglaryň we jogaplaryň yzy üzülmedi.Göwün solpusyndan çyksyn diýip, men bularyň sözlerine ýeke gezegem goşulmadym. Bäşim aganyň Germaniýa haýsy ýylyň haýsy aýynyň näçenji gününde ugranlygyny eşidip, jübimden kagyz-galam çykardym-da, şu günki duşuşyga çenli aradan näçe wagtyň geçenligini hasaplamaga oturdym. Eý-ho, eý-ho! Tutuş är ömri geçipdir: 50 ýyl, 2 aý, 14 gün. Aperin saňa, Pirguly aga! Ýetginjeklikde gören oglanyň goja kişä öwrülenden soňam ony ýöreýşinden tanaýşyňa aperin! Gyzylgaýany we onuň töwereklerindäki gum obalaryny aýlanan döwrümde “Jebel” sowhozynyň direktory Jaýjy Patjanow meni bir düýe çopany bilen tanyşdyrypdy. Bu çopan bir düýesini ýitirip, ony näçe gözlese-de tapmandyr. Ençeme ýyl geçenden soň çopan Madaw töwereklerine toýa barýar. Şol ýerde-de öz ýitiren düýesiniň köşegini däl, eýsem köşeginden doglan agtygyny görüp, ony tanaýar. “Tapan begener, tanan alar” diýleni, ol bir ýitiren düýesini bäş baş edip, Gyzylgaýa aşyrýar. Il arasynda şeýle tangyr, şeýle zehinli Şerlok Holmslaryň bardygyna aperin!

Ýarym asyrdan soňky duşuşygyň gürrüňi nahar başynda-da, nahardan soňam dowam etdi. Ara bir böwşeňlik düşende, menem dillendim:

— Ýaşulular, gürrüňiň hemmesini Bäşim aganyňkyda gutaraýmaň, galanyny erte meniň öýümde dowam etdireliň. Razy bolsaňyz, erte günortanlyk nahary meniň öýümde edineliň.

Razylaşdyk. Adresimi aýtdym, göni sagat 12-de “Kosmos” kinoteatrynyň ýanyndaky bazarjygyň gazet kioskynyň öňünde garşylajagymy aýdyp, Bäşim aga dagy bilen hoşlaşdyk.

Täsin ykbally bu adam bilen öz öýümde boljak duşuşyga öz işleýän institutymyň direktory Bäşim Çaryýarowy we akademiýanyň jemgyýetçilik ylymlary bölüminiň akademik sekretary Atabal Saparowy çagyrdym (Pirguly aganyň mugallym

döwründe A. Saparow Burdalyk raýonynda bilim bölüminiň müdiri bolup işläpdir).

Ertesi günortana ýakyn men sagadymyň sekunt diline çenli radionyň signalyna dogurlap, Bäşim aganyň nemeslere mahsus bolan jürbe-jürlügi, puktuallygy näderejede özleşdirenligini barlamak isledim. 12-ä bäş minut galanda, kioskyň ýanyna çykdym. Sagadyma seredýärin: 12-ä iki minut bar, emma Bäşim aga görnenok. Bir minut galanda, uly ýoluň pyýada geçelgesiniň çep tarapyndan howlukman ýöräp gelýän Bäşim aga gözüm düşdi. Şu depginini üýtgetmän gelse, ol göni sagat 12-de meniň ýanyma ýetmeli. Ol şeýle-de etdi. Özüne syn salynýanyny aňan bolarly: görşüp durkak sagadyma seredenimde: “nemes jürlügini nähili gördüň?” diýip sorady.

Öz öýümdäki we bu günki söhbetdeşlikden soň men Bäşim Salyhyň geçen ýoluny şeýleräk göz öňüne getirdim.

Germaniýada Orta Asyýadan gelen oba oglanlaryna nemes dilini, däp-dessuryny we tertip-düzgünlerini gowy öwretmek maksady bilen olary ýoldaşlaryndan aýryp, hersini bir maşgala berkidipdirler. Bäşimiň düşen ýeri gaty zabun ekeni: sähel säwlik üçin dessine çäre görlüpdir. Meselem, nahat stolunda kesilip goýlan ortalyk çöregi gysaç bilen däl-de, eliň bilen alaýsaň ýa-da agzyňa degren çemçäňi ortalyk gaplara sokaýsaň, öý bikesi eliniň abaýynda goýan inçejik taýagy bilen günäkäriň eline şatladýan eken. Buýrulan işi wagtynda we birkemsiz ýerine ýetirmeseň, aýak üstünde duruzmak, pol ýuwdurmak, agyl, tualet arassalatmak ýaly işler goşmaça üstüňe ýüklenipdir. Beýleki dürli säwlikler we tertipsizlikler hem bu maşgalanyň gözünden sypmandyr. Şeýle maşgalada bir ýyl terbiýe alyp, Bäşim dagy gimnaziýa kabul edilipdir. Üç ýyl okap, ony gowy bahalar bilen gutarandan soň bolsa ol Berlin uniwersitetiniň Ştutgart şäherindäki filialy bolan Ýokary oba hojalyk mekdebiniň zootehniklik bölümine okuwa girýär. Bu ýerde dört ýyl okaýar, ýokary bilimli, onda-da Ýewropanyň abraýly uniwersitetiniň zootehniklik bölüminiň diplomyny alyp, 1930-njy ýylda watana dolanýar. 1937-nji ýyla çenli Bäşim dürli kärlerde işleýär, hatda birnäçe ýyllap oba hojalyk ministrliginde

(narkomzemde) ministriň orunbasary hem bolýar. Şol döwürde Bäşim TSSR Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy G. Atabaýew bilen has ysnyşýar.

30-njy ýyllaryň başynda Aşgabada Germaniýa kompartiýasynyň görnükli wekilleri Wilgelm Pik we Walter Ulbriht dagy gelýär. G. Atabaýew olara hyzmat edýän orus dilli terjimeçä derek Bäşim Salyhowy terjimeçi belleýär. Gyrmyzy donly, ak silkme telpekli bu türkmen ýigidiniň nemes dilini şeýle bir arassa bilşine belent mertebeli myhmanlar haýran galýarlar. Oraz Salyryň aýdýan aýdymlaryny diňläp, W.Pik terimejeden bagşynyň näme hakda aýdýandygyny soraýar. Bäşimiň beren jogabyna myhmanlar içlerini tutuşyp, uzak wagtlap gülüşýärler. Bu başarnygy üçin G.Atabaýew Bäşime:”Berekellla, meniň türkmen nemesim!” diýip, arkasyna kakýar. G. Atabaýew Bäşime Moskwa aspirantura gitmegi hem teklip edýär. Emma sekiz ýyllap Watandan aýra düşeni üçin, ol bu teklibe razy bolmaýar. Soňra oňa ökünýär. “Şonda Moskwa gidäýen bolsam, 37-niň tut-ha-tutlugydan sypaýjak ekenim” diýip, Bäşim aga mydam ýatlapdyr.

Bäşim 1937—1957-nji ýyllar aralygynda Demirgazyk Gazagystanyň Karagandy şäheriniň töwereklerinde sürgünde bolýar. Aklanyp, boşap gelende, Bäşimi köp wagtlap işe almaýarlar. Ol az wagt Baýramalyda bolup, soňra Aşgabada göçüp gelýär, bir gezek ogly Azat we gyzy Seýligözel bilen kino tomaşa etmäge gelen Bäşim zalda, edil yzyndaky hatarda iki sany orus aýalynyň nemesçe gepleşýändigini eşidýär, käbir sözleri nädogry aýdýandygyny diňläbem olaryň gürrüňine goşulýar. Bu aýallaryň birisi uniwersitetiniň çet diller fakultetiniň dekany M.W. Kondratýewa, beýlekisi hem şol ýerde nemes dili kafedrasynyň müdiri bolup işleýän aýal eken. Bular “arassa nemes” bilen duşuşanlaryna begenip, ony işe çagyrýarlar. Emma Bäşim diňe maldarçylykda işlejekdigini aýdandan soň olar uly wezipelerdäki okuwçylarynyň üsti bilen oňa Maldarçylyk we weterinariýa ylmy-barlag institutyna işe ýerleşmäge hemaýat edýärler. 1958—1978-nji ýyllar aralygynda Bäşim Salyhow ilki kiçi, soňra uly ylmy işgär wezipelerinde işläp, döwletimizde

düýedarçylygyň, ylaýta-da gylýalçylygyň ösmegine önjeýli goşant goşýar. 1965-nji ýylda “Türkmenistan” neşirýatynda onuň “Gylýallaryň ahal-teke tohumy” (ahaltekinskaýa poroda loşadeý) diýen ylmy-populýar kitaby orus dilinde neşir edilýär. Atlaryň dürli tohumlarynyň arasyndaky tapawutlary görnetin görkezip duran fotosuratlar we deňeşdirme hasaplamalar bilen bezelen bu kitapça ony ýazanyň öz kärine örän türgen adam bolanlygyny habar berýär. Ýewropa dillerinde çykan işlerden peýdalanyp, B. Salyhow türkmen bedewleiniň Ýewropa we Asyýa ýurtlaryndaky çapylýan atlardan has ýokarda durýanlygyny, şonuň üçin hem öňki Soýuzdaky köp tohumlaryň (don, garabaýyr, garabag, adaý), şeýle-de Eýran, Owganystan, Pakystan, Hindistan ýaly Asyýa ýurtlarynyň gylýallarynyň hilini gowulandyrmakda ahal-teke bedewleriniň köp çekilendigini mysallar arkaly delillendirýär. Hatda ýewropalylar hem öz ýerli atlarynyň hili üçin diňe türkmen bedewlerini çekmegi halaýarlar. Meselem, 1784-nji ýylda doglan dor ahal-teke ýabysy Germaniýa düşýär. Türkmen-Atty diýlip at berlen bu bedew Prussiýanyň at zawodlarynda döl at hökmünde ulanylypdyr. Soňra bu atyň tohumyndan nemesleriň trakiýa, majarlaryň nonius tipli atlary kemala gelýär, şol tohum Çehoslowakiýa, Rumyniýa we Ýugoslawiýa atlarynyň hilini gowulandyrmaga-da gatnaşýar.

1904—1905-nji ýyllarda iňlisler öz baýtallaryna çekmek üçin 214, 1919—1920-nji ýyllaryň interwensiýasy döwründe bolsa 60 sany ahal-teke bedewini Angliýa alyp gidýärler.

Şu kitapçada Bäşim Salyhow ahal-teke bedewleriniň arap atlaryndan däl, eýsem tersine, arap atlarynyň ahal-tele bedewlerinden emele gelendigini göni ýazýar (8 sah), dünýäde “arap bedewleri” diýen termininiň hem araplaryň Orta Asyýany basyp alandan 300 ýyl soň, XI asyrda ilkinji gezek duş gelendigini muňa delil getirýär.

Ýaşuly atşynaslaryň biragyzdan tassyklamaklaryna görä, B. Salyhow türkmen atlarynyň nesil şejeresini örän gowy bilen adam bolupdyr. Ol ahal-teke bedewleriniň hilini gowulandyrmaga önjeýli goşant goşupdyr. B. Salyhowyň hut özüniň, soňra onuň

şägirdi T. Musagaraýewiň ýolbaşylygyndaky tagallalar netijesinde ahal-teke bedewleriniň “Garlawaç’ diýen şahasy (liniýasy, ýagny şol atlaryň bir ugry, tipi) döredilýär. Bu şaha 1991-nji ýylyň 18-nji oktaýbrynda, B. Salyhow aradan çykandan 13 ýyldan soň, öňki SSSR-iň oba hojalyk ministrliginiň uly sylagyna we SSSR Agropromynyň başlygynyň orunbasary A.S.Zlotiniň goly bilen berlen 5813 nomerli awtorlyk şahadatnamasyna mynasyp bolýar. Sylaglanan 10 adamyň arasynda B. Salyhowyň ady hem bar. B.Salyhow ahal-teke bedewleriniň Gyrsakar şahasyndan täze bir şahany—“Gaplaň” tipli atlary, Skak şahasyndan hem “Pereň” tipli täze şahany döretmeklige işeňňir gatnaşan we bu işe ýolbaşçylyk eden adamdyr.

Bäşim Salyhow 1978-nji ýylda 70 ýaşynda aradan çykdy. Ondan bäri ençeme ýyl geçse-de, türkmen bedewlerini ösdürmeklige uly üns berilýän we her ýyl Bedew baýramçylygy geçirilýän häzirki döwürde atşynas alymlar hem-de döwletimiziň meşhur seýisleri Bäşim agany uly halypa, belent mertebeli, täsin ykbally adam hökmünde ýatlaýarlar

## Özbek çaýy

Meniň dogduk ilim bilen Kaşgaderýa welaýatyndaky türkmen we özbek obalarynyň arasynda Gyzylgum çöli ýatanam bolsa, bu iki iliň goňşokara gatnaşygy gadymdan bäri dowam edýär. Gyzylgumuň iki tarapyndaky obalar biri-biriniň edähedine we däp-dessuryna-da belet. Ýöne beýle diýdigim olaryň urp-adatlarynyň uçdantutma meňzeşligini asla aňlatmaýar, tersine, bu iki halkyň biri-biri bilen gatnaşygynda, biri-birine ýüzlenişinde, çaý-nahar taýýarlaýyş däplerinde, umuman, gündelik durmuşynda käbir täsinliklere duş gelinýär. Şolary bilmeýän adamyň ýüzüniň gyzaraýan halatlaram bolýar. Menem şeýle ýagdaýa duş gelipdim. Özbegistanda çaýhanasyz oba ýa mähelle ýok bolsa gerek. Ýaşulular çaýnaha gelip, 5—6-sy ortasyna bir uly çäýnegi alar-da, ençeme sagatlap söhbetdeşlik eder, täzelikler bilen tanşar. Bazardan gyrkylan käşir, et, tüwi ýaly zatlaryny alyp, çaýhanada naharyny özleri taýýarlaýan

erkek adamlaryň hem ençeme toparyna duş gelersiňiz. Bu ýurtda kellesine ýaglyk orap, tamdyra çörek ýa-da somsa ýapyp ýören erkeklerem asla geň görülmez. Ýöne weli köpçülik ýerlerinde ýassyga tirsekläp ýatan özbege duş gelmersiňiz. Märekede ýassyga gyşaraýsaňyz, ýüzüňize aýdylmasa-da, yzyňyzdan şeýle kinaýaly gürrüňleriň ediljegi gaty ahmaldyr:

— Türkmen ýigitleri tapylgasyz adamlar weli, arman, olaryň gapyrgalary döwük, märekede dik oturyp bilenoklar.

— Türkmenler edil ýangyn söndürijileriň düýbi züýki bedresi ýaly düşege geçdikleri bir tarapa gyşaraýýarlar.

Şeýle kinaýaly gürrüňleri eşitmejek bolsaňyz, özbek öýünde ýassyga gyşaraýyjy bolmaň. Özbekler “ajykdym”,”suwsadym”, “maňa çaltrak çaý getir” ýaly sözleri hem aýtmazlar. Nahara başlanlarynda-da, “Hany alyň!” sözlerini birnäçe gezek gaýtalarlar, şonça gezegem oturanlaryň elleri tapaga tarap uzar, emma nahara degrilmän, elleri agzybirlik bilen yzyna çekilip alnar. Ägä bolaweriň: ilki “alyň-da” nahara el bassaňyz, özüňizden başga tamşanyp oturana gözüňiz düşmez.

Ýene bir zada üns beriň: özbekler ynsan çagasyna-ha däl, eýsem it-pişigine-de “siz” diýip ýüzlenýändirler, olaryň dilinde “sen” sözi ýok, ýaşululara “sen” diýäýdigiňiz, bu ilde size terbiýesiz, medeniýetsiz adam hökmünde bahar bererler.

Isle çaýhanada bolsun, isle öýlerde ýa edaralarda—bu ýurtda käselere çaý guýmagyňam öz kada-kanuny bar, 1972-nji ýylda ýadygärliklerini göreýin we kärdeşlerim bilen tanşaýyn diýip Samarkanda gelenimde, bu däbi bilmän, menem utanja galypdym. Köne tanşym, uniwersitetiniň dilçi mugallymy Nazar Rejebow meni dilçi kärdeşleriniň ýanyna äkitdi. Tanyşdyk, dessine-de uly hum çäýnekde orta çaý getirildi. Çaý gaýtarylyp, biraz demini alansoň, öňüme goýlan käsä çaý guýdular. Ujypsyzja guýlan çaý käsäniň düýbüni zordan ýapýardy. Men käsäni çaýkamalydyr öýdüp, ol çaýy käsede birki ýola aýladym-da, gapdala serpip goýberdim. Ýene guýdular, ýöne çaý öňküden hem azrak. Men käsäni ikinji gezegem çaýkamalydyr hasap etdim, ony gyralary bilen çaýkap, ýene gapdala serpdim. Bu gezek asly çarşaňňyly özbek dilçisi, köne tanşym, professor

Rahmatylla Goňurow gülüp başlady:

— Soltanşa, size guýlan çaýy zol gapdala serpip dursuňyzla.

— O-how, ýaňkylary içmek üçin guýduňyzmy?

— Hawa, bizde myhmana çaýy ujypsyzja guýýarlar.

— Guýuň onda. Indi içäýerin.

Çaý başynda maňa çaý guýmagyň kadalary barada leksiýa okadylar. Olaryň birinjisine "tylla batmaz çaý" diýilýär. Käsäniň düýbüne oklanan altynyň üstüni doly ýapmaýan şeýle çaýlar iň eziz myhmanlara hödürlenýär we ol sylaşygyň, hezzet-hormatyň, salyhatlylygyň ýokary nyşany hasaplanýar. Ýeke käse bilen bir çäýnegiň daşynda äwmezek ýaşulular birnäçe sagady söhbetdeşlikde geçirip bilýärler. Çaýyň ikinji hili "barmak batmaz" diýilýär. Munda käsäniň ýarysyna çenli çaý guýulýar we köplenç ýadaw adamlar teşneligini gandyrmak üçin ýekelikde içýärler. Käsäni pürepür dolduryp içmeklik halanmaýar, oňa "sygyr içisi" hem diýýärler.

Çaý içişligiň kadalary baradaky gürrüňleri näçe diňlesemem, bu ilde ol babatda ýene bir gezek oňaýsyz ýagdaýa duçar boldum. 1976-njy ýylda işdeş ýoldaşym Meret Akmämmedow bilen Daşkent welaýatynyň Akgorgan etrabyndaky türkmen obalaryna iş saparyna gitdik. Ilki Daşkende gelip, köne tanşym we toponimist kärdeşim, asly Samarkant gyrgyzlaryndan bolan Söýün Garaýewiňkide düşledik. Onuň beren salgysy boýunça Akgorgana ugradyk. Bu ýerdäki "Akgorgan" sowhozynyň sekiz bölüminde türkmenler ýaşaýar eken. Ol obalarda 10—12 gün bolanymyzdan soň, ýene Daşkende dolandyk. Öýlänlik awtowokzala düşen dessimize Söýüniň iş ýerine jaň edip, gelenligimizi bildirdik. Ol göni öýe barmagy, öýünde aýaly Roza hanymyň bardygyny, bir sagatdan işini gutaryp, öýüne geljekligini, oňa çenli çaý içip garaşmagy teklip etdi. Biz şeýle-de etdik. Roza biziň barýanlygymyzy Söýüniň telefonda habar berendigini, çaý demläp, ony basyryp goýanlygyny aýtdy. Uzak ýol, yssy howa zerarly suwsadyk. Gazaklaryň, gyrgyzlaryň däbi boýunça Roza hanym stol başyna geçdi-de, demlenip, üsti şaýlyja ýapynja bilen basyrylan hum çäýnekden çaý susup, tylla batmaz

çaýy bize uzatdy. Gaty suwsanymyz üçin, şu çaýdan lezzetli zat bardyr öýdemzok, ýöne ýartyja gultum çaý diňe tamşandyryp goýaýýar. Boşan käsäňi Roza hanyma uzadýaň, olam ony alyp, içini çaýkap, ortada duran uly käsä dökýär-de, ýene öňki endigi boýunça ýartyja owurt çaý guýýar. Aýal adama zol-zol boş käsäňi somlap durmagy ejap edip, Meret ikimiz göz ümleşdikde, “çaýdan bolduk” diýişdik. Söýün gelýänçä kanalyň boýuny aýlanjak diýibem daş çykdyk. Hezil ýeri, jaýyň gapdalyndan Anhar atly uly kanal akyp ýatyr. Onuň köprüsiniň bir gapdalynda, suwuň üstünde gowy çaýhana bar. Şoňa baryp, ýanynyň süýjüsi bilen adama bir uly çaýnek çaý aldyk. Gaýtaryp, ýaňy içmäge başlanymyzam şoldy weli, köprüden uly portfeli agram berýän ýaly ýegşerip, kelte boýly Söýün duşumyzdan geçip barýar. “Çaý içip bararys” diýip, biz görmediklige saldyk. Ol biraz öňe ýöräp, yzyna –bize tarap seretdi. Öňe gidiberjek ýalam etdi, ýöne soňra durup, ýene yzyna öwrüldi, elini maňlaýyna tutubam esli salym dürbüledi, soňra bize tarap ýöneldi. Ine-gana çaý içmejegimize gözümiz ýetdi, biz Söýüni ör turup, garşyladyk, salam berdik. Ol salamymyzy alman, portfelini topçanyň üstünde goýdy-da, ilki tarelkadaky süýjülerimizi kanala serpip goýberdi, soňra-da çäýnekleri suwa dökdi. Ol hüňürdäp, öňden barýar, bizem onuň yzyndan. Ýolboýy bize iňirdeýär: “türkmenler täsin adamlar ekenler-ow, öýde guşdyrnak çaýy içmän, çayhanada şemmä demlenen çaýy içýän ekenler-ow”.

Öýüne gelen dessine ol bizi Roza ýamanlady:

— Roza hanym, siz bu myhmanlara çaý bermediňizmi? Bular çaýhanadan çaý alyp içip oturan ekenler.

— Wiý, olar meniň demlän çaýymdan bir käse-de içmän, kanalyň boýuna aýlanjak diýip gitdiler. Ynha, meniň demlän çaýym egsilmän dur.

Indi är-aýal ikisi igenmäge durdular. Esli salym igençli gürrüňleri diňledik. Halys ýüregimize düşeni üçin, Roza bir iş bilen daş çykanda, men Söýüne ýüzlendim:

— Iňirdiňizi bes ediň. Biz halys suwsap geldik. Syçanyň siýdigi ýaly az guýlan çaýy bir hürpüldedip, zol-zol aýal adama boş käsäni somlap durmaga biz-ä ejap edýäris. Her kimiň öňünde

bir çäýnek çaý bilen käse goýduňyz-da, biz ony içmedikmi?

Bu sözlerden soň Söýün az salym dymdy, soňra döşüne şapbady bilen bir urdy-da “Hop, boldy” diýdi. Soňra aýalyny ýanyna çagyrdy:

— Roza hanym, şu günden şeýläk türkmen myhmana çaý goýup bermäni bes ediň. Öňüne bir çäýnek çaý we käse goýuň. Goý, özleri susup içsinler. Düşündiňizmi?

Dogrudanam, şol günden soň Roza bize çaý guýup bermedi. 1980-nji ýylda Daşkentde III Bütinsoýuz türkologik konferensiýa bolup geçdi. Onuň işine Türkmenistandan jemi 16 alym gatnaşdy. Olaryň ählisini Söýün Garaýew öýüne myhmançylyga çagyrdy. 10—12 türkmen, şonçaragam ýerli alymlar bolup üýşdük. Roza hanym türkmenlerden beýleki myhmanlara edep bilen çaý susup berýär. Türkmenleriň bolsa hersiniň öňünde aýratyn çäýnek bilen käse goýlupdyr. Muny geňirgän, biz özbek alymy türkmenler babatdaky beýle edepsizligiň sebäbini sorady. Söýün hem gülüp, çaý babatda bir wagtky bolan wakany gürrüň berdi.

## Nohurda

Ilimizde ajaýyp obalar sanardan kän. Köpetdagyň gözel jülgesinde ýerleşen Nohur atly dag obasy hem şolaryň birisi. Men bu obany 1966-njy ýylyň maýynda ilkinji gezek gördüm. Ol Arçman kurortynyň deňinde, uly garaýoldan 18 km. günortada, Köpetdagyň Balaman hem Manaman diýen belent dag gerişleiniň arasyndan geçýän jülgede ýerleşýär. Jülgäniň iki tarapy dar, obanyň ýerleşen ýeri bolsa giň bolup, ol geçmişde tebigy berk gala hasaplanypdyr. Jülgäniň girelge we çykalgasyny gorasaň bolany, töweregine gurşaw berýän dik hem-de belent gaýalardan diňe uçup geçmek mümkin. Şonuň üçin-de bu berk jülge iki tarapdan edilýän hüjümlerde-de ygtybarly gaçybatalga bolup hyzmat edipdir.

Bu ýerde ýaşaýanlaryň nohurlylar diýen etnik ady bar. Ýerli ilat ol ady “dokuz hüýrüň mekany” diýip düşündirmegi gowy görýär. Belki, şeýledir, ýöne weli hohurlylaryň damarynda diňe dokuz däl, eýsem has köpräk hüýrüň gany at çapýan bolsa

gerek, çünki köp asyryň dowamynda bu goragly galada Ahalda we Türkmensährada ýaşaýan ýemreli, garadaşly (ýazyr), alili, gökleň, ýomut, teke, ärsary ýaly ençeme türkmen taýpalarynyň wekilleri, has gadymy geçmişde bolsa parfiýaly, horezmli, margianaly ýaly türki we türki däl halkyýetleriň ownukly-irili toparlary mesgem tutupdyrlar, olar gatylyp-garylyp, nohurly diýen etnik topary emel getiripdirler.

Edil änewli, mehinli, sünçeli, mürçeli taýpalarynda bolşy ýaly, nohurlylara-da olaryň oturan ýeriniň (Nohur jülgesiniň) ady dakylypdyr. Aslynda, nohur sözi "suwly, çeşmeli ýer" diýen manyny aňladypdyr. Dogrudan-da, jülgede ululy-kiçili çeşmeler sanardan kän. Jülgäniň zähmetkeş ilaty olaryň suwuny dik ýapylaryň, gerişleriň, hatda kert gaýalaryň bilinden tilsim bilen ekin bitäýjek ýerlere akdyryp, jülgäniň ýapgytlaryny bagy-bossanlyga öwrüpdir. Ýalçy daşlaryň ýüzüne gum daşalyp, gaýalara çyrmaşdyrylan üzüm dalbarlaryny göreniňde nohurly daýhanlara aperin aýdaýmak galýar.

Jülgede ýaşaýan ilatyň jaýlary hem üýtgeşik. Ýapgyt gaýalaryň ýüzünde biri beýlekisiniň üstünde gurlan jaýlar aşakdan seredeniňde köp gatbarly, arynyň kömeji ýaly öýleri ýada salýar. Olara çykylýan ýollar egrem-bugram. Depäniň belendinde gurlan jaýlaryň germewli eýwanlaryndan seredip duran adamlaryň we agyllarynda daňlyp goýlan sygyrlaryň sudury zordan saýgardýar.

Ilkinji gezek bu oba gelenimde, berlen salgy boýunça Nohur mekdebiniň şol wagtky direktory Çary Dolyýewiň öýüne bardym. Ol taryh mugallymy Seýitnur Annaýew bilen gürleşip oturan eken. Nohur myhmanparazlygy bilen kabul etdiler. Men matlabymy aýtdym we ýer-ýurda belet ýaşulular bilen duşurmagy haýyş etdim. Çary giç öýläne çenli dynç almagy, soraljak zatlary planlaşdyryp, ýaşulularyň jülgede gezim edýän wagty olar bilen gürleşmegi maslahat berdi. Biz şeýle-de etdik. Öýlänlik daş çykdyk. Düýbünde kiçiräk gara öý ýaly gowak emele gelen äpet çynara syn etdik. Bu gowakda Magtymguly şahyr hem dynç alypdyr diýýärler.

Nohurly ýaşulularyň jülgäniň merkezinde, uly çeşmäniň

boýunda edil şäher seýilgähinde ýaly gezim edişleri, topar-topar bolup gezişleri, otlaryň üstünde oturyp gürleşişleri hem beýleki obalaryňkydan düýpgöter üýtgeşik. Gowy salkyn düşenden soň, dört-baş sany silkme telpekli, uzyn donly ýaşuly bolşup, seýle çykýarlar. Jülgäniň her ýerinde-her ýerinde gezim edip ýören ýa-da gürleşip, gülşüp oturan ýaşulularyň topary barha köpelýär. Kim gerek bolsa, şonuň toparyna baraýmaly.

Jülgede Çary dagy bilen iki-üç toparyň deňinden salamlaşyp geçdik. Ýene bir toparyň deňine baryp, bir ýaşula Çary meniň näme maksat bilen gelenligimi, Nohur töwereklerindäki deredir jülgeleriň we çeşmeleriň atlary hem-de olaryň gelip çykyşy barada bilýän zatlaryny gürrüň bermegi ondan haýyş etdi. Gürrüň gyzyşyberinçä, beýleki adamlar meniň soraglarymy diňläp we ýazýan zatlaryma syn edip gürrüňe goşulmadylar. Kem-kemden gürrüň gyzyşdy. Beýleki toparlar hem töweregimize üýşdüler. Ýaşulular biri-biriniň sözüni kesişip, käbir aýdylýan zatlara garşy çykyşyp, alagalmagal etdiler. Şeýle şowhunly gürrüňdeşlik tä garaňky düşýänçä dowam etdi. Ahyrynda “Bu gürrüňleri diňe pylanydan sora” diýýäni haýsy, “Pylanydan ýazyp alan zatlaryňy öçür” diýip, elimden çekýäni haýsy— düşüner ýaly bolmady.  Men iki-üç sany ýurda belet, berýän gürrüňleri hem göwnejaý ýaşulularyň atlaryny belläp, olar bilen ertir duşuşmagy wadalaşyp, bu galmagalyň arasyndan zordan başymy alyp çykdym.

Nohurda üç-dört gün boldum, soňam bäş-alty adam bilen gürleşdim. Obada meni myhmançylyga-da çagyrdylar. Öýlerinde-de käbir üýtgeşik däpler göze ilýär.  Bir öýde-de aýal-gyza gözüň düşmez, olaryň girip-çykýan ýerleri myhmanhanadan aýry.  Myhmanhana äberilýän naharlar hem ýörite goýlan dereçeden alnyp berilýär. Nahar başynda sämediji içgiler goýulmaýar.

Hoşlaşykdan bir gün öňinçä Çary we Seýitnur bir zat barada hyşy-wyşy edişip, soňra maňa ýüzlendiler:

— Myhman, biziň obamyzdan beýleki ýerlerde uzakdan geleni arak-şerap bilen hezzetlemek ýoň bolupdyr. Öýde arak ýok. Saňa-da hödür edesimiz gelýär. Näderis?

— Nätmekden Alla saklasyn, Çary. Seniň obaňyň däbine eýerip, arak içmeris.

— Beýle iş göwne makul däl. Biz Seýitnur bilen şeýle karara geldik. Özümiz-ä dükandan arak getirip biljak däl. Beýtsek, oba ýaşululary bize hezil bermez. Siz bir myhman adam. "Bä, dükanyňyzda Aşgabatda ýok araklar bar eken" diýen bol-da, birki çüýşe arak al. Göni öýe tarap gaýtma-da, jülgä düşüp, gaýraky ýol bilen öýe gel. Senden haýyş.

Diýlişi ýaly etdim. Dogrudan-da, Nohuryň dükanynda arak-şeraplaryň dürli gyt görnüşleri hatarlanyň goýlupdyr. "Aşgabada äkitjek" diýip, iki çüýşe aldym-da, Çarylara geldim. Ertesi Çary dagy meni Arçmana getirip gitdiler.

# IL IÇINDE EŞIDILEN TIKENEKLI SÖZLER WE HENEK-ÝOMAKLAR

Ala donly agaň toýdan az kowlup görenok. Seniň toýuň dagy nämejik? Meniň öňki kowlan toýlarymyň geňeşiçe-de ýok. Ynha, gitdim.

Bir toý bozýanyň toýdan kowlanda aýdan sözi.

* * *

Sen bir zat diýdiň-de men "ýak" diýdimmi?

Daşoguz topragynda köp eşidilen henek.

* * *

Gaýtalap-gaýtalap içýäniň mamaňyň mäşewesidir.

Daşogyz topragynda aýdylan nakyl.

* * *

Hökümet maňa ynanyb-a uruş etmesin. Öňki uruşda-da gaçdym. Asyl oka bolamok.

Tagta etrabynyň Kelleli obasynda ýaşan, uruş döwri gaçgaklyk eden Tagan Töräniň gürrüňinden.

* * *

— Çary aga, ýene çaý getireýinmi?

— Öňi bissimyllasyz, yzy omyn-töwirsiz zadyňy güm et. Iýer ýaly zat getir.

Žurnalist Çary Annagurbanowyň sözi.

* * *

— Buşeugymy ber, Rozy, ogul agtygyň boldy!

— Ýaşy uzyn bolsun! Adyňa näme goýduňyz?

— Adyna Akbaý goýduk.

— Indi ogul agtygyň bolsa, adyna Alabaý goý!

Obadaşym Rozy Temraly bilen giýewisi Gaýyr Allanazaryň gürrüňinden.

* * *

— Biziň ilde üzümi bir-birden iýýärler.
— Bir-birden iýýäniň şetdalydyr.
— Şetdalyny iki bölüp iýýärler.
— Iki bölüp iýýäniň garpyzdyr.

* * *

— Baý aga, bir azajyk pul karz beräýmeseňiz, çagalar öýde aç otyr.
— Altynyňdan azragyny uşadaýsaň bolmaýarmy?
— Haý, baý aga, biziň ýaly garypda altyn näme işlesin?
— Hiý, kelle ýaly altyny ýogam bir garyp bolarmy?

* * *

— Myhman siz palawy gowy görýärsiňizmi ýa çorbany? Haýsyny ataraly?
— Gazanyňyz iki bolsa, ikisinem ataraýyň.

* * *

— Sen meniň toýumy bozmasaň, hiç kim bilen uruşmazlyga söz berseň, men saňa elli manat bereýin.
— Getir elliligiňi. Hiç kim bilen uruşmaýyn.
Dogrudan-da, toý hiç hili dawa-jenjelsiz, galmagalsyz geçýär. Märeke dagansoň, toý eýesi ýaňky ýigidiň ýanyna gelip, oňa öz minnetdarlygyny bildirýär:
— Ullakan sag bol. Toýuň galmagalsyz geçmegine beren kömegiň üçin men saňa ýene elli manat bereýin.
— Ýok et puluňy. Gaýtam, öňki beren elliligiňi hem yzyna al. Seniň bolgusyz elliligiň diýip, negözel-negözel gyzyl burunlar ganaman gitdi. Men beýle ykarada mundan beýläk

çydap bilmen.

* * *

Hudaý şeýtandan soraýar:

— Şeýtanym, sen ýer şaryny ýuwdup bilermiň?

— Ýag bilenmi?

* * *

— Bir gezek myhman alanymdan müň gezek myhman bolanym gowy.

Degişme äheňinde köp aýdýan şygarym.

* * *

Gyzynyň durmuşa çykanyna esli wagt geçenden soň, atasy aýalyna ýüzlenýär:

— Kempir, gyzymyzy berip goýberenimize birki aý geçse-de, onuň baran ýigidiniň nähili adamdygyny bilemzok. Sen şu bazar güni toklyny soýduryp, nahat atar, gyzyňy, giýewiňi çagyr. Giýew kelmi, körmi, akyly-huşy ýerindemi—nahar başynda tanşaly.

Diýlen wagty giýewsi we gyzy gelýär. Gyz ejesine kömekleşmäge çykýar. Giýew gaýyn atasynyň ýanynda ýygrylyp, düşegi dyrmalap otyrmyş. Ýaşuly ilki sözleýär:

— Ýeri, giýew, ýagdaýlaryňyz gowumy?

— Gowy.

— Nähili, sag-aman togsany doldurdyňyzmy?

— Togsan boldumy, ýüz boldumy—men-ä sanamandyryn. Belki, gyzyňyz sanandyr, şondan sorap göräýiň.

* * *

— Demlän çaýyň suw ýaly-la. Çaýyny az atypsyň.

— Çaýy az däldir, ýöne suwy köpräk düşen bolaýmasa.

* * *

— Eje, aý eje, o daýylar ýene geldi.

Köneürgençde ylmy iş sapary döwründe myhman ýerimize dolanyp gelenimizde, kiçijik gyzjagazyň ejesine aýdan sözi.

* * *

— Meniň aýdýanym dogrumy?
— Indiki aýtjagyňam dogry.

* * *

— Çagasy bolmaýan aýaly düýäniň aşagyndan geçirseň, çagasy bolarmyş.

Bu sözleri diňläp oturan şahyr Torum Ýaýlan dillenýär:

— Torumyň aşagyndan geçirse bolmazmyka?

* * *

— Gabyr azabyň şu bolsa, seniň bu gabrystanyňa biziň obamyzdan-a indi hiç kim gelmez.

* * *

Bir märekede goňşy obamyzdan gelen demir ussasy Zülpi Orazmyrat zeýrenýär:

— Siziň obaňyzda-ha üç-dört molla bar. Bizde weli kyn boldy. Eklär sopy basyldy. Indi aýat-jynazamyza mollany beýleki obalardan çagyrýarys.

Zülpi aga bilen mydama degşip ýören traktorçy Döwlet Annaguly oňa dessine jogap berýär:

— Zülpi aga, siz ölüp gutarýançaňyz bize asla gyssagy ýok. Juma sopynam alyň, molla babanyýazam alyp, ussa Pirgulynam alyň. Ählisi siziňki. Arkaýyn ölüberiň.

* * *

Hojambaz şäherçesiniň nanbaýy (çörek bişirijisi) aýalyny urýar, aýaly hem organlara arz edýär. Arzany barlamagy etrabyň aýallar sowetiniň başlygy, raýkomyň işgäri Jumagül Ahmedowa tabşyrýarlar. Ol är-aýaly kabulhanasyna çagyryp, ärinden soraýar:

— Aýalyňy urduňmy?

— Urdum.

— Näme üçin urduň?

— Aý, ýoldaş Ahmedowa, men-ä sebäbini aýtmaga utanýaryn. Aýalyň özi aýdaýsyn.

— Bolýar. Hany, gelin sen aýt: äriň seni urdumy?

— Urmasa, arza bererinmi? Elbetde, urdy.

— Näme üçin urdy?

— Işe gitmänkäň, hamyra garyp git diýenim üçin urdy.

Ahmedowanyň birbada dili tutulyp, näme diýjegini-de bilmeýär. Bir salymdan özüni dürsäp, gelne ýüzlenýär:

— O-how, sen gelin ökde ekeniň. Men şunça ýaşap, şunça ýyl raýkomda işläp, adamym Han Bekä henize çenli ýeke gezek “Çaý gaýnat” diýibem aýdyp görmedim. Sen nähili äriňe “Hamyr garyp git” diýibildiň?

— Tutuş Hojambaz şäherçesiniň hamyryny garyp, nanyny bişiren adam öýde-de hamyr garar.

Jumagül Ahmedowa höre-köşe edip, bu maşgalany zordan ýaraşdyryp goýberýär.

* * *

Türkmenistanyň oba hojalygynda köp ýyl işlän we türkmen dilini suwara bilýän W.Owçarenkonyň gürrüňinden:

— Mary iline düşäýdigim, gülküli gürrüňlerini we şerebeli sögünçlerini diňläp hezil etmek üçin, her gezek Gurbandurdy Atamyradowyňka gelerdim. Ýagdaýymy gowy bilýän ýaşuly öňüme bir tabak nahar we bir çüýşe arak goýardy-da, sögünjine başlardy:

— Ynha, seniň ata-babaňyň oýlap tapan zährimary. Al, içip

otur! — Arak guýlan stakany elime alan dessime-de, gülmänysman suňşurardy:

— Öňüni yzyny aýlap geýip bolmaýan köýnek-balagy oýlap tapan ata-babaňa döneýin. Iç!

Soňky stakanlarda-da Gurbandurdy aga beterinden-beterini tapardy:

— Sag taýyny çep aýagyňa geýip bolmaýan ädik-köwşi çykaran ata-babaňa...

— Süýji gawundan ajy hyýary gymmat eden ata-babaňa...

* * *

— Sen näme belkäniň üstündäki dogralan etden ikiden tutup iýýärsiň?

— Üçden agzyma sygmasa nädeýin?

* * *

— Nirä barýaň?

— Teke bazaryna.

— Teke bazaryndakylara mendenem salam aýt.

* * *

Ylmy iş saparlarynyň birinde Akdepe etrabynyň merkezinde bile işleýän kärdeşim Jepbarmämmet Gökleňow bilen etrap raýkomynyň propaganda bölüminiň müdiri Beki Rejebowa duş geldim. Bular bilen ýük maşynyna münüp, Jepbaryň obasyna— Wasa gitdik. Küpürsäp ýatan kirşeňli ýol, yzdanam şemal. Maşyn her 20—30 metrden saklanyp, öňüne geçen tozan tä sowulýança garaşýar. Oba barýançak, üst-başymyz guma agnana döndi, ýüzümizdenem adam tanar ýaly bolmady. Maşyndan düşüp, çaň basan ýüzümizde ýyldyraşýan gözlerimize seredişip, gülşüp durşumyza Beki dillendi:

— Jepbar dost, şu itiň ölen ýerinde, çöl-beýewanda ýaşap, Aşgabatda okuwyň baryny nireden bildiň?

* * *

Burdalyk raýkomynyň birinji sekretary Myrat Gutlyýew kolhozymyzyň başlygy Maksat Şakulowa bilen baga gelýär. Kolhozyň bagbany Nedir Aky olaryň öňüne dürli miwe getirýär (agzynyň hapalygy we gaharjaňlygy üçin Nedir aga “Nedir jynly” hem diýerdiler). Behiştden çykan bu nazy-nygmatlara gözi düşen sekretar bagbana ýüzlenýär:

— Şeýle ajaýyp miweleri ýetişdirip bilýän daýhana Nedir jynly diýmek külli günä ahyry. Nedir, sen jynly dagy däl, gaty akylly adam ekeniň.

— Aý, ýoldaş Gutlyýew, “Il agzy ýirik” diýip eşitmänmidiňiz nä? Size-de Gutly guduz diýip ýörler weli, näme, siziň guduz ýeriňiz barmy?

* * *

Boýnundan asan süýtkädisine gelin süýt sagýar. Ýoldan geçýänlere seretjek bolanda, onuň sagýan süýdi kädä düşmän, onuň daşyna tazlap durmuş. Muny görüp gelen gaýynata gelnini biraz synlaýar-da, oňa ýüzlenýär:

— Gelin, käwagt-käwagt kädä-de sag.

* * *

Bir gezek basnýaçy şahyr Beghan Ýagmyr bilen duşuşanymda, ol meniň ýüzüme ýylgyrjaklap seretdi-de:

— Meniň adym Beghan, seniň adyň Soltanşa. Haýsymyzyň adymyzyň derejesi ýokaryka?—diýip sorady. Men dessine jogap gaýtardym:

— Soltanlaryň, şalaryň ýanynda ýanynda begler-hanlar jyňkyny çykaryp bilýän däldirler.

— Ol hanyna, begine bagly bolaýmasyn, gardaş. Çingiz hana-da “han” diýlipdir, emma ol ençeme şalary, soltanlary agzyna garadypdyr ahyry!

Men diýere söz tapmadym.

## KÖNE GOLÝAZMALARYŇ GÖZLEGINDE

Uzak ýyllaryň dowamynda golýazmalar hazynasy (häzirki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli golýazmalar instituty) Akademiýanyň Magtymguly adyndaky Dil we edebiýat institutynyň bir bölümi boldy. 1927-nji ýyllar çemesinde Abdylhekim Gulmuhammedowyň il içinden toplan gymmatly golýazmalarynyň we dokumentleriniň esasynda biýady goýlan bu hazynanyň üstüni ýetirip durmak we barha baýlaşdyrmak hem şol institutyň işgärleriniň paýyna düşdi. Bu ugurda A. Gulmuhammedowdan soň görnükli işleri bitiren A.Ahundow-Gürgenli, B.A. Garryýew, M.Kösäýew, Penji molla Agaly ogly, A. Taýymow, Z.B. Muhammedowa, Hudaýberdi Annaberdi ogly, Muhammetjuma Öwezgeldiýew, A. Mülkamanow, G.Nazarow, A. Aşyrow ýaly onlarça alymlaryň atlary hormat bilen tutulmaga mynasypdyr. Il içinde ylmy saparlara gidip başlanymdan soň, men hem hazynany baýlaşdyrmak işine goşuldym, Dänew, Çärjew, Garabekewül, Tagta, Köýtendag, Hojambaz ertraplaryndan getiren golýazmalarymy hazyna tabşyrdym.

Türkmen ilindäki köneden sowatly mollalaryň aglabasyny tanaýanlygymy nazara alyp, 1983-nji ýyldan soňra institut meni Muhammetjuma Öwezgeldiýewiň ýolbaşçylygyndaky golýazma toplaýan toparyň düzümine girizdi. Biz her ýyl üç alym we bir sürüji bolup, bir aýyň dowamynda "uazikli" welaýatlardan kitap ýygnaýardyk. Ilkinji saparymyz has şowly boldy. Öňki ýyllarda bir aýyň dowamynda jemi bäş-on kitap getirilen bolsa, biz Çärjew, Saýat we Garabekewül etraplaryndan 30 çemesi kitap topladyk. Halajyň Ahunly Gyzylaýak obasynda bolsa biziň kitap ýükümizi aňry ýany bilen ýetirdiler. Bu obada men Rozygeldi ahun, Mollaöde Hudaýberdi ýaly abraýly mollalary tanaýardym, olardan köp zat ýazyp alyp, atlaryny kitaplaryma-da girizipdim. Mollalaryň ikisi-de aradan çykypdyr. Ýerlerine baryp, el galdyrdyk. Mollaödäniň öýünde wraç ogly Ömür bar eken. Ol maňa:

— Soltanşa, geläýermikäň diýip garaşyp ýördük. Atamdan

galan köne kitaplar tozup barýar. Özi-de esli bar. Şolary sen äkit.

Gökdäki dilegimiz ýerde gowuşdy. Ömür jaýyň üçeginden (ikinji gatyndaky ammardan) iki halta kitap alyp düşdi. Annagurban Aşyrow bir haltany emaý bilen açyp, kitaplary ýeke-ýeke çykarmaga başlady. Olary gördügiçe-de, huşy başyndan uçup, bir hili alňasap başlady. Alňasamazça däldi: kitaplaryň ählisi gowy saklanan golýazma, daşbasmada çykany ýok diýerlik. Diýmek, her kitap ýeke-täk, deňsiz –taýsyz, unikal hazyna. Ömür üçegiň palçyk basgançaklaryndan ýokary çykyp, ýene kitap getirmäge gidende, Annagurban ýalbaryjy äheň bilen menden ýuwaşja haýyş edýärdi: "Agam, bu kitaplaryň ählisini Aşgabada äkideli. Bular tapylgysyz hazyna".

Ömür ähli kitaplary aşak düşürdi. Bir haltanyň burçuna ýokardan ýagyş damyp, ony çüýredibem başlapdyr. Biz kitaplary ýeke-ýekeden güne serdik. Annagurban çaýa-da gelmän, üç-dört sagadyny günüň astynda kitaplaryň ýanynda geçirdi. Dükandan iki sany uly çaý ýaşigini we esli kagyz getirip, kitaplaryň daşyna orap, olary ýaşiklere ýerleşdirdik, agzyny çüýläbem maşyna atdyk. Ýaşiklere sygmadyk kitaplary halta salyp, daşyny gowy daňdyk. Maşynyň içi şeýle daňylardan doldy galdy.

Bu tapyndy bizi näçe begendirse-de, Annagurban üçin uly kynçylyk döretdi. Gijesine maşyny gulply garaža salyp, gapysyny gulplamasa ynjalmady. Şeýle garažyň ýok ýerinde ol maşynda ýatdy. Biz ol kitaplary başybitin golýazmalar hazynamyza tabşyryp, komissiýanyň kesen nyrhy boýunça degişli puly Ömüre iberenimizden soň ynjaldyk.

Soňky ýyllarda-da men şeýle saparlara gatnaşdym, hersinde 50—60-dan kitap getirdik.

## YLMY GÖZLEGLER WE ÝETILEN DEREJELER

Öňki Soýuzyň çäklerinde ýaşaýan türkmenleriň ähli obalary boýunça şiwe aýratynlyklaryny görkezýän umumy atlasy düzmäge girişenligimiz we oňa material toplaýşymyz barada öňde biraz gürrüň beripdim. 1980-nji ýylda tamamlanan bu iş 175 kartadan we 40 çap warak möçberdäki ylmy derňewlerden

ybaratdy.

Atlas düzmek bilen bir hatarda biz dört awtor bolup, ýerlerden toplan şiwe sözlerimizi “Türkmen diliniň gysgaça dialektologik sözlügi” diýen at bilen 1977-nji ýylda 12 çap warak göwrümde neşir etdirdik. Mundan başga-da, 1971—1975-nji ýyllarda atlasdan daşary “Türkmenistanyň toponimiýasy” diýen ylmymonografiýany planlaşdyryp, ony wagtynda ýazyp gutardym. Ol 10 çap warak göwrümde 1981-nji ýylda neşir edildi.

Atlasa material ýygnamak üçin her ýylda 4—6 aýlap obalarda bolanymyzda men ýerlerden adam, tire-taýpa we ýer-ýurt atlaryna degişli ummasyz maglumat topladym, nakyllar we atalar sözlerini ýazyp aldym. Şolaryň esasynda çagalar üçin “Ýeriň dili” we “Adyň näme?” atly kitapçalary neşir etdirdim.

Neşir barada gürrüň edilende, kandidatlyk awtoreferatymdan soňky ilkinji kitabymy—“Türkmenistanyň toponimik sözlügini” çap etdirmek babatda çeken hupbatlarym ýadymdan çykar ýaly bolmady. Ol iş 1966-1967-nji ýyllarda ýazylyp gutaryldy.

Türkmen dil biliminde heniz şeýle sözlük düzülmedik bolsa-da, ol institutyň neşir planyna girizilmän, üç ýyl saklandy. 1968-nji ýylda bu sözlügi çapa bermegi haýyş edip, direktoryň huzuryna bardym. Ol hem “Beýle uly işi heniz kitaby çykmadyk ýaş oglanyň ýeke özüniň ady bilen çykartmak gelşiksiz bolar. Eger akademik ýa habarçy agza ýaly abraýly alymy awtor hökmünde ýanyňa goşsaň, bu kitap tiz çap bolar” diýdi. Men direktoryň näme diýjek bolýandygyna düşünýärdim, çünki şeýle usul bilen kitaplaryny nobatsyz çap etdiren işgärleri hem bilýärdim. Emma men bu teklibe kes-kelläm garşy çykdym, “Işi okap görmedik adamy özüme galamdaş edip, onda-da onuň adyny akademik hökmünde öz adymdan öňde goýup çykartmaly bolsam, şol kitap gümüne gitsin” diýdim-de, direktoryň ýanyndan öýkeläp çykdym. Ýöne direktor gep-sözden çekindimi, nämemi—sähel salymdan meni ýanyna çagyrdy-da, 1969-njy ýylda çykmaly kitaplaryň iň yzyndan meniň sözlügimi hem ýazyp plana goşandygyny habar berdi, sözüne gowy ynanmagym üçin hem ol işleriň sanawy çap edilen kagyzy elime tutdurdy. Bu gezek

men begenip, direktora sag bol aýdyp çykdym. Emma begenjim uzaga çekmedi. Birki aý geçensoň, "Ylym" neşirýatynyň 1969-njy ýylda neşir edilmeli işleriniň plany elime düşdi. Onda meniň adym ýok. Plany aldym-da, daljygyp, direktoryň huzuryna girdim. Gaharyma gepimi zordan düşündirdim. Ol "Akademiýanyň prezidiumyna iberen hatymyzda adyň bardy. Özüňem gördüň ahyry. Şol ýerde seniň adyňy aýrandyrlar" diýdi. Lapym keç bolup daş çykdym, göni akademiýanyň prezidenti Pygam Azymowyň huzuryna girdim. Azymow meni gowy diňledi, soňra kätibine akademiýanyň neşir planyna girizmek üçin institutlaryň iberen teklipnamalaryny getirmegi buýurdy. Biziň institutymyzdan gelen hatda meniň adym ýok. Ol maňa görkezilen hatam däl, aşagynda-da direktoryň goly bar. Başym aýlanan ýaly boldy. Özümi raslap, Azymowdan bu kitaby çykartmak üçin nätmelidigimi soradym, muňa hemaýat bermegi haýyş etdim. Olam: "Institutyň direktory—özbaşdak hojaýyn. Men prezidentem bolsam, onuň çykaran kararlaryny üýtgetmäge we buýruk bilen üýtgetdirmäge hakym ýok. Özüň dilini tapjak bol. 70-nji ýylyň planyna girizilmese, meniň ýanyma gel, şonda gepleşeris" diýdi. Lapym keç bolup, kabulhanadan çykdym.

Hydyr diýeniň hyrs çyksa, pygamber ornunda görüp ýören ady belli uly alymyňdan hem gödeklik bilen aldansaň, ýüzüňe urlan ýaly bolýan eken. Men birnäçe günläp aýlandyrylyp goýberlen ýaly bolup gezdim. Diňe nobatdaky iş saparyna gidenimsoň, ýüregime agram salan bu agyr duýgular biraz sabady. Şu iş saparynyň yz ýanynda sözlügi çap etmek işi ýokary guramalaryň we kärhanalaryň gatyşmagy bilen ýeňilje çözüldi duruberdi. Bu şeýle boldy.

Köýtendag etrabyna bir aýlyk ylmy saparda göz öňüne tutulan işleri 23 günde gutaryp, galan 5—6 güni Köýtende dynç almakçy bolduk. Bu ýerde Gowurdak kükürtçileriniň uly pionerlageri işläp, ol Kerki peduçilişesinde bile okan ýoldaşym Işdöwlet Osmanowyň garamagyndady. Biz lagerde iki gün bolduk, üçünji güni ir bilen "Köýten" kolhozynyň başlygy Seýit Narkabulow ýanymyza geldi we meni çalt raýkoma getirmegi tabşyrandyklaryny aýtdy.

Gumaksy oba ýoly bilen Köýten—Çarşaňňy aralygyny (90 km) iki sagatda geçip, raýkoma geldik. Bu ýerde Ýokary Sowetden jaň edilendigini, meni çalt Aşgabada ibermegi tabşyrandyklaryny, ol ýerden hem meniň Moskwa gitmelidigimi aýtdylar. Men näme üçin Aşgabada gyssagly çagyrylýandygyma diňe häzir düşünip galdym.

Iş saparyna gaýtmazymyzdan öňinçä SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky GUGK-nyň (Geodeziýa we kartografiýa boýunça baş dolandyrmanyň) işgärleri tarapyndan taýýarlanan "Türkmenistan SSR-niň geografik atlaryny rus dilinde dürs ýazmak boýunça düzgünnamanyň"golýazmasyny maňa syn ýazmaga beripdiler. Dürli diller we regionlar boýunça bu düzgünnamalar Moskwada orus dilinde düzülip, her respublikanyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumy tarapyndan makullanandan soň çap edilýärdi we onuň görkezmeleri öňki Soýuzyň ähli edaralary, guramalary üçin hökmany hasap edilýärdi. Ynha, şeýle instriksiýa biziň Ýokary Sowetimize iberilensoň, ony gözden geçirmek üçin akademiýa beripdirler, bu ýerde-de geogafik atlar babatda ýek-täk hünärmen hökmünde ahyr soňunda ol maňa tabşyryldy. Bu tipli dokumentler bilen men öňdenem tanyşdym. Onuň 1955-nji ýylda çykan ilkinji neşirinde-de, häzirki nusgasynda-da Türkmenistanyň geografik atlaryny orus dilinde ýoýup, asyl nusgasyndan has daşlaşdyryp ýazmak däbe öwrülipdi. Meselem: Garrygala—Kara-Kala, Esenguly—Gasan-Kuly, Bokurdak—Bahordok, Ýylanly—Ilýaly, Daşhowuz—Taşauz, Kaka—Kaahka, Garagum—Kara-Kumy, Amyderýa—Amy-Darýa, Jojukly—Ju-Ju-Klu, Ýolöten—Iolotan we ş.m. Şeýle gödek ýoýulmalaryň garşysyna men metbugatda birnäçe gezek çykyş edipdim. Ynha, häzir weli şol nogsanlary düzetmäge gatnaşmak meniň paýyma düşdi duruberdi. Men düzgünnamany ünsli öwrendim we güýçli dilçiler bilen maslahatlaşyp, ondaky bäş sany esasy düzgüni düýbünden üýtgetmegi talap etdim. Ol düzgünler şulardyr:

1. Tradision (däbe öwrülen) at hökmünde ýoýlup ýazylýan atlary orus dilinde asyl nusgasyndaky ýaly ýazmaly. Meselem: Amu-Darýa däl, Amyderýa, Kara-Bogaz-Gol — Garabogazköl,

Kara-Kumy — Garagum, Balhan — Balkan, Baýram-Ali — Baýramaly, Iolotan-Ýolöten we ş.m.

2. Ýogyn çekimlileriň öňünden gelýän g seslerini k bilen çalyşman, türkmen dilindäki ýaly ýazmaly: Kara-Kumy-Garagum, Kara-Kala — Garrygala, Kipçak — Gypjak, Karaman — Garaman we ş.m.

3. Sykylykly (щипящий) ş, şýa, ç, ž seslerinden soň y, ýu, ýa seslerini ýazmazlyk babatdaky orus diliniň dürs ýazuw kadasyny türkmen geografik atlary babatda ulanmaly däl. Meselem: Awçi däl — Awçy, Ajy-Ýab — Ajyýap, Çinarly — Çynarly, Karry-Çirla — Garryçyrla we ş.m.

4. Goşma atlary goşup ýazmaly: Kzy-Kly-Bend däl-Gazyklybent, Amu-Darýa — Amyderýa, Kara-Kumy — Garagum we ş.m.

5. Orus diline ýat bolan bäş sesi aşakdaky ýaly bermeli:

a) j ähli ýerde dž ses utgaşmasy arkaly ýazylýar.

b) ň sesi ng (goşa ňň hem bir ng), emma g, k sesleriniň öňündäki ň diňe n arkaly ýazylmaly: Esenmeňli — Esenmengli, Çaňly — Çangly, Çarşaňňy — Çarşangy, Maňgyşlak — Mangyşlak we ş.m.

w) ö sesi sözüň başynda (şol sanda, goşulyp ýazylýan goşma sözleriň ikinji sözüniň başynda hem) o, sözüň ortasynda ýo arkaly ýazylmaly:Ögem — Ogem, Garaözek — Garaozek,Dördül — Dýordul, Gökje — Gýokdže we ş.m.

g) ü sesi sözüň başyna u, sözüň ortasynda ýu arkaly berilmeli: Üçajy — Uçadžy, Köneürgenç — Kýoneurgenç, Jülge — Džulge we ş.m.

d) Ä sesi sözüň başynda a, ortasynda we yzynda ýa sesi arkaly ýazylmaly: Änew — Anew, Gämi — Gýami, Käriz — Kýariz we ş.m.

Bu esasy belliklerden başga-da, men düzgünnamanyň ownuk-uşak säwliklerini düzetmegi salgy berip, on sahypadan ybarat syn ýazdym. Bu syn terminologiýa komissiýasynda-da makullandy we şu bellikleri düzedip çap etmeli diýlip, karar kabul edildi. Onuň aşagyna komissiýanyň alym-kätibi Meretmuhammet Çaryýew ikimiz gol çekip, Ýokary Sowetiň

prezidiumyna tabşyrdyk.

Biziň belliklerimiz Moskwada uly gowur döreden bolmaly: olary düzetmän çap etmäge Aşgabatdan iberilen karar ýol bermeýär, düzetmäge-de harby edaralar garşy. Düzgünnama öz wagtynda çap edilmese, ony düzen edaranyň plany ýerine ýetjek däl. Şu zatlary göz öňünde tutup, syny ýazan Meretmuhammet ikimizi Moskwa çagyrmaly we her edip-hesip edip, bizi talaplarymyzyň köpüsinden el çekdirmeli diýen karara gelnipdir. Şonuň üçinem Moskwada Domodedowo howa meýdanyna düşüp, el goşlara garaşylýan jaýa giren badymyza aeroportyň radiosy biziň adymyzy tutýar: "Aşgabatdan gelen Atanyýazow we Çaryýew, size plan nomerli gara "Wolga" garaşýar".

Gara "Wolgada" "Düzgünnamany" düzüji bir aýal we bir erkek adam bar eken. Olar bizi Kremliň ýanyndaky "Moskwa" myhmanhanasynyň lýuks nomerinde ýerleşdirdiler we bir sagat dynç alyp, ýuwnup ardynyp, soňra restorana gitmelidigimizi habar berdiler, "Bardy-geldi, maşyn gerek bolsa, ynha, şu nomere jaň ediň, ýaňky "Wolga" geler, ol tä Aşgabada gidýänçäňiz size hyzmat etmeli" diýibem çykyp gitdiler. Otagda ýeke özümiz galandan soň, pikir edýärin: "mundan sähelçe öň pasportyňda ýaşaýan ýeriňi hasaba alýan ýazgy ýok diýlip, Moskwadaky hut öz wekilhanamyzyň jaýyndan ýer berilmän kowlup ýörenem bizdik, bu gün bolsa lýuks jaý, gara "Wolga", restoran. Bu zatlaryň bir çöpi bolmaly. Men edip oturan pikirimi daşyma çykardym:

— Meretmuhammet, şu wagta çenli Moskwa gelenimizde, myhmanhanadan ýer almak uly aladamyz bolardy. Moskwaly tanyşlara gawun-garpyz ýaly zatlary sowgat getirip, restorana-da biz çagyrardyk. Bu gezek tersine. Munuň bir emmasy berdyr. Hernä öz nukdaýnazarymyzy goramaly ýerimizde berk duruberi.

— Gaty berk durarys. Ýöne geografik atlar meselesine sen gowy belet. Özüň goran, özüň çykyş et, men seniň aýdanlaryňa goşularyn.

Ertesi bizi GUGK-nyň geografik atlar baradaky komissiýasynyň mejlisine äkitdiler. Biz baranymyzda, komissiýa

gatnaşýanlar (jemi 30-35 çemesi adam) zala ýygnanypdyr. Eý-ho-o! Mähelläniň ýarysy çemesi harby adamlar. Onda-da nähili çinler! Gözüňi gamaşdyrýan zer pogonlaryň hersinde birden-ikiden ýyldyz bar. Görkezilen ýere geçip oturdyk. Ýanymyza Kawkaz biçüwli bir adam gelip salamlaşdy, elleşip görüşdi, haýsysynyň Atanyýazowlygymyzy sorady. Soňra öz adyny aýtdy: Gaýoz Iliç Donidze. Men bu türkolog alymy ylmy işlerinden tanaýardym. Onuň türki toponimiýa babatda makalalary bardy. Donidze haty gowy taýýarlanlygymyzy, belliklerimiziň hem ýerliklidigini, bu babatda özüniň bize tarapdardygyny ýaňzadyp, ýerine geçdi. Ýygnagy graždan eşikli professor açyp, gün tertibini yglan etdi. Mesele köp eken, ýöne biziň meselämiz öňe geçirildi. Her belligimize aýry-aýrylykda garalyp, aýratynlykda karar kabul etmek babatda ylalaşyldy. Birinji belligimiz-tradision atlaryň ýazylyşy. Köpçülik biziň pikirimizi goldamady. Märekeden sussum basylyp, özümem gowy çykyş edip bilmedim. Ikinji belligimiz ýogyn çekimlileriň öňünden gelýän g sesleriniň k sesi arkaly ýazylyşy (Karakum). Munda-da Donidzeden başga ähli adam biziň belligimize garşy çykdy.Bu sapar men iki-üç gezek çykyş edip, öz nukdaýnazarymyzy berk goradym. Sözüme pitiwa edilmejegine gözüm ýetensoň, başlyga ýüzlenip, has ýiti gepledim:

— Ýoldaş başlyk, siziň dykgatyňyza hödürlän we üýtgetmegi talap edýän belliklerimiz diňe bir Çaryýew ikimiziňki däl, olary türkmen dilçileri we Türkmenistan hökümeti goldady. Ol bellikleri kabul etmän, ýeke-ýekeden ret edip durjak bolsaňyz, siziň mejlisiňizde bizip işimiziň ady ýok. Biz zaly boşatjak.

Medeniýetli, salyhatly alymlaryň we uly, epeý harby adamlaryň arasynda gaharlanyp, meniňki ýaly gömelteý çykyş edilmeýän bolara çemeli: bu sözlerim oturanlara bulutsuz gün gök gürlän ýaly täsir etdi, olaryň köpüsi gaňrylyp, maňa täzeden seretdiler. Başlyk menden biraz köşeşmegi haýyş edip, ýanynda oturan bir ofisere g we k sesleri bilen başlanýan geografik atlaryň kartada tutýan ornuny takmyny kesgitläp gelmegi buýurdy we 10 minutlyk arakesme yglan etdi.

Kompýuterde hasaplap, türkmen toponimiýasynda g we k

sesi bilen başlanýan atlaryň 15-20 % bardygy yglan edilensoň, harby adamlar yzly-yzyna çykyş edip, biziň teklibimiziň kabul edilip bilenmejekdigini, çünki bu işiň harby ýagdaýda ullakan bulam-bujarlyga getirjekdigini, dürli masştably kartalaryň ähli görnüşini täzeden çap etmäge mejbur bolanjakdygyny, munuň bolsa ummasyz serişde talap edýänligini janygyp-janygyp düşündirýärdiler. Gepleýänleriň ählisi delillerini bize düşnükli bolar ýaly edip, bize ýüzlenip aýdýardylar. Şeýlelikde, ikinji belligimizem kabul edilmedi. Ýöne weli mundaky ýiti çykyşym oturanlara täsir etdi, soňky üç belligiň üçüsi-de biziň isleýşimiz ýaly kabul edildi. Muňa seretmezden iki belligimiziň yza gaýtarylany üçin biz düzgünnamanyň kabul edilmegine garşy bolduk.

Ertesi awtorlar bizi günümize goýmadylar. Biri meni şu düzgünnamanyň rejeleýjisi belledip, oňa düşýän puly gitmänkäk alyp berjekdigini aýtsa, beýlekisi geografik atlar barada taýýar işimiz bar bolsa, ony çalt çykarmaga kömek etjekdigini ýatladýar. Men öňde agzalan, emma neşir planyndan galdyrylan sözlügimi kitap görnüşinde daşladyp, ony ýanyma alypdym. Sözlügi görüp awtorlar ony neşir etdirmegiň ugruna çykdylar. Bu mesele bilen meni GUGK-nyň uly başlyklarynyň biriniň huzuryna äkitdiler (arman onuň adyny unudypdyry). Harby adamlar tarapyndan goralýan alty gat jaýyň ikinji gatyndaky uly kabulhana bellenen wagtda bardyk. Gapyda kätibiň ornunda oturan gartaşan maýor gelenligimizi habar berip çykdy-da, “Giriň” diýdi. Girdik. Graždan eşikli, gözi äýnekli ýaşuly adam ýerinden turup, zalyň ortasynda bizi garşy aldy, uly jaýyň burçunda goýlan stoluň töwereginden bize oturmaga ýer görkezdi.

— Oturyň. Men size gök çaý bereýin. Türkmenler gök çaý içýärler. Urşuň öň we soň ýanlarynda Garagumda işlänimde, men türkmen çaýyny köp içipdim — diýip, özi barada gürrüň bermäge başlady. Çaý başynda bu uly başlyk meniň sözlügimi waraklamaga oturdy. Hamala, türkmen diline düşünýän ýaly, onuň käbir sahypalaryna esli salym seretdi. Soňra:

— Gowy sözlük. Ynha, bize şeýle işler derwaýys. Eger muny orus diline terjime edip getirseňiz iki aýa goýman çap ederis

diýdi. Menem sözlügi terjime etmek üçin wagt gerekligini, ilki öz ene dilimde çykartmak niýetimiň bardygyny aýdanymsoň,ol:

— Goý, şeýle bolsun. Men bu işi çaltlaşdyrmagy Ýokary Sowetiňiziň Prezidiumynyň başlygy Annamuhammet Gylyjowdan we akademiýaňyzyň prezidenti Pygam Azymowdan haýyş ederin. Eger hat gerek bolsa, hatam ýazyp bileris—diýdi. Men resmi hat ýazmagy haýyş etdim. Oturan stolumyzda-da kätibi çagyrar ýaly düwme bar bolmaga çemeli: maýor içeri girdi. Ol haty nähili äheňde taýýarlamak babatda buýruk alyp, meniň kitabymyň adyny hem onuň içki sahabyndan göçürip daş çykdy, birki minutdan hem üç nusgalykda çap edilen hatyň birini maňa berdi, ikisiniň hersini bir uly bukja ýerleşdirdi. Olaryň biri Gylyjowa, beýlekisi Azymowa ýazylypdyr. Bukjanyň ýüzünden çilepleýin (diagonallaýyn) uly gyzyl çyzyk geçip, onda “Hökümet haty” (Prawitelstwennoýe”) diýen ýazgy bar.

Biz by salyhatly adam bilen mähirli hoşlaşdyk. Bu hatlaryň ertäniň özünde iberilen ýerine gowuşjakdygyny aýdyp, düzgünnamanyň hilini gowulaşmagyna eden ýardamymyz üçin bize hoşallyk bildirdi.

Dogrudan-da, hatda bizden has öň Aşgabada gelipdir. Olaryň mazmuny barada Gylyjowyň Azymowa näme diýeni belli däl, emma Azymow meni gözläpdir we çalt tapyp, öz huzuryna ibermegi tabşyrypdyr. Gelen dessime bardym. Azymow meniň gidenligimi bilmeýän eken, bu babatda ol dil ýarmady. Aramyzda şeýleräk gürrüň boldy:

— Şu ýylky plana goşulmadyk sözlügiň ykbaly nähili? Direktoryňyz bu barada hiç zat diýenokmy?

— Ýok. Ol hakda özümem direktordan huç zat haýyş etmedim.

— Zyýany ýok. Sözlügi akademiýanyň prezidiumyna goýlan neşir paýynyň (limitiň) hasabyna nobatdan daşary ederis. Işiň ähmiýetini nazara alyp, men ol hakda eýýäm buýruk berdim.

Buýrugy Moskwadan gelen hatyň berdirendigini bilýänem bolsam, bu hakda zat diýmän, minnetdarlyk bildirip oňaýdym. Azymow soragyny dowam etdi:

— Sözlük neşire taýýarmy? Onuň rejeçisi (redaktory) kim?

— Öňki gezek gelenimde oňa rejeçi bolmagy sizden haýyş edipdim. Sizem razy bolupdyňyz.

— Beýle zat bolup bilmez. Ylmy işlere rejeçi bolmak prezidentiň wezipesine girmeýär, oňa meniň wagtymam ýok, rejelän işimem ýok.

Azymowyň bu sözleri hakykata dogry gelmeýärdi, käbir dilçi alymlaryň (meselem, Berdi Hojaýewiň) çap bolan işleri prezidentiň rejelemegi bilen çykypdy. Uly wezipedäki ýaşuly adamlaryň aýdan sözlerini ýadymdan çykaraýmak endigini nazara alyp, Azymow hiç bir wagt rejeçi bolmagy boýnuna almadygam, hatda bu babatda öň gürrüň gozgalmadygam bolsa, men bir depen ýerimi depip, ýalan sözledim:

— Şu işe özüm rejeçi bolaýaryn diýipdiňiz, Pygam Azymowiç!

— Haý, näbileýin. Men beýle zady hiç kime söz berýän däldirin öz-ä.

Atan okum nyşana degdi, Azymowyň biraz gowşap alasarmyk ýagdaýa düşenini aňanymsoň, hasam ekabyrlandym:

— Şeýle zady aýtmasyn-a aýtdyňyz, ýöne gaýtmyşym etjek, beren sözümi yzyna aljak diýseňiz, onda başga gep.

— Ýeri, bolýar, berlen sözüň yzynda durmaly bolar. Işiň birinji nusgalygyny şu gün getir.

Azymow işi ymykly okap, onuň her sahypasynyň aşagyna gol çekipdir. Men onuň käbir belliklerini düzedip, işi neşirýata tabşyrdym.

“Kötek güýçli bolsa, ýüň gazyk ýere girer” diýlişi ýaly, gysga wagtda sözlük ýygyldy, ýöne göwrüminiň ululygyna (16,6 çap warak) seretmezden, bu iş ýuka sahapda çykarylmaly edilipdir. Neşirýatda bu babatda eşidip, Azymowyň ýanyna ylgadym. Gapydan giribem:

— Pygam Azymowiç, sözlük tiz çykýar, ýöne onuň sahabyny (daşyny) ýoka kagyzdan edýärler. Sözlük diýeniň bir gezek okalyp taşlanýan kitap däl, ol günde-günaşa seredilip durmaly gollanma. Şonuň üçin onuň daşyny hiç bolmanda kartondan etmek barada buýruk beräýseňiz—diýdim.

Azymowyň nämedir bir zatlara gahary gelip, keýpsiz oturan

wagty eken. Ol:

— Sözlügiň nämedigini sen maňa düşündirme. Näme indi akademiýanyň prezidenti kitabyň daşyna goşulmalymy? Sen näme, meni oglan-oglanjyk hasaplaýarmyň? Bar, beýle ownuk zatlary Atabal Saparowiç bilen çöz—diýdi.Ýüzüme urlan ýaly bolup çykdym. Biraz özümi dürsänimsoň, Atabal Saparowiçiň iş otagyna girip, oňa salam berdim. Ol özüne mahsus äwmezeklik bilen ilki äýnegini aýryp, stoluň üstünde goýdy, soňra esli salym sesini çykarman ýüzüme seredip durdy-da:

— Gurgunmy, Soltanşa, ýeri, näme iş bilen geldiň? Gaty aladaly görünýäň-le — diýdi. Men sözlügiň ýagdaýyny, bu babatda Azymowyň ýanyna girenligimi aýtdym. Azymowam "Sözlük gündelik ulanylýan, ýana göterilýän gollanma. Onuň daşy gaty, has gowusy, lederine gaplanan bolmaly. Bu meseläni Atabal Saparowiç çözsün" diýip, siziň ýanyňyza iberdi — diýdim. Saparow öňki endigi boýunça esli ýüzüme seretdi, soňam maňa oturgyjy görkezdi:

— Hany, otur, bakaly, Azymow buýran bolsa, seniň kitabyňy zerden gapladarys.

Ol jaň edip, akademiýanyň maddy-tehniki önümçilik bölüminiň baştutany Awesowy ýanyna ýagyrdy. Gelensoňam:

— Azymowyň rejeçi bolmagynda şu ýigidiň kitaby çykýar. Onuň jildi gaty we lederinli bolmaly. Bu—prezidentiň buýrugy. Sende şol zatlar barmy?—diýip sorady.

— Häzir kartonam, lederinem ýok. Eger Azymow buýran bolsa, onda Moskwa gidip getirmeli bolaryn. Hat-peteklerimi düzedip, ertirem ugraryn.

Awesow gidenden soň, menem sag bol aýdyp daş çykdym. Ikinji gatdan düşüp barýarkam galpyldy basýar: "Awesow haýsydyr bir dokumente gol çekdirmek üçin Azymowyň ýanyna barsa, ol Moskwa näme üçin gidýänligini sorar. Sözlüge karton we lederin getirmek üçinligini aýdaýsa, meniň ägim açylar. Bulaşdyran bolaýmasam ýagşydyr". Bagtyma, Azymow ertesi ir bilen bir ýana uçupdyr, ähli kagyzlara-da A. Saparow gol çekipdir. Azymow ol zatlary bilmän galdy. Meniň kitabymyň jildi liderinli, ýüzüne-de ady zer reňk bilen ýazylyp çykdy.Ýöne

bu sözlük doly däldi, oňa materiallar howul-halat ýygnalypdy. Şonuň üçin atlas düzmek üçin obalara sansyz saparlar döwründe men onuň üstüni ýetirip, 1979-njy ýylda bu işi iki esse ulaldyp çapa taýýarladym. Öňki sözlük bary-ýogy 3000 sözi öz içine alýan bolsa, bu sözlüge 7000 söz girizildi.

Işi taýýar görnüşde rejelemäge Azymowa berdim. Ol indi prezident däldi, biziň institutymyzda bölüm müdiridi. Azymow işiň göwrümini gördi-de:

— Gaty uly iş edipdiň, ýöne muny çap edirmek kyn bolar. Men indi prezident däl. Şonuň üçin aakademiýanyň häzirki prezidenti Agajan Geldiýewiç Babaýewden ikinji rejeçi bolmagy haýyş edeli. Ol seniň halypaň, özi-de geograf. Toponimikany geografiýa ylmy hem öwrenýär—diýdi, Babaýewi bu işe etmegi-de öz üstüne aldy. Şeýlelikde, bu uly işi iki prezidentiň rejegärlik etmeginde 1980-nji ýylda çap boldy. Ähli gazetler we žurnallar ol barada öwgüli synlaryň jemi 40 çemesini çap etdi. Diňe bir Türkmenistanda däl, eýsem goňşy döwletleriň gazet-žurnallarynda-da bu barada uly-uly makalalar ýazyldy (meselem, Moskwada 3 makala, Özbegistanda 5, Azerbaýjanda, Gyrgyzystanda, Gazagystanda hem hersinde birden syn neşir edildi). Bu sözlük Türkmenistanyň Ylym we tehnika baradaky döwlet baýragyna hödürlenip, 1983-nji ýylda oňa mynasyp boldy.

Şiweleriň atlasy düzülip gutarylansoň, 1980-nji ýylda Pygam Azymow maňa özüniň tagllasy bilen ýakynda açylan terminologiýa bölümine işe geçmegi teklip etdi we:

— Terminologiýa—diliň gyzykly ugry. Isleseň, terminleri derňe, sözlük düzjek diýseň, sözlük düz. Şu bölümiň planyna onomastikadan derňewleri hem girizeris. Belki, bu ugurdan gowy bir temany planlaşdyryp, ony doktorlyk dissertasiýasy edinersiň—diýdi. Men razylaşdym. Bu bölümde ilki bilen P. Azymow, W. Mesgudow we men üç bolup, gysgaltmalaryň sözlügini taýýarladyk (ol 1985-nji ýylda çap boldy), soňra men özüme türkmen tire-tabpalarynyň atlarnyň düşündirişli sözlügini düzmegi planlaşdyrdym. Iki ýylda ýerine ýetirilen bu göwrümli iş “Slowar turkmenskih etnonimow” (“Türkmen tire-taýpa

atlarynyň sözlügi”) at bilen orus dilinde çap edildi. Şondan soňra men etnonimleriň dil we etnografik derňewini planlaşdyryp, ony 1990-njy ýylda doktorlyk dissertasiýasy hökmünde goramaga hödürledim.

1986-njy ýylda P.Azymow terminologiýa bölüminiň müdirligini maňa tabşyryp, özi pensiýa gitdi, ýöen ylmy konsultant hökmünde ol günüň birinji ýarymynda öz iş otagynda işlemegi dowam etdirdi.

1980-nji ýyllardan başlap, P.Azymow dagynyň 7—8-nji klaslar üçin ýazylan “Türkmen dili” diýen okuw kitaby gazet-žurnallaryň sahypalarynda ençeme gezek ýiti tankyt edildi. Azymow tankydy agyr kabul edýärdi. Şeýle makalalaryň birinden soň, ol meni iş otagyna çagyrdy. Bardym. Azymow görüp oturan kagyzlaryny meniň öňüme süýşürdi-de:

—Ynha, gör, murgaply oba mugallymy Ata Akbäbäýew diýen bir ýigit özüçe okuw kitabyny düzüp, maňa görkezmage getiripdir. Erbet däl, mugallym bolup işleýänligi, dilçi mugallym hökmünde tejribesiniň bardygy duýulýar. Ýöne onuň kitabynyň teoretiki taraplary gowşak, ylym bilen iş salyşmaýandygy bildirip dur. Bu ugurdan ýazylan biziň okuw kitaplarymyzyň nähili tankyt edilýändigini özüňem birýärsiň. Köpüsi nädogram bolsa, käbir bellikleriniň jany ýok däl. Şonuň üçin şu golýazmany we biziň okuw kitabymyzy gözden geçir, senem ýedi ýyl mekdepde mugallym bolduň. Tejribäň ýeterlik. Seni we Atany awtorlaryň hataryna goşmagy men Magaryf ministrliginden haýyş etjek—diýdi. Şeýlelikde, öň üç awtoryň (P. Azymowyň, H. Baýlyýewiň we M. Çaryýewiň) atlary bilen çykarylýan, özi-de 7—8-nji klaslara niýetlenen “Türkmen dili” diýen okuw kitabyny ýazýanlaryň hataryna Ata ikimiz goşulyp, olary esli wagtlap işledik, gönükmelerini başybitin çalyşdyk, mazmuny terbiýeçilik işine hemaýat eder ýaly tekstleri saýladyk. M. Çaryýew we P. Azymow gözden geçirensoň, olar neşir edilip, mekdeplere hödürlendi. Bu kitaplar döwletimiziň dilçi mugallymlary tarapyndan ýokary baha mynasyp hem boldy.

M. Çaryýew, A.Akbäbäýew üçimiz ýokary klaslarda türkmen dilini okatmagyň metodik gollanmasyny hem ýazyp

çap etdirdik. Okuw kitaplaryna gatnaşmagym barada gürrüň edilende, ýaşlara edep-terbiýe öwretmek maksady bilen “Edepnama” diýen kitaby ýazyp, köpçülige hödürlänligimi ýatlamakçy. Bi kitap mekdeplerde “Edep” sapagy okadylan ýyllarda esasy gollanma hökmünde ulanyldy.

Okuw kitaplaryny we gollanmalary düzmekde bize Pygam Azymowyň baý tejribesi, onuň maslahatlary uly goldaw berdi. Ylmy ata hökmünde bu uly alymyň hut meniň özüm üçin eden tagallalaryny men minnetdarlyk bilen ýatlaýaryn. Alym hökmünde adykmagymda-da Pygam Azymowyň roly az bolmady. Arman, ady belli bu meşhur alymyň 80 ýaşyny toýlamaga ýaňy taýýarlyk görüp başlan uçurlarymyzda, 1994-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda awtomobil heläkçiliginde ol wepat boldy. Ýatan ýeriňiz ýagty bolsun, uly halypa!

Akademiýada işlenen uzak döwrüň dowamynda ylmyň dürli ugurlary boýunça köp meseleleriň başy agyrdyldy, gazet-žurnallarda müňden aşa, ylmy ýygyndylarda we ylmy žurnallarda ýüzlerçe makalalarym çap bolup çykdy. Olaryň ählisi barada gürrüň etmek, hatda gysgaça syn bermegem mümkin däl, onuň geregi-de ýok. Ýöne şu ýatlamalary okap çykan käbir okyjyda meni gyzyklandyran, ylmy derňewlere imrendiren meseleleriň nämelerdigini bilmäge, bu barada neşir etdiren işlerim bilen tanyşmaga höwes döremegi mümkin. Şuny nazara alyp, özümiň şu wagta çenli çap bolan ululy-kiçili kitaplarymy (ylmy makalalary däl) sanap geçmegi makul bildim (Iş haýsy dilde ýazylan bolsa, onuň ady şol dilde getirildi).

1. Toponimika Ýugo-Wostoçnogo Turkmenistana. Awtoreferat.—Aşhabat. 1966.— çap warak.

2. Türkmenistanyň toponimik sözlügi.—A: Ylym, 1970.—16,6 ç.w.

3. Ýeriň dili. –A.: Türkmenistan,1971.—2,3 ç.w.

4. Türkmen diliniň gysgaça dialektologik sözlügi.—A.: Ylym, 1977.—10 ç.w. (jemi 4 awtor bolup ýazylan iş).

5. Adyň näme?—A.: Magaryf, 1978.—2,3 ç.w.

6.Türkmenistanyň geografik atlarynyň düşündirişli sözlügi.—A.: Ylym, 1980.—31,8 ç.w.

7. Dialekt leksikasy.—A.: Ylym, 1980.—6 ç.w. (kollektiw).

8. Türkmenistanyň toponimiýasy.—A.: Ylym, 1981.—10 ç.w.

9. Söz mülküne syýahat.—A.: Magaryf. 1984.—17,55 ç.w.

10. Pygam Azymow (biobibliografiýa).—A.: Ylym, 1984.—5.73 ç.w.

11. Russko-turkmenskih slowar, sokraşeniý,--.: Ylym, 1985.—30,53 ç.w (P. Azymow W. Mesgudow b.n b-de).

12. Türkmen dilinden metodik gollanma.—A.: Magaryf, 1988.—9,25 ç.w. (3 awtor).

13. Slowar turkmenskih etnonimow.—A.: Ylym, 1988.—15,04 ç.w.

14. Türkmen dili. VIII klas üçin okuw kitaby.—A.:Ylym, 1989.—8,5 ç.w. (4 awtor).

15. Türkmen adam atlarynyň sprawoçnigi.—A.:Türkmenistan, 1989.—32,76 ç,w. (3 awtor).

16. Türkmen dili. IX klas üçin okuw kitaby. –A.: Magaryf, 1990.—8,3 ç.w. (4 awtor).

17. Etnonimy w turkmenskom ýazyke. Awtoreferat doktorskoý dissertasii. –A.: 1990.—2 ç.w.

18. Pygam Azymow (biobibliografiýa). Üsti ýetirilen ikinji neşir—A.: Ylym, 1990.—8,05 ç.w.

19. Türkmen adam atlarynyň düşündirişli sözlügi.—A.: Türkmenistan, 1992.—21,4 ç.w.

20. Edepnama. –A.: Ruh, 1992.—4,5 ç.w.

21. Türkmen dili. VII klas üçin okuw kitaby.—A.:Magaryf,

1993.—8,5 ç.w. (4 awtor).

22. Şejere (Türkmeniň nesil daragty).—A.:Turan-1, 1994.—20 ç.w.

23. Etnonimi w turkmenskoý ýazyke.—A.:1994.—14,1 ç.w.

24. Türkmen adam atlary (ZAGS-lar üçin gollanama), --A.: Ruh, 1995.—22 ç.w. (# awtor).

25. Türkmenistanyň welaýatlarynyň, etraplarynyň, şäherleriniň, şäherçeleriniň we obalarynyň atlary.Türkmen, rus we iňlis dillerinde ýazylyşy boýunça gollanma.—A.: Ruh, 1995.—4 ç.w. (3 awtor).

26. Sakar ili.—A.:Ruh, 1996.—11 ç.w.

27. Täsinlikler dünýäsine syýahat.—A.: Türkmenistan, 1999.—3,5 ç.w.

**Ikinji kitabyň soňy.**

## SÖZSOŇY ÝERINE

## GEÇILEN ÝOLLARYŇ KYSSASY

Ilimizde belli filolog al, köne mugallym, özüni türkmen intelligensiýasynyň görnükli hem işjeň wekili hökmünde tanadan Soltanşa Atanyýazowyň “Ýola elten ýodalar” atly awtobiografik eserine sözsoňy ornundaky şujagaz ýazgylary başlamak maňa aňsat düşmedi. Awtoryň hysyrdyly zähmet hem üýtgeşik talant, halkyna, diline, geçmişine söýgi hem buýsanç arkaly gazanan sepgitleri, kitabyň aňyrsynda duran sadadan gyzykly gürrüň edip bilýän awtoryň gabarasy meni, dogrusyny aýtsam, biraz ýaýdandyrjak boldy. Onuň şeýle gyzykly, okyjy üçin köp geňtaýlyklary açýan sözünden soňky gürrüňime uç tapmajak ýaly boldum.

Ýöne ol uç eseriň öz adynda eken.

Bir akyldar “Maňa daýanç nokadyny tapyp beriň, men dünýäni çepbe çöwreýin” diýipmiş.

“Ýodalaryň” gürrüňine daýanç nokady onuň öz adynda eken.

Bu nämäni aňladýar?

Munuň özi Soltanşa aganyň ýüzlerçe sahypalayk, müňlerçe sözlemlik mazmunyň özenini şol mazmuna gaty jaý ýelmenen atda ýerleşdirip bilendigini aňladýar. Şonça mazmuny özünde jemläp bilen halatynda at simwolik mana eýe bolýar. Çünki simwol—Böwenjikdir. Böwenjigiň näçe bolsa-da, näme bolsa-da doýdum-doldumy bolmaýşy ýaly, simwol hem näçe many-mazmunyň bolsa öz içine sygdyryp otyr. Ol munça tagamy hem manyny içime sygdyryp bilemok diýýän, şonuň üçinem guraksy shemalara geçirip bolýan, çeperçilik öýkeni görnüp duran,

estetik ýyndamlygy samanhana çenli bolan Allegoriýa däl.

Soltanşa aganyň filolog hökmünde näderejede kämilligini, talantynyň tereňligini görkezip bilýän ol simwol—Ýoldur. Ýol türkmeniň intelligent hem intellektual dilinde indi ýüzlerçe ýyllar bäri köp many gatlaklaryna eýe bolan söz. Munuň düýp sebäbi bolsa bu halkyň ruhunyň aýratynlygyndan gelip çykýar. Türkmeniň taryhyny okasaň, onuň taryhy durmuşynyň mydama göç-hä-göçlük bilen, taýpalaryň hem tireleriň onlarça, hatda ýüzlerçe ýyllyk migrasiýasy bilen baglanyşyklydygyny görýärsiň. Türkmen at üstünde, atam ýol üstünde. Içki ýaşaýyş energiýasy dyňzap duran türkmen tas müň ýylyň dowamynda Ýewraziýanyň ägirt giňişliklerinde ondan-oňa halk bolup, uly-uly taýpalar bolup göçüp-gonupdyr. Şonuň üçinem “ýol” bir gatlakly sözlüginden türkmeniň aňynyň, ruhunyň hem diliniň esaslaryny, özenini aňladýan simwola öwrülipdir.

Ýol bolsa diňe tapyşdyranok, ýol aýrylyşdyrýar hem. Aýrylyşmak, aýralyk geçmiş  nostalgiýasy bilen baglanyşykly. Islendik başga bir Gündogar halky ýaly, türkmende-de geçmişiň kulty güýçli.

*Gökden uçan bölek durna,*
*Biziň iller ýerindemi?*

Ýa-da:

*Uçup barýan ak guşlar,*
*Meniň joram sagmydyr?!*
*Durna, ak guşlar hem ýolagçylar.*

Klassyk türkmen şahyrlarynda ýoluň içki täze simwolik gatlaklary açylýar. “Ýol” indi diňe ruhy hem geografik alyslyga däl, eýsem ahlaky, ömür alyslyklaryna eltýän zat bolup durýar:

*Ýol üstünde ölsem, ýola atsalar,*
*Razy men,üstümden basyp ötseler...*

*Bu ýollardan dogry barga düz aşdy...*
*Ýol uzak, garaňky, duman görüner...*

*Çyn derwüşler ýo, diýiň aglar...*

Şeýlelikde, ýol sözüniň dürli many gatlaklaryny göz öňünde tutup, diňe şondan soň, S.Atanyýazowyň şu kitabyny okamaga girişseň, kitabyň awtor tarapyndan göz öňünde tutulan many barlygyna doly düşünip bolar diýip pikir edýärin. Çünki okamany hem başarmak gerek, sebäbi diňe ýazmak däl, eýsem ondan-da beter—okamak sungaty bolsa gerek. Ýazmak bagtyna bir gezeklikçe—ýazyp gutarýançaň eýe bolýarsyň, okamak bagty bolsa ömürlik—her gezek kitaby eliňe alanyňda berilýär. Ýöne ol bagtyň ölçegi düşünip bilşiňe bagly bolýar.

Düşünmegiň düýp manysynyň bolsa many köpdürlüligi aňlamaklylyga barýany üçin, "Ýola elten ýodalaryň" mazmunyndaky käbir many ýumaklaryna üns çekmek isleýäris.

## 1-nji gatlak: ÖMÜR ÝOLLARY

Soltanşa aganyň bu kitaby awtobiografik powest hökmünde häsiýetlendirýär. Diýmek, awtor öz dili bilen özüniň başdan geçiren ömür wakalary hakda gürrüň berýär. Şonuň üçinem eserde, umumylaşdyryp alanyňda, bäş sany many gatlagy bolan "ýollaryň" iň üstküsi ömür ýollarydyr. Uly alymyň, doga intelligentiň ömür ýollary diýenimizde, ilki bilen, onuň alym bolýança, şahsyýet hökmünde doly formirlenýänçä geçen ömrüni göz öňünde tutýaryn. Munuň özi, gödek aýdylanda, alymlyk ömrüniň "garalamasy", ömür owkadynyň aşhanasyndaky biş-düşlerdir. Eýse miweli agajyňam her ýyllyk ömrüniň miwä çenli döwri, miwe bişenden soňky, ýagny şol agajyň daş-töwrek üçin manysynyň doly açylan döwri bolýar ahyryn.

Ýöne ömür menzilini gymmatlygy taýdan birhili ala tutup bahalandyrmak—bu biziň pikir ýöredişimiz. Öz ömri hakda gürrüň berýän adam üçin bolsa olaryň ikisi-de deň, asyl, belki, onuň üçin beýle bölünişik hem ýokdur. Men Soltanşa

aganyň kitabynyň birinji bölümini okap, dogduk mekan, asyl, ata-baba, dogan-garyndaş diýlen düşünjeleriň onuň üçin näderejede ezizdigine göz ýetirdim. Lebabyň gözel tebigatynyň ussatlyk bilen suratlandyrylyşy bu awtorda ýazyjyk ukybynyň birkemsizdigine güwä geçýär. Muňa göz ýetirmek üçin, iň bolmanda powestiň ilkinji, "Dogduk mekana" atly bölegini okap çykmak ýeterlik. Awtor öz hakydasyna gidýär. Eýýäm ilkinji sahypalarda Soltanşa aganyň intellektiniň, pikirleniş stiliniň baş aýratynlygy göze ilýär: onuň hakydasynda giňişligiň hem wagtyň ýollary sepleşip gidýär. Öz dogduk mekanyna gaýybana syýahat edýän awtor ol ýerdäki taryhy ýadygärlikleriň, harabalaryň, kökleriň arasynda durup, çuň pikire batýar. Diýmek, ol wagtyň, taryhyň ýollaryna düşüpdir. Awtoryň hakydasynda iki hili alyslygyň: ýakyn alyslygyň we daş alyslygyň bardygy badabat göze ilýär. Daş alyslyk ony iki müň—iki ýarym müň ýyllyk uzaklyga alyp gidýär. Eýsem-de bolsa, taryhy wagtyň şeýle giň serhetlerinde syýahat edip bilýän aň, teoretiki pikirlenmäniň iň ýokary derejesine ýetmekden başga-da, aýry-aýry pursatlarda inçe duýgulary başdan geçirip bilýär. Wagtyň gizlin, pynhan owazlaryny eşitmäni başarmak üçin iň esasy zat ýürek gerek bolara çemeli.

Hakydanyň ýakyn alyslygy diýenimde men alymyň çagalyk ýatlamalaryny göz öňünde tutupdym. Şu ýerde meni aňk eden, illerem haýran galdyrjak fakt awtoryň gaty irki—baryp 4—5 ýaşyndaky gören-eşiden wakalaryny gaty anykly bile ýatlaýanlygydyr. Göräýmäge şol ýaşdaky görlen zatlar babatda adam hakydasy has öçügräk boljak ýaly. Emma beýle däl. "Ol döwrüň aýallary sary leçekli uzyn bogmaç (börük) geýerdiler. Ynha, günleriň birinde iki sany adam gelip, atamy çagyryp, hol çetdäki tuduň aşagyna äkitdiler we nämedir bir zat barada köp jedelleşdiler. Enem öýdedi, men bolsam çagalygym üçin, olaryň gürrüňini diňlesemem, hiç zat düşünmeýärdim. Köp jedelden soň, atam olar bilen razylaşdy. Ol öýe geldide, enemden bogmajyny çykaryp, kellesine ýaglyk daňmagy talap etdi. Enem aglaý-aglaý bogmajyny çykaryp, taýýar eden ýaglygy bilen başyny sarady, soňra bogmajynyň daşyna saralan

ýaglykdyr matalary çözleşdirip, emaý bilen eplap, bir ýaglyga dolady”. 3—4 ýaşly çaganyň hakydasynda şeýle detallaýyn zatlaryň galmagy  haýrana goýýar. Megerem, ol detallar şol setirler ýazylýança hakydanyň ikinji planyna geçip, ýyllar boýy “içki otagda” saklanandyr-da, eser ýazylan wagty esasy plana geçendir. Adamyň hakydasynyň şeýle durmuşa ukyplylygy, hakydanyň şeýle “jany bekligi” her kimde duşýan aýratynlyk däl bolsa gerek. Hut şu fakty-da agamyz Soltanşanyň içki intellektual mümkinçilikleriniň bimöçberligini nygtamak üçin ýatlap geçýärin.

Çagalyk, ýetginjeklik ýatlamalary, peduçulişe, soňra pedinstitut—bularyň bary bir adamyň ömründe bolup geçen gaýtalanmajak zatlar. Eýsem, özge adamlar—okyjylar üçin olary ýatlap geçmegiň näme geregi bar?! Bu hakda Soltanşa aga birnäçe gezek söz arasynda durup däl, döwnäp-döwnäp geçýär. Ol öz ömür ýollaryndan, gören zatlaryndan hemme üçin ähmiýetli jemlemäni, ahlaky sapaklary hem nusgalary almak isleýär. Elbetde, okyjy üçin peýdaly hakyda—ýatlama priýomy. Ýöne meniň hut özüm üçin-ä powestiň sap faktlardyr wakalardan durýan netijeli goşundysyz ýerlerem örän gyzykly. Belki, ýazyjy bolanlygym üçindir, meniň üçin-ä gaýtalanmajak täsirler esasy zat, gaýtalanmajak täsirleriň aňyrsynda bolsa edil mylaýym şemalyň aňyrsynda howa akymyň ýatyşy ýaly, gaýtalanmajak durmuş wakalary ýatýar. Zehin bilen edilende wakalardyr faktlaryň natural beýanynyň özem kalba tebigy duýgularyň dolmagy üçin ýeterlik bolup biler. Eýsem, iň uly sungatyň maksady hem şeýle duýgulary oýarmak dälmi näme? “Gyşy-ýazy aýakgap geýmezdik. Aýakgabymyz asla ýokdy. Şatlama aýazly günlerde, doňakçylykda ýakyn aralyga aýagymyza galyň şal diolap giderdik. Şeýle günlerde mekdebe gitmek üçin eýlenmedik derini çalarak ölläp, ýüpli ýa çöpürli ýüzüni içine edip, çaryk şekilli aýakgap tikip bererdiler”. Şeýle natiralistik sahypalar awtobiografik powestiň birinji bölüminde-de, ikinji bölüminde-de bar. Özem olar powestiň estetik hem akyl ýetirijilik ähmiýetini hasam artdyrýar.

Awtor durmuş wakalaryny gaty dogruçyl beýan edýär. Ol

hiç bir zady owadanlaşdyrjak, bolşundan has sypaýy, has gözel görkezjek bolup azara galanok. Munuň özi Soltanşa aganyň ýazyjy hem alym hökmündäki iň gymmatly özboluşlylygymyka diýýärin. Awtor gaty açyk, bassyr-ýussursyz sözleýär. Dogry hem edýär. Durmuşyň elleri bilen ýazylan zady adam eli bilen düzedip bolmaýar. Beýtseň, gaş bejerjek bolup, göz çykaryldy diýilýäne barýar. Biz muny göre-göre geldik. Awtoryň çyn sözlüligi—muny okyjynyň aňmagy üçin bolsa, onuň gürrüň berilýän wakalaryň şaýady bolmagy aslaa-da zerur däldir, okaýan zadyňa ynanyp-ynanmazlyk göz bile görmek esasynda däl-de, entek öwrenilmedik, has çylşyrymly psihihologik kanunlar boýunça bolup geçýär—okyjyda oňa bolan ynamy, hormaty hem simpatiýany artdyrýar.

Ömür ýollarynyň "garalama" sahypalary ikinji bölümiň başlarynda—"Jaý gözleginde" bölüminde gutarýar diýen ýaly. Umuman, ömür ýollary powestiň süňňünde ilkinji many gatlagydygyna garamazdan, iň esasy zatdyr, çünki hut şolar Soltanşa Atanyýazowyň alym bolmazdan öňürti adam bolandygyny görkezýärler.

Ýene bir bellemeli möhüm zat: S. Atanyýazow ýöne bir ýatlama, memuar ýazmandyr, ol awtobiografik powest ýazypdyr. Hut şu aýratynlygam onuň mazmunyny kesgitleýär, ýagny awtor öz ömrüni boýdan-başa ýazga geçirenok-da, diňe okyjy üçin geň-taň, gyzykly wakalary saýlap alypdyr. Eseriň mazmuny düzülende, esasy prinsip—edebi-çeper gyzyklylyk prinsipi, belletristik prinsip bolupdyr. Şonuň üçinem meniň özüm-ä Soltanşa Atanyýazowa çekinmän ýazyjy diýip ýüzlenip bilerdim.

## 2-nji gatlak: KÖŇÜL ÝOLLARY

Şu kitabyň başynda—"okyjylaryň dykgatyna kelam agyz" diýen sözbaşysynda awtor "Ynha, ýazmalymy ýa ýazmaly dälmi, bardy-geldi, ýazaýsam, bu ýazgylary okan tanyşlarym, ýakynlarym maňa "Bü-ýä bir öz terjimehalyny mahabatlandyryp, ile ýaýyp ýören şöhratparaz eken-ow" diýäýmezler-dä ýaly

ýaýdanmalardan, çekinmelerden soňra ahyry ýüregime daş baglap döreden eserim häzir seniň eliňde” diýip ýazýar. Elbetde, awtoryň ýaýdanmaçlygynyň aňyrsynda ýatan kiçigöwünliligi oňat zat, ýňne bu powesti okap çykan islendik adam eserde awtoryň özi hakda berýän gürrüňleriniň esasy zat hem däldigini, özüniň kimdigini derrew aňar. Eger siz powestiň bölümlerini iň bolmanda yzdaky “mazmun” boýunça yzarlap görseňiz, bu ýerde awtor hakynda däl-de, onlarça adamlar dogrusynda gürrüň berilýändigini görersiňiz. Şol adamlaryň: garyndaşlaryň, ýakynlaryp, deň-duş, dost-ýarlaryň, işdeş-kärdeşleriň täsiri gaty uly bolup, olar Soltanşa aganyň köňlünde uly yz galdyrypdyr. Akyly telperräk adam durmuşyndaky zatlaryň baryny özüm gazandym diýip pkir etmäni halaýar. Akyly tereň adam durmuşda gör näçe adama bergili ekenim diýip pikirlenmäni endik edýär. Soltanşa aga öz powestiniň bütin dowamynda öz kalbyna eziz bolan adamlar barada höwes hem yssy mähir bilen gürrüň berýär. Olara  berlen sahypa, elbetde, deň däl. Edebiýat dili bilen aýdylanda, olaryň çeper obraz derejesine ýetiriliş hem deň däl. Aýdaly, ýöne häsiýetnama bolup duyranlaram bar, bütin janlylygynda ýüze çykmadyk,emma şahsy töwerekleýin göz öňüne getirýän çeper portret hem, iň soňunda  bolsa, hakyky çeper obraz  derejesine ýetirilen keöpler hem bar. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, eseriň žanr aýratynlygy dogruda kelam agyz aýdasym gelýär. Powest diýilse-de, sen mundan powestiň klassyk shemasyny gözläp oturma, okyjy! Megerem, Soltanşa aganyň bu eseri powestiň asyl manysyna—hekaýat, gürrüň, beýan manylara has laýyk gelýändir. Çünki munda awtor öz ömürboýy başdan geçiren zatlarynyň beýanyny beripdir.

Powestiň ilkinji sahypalaryndan hakyky janly obraz, sungat derejesine ýetirilen obraz hökmünde hereket edýän şahsyýet Babagulydyr. Çagalygyň bigam ýatlamalaryndaky gülküli wakalaryň köpüsi şu at bilen baglanyşyklydyr. Garagollukda ýakasyny tanadan bu oglanjyk okyjyda-da, awtorda-da simpatiýa döredýär. Umuman, okyjy bu eserde ähli zada awtoryň gözi bilen seredýär. Awtor birhili hem wakalaryň içinde gezýär, ýaşaýar, hem şol bir wagtda-da wakalaryň üstünden seredýär. Munuň

özi awtoryň hakydasynyň işleýiş mehanizmi bilen baglanyşykly aýratynlyk. Onuň aňynda öten zaman bilen häzirki zaman birhili özboluşly suratda sepleşip gidýär.

Şonuň üçinem eseriň çeper tekstiniň derejesinde şeýle tär, priýom emele gelýär: awtor haýsydyr bir adam hakynda gürrüň edip, birdenem “öňe gidibräk aýtsak” diýýär-de, onuň has soňky ykbaly dogrudaky zatlary gysgaça aýdyp berýär.

Eser awtobiografik bolany üçin fantaziýanyň, çeper taslamanyň ulanylmaýandygy düşnüklidir. Şonuň üçinem awtor taýýar gahrymanlary taýýarlygyna alaýypdyr diýip pikir edilmegi hem mümkin. Emma bu beýle däl. Wakalaryň gidişinde gahrymanyň aýry-aýry taraplaryny, gylyk-häsiýetini açmak, faktlary gelşirip bermek bu ýerde hiç hili taýýarja zadyň ýokdugyny görkezýär. Onsoňam hakydaňda galan detallary, faktlary taraşlamagyňam kebşirlemegiň hem özüne ýetiksi kynçylygy bar. Awtor köplenç ekzotik wakalary saýlap alýar. Aýry-aýry şahsyýetleri ýatlanynda-da, olaryň özboluşly, güýçli hem gyzykly taraplaryna ünsi çekýär. Şeýdibem eseriň ýatda galýan geň-taň adamalar bilen dolmagyny gazanýar.

Şolaryň içinde Allaberen Kadyrow aýartyn orunda durýar. Munuň özi täsin hadysa diýip aýdyp bolardy. Bu taýýar belletristik obraz ahyryn. Onuň şahsyýetiniň özboluşlylygy okyjyny haýran edýär. Durmuşda seýregem bolsa, her hili geň şahsyýetler duşýar. Soltanşa Atanyýazow gelşirip, gyzykdyryp, her bir jümläni, detaly ýa kiçijik epizody hut okyjynyň aňyna maksimal derejede täsir edip biljek pursadynda getirýär. Alymlyk beletlik bilen berýän gürrüňleri okyjyny irizmeýär. Sebäbi ol haýsy ülkede bolsa-da, haýsy ýurtda gezip ýören bolsa-da, birinjiden-ä, türkmen milli duýgusy bolan okyjyny göz öünde tutýar, ikinjidenem, okyjyda bilesigelijiligi oýaryp biljek temalary tapyp bilýär. Munuň özi, ilki bilen, degişli ülkäniň tebigat gözellikleri, onuň ýaşaýjylarynyň durmuşynyň, däp-dessurynyň hem psihologiýasynyň täsin taraplarydyr. Emma türkmen ilatynyň arasyna düşen wagty awtor aýratynlyklary, täsinlikleri umumymilli meňzeşlikler bilen deň tutýar, ýagny ol türkmenleriň arasyndaka, olaryň beýleki türkmenler bilen

meňzeş taraplaryny göresi, agtarasy gelýär. Milli duýgusy möwç urup duran şahsyýet millet dogruda boş, pöwhe sözlere, sarnamalara ýüz urjak bolup duranok. Onuň her pikirinde, niýetinde, hereketinde hem gyzyklanmalarynda milli mertebäni näderejede ýokary goýandygy aýan bolýar.

Soltanşa aganyň jahankeşdelik ýazgylary ýöne bir ýol ýazgylary däl, beý diýsek onuň mazmunyny-da ýoýdugymyz, ähmiýetini-de kemsitdigimiz bolardy. Munuň özi, eger umumy suratda kesgitlemeli bolsa, inçe ýürek duýgularyndan mahrum bolmadyk alymyň çuňňur manyly söhbetidir. Diýmek, bu ýazgylaryň žanryny-da edebi-publisistik eser hökmünde kesgitlemek mümkin. Sebäbi bu ýerde okyjy ylmy hem publisistik, ylmy hem çeper pikirlenmeleriň ňzboluşly sintezini— utgaşygyny görüp biler. Şeýle dürli formalary utgaşdyryp, süýji gürrüň berýän syýahatça berekella diýesiň gelýär.

## 3-nji gatlak: YLYM ÝOLLARY

Soltanşa Atanyýazowyň alym hökmünde nähili gabarysynyň barlygyny men aýtmaly däl, bu bütin ile belli. Şonda-da onuň alymlygy dogrusynda käbir zatlary aýtman saklanmak mümkin däl.

Alymyň ylmy gyzyklanmalary iki ýoluň - wagt hem giňişlik ýollarynyň çatrygynda kemala geldi. Onuň dogabitdi ýolagçylyk zandy, barmak-görmek, zatlaryň düýp manysyna hem tebigatyna, aňyrsyna ýetmek islegi muňa sebäp bolupdyr. Giňişlik ýollary - munuň özi ýeriň dili bilen aňladylan hakykatlaryň ýollary diýmekdir. Dil biliminiň toponimika diýen bölüminde öwrenilýän bu ýollar babatda Soltanşa aga ilkinji uly hünärmen boldy, häzie hem esasy alym bolmagynda galýar. Ähli zatlar – taryh, geografiýa bilen baglanyşykly hadysalaryňam bary adam dilinde, sözlerinde beýan edilipdir. Soltanşa aga ilkinji bolup türkmeniň geçmişi bilen berk baglanyşykly şol beýany okamany başaran alym. Onuň bu ugurdan ýazan monografiýalary türkmen okyjylarynyň arzylap okaýan gyt kitaplaryna öwrüldiler. “Ýola elten ýodalar” powestinde şo hili

ylmy işleriň döreýşi, alymyň ylmyň bu ugruna nähililik bilen düşüşi baradaky beren gyzykly gürrüňleri-de şol kitaplaryň özünden az gyzykly däl bolsa gerek. Onuň sadadan şireli dili okyjyny biperwaý goýmaýar.

Soltanşa aga özüniň çeper terjimehalynda peduçilişäni gutarandan soň, instituta gelip, ilki bilen geografiýa fakultetine girjek bolandygyny gürrüň berýär. Onda ýer-ýurt görmek, bularyň taryhyny öwrenmek islegi, duýgusy, belki, müň ýylyň dowamynda ýer-ýurt söküp bir ýerde oturmadyk ata-babalarynyň geçen ýoluny yzarlamak isleginden gelip çykandyr?! Her hal, alymyň toponimikadan başlan ylmy gyzyklanmalarynyň bir ylmyň çäginden çykandygyny aýtmak gerek. Ol filolog hökmünde onomastika , toponimika, etnonimika, antroponimika, dialektologiýa bilen has içgin, has köp meşgullanypdyr. Ine, ylmyň şu ugurlary onuň ylmy şahsyýet hökmündäki bitewiligini üpjün edipdir. Ýöne ol ylymlar sap filologik ylymlar bolman, taryh, etnografiýa, logika hem diliň filosofiýasy ýaly düýpsüz pikirleriň hem faktlaryň ummanyna ýazyp gidýändir. Şonuň üçinem bu alymyň paýhasynyň miwesi bolan ylmy işler gaty köp taraply hem örän köpler üçin ähmiýetli, zerur işler bolup durýar.

Soltanşa aganyň tarhyň ýollary boýunça eden syýahatlary netijesinde “Şejere”, “Türkmeniň nesil daragty”, “Slowar turkmenskih etnonimow” diýen ýaly saldamly ylmy işleri peýda boldy. Bu işler öz ugry boýunça unikal-täsin, deňsiz-taýsyz işlerdir. Çünki bularda türkmeniň etniki taryhy ilkinji gezek çuňňur ylmy esaslarda lingwistik nukdaýnazardan töwerekleýin öwrenildi. Bulara çenli halkymyzyňetnografiýasy hem etnik taryhynyň käbir meseleleri öwrenilipdi. Emma bu zatlaryň lingwistik derejede ýüze çykyşy, halkyň taryhynyň onuň öz etnik sözlerinde beýan bolşy öwrenilmändi. Hemme zat sözde, söz aarkaly ýüze çykýar. Adamy adam edýän dildir. Islendik zady öwrenjek bolsaňam ilki bilen dile ýapyşmaly. Soltanşa aganyň etnonimler babatdaky gözleglerine aperin diýesiň gelýär. Şonça faktik materialyň özüni ýüze çykarmak, toplamak, sistemalaşdyrmagyň özi näçe zähmeti, gaýraty hem

halkyna nähili söýgini talap edýär! Alymyň işlerini okanyňda, halkymyzyň taryhyna degişli ägirt köp täzelikleriň üstünden barjagyň ikuçsuzdyr. Şo hili täzelikler jemlenibem halkyň etnik taryhynyň bütinleý başga röwüşde şekillenmegine sebäp bolýar. Arheologlaryň gadymy şäherleriň gatlak-gatl;ak küle öwrülen taryhyny ýuwaş-ýuwaşdan dikeldişi ýaly, Soltanşa aga-da dilimizde birnäçe gatlak bolup galan etnik atlary ýerlikli sistemalaşdyrypdyr. Bu ýerde üstünden 1,5—2 müň ýyly geçiren sözlerem bar. Soňraky döwrüň önümi bolan sözlerem bar. Bularyň manysy dikeltmek iňňe bilen guýy gazandan aňsat däl bolmaly. Ýöne alymyň ylmy işleriniň gymmatyny hasyl edýän zat diňe bir olara siňdirilen fiziki zahmetiň möçberi däl. Esasy zat—onuň alymlyk zehininiň güýçlüliginde. Dürli etnonimleriň düýp manysyny düşündirende, Soltanşa aga birwagtky—orta asyr alymlary ýaly rowaýatlara esaslanyp oňaýmaýar. Ol rowaýaty hem bütinleý äsgermezlik edenok weli, sözleriň gelip çykyşyny hem manysyny düýpli, içki lingwistik hem etnolinswistik kanunlar boýunça düşündirýär. Bu eýýäm owadan gürlemek däl-de, hakyky manysyndaky ylym bolýar. Meselem, alym “Bürgüt” etnonimine şeýle ylmy düşündiriş berýär: “Garabekewül etrabynyň Lamma obasynda ýaşaýan bekewül ärsarylarynyň bir urugyna bürgütler diýilýär. Bu urugyň gazan arygyna we oturan obasyna-da Bürgütler diýen at galypdyr.

Göräýmäge, bürgüt etnonimi öz-özünden düşnüklidir: bürgüt diýen güýçli guşy özüne totem (ongen) edinen urugyň ady. Ýöne gadymy türkleriň we mongollaryň arasynda bargut, gyrgyzlarda burut, XV asyrda Aral ýakalarynda ýaşan göçme özbekleriň düzüminde burkut diýen etnonimleriň bolmagy beýle düşündirişiň hakykatdan üzňedigini görkezýär, çünki bir tipdäki atlar köp gaýtalansa, onda olaryň ýüze çykyşy tötänleýin bolman, eýsem kanunalaýyklygy emele getirýär.

Indi dürli alymlar tarapyndan ýokarda sanalan etnonimleriň düşündirilişine syn edeliň. Gyrgyz alymy S.M. Abramzon bargut diýen etnonimiň mongollaryň bargu taýpasynyň adyndan we köplük sanyň –t goşulmasyndan durýandygyny ýazýar. Başga bir gyrgyz alymy K.I. Petrow mongol-gyzgyz taýpasynyň

ady bolan burut sözüni ikä bölüp, onuň buru sözüni böri bilen baglanyşdyrýar, -t bolsa köplük sanyň goşulmasydyr”. Men bu uzyn mysaly ýöne ýere üzmän dolulygyna getirmedim. Hut şu ýerde alymyň pikirleniş stiliniň umumy ugry hem köp elenemtleri oňat görünýär. Halk hem ylmy etimologiýalary deňeşdirmek, ygtybarlysy hökmünde soňa pitiwa bermek ylmy esaslygyň alamaty. Sözüň ýüzüne çykyp duran ýönekeý düşündirişden beýni kanagat tapanok. Şonuň üçinem has düýpli hadysalar bolan içki lingwistik kanunalaýyklara esaslanmaly bolýar. Ol kanunalaýyklar bolsa öz gezeginde taryhy we etnik kanunalaýyklara alyp barýar. Şeýdip hem hakyky ylmy düşündiriş, ylmy açyşlar ýüze çykýar.

Dile geleni üçin, şu ýerde umuman ylmy pikirlenme diýen düşünje barada garaýşymy aýdyp geçesim gelýär. Göwnüme bolmasa, has aňyrdan gelşine görä, ylym bizde köplenç okumyşlyk bilen gatyşdyrylýar. Ine, orta asyr alymlarymyzyň işlerini alyp göreliň. Olarda ylmy pikirlenme formalary edebi-çeper pikirlenmäniň, dini pikirlenmäniň, filosofik pikirlenmäniň, mistiki pikirleriň formalary bilen garyşyp-gatyşyp gidýär. XX asyrda ylmy pikirlenme pikirlenmäniň ähli özge formalaryndan doly differensirlendi. Şonuň üçinem sap ylmy pikirlenmä— ýagny logiki kanunlaryň, beýniniň kanunlarynyň üstünde gurnalýan, diňe subutnama arkaly, esasan, ýüregi däl-de beýnini kanagatlandyrýan pikirlenme formasyna gol ýapmalydyrys. Şeýle ylmy pikirlenmäniň ajaýyp nusgalary hökmünde bolsa Soltanşa Atanyýazowyň ylmy kitaplaryny agzamak bolardy. Alymyň işlerindäki ýene bir aýratynlyk—ol-da onuň ylmy batyrlygy. Alym her hili ylmy çaklamalary öňe sürmekden çekinip durmaýar. Bu bols okyja pikirlenmäge esas, ylmyň ösüşine bolsa material berýä.

## 4-nji gatlak: JAHANKEŞDELIK ÝOLLARY

“Ýola elten ýodalaryň” birinji bölüminde “Gezmek ömürden”diýen bir bölek bar. “Men sözbaşy hökmünde saýlan “Gezmek ömürden” diýen aýtgyny hem eý görýärin, ähtimal,

bu gezelenç “keseliniň” meniň ganyma guýlandygyndan bolsa gerek” diýip awtor onuň başynda ýazýar. Dogrudanam, gezmek, gezelenç etmek Soltanşa aganyň iň gowy görýän zatlarynyň biri, onuň durmuş obrazy diýseňem boljak. Ylaýta-da, kitabyň ikinji bölüminde dürli ýurtlara, ülkelere gezelençler esasy orny eýeleýär. Ol gezelençlerde, has dogrusy, syýahatlarda Soltanşa aga özüni, orusça aýdylanda öz stihiýasynda duýýar. Diýmek, onuň ylymdaky saýlap alan ugurlaryny hem şol “kesel” bilen düşündirmek bolar.

Syýahaty köpleriň gowy görmegi mümkin, emma syýahatda gören-eşiden zatlaryňy gyzgyny bilen hem gyzygyny gaçyrman okyja, diňleýjä ýetirmek üçin galam işledip bilýän adam bolmaly. Soltanşa aga galam işledip bilýän syýahatçy. Onuň dünýäniň dürli ýurtlaryna eden syýahatlaryny suratlandyrýan 2-nji bölüm okyjynyň elinden goýduryp bolmajak sahypalardan ybarat. Sebäbi awtor gürrüň bermäni başarýar. Ol haýsy ýurda barsa-da, onuň bada-bat göze ilýän hem her bir adamyň bada-bat gözüne ilmejek aýratynlaklaryny görmegi başarýar.

Awtoryň syýahatlarynyň köpüsi onuň ylmy iş saparlary hem ylmy gözlegleri bilen baglanyşykly. Şonuň üçinem awtoryň gürrüňleri ýöne bir syýahatçynyň däl, sybahat edýän ýurdunyň taryhyna, diline, tebigatyna hem däp-dessuryna belet alymyň söhbetleri. Onuň sypatyndan eruditiň (okumyşyň) hem intellektualyň (ylym adamynyň) häsiýetleriniň jemlenmegi söhbetleriň mazmunyna agraslygy, many çuňňurlygyny hem aşa gyzyklylygy berýär. Mazmunyň şo hili aýratynlygy kitabyň geljekki okyjysynyň tipini-de öňünden kesgitleýär. Ol okyjy, meniň göz öňüme getirişimçe, pikirlenip bilýän, wagtyň hem giňişligiň çäklerine syýahata çykmak isleýän hem syýahat edip bilýän, özgeleriň gulagyna ilmeýän ýaşaýyş owazlaryny eşidip bilýän, ýaş-ullylgyna garamazdan, özboluşly intellektualdyr. Men kitabyň şeýle okyjysynyň boljaklygyna ynanýaryn hem-de alym agamyzy munuň bilen gutlaýaryn. Dogrusyny aýtsam, ýazyjy hökmünde meniň özümem eserlerimiz ýazýarkam hemişe hut şo hili okyjyny göz öňüne getirip, şoňa niýetläp ýazýaryn. Çünki dünýäde iň uly baýlyk — pikir, iň çyn adamam

pikirlenip bilýän adamdyr. Türkmen “Suw akar, daş galar” diýýär. Dünýäde galjak zat, galybam seni, milletiňi beýgeltjek zat—pikir, akyl, beýleki zatlar suwdur. Beýik Magtymgulynyň äheňinde adylanda, Soltanşa Atanyýazow keşt eýledi, dünýäň yşgynda gezdi, näbelli alyslyklaryň, görülmedik ýurtlaryň, söhbetdeş bolunmadyk arkadaşlaryň yşgynda gezdi. Indem özüniň ýürek duýgularyny, görlen üýtgeşik dünýälerde hyýalyna gelen pikirlerini okyja hödürleýär.

## 5-nji gatlak: PAÝHAS ÝOLLARY

Gündogar alymlarynda ylmyň haýsy ugrunda işleýänligine garamazdan, akyl işiniň iki ugry boýunça işlemek däbi ýa endigi bolupdyr. Olaryň biri hakda biz ýaňy gürrüň etdik, ol däp dürli ýurtlary gezip, şol syýahatdan alan täsirlerini “syýahatnama” formasynda okyjy bilen paýlaşmak bolupdyr. Ikinjisi bolsa köplenjem ýaşyň, kämilligiň bir çägine baranda durmuş hem dünýä, ömür hem adamzat ýaşaýşy barada danyşmentlik kitabyny ýazmak eken. Soltanşa Atanyýazowyň şahsyýeti gadym Gündogaryň düşünjesindäki alymyň klassyk tipine degişlidigini öň bellän bolsam, ýene bir gezek ýatlamakçy. Meniň dek häzir görkezen iki aýratynlygym hem bu pikiri ýene bir öwre tassyklaýarmyka diýýärin.

Soltanşa aganyň danyşmentlik kitaby—onuň “Edepnamasy” biziň döwrümiziň akyl durmuşynda akyl-paýhas tejribelerini, ömür sapaklaryny okyjy bile paýlaşmak meýli köpçülikleýin tendensiýa öwrülmezinden has owal ýazylypdy. Meniň S. Atanyýazowyň şu kitabynyň ýazylmagyny alymlaryň baryp bir wagtky nesilleriniň däbi bilen baglanyşdyrmagymyň öz sebäpleri bar. Şeýtmek bilen men gündogar intellektual durmuşynyň asyl aýratynlyklarynyň gözümiziň alnynda dikelýändigini nygtamak isledim. Ol durmuşyň esasy özboluşlylyklarynyň biri bolsa gündogar paýhas durmuşynyň hem paýhas ideallarynyň düýpli rasionanizme ýugrulanlygydyr. Rasionalizm diýmegem rasional pikiriň—danalygyň, paýhasyň ähli zatdan öňde goýulmagy, adamyň hem adamzadyň ösüşindäki problemalary çözmekde

paýhasy hem danalygy beýleki serişdelerden ileri tutmak diýmek bolýar-da. Paýhasy prognozirlemek, belli bir kanunalaýyklary umumylaşdyrmak esasynda geljegi öňünden kesgitlemek ukyby uly gymmatlyga eýe bolýar.

Soltanşa Atanyýazowyň "Edepnamasy" durmuşyň dürli ugurlary boýunça öwüt-nesihatlary özünde jemleýän kitapdyr. Dünýewi mekdepler üçin ýazylan okuw kitaby bolmasa-da, ol, umuman durmuşyň okuw kitabydyr. Kitabyň adynyň özem öňden gelýän däpleriň çägindäki hadysa diýip bolardy. Orta asyrlarda musulman Gündogarynda "edebiýat" dersi adamda intellektual hem ahlak medeniýetini terbiýeleýän sapak bolupdyr. "Edebiýat" häzirki çeper edebiýaty, estetikany, etikany, sözleýiş medeniýetini we adamda akyl hem ahlak kämilligini döretmäge kömek edýän gaýry ylymlary özünde jemläpdir. "Edepnama-da" şol ata-baba ýörelgeleri dowam etdirýän kitap hökmünde tematik ugurlara bölünýär. Eger men häzir tematikanyň gürrüňine geçäýsem, onda söhbetiň mazasy, tagamy galmaz. Çünki, birinjiden, edil "Edepnama" dogruda ýazmaly bolsa, onuň mazmunyna hemmeler belet, ikinjidenem, ýöne gürrüň bermek, beýan etmek umumanam gürrüňiň süýjüsini artdyrýan usullar däl.

Emma men Soltanşa aganyň döredijiliginde paýhas ýollary diýen temanyň "Edepnama" bilen çäklenmeýänligini aýtmalydyryn. Onuň ähli ýazan zatlarynyň içinde rasionallyk eriş-argaç bolup geçär. Munuňam sebäbi onuň, öňem aýdyşym ýaly, intellektiniň aýratynlygydyr.

Soltanşa aganyň döwletli öýi bar. Onuň öýi mydama myhmanly. Bu gün men şol köp myhmanlaryň biri. Alymyň bereketli saçagynyň başynda gürrüňimiz esasan "Ýola elten ýodalar" hakda boldy. Ine, şol söhbetdeşlikden bir parça.

Osman ÖDE: — Men kitaby golýazma görnüşinde-de, onuň "Garagum" žurnalynda çap edilen böleklerini-de höwes bilen okap çykdym. Eseriň žurnalda çykan parçalaryna okyjylar, metbugat sahypalarynda we radio-telewideniýede bolsa ýazyjylar hem ýokary baha berdiler.

Eser bilen şeýle tanyşlykdan soňam men özümi

gyzyklandyrýan, okyjylary hem biperwaý goýmajak käbir sowallara jogap tapmadym. Şolar barada sorag-jogap alşaýsak nähili bolar?

Soltanşa ATANYÝAZOW: —Jogap bermäge men taýýar.

O.Ö. — Sizi türkmen ili, şeýle-de türki dünýäniň dilçi alymlary ilki bilen toponimist, ýagny ýer-ýurt atlaryny öwreniji alym hökmünde tanaýarlar. Ýadymda bolsa, merhum edebiýatçy dostumyz Ahmet Bekmyradow Siz hakda “Ýeriň diline düşünýän alym” diýip gazete makala-da ýazypdy. Soragym şeýle: Haýsydyr bir obanyň, şäheriň ýa-da başga bir obýektiň, şeýle-de tire-taýpanyň adynyň hakyky manysyny ýüze çykarmakda esasy nämäni ýa-da nämeleri nazara almaly? Bu sorag toponimika (umuman has atlar) bilen iş salyşjak ýaşlary gyzyklandyrsa gerek...

S.A. — Bu soraga gysga bir söz bilen jogap bermek mümkin däl. Ýer-ýurt ady näçe gadymy bolsa, şonça-da onuň manysy gizlin, syrly, üstüni açmasy hem kyn bolýar. Beýle atlary ýeke-ýeke däl-de, tutuş ulgamy bilen birlikde öwrenmek  gowy netijä getirýär. Bir myasl. Döw sözi bilen gelýän Döwgala,Döwgaýa, Döwguýy, Döwdan, Döwkesen, Döwüň gowagy...ýaly atlaryň manysy, göräýmäge, düşnükli ýaly. Rowaýatlar olary döw diýen mifik jandar bilen baglanyşdyryp düşündirýärler. Emma bu obýektlere içgin göz aýlasaň, olary özi ýaly at alan beýleki obýektler bilen deňeşdirip görseň weli döw sözüniň türkmen toponimiýasynda mifik jandar bilen asla hiç hili baglanyşygy ýok, eýsem, “uly”, “äpet”, “ýoňsuz” ýaly manyda ulanylýar. Diýmek, ýer-ýurt atlarynyň görnüşi, formasy, goşulmalary, manysy... boýunça bir hatary emele getirýän toparlaryny biri-biri bilen deňeşdirip, saldarlap öwrenmek toponimik derňewiň ilkinji şertidir.

Relýef, ösümlikler, baýlyklar bilen bagly at alan obýektleri ýerinde barlamak ygtybarly çeşmedir. Meselem, Goşadepe, Egrigüzer, Ekizek, Göbekli, Gowakly, Gowurdak (kükürt dag) ýaly ýüzlerçe obýektlere hut häsiýetli aýratynlyklary bilen bagly at dakylypdyr.

Ýerli ilatyň berýän maglumatlary, taryhy çeşmeler,

hatda toponimik derňewiň ýollary, usullary gaty köp. Men bu ýerde olaryň käbirini agzadym. Şol usullardan kompleksleýin peýdalanylanda, uly üstünlikler gazanmak mümkin.

S.Ö:— Bilim almak, hünär saýlamak—her kesiň arzuwy. Ýöne oňa her kim bir ýol bilen gelýär. Siz nädip toponnimist bolduňyz?

S.A. — Aspirantura girýänçäm, men toponimika sözüni hem eşitmändim. Ýöne gezelenç etmek, ýurt gezmek weli meniň ýetip bilmäýän arzuwymdy. Obada ýedi ýyl mugallym bolup işlän ýyllarymda (1956—1962) tomus kanikulynyň aglabasyny turistik gezelençlere bagyşlap, öňki Soýuzyň köp respublikalaryny we ýüzlerçe şäherlerini aýlandym. Aspitranturada toponimika ýaly il içinde material toplamak bilen baglanyşykly temalara köpräk üns berenim üçin, ýolbaşçym M.Ýa.Hamzaýew maňa toponimikadan dissertasiýa ýazmagy tabşyrdy. Şeýdip toponimist, soňra he dialektolog boldum. Isleg-arzuwyma-da ýetdim. Türkmenistandaky ähli etraplary we ululy-kiçili aglaba obalary, şeýle-de öňki Soýuzyň çäginde: Özbegistanda, Täjigistanda, Azerbaýjanda, Orsyýetiň hem Stawropol ülkesinde we Astrahan oblastynda ýerleşen türkmen obalaryny aýlanyp, ylmy material topladym.

O. Ö: — Siz—dilçi alym, emma ýazan kitaplaryňyzda (meselem, “Edepnamada”, “Şejerede” türkmen adam atlaryna we ýer-ýurt atlaryna bagyşlanan eserleriňizde, şonuň ýaly-da ençeme gazet-žurnal makalalaryňyzda) halkyň taryhyna, medeniýetine, ruhuýetine, ýurduň geografiýasyna galtaşýan dürli pikirler öňe sürülýär. Ylmyň dürli ugurlaryny utgaşdyryp iş alyp barmagyň syry nämede? Ensiklopedist alymlara garaýşyňyz nähili?

S.A: — Geçmişde Orta Asyýadan al-Horezmi, al-Biruny, Ibn Sina, Al-Faraby, Omar Haýýam, Ulugbek ýaly ajaýyp ensiklopedist alymlar çykypdyr. Ylmyň has ösen häzirki döwründe onuň dürli ugurlaryny ýokary derejede bilip, ensiklopedist alym mümkin däl. Ýöne işleýän ugrunyň galtaşýan sferalaryny geregiçe öwrenmegi weli alymyň borjy hasaplaýaryn. Munuň üçin köp okamaly. Il içinden ýa-da

ýazuw çeşmelerinden maglumat toplanda-da diňe ylmyň şol bir ugruna däl, eýsem onuň işläýerin diýip pikir eden ugurlaryna degişlilerini hem ürç edip toplamaly. Men ylmy iş saparlarynda obalarda bolanymda diňe bir plan boýunça işelemeli temama (melem, toponimika ýa-da dialektologiýa) degişli maglumatlary däl, eýsem halk döredijiligi, adam atlary, däp-dessurlar we ş.m. ugurlardan hem köp material topladym. Soňra olar meniň kitaplaryma esas boldy. Il içinden ýygnan müňlerçe nakyllarymy hem-de ertekilerimi hem şol ugurdan iş ýazan alymlar Kakaly Berkeliýew  we Baba Weliýew dagy minnetdarlyk bilen alyp neşir etdirdiler.

O.Ö: — Sizi mekdep okuwçylary hem gowy tanaýarlar. Mekdepler we okuw jaýlary bilen gatnaşygyňyzy gysgaça ýatlaýsaňyz.

S.A.: — Meniň diplomlarymda görkezilen hünärim— pedagog. Ýedi ýyl obada mugallymçylyk etdim. Okuwçylar bilen duşuşmagy, özümiň gowy bilýän ugrum boýunça olara gürrüň bermegi halaýaryn. Döwletimiziň aglaba mekdeplerinde we ýörite orta we ýokary okuw jaýlarynda okuwçylar bilen duşuşyklar geçirdim. 1988-ni ýyldan bäri bolsa 7 we 8-nji klaslar üçin “Türkmen dili” okuw kitabyny ýazmaga-da gatnaşýaryn.

O.Ö: — Size pedagog hökmünde bir soragym bar. Geçmiş alymlaryň biri “Mugallymyň bahasy çagalaryna beren terbiýesi bilen ölçelýär” diýipdir. Siziň bu pikire garaýşyňyz? Näçe çagaňyz bar? Olara beren edep-terbiýäňiz barada aýdaýsaňyz?

S.A.: — Alym gaty mamla. Üstesine,özüme galsa-ha, ýolbaşçy wezipä çekiljek adamlara-da ilki bilen çagalarynyň terbiýeliligi ýa terbiýesizligi bilen baha keserdim. Döwletiň kiçijik ülşi hasaplanýan öz maşgalasynda edep-tertibi ýola goýup bilmeýän adam uly edaralara ýolbaşçylygy asla-da oňarmaz.

Meniň bäş çagam bar: iki oglum, üç gyzym. Olaryň ulusy Agamyrat M.W. Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň žurnalistika fakultetini  gutaryp, 1982—1998-nji ýyllarda Türkmen telewideniýesinde redaktor bolup işledi. Ol häzir Türkmenistanyň Milli sport we turizm institutynyň sport žurnalistlerini taýýarlaýan fakultetiniň uly mugallymy. Gözel—

Büzmeýinde wraç, Maýa—dogduk obamyzda türkmen dili we edebiýaty mugallymasy. Gadam—elektrik, gurluşykda işleýär. Iň kiçimiz Bahar—Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda pars dili mugallymy.

O.Ö: — Olar nähili okadylar?

S.A.: — Çagalaryň ählisi paýtagtdaky S.A. Nyýazow adyndaky 20-nji dünýewi mekdebi diňe dörtlük-bäşlik bahalar bilen okadylar. Gözel, Gadam we Bahar okuw jaýlaryny hem gyzyl diploma gutardylar. Esasy hünäriniň daşyndan gyzlar haly dokamagy, ogullar dutar çalmagy başarýarlar. Gözel-ä orta mekdepde halyçylyk kružogyns gatnaşyp, öňki SSSR HHGS-niň kümüş medalyny hem alypdy.

O.Ö: — Agtyklaryňyz hem bardyr? Olaryň mekdebe gatnaýanlary nähili okaýar?

S.A.: — On iki agtygyň sekizisi okaýar. Olaryň okaýyşlaryndan asla nägile däl. Begenç, Guwanç, Jahan, Aýsoltan, Merdaan we Gurban diňe bäşlige okaýarlar. Begenj-ä 1998-nji ýylda Aşgabadyň S.A. Nyýazow adyndaky aýratyn zehinliler internatyna konkurs esasynda kabul edildi. Guwanç Türkmenistanyň olimp sport mekdebinde okaýar. Ol ýüzmek boýunça deňdeşleriniň arasynda döwletiň çempiony.

O.Ö: — Haýsy dillerde erkin gepläp, ýazyp bilýärsiňiz? Haýsy dillere düşünýärsiňiz?

S.A.: — Köp dil bolýärin diýip öwünmäge hakym ýok. Gepläp we ýazyp bilýänim türkmen we orus dilleri. Slowýan, pars-täjik dillerinde, türki dilleriň hem ýakut we çuwaş dillerinden beýlekilerinde neşir edilen eserlerden peýdalanýaryn.

O.Ö: — Dil biliminde sarpa goýýan alymlaryňyz?

S.A.: — Olaryň sany köp. Ilki bilen, orta asyr türki dilçisi Mahmyt Kaşgarly, akademik-türkolog W.W. Radlow, sözlükçi Wladimir Dal, dilçi E.W. Sewortýan, türkmen alymlaryndan A. Gulmuhammedow, M. Geldiýew, M.Ýa.Hamzaýew, P,Azymow, Z.B. Muhammedowa, A. Bekmyradow we beýlekiler.

O.Ö.: — Geljege planlaryňyz?

S.A.: — Häzirki döwür—geçiş döwri. Ýazmak, ylaýta-da ýazan zatlaryňy çap etdirmek aňsat däl. Şonda-da ýazmak, käbir

zatlary, meselem, toponimik sözlügi täzeden işläp we üstüni ýetirip çap etdirmek niýetim bar. Iň esasy, ylmy döredijilige sarp eden uzak döwrüň dowamynda men il içinden we dürli taryhy hem-de ylmy çeşmelerden türkmen diliniň söz hazynasynyň ummasyz mukdaryny—gaty uly baýlyk ýygnadym. Ol sözleriň aglabasy “Türkmen diliniň sözlüginde-de” (A.: Ylym, 1962), “Türkmen diliniň gysgaça dialektologik sözlüginde-de” duş gelmeýär. Halkymyzyň geçmişde döreden zatlarynyň köpüsi hiç halkyňkydan kem däl. Halylarymyz, bedewlerimiz, gawunlarymyz, hatda itimiz hem dünýäde iň öňdäki orunda goýulýar. Türkmen dili hem beýleki türki dillerden söz baýlygy boýunça asla pes däl. Alla ömür berse, türkmen diliniň söz baýlygyny gaýtadan ile ýetermek barada käbir işleri amala aşyrmagy niýet edinýärin.

O.Ö.: — Soltanşa aga! Asylly maksadyňyz bar. Size uzak ömür we üstünlik arzuw edýärin. Soňky soragym şu: “Ýola elten ýodalar” iki bölümdem ybarat. Olary okap çykanyňsoňam eser entek gutarmadyk ýaly, dowamy bar ýaly bolup dur. Dowamyny ýazmak niýetiňiz barmy?

S. A.:— Häzirlikçe men esere nokat goýdum. Hut şu wagt onuň dowamyny ýazmak barada pikir edemok. Eser aýratyn kitap bolup çykansoň, ony okyjylar oňlasalar, üçünji bölüm üçin köpe ýarajak fatlra jemleniberse, onuň dowamyny ýazmak barada pikir ederin.

* * *

Soltanşa aga baradaky gürrüňimi giňişleýin hem edip bilerdim. Munuň üçin bahana-da, muňa düýpli esaslar hem materiallaram bar, iň esasy zat Soltanşa aga beýle gürrüňe aňyýany bilen degýän adam. Ýöne bary-ýogy bir kitabyň neşirine sözsoňy ornunda gelen bu pikirlerimi indi jemläýsem diýýärin. Jemlemezden owal şeýleräk söz:

“Ýola elten ýodalary”, S. Atanyýazowyň beýleki kitaplaryny okan adamlar onuň paýhas geriminiň çägindäki simwolik “ýollaryň” meniň ýokarky gurnanja shemamdan has

giň mana eýedigini, onuň pikir hem duýgy öwüşginleriniň ol shemadakydan has baýdygyny bilýändirler. Kitaby okamagyň artykmaçlygam şol “shema” kowup salyp bolmaýan akyl hem duýgy inçeliklerini öz ýüregiň içinden geçirmekden ybaratdyr. Men türkmen okyjysynyň şeýle duýgy “opersiýalaryna” ukyplydygyny bilýärin hem-de özümiň, belki, gerekmejek logiki shemalarym bilen ony iriizäýmekden çekinmänem duramok. Şeýlelikde, bu akylly kitabyň lezzetini görmek seniň bagtyňa düşdi, okyjy!

Osman Öde, ýazyjy.

## MAZMUNY

BIRINJI BÖLÜM
Lebap ýodalary
Dogduk mekana ........................................................ 6
Şäherçede ........................................................ 17
Mekdebe ........................................................ 22
Açlyk ........................................................ 26
Urşa taýýarlyk ........................................................ 29
Babaguly ........................................................ 36
Ýeňiş ........................................................ 56
Peduçilişe ........................................................ 78
Rozy Kuwanow ........................................................ 100
Pedinstitutda ........................................................ 103
Ýol azaby ........................................................ 105
Aman Kekilow ........................................................ 109
Aman Berdiýew ........................................................ 117
Myrat Penjiýew ........................................................ 118
Bally Baýramdurdyýew ........................................................ 120
Akmuhammet Aşyrow ........................................................ 121
Gyzylgül Gaýybowa ........................................................ 122
Ata Annamämmedow ........................................................ 123
Baba Weliýew ........................................................ 124
Rejepmyrat Gökow ........................................................ 124
Allaberdi Kadyrow ........................................................ 125
Rozymähmet Rozygeldiýew ........................................................ 134
Eýýämberdi şahanow ........................................................ 135
Obamyza mugallymçylyga ........................................................ 138
Japbaklar ........................................................ 150

Ýediýyllyk mekdepde ........................................................ 162
Gezmek ömürden ............................................................... 172
Atamy öýlendirişim .......................................................... 179

IKINJI BÖLÜM
Paýtagtda
Aspirantura ....................................................................... 191
Jaý gözleginde ................................................................... 196
Ilkinji ylmy saparlar ......................................................... 204
Maşýan Hamzaýew we onuň ömrüniň soňky iki ýylynda institutdaky ýagdaýlar ......................................................... 210
Uly ylmy işgärlige saýlawlar .............................................. 231
Dür däneleriň gözleginde .................................................. 233
Orsyýete ilkinji raýat bolan ildeşlerimiziňkide .................... 241
Stawropol türkmenleriniň şiwe sözleri ................................ 253
Astrahan türkmenleriniňkide ............................................... 257
Täjigistan (jylyköl) türkmenleriniňkide ................................ 260
Özbegistan we Garagalpagystan türkmenleriňkide ....... 284
Azerbaýjanly arkadaşlarymyzyňkyda ............................ 292
Gök oguzlaryňkyda myhmançylykda ............................. 299
Owganystan türkmenleriniňkide .................................... 303
Gurultaýlar, konferensiýalar, simpoziumlar .................. 320
Gider bolsaň, ýollar ýakyn eýrana .................................. 338
E.M. Murzaýew .................................................................. 345
K.K.Ýudahin ....................................................................... 348
Çingiz Aýtmatow ................................................................ 349
Gunnar Ýarring .................................................................. 351
Mandoki Iştwan Goňur ..................................................... 353
Il içinde görlüp-eşidilen geň-taňlyklar barada kelam agyz ...................................................................... 356
Süňk atdaşlar ..................................................................... 358
Goja Hazaryň ýakasynda ................................................... 360
Jögi çadyrynda ................................................................... 366
Bezegli dere ....................................................................... 371
Toýa öwrülen ýas ............................................................... 375
Elli ýyldan soňky duşuşyk ................................................ 378

Özbek çaýy ........................................................................ 385
Nohurda ............................................................................ 389
Il içinde eşidilen tikenekli sözler we Henek-ýomaklar ........ 393
Köne golýazmalaryň gözleginde ....................................... 400
Ylmy gözlegler we ýetilen derejeler .................................. 401
Sözsoňy ýerine Geçilen ýollaryň kyssasy (Osman Ode) ...... 417

Çeper-publisistik neşir
Atanyýazow Soltanşa
ÝOLA ELTEN ÝODALAR
(Türkmen dilinde)
“RUH”
döredijilik-önümçilik birleşigi

Redaktor **Döwran AGALY**
Hudožnik **Annanur REJEBOW**
Tehredaktor **M.G. ÝEGOŞINA**

Ýygnamaga berlen wagty 5.01.1999 ý. Çap etmäge rugsat edilen wagty 1.06.99. Formaty 84x108 1/32  Cap listi 27 A—0052

“RUH” döredijilik-önümçilik birleşigi.
Aşgabat ş.